**M. S. Öwezow**

# MALIÝE MENEJMENTI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK 336+658:378
Ö 77

**Öwezow M.S.**
Ö 77 **Maliýe menejmenti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

Okuw kitabynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe maliýe menejmentiniň nazary we hukuk esaslary, ýörelgeleri, biziň ýurdumyzda we başga ýurtlarda ulanylýan häzirkizamanyň usullary, maliýe menejerleriniň esasy wezipeleri we borçlary giňişleýin berilýär.

Okuw kitaby Türkmenistanda hereket edýan Kanunlara, düzgünnamalara laýyklykda ýazylan. Kitap «Maliýe menejmenti», «Maliýe», «Salgytlar we salgyt salmak», «Ätiýaçlandyryş işi» hünärleri boýunça okaýan talyplara, önümçilikde işleýän hünärmenlere, kärhanalaryň ýolbaşçylaryna hem-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir. «Maliýe menejmenti» okuw kitaby girişden, on ýedi bapdan ybarat bolup, olarda maliýe menejmentini ösdürmekde ýurdumyzda geçirilýän işlere, dürli eýeçilikdäki we pudaklardaky maliýe gatnaşyklaryna, olarda maliýe menejmenti işiniň ýöredilişine, salgytlaryň hasaplanylyşyna, hasabyň ýöredilişine, degişli guramalara maliýe hasabatlary tabşyrmaklygyň tertibine köp üns berilýär.

TDKP № 71, 2015 KBK 65.9 (2) 26 ýa 73

© M.S. Öwezow, 2015.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## SÖZBAŞY

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda döwletiň we ähli pudaklaryň, kärhanalaryň ykdysadyýetini ösdürmek, olaryň maliýe ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin uly işler amala aşyrylýar. Şol babatda ykdysadyýetiň we maliýeniň nazaryýetlerini, ýurdumyzyň we başga ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini çuňňur öwrenmek talap edilýär.

Hormatly Prezidentimiz ykdysady bilimleriň durmuş tejribesine has ýakynlaşmagy, oňa degişli ýazylýan okuw kitaplaryň, gollanmalaryň sadadan düşnükli ýazylmagyny talap edýär. Nusga bolar ýaly milli Liderimiz ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasyny peşgeş etdi.

Şol nukdaýnazardan ugur alyp, ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, hünärmenlere we kärhanalaryň ýolbaşçylaryna niýetlenen «Maliýe menejmenti» okuw kitaby ýazyldy.

Okuw kitabynda maliýe menejmentiniň nazaryýetine, onuň tejribesine, dürli eýeçilikdäki we pudaklardaky maliýe gatnaşyklaryna, şol sanda salgyt, pul, karz, ätiýaçlandyryş we başga maliýe gatnaşyklaryna, degişli guramalara hasabatlary tabşyrmagyň tertibine köp üns berilýär. Şeýle hem gymmatly kagyzlar, olaryň dolandyrylyşy barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

Okuw kitabynda maliýe töwekgelçilikleriň esasy görnüşleri we olaryň täsirini peseltmek ýaly meseleleri öz ornuny tapýar.

Maliýe menejmenti düşünjesi biziň döwletimizde Garaşsyzlygy alanymyzdan soň ulanylyp başlandy. Taryh üçin gysga döwürde ýurdumyzda maliýe menejmenti durmuşa berk ornaşdyryldy.

Maliýe menejmenti bir-birine bagly köp gatnaşyklary, meseleleri

öz içine alýar. Maliýe menejmentiniň meseleleri çylşyrymly, giň we mydama hereketde bolup, üýtgäp durýar.

Kitapda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk zamanasynyň talaplary, maliýe menejmentiniň häzirki zaman halkara tejribesi hasaba alnyp beýan edildi. Şeýle-de, döwletimiziň ykdysadyýetiniň aýratynlyklary, milli Kanunçylygy we gaýry şertler göz öňünde tutuldy.

Halk hojalygyny maliýe taýdan netijeli dolandyrmak, dolandyrmagyň esasy işi bolup durýar we şu aşakdaky meseleleri içgin öwrenmegi talap edýär:

- döwletiň ykdysadyýetine degişli Türkmenistanyň Kanunlaryny, Prezidentiň Kararlaryny, Permanlaryny, görkezmelerini;
- menejmentiň we marketingiň usullaryny;
- maliýe gaznalaryny döretmegi we netijeli ulanmagy;
- hasaby we maliýe hasabatlary Kanunlara laýyklykda ýöretmegi we degişli guramalara tabşyrmagy;
- salgytlaryň we ýygymlaryň Kanunlara laýyklykda hasaplanmagyny;
- algylara we bergilere gözegçilik etmegi;
- töwekgelçilikleriň öňüni almagy.

Şu meseleleriň jogaplary okuw kitabynyň sahypalarynda hem öz beýanyny tapýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bu meseleler esasy wajyp meselelere öwrülýär.

Okuw kitabynda dolandyryş obýektleriniň girdejileri, nyrhlary (bahalary), harajatlary, ykdysady taýdan netijeliligi, döredilýän gorlary barada giňişleýin maglumatlar beýan edilýär. Kärhananyň esasy ykdysady görkezijileri, gazanýan peýdasy we düşewüntlilik ýaly soraglara seredilýär.

Okuw kitabynyň köp bölümleri Türkmenistanyň şertlerinde edara görnüşli tarapy döretmek, ony maliýe taýdan dolandyrmak meselelerine bagyşlanandyr.

Okuw kitaby okyjylara hödürlenýän peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy, goşundylary, şol sanda synag soraglary, testler we olara berilmeli jogaplary bilen tamamlanýar.

Okuw kitaby ýazylanda Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ykdysady, ylmy taglymatlary, Türkmenistanyň uzak möhletlere niýet-

lenen milli Maksatnamalary, çaklamalary, galyberse-de alymlaryň, görnükli hünärmenleriň ylmy işleri öwrenildi.

Şu jähtden bu okuw kitaby diňe talyplar we mugallymlar köpçüligine, telekeçilere, kärhanalaryň ýolbaşçylaryna degişli däl-de, eýsem halk hojalygynyň dürli pudaklarynda ykdysadyýet bilen gyzyklanýan okyjylar köpçüligine-de peýdaly bolar diýip umyt edýäris. Käbir maliýe menejmenti bilen bagly bilimleri şahsyýetler maşgala durmuşynda hem ulanyp bilerler.

Okuw kitaby Türkmenistanda hereket edýän Kanunçylyk namalara laýyklykda ýazylan. Kanunlar, düzgünler bolsa ýyl-ýyldan kämilleşýär we üýtgeýär. Şol sebäpli, okuw kitabynda berlen käbir maglumatlaryň üýtgemegi mümkin. Muňa garamazdan okuw kitabynda berlen nazary maglumatlar, kesgitlemeler, maliýe menejmentiniň umumy gurluşy, dürli görnüşdäki maliýe gatnaşyklary biziň pikirimizçe geljekde-de öz güýjüni ýitirmez.

Ýurdumyzda maliýe menejerleriň ähmiýeti ýokarlanýar. Olar dürli eýeçilikli taraplarda hereket edip, maliýe işiniň ýola goýluşyna jogap berýärler, kärhanalaryň hem döwletiň maliýe ýagdaýlaryny berkidýärler.

Eger Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda maliýe menejerleri, esasan, daşary ýurt kärhanalarynda hereket eden bolsalar, indi hususy we başga eýeçilikdäki kärhanalaryň eýeleri maliýe meselelerini oňaýly çözmegiň wajyplygyna we maliýe menejerleriň zerurlygyna düşünip başladylar. Onuň aýdyň mysallary hökmünde ýokarda görkezilen taraplaryň maliýe taýdan dolandyryjylary işe çagyrylýan hakynda köp ýerde duş gelýän bildirişnamalar subut edýär.

Durmuş-ykdysady talaplardan ugur alyp Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda ýörite «Maliýe menejmenti» hünäri açyldy.

Beýleki derslerden aýratynlykda, bu dersiň özbaşdak obýekti--dürli subýektleriň maliýe taýdan dolandyrylyşydyr. «Maliýe menejmenti», «Maliýe», hem «Salgytlar we salgyt salmak» we beýleki hünärler boýunça hünärmenler taýýarlanýan toparlarda hem öwredilmek bilen, bu okuw kitaby önümçilikde işlejek hünärmenlere hem zerurdyr.

Okuw kitabynda ýerli maglumatlar we maliýe hasabatyna degişli resminamalar çuňňur öwredilýär, nazary we amaly sapaklara köp üns berilýär.

Okuw kitaby «Ykdysady nazaryýet», «Menejment», «Maliýe», «Kärhana maliýesi», «Buhgalterçilik hasaby», «Salgytlar we salgyt salmak», «Maliýe auditi» we beýleki ýörite sapaklar bilen baglanyşykly taýýarlanyldy.

Maliýe menejerleri maliýe hasabatlara, töleg resminamalara öz gollaryny çekip jogap bermelidirler. Eger, olar buhgalterçilik hasabynyň, hasabatyň, salgytlaryň esaslaryny bilmän, Kanunlara laýyk gelmeýän hasabatlara we töleg resminamalaryna öz gollaryny çekip, edara görnüşli tarapa we (ýa-da) döwlete zyýan getirseler, olara garşy edara ediş we jenaýat çäreleri görlüp bilner. Kanunlary, düzgünleri bilmeýän ýolbaşçylar jogapkärçilikden boşadylmaýar.

Maliýe menejerleri hasapçylary saýlap-seçip işe kabul etmäge hödürlemelidirler ýa-da özleri olary kabul etmelidirler. Hasapçylaryň bilimlerini barlamak we olaryň işlerine gözegçilik etmek üçin, maliýe menejerler özleri hasaby Kanunlara laýyklykda ýöretmegi, degişli guramalara hasabatlary dogry düzüp öz wagtynda tabşyrmagy başarmalydyrlar.

Dolandyrylýan subýektleriň maliýe ýagdaýlaryna salgytlaryň uly täsiriniň bardygy sebäpli, maliýe menejerleri salgyt Kanunçylygyny hem içgin öwrenmelidirler.

Görkezilen sebäplere görä okuw kitabynda salgyt we hasap meselelerine köp üns berilýär.

# I BAP

## MALIÝE MENEJMENTINIŇ NAZARYÝET ESASLARY

### 1.1. Maliýe menejmentiniň umumy düşünjesi, onuň ähmiýeti we zerurlygy

Dolandyrmak adamlaryň işiniň ähli ugurlaryna mahsusdyr. Dolandyrmak işleri şahsýet, maşgala, topar, kärhana, pudak, döwlet, sebit, dünýä we başga derejelerde amala aşyrylýar.

**Dolandyrmak** – anyk netije almak üçin takyk obýektlere niýetlenen maksatly tasirleriň we usullaryň jemidir.

**Menejment** – bellibir subýektiň iň amatly ulgamynyň guralyşy we dolandyrylyşy barada ylymdyr.

Oňaýly netije gazanmak üçin dolandyryş işi jemgyýetiň ösüşiniň adama bagly däl (obýektiw) ykdysady kanunlarynyň öwrenilmegine esaslanmalydyr. Emma netijeli dolandyrmak üçin adama bagly (subýektiw) täsirleri hem göz öňünde tutmalydyr.

Netijeli dolandyrmak üçin dolandyryjylar dürli ugurlardan, şol sanda hukuk, ykdysadyýet, logistika, etika, estetika, informatika we başga ugurlar boýunça bilimi bolmaly.

Ýyl-ýyldan dolandyryjylaryň bilimleri ýokarlanmalydyr. Sebäbi ylmy-tehniki ilerleme (progresi) ýyl-ýyldan kämilleşýär, hyrydarlyk ösüp üýtgeýär, täze innowasion tehnologiýalar durmuşa ornaşdyrylýar. Şolar bilen tanyşmak, olary ulanmak, ornaşdyrmak dolandyryjylaryň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Ykdysady edebiýatlarda tejribeden ugur alyp dolandyrmagyň dürli görnüşleri görkezilýär. Olaryň esasy görnüşleri bilen 1.1.1-nji şekilden tanşyp bolar.

1.1.1-nji şekilde görkezilen menejmentiň ähli görnüşlerinde dolandyrmagyň öz aýratynlyklary, maksatlary, obýektleri we wezipeleri bar.

**Umumy menejment** dolandyrmagyň ähli işlerini, şol sanda işi guramak, işgärleri işe kabul etmek, olary netijeli işletmek, önüm öndürmek, öndürilen önümi ýerleşdirmek we başga işleri amala aşyrmagy öz içine alýar.

Menejmentiň her görnüşi wajypdyr. Emma menejmentiň ähli görnüşlerinde ykdysady we maliýe meseleleri aýratyn orun eýeleýär. Şol meseleler çözülmedik ýagdaýynda dolandyryş netije bermeýär we dolandyryşyň obýektleri we subýektleri çöküp başlaýar, maliýe çökgünligi emele gelýär.

Mälim bolşy ýaly, daşary ýurtlarda maliýe çökgünligi ykdysadyýete, halkyň hal ýagdaýyna, işsizlige we beýleki erbet hadysalara göni täsir edýär.

**Ykdysadyýet – öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň jemidir.** Şol sebäpli ykdysady menejmentiň obýektleri: **öndüriji güýçler we önümçilik gatnaşyklary bolup durýar.** Ykdysady menejment **önümi öndürmekden başlap, ony ýerleşdirmegi, peýdany paýlamagy we başga önümçilik gatnaşyklary öz içine alýar.**

**1.1.1-nji şekil. Menejmentiň görnüşleri**




**Maliýe menejmenti ykdysady menejmentiň** – möhüm bölegidir. Käbir ykdysady edebiýatlarda menejmentiň bu ugurlary «ykdysady-maliýe» menejmenti hökmünde hem görkezilýär.

Öz gezeginde **salgyt we bank menejmentleri** maliýe menej-

mentiniň möhüm bölekleridir. Bank menejmenti, esasan, bankyň işgärleri we onuň müşderileri bilen bagly ykdysady gatnaşyklary netijeli dolandyrmagy öwredýär. Salgyt menejmenti salgytlary salmak, salgytlaryň tölenilişine gözegçilik etmekligi we şoňa meňzeş meseleleri çözmegi öwredýär.

Amalyýetde önümçilik, satuwlar, harajatlar, müşderileri kabul ediş (reseption) işlerini menejmentler amala aşyrýarlar. Her ugur boýunça aýry-aýry menejerler bellenilýär. Olaryň wezipeleri öňünden bellenilýär we şol wezipeleriň esaslarynda olaryň atlary görkezilýär. Mysal üçin, önümçilik menejeriniň esasy wezipesi önümi öndürmek, satuwlar menejeriniňki öndürilen önümleri ýerleşdirmek, harajatlar menejeriniňki hojalyk serişdeleri netijeli ulanmakdyr. Görkezilen menejerleriň ählisi maliýe menejmentiniň ýagdaýyna we derejesine baglydyr. Sebäbi maliýe meseleleri çözülmese dürli derejelerde netijeli hereket etmek mümkin däl.

Baş (top) menejeriň esasy wezipesi ähli menejerlere gözegçilik edip, kärhananyň işine tutuşlygyna jogap bermekdir. Amalyýetde baş menejerler hem öz işlerinde esasy ünsüni maliýe meselelere bermeli bolýarlar we köp meseleleri maliýe menejeriniň üsti bilen çözýärler.

Ähli bar bolan menejment usullaryndan netijeli usulyň biride öňde goýlan meseleleri has çalt çözmek maksady bilen, oňaýly şertleriň döredilmegi-**dolandyrmagyň özeni** bolup durýar.

Her bir dolandyrylýan ulgamda bolşy ýaly, maliýeni dolandyrmagyň hem obýektleri we subýektleri bardyr. Maliýe gatnaşyklarynyň dürli görnüşleri – maliýeni dolandyrmagyň **obýektleridir**. Olar bilen 1.1.2, 1.1.3, 1.1.4-nji şekilleriň kömegi arkaly tanşyp bolar.

Maliýe menejmentiniň obýektleri dürli taraplar bolup biler. Şol sanda döwlete dahyllylar we döwlete dahylsyzlar.

Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi **183** we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol **Türkmenistana dahyllysy** hasap edilýär. Şunda, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, ýurduň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň döwletimizde bolan güni diýlip hasap edilýär.

Daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalaryň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde

Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle hem olaryň maşgala agzalary (näçe gün bolandygyna garamazdan) **Türkmenistana dahyllylary diýlip hasap edilmeýär**.

**1.1.2-nji şekil. Maliýe menejmentiniň obýektleri şu taraplar bilen ýüze çykýan maliýe gatnaşyklary bolup biler**




**Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar** – Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda döredilip, olaryň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdiriýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) biziň döwletimiziň çäginde ýerleşen bolmalydyr. Galan edara görnüşli taraplar **Türkmenistana dahylsyz** diýlip hasaplanylýar.

Maliýe menejmentiniň esasy obýekti-maliýe gatnaşyklarydyr. Maliýe gatnaşyklary bolsa 1.1.3-nji şekilde görkezilişi ýaly býujet, salgyt, pul-karz, gymmatly kagyzlar, maýa goýum, ätiýaçlandyryş gatnaşyklara bölünýärler.

**1.1.3-nji şekil. Ugurlar boýunça maliýe menejmentiniň obýektleri**




Maliýe menejmentiniň obýektleri wezipeler boýunça 1.1.4-nji şekilde görkezilen dört obýekte bölünip bilner.

**1.1.4-nji şekil. Wezipeler boýunça maliýe menejmentiniň obýektleri şu maliýe gatnaşyklary bolup biler**




Ykdysady edebiýatlarda maliýe menejmentine dürli kesgitlemeler berilýär. Şolaryň arasynda umumy kesgitleme aşakdakydyr.

**Maliýe menejmenti** – pul gaznalaryny döretmek, olary paýlamak, gaýtadan paýlamak we netijeli ulanmak bilen bagly ykdysady gatnaşyklaryň dolandyrylyşyny öz içine alýan ylymdyr.

Has takyk kesgitleme hökmünde şu kesgitlemäni görkezmek bolar: Maliýe menejmenti – oňaýly maliýe netijeleri gazanmak üçin belli obýektlere gönükdirilen takyk maksatly täsirleriň, höweslendirmeleriň, jerimeleriň, tärleriň we usullaryň jemidir.

Dolandyrmagyň ähli tapgyrlarynda maliýe menejmentiniň zerurlygy we ähmiýeti örän uludyr. Maliýe gözegçiligini amala aşyrmagy bolsa dolandyrmagyň ähli tapgyrlarynda geçirilmelidir.

Maliýe menejmentiniň subýektleri bilen 1.1.5-nji şekilden tanşyp bolar:

**1.1.5-nji şekil. Maliýe menejmentiniň subýektleri**




Dolandyrmagy amala aşyrýan guramaçy bölümler we menejerler, maliýeni dolandyrmagyň **subýektleridir**.

Ýurdumyzda döwletiň maliýe guramalaryna Türkmenistanyň

Maliýe ministrliginiň edaralary, salgyt gulluklary, Türkmenistanyň Merkezi banky we beýleki karz edaralary, ätiýaçlandyryş guramasy, pensiýa gaznasy degişlidirler.

Maliýe menejmenti öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alýar. Emma, ylym hökmünde maliýe menejmenti XX asyryň 30-njy ýyllarynda durmuşa ornaşyp başlanýar. Maliýe menejmentiniň ylymdygy hakynda ilkinji gezek metbugatda 1938-nji ýylda öz pikirini beýan eden J. Wilýamsdyr.

Maliýe menejmenti ylmyna uly goşant goşanlaryň arasynda dünýä belli ykdysady alymlardan G.Markowisi, U.Şarpy, J. Mossini, Stiwen Rossy, J. Hirşliferi, Ý. Brighemi görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwletimiziň maliýe dolandyrylyşyna uly goşant goşýandygyna halkara maliýe guramalarynyň berýän ýokary bahalary hem şaýatlyk edýär. Maliýe çökgünligi döwründe döwletimizi maliýe taýdan dolandyrmakda gazanylan üstünlikler halkara jemgyýetinde uly gyzyklanma döredýär.

Maliýe menejmenti dürli derejelerde amala aşyrylýar.

**Makro dereje** – maliýe menejmentiniň dünýäni, ýurdy, pudagy maliýe usullarynyň kömegi bilen dolandyrmagyny aňladýar.

**Mikro dereje** – maliýe menejmentiniň edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) pul toplumlaryny ýygnamak, olary paýlamak hem gaýtadan paýlamak we netijeli ulanmak bilen bagly aragatnaşyklaryny öz içine alýar.

Kärhananyň, pudaklaryň we ýurtlaryň maliýe ýagdaýlary maliýe menejmentiniň derejesine baglydyr. Dünýäde köp kärhanalaryň ýapylmagy maliýe menejmentiniň derejesiniň pesligi bilen baglydyr.

Kärhanalar dürli çeşmelerden emele gelýän serişdeleriň we gaznalaryň hasabyna hereket edýärler. Maliýe menejmentiniň kömegi bilen şol serişdeler we gaznalar takyk meýilnamalara laýyklykda hereket eder ýaly dolandyrylýar.

Maliýe menejerleri dolandyrylýan subýektiň ähli maliýe-hojalyk hereketlerine, **pul**, **önümçilik gatnaşyklaryna**, ýagny önüm öndürijileri zähmet haklary bilen üpjün etmäge, olary höweslendirmäge, durmuş taýdan goramaga, öndürilen önümi (hyzmaty) ýerleşdirmäge, peýdany gazanmaga, ulanmaga we paýlamaga gatnaşýarlar.

Maliýe menejmentiniň hereket edýän çäklerini 1.1.6-njy we 1.1.7-nji şekillerden görmek bolar.

Türkmenistanyň «Eýeçilik hakynda» kanunyna laýyklykda ýurdumyzda 1.1.6-njy şekilde görkezilen eýeçiligiň sekiz görnüşi hereket edýär.

**1.1.6-njy şekil. Türkmenistanda hereket edýän eýeçiligiň görnüşleri**

| |
|---|
| Döwlet |
| Hususy |
| Hyzmatdaşlyk |
| Jemgyýetçilik |
| Bilelikdäki |
| Beýleki Döwletleriň |
| Halkara guramalaryň |
| Gatyşyk |

Olar şekilden görnüşi ýaly Döwlet, hususy, jemgyýetçilik we kooperatiw birleşikleriniň, bilelikdäki, beýleki döwletleriň (olaryň edara görnüşli taraplarynyň hem raýatlarynyň), halkara guramalaryň, gatyşyk (birleşen) eýeçilikleridir. Görkezilen ähli eýeçiliklerde maliýe menejmenti bilen bagly meseleler ýüze çykýar we şol eýeçilikdäki kärhanalarda (firmalarda) maliýe dolandyryş işleri zerurdyr.

Türkmenistanda edara görnüşli taraplar 1.1.7-nji şekilde görkezilen ýedi **sany guramaçylyk-hukuk görnüşlerde hereket edýärler** we maliýe menejmenti olaryň ählisine zerurdyr. Sebäbi ählisinde maliýe menejmenti bilen bagly meseleler ýüze çykýar we şol taraplarda (firmalarda) maliýe dolandyryş işleri mahsusdyr.

**1.1.7-nji şekil. Maliýe menejmentiniň hereket edýän çäkleri**

| |
|---|
| Döwlet kärhanasy |
| Ýekebara kärhana |
| Hyzmatdaşlyk (kooperatiw) kärhanasy |
| Bilelikdäki kärhana |
| Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy |
| Hojalyk şereketi |
| Paýdarlaryň jemgyýeti |

Türkmenistanda hereket edýän ýokarda agzalan edara görnüşli taraplaryň guramaçylyk – hukuk görnüşleriniň atlary olaryň haýsy

2. Sargyt № 3078

serişdeleriň hasabyna döredilýändigini hem-de işiniň gurnalyşyny özleri görkezýärler. Ýagny, döwlet kärhanalary – döwletiň, ýekebara – bir şahsy tarapyň, hyzmatdaşlyk – her bir agzasynyň şahsy serişdeleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň – jemgyýetçilik hazynalarynyň, hojalyk şereketleri – iki we şondan köp şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň birleşiginiň hasabyna, paýdarlar jemgyýeti bolsa – paýdarlaryň hasabyna döredilýär.

Paýdarlar jemgyýetleri **açyk we ýapyk görnüşli** bolup biler. Açyk paýdarlar jemgyýetiniň paýdary hökmünde islän tarap onuň gymmatly kagyzlaryny satyn alyp, onuň paýdarlary bolup bilerler. Ýapyk paýdarlar jemgiýetine diňe onuň esasnamasynda bellenilen taraplar girip bilerler.

## 1.2. «Maliýe menejmenti» dersiniň beýleki dersler bilen arabaglanyşygy we maksatlary

«Maliýe menejmenti» dersiniň «Ykdysady nazaryýet», «Mikroykdysadyýet», «Makroykdysadyýet», «Menejment», «Bank menejmenti», «Salgyt menejmenti», «Maliýe auditi», «Buhgalterlik hasaby we hasabat», «Hukuk», «Marketing», «Psihologiýa», «Etika», «Estetika» we beýleki dersler bilen arabaglanyşygy bardyr.

«Maliýe menejmenti» dersi «Ykdysady nazaryýet» dersinden ugur alýar we şol dersiň nazary esaslaryna daýanýar.

Mälim bolşy yaly ykdysadyýet makro we mikroykdysadyýetler diýen iki esasy bölüme bölünýär. Şol sebäpli maliýe menejmentiniň derejesine görä «Mikroykdysadyýet» ýa-da «Makroykdysadyýet» dersleriniň maglumatlary ulanylýar.

«Maliýe menejmenti» umumy menejmentiň bir bölegi bolup çykyş edýär. Umumy menejment diňe maliýe menejmente bölünmän, menejmentiň ýokarda görkezilen beýleki bölümlerine hem bölünýär. Öz gezeginde «Bank menejmenti» hem-de «Salgyt menejmenti» «Maliýe menejmenti» dersiniň bir bölegi bolup çykyş edýärler.

Hasaby ýöretmezden işi netijeli dolandyrmak mümkin däl. Şol sebäpli, maliýe menejeri hökman «Buhgalter hasaby we hasabat» dersini bilmelidir. Maliýe menejerler hasapçylara gözegçiligi hem amala aşyrmalydyrlar. Köplenç, maliýe menejerleri hasapçylary özleri

saýlaýarlar ýa-da işe kabul edýärler. Şol sebäpli olar buhgalterçilik hasabynyň we hasabatynyň esaslaryny öwrenip, olary gowy bilmelidirler.

Maliýe menejmenti öz işini amala aşyrmak üçin hereket edýän Kanunlary gowy bilmelidir. Kanunlary bilmek, olary durmuşda ulanmak üçin maliýe menejeri «Hukuk», «Maliýe hukugy», «Hojalyk hukugy» dersleriniň esaslaryny bilmelidir.

Maliýe menejerleri öz işlerinde bazary öwrenmek işine köp üns bermelidirler. Şu işleri netijeli geçirmek üçin «Marketing» dersini öwrenmelidir.

Marketing we menejment işleri bir-birine berk baglanyşyklydyrlar. Sebäbi kärhanany marketingsiz netijeli dolandyrmak mümkin däl. Tejribede marketing işleri käbir ýagdaýlarda menejerleriň özleri geçirýärler.

Öz işlerinde maliýe menejerleri köp adamlar bilen iş salyşýarlar. Adamlar bilen ýokary derejelerde duşuşyklary geçirmek we netijeli kontraktlary baglaşmak üçin maliýe menejeri «Psihologiýa», «Etika», «Estetika» dersleri we daşary ýurt dillerini öwrenmelidirler.

**Maliýe menejmentiniň esasy maksady** sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyryp, edara görnüşli tarapyň eýelerine (döwlet eýeçiliginde bolsa – döwlete), işgärlerine (şol sanda özüne) peýda getirmek we olaryň maddy hal-ýagdaýyny ýokary derejä ýetirmekdir.

Diýmek, peýda gazanmak maliýe menejmentiniň ýeke-täk maksady däl. Maliýe menejmenti işgärleriň bähbidini hem ýatdan çykarmaly däldir. Sebäbi işçi güýji önümçiligiň esasy bölegidir we işgär netijeli hereket eder ýaly oňa zerur şertler döredilmelidir.

Maliýe menejmentiniň esasy maksatlarynyň biri-de pul gaznalaryny toplamak, netijeli paýlamak we ulanmakdyr. Bu işleri amala aşyrmak üçin hem öz gezeginde peýdany gazanmagy başarmaly. Ýagny, bazar ykdysadyýetinde peýda gazanman pul gaznalaryny döretmek mümkin däl. Peýdasyz sarp ediş, toplaýyş gaznalary döredilmeýär. Olarsyz bolsa işgärleri höweslendirmek, olaryň önüm öndürijiligini ýokarlandyrmak mümkin däl.

## 1.3. Maliýe menejmentiniň wezipeleri, prinsipleri we usullary

Maliýe wezipelerine ykdysady edebiýatlarda dürli garaýyşlar bar. Käbir alymlaryň pikirlerine görä, maliýeniň özbaşdak ykdysady umumy ylmy düýpli düşünje (kategoriýa) hökmünde, aýratyn adama bagly däl wezipesi ýok. Olaryň pikirine görä, maliýeniň ähli wezipelerini maliýe ykdysady kategoriýa hökmünde ýerine ýetirmän, ony maliýe guramalary, maliýe işgärleri ýerine ýetirýärler.

Başga alymlar maliýeniň ýedi sany wezipesini, şol sanda toplamak (fiskal), paýlamak, höweslendirmek, ölçemek, seljermek, dolanyşyk we gözegçilik wezipelerini görkezýärler.

Alymlaryň aglaba bölegi, şol sanda N. Halow, A.M. Aleksandrow, E.A.Woznesenskiý ýaly alymlar maliýeniň üç wezipesini, şol sanda toplamak, paýlamak we gözegçilik etmek wezipesini tapawutlandyrýarlar.

Maliýe menejmentiniň wezipeleri 1.3.1-nji şekilde görkezilen wezipelere bölünýär. 1.3.1-nji şekide görkezilişi ýaly maliýe menejmentiniň esasy wezipeleriniň biri – **maliýe mehanizmi netijeli dolandyrmakdyr**. Maliýe menejmentiniň şol wezipesine düşünmek üçin maliýe mehanizminiň düşünjesini anyklap, onuň düzüm bölümlerini öwrenmeli. Olar barada maglumat okuw kitabynyň 1.3.2-nji şekilinde berlendir.

**1.3.1-nji şekil. Maliýe menejmentiniň wezipeleri**

| |
|---|
| Maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak |
| Seljeriş işlerini geçirmek |
| Täze bazarlary (iş ýerleri) döretmek |
| Marketing we innowasiýa wezipesi |
| Salgyt ýeňillikleri kanunlara laýyklykda ulanmak |
| Töwekgelçiligi dolandyrmak |
| Maliýe (ätiýäçlandyryş) gaznalaryny döretmek |
| Kanunlara laýyklykda beýleki wezipeler |

**1.3.2-nji şekil. Maliýe mehanizminiň düşünjesi we onuň düzüm bölümleri**

| Maliýe mehanizmi |
|---|
| Pul gaznalarynyň döredilmegi, paýlanylmagy we netijeli ulanylmagy bilen bagly ykdysady çäreleriň ulgamy |
| Usullar, tärler, höweslendirmeler we başga çäreler |

Maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak üçin dürli usullar, tärler, höweslendirmeler, beýleki çäreler geçirilýär.

Maliýe mehanizmi ykdysadyýetiň we önümçiligiň dürli tapgyrlarynda, şol sanda önümleri öndürmekde, olary ýerleşdirmekde, girdejileri paýlamakda hem başgalarda hereket edýär.

Sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrýan, gerekli görnüşde, ýokary hilli we bäsdeşlige ukyply önümi öndürmek üçin maliýe menejeri önümçilik üçin ýörite maliýe şertleri döretmelidir, önümçilik – tehnologik prosesini gurnamalydyr.

Bu ýerde şu aşakdakylar hasaba alynýar:

– önümçilik serişdeleri;

– maliýe mümkinçilikleri;

– hünärmenleriň derejeleri we ş.m.

Maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak üçin iki sany wajyp, bir-birine bagly aşakdaky meseleler çözülýär:

– ylmy-tehniki üstünlikler önümçilige ornaşdyrylýar;

– önümiň bäsdeşlige bolan ukyplylygy ýokarlanýar.

Önümiň bäsdeşlige bolan ukyplylygy öz gezeginde şu aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

– önümiň hili (belli standartlara gabat gelmegi) we sarp edijilere gerekligi;

– sarp edijileriň jemlenen çykdajylary (önümiň nyrhy we ony ulanmak üçin ulanyş möhletinde çykdajylary).

Täze bazarlary (iş ýerlerini) döretmek ýaly maliýe menejmentiniň wajyp wezipesini amala aşyrmak üçin, bazaryň talaplaryny we önümçiligiň münkinçiliklerini deňeşdirmegiň netijesinde şu işleri ýerine ýetirmek maslahat berilýär:

– bazaryň aýry-aýry segmentlerini, görnüşlerini (assortimentleri) öwrenmek;

– täze önüminiň (harydyň, hyzmatyň, işiň) düşewüntliligini we özüne düşjek gymmatyny anyklamak;

– täze önümi (harydy, hyzmaty) maliýe taýdan meýilleşdirmek.

Täze bazarlary (iş ýerlerini) döretmek üçin maliýe menejerleri şu aşakdaky işleri amala aşyrmalydyrlar:

– täze önümleri (harytlary, hyzmatlary) mahabatlandyrmak;

– haryt we nyrh syýasatlaryny geçirmek;

– täze harydy saklamak, ugratmak we ýerleşdirmek ýollaryny gurnamak.

Diýmek, täze bazarlary (iş ýerlerini) döretmek wezipesi önümi öndürmekden soň harydy ýerleşdirmek üçin geçirilýän ähli işleri, ýagny önümi bazara geçirmek barada ähli hereketleri öz içine alýar.

Maliýe dolandyryjylar bäsdeşliklerde üstünlik gazanmak üçin mydama täze ugurlary, işleri, goşmaça hyzmatlary hödürlemäge gönükdirilen işleri geçirmelidirler.

Şol işleri amala aşyrmak üçin maliýe dolandyryjylar marketing we innowasiýa wezipelerini amala aşyrmalydyrlar. Bu wezipäniň esasy maksady önümi (harydy) bazarda netijeli ýerleşdirmekdir. Şol işi amala aşyrmak üçin, kärhana hökman harytlary paýlap ýerleşdirmegiň öz söwda usulyny döredip gurnamalydyr.

Bu söwda usuly şahsy we edara görnüşli taraplaryň jemlenen işi hökmünde çykyş edip biler. Ýagny, kärhanadan sarp edijä çenli önüm geçýänçä, ony ýerleşdirmäge dürli şahsy we edara görnüşli taraplar gatnaşyp bilerler. Görkezilen sowda usuly araçynyň gatnaşmagy bilen ýa-da onsuz guralyp bilner.

Önümi öndürýän kärhanadan sarp edijä çenli geçirilişine, ýagny daşamaga, dolandyrmak işine aýratyn üns berilýär. Sarp edijiniň islegini çalt kanagatlandyrmak üçin, önümleriň saklanýan ammarlary alyjylara ýakyn ýerlerde ýerleşdirilmelidir.

**Önümleri saklamagyň beýleki** talaplary, ýagny howpsuzlyk, ygtybarlylyk, tygşytlylyk talaplary hem bar.

Maliýe menejeriniň satyp-paýlamak wezipesi ýerine ýetirilende harytlaryň bellenilen sortlara, ülňülere (standartlara) gabat gelmegine, bahalaryň kesilmegine, kärhananyň haryt syýasatyna, mahabatlandyrmagyna aýratyn üns berilýär.

Kärhananyň **haryt syýasaty**, hemmetaraplaýyn netijeli hem-de iň pes önümçilik harajatlaryny saýlamakdan ybarat bolmalydyr.

Mahabatlandyryş işleriniň maksady sarp ediji bolup biljeklerde, harytlar (işler, hyzmatlar) barada ýeterlik derejede habarlary bolar ýaly, şol sanda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) görnüşleri, hili, nyrhlary, tehniki çäkleri (parametrleri), ukyplylygy barada zerur bolan maglumatlary ýaýratmakdyr.

Maliýe menejmentiniň wezipeleriniň arasynda seljeriş işlerini geçirmek aýratyn orun eýeleýär. Seljeriş işleri dolandyrmagyň ähli tapgyrlarynda ulanylýar. Seljeriş işleri dürli netijelere getirip, maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak üçin mümkinçilikleri döredýär.

Mälim bolşy ýaly, töwekgelçilik dürli işlerde duş gelýär. **Maliýe menejmentiniň wezipesi maliýe töwekgelçiliklerini** bilmek, olaryň öňüni almak, täsirini peseltmek we beýleki çäreleri geçirmek işleri öz içine alýar.

**Maliýe menejmentiniň esasy wezipeleriniň biri-de maliýe, şol sanda ätiýaçlandyryş gaznalaryny döretmek** bolup durýar. Maliýe gaznalary dürli derejelerde, şol sanda döwlet, pudak, edara görnüşli tarap derejelerinde döredilýär..

Döwlet derejelerinde döredilýän maliýe gaznalara býujet, býujetden daşary, durnuklaşdyryş we beýleki gaznalar degişlidir.

Pudaklar boýunça dürli maliýe gaznalary hem, mysal üçin, nebit--gaz toplumynyň maliýe gaznasy, saglygy goraýyş, pul gaznasy we başgalar döredilýär.

Edara görnüşli taraplaryň maliýe gaznalaryna esaslyk maýasy, esasy serişdeleri dikeltmek, ýörite maksatly, ätiýaçlandyryş gaznalary degişlidirler.

**Maliýe menejmentiň ýörelgeleri (prinsipleri) şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

- maliýe menejeriniň hereketleri belli maksatlara gönükdirilip, olary gazanmak üçin ulanylýan serişdeler anyk bolmalydyr;
- dolandyryş hereketleri jemlenilen (kompleksleýin) bolmaly hem çaklaýyş, meýilnamalaşdyryş, seljeriş, sazlaşdyryş we derňew işleri öz içine almalydyrlar;
- geljekki we gündelik meýilnamalar bir birine gabat gelmeli we üzülmeli däldir;

- maliýe dolandyryş çözgütlere gözegçilik edilmelidir;
- dolandyrylýan subýekte we onuň hemme agzalaryna netijeli, pikirlenip işlär ýaly maliýe höweslendirijileri hem-de başga usullary ulanmalydyr;
- işgärleriň her birine aýratynlykda ýekebara seredilmelidir we olaryň mümkinçilikleri doly derejede (maksimal) ulanylmalydyr;
- her bir işgär öz bilimlerini kämilleşdirmek bilen gyzyklanmalydyr, mydama okap, täze usullary öwrenmelidir;
- işgärleriň arasynda sagdyn psihologik şertler döredilmelidir;
- wezipeleri we dolandyryş meselelerini çözmek üçin dolandyrylyşyň guralyş düzümi ýiti bolmalydyr.

Maliýe menejeri şol maksatlara ýetmek üçin kärhananyň öz maliýe syýasatyny ýöretmelidir.

Maliýe dolandyryş işlerini netijeli amala aşyrmak üçin maliýe menejmenti dürli usullary ulanýar. Şol usullary öwrenmek üçin okuw kitabynyň 1.3.3-nji şekilini seljerip göreliň.

**1.3.3-nji şekil. Maliýe menejmentiniň usullary**




**1.3.3-nji şekilde görkezilişi ýaly maliýe menejmentiniň usullary üç topara bölünýär:**

- maliýe maglumatlary ýygnamak;
- maliýe maglumatlaryny işlemek we netije çykarmak;
- çäre görmek.

Görkezilen esasy usullar ähli subýektleri dolandyrmakda hökman ulanylmalydyr. Olarsyz dolandyrylýan subýektleri dolandyrmak kyndyr.

Esasy usullar kömekçi usullaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Mysal üçin, maliýe maglumatlar tejribede resminamalar ýa-da barlaglar esasynda ýygnalýar. Maglumatlar ýygnalanda dürli tehniki serişdeleri, şol sanda telefon, faks, internet we şoňa meňzeşler ulanylýar.

Maliýe maglumatlar ýygnalyp jemlenýär. Şondan soň olar işlenip, netije çykarylýar.

Maliýe maglumatlaryny işlemek we netije çykarmak üçin häzirki döwürde kompýuter programmalary giňden ulanylýar. Emma öňden bäri ulanylýan usullaryň ähmiýetini hem ýatdan çykarmak bolmaz. Sebäbi kompýuterlere maglumatlary adamlar girizýärler we şonuň üçin kompýuter nädogry netije çykaryp biler. Şol sebäpli iş ýüzünde seljeriş, jemleýiş (sintez), toparlaýyş, korrelýasion, induktiw, deduktiw we deňeşdirmek usullarynyň ähmiýeti örän uludyr.

**Seljeriş (analiz)** usuly ulanylanda statistiki we beýleki maglumatlar **bölünip**, netijeler çykarylýar.

Seljeriş işleri öz gezeginde ykdysady edebiýatlarda dört topara, şol sanda maliýe-ykdysady, tehniki – ykdysady, wezipe – bahalandyryş we umumy dolandyrma-bahalandyryş usullara bölünýär.

**Jemleýiş (sintetiki)** usuly ulanylanda ýokarda görkezilen maglumatlar jemlenip, netijeler çykarylýar.

**Korrelýasion** usuly ähli ýagdaýlaryň täsiriniň aragatnaşygyny öwrenmäge ýardam berýän usuldyr.

**Deduktiw** usuly **yzygiderli** (logiki) pikirleriň esasynda dogry netijelere getirip bilýän usullaryň biridir.

Deduktiw usullary ulanman ogurlyklardan we gaýry ýitgilerden goranyp bolmaýar. Her bir çykdajynyň öz çägi bolmalydyr.

**Induktiw** usulyň kömegi bilen bellibir **gipotezanyň (ylmy pikiriň, çaklamaň)** dogrulygy hakyky maglumatlar esasynda barlanyp, netije çykarylýar.

**Toparlaýyş** usuly bilen maglumatlar belli toparlara jemlenip, seljerilýär we netijeler çykarylýar.

**Deňeşdirme** usuly iş ýüzünde gadymy döwürlerden bäri ulanylýar. Maglumatlary deňeşdirip, dürli peýdaly netijeleri çykaryp bolýar. Deňeşdirme usuly ulanylanda deňeşdirilýän obýektleriň şertleri deň ýa-da ýakyn bolmalydyr.

Dürli subýektleri dolandyrmagyň tejribesinde maglumatlar işlenip, netije çykarylýar. Ýeňil mesele boýunça netijäni ýolbaşçynyň ýeke özi çykaryp biler. Emma käbir ýagdaýlarda netijeler maslahatlaşylyp, toparlaýyn (kollegial) çykarylýar.

Dünýä tejribesinde subýektleri dolandyrmagyň üç sany dolandyryş çäresi, ýagny edara ediş (administratiw), ykdysady we jenaýatçylyga çekmek çäresi görkezilýär. Bu çäreleriň käbiri bir-birine berk baglanyşyklydyrlar.

**Edara ediş (administratiw)** çäresi belli subýekti (işgäri, dolandyryjyny) ýokarky dolandyryjy tarapyndan höweslendirmek ýa-da kemçilikleri düzetmek üçin geçirilýär. Edara ediş (administratiw) çäreleriniň mysallary hökmünde aşakdaky çäreleri görkezmek bolar:

- işgäriň gazanan netijelerine görä we (ýa-da) baýramçylyk, doglan gününe ýa-da belli sene bilen baglanyşdyryp, dolandyryş subýektleriniň ýolbaşçylary tarapyndan hormat haty ya-da aýry buýruk bilen sylaglanylmagy (bellenilmegi);
- işgäriň Watan üçin bitiren uly hyzmatlaryna ýokary baha berip, degişli döwlet guramalaryna işgäri sylaglamak üçin ýüz tutmagy;
- duýduryş, käýinç, berk käýinç berilmegini;
- başga wezipä geçirmegini;
- işgäri işden (wezipesinden) boşatmagyny;
- ýolbaşçylaryň hut öz pullaryndan döwletiň haýryna jerime almagy.

Dolandyrylmakda **ykdysady çäräniň** ulanylmagy pul, karz, hasaplaşyk çäreleri (gurallary) bilen bagly.

Görkezilen çäreler bilen maliýe mehanizmi dolandyrylýar.

Maliýe mehanizmi pul gaznalaryny döretmek, paýlamak, gaýtadan paýlamak, olary netijeli ulanmak bilen bagly ykdysady gatnaşyklaryň, has takygy usullaryň, tärleriň, höweslendirmeleriň we başga çäreleriň ulgamy.

Maliýe mehanizmi pul bilen herekete getirilýär. Pul görnüşindäki maliýe goýumlar netijelilige garaşylsa goýberilýär. Netijeliligiň ähtimallygy 50%-den pes bolanda, goýumlar köplenç goýulmaýar ýa-da dürli kepillendiriş usullary ulanylýar.

Durmuşda belli şertlerde pul serişdeleri karzyna berilýär. Emma,

görkezilen şertleriň ýerine ýetirilmeginiň ähtimallygy şübheli bolsa, karz berilmeýär. Netijeli ýa-da maksadalaýyk ulanylmadyk karzlar möhletden öň yzyna alynýar.

Maliýe mehanizminiň esasy gurallarynyň biri-de hasaplaşykdyr. Eger işleri (hyzmatlary) ýerine ýetiriji ýa-da haryt iberiji sarp edijiniň isleglerini kanagatlandyrmasa ýa-da doly kanagatlandyrmasa hasaplaşygyň möçberleri (möhletleri) üýtgäp biler ýa-da hasaplaşyk geçirilmez.

Ýokary hilli ýerine ýetirilen işler üçin sylaglanylýar. Hili pes işleri üçin hasaplaşyklar togtadylýar.

Ykdysady dolandyryş çäreleri edara ediş usullaryndan has netijelidir. Emma, edara ediş we ykdysady dolandyryş usullary öz arasynda bir-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Käbir ýagdaýlarda edara ediş (administratiw) dolandyryş usullarynyň netijesinde ykdysady çärelere getirýär. Mysal üçin, işgäri döwlet sylagyna hödürlemegiň netijesinde, ol goşmaça pul serişdeleri ýa-da beýleki eşretleri alyp biler. Ýa-da işgär edara ediş (administratiw) usuly bilen başga işe (wezipä) geçirilende onuň zähmet haky ösüp ýa-da pese düşüp biler. Sol sebäpli, dolandyrmagyň çäreleri (usullary) edara ediş (administratiw) we ykdysady usullara şertli bölünýär.

Dolandyrmakda jenaýat çäreleri hem ulanylyp bilner. Bu çäreler iň soňky çäreleriň biridir. Ony başga çäreler netije bermedik ýagdaýlarda ulanyp bolýar. Olar kazyýet arkaly çözülýär.

Maliýeniň dolandyryş ulgamynda meýilnamalaşdyryş möhüm orun tutýar. Meýilnamalaşdyryş işleri amala aşyrylanda hojalygy alyp barýan her bir subýekt, öz maliýe ýagdaýyna ählitaraplaýyn baha berýär, maliýe serişdelerini, gorlaryny köpeltmegiň mümkinçiliklerini we olary has netijeli ulanmagyň ugurlaryny ýüze çykarýar.

Meýilnamalaşdyryşdaky dolandyryş kararlary maliýe maglumatlarynyň seljermesi esasynda kabul edilýär. Şol maliýe maglumatlar doly we hakyky bolmalydyr. Şübhesiz we öz wagtynda alynýan maliýe maglumatlary dogry we esaslandyrylan kararlary kabul etmäge mümkinçilik berýär. Maliýe maglumatlary hasapçylyk, hasabat (statistika) we deslapky hasabatlara esaslanýar.

Maliýe taýdan dolandyrmakda 1.3.4-nji şekilde görkezilen tärler ulanylýar.

**1.3.4-nji şekil. Maliýe taýdan dolandyrmagyň tärleri**

| Maliýe taýdan dolandyrmagyň tärleri | | |
|---|---|---|
| **Diktator** | **Demokratik** | **Liberal** |

1.3.4-nji şekilde görkezilen tärleriň her haýsy maliýe höweslendirmelere we çärelere ýykgyn edip, oňaýly netijelere gönükdirilýär. Şoňa garamazdan görkezilen tärleriň her haýsynyň oňaýly hem kem taraplary bardyr.

Dolandyrmagyň **(awtoritarlyk) diktator** täri-ýolbaşçynyň görkezmelerini gürrüňsiz, gyşarnyksyz berjaý etmegi talap edýär. Bu dolandyryş täri ýolbaşçynyň belli subýekti dolandyrmagynyň ukyplylygyna, bilimine, abraýyna bagly bolup, gowy netijeleri getirip biler. Emma ýolbaşçynyň görkezmeleri, buýruklary kemçilikli bolsa, onda onuň abraýy hem-de netijeleri pes bolýar.

Dolandyrmagyň **demokratik** täri- ýolbaşçynyň işgärler bilen maslahatlaşyp işleşmegini, olar bilen mydama ýakyn aragatnaşykda bolmagyny talap edýär. Bu täriň gowy tarapy agzybirlik, sagdyn psihologiýa, köpçüligiň pikirlerine ýol berilmegidir. Bu dolandyryş täriň kem tarapy ýolbaşçy bilen işgäriň arasynda düşnüksizlik bolan ýagdaýynda ýüze çykýar. Käbir ösen günbatar döwletleriň alymlary ylmy-barlag işleri geçirip, demokratik tär ýolbaşça iş hem adam barada pikir etdirip, onuň işden ünsüni bölüp, işiň netijeliligini pese düşürýär diýen netijä geldiler.

Dolandyrmagyň **liberal** täri işgärlere belli wagta çenli takyk derejede erkinligi berip, soň berk hasabatlary almagy we soňky netijeleri seljermegi talap edýär. Bu täriň gowy tarapy işgäre wagtlaýyn belli derejede erkinligi, garaşsyzlygy, päsgelsiz işlär ýaly mümkinçilik berýär. Işgär gowy netijeleri gazanmak üçin dürli ýollary tapyp biler. Emma bu tär ähli işgärlere gelişmeýär. Bu tär mynasyp işgärleri seçip saýlamagy talap edýär.

Iki ýolbaşçy kollektiwi deň dolandyryp bilmezler. Ökde ýolbaşçynyň tärini doly derejede başga biri hiç haçan dikeldip bilmez.

Deň barmak ýaly iki deň ýolbaşçyny tapyp bolmaz. Sebäbi her bir adamyň, ýolbaşçynyň hiç kime meňzeş däl häsiýetleri bardyr.

Dolandyrmagyň iň gowy täri barada alymlaryň arasynda ýeke-täk pikir ykdysady edebiýatlarda ýok. Dolandyrmagyň her täriniň gowy hem erbet taraplary bar. Şol sebäpli her ýolbaşçy, şol sanda maliýe dolandyryjysy öz dolandyrýan obýekti (subýekti) üçin öz tärini saýlap tapmalydyr. Ýagny ol obýektiň maliýe ýagdaýyna, işgärleriň häsiýetlerine görä, dürli tärleriň gowy taraplaryny ulanmagy başarmalydyr.

Maliýe menejeri öz işinde dürli adamlar bilen iş salyşýar. Şol sebäpli ol adamlaryň häsiýetlerini gowy bilmelidir.

Gadymy Gresiýanyň dünýä belli alymy Gipokrat adamlaryň häsiýetlerini 1.3.5-nji şekilde görkezilen 4 topara bölüpdir:

**1.3.5-nji şekil. Maliýe taýdan dolandyrmagyň tärleri**




**Sangwinnik** latyn sözi bolup, adamyň durmuş güýjüni, onuň ganynyň çalt aýlanýandygyny aňladýar. Sangwinnik bu örän hereketli, çalt gyzýan we ýeňillik bilen başga emosional häsiýete geçýän adam diýmekdir.

**Holerik** grek sözi bolup, çalt hereketli, güýçli, çalt emele gelýän duýgulara eýe bolýan adamyň häsiýetini aňladýar.

**Flegmatik** grek sözi bolup, türkmen dilinde «nem» manyny berýär. Flegmatik haýal hereketli, ýuwaş, öz duýgularyny daşyna seýrek çykarýan adam diýmekdir.

**Melanhollik** grek sözi bolup, agressiw, köplenç, keýpsiz, aladaly adam diýmekdir. Ol özünde aladalaryny saklap, daşyna öz duýgularyny çykarmaýar.

Maliýe menejeri işgärleriň we müşderileriň daşky we içki dünýäsini, häsiýetlerini öwrenip, olar bilen netijeli gatnaşyklary saklap, kärhananyň maliýe netijeliligini ýokarlandyrmany başarmalydyr. Käbir menejerler adamyň daşky keşbini görüp, ol barada köp netijeleri çykaryp bilýärler.

Tejribeli menejer flegmatik häsiýetli adama satuwlary, mahabatlandyryş işleri geçirmegi buýurmaýar. Olara,köplenç, hasap ýöretmek we şoňa meňzeş işler buýrulýar.

Satuwlar, mahabatlandyryş işler, köplenç, özüne ünsi çekip biljek adamlara buýrulýar. Şol häsiýete sangwinnikler we holerikler gelişýär.

## 1.4. Maliýe menejmentiniň esasy ugurlary

Maliýe menejmentiniň esasy wezipeleriniň biri maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak bolup durýar.

Maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmagyň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybarat:

• zerur, gerekli maýalary döretmek hem-de onuň oňaýly düzümini gazanmak;

• zerur, gerekli aktiwleri döretmek hem-de olaryň düzüminiň netijeliligini üpjün etmek;

• dolandyryş subýektiniň (kärhananyň) dürli görnüşdäki maliýe-hojalyk hereketlerinde ( gündelik, maýa goýum amallary geçirilende), maliýe dolandyryş işini amala aşyrmak;

• umumy, düzüm bölümleri, dolanyşyk, dolanyşykdan daşary aktiwleri dolandyrmak;

• hakyky (real), maliýe maýa goýumlaryny dolandyrmak;

• hususy maliýe serişdelerini toplamak we olary dolandyrmak;

• çekilen we karzyna alnan serişdeleri dolandyrmak;

• maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak;

• dolandyryş subýektiniň (kärhananyň) maliýe ýagdaýyna gözegçilik etmek we ol batmaz ýaly dürli, şol sanda maliýe töwekgelçiliklerinden goramak;

• maliýe işini meýilleşdirmek;

• geljekki maliýe ýagdaýlaryny çaklamak;

• maliýe syýasaty, şol sanda nyrh, balans hem-de beýleki syýasatlary döretmek;

• maliýe strategiýasynyň we taktikasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

• netijeli diwidendleri (goýlan goýumlara gelýän girdejileri) paýlamak syýasatyny ýöretmek;

• buhgalterçilik hasabyny we hasabatlylygy gurnamak;
• seljeriş işleri geçirmek;
• maliýe çärelerini görmek;
• aktiwleri we passiwleri dolandyrmak;
• algylary we bergileri dolandyrmak;
• hasaplaşyklary sazlamak;
• maliýe meseleleri bilen bagly geplişikleri, ylalaşyklary gurnamak.

## 1.5. Kärhananyň maliýe menejmentiniň hukuk esaslary

Maliýe menejeri hökman kärhananyň maliýe-hukuk dolandyrylyşynyň esaslaryny bilmelidir. Ol kärhananyň kanunlara laýyklykda döwlet belligine alnyşyny, onuň hukuklaryny, borçlaryny, gaýtadan bellige alnyşyny, şahamçalarynyň we bileleşikleriniň döredilişini, aýrybaşgoýluşyny, maliýe taýdan dikeldilmegini, gaýtadan guramaklygyny, ýapylmagyny we başga maliýe-hukuk meselelerini içgin öwrenmelidir.

Käbir ykdysadyýetçiler «kärhana», «gurama» we «edara» düşünjeleri olaryň döredihiş çeşmelerine görä tapawutlandyrýarlar. Olaryň pikirleri boýunça kärhanalar – olaryň esaslandyryjylarynyň hasabyna, guramalar ikinji taraplaryň (iş buýrujylaryň), edaralar döwletiň hasabyna döredilýär. Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kanunçylyk namalarda kärhanalaram, guramalaram, edaralaram – edara görnüşli taraplar hökmünde seredilýär.

**Kärhanalar hereket etmek üçin hokman döwlet belligine alynmalydyr.** Häzirki döwürde ýurdumyzda kärhanalaryň döwlet bellige alnyşy 2000-nji ýylda kabul edilen «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda amala aşyrylýar.

**Kanunçylykda başgaça göz öňüne tutulmadyk bolsa, kärhanany döwlet belligine aldyrmak üçin Bellige alyş gullugyna 1.5.1-nji şekilde görkezilen resminamalar tabşyrylmalydyr.**

**1.5.1-nji şekil. Kärhanany döwlet belligine goýdurmak üçin Bellige alyş gullugyna şu aşakdaky resminamalar tabşyrylmalydyr**

| |
|---|
| Arza |
| Esaslandyryjynyň resminamalary (esasnama, esaslandyryjylaryň şertnamasy, kärhananyň hukuk salgysy hakynda güwänama we gaýry resminamalar |
| Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberde kärhananyň döwlet belligi üçin alnan ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama |
| Pul görnüşli däl goýumy bolan kärhana döredilende goýumyň bahasy hakyndaky resminama |
| Kärhana döwlet belligine alynmazdan öň esaslyk maýasynyň 50 göterimini töländigini tassyklaýan resminama |

Kärhanany döwlet belligine almak hakyndaky arzada 1.5.2-nji şekilde görkezilenler bellenilýär.

**1.5.2-nji şekil. Kärhanany döwlet belligine almak hakyndaky arzada şular bellenilýär**

| |
|---|
| Ady we hukuk salgysy |
| Esaslyk maýasynyň möçberi |
| Esaslandyryjylaryň sanawy |
| Edara görnüşli tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, hukuk salgysyny, oňa hyzmat edýän bankyň maglumatlaryny görkezmelidir |
| Şahsy tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, ýaşaýan ýerini we şahsy resminamalaryny görkezmedilir |

Kärhanany döredýänler, onuň hukuk salgysy barada güwänamany, kärhanany ýerleşmäge meýilleşdirilýän etrabyň häkimliginden almaly.

Türkmenistanyň ähli edara görnüşli taraplary olary bellige alyş gullugy tarapyndan tassyklanylan **esasnama (ustawyna)** laýyklykda hereket etmelidir. **Esasnama edara görnüşli tarapyň** (kärhananyň) pasporty hökmünde çykyş edýär. Kärhananyň esasnamasynyň şertli nusgasy şu kitabyň 1-nji goşundysynda görkezilendir. Esasnamada 1.5.3-nji şekilde görkezilen maglumatlar we düzgünler görkezilýär:

**1.5.3-nji şekil. Esasnamada aşakdaky maglumatlar we düzgünler görkezilýär**

| |
|---|
| Kärhanany döredijileriň sanawy hem olar barada, esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) möçberi, esaslandyryjylaryň paýlary hakynda maglumatlar |
| Kärhananyň hukuk salgysy, işiniň maksatlary we görnüşleri, hukuklary we borçlary barada maglumatlar |
| Gaznalaryň döremeginiň tertibi we girdejileriň paýlanyşy |
| Kärhananyň dolandyrylyşy we zähmet gatnaşyklarynyň esaslary |
| Işi üýtgedip guramagyň we bes etmegiň şertleri |
| Hasap we hasabatlylygyň, Türkmenistanyň Kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki düzgünleri |

Edara görnüşli taraplaryň şahamçalary, wekillikleri Bellige alyş gullugy tarapyndan tassyklanylan Düzgünnama (položeniýasyna) laýyklykda hereket etmelidir.

Esaslandyryjyň şertnamasynyň şertli mysalyny şu okuw kitabynyň 2-nji goşundysyndan görüp bolar. Resminamada kärhananyň esaslyk maýasyna goýuljak goýumlar barada maglumatlar berilýär. Esaslandyryjy bir tarap bolanda, ýagny hususy kärhana döredilende, esaslandyryş şertnamasy Bellige alyş gullugy tarapyndan talap edilmeli däldir.

Esaslandyryjylaryň **emläk goýumy hökmünde** diňe esaslandyryjynyň eýeçiligi bolan pul serişdeleri (manatlar ýa-da daşary ýurt walýutasy), gymmatly kagyzlar, beýleki zatlar, emläk hukuklary ýa-da pul gymmatlygy bolan beýleki hukuklar **bolup bilerler. Şahsy emläk däl hukuklar we maddy däl eşretler görnüşinde goýum goýulmagyna ýol berilmeýär.**

**Kärhananyň esaslyk maýasyna goýuljak emläk goýumynyň bahasy esaslandyryjylaryň şertnamasy baglaşylmazdan öň ylalaşylmalydyr.** Eger emläk zaýalansa (hatardan çyksa) we şertnamada başga şert goýulmadyk bolsa, onda onuň öwezini gaýtarmak goýum goýuja ýüklenilýär.

**Umumy ýygnagyň razylygy bolmazdan,** emlägiň möhletinden öň alynmagyna **ýol berilmeýär**, ony peýdalanmak hukugy kärhananyň esaslyk maýasyna goýum bolup hyzmat edýär.

Kärhananyň (kompaniýanyň) eýeçiligine we guramaçylyk-hukuk görnüşine görä dürli esaslandyryjylary, şol sanda döwlet, şahsy we

3. Sargyt № 3078

edara görnüşli taraplar, edara görnüşli bolmadyk telekeçiler bolup biler. Paýdarlar jemgyýetleriniň paýdarlary hem dürli taraplar bolup biler. Diwidendleri tölemegiň we paýlamagyň tertibi esaslandyryjylaryň ýygnagynda takyk çözülýär.

Guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan kärhanalar hereket eder ýaly we diwidendleri gazanar ýaly öz esaslyk maýasyny döretmelidirler.

Şahamçalar, wekillikler öz esaslyk maýasyny döretmeýärler. Olara özbaşdak edara görnüşli tarap hökmünde seredilmeýär. Olaryň balansy baş kärhananyň (kompaniýanyň) umumy balansyna girýär.

Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanunyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna iň pesinden 1.5.4-nji şekilinde görkezilen möçberlerde goýumlar goýulmalydyr.

Ýokarda görkezilen Kanuna laýyklykda we şu okuw kitabynyň 1.5.4-nji şekilinde görkezilişi ýaly ýekebara kärhanalar bir ýylyň dowamynda iň azyndan esaslyk maýasyna häzirki döwürde 25x50=1250 manat goýum goýmalydyrlar.

**Hyzmatdaşlyk (kooperatiw)** kärhanasynyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden 50 esse köp möçberde bolmalydyr, ýagny 50x50=2500 manatdan pes bolmaly däldir.

**Jemgyýetçilik guramasynyň** kärhanasynyň esaslyk maýasynyň möçberi 100x50=5000 manatdan pes bolmaly däldir

**Hojalyk şereketi** hökmünde hereket edýän kärhanalaryň esaslandyryjylary bir ýylyň dowamynda jemgyýetçilik guramasynyň kärhanalarynyň döredijileri ýaly esaslyk maýasyna iň pesinden 5000 manat goýum goýmalydyrlar. Kärhananyň esaslyk maýasy esaslandyryjylar tarapyndan pul serişdeleri, şeýle hem emlägi (jaýlary, desgalary, maşynlary, enjamlary, materiallary we ş.m.), pul bahasy bolan emläk we beýleki hukuklary goýmak ýoly bilen, ony esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) goýumlarynyň jeminden emele gelýär.

Eger esaslandyryş şertnamasy tarapyndan başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda her bir gatnaşyjynyň döreýiş hazynasynyň umumy jemine bolan goýum gatnaşygy gatnaşyjynyň döreýiş hazynasyndaky paýy bolup durýar. Şeýle paý bitiniň bir bölegi görnüşinde ýa-da göterimlerde aňladylyp bilner.

**1.5.4-nji şekil. Edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna goýum edilmegiň iň pes möçberleri**

| Edara görnüşli tarapyň hukuk-guramaçylyk görnüşi | Esaslyk maýasyna goýum edilmegiň iň pes möçberleri |
|---|---|
| Ýekebara kärhana | 25 minimal zähmet haky |
| Kooperatiw (hyzmatdaşlyk kärhanasy) | 50 minimal zähmet haky |
| Hojalyk jemgyýeti | 100 minimal zähmet haky |
| Paýdarlar jemgyýeti | 100 minimal zähmet haky |
| Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy | 100 minimal zähmet haky |
| Bilelikdäki kärhana | 100 minimal zähmet haky |
| Döwlet kärhanasy | Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär |

Kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi, eger Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanunynda başgaça bellenilmedik bolsa, onda ol esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) arasyndaky ylalaşyk boýunça takyklanylýar.

Degişli guramaçylyk-hukuk görnüşlerindäki kärhanalaryň esaslyk maýasynyň möçberi ýokarda bellenilen möçberlerden pes bolmaly däldir.

Iş hakyny, baýraklary we beýleki tölegleri tölemegi peýdalanmak ýoly bilen esaslyk maýasynyň möçberini azaltmaga kärhananyň hukugy ýokdur. Kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi diňe Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanuny tarapyndan bellenilen halatlarda azaldylyp bilner.

Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) kärhananyň döwlet belligini almazdan öň esaslyk maýasynyň 50 göterimini bankda wagtlaýyn hasap açyp goýmalydyrlar. Kärhana hasaplaşyk hasabyny açandan soň, şol pul serişdeleri kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär.

Pul ýa-da emläk goýumynyň ikinji bölegi kärhana bellige alnandan soň bir ýylyň dowamynda goýulýar.

Esaslyk maýasy Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanuny tarapyndan kesgitlenilen möhletlerde doly tölenilmedik halatynda, kärhana özüniň esaslyk maýasynyň azalýanlygyny yglan etmelidir we bu ahwalaty (üýtgetmeleri) bellenilen tertipde bellige almalydyr ýa-da öz işinin ýatyrylmagy arkaly bes etmelidir.

Eger esaslandyryjy (gatnaşyjy) kärhananyň esaslyk maýasyna bellenilen möhletde we şertlenilen möçberde goýumy (paýy) goşmasa, onda oňa goýumyň ýetmeýän bölegini goşmagyň täze möhletini görkezmek bilen duýduryş iberilýär. Goýumyň galan bölegini goşmak üçin goşmaça möhlet üç aýdan köp bolmaly däldir.

Eger goýumyň (paýyň) ýetmeýän bölegini goşmak baradaky borçnama berlen goşmaça möhletde hem ýerine ýetirilmese, onda ol gatnaşyjylaryň düzüminden çykarylýar we oňa bu barada habar berilýär. Şol sebäpli çykarylan gatnaşyjy goýumyny (paýyny) tölemän, kärhana ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekýär.

Kärhananyň galan gatnaşyjylary çykarylan gatnaşyjynyň goýumyny (paýyny) esaslyk maýasyna özleriniň goýumlarynyň ululygyna ölçegdeş doly möçberde töläp (goýup) hem bilerler. Şeýlelikde, olaryň goýumlary (paýlary) tölenen (goýlan) pullaryň hasabyna artýar.

Esaslyk maýasyndan çykarylan goýum (paý) ýa-da ol galan gatnaşyjylar tarapyndan tölenilen (goşulan) halatynda çykarylan gatnaşyjynyň esaslyk maýasyndan diňe öz goşan (tölän) goýum (paý) bölegini yzyna gaýtaryp almaga bolan hukugy bardyr.

Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak hakyndaky karar kärhananyň esasnamasyna üýtgetmeler girizmek bilen gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy tarapyndan kabul edilýär. Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmaga onuň doly töleginden soň ýol berilýär.

**Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak** şu aşakdaky ýollar arkaly amala aşyrylyp bilner:

• kärhananyň ähli gatnaşyjylary tarapyndan geçirilýän goşmaça tölegdeş goýumlar bilen;

• esaslyk maýasynyň möçberini kärhananyň hususy maýasynyň hasabyna, şol sanda ätiýaçlyk maýasynyň hasabyna artdyrmak bilen;

• kärhananyň esaslyk maýasyna täzeden nyrh kesmek bilen, olaryň hakyky bahasy olaryň balans bahasyndan ýokary geçýär. Täzeden nyrh kesmek işi diňe garaşsyz bilermenler tarapyndan geçirilip bilner;

• bir ýa-da birnäçe gatnaşyjylar tarapyndan däl-de, muňa galan ähli gatnaşyjylaryň razylygynda, goşmaça goýumlaryň goýulmagy bilen;

• kärhananyň düzümine täze gatnaşyjylary kabul etmek bilen.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagy kärhana gatnaşyjylaryň ählisiniň goýumlarynyň möçberini ölçegdeş azaltmak ýoly bilen ýa-da aýry-aýry gatnaşyjylaryň paýlaryny doly ýa-da **bölekleýin üzlüşmek arkaly amala aşyryp bolar**.

Munuň üçin gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy kärhananyň esasnamasyna üýtgetmeler girizmek hakyndaky Karary kabul edýär. Kärhana esaslyk maýasyny azaltmak bilen baglanyşykly hasaplaşyklary diňe kärhanany Kanunalaýyklykda gaýtadan bellige almagy geçireninden soň geçirmäge haklydyr.

Eger kärhananyň nobatdaky maliýe ýylynda eden jemleri boýunça onuň sap aktiwleriniň bahasy esaslyk maýanyňkydan az bolsa, onuň işiniň birinji ýyly muňa girmeýär, onda kärhana ony gysgaltmaga we esaslyk maýasyny bellenilen tertipde bellige almaga borçludyr. Eger sap aktiwleriň bahasy esaslyk maýasynyň iň pes möçberinden aşak düşse, onda kärhana **ýatyrylmaga degişlidir**.

Esaslyk maýasy gatnaşyjynyň paýyny üzlüşmek ýoly bilen azaldylanda galan gatnaşyjylaryň paýlary ölçegdeş üýtgeýär.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagyna onuň **ähli algydarlaryna habar berlenden soň ýol berilýär.** Algydarlar kärhananyň borçnamalaryny möhletinden öň ýerine ýetirmegi ýa-da bes etmegi hem-de özlerine ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmagy talap etmäge haklydyrlar.

Kärhanalaryň dolandyryjy edaralary esaslyk maýasyny azaltmak hakyndaky karary çap etmäge borçludyrlar, kärhananyň gös -göni algydarlaryna bolsa, bu hakda karar çykarylandan soň, 15 günüň dowamynda ýazmaça mälim edilmelidir. Bildirişde esaslyk maýasynyň azaldylmagyna närazy algydarlar bilen boýun alnan borçnamalar esasynda üpjün etmäge ýa-da üzlüşmäge taýýardyklary hakynda habar bolmalydyr.

Eger bildiriş çap edilenden ýa-da her birine aýratyn habar edilen gününden soň 30 güne çenli möhletde olar özleriniň närazylygy barada ýazmaça arz etmeseler, onda esaslyk maýasynyň azaldylmagy boýunça algydarlaryň razylygy alnandagy hasap edilýär.

Döwlet kärhanasynyň esaslyk maýasy «Türkmenistanyň buhgal-

terlik hasabaty hakynda» Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda azaldylyp bilner.

Goýumyň yzyna gaýtarylmagy esaslyk maýasynyň azaldylmagy bellige alnandan soň, 12 (on iki) aýyň geçmegi bilen hem bolup biler. Gatnaşyja goýumynyň gaýtarylyp berilmeginiň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasynyň azalan soňky möçberi Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanun tarapyndan bellenilen iň pes möçberinden az bolup bilmez.

Daşary ýurtlar bilen iş salyşýan uly kärhanalar, aýratyn hem daşary ýurtlaryň maýadarlarynyň hasabyna döredilen kärhanalar Bellige alyş gullugynda hökman aýratyn hasaba alynmalydyrlar.

Esaslyk maýa goýumlarynyň goýluşy wagtal-wagtal täzeden barlanylýar. Maýa goýumlarynyň goýluşy kärhananyň esaslyk resminamalarynda görkezilen möçberlerinden pes derejede goýulsa, onda şol kärhana döwlet belliginden aýrylyp bilner.

Kärhananyň esaslyk maýasyna goýumlaryň hakykatdan hem goýulmagy we olaryň hasaba alnyşy auditorlar ýa-da auditor gulluklary tarapyndan barlanýar. Barlagyň netijeleri auditorçylyk işiniň netijesinde görkezilip, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriliginiň edara görnüşindäki taraplaryny we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligine tabşyrylýar.

Kärhanalaryň esaslyk maýasyna goýulmaly goýumlaryň möçberi ýokarda agzalan müdirlik tarapyndan kesgitlenilýär.

Kärhana döwlet belligine alnandan soň buhgalterlik hasabynda esaslandyryş resminamalarda meýilnamalaşdyrylan esaslyk maýasynyň möçberinde ilkinji buhgalterlik ýazgysy edilýär, ýagny giriş balansy düzülýär.

Halkara hasap meýilnamasyna laýyk gelýän täze hasaplaryň Milli meýilnamasyna laýyklykda buhgalterçilik hasabynda şeýle ýazgylar edilmeli:

Debet 8000 55 00 «Tölenmedik maýa» Kredit 80005100 «Esaslyk maýa»

Esaslyk maýasyna goýumlar goýlanda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 621255 00 «Milli pul birliginde hasaplaşyk hasapdaky pul serişdeleri» Kredit 8000 55 00 «Tölenmedik maýa»

Debet 61124500 «Gaýry esasy serişdeler» Kredit 8000 55 00 «Tölenmedik maýa»

Debet 62125100 «Milli pul birliginde pulhanadaky pul serişdeleri» Kredit 8000 55 00 «Tölenmedik maýa».

Meýilnamalaşdyrylan **esaslyk maýasynyň möçberinde** maýalar goýulandan soň 8000 55 00-nji balans hasaby ýapylmaly, ýagny kärhananyň esaslandyryjylardan algysy ýapylýar (üzülýär).

Kärhana kanun boýunça ýapylýança ýa-da Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy tarapyndan onuň esaslyk maýasy üýtgedilmese kärhananyň görkezilen maýasy üýtgäp bilmez (mizemez bolmalydyr).

Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanunyna laýyklykda kärhanany döwlet bellegine almakdan ýüz öwürmäge 1.5.5-nji şekilde görkezilen halatlarda ýol berilýär.

**1.5.5-nji şekil. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kärhanany döwlet bellegine almakdan ýüz öwürmäge şu halatlarda ýol berilýär**

| |
|---|
| Esaslandyryşy resminalary görkezilen Kanunalaýyk gelmese, ýagny kärhanany döretmegiň tertibi bozulsa |
| Kanunda görkezilen resminamalaryň haýsydyr biriniň esaslandyryjylar tarapyndan berilmese |
| Kärhananyň işleriniň ähli görnüşleri döwletde hereket edýän Kanunlarda gadagan edilende |

**Kärhanany bellige almakdan ýüz öwürmäge başga esas bolmasa ýol berilmeýär.** Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülen halatynda bellige alyjy **ýüz öwrülmeginiň sebäplerini ýazmaça görnüşde düşündirip, edaranyň bellige almaga hödürlän resminamalaryny arzaça gaýtaryp bermelidir.**

Kärhananyň esaslandyryjylary tarapyndan ähli zerur resminamalary Bellige alyş gullugyna tabşyrylandan soň kärhanany döwlet belligine almak **ýa-da almakdan ýüz öwürmek** hakynda karar kanuna laýyklykda **iki hepdäniň** içinde çykarylmalydyr.

Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülendigi, ony bellige almak üçin bellenilen möhletiň berjaý edilmändigi bilen bagly meseleler **kazyýet arkaly çözülýär**.

**Döwlet belligine alnan kärhananyň esaslandyryjylaryna şu kitabyň 3-nji we 4-nji goşundylarynda görkezilen resminamalar berilýär. Ýagny olara döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnama we Türkmenistanyň Edaralaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme gowşurylýar.**

**Görkezilen şahadatnama ýitirilen halatynda** kärhananyň ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy **bäş senenama (kalendar) günüň dowamynda** döwlet belligine alnyşy hakyndaky **şahadatnamanyň ikinji nusgalygyny bermegi amala aşyrýar.**

Kärhana **döwlet belligine alnandan soň** ygtyýarnamalar talap edilýän işlere ygtyýarnamalary almalydyr. Ygtyýarnama almaly işiň görnüşleriniň sanawy bilen şu kitabyň 6-njy goşulmasynda tanşyp bolar. Ýurdumyzda ygtyýarnamalar 2008-nji ýylyň iýul aýynda kabul edilen «Işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakyndaky» Kanun we oňa 2010-njy ýylyň 22-nji maýynda girizilen goşmaçalar esasynda talap edilýär.

«Ygtyýarnamalary berýän ministrlikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 Karary bilen tassyklanyldy.

Kanun boýunça ygtyýarnamalary kärhana döwlet belligini alýança talap etmäge ýol berilmeýär.

Döwlet belligine alnan, ygtyýarnamasyz hereket edýän kärhananyň, şeýle işi amala aşyrmakdan alnan girdejisi (peýdasy) möçberinde barlag esasynda ýüze çykarylsa, Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine (100 göterim möçberinde) almak görnüşinde maliýe jerimesi ulanylýar. Jerimäniň möçberi şeýle girdejiniň (peýdanyň) möçberinden tölenen salgytlaryň möçberine çenli azaldylýar.

Eger geçirilýän barlaglaryň barşynda girdejileriň (peýdanyň) ýa-da oňa degişli çykdajylaryň hasaba alynmandygy, ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda ygtyýar-

landyryjy edara (beýleki gözegçilik edarasy) özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi-söwda işler üçin) ulanyp, girgejiniň (peýdanyň) çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellemäge haklydyr.

Ygtyýarnamasyz hereket edýänlere garşy, şol sanda döwletiň belligine alynmadyk taraplara garşy, Türkmenistanyň Kanunçylyk namalarynda görkezilen başga çäreler hem görlüp bilner.

Kärhanalar diňe esasnamada (düzgünnamada) görkezilen işleri amala aşyrmaga haklydyrlar. Eger kärhana başga işleri, goşmaça hyzmatlary amala aşyrjak bolsa, onda ol esasnamasyna (düzgünnamasyna) degişli üýtgetmeleri girizip, olary Bellige alyş gullugynda tassyklatmalydyr.

Kärhananyň esaslandyryş resminamalaryna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilende kärhana Türkmenistanyň Bellige alyş gullugyna bir hepdäniň dowamynda bu barada habar bermäge borçludyr.

Kärhananyň adynyň üýtgedilip guralmagy, onuň eýesiniň ýa-da hukuk salgysynyň çalyşmagy, esaslandyryjylaryň düzüminiň, esaslyk maýasynyň möçberi ýa-da kärhananyň işiniň görnüşleri, guramaçylyk-hukuk şekiliniň täzeden üýtgedilmegi, onuň şahamça ýa-da wekillik döretmegi göz öňünde tutýan esaslandyryş resminamalaryndaky üýtgeşmeler kärhananyň diňe gaýtadan bellige alynmagy geçirilen pursadyndan güýje girýär.

Kärhanany gaýtadan bellige almaklyk Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy tarapyndan kärhanany bellige almak üçin göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde amala aşyrylýar.

Önümçilik bilen baglanyşykly batyp galmak hakyndaky işler tamamlananda, şeýle hem ol ýalňyş bellige alnanda ýa-da kärhananyň döredilmegi kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilende döwlet belligini geçiren edaranyň şol kärhananyň bellige alnyşyny ýatyrmaga hukugy bardyr.

Kärhananyň bellige alnyşyny ýatyrmak edara görnüşli taraplar boýunça **onuň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylmagyna eltýär**.

Kärhananyň şahamçalary, wekillikleri kärhanalary bellige almak üçin bellenilen tertipde döwlet belligine alynmaga degişlidir we edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyna goşulýar.

**Şahamçalary we wekilligi bellige almak üçin Bellige alyş gullugyna 1.5.6-njy şekilde görkezilen resminamalar tabşyrylýar:**

**1.5.6-njy şekil. Şahamçalary we wekilligi bellige almak üçin Bellige alyş gullugyna şu resminamalar hödürlenilýär**

| |
|---|
| Şahamçany ýa-da wekilligi döretmek we onuň işini alyp barmak üçin tabşyrylan adamy bellemek hakynda kärhananyň ýolbaşçy edarasynyň Kararlary |
| Şahamçanyň ýa-da wekilligiň işiniň özeni hakynda maglumat |
| Şahamçany ýa-da wekilligi döredýän kärhananyň esasnamasynyň göçürmesi we bellige alnandygy hakynda şahadatnamasy |

Şahamçanyň ýa-da wekilligiň döredilendigi hakynda olary döredýän kärhananyň ýerleşýän ýeri boýunça Bellige alyş gullugyna habar berilýär.

Türkmenistanyň Kanunlary boýunça kärhanalaryň aşakdaky **hukuklary** bardyr:

– kanunçylyk tarapyndan gadagan edilmedik işiň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrmaga ;

– ygtyýarynda bar bolan emläkden öz islegi boýunça peýdalanmaga (eger hereket edýän kanunçylykda başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa);

– pul serişdelerini saklamagyň, hasaplaşygyň, karz almagyň we kassa hereketleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrmak üçin döwletiň banklarynyň birinde özüniň hasaplaşyk, walýuta we beýleki hasaplaryny açmaga (Kärhanalaryň döwletiň çäklerinden daşardaky banklarda öz hasabyny açmagynyň tertibi Türkmenistanyň Kanunçylygy tarapyndan bellenilýär);

– daşary ykdysady işini, başga döwletleriň kärhanalary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmaga. Bu işleri amala aşyrmak üçin kärhanalar (Türkmenistana dahylly hususy eýeçilikdäki mikro, kiçi we orta kärhanalardan başgalar) kitabyň 5-nji goşundysynda görkezilen Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklara gatnaşyjysynyň şahadatnamasyny almalydyr;

– öz önümlerini, işlerini, hyzmatlaryny, önümçilik galyndylaryny özbaşdak bellän nyrhlary we tarifleri boýunça ýa-da şertnamalaýyn esasda, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa döwlet nyrhlary boýunça ýerleşdirdirmäge;

– bellenilen salgytlary we beýleki hökmany tölegleri býujete töläp, öz girdejilerine ygtyýarlyk etmäge;

– kanunda gadagan edilmedik girdejilerden we beýleki çeşmelerden emläkleri edinmek;

– bellenilen tertipde ätiýaçlyk we beýleki hazynalary döretmek;

– kanunlarda göz öňünde tutulan başga hukuklary.

Türkmenistanyň Kanunlary boýunça kärhanalar şu aşakdakylara **borçludyrlar**:

– hasaby, hasaplaşyklary, maliýe we statistiki hasabatlary döwletiň Kanunlarynda bellenilen tertipde we ölçeglerde alyp barmaga we degişli döwlet hem başga guramalaryna tabşyrmaga;

– karzlyk şertnamalary we hasaplaşyklary baradaky düzgünlerini berjaý etmäge;

– nagt pul, nagt pulsuz edilýän hasaplaşyklary, karz we kassa hereketleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylan tertibine laýyklykda geçirmäge;

– diňe ýörite rugsat (ygtyýarnama) esasynda amala aşyrylýan işleriň aýratyn görnüşlerine ygtyýarnamalary almaga;

– kanunlara laýyklykda salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölemäge;

– özi öndürýän önümleriniň, ýerine ýetirýän işleriniň, hyzmatlarynyň hiline jogap bermäge, döwletiň ülňülerini (standartlaryny) berjaý etmäge;

– Türkmenistanyň Zähmet Kodeksinde bellenilen kadalary we şertleri berjaý etmäge. Ýagny işgärlere zähmete hak tölemegiň Türkmenistanda bellenilen iň pes möçberini, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini we olary durmuş taýdan goramagyň çäklerini üpjün etmäge;

– işgäriň saglygyna ýetirilen zyýan üçin kanunlarda göz öňüne tutulan jogapkärçiligi çekmäge;

– kärhanalaryň işine gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilen salgyt, tebigaty goraýyş we beýleki edaralara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň işini barlamak üçin şertleri döretmek.

– kanunlarda göz öňünde tutulan başga borçlary berjaý etmäge.

Kärhananyň ýolbaşçylary öz borçlaryny we hukuklaryny gowy bilmelidirler. Borçlary gyşarnyksyz berjaý edip, hukuklaryny bolsa öz wagtynda ulanmagy we talap etmegi başarmalydyrlar.

Türkmenistanyň «Kärhanalar hakynda» Kanuny, başga kanunlar bilen bilelikde ýolbaşçylaryň iş stolunda mydama bolmalydyr. Kanunlara esaslanyp hereket edýän ýolbaşçylaryň işleri, köplenç, rowaç bolýar we üstünliklere getirýär.

Dünýä tejribesinde kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary, sertifikatlary, şahadatnamalary almagyň tertibi ýyl-ýyldan aňsatlaşýar. Onuň hem sebäbi kärhanalaryň sany köpeldigiçe döwletiň (ýerli býujetleriň) girdejileri, iş ýerleri köpelýär. Käbir döwletlerde (mysal üçin, Russiýa Federasiýasynda, Ýewropa bileleşigine girýän döwletlerde) kärhanany döwlet bellegine goýdurmak üçin bir edaranyň bir otagyna ýüz tutmak ýeterlik. Başga edaralar (statistiki, salgyt, ygtyýarnamalaşdyrýan gulluklary, bank we ş.m.) bilen ýüze çykýan meseleleri, şol edara internet ýa-da göni aragatnaşyk ulgamynyň kömegi bilen özi çözýär. Göni aragatnaşyk ulgamynyň kömegi bilen döwlete, kärhananyň esaslyk maýasyna, ygtyýarnamalar, sertifikatlar, şahadatnamalar we başga tölegler üçin pul serişdeleri şol ýerden göni geçirilýär.

Russiýa Federasiýasynda häzirki döwürde telekeçiligi goldamak we raýatlaryň meselelerini çalt çözmek üçin «elektron hökümet» ulgamy hem döredilýär. Şol ulgamyň kömegi bilen döwlet gulluklary bilen aragatnaşygy saklamaklyk göz öňünde tutulýar. Ol bolsa köp meseleleri çözmegi aňsatlaşdyrar diýip garaşylýar.

Kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary almagyň tertibini aňsatlaşdyrmakda döwlete, raýatlara zyýan gelmegiň howplaryny ätiýaçlandyrmagy hem ýatdan çykarmaly däldir.

Edara görnüşli taraplar golçur (bölünen) kärhanalary, şahamçalary we wekillikleri açyp bilerler. Kärhanalar korporasiýalara birleşip biler. Mysal üçin, Türkmenistanda «Kuwwat «döwlet korporasiýasy energetiki pudagyna degişli kärhanalary özüne birikdirýär.

Meňzeş önümleri öndürýän kärhanalar assosiasiýa birleşip bilerler. Kärhanalar, telekeçiler bileleşip dürli kompaniýalary, şol sanda holding, innowasion, wençur we başgalary döredip bilerler.

Dünýä ýaýran, köp ýurtlarda hereket edýän kompaniýalara holding kompaniýalar diýilýär.

Innowasion we wençur kompaniýalary täze tilsimat ilerlemelere, täze ylmy açyşlary tejribä ornaşdyrmak üçin maýa goýumlary goýup peýda gazanýarlar. Bu kompaniýalaryň töwekgelçilikleri we girdejileri ýokary bolýar.

Kompaniýalar kartel, sindikat, trest, konsern we konglomerat guramaçylyk görnüşlerinde bileleşip bilerler.

Öndüriljek önüminiň möçberini (kwotasy) we ýerleşdiriş bazaryny bölmek barada ylalaşyga gelen kärhanalaryň (kompaniýalaryň) bilelişigine kartel diýilýär. Mysal üçin, nebit öndürýän döwletleriň kompaniýalary «OPEK» atly karteli döretdiler.

Önümi bileleşip ýerleşdirýän kärhanalaryň (kompaniýalaryň) bileleşigine sindikat diýilýär.

Kärhanalaryň (kompaniýalaryň) emlägini, önümini we önümleri ýerleşdirmegini bileleşdirýän monopoliýa trest diýilýär.

Dürli pudaklara degişli, emma bir tehnologiýaly ýeke-täk maliýe merkezine bileleşen kärhanalaryň (kompaniýalaryň) monopoliýasyna konsern diýilýär.

Baş firmasy bilen önümçilik we tehnologiki aragatnaşygy bolmadyk pudaklara iri korporasiýalaryň geçip birleşmelerine konglomerat diýilýär. Mysal üçin, «Simens» kompaniýasy – konglomerat. Sebäbi ol dürli pudaklarda hereket edýär.

Görkezilen ähli guramaçylyk-hukuk görnüşlerde maliýe menejmenti bilen bagly meseleler ýüze çykyp biler we şol görnüşlerdäki kärhanalarda maliýe menejerleriniň zerur bolmagy gerek.

Kärhananyň işi meýletin ýa-da mejbury tertipde bes edilip bilner.

**Kärhananyň işi meýletinlik tertibinde şu aşakdaky kararlar esasynda islendik wagtda bes edilip bilner:**

– döwlet kärhanasynyň, jemgyýetçilik guramasy kärhanasynyň eýesiniň;

– kärhananyň ülüş (paý) eýeçiliginiň hukugyna esaslanan ähli gatnaşyjylarynyň.

Eger kärhananyň işini bes etmek hakyndaky kararda oňa gatnaşyjylarynyň ýarysy ses beren bolsalar we esaslandyryş resmi-

namalarda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda karar «Kabul edildi» diýlip hasaplanylýar.

Kärhananyň işi kazyýetiň Karary boýunça 1.5.7-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda mejbury tertipde bes edilýär.

**1.5.7-nji şekil. Kärhananyň işi kazyýetiň Karary boýunça şu ýagdaýlarda mejbury tertipde bes edilýär**

| |
|---|
| Maliýe taýdan batyp galmagy netijesinde |
| Bellige alnanda Kanunçylygynyň bozulandygy bilen baglanyşyklylykda kärhananyň bellige alnyşynyň hakyky däldigi ykrar edilende |
| Eger ygtyýarnama almaga degişli bolup, özi-de işini ygtyýarnamasyz amala aşyrsa ýa-da Kanunda gadagan edilen işi amala aşyrsa |
| senenama ýylynyň dowamynda bikanun işleri ençeme gezek amala aşyranda ýa-da Türkmenistanyň Kanunçylygyny, beýleki düzgünnamalary gödek bozanda. |

Kärhananyň işi, ýokarda görkezilen esaslardan başga, 1.5.8-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda-da bes edilip bilner.

Salgyt salýan, ygtyýarnamalar berýän, ekologiýa, sanitariýa, binagärçilik (arhitektura), tehniki howpsuzlyk we ýangyna garşy goranyş meselelerini alyp barýan edaralaryň kärhananyň işini togtatmak hakynda **teklip girizmäge** hukuklary bardyr. Bu meseleler boýunça jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

**1.5.8-nji şekil. Kärhananyň işi, şular ýüze çykanda-da bes edilýär**

| |
|---|
| Kärhananyň işiniň esasnamada görkezilen möhleti tamamlanda |
| Eger esaslyk maýasynyň azalmagy netijisende onuň jemi kärhanalar üçin Kanun tarapyndan göz öňünde tutulan guramaçylyk-hukuk görnüşine degişli iň pes möçberinden kiçi bolanda ýa-da Kanunda bellenilen möhletlerde esaslyk maýasy goýulmasa |
| Kärhana üýtgedilip guralanda |

**Kärhananyň işi onuň edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylan pursadyndan başlap, bes edilen hasap edilýär.** Kärhanany döwlet sanawyndan kanuna laýyklykda çykarmak üçin durmuşda, köplenç, bir aýdan gowurak wagt gerek bolýar. Kärhanany ýapmak, kärhanany döwlet sanawyndan çykarmak,

ony döwlet sanawyna aldyrmakdan kyndyr. Emma, şol işleri geçirmedik esaslandyryjylar, kärhana hereket etmese-de degişli döwlet guramalaryna hasabatlary bermäge borçludyrlar.

Kärhananyň ýatyrylmagy bilen hukuklary we borçlary başga bir kärhana mirasdüşerlik tertibinde geçmedik bolsa, onuň işi bes edilýär.

Kazyýet, kärhananyň eýesi, esaslandyran edarasy kärhanany ýatyrmak hakynda Karary kabul edip bilerler. Olar ýatyrylyşy geçirmegiň tertibini we möhletlerini belläp, **ýatyryş toparyny bellemelidirler**.

Kärhananyň ýerine ýetiriji edarasy ýatyryş toparynyň bellenilen gününden başlap, kärhanany dolandyrmak boýunça **öz ygtyýarlyklaryndan mahrum edilýär, onuň wezipesi ýatyryş topary tarapyndan ýerine ýetirilýär**.

Ýatyryjy topar döwlet bellige alyş edarasyna kärhananyň hukuk ýagdaýynyň üýtgänligi barada **habary** we toparyň özi hakynda maglumatlary berýär. Şonuň bilen birlikde edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawynda kärhananyň ýatyrylyşynyň gidişi hakynda **bellik edilýär**.

Ýatyryjy topar kazyýetde ýatyrylýan kärhananyň wekili bolup çykyş edýär, algydarlaryň ýüze çykarylmagy we bergidarlardan bergileriniň alynmagy üçin degişli çäreleri görýär.

Ýatyrylýan kärhana diňe özüniň ýatyrylýandygy bilen baglanyşykly, şeýle hem ýatyrmak hakyndaky Kararda göz öňünde tutulan geleşikleri baglaşyp biler. Kärhana ýatyryjy toparyň işi üçin jogapkärçilik çekýär.

**Kärhananyň ýatyrylýandygy hakynda her bir algydara ýazmaça görnüşde habar edilýär. Resmi metbugat edaralarynda kärhananyň ýatyrylýandygy, onuň algydarlary tarapyndan talaplary bildirmegiň tertibi we möhletleri hakynda habar (bildiriş) ýerleşdirilýär.**

Algydarlar tarapyndan talaplaryň bildirilmegi üçin bellenilen möhlet tamamlandan soň, ýatyryjy topar aralyk ýatyryş balansy düzýär, onda ýatyrylýan kärhananyň emläginiň düzümi hakyndaky maglumatlar, algydarlar tarapyndan bildirilen talaplaryň sanawy we olara seretmegiň netijeleri öz beýanyny tapmalydyr. Aralyk ýatyrylyş balansy kärhanany esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) ýa-da kärhanany ýatyrmak hakyndaky karary kabul eden dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanmaga degişlidir.

Ýatyryjy topar algydarlar bilen hasaplaşyklary amala aşyrýar.

Eger kärhanada bar bolan pul serişdeleri algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin ýeterlik bolmasa, onda ýatyryjy topar ýatyrylýan kärhananyň emläginiň satuwynyň açyk söwdasyny amala aşyrýar.

Ýatyrylýan döwlet kärhanasynyň emlägi algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin ýeterlik bolmasa, soňkularyň talaplarynyň galan bölegini bu kärhananyň emläginiň eýesiniň hasabyna kanagatlandyrmak hakyndaky talap bilen kazyýete ýüz tutmaga haky bardyr.

Algydarlar bilen hasaplaşyklary tamamlap, ýatyryjy topar ýatyryş balansyny düzýär, ol kärhanany esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) ýa-da kärhanany ýatyrmak hakyndaky karary kabul eden kärhananyň dolandyryş edarasy tarapyndan, şeýle hem garaşsyz auditor tarapyndan tassyklanylýar.

Kärhana edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylandan soň, Kärhana ýatyryldy we dowam etmegini bes etdi diýlip hasaplanylýar.

Kärhana ýatyrylanda onuň algydarlary 1.5.9-njy şekilde görkezilen nobat boýunça kanagatlandyrylýar:

Her nobatyň talaplary şonuň öň ýanyndaky nobatyň talaplary kanagatlandyrylandan soň kanagatlandyrylýar.

**1.5.9-njy şekil. Kärhana ýatyrylanda onuň algydarlarynyň talaplary şeýle nobat boýunça kanagatlandyrylýar**

| |
|---|
| Birinji nobatda ýatyrylýan kärhana ömrüne ýa-da saglygyna zyýan ýetirilenligi üçin öňünde jogapkärçilik çekýän raýatlaryň talaplaryny kanagatlandyrýar |
| Ikinji nobatda işden boşadylanda berilýän kömek pulunyň we kärhanada zähmet şertnamasy boýunça pul haklarynyň hasaplaşygy geçirilýär |
| Üçünji nobatda algydarlaryň ýatyrylýan kärhananyň emläginiň girewi bilen üpjun edilen borçnamalary boýunça olaryň talaplary kanagatlandyrylýar |
| Dördünji nobatda salgyt, döwlet hem-de ýerlerdäki hökümet edaralaryna beýleki tölegler boýunça hökmany bergiler, şeýle hem bank karzlary boýunça bergiler |

Algydarlaryň talaplary kanagatlandyrylandan soň, ýatyrylýan kärhananyň galan emlägi onuň şu emläge zat ýa-da bu kärhana babatda borçnama hukugy bolan gatnaşyjylara berilýär.

Kärhananyň batmagy onuň kazyýet tarapyndan ykrar edilmeginiň ýa-da onuň özüniň batyp galandygyny yglan etmeginiň esaslary, şeýle hem bular ýaly kärhananyň ýatyrylmagynyň tertibi Türkmenistanyň «Batyp galmak hakynda» Kanuny tarapyndan bellenilýär.

Kärhana öz işini amala aşyranynda Türkmenistanyň Kanunçylygyny, raýatlaryň, beýleki kärhanalaryň we döwletiň hukuklaryny hem-de kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozmaly däldir.

Kärhanalar, olaryň ýolbaşçylary we esaslandyryjylary kärhanalaryň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň Kanunlaryny bozandygy üçin şol kanunlarda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýärler. Kärhanalaryň jedelleri Kanunlarda, düzgünnamalarda bellenilen tertipde seredilýär.

## Barlag soraglary

1. Menejmentiň haýsy görnüşleri bar?
2. «Maliýe menejmenti» nämäni aňladýar we oňa ykdysady edebiýatlarda haýsy kesgitlemeler berilýär?
3. Maliýe menejmentiniň obýektleri we subýektleri nämeler bolup çykyş edýär?
4. Maliýe menejmenti haýsy ýörelgelere esaslanýar?
5. Maliýe menejmenti haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
6. Maliýe menejmentiniň usullary haýsy görnüşlere we toparlara bölünýär?
7. Maliýe menejmentiniň dolandyryş tärleri haýsylar?
8. Subýektiň häsiýetine görä dolandyryş nämäni aňladýar?
9. Türkmenistanda eýeçiligiň haýsy görnüşleri hereket edýär?
10. Türkmenistanda edara görnüşli taraplaryň haýsy guramaçylyk-hukuk görnüşleri hereket edýär we olaryň esaslyk maýalarynyň iň pes möçberleri näçe?
11. Edara görnüşli tarapyň esasy resminamasy haýsy we onuň düzüminde nämeler görkezilýär?
12. Edara görnüşli tarapyň döwlet belligine alynmagynyň tertibi nähili?
13. Edara görnüşli taraplaryň döwlet belligine alynmagynyň tertibi haýsy kanun bilen tassyklanylýar?
14. Edara görnüşli tarapy döwlet belligine almakdan haýsy ýagdaýlarda boýun gaçyrmak rugsat berilýär?
15. Edara görnüşli tarapyň işi bes etmeginiň tertibi nähili?
16. Kärhana ýatyrylanda onuň algylary haýsy nobatlar boýunça kanagatlandyrylýar?
17. Kärhanalaryň jedellerine haýsy tertipde seredilýär?

4. Sargyt № 3078

# II BAP

## MALIÝE MENEJERLERINIŇ ÇAKLAÝYŞ, MEÝILLEŞDIRIŞ IŞLERINIŇ GURALYŞY

### 2.1. Maliýe menejerleriniň çaklaýyş, meýilleşdiriş işleri, olaryň düşünjesi we ähmiýeti

Geljekki bellibir döwürde dolandyryş obýektlerini ösdürmek, olary zerur bolan maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek, maliýe netijeliligini ýokarlandyrmak, maliýe meýilnamalary we meýilleşdiriş (kadalaşdyryş) görkezijileri öz içine alýan işleriniň jemine **maliýe meýilleşdiriş işleri** diýilýär.

Dolandyryş obýektleriniň geljekki bellibir döwürleriniň maliýe görkezijilerini öňünden anyklaýan çäreleriniň (işleriniň) jemine **çaklaýyş işleri** diýilýär.

Maliýe çaklamalary we meýilleşdiriş işleri maliýe menejmentiniň we maliýe mehanizminiň gurluşynda uly orun tutýarlar.

Olaryň tutýan ornuny şu okuw kitabyň 2.1.1-nji şekilinden görmek bolar.

2.1.1-nji şekilde görkezilen işleriň her haýsynyň öz orny, maksatlary, ýerine ýetirýän wezipeleri bar. Olar bir bitewi maliýe mehanizmini döredýärler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýe meýilleşdirişiň we çaklamalaryň orunlary has ýokarydyr.

Ykdysadyýeti ösen döwletlerde çaklaýyş işleri halkara walýuta gaznasynyň, dünýä ösüş bankynyň, dünýä belli reýting agentlikleriniň çaklamalaryna esaslanyp geçirilýär. Dünýä belli reýting agentlikleri şu okuw kitabynyň 2.1.2-nji şekilinde görkezilendir.

**2.1.1-nji şekil. Maliýe menejmentiniň we maliýe mehanizminiň ulgamynda maliýe çaklamalaryň we meýilleşdiriş işleriniň orny**

Maliýe çaklamalar we meýilleşdiriş işleri

Maliýe dolandyrylyş

Maliýe gurallary we höweslendiriliş

Maliýe görkezijileri, kadalary we kanunçylygy

**2.1.2-nji şekil. Dünýä belli reýting agentlikleriň sanawy**

| |
|---|
| S@P |
| Moodis |
| Moon |
| Barklaýz, Fitwç we beýlekiler |

Dünýä belli reýting agentlikleri döwletleriň, iri kompaniýalaryň maliýe ýagdaýlaryny seljerip, olaryň geljek döwürler üçin reýtinglerini kesýärler.

Reýtingler 2.1.3-nji şekilde görkezilen we beýleki harplar bilen bellenilýär. (+) ýa-da oňaýly bellik bilen bilelikde (-), ýa-da oňaýsyz bellik hem ulanylyp biliner. Şekilde görkezilen harplar dürli görnüşde (baglanyşykda), mysal üçin, A+B-C+, A-B+C+ we beýleki görnüşlerde ulanylyp, dürli maliýe ýagdaýlary aňladyp bilerler.

**2.1.3-nji şekil. Dünýä belli reýting agentlikleriň döwletleriň maliýe ýagdaýlaryna berýän çaklamalaryň käbir reýtingleriň görnüşleri**

| |
|---|
| A + A + A +, A + A +, A + |
| B + B + B +, B + B +, B + |
| C + C + C +, C + C +, C + |
| D (Defolt) |

2.1.3-nji şekilde görkezilişi ýaly iň ýokary reýting A+A+A+ maliýe ýagdaýy oňaýly (durnukly) ösjek döwletlere we iri kompaniýalara berilýär. Maliýe ýagdaýy pese düşjeklere we öz maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmejeklere D (defolt) reýtingi berilýär.

**Defolt**- bu döwletiň we iri kompaniýanyň öz maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmejekligini yglan etmekligini aňladýar. Ýarym defolt – maliýe borçlarynyň diňe deň ýarysyny ýetirip bilmekligi aňladýar.

Maliýe meýilleşdiriş işiniň esasy maksatlaryny 2.1.4-nji şekilden görmek bolar.

**2.1.4-nji şekil. Maliýe meýileşdiriş işleriniň esasy maksatlary**

| |
|---|
| Dolandyryş subýektiniň maliýe ýagdaýyna, töleg we karz almak ukyplylygyna gözegçilik etmek |
| Paýdarlaryň we maýadarlaryň gyzyklanmalaryny üpjün etmek |
| Goýumlaryň netijeli ulanylmagyny üpjün etmek |
| Meýilleşdirilýän subýekti zerur bolan maliýe çeşmeleri bilen üpjün etmek |
| Peýdany artdyrmak maksady bilen hojalygiçi mümkinçiliklerini takyklamak |
| Dolandyryş subýektiniň daşky guramalary bilen oňaýly maliýe gatnaşyklary saklamak |

Maliýe menejerleri uzak möhletli maliýe meýilnamalaryny düzenlerinde, 2.1.5-nji şekilde görkezilen soraglara jogap tapmalydyrlar.

Şol soraglary ýeke-ýekeden derňäp maliýe menejeri meýilleşdirilen işleriň netijeliligini anyklamalydyr.

Uzak möhletli maliýe meýilnamasynyň birnäçe görnüşini düzmek amatly hasaplanýar. Sebäbi köp üýtgetmeleri öňünden çaklamak örän kyn. Iş ýagdaýynda uzak möhletleýin meýilnamalary, köplenç, üç görnüşde düzýärler. Olaryň birinde iň gowy, ikinjide orta, üçünjide erbet şertlerde gazanyp boljak maliýe netijeleri meýilleşdirilip görkezilýär.

**2.1.5- nji şekil. Maliýe menejerler uzak möhletli maliýe meýilnamalary düzenlerinde, şu aşakdaky soraglara jogaplary tapmalydyrlar**

| |
|---|
| Haýsy önümlere, işlere, hyzmatlara geljekde isleg boljak? |
| Şol önümler, işler, hyzmatlar bazara haýsy möçberde hödürlenjek? |
| Bazarda bäsdeşlik sebäpli ýer tutup peýda gazanmak bolarmy? |
| Önümiň, işiň, hyzmatyň bahalary haýsy derejelere ýeter? |
| Hereket edýän salgytlaryň, ýygymlaryň, tölegleriň derejesinde we olar üýtgände peýdanyň möçberi näçe bolar? |

Uzak möhletli maliýe meýilnamalary düzülende dolandyryş subýekte täsir edip biljek dürli derejelerde, şol sanda dünýä bazarynda bolup geçýän we bolup biljek üýtgetmeler göz önünde tutulmalydyr. Uzak möhletli maliýe meýilnamalarynda tehniki ilerleme (progresi), moda, howa üýtgetmeleri göz öňünde tutulmalydyr.

Uzak möhletli maliýe meýilnamalary kompýüterlerde düzedip bolýar. Meýilnamalary düzmek üçin ýorite kompýuter programmalary ulanylýar. Kompýutere meýilnamanyň esasy maglumatlaryny girizip, geljekde boljak netijeleri çykaryp bolýar. Meýilnamalar düzülende satuwyň möçberi, önümiň (harydyň, hyzmatyň, işiň) özüne düşýän gymmaty, nyrhlaryň, salgytlaryň, ýygymlaryň we salgyda deňeşdirilen tölegleriň derejeleri baradaky maglumatlar zerur bolýar.

Uzak möhletli maliýe meýilnamalar ýerine ýetirilende bolup geçen ýa-da geçýän üýtgeşmelere görä üýtgedilip bilner.

Telekeçiler öz maliýe meýilnamalaryny bäsleşýän taraplardan gizlin saklaýarlar. Sebäbi, meýilnamalarda geljekde esasy peýdalary getirip biljek ugurlar, önümiň (harydyň, hyzmatyň, işiň) özüne düşýän gymmatyny peseltmek, satuwlary artdyrmak ýollary (ugurlary), täze önümler, tehnologiýalar we başga telekeçilik syrlary görkezilýär.

Mälim bolşy ýaly, maliýe menejmentiniň esasy maksatlarynyň biri peýda gazanmakdyr. Şol sebäpli maliýe menejmentiniň meýilnamalaşdyryş we çaklaýyş işlerinde esasy iş, peýda gazanmagyny meýilleşdirmek hem-de çaklamak bolup durýar.

Peýdanyň meýilnamasy dolandyryş subýektiniň uzak möhletleýin maksatnamasynyň bölegi hem iň esasy meýilnamasy bolup

hyzmat edýär. Şonuň üçin peýdanyň zolaklaryny, çäklerini öňünden çaklap meýilnamalaşdyrmak we tassyklamak zerurdyr.

Telekeçiligiň islendik işi maliýe çaklamalardan başlanmalydyr. Zyýan çekilmeginiň ähtimallygy 50 göterimden ýokary bolsa, telekeçilik işini başlamakdan boýun gaçyrylmalydyr. Şol sebäpli, ähli telekeçilik işleri telekeçilik meýilnamasyndan başlanýar. Telekeçilik meýilnamasynyň esasy bölekleriniň biri maliýe çaklamalarydyr.

Telekeçilik meýilnamasy düzülmezden öň marketing ýa-da bazary öwreniş işleri geçirilýär. Geljekki döwürde bazarda hyrydarlygyň (islegleriň) we hödürlemegiň (teklipleriň) möçberleri çäklenilýär. Olary bilmek üçin, maliýe menejmentiniň we marketingiň dürli usullary ulanylýar. Şol sanda mümkin boljak müşderileriň arasynda anketalary (sorag-jogap hatlary) paýlamak, satuwlaryň we harajatlaryň statistika we köpçülik habar beriş serişdeleriniň maglumatlarynyň seljermesini geçirmek we beýleki usullary ulanylýar.

Görkezilen işleri geçirip, geljekki döwrüň islegleri we teklipleri çaklanylýar. Islegleriň tekliplerden çalt ösmegi çaklanylsa, nyrhlaryň ösmegi, teklipleriň möçberleriniň isleglerden artmagy çaklanylsa, onda nyrhlaryň peselmegine garaşylyp meýilleşdirilýär.

Islegleri we nyrhlary çaklamak işleri geçirilenden soň, dolandyryş subýekti tarapyndan öndürilip we hödürlenip biljek önümleriň (harytlaryň) möçberleri meýilleşdirilýär. Önümleriň (harytlaryň) möçberini nyrhyň derejesine köpeldip, girdejileriň möçberini çaklamak bolýar.

Harajatlaryň möçberini çaklamak üçin, olara täsir edýän dürli täsirler öwrenilýär. Täsirler erbet we gowy ýa-da oňaýly we oňaýsyz bolup biler. Telekeçiligiň täze işleri amala aşyrylanda önüminiň özüne düşýän bahasy, köplenç, ýokary bolýar. Soňra ony pese düşürmäge kem-kemden mümkinçilikler köpelýär. Ýerleşdiriljek önümiň möçberi artýan bolsa, şol önümiň özüne düşýän bahasy hem pese düşýär.

Harajatlaryň möçberi puluň hümmetine görä ýokarlanyp hemde peselip biler. Eger puluň hümmeti pese düşer diýip çaklanylýan bolsa, onda harajatlar hem ýokarlanar diýip çaklanylmalydyr. Eger puluň hümmeti ýokarlanar diýip çaklanylýan bolsa, onda harajatlar hem pese düşer diýip çaklanylmalydyr.

Girdejiler bilen harajatlaryň möçberlerini çaklamak üçin dürli täsirler we ýagdaýlar göz öňüne tutulmalydyr. Tejribeli synçylar (analitikler) we çaklaýyş işlerini geçirýän menejerler takyk möçberleri görkezmän ýokarda görkezilişi ýaly iň pes, orta we iň ýokary möçberleri çaklaýarlar. Sebäbi öňünden 100 göterim dogry çaklamalary bermek örän kyn iş. Bu usul dürli töwekgelçiliklerden goranmak üçin mümkinçilikleri açýar.

Maliýe çaklamalary geçirilende peýda ýa-da zyýan getirýän zolaklary we zyýansyzlygyň nokatlary bellenilýär. Zyýansyzlygyň nokady grafiklerde girdejileriň we harajatlaryň kesişýän nokadynda ýerleşýär. Şol nokatdan pes girdejiler zyýan getirýär. Zyýansyzlyk nokadyndan ýokary görkezilýän girdejiler bolsa, peýda getirýär.

Maliýe çaklamalar geçirilende, bazar öz düzüm bölümlerine (segmentlerine), şol sanda mümkin boljak, hakyky, hünärli we barlanan bazarlara bölünýär. (Bazaryň bu bölümlerine şu okuw kitabyň aşakdaky sahypalarynda goşmaça maglumatlar berilýär).

Dolandyryş subýektinde peýdanyň meýilnamasyny düzmek üçin şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1.Düşewüntliligiň çaklamasy.

2.Düşewüntliligiň çäkleriniň seljermesi.

3.Geçginliligiň (likwidliligiň) seljermesi.

4.Iň pes derejedäki dolanyşygyň regressiw paýlanylyşy.

Görkezilen usullary aýry-aýrylykda seljereliň:

**1. Düşewüntliligiň çaklamasy.** Goýum ediljek maýanyň düşewüntliligini çaklamak üçin goýuljak maýanyň möçberi maýanyň netijesinde alynjak peýdanyň möçberi bilen deňeşdirilip, 100% köpeldilýär. Ýagny ony çaklamak üçin aşakdaky deňleme (formula) ulanylýar:

**DÇ=MNAPM:GSMX100 %,**

bu ýerde DÇ-düşewüntliligiň çaklamasynyň derejesi;

MNAPM-maýanyň netijesinde alynjak peýdanyň möçberi;

GSM-goýuljak maýanyň möçberi.

**2. Düşewüntliligiň çäkleriniň seljermesi.** Bu usulyň kömegi bilen, çaklanýan goýumlardan gelýän girdejileriň, çykdajylaryň hem-de peýdanyň iň pes, orta we iň ýokary derejeleri hasaplanyp, düşewüntliligiň çäkleri çaklanýar.

Bu seljerme dolandyrylýan subýekte düşewüntli zolakdan pese gaçmakdan goranmaga ýardam berýär.

**3. Geçginliligiň (likwidliligiň) seljermesi** (düşewüntliligiň çäklerinde seljermäni geçirmegiň usuly). Bu seljermede dolandyryş subýektiniň harajat edilip alan harytlaryny milli pul görnüşine öwrüp boljaklygy çaklanýar. Eger zerur bolanda goýuljak goýumlaryň netijesinde satyn alynjak harytlary milli pula çalt öwürmäge mümkinçilik bolar diýip garaşylsa, onda dolandyryş subýektiniň geçginliligi (likwidliligi) ýokary bolar diýip çaklanylýar. Eger zerur bolanda goýuljak goýumlaryň netijesinde satyn alynjak harytlary milli pula öwürmeklikde kynçylyklara garaşylsa, onda dolandyryş subýektiniň geçginliligi pes bolar diýip çaklanylýar.

**4. Iň pes derejedäki dolanyşygyň regressiw paýlanylyşy.** Bu usul haryt-pul dolanyşygynyň bir aýdaky üýtgetmegi, peýda we peýdanyň paýlanylyşynyň möçberine nähili täsir edýändigini görkezýär. Şol üýtgetmeler grafikleriň kömegi bilen şekillendirilse, dolanyşykda bar bolan serişdelere gözegçiligiň amala aşyrylmagyna hem-de her aýda peýdanyň ýa-da zyýanyň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Çaklaýyş we maliýe meýilleşdiriş işleri dolandyryş subýektleriniň ählisine, şol sanda banklara, ätiýaçlandyryş guramalara we beýlekilere zerurdyr.

Banklar maliýe çaklamalary geçirmek üçin özleri hyzmat edýän müşderilerinden olaryň meýilnamalaşdyrýan nagt we nagt däl görnüşlerde girdejileri barada resminamalýyn maglumatlary ýygnap, öz pulhanasynyň çaklamasyny we nagt pullaryň töleg meýilnamasyny düzýärler.

Kärhanalar öz resminamalarynda nagt we nagt däl görnüşinde geljek girdejileriň we sarp ediljek pul serişdeleriniň mukdaryny görkezýärler.

Ýurdumyzda edara görnüşli taraplar zähmet hakyny, köplenç, aýda iki gezek töleýärler. Aýyň birinji ýarymynda hakujy (awans), ikinji ýarymynda bolsa gutarnykly zähmet haklary meýilnamalaşdyrylyp tölenýär.

Zähmet hakynyň tölenjek gününi banklar we müşderiler (kärhanalar) öňünden bilmelidirler.

Kärhanalaryň meýilnamalary banklar üçin pul aýlanyşygyny sazlaşykly guramaga esas bolmalydyr.

Kärhana bilen bankyň arasynda hasaplaşyk-kassa hyzmatlary üçin ýörite şertnama baglaşylýar. Şertnamada başga şertler bilen birlikde hyzmatlaryň bahasy görkezilýär.

Öňünden meýilnamany (resminamany) bermedik we hyzmatlar üçin şertnamany baglaşmadyk edara görnüşli taraplara, bank öz hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr.

Bankyň öz nagt pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtynda ol öňünden hereket edip, Merkezi bankyň kömegi bilen şol ýetmezçiligi ýapmalydyr.

Edara görnüşli taraplar öz nagt pul serişdelerini hökman banka tabşyrmalydyrlar. Görkezilen taraplaryň pulhanasynda saklanylmaly pul serişdeleriniň mukdary bank tarapyndan kesgitlenilýär we çäklendirilýär. Çäklenen derejeden artykmaç pul serişdelerini saklaýan taraplara garşy maliýe-karz guramalary tarapyndan degişli maliýe çäreleri geçirilýär.

## 2.2. Bazary öwrenmekde, nyrhlary we beýleki maliýe görkezijileri çaklap meýilleşdirmekde maliýe menejeriniň orny

Maliýe görkezijileri çaklap meýilleşdirmek üçin, maliýe menejer haýsy bazarda hereket etjek bolsa şol bazary, onda hereket edýän nyrhlary, harytlara (hyzmatlara, işlere) bolan islegleri we teklipleri hökman içgin öwrenmelidir.

Häzirki döwürde dünýäniň aglaba ýurtlarynda we Türkmenistanda bazar ykdysady gatnaşyklary höküm sürýär. Şol sebäpli, ýokarda agzalan işleri amala aşyrmak üçin, maliýe menejerleri bazar ykdysadyýetini, onuň görnüşlerini, bazary öwrenmek üçin ulanylýan usullary, ýokary maliýe görkezijileri gazanmak üçin ulanyp boljak dürli syýasatlary bilmelidir.

Maliýe görkezijilerini çaklap meýilleşdirmek üçin, maliýe menejeriniň marketing, onuň ulanýan usullary, walýuta ulgamlary barada giňişleýin düşünjesi bolmalydyr.

**Bazar** – bu önümleri (harytlary, hyzmatlary, işleri) alyp-satmak

gatnaşyklarynyň ulgamynyň jemidir. Bazar gatnaşyklaryna hökman harytlaryň we pullaryň eýeleri gatnaşýar.

**Bazar ykdysadyýeti** – bu öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň döwletiň Kanunlaryna esaslanyp, erkin alyp – satmak şertlerinde hereket edýän ulgamynyň jemidir.

**Bazar ykdysadyýeti** – ylmy düýpli düşünje (kategoriýa) hökmünde haryt-pul dolanyşygynyň aýratyn özboluşly gatnaşyklaryny aňladýar.

Maliýe menejmenti bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde, onuň dürli bölümlerinde (segmentlerinde) netijeli dolandyrmagy we maliýe meselelerini çözmegi öwredýär.

Ykdysady edebiýatlarda bazar dürli bölümlere (segmentlere) bölünýär. Bazar ykdysadyýetinde maliýe bazarlarynyň ornuny şu okuw kitabynyň 2.2.1-nji şekilinden görmek bolar.

Ykdysady edebiýatlarda maliýe we haryt bazarlary düşünjeleri ulanylýar.

**Maliýe bazarlaryna** walýuta, gymmatly kagyzlar, karz serişdeler, ätiýaçlandyryş, maýa goýum, işçi güýji we çig-mal bazarlary degişlidirler.

**Haryt bazary** harytlaryň ulanyş maksady boýunça sarp ediş, önümçilik, hyzmatlar, maglumatlar, ylmy (intellektual) önümleriň bazarlaryna bölýärler.

Guramaçylyk düzümi boýunça bazarlar **açyk we ýapyk görnüşlere** bölünýärler. Ýapyk görnüşli bazarlarda täjirçilige bagly däl ýagdaýlara hem gözegçilik amala aşyrylyp, satyjylaryň we alyjylaryň sany çäklenilýär. Açyk görnüşli bazarlarda bolsa «garaşsyz» satyjylaryň we alyjylaryň sany çäklenmeýär. Açyk görnüşli bazarlarda täjirleriň milletine, teniniň renkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, haýsydyr bir partiýa degişliligine ýa-da degişli däldigine, şeýle hem olaryň işewür sypatlaryna gözegçilik edilmeýär.

Maliýe menejmenti dürli maliýe bazarlarynyň dolandyrylyş gatnaşyklaryny, şol sanda walýuta, karz serişdeleriniň, gymmatly kagyzlaryň, maýa goýum, çig-mal we işçi güýjüniň bazarlarynyň dolandyrylyş gatnaşyklaryny öwrenýär. Dünýä hojalygy ulgamynda milli hojalyk netijeleriniň özara hasaplaşygyna hyzmat edýän jemgyýetçilik pul gatnaşyklarynyň jemine – halkara walýuta – maliýe gatnaşyklary diýilýär.

**2.2.1-nji şekil. Bazar ykdysadyýetinde maliýe bazarlaryň orny**

| | |
|---|---|
| Dünýä, milli we ýerli bazarlary | Maliýe bazary |
| | Walýuta bazary |
| | Karz serişdeleriň bazary |
| | Ätiýaçlandyryş bazary |
| | Gymmatly kagyzlar bazary |
| | Maýa goýum bazary |

Walýuta gatnaşyklarynyň döwlet guramaçylyk, hukuk we sazlaýyş usullarynyň jemine **walýuta bazary** diýilýär.

Walýuta bazary milli Kanunçylyk kadalar, halkara derejede utgaşdyrylan kesgitlemeler, düzgünnamalar hem ylalaşyklar bilen berkidilendir.

Walýuta bazarlarynyň görnüşleri şu okuw kitabynyň 2.2.2-nji şekilinde görkezilendir.

**2.2.2-nji şekil. Walýuta bazarlaryň görnüşleri**

Dünýa
↓
Sebitara
↓
Milli

2.2.2-nji şekilde görkezilen walýuta bazarlaryny aýry-aýrylykda seljereliň.

**Dünýä walýuta bazary** – bu halkara ylalaşyklarynyň netijesinde döredilen walýuta gatnaşyklarynyň jemidir.

**Sebitara walýuta bazary** döwletara ylalaşyklarynyň netijesinde meýletin döredilýär we bileleşmäniň öňünde goýulýan syýasy we ykdysady maksatlara hyzmat edýär. Diýmek, sebitara walýuta bazary baş maksatlara gönükdirilen we ýokary derejede ösen birleşikler diýlip hasaplanylýar. Mysal üçin, Ýewropa walýuta birleşmesi (ýeke-täk ulanylýan walýutasy -ýewro (EUR), OPEK-nebiti eksport edýän döwletleriň guramasy (ýeke-täk walýutasy – ARAB hasaplama dinary).

Daşary ýurtlar bilen ýerine ýetirilýän halkara hasaplaşyklar boýunça ýurtda kabul edilen düzgün-tertibiň jemine **milli walýuta bazary** diýilýär.

Maliýe menejerleri dürli walýuta bazarlarynda (ulgamlarda) netijeli dolandyryş gatnaşyklaryny saklamagy başarmalydyr.

Häzirki döwürde halkara ykdysady gatnaşyklar SDR-iň kömegi bilen amala aşyrylýar. SDR – Spesial Drawing Right türkmençe karz almagyň ýörite hukuklary diýmekdir. SDR – Halkara walýuta gaznasynyň hasaplama walýuta birligi hasaplanylýar. Banklar olaryň möçberine esaslanyp, başga döwletler bilen hasaplaşyklary geçirýärler.

SDR diýlip aýry pul görnüşinde kagyzlar dolanyşyga çykarylmaýar. Emma, soňky maliýe çökgünligi emele gelenden soň, käbir döwletleriň baştutanlary SDR ulgamyny ýatyryp, täze bäşinji walýuta ulgamyny döretmegi talap edip başladylar. Şol talaplara esaslanyp, täze dünýä pul birligi, mysal üçin, ýewro-dollarlary çykarmagy ýa-da altyn standartyna geçmegi talap edýänler hem bar. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýewro-dollarlaryň ilkinji nusgalary hem görkezildi.

Täze dünýä walýuta ulgamyny döretmegi, esasanam, Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý döwletleri talap edýärler. Olar ABŞ-da öz gorlaryny saklaýar. ABŞ-nyň bergileri bolsa ýyl-ýyldan köpelýär. Aýratyn hem, ABŞ-nyň bergileri Hytaý döwletine köpdür.

Töwekgelçiliklerden goranmak üçin görkezilen döwletler özara hasaplaşyklarda ABŞ-nyň dollaryna derek öz pul birliklerini ulanyp başladylar.

Halkara hasaplaşyklarda wirtual «bitkoýin» walýuta birliginiň bahasy hem ösýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlary boýunça soňky ýyllarda onuň bahasy 800 dollardan artdy diýip bellenilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzdaky hususy eýeçilikdäki mikro, kiçi we orta kärhanalardan başga kärhanalar halkara ykdysady gatnaşyklara goşulmak üçin hökman Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalary döwlet hasabyna alyş müdiriýetinde bellige alynmalydyrlar. Bellige alynmak üçin döwlet tarapyndan kesgitlenen möçberde býujete pul serişdeleri geçirilmelidir. Edara görnüşindäki tarapa bellige alnandygy hakynda ýörite şahadatnama berilýär. Şol şahadatnama

esasynda kärhanalar öz islegi boýunça Türkmenistanyň ygtyýar alan dürli banklarynda walýuta hasabyny açyp bilerler.

Hususy eýeçilikdäki mikro, kiçi we orta kärhanalary halkara ykdysady gatnaşyklara gatnaşmak üçin döwletiň statistika guramasyndan güwänama alyp görkezilen gatnaşyklara gatnaşyp bilerler.

Walýuta hasabyny açmak üçin bankyň haýryna bellenilen tertipde we möçberde pul serişdeleri tölenilmelidir. Pul serişdelerini tölemek bilen bir hatarda, kärhanalar hasaplaşyk hasabyny açmak üçin tabşyrylýan resminamalary hem-de ýokarda görkezilen gullugyň beren şahadatnamasynyň ýa-da statistika guramasynyň güwänamasynyň göçürmelerini tabşyrýarlar.

Döwlet belligine alnyp we walýuta hasabyny bankda açandan soň dolandyryş subýektleri dürli halkara walýuta maliýe gatnaşyklaryna gatnaşyp biler. Maliýe menejeri kanunlara laýyklykda şu okuw kitabynyň 2.2.3-nji şekilde görkezilen walýuta amallaryny amala aşyryp, olara gözegçilik etmelidir.

Halkara walýuta maliýe gatnaşyklaryna döwletiň dürli guramalary, şol sanda Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Merkezi banky, Döwlet çig mal biržasy, serhet, migrasion, gümrük we başga Döwlet gulluklary gözegçilik edýärler. Agzalan ministrlikleriň we gulluklaryň her haýsynyň öz wezipeleri bar we olar öz ygtyýarlaryna laýyklykda hereket edýärler.

Döwlet çig mal biržasynda daşary ýurt kompaniýalary bilen baglanyşylan kontraktlar hasaba alynýar.

Gümrük gullugy kärhanyň döwlete getirýän we biziň döwletimizden başga döwletlere iberýän ähli harytlaryna gözegçilik edýär.

**2.2.3-nji şekil. Maliýe menejeriniň halkara walýuta maliýe amallaryna gözegçiligi**

| |
|---|
| Başga döwletlerden gelýän girdeji walýuta amallaryna |
| Dürli walýutalaryň çalyşmagyna |
| Dürli döwletlerden karz almagyna |
| Dolandyryş subýektiniň walýuta hasabyndan nagt walýuta serişdeleri almagyna |
| Gaýry walýuta amallaryna |

Maliýe menejerleri agzalan ministrlikleriň we gulluklaryň ygtyýarlyklaryny, hukuklaryny we borçlaryny bilmelidirler we Kanunlara laýyklykda olar bilen gatnaşyklary saklamalydyrlar.

Gymmatly kagyzlaryň, karz serişdeleriniň bazarlary we maliýe menejerleriniň şol bazardaky hereketleri baradaky maglumatlar şu okuw kitabynyň indiki sahypalarynda berler.

Çig mal we işçi güýjüniň bazarlary barada we olarda maliýe gatnaşyklarynyň dolandyrylyşy barada maglumatlary başga çeşmelerden tapyp bolar. Şol çeşmeler şu okuw kitabyň edebiýatlarynyň sanawynda berlendir.

Hil düzümi boýunça bazarlar 2.2.4-nji şekilde görkezilen bölümlere bölünýärler. Olary aýry-aýrylykda gözden geçireliň.

**Mümkin boljak bazara** harydy almak bilen gyzyklanýan sarp edijiler degişlidir. Bazaryň çäklerinde ýerleşýän ilatyň 10 göterimi mümkin boljak sarp edijiler diýlip hasaplanylýar.

**Hakyky bazara** – zerurlygy bar bolan harytlara we hyzmatlara isleglerini kanagatlandyryp bolýan, tölege ukyply sarp edijiler degişlidirler. Bazaryň çäklerinde ýerleşýän ilatyň 40 göterimi hakyky bazara gatnaşyjylar diýlip hasaplanylýar.

**Hünärli (kwalifisirlenen) bazar** mümkin boljak bazaryň 20 göterimini we hakyky bazaryň 50 göterimini tutýar. Sarp edijiler üpjün edýäni bäsleşikde saýlamaga haklydyrlar.

**Barlanan bazary** takyk kärhananyň belli harytlaryny almaga isleg bildirýän sarp edijiler düzýärler. Olar, köplenç, 5 göterim mümkin boljak we 50 göterim eýelenen bazarlary tutýarlar.

Görkezilen bazarlar bir-birine berk baglydyrlar. Ýagny, haýsam bolsa bir bazarda üýtgetmeler bolsa, olar başga bazarlara hem täsir edýärler. Şol sebäpli maliýe menejerleri ähli bazarlary seljerip, dolandyryş usullaryny ulanyp, ýokary hilli maliýe çaklamalaryny amala aşyrmagy, ylmy we tejribe taýdan esaslandyrylan maliýe meýilnamalaryny düzüp, olary durmuşda amala aşyryp we oňaýly maliýe netijeleri gazanmagy başarmalydyrlar.

Çak etmek we meýilleşdirmek örän kyn, jogapkärli we tejribeli ykdysadyýetçileriň (analitikleriň) aýtmaklaryna görä «çak etmek – gadyrsyz iş». Şoňa garamazdan, bu iş maliýe menejmentiniň zerur işleriniň biridir. Öňünden görüjiligi ýokary bolan maliýe menejerlerine bu iş uly üstünlikleri gazanmaga goldaw berýär.

**2.2.4-nji şekil. Hil düzümi boýunça bazarlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Mümkin boljak |
| Hakyky, esasy, gytaklaýyn |
| Barlanan |
| Maksatlaýyn |
| Miwesiz |
| Ösýän, goşmaça we başga görnüşleri |

2.2.4-nji şekilde görkezilişi ýaly ykdysady edebiýatlarda bazary dürli görnüşlere bölýärler. Maliýe menejeri belli bazarda harydy ýerleşdirmegi maksat edinýän bolsa – bu bazara **maksatlaýyn bazar diýilýär.**

Harytlary ýerleşdirmekden netije bermedik ýa-da bermejek bazara- **miwesiz**, esasy harytlary ýerleşdiren bazara- **esasy, gaýry harytlary ýerleşdirmegiň** bazaryna bolsa **goşmaça**, ösmek üçin mümkinçilikleri köp bolan bazara – **ösýän** bazar diýilýär.

Durnukly däl, emma bellibir şertlerde geljekde çalt hereketlenip biljek bazara «gytaklaýyn» bazar diýilýär. Bu bazaryň miwesiz bazar bolup çykmagy hem mümkin.

Maliýe menejerleri bazary 2.2.5-nji şekilde görkezilen gyzyklanmalar (alamatlar) boýunça öwrenýärler.

**2.2.5-nji şekil. Maliýe menejeriniň bazary öwrenmekde gyzyklanmalary**

| |
|---|
| Geografiki ýerleşdirilişi |
| Göwrümi |
| Ýöriteleşdirilişi |
| Bäsdeş taraplary |
| Miwesiz |
| Öndürmek ýa-da satmak üçin meýilleşdirilýän isleg-teklipleri |

Bazar ykdysadyýetiniň ýagdaýy islegleriň we teklipleriň derejelerine berk baglydyr. Başga söz bilen aýdanyňda bazarda hyrydarlyk

we hödürleme höküm sürýär. Sebäbi olaryň gatnaşyklaryna görä erkin bazarlarda nyrhlar kesilýär.

Bellibir döwrüň içinde sarp edijilere gerekli, razylaşyk bahalarda alynjak harytlaryň möçberine – **isleg** diýlip düşünilýär. Eger isleg sarp edijiniň pul serişdeleri bilen üpjün edilen bolsa, onda oňa **tölege ukyply** isleg diýilýär.

Bazarda satmak üçin hödürlenip biljek harytlaryň jemine – **teklip** diýilýär.

Isleg we teklip maliýe menejmentiniň esasy gözegçilik obýektleriniň biri bolup çykyş edýärler.

Bazar ykdysadyýetinde maliýe görkezijileri isleglere we tekliplere görä üýtgäp durýarlar. Olary bilmek üçin, maliýe menejeri marketing işlerini gowy bilmelidir.

**Market** türkmençe bazar diýmekdir.

**Marketing** – bazary öwrenmek baradaky ylymdyr.

**Marketingiň manysy** harytlara isleg-teklipleriň üýtgemeginiň (konýukturasynyň) hem-de sarp edijileriň mümkin boljak, geljekki uzak möhletlere çaklanýan islegleriniň bazarlaryny seljerip öwrenmegiň esasynda, garaşylýan ýagdaýlary önümçilikde göz öňünde tutup, öňde duş gelip biljek kynçylyklary ýeňip geçmekdir.

**Bazary öwrenmek üçin edara görnüşli taraplarda ýörite hünärmenler** – «marketologlar» hereket edýärler. Ministrliklerde, pudak dolandyryş edaralarynda, uly kärhanalarda ýörite «marketing» bölümleri döredilýär. Maliýe menejeri olaryň işini dolandyrmagy ýa-da olaryň maglumatlaryny netijeli ulanmagy başarmalydyrlar.

Kärhananyň maliýe menejeri mahabatlandyryş işleriniň ähli usullaryny bilmelidir. Ol metbugatyň, teleradioýaýlymlaryň, şygarlaryň, kataloglaryň, prospektleriň, sorag-jogaplaryň (sprawoçnikleriň), witrinalaryň, etiketkalaryň, harytlary gaplamak (dolamak) üçin ulanylýan serişdeleriň kömegi bilen mahabatlandyryş işlerini geçirmegi başarmalydyr.

**Marketing babatda maliýe menejeriniň dolandyryş wezipesi** gysga we uzak möhletleýin derejelerde meýillnamalaşdyryş, marketing üçiň maglumatlary üpjün etmek we gözegçiligi amala aşyrmak işlerini öz içine alýar.

Jemläp aýdylanda maliýe menejeri marketing babatynda – müşderileriň (bazaryň) talaplaryna laýyklykda kärhananyň önümçiligini gurnamak, önümleri we hyzmatlary ýerleşdirmek, serişdeleri netijeli sarp etmek meselelerini çözmegi başarmalydyr.

Häzirki döwürde marketingiň ähmiýeti 2.2.6-njy şekilde görkezilenlere esaslanýar.

**2.2.6-njy şekil. Häzirki zamanda marketingiň ähmiýeti şulara esaslanýar**

| |
|---|
| Bar bolan serişdeleri we kärhananyň ähli mümkinçiliklerini netijeli ulanyp, dolandyryş işlerine täze pikirleri getirmegine |
| Bazarda hereket etmegiň prinsiplerine, serişdelerine, wezipelerine, iş guralyşynyň bütin usulyýetini döretmegine |
| Harytlary öndürmegiň we ýerleşdirmegiň ulgamynyň döredilmegine hem ösdürilmegine |

Her kärhananyň bazary öwrenmekde öz usullary bolmalydyr. Emma bu işleri geçirmekde sarp edijileriň isleglerini we düzümini öwrenmeklik ähli kärhanalar üçin degişlidir.

Maliýe menejerleri diňe öz segmentlerinde bolýan üýtgetmeleri öwrenmän başga bazarlarda bolýan üýtgetmeleri bilen hem içgin gyzyklanmalydyrlar.

Maliýe menejmentiniň marketing babatynda ýörelgelerini 2.2.7-nji şekilden görmek bolar.

**2.2.7-nji şekil. Maliýe menejmentiniň marketing babatynda ýörelgeleri**

| |
|---|
| Ähli işleri oňaýly maliýe netijeleri gazanmaga gönükdirmek |
| Goýulan maksatlara köptaraplaýyn seretmek |
| Saýlanan bazarynyň talaplaryny we şertlerini iň ýokary derejede hasaba alyp şol bir wagtyň içinde oňa maksatlaýyn täsir etmek |
| Dolandyryş subýektiň daşky gurşawyna netijeli we çalt täsir etmek |
| Uzak möhletleýin çaklamalary etmek |

5. Sargyt № 3078

Maliýe menejeri seljeriş, önümçilik, satyp-paýlamak wezipeleri-ni ýerine ýetirmegi hem başarmalydyr.

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde maliýe menejmentiniň **sel-jeriş wezipesi** bazary, harytlaryň düzümini, sarp edijileri, bäsdeşleri öwrenmegi öz içine alýar.

Bazary öwrenmek üçin ösen döwletleriň we käbir ýerli maliýe dolandyryjylary dürli usullary ulanyp, dolandyryş subýekti üçin köp peýdaly işleri geçirmegi, şolar bilen birlikde 2.2.8-nji şekilde görke-zilen işleri başarýarlar.

**2.2.8-nji şekil. Marketing babatda maliýe menejeriň ýerine ýetirýän işleri**

| |
|---|
| Müşderileriň isleglerini öwrenýär, mahabatlandyryş işlerini gurnaýar |
| Satuwlary artdyryp, harajatlary, harytlaryň, hyzmatlaryň (işleriň) hilini kämilleşdirýär |
| Täze tehnologiýalary ornaşdyrýar we täze önümleri, hyzmatlary, işleri ornaşdyryp ýerleşdirýär |
| Nyrh syýasatyny hödürläp, harytlara, hyzmatlara, işlere nyrh kesýär, sarp edijileri gyzyklandyrýar |
| Iş wagtyny netijeli ulanmagy gazanýar |
| Haryt hereketleriniň netijeliligini ýokarlandyrýar we beýleki işleri amala aşyrýar |

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bazaryň isleglerini we teklip-lerini öwrenmeklige köp üns berilýär. Isleglere köp ýagdaýlar täsir edýär. Şol sanda esasy täsirleriň biri nyrh. Nyrhyň ösmegi islegleri pese düşürýär. Öz gezeginde isleglerň artmagy nyrhlaryň ýokarlan-magyna sebäp bolup durýar. Şu gatnaşyklara ykdysady edebiýatlarda **hyrydarlygyň (isleglerň) kanuny** diýilýär.

Emma isleglere diňe nyrh täsir etmän başga **nyrhdäl ýagdaýlar** hem täsir edýärler. Bu täsirlere 2.2.9-njy şekilde görkezilen faktorlar degişlidirler:

Bir ýagdaýyň başga ýagdaýa eden täsirini öwrenmek üçin «maýşgaklyk» düşünje ulanylýar. Maýşgaklygy öwrenmek üçin onuň gatnaşygy çykarylýar. Ýagny, nyrhyň pese düşmeginiň göterimi isleglerň artmagynyň göterimi bilen deňeşdirilýär.

**2.2.9-njy şekil. Hyrydarlyga nyrh däl faktorlaryň täsiri**

| |
|---|
| Sarp edijileriň aýratyn islegleri |
| Sarp edijileriň sany we olaryň girdejileri |
| Meňzeş harytlara bahalar |
| Garaşmalar |

Islegleriň maýşgaklygynyň gatnaşygy bilen bir hatarda teklipleriň maýşgaklygynyň gatnaşygy hem öwrenilýär. Netijede harydyň ýetmezçiligi ýa-da harytlaryň artykmaçlygy çykarylyp bilner. Görkezilen gatnaşyklary öwrenmek üçin tejribede ýörite grafikler çyzylýar we bazarda bolýan ýagdaýlar seljerilýär.

Bäsdeşlik bar bazarlarda haryt ýetmezçilikleri we harydyň artykmaçlygy köp wagtlap dowam edip bilmez. Ýagny, nyrhyň kömegi bilen islegler we teklipler deňleşýärler.

Menejment, şol sanda maliýe menejmenti we marketing işleri bir birine berk baglydyr. Sebäbi kärhanany marketingsiz netijeli dolandyrmak mümkin däl. Tejribede marketing işlerini käbir ýagdaýlarda menejerleriň özleri geçirýär.

Söwda kärhanalaryny dolandyrýan maliýe menejerleri girdejileri artdyrmak üçin güýçli **mürçendaýzerleri** saýlamagy we olaryň işini maliýe taýdan höweslendirmegi başarmalydyrlar. Mürçendaýzerler harytlary çalt ýerleşdirmek üçin, olary söwda dükanynyň (supermarketiň, mikromarketiň) oňaýly ýerinde ýerleşdirmegi başarýan hünärmenlerdir. Uly kompaniýalarda mürçendaýzerlere **superwaýzerler** gözegçilik edýärler.

Maliýe menejerleri beýleki pudaklarda-da girdejileri artdyrmaga, harajatlary pese düşürmäge ýardam edýän hünärmenleri maliýe taýdan höweslendirmegi başarmalydyrlar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bazaryň nyrhlaryny öwrenmek, olara gözegçilik etmek, kärhananyň nyrh syýasatyny ýöretmek bilen bagly işler uly orun tutýar. Nyrhlar we nyrh syýasatlary barada şu okuw kitabynyň indiki sahypalarynda giňişleýin maglumatlar berilýär.

Bazar ykdysdyýetinde maliýe bazarlary mydama hereketdedir. Bazarlary öwrenmek üçin işçi güýjüniň haklaryny, çig mallaryň nyrh-

laryny, walýutalaryň kurslaryny, karz serişdeleriniň göterimlerini, möhletlerini, gymmatly kagyzlaryň kotirowkalaryny (bahalaryny) bilmelidirler. Olary bilmek üçin maliýe menejeri marketing işleri geçirmelidir ýa-da degişli maglumatlary marketologdan almalydyr.

Sarp edijileri öwrenmekde esasy işleriň biri-de dolandyryş subýektiniň (kärhananyň) önümi bilen gyzyklanyp biljek müşderileri toparlara bölmek, ýagny bazaryň segmentasiýasyny geçirmekdir.

Maliýe menejeri tarapyndan sarp edijileriň islegleri 2.2.10-njy şekilde görkezilen ugurlara (toparlara) bölünip öwrenilýär.

**2.2.10-njy şekil. Maliýe menejeriniň sarp edijileriň isleglerini öwrenmegi**

| |
|---|
| Täze harytlaryň emele gelmegine we nyrhlaryň üýtgemegine görä |
| Aýry sarp edijiler (olaryň sany we başga häsiýetleri) |
| Firmalar boýunça (olaryň satuwlarynyň göwrümi we ş.m.) |
| Ýaşyna we jynsyna görä |
| Bilimine görä |
| Durmuş derejesine görä |

Bazaryň haryt düzümi 2.2.11-nji şekilde görkezilen maksatlar üçin seljerilýär:

**2.2.11-nji şekil. Maliýe menejeri bazaryň haryt düzümini şu maksatlar üçin seljermeli**

| |
|---|
| Harytlaryň bar bolan görnüşlerini (assortimentini) anyklamak |
| Hödürlenjek ýa-da şoňa meňzeş harydyň bazarda bardygyny bilmek |
| Harydyň hiline bazarda hereket edýän talaplary, kadalary, standartlary öwrenmek |

Bäsleşýän kompaniýalary öwrenmek üçin maliýe menejeri 2.2.12-nji şekilde görkezilen işleri amala aşyrmalydyr:

**2.2.12-nji şekil. Bäsleşýän kompaniýalary öwrenmek üçin maliýe menejeriň amala aşyrmaly işleri**

| |
|---|
| Önüme bar bolan islegleri we harytlaryň hödürlenmegini seljermek |
| Satuw ulgamy bilen tanyşmak |
| Bäsleşýän taraplaryň önüminiň geljegini çaklamak |

**Dolandyryş** subýektiniň marketing işleri geçirilende bazaryň nyrhlaryna aýratyn üns berilýär. Sebäbi kärhananyň dolandyryjylary öz esasy maksatlaryna ýetmek üçin nyrhlar bilen bagly meseleleri çözüp, gowy maliýe netijeleri gazanmagy başarmalydyrlar. Bu işleri başarmak üçin bazary öwrenmek usullary bilen birlikde maliýe menejerleri nyrhyň nazaryýetini, görnüşlerini bilip, dolandyryş subýektiniň nyrh syýasatyny saýlamagy we şol syýasaty durmuşa ornaşdyrmagy başarmalydyr. Çünki iňlislerde şeýle nakyl bar: «Baha – bu ylalaşyk, nyrh bolsa syýasat».

Şu güne çenli nyrhyň düýp manysy barada ýeke-täk düşünje ýok. Her ykdysady nazaryýet oňa özüçe kesgitleme berýär.

Ykdysady edebiýatlarda nyrhyň iň köp duşýan kesgitlemesi: «Nyrh – bu harydyň pul görnüşdäki aňlatmasydyr».

Bazar ykdysadyýetinde nyrh kesilende haryt alyjy bilen haryt satyjynyň arasynda razylyk «terezi», «deňagramlylyk» emele gelýänçä nyrh üýtgäp biler. Şol sebäpli ykdysady edebiýatlarda nyrhyň deňagramlylygy diýen düşünje giň ulanylýar. Ýagny nyrhyň iň pes we iň ýokary derejeleri barada alyjynyň we satyjynyň arasynda razylyk gazanylýar.

Nyrhyň deňagramlylygy – bir tarapdan harydyň (hyzmatyň, işiň) özüne düşýän gymmaty we alyjyň töleg ukyplylygy, başga tarapdan bolsa satyjynyň iň ýokary derejedäki bähbitliliginiň aralagynda ýerleşýär. Käbir mejbury, alaçsyz we başga ýagdaýlarda haryt özüne düşýän bahasyndan arzan hem satylyp bilner. Emma, köplenç, satyjylar olary özüne düşýän bahasyndan gymmat satýarlar. Nyrhyň derejesi satuwlaryň möçberine hem baglydyr. Satuwlaryň möçberi artanda pes nyrhlary ulanyp hem peýda gazanyp bolýar.

Nyrh şu okuw kitabynyň 2.2.13-nji şekilinde görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýär:

**2.2.13-nji şekil. Nyrhyň wezipeleri**

| |
|---|
| Hasaba almak |
| Paýlamak |
| Höweslendirmek |
| Ugrukdyrmak |

Nyrhlaryň kömegi bilen biz harytlary (işleri, hyzmatlary) hasaba alyp çaklaýyş, meýilleşdiriş, seljeriş, paýlaýyş, höweslendiriş, ugrukdyrmak we beýleki işleri amala aşyrmaga mümkinçilik gazanýarys.

Dünýä tejribesinde nyrhyň şu okuw kitabynyň 2.2.14-nji şekilinde görkezilen görnüşleri, esasan hem, döwlet, bazar, birža, tender, ylalaşyk, hojalygyň içindäki, hojalygara, pudak, meýilnamalaşdyrylan, çäklenen, hakyky, balans, monopol (satyjynyň ýeke-täk bolmagy), korporasiýa, ownuk söwda, lomaý söwda, ýüküň barmaly we ugradylan ýeriniň bahalary, iň pes we iň ýokary derejedäki, adalatly we başga görnüşleri ulanylýar.

Görkezilen her bir nyrhyň öz aýratynlyklary, gowy hem-de kem taraplary bardyr. Şol nyrhlaryň aýratynlyklaryny nyrhyň ady görkezýär. Mysal üçin, döwlet nyrhlaryny – döwlet guramalary, bazar nyrhlaryny – bazar, birža nyrhlaryny – biržalar, pudaklaryň we korporasiýalaryň nyrhlaryny bolsa şol pudaklaryň we korporasiýalaryň ýolbaçylary kesgitleýärler.

**2.2.14-nji şekil. Nyrhlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Döwlet |
| Bazar |
| Tender |
| Ownuk, lomaý |
| Balans |
| Adaty, hakyky |
| Adalatly, abraýly |
| Korporasiýa, kooperatiw, monopol, demping |
| Beýleki görnüşleri |

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**Döwlet nyrhynyň** aýratynlygy – onuň durnuklylygydyr. Bir tarapdan nyrh durnukly bolsa gowy. Emma, onuň durnuklylygy birnäçe ýagdaýlarda adamlara bagly däl ykdysady kanunlary, bazaryň ýagdaýlaryny göz öňünde tutmaýar. Şol sebäpli durnukly nyrhlaryň ulanylmagy käbir wezipeli işgärler üçin kanunlary bozmaga mümkinçilikleri döredýär. Arzan döwlet nyrhyndan satylýan harytlar dükanlardan ýitip başlaýar we gara bazara geçirilýär ýa-da daşary ýurtlara bikanun iberilýar. Oňa öňki SSSR-iň döwlet nyrhlary mysal bolup biler.

**Bazar nyrhynyň** aýratynlygy – ol gysga wagtyň içinde ykdysady ýagdaýlara görä üýtgäp bilýär. Bir tarapdan nyrh çalt ütgeýän bolsa erbet. Emma, onuň üýtgemegi käbir ýagdaýlarda adamlara bagly däl bolan ykdysady kanunlary göz öňüne tutup, harytlaryň bolçulygyna getirýär.

**Birža nyrhynyň** aýratynlygy – iň ýokary nyrhy boýunça harydy (hyzmaty) alýan tarap ýeňiş gazanyp, olary almaga hukuk alýar. Şu usul bilen harydyň hakyky nyrhyny bilmek bolýar. Nyrhyň kem tarapy –onuň söwda gatnaşýanlaryň sanyna bagly bolýanlygydyr.

**Birža nyrhlaryna** meňzeýän tender nyrhlary hem tejribede ulanylýar. Geçiriljek tender barada metbugatda habar berilýär. Tender yglan edilenden soň, şoňa gatnaşjak taraplar öz taslamalaryny we onuň nyrhlaryny hödürläp, öz arasynda göreşýärlar. Bäsleşikde ýeňiş gazanan tarap bilen şertnama (kontrakt) baglaşylýar we taslamada görkezilen nyrhy boýunça hasaplaşyklar geçirilýär. Tender nyrhlary dogry, adalatly geçirilse wezipeli adamlara nyrhlaryň hasabyna öz şahsy bähbitlerini kanagatlandyrmaga şert döremeýär.

**Ýüküň barmaly we ugradylan ýeriniň bahalary** haryt ugradylmanka şertnama (kontrakt) arkaly kesgitlenilýär.Ýüküň barmaly ýeriniň bahasy ulanylanda haryt iberiji ýol çykdajylaryny özi çekmelidir. Ýüküň ugradylan ýeriniň bahasy ulanylanda ýük ugradylan barmaly nokadyndan soňky başga ýol çykdajylary haryt alyjy çekmelidir.

Alyjy bilen ýerleşdiriji (iberiji, satyjy) özlerine amatly nyrhy saýlap alyp, ony şertnama girizmegi **başarmalydyrlar. Emma, käwagt bir tarapa amatly** bolan nyrh, başga tarapa amatsyz bolup biler. Şol sebäpli şertnamany baglaşýan taraplar onuň ähli şertlerini gowy öwrenmelidirler.

Lomaý nyrhlar uly möçberde söwda edilende ulanylýar. Olaryň gowy tarapy – harydy arzan bahadan alyp bolýar. Lomaý söwdany edýän satyjy arzan nyrhdan harytlary (hyzmatlary) ýerleşdirse-de peýda gazanyp biler. Lomaý nyrhlaryň kem tarapy – haryt alyjy käbir ýagdaýlarda özüne artyk möçberde harydy satyn almaly bolýar.

**Iň pes derejedäki nyrhlar** köplenç bäsdeşlikde üstünlik gazanmaga mümkinçilik döredýär. Tejribede iň pes nyrhlary ulanýanlara – **demping** syýasatyny geçirýär diýlip aýdylýar. Iň pes nyrhyň kem tarapy – peýdany gazanmagy kynlaşdyrýar, käbir ýagdaýlarda bolsa satyjy zyýan hem çekip biler.

Harydyň (hyzmatyň) arzanlamagy dürli sebäplere baglydyr. Şol sebäpleri ýeňmek üçin haryt (hyzmat) ýerleşdirijiler (satyjylar) tarapyndan olar öwrenilýär we mümkin bolan ýagdaýlarda degişli çäreler geçirilýär.

Iň ýokary nyrhlar - köplenç **monopol nyrhlardyr**. Monopol sözi ýeke-täkligi aňladýar. Monopol nyrhlary bazarda ýeke-täk hereket edýän tarap, ýa-da dilleşen birnäçe taraplar ulanyp bilerler. Monopol nyrhlar bäsdeşlige ýol bermän, ösüşleriň ýollaryny ýapýar. Emma, käbir ýagdaýlarda iň ýokary derejedäki nyrhlar harydyň (hyzmatyň) hiliniň ýokarlanmagynyň hasabyna gazanylýar. Şol ýagdaýlarda görkezilen nyrhlar ösüşleriň ýollaryny ýapman, olara täze ýollary açýar.

Häzirki döwürde Ýewropa bileleşiginde **adalatly** nyrhlara köp üns berilýär. Adalatly nyrhlary ulanmak üçin haryt öndürijä haýsy harydy (belli hil derejede) öňdürip berse, oňa belli nyrh boýunça tölenjekdigi öňünden ylalaşykda bellenilýär. Emma adalatly nyrhlaryň hem çözülmedik meseleleri köp. Sebäbi çig mallary öndürijiler köplenç öz harytlaryny arzan bahadan ýerleşdirýärler.

Adalatly nyrh ulanylanda sarp edijiň takyk önüm (haryt, iş) barada ähli zerur bolan maglumatlary bolup ony almak isleg bildirilýär.

**Balans nyrhy** – edara görnüşli tarapyň balansynda görkezilen nyrhy aňladýar. Ol bazar nyrhyndan pes, ýokary, ýa-da oňa deň bolup biler. Nyrhyň gowy tarapy – hasaby durnukly ýöretmäge ýardam berýar. Erbet tarapy-balansda hasaba alnan hojalyk serişdeleriň bahalary, bazaryň nyrhy bilen tapawutlanyp biler.

Dolandyryş subýektiniň önüminiň nyrhyna dürli ýagdaýlar täsir edýar. Emma, her subýektiň özboluşly aýratynlyklary bar. Olar hem ýokarda görkezilen daşky we içki ýagdaýlara bagly bolýar. Maliýe meýilnamalaşdyryş we çaklaýyş işleri amala aşyrylanda nyrhlara täsir edip biljek ähli ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr.

Maliýe menejerler bazar nyrhlaryna mydama gözegçilik etmelidirler, olary seljerip, olara täsir edýän ýagdaýlary anyklamalydyrlar. Her dolandyryş subýektiň öz nyrh syýasaty bolmalydyr. Şol syýasatlar nyrhyň taktikasyna we strategiýasyna bölünýär. Dogry düzülen nyrh syýasaty dolandyryş subýekti zyýanlaryndan gorap, oňa peýda getirmelidir.

**Nyrh taktikasy** – nyrhyň gysga döwrüniň syýasatyna gönükdirilen bolmalydyr. Onuň mysaly hökmünde – belli möwsümleriň nyrh syýasatlaryny görkezip bolar.

**Nyrh strategiýasy** – nyrh boýunça uzak möhletleýin syýasaty ýöretmekdir. Maliýe menejerleri öz dolandyryş subýektiniň dürli uzak möhletleýin syýasatlaryny düzüp, olary ýöretmegi başarmalydyrlar.

**Nyrh syýasaty** – bu nyrhy kesgitlemek boýunça bazardaky ülňi tertipleriniň ulgamydyr. Nyrh syýasatlarynyň toparlara bölünişi we görnüşleri bilen 2.2.15-nji şekilden tanyşmak bolar. Nyrh syýasaty ýiti bolmalydyr we ýagdaýlara görä üýtgetmelidir. Nyrh syýasaty maliýe meýilleşdiriş we çaklaýyş işleri bilen bilelikde düzülmelidir. Maliýe meýilnamalarynda we çaklamalarynda nyrhyň anyk syýasaty göz öňünde tutulmalydyr. Maliýe meýilleşdiriş we çaklaýyş işleri diňe nyrh syýasaty anyklanyp tassyklanandan soň oňaýly amala aşyrylyp bilner.

**2.2.15-nji şekil. Nyrh syýasatlarynyň görnüşleri**

| |
|---|
| «Gaýmak ýygnamak» |
| «Bazarda ýer tutmak» |
| «Abraýly nyrhlary ulanmak syýasaty» |
| «Öňdebaryjynyň yzyndan ýöremek»; |
| «Typyp peselýän nyrh» |
| «Üstünlik gazanmak üçin ýöredilýän nyrh» syýasaty |
| «Bazardaky islegleri hasaba alýan nyrh» syýasaty |
| Beýleki syýasatlar. |

Nyrh marketing işleri bilen baglanyşyklydyr. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrhlar hödürlemek we hyrydarlyk esasynda emele gelýär.

**«Gaýmak ýygnamak»** nyrh syýasaty dolandyryş subýektiniň önümlerini ilkibaşda ýerleşdirmekde, bäsleşik ýok şertlerinde ýokary nyrhlary ulanmaga mümkinçilik bolan ýagdaýlarynda ulanylýar. Bu syýasat bazarda ýok önümler ýerleşdirilende ulanylýar. Bazarda şoňa meňzeş önümleri başga taraplar ýerleşdirip başlandan soň, nyrhlar pese düşürilýär.

**«Bazarda ýer tutmak»** nyrh syýasaty geçirilende bäsleşikde üstünlik gazanmak üçin ýörite (bilgeşleýin) pes nyrhlar ulanylýar. Şol nyrh syýasatyna käbir edebiýatlarda demping syýasaty hem diýilýär. Bu syýasatyň esasy maksady köpräk müşderileri (sarp edijileri) özüne çekmekdir. Bazarda ýer tutandan soň we ýerleşdirilen hyzmatlaryň möçberi ösenden soň, maliýe menejeri kem-kemden nyrhlary galdyryp başlaýar. Emma, nyrhyň ösüşi geljekki satuwlaryň ösmegine zyýan bermeli däldir.

Eger «tejribäniň netijeleri» esasynda dolandyrylýan subýektiň harajatlary kem-kemden pese düşýän bolsa, onda «bazarda ýer tutmak» nyrh syýasatynyň ulanylmagy aýratyn netijelere getirýär. Durmuşyň kanunyna laýyklykda islendik işde tejribe artan ýagdaýynda, önümiň (hyzmatyň) birligine düşýän harajatlaryň möçberi kem-kemden peselýär.

Şol syýasat ýöredilende şu aşakdaky şertler bolmalydyrlar:

– önümiň (hyzmatlaryň) bazarynda şol döwürde bäsleşýän taraplar nyrhlaryň peselmegine taýýar däl bolmaly we bäsleşýän taraplar «nyrhlary peseltmek oýunlaryna» goşulmaly däldir;

– syýasaty ýöretmek bilen bagly harajatlar ýeterlik derejedäki peýdany gazanmaga ýoly ýapmaly däldir.

Iş ýüzünde maliýe menejerleri, köplenç, ilkibaşda «gaýmak ýygnamak» nyrh syýasatyny ulanýarlar. Ilki ýokary nyrhly önümiň ýokary hilli keşbini döredýärler we ilkinji sarp edijiler nyrha kän üns berenoklar. Soňra bolsa sarp edijiler nyrha üns berip başlaýarlar. Şol sebäpli soňra «bazarda ýer tutmak» nyrh syýasaty ýöredilip başlanýar. Nyrhlaryň pese düşmegi sarp edijiler tarapyndan gowy garşylanylýar, nyrhyň birden ösmegi bolsa, köplenç, sarp edijiler tarapyndan bazarda garşylyk bilen kabul edilýär.

**Abraýly nyrhlary** ulanmak syýasaty bäsleşik bilen bagly kynçylyklary iň pes derejä getirip bolýan bolsa netijelidir. Iş ýüzünde şol kynçylyklary üstünlikli ýeňmek üçin ýörite hukuklary berýän nyşanlar, atlar, söwda markalary ulanylýar. Abraýly nyrhlar öňünden ýörite ýokarlandyrylan nyrhlardyr. Olaryň maksady öň görülmedik, tapawutlanýan, iň ýokary hilli önümlere isleg bildirýänleri we nyrh barada alada etmeýän, öz derejesine ýokary baha berýän sarp edijileri tapyp, olara şol nyrhlarda ýokarda görkezilen hyzmatlary (önümleri) hödürlemek bolup durýar.

**«Öňdebaryjynyň yzyndan ýöremek»** nyrh syýasaty – bu önümleriň (hyzmatlaryň) bazarynda öňdebaryjy kärhananyň nyrhlaryny hasaba alyp, olardan ugur alyp, öz nyrhlaryny kesgitleýän syýasatdyr. Täze önümleriň (hyzmatlaryň) nyrhlary «ülňi»(standart) nyrhlara golaýlaşmalydyr. Nyrh tapawutlary diňe belli derejede bolup biler. Bu syýasat öz uzak möhletleýin nyrh syýasatyny döretmeýän (geçirmeýän) kärhanalar üçin daşky keşbi boýunça örän özüne çekiji bolup görünýär. Emma, ol düýpli kemçiliklere we zyýanlara getirip biler. Sebäbi öňdebaryjy ýalňyş hereketleri etse, yzyndan ýöreýän hem ýalňyşýar.

**«Typyp peselýän»** nyrh syýasaty «gaýmak ýygnamak» syýasatynyň dowamydyr we ony netijeli ulanmaklyk, şol syýasatyň şertlerinde peýdalydyr. Şu syýasatyň düýp manysy – nyrh hyrydarlyga (islege) görä typyp peselýär.

**«Üstünlik gazanmak»** üçin ýöredilýän nyrh syýasaty – «Bazarda ýer tutmak» nyrh syýasatynyň dowamy bolup, kärhananyň işine garşydaş (bäsdeş) taraplaryň goşulmagynyň howpy bar bolan ýagdaýynda ulanylýar. Syýasatyň esasy maksady – garşydaş tarapyň hereketlerine görä, kärhananyň şertlerini (mümkinçiliklerini) gowulandyrmak we harajatlary pese düşer ýaly ýa-da önümiň (hyzmatlaryň) hili ýokarlanar ýaly çäreleri geçirmekden ybaratdyr.

**«Bazardaky islegleri hasaba alýan»** nyrh syýasaty – hyrydarlygyň tapawutlylygyny hasaba almagy göz öňünde tutýar. Nyrhy düzmek (kesgitlemek) bilen bagly ähli hereketler hyrydarlaryň ýetirip bolýan isleglerini hem-de olaryň şol önümlere (hyzmatlara, harytlara) töleg ukyplylygyny we tölemäge islegini göz öňünde tutmalydyr. Mysal üçin, ýaşy uly adamlara hyzmatlaryň hili hem-de şol

hyzmatlaryň nyrhlary başga müşderiler bilen deňeşdireniňde pesräk bolýar. Sebäbi ýaşy uly adamlar nyrhlara, köplenç, örän duýgur bolýarlar, şol sebäpli olar, köplenç, möwsüm däl döwürlerde önümleri (hyzmatlary) arzanlan nyrhlar boýunça satyn alýarlar, olar öz-özlerine hyzmat edilmegini isleýärler, ýeňillikli (indirimli) nyrhlary ulanar ýaly mümkinçilikleri gözleýärler.

Tejribeli ýolbaşçylar möwsümleri göz öňünde tutup, üstünlik gazanýarlar. Mysal üçin, gök önümler ýetişen wagty olar arzan bolýar. Şondan ugur alyp, şol döwürlerde iýmit öndüriji kärhanalarda gök önümleriň gorlary döredilýär we şol önümler konserwirlenilýär. Şol işleri amala aşyrmak üçin ýolbaşçylar tarapyndan ýörite şertler döredilýär: goşmaça pul serişdeleri goýberilýär, önümler zaýalanmaz ýaly gerekli enjamlar, saklamak üçin ýerler taýýarlanylýar.

Möwsümi gelen döwründe kärhana öz nyrhlaryny ösdürip biler. Emma, bäsdeşlik bar döwletlerde möwsüm döwürlerinde müşderileriň sanyny artdyryp, köpräk girdeji gazanmak üçin nyrhlary pese düşürýän ýolbaşçylar hem gabat gelýär. Bu usul kärhananyň kuwwatlylygyna, esasy serişdeleriniň ýagdaýyna we beýleki şertlere görä ulanylýar.

Nyrhlaryň derejeleri ýokary bolar ýaly, hyzmatlaryň hili hem ýokary bolmaly. Bazar ykdysadyýetinde ýokary nyrhly we pes hyzmatly kärhanalaryň geljegi ýokdur.

Nyrhlara daşky we içki ýagdaýlar täsir edýär. Nyrhlara daşky ýagdaýlaryň täsirleri bilen 2.2.16-njy şekilden tanyşmak bolar.

**2.2.16-njy şekil. Nyrhlara daşky ýagdaýlaryň täsiri**

| |
|---|
| Bäsdeşligiň derejesi |
| Umumy ykdysadyýetiň sazlaşygy hem-de pudagyň ýagdaýy |
| Kanunlaryň sazlaşygy |
| Syýasy ýagdaýlar |
| Pasyllar |
| Sarp edijileriň töleg ukyplylygy, gyzyklanmalary, däpleri, islegleri |
| Başga ýagdaýlar |

Nyrhlara içki ýagdaýlaryň täsirleri bilen 2.2.17-nji şekilden tanyşmak bolar.

**2.2.17-nji şekil. Nyrhlara içki ýagdaýlaryň täsiri**

| |
|---|
| Marketingiň we menejmentiň derejesi hem subýektiň (kärhananyň) geçirýän maliýe-nyrh syýasaty |
| Esasy serişdeleriň ýagdaýy |
| Başga ýagdaýlar |

## 2.3. Maliýe meýilnamalarynyň düzülişi

Dolandyryş subýektiniň maliýe meýilnamasy düzülende 2.3.1-nji şekilde görkezilen maksatlar hem göz öňünde tutulmalydyrlar.

Şu maksatlary aýry-aýrylykda gözden geçireliň:

1. Takyk bazaryň anyk bölegini tutmak.

Görkezilen maksada ýetmegiň esasy ýoly, satuwlaryň amatly meýilnamasyny düzmek we ony amala aşyrmak bolup durýar. Bu işiň amala aşyrylmagy esasy ugurlar boýunça uzak möhletlere meýilleşdirilip, saýlanan assortiment syýasaty üpjün edýär.

**2.3.1-nji şekil. Dolandyryş subýektiň maliýe meýilnamasy düzülende göz öňünde tutulýan maksatlar**

| |
|---|
| Takyk bazaryň anyk bölegini tutmak. |
| Maliýe dolandyryş subýektiň durnukly hereket etmegini ýokarlandyrmak. |
| Subýektiň maliýe-ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak |

2. Maliýe dolandyryş subýektiniň durnukly hereket etmegini ýokarlandyrmak.

Görkezilen maksada ýetmegiň esasy ýoly – maliýe taýdan batmaklygyň mümkinçiligini aradan aýyrmakdyr. Şonuň bilen birlikde, kärhananyň geljekde maliýe durnuklylygyny üpjün edýän görkezijilerini seljermek zerurdyr.

3.Subýektiň maliýe-ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak.

Bu maksada ýetmek üçin, maliýe meýilnamasynyň peýda we düşewüntliligi boýunça iň netijeli görnüşleri düzülýär.

Maliýe meýilnamasynyň esasy obýekti hökmünde pul serişdeleriniň akymy çykyş edýär. Akymyň merkezi düzüm bölümi pul serişdelerdir. Olaryň möçberi wagtyň geçmegi bilen aýry pul

akymynyň düzüm bölümleriniň üýtgetmegi sebäpli üýtgeýär. Meýilleşdirilen balans gysga möhletleýin aktiwler we borçnamalar babatda aýratyn gyzyklanma döredýär.

Balansy düzmek üçin aktiwleriň we passiwleriň düzüm bölümleriniň ählisiniň üýtgetmelerini seljermeli. Algydarlaryň we bergidarlaryň üýtgetmelerini alyjylar we üpjün edijiler boýunça seljermeli.

Materiallaryň hereketleri gelip gowuşýan we önümçilige çykarylýan materiallarynyň netijesi hökmünde hasaplanyp jemlenýär. Materiallar kabul edilende we elektrik energiýa, ýangyçlar, işgärler ulanylanda, goşmaça harajatlar hasapdan öçürilende we taýýar önüm tabşyrylanda tamamlanmadyk önümçilik üýtgeýär.

Önümçilikden önüm kabul edilende, harytlar satyn alnanda (söwda kärhanalar üçin), alyjylara önüm ugradylanda hem-de barter ylalaşyga laýyklykda alnanda ýa-da satylanda taýýar önümleriň ammardaky görkezijileri üýtgeýär.

Peýda we zyýan meýilleşdirilende çykdajylaryň dogry hasaba alnyşy ilkinji meseleleriň biri bolup durýar.

Pul serişdeleriniň akymlarynyň býujetinde ähli girdejiler we çykdajylar pul görnüşinde çeşmeler boýunça hasaba alynýar.

Girdejileriň we çykdajylaryň esasy toparlary barada maglumatlar indiki sahypalarda berilýär.

Pul serişdelerleriniň akymynyň esasy gözegçilikde saklanýan häsiýetnamasy pul serişdeleriniň galyndysynyň (hasaplaşyk hasabynyň we pulhananyň) oňaýly bolmagydyr. Eger pul serişdeleriniň galyndysy bellibir döwre oňaýsyz bolsa, onda munuň ýaly meýilnama amala aşyrylmaýar we pul serişdeleriniň akymlaryny üýtgetmek üçin degişli çäreleri geçirmek talap edilýär.

Jemlenilen maliýe meýilnamasy (Masterbudget) kärhananyň (kompaniýanyň) düzüm bölümleriniň tabşyrylan we jemlenilen meýilnamalary esasynda düzülýär. Jemlenen meýilnama meýilleşdirilen balansy (Budgeted Balance Sheet); peýda we zyýan hakynda meýilleşdirilen hasabaty (Budgeted Income Statement); pul serişdeleriniň hereketleri barada meýilnamany (Cash Flow Budget) öz içine alýar. Şol resminamalar görnüşi boýunça doly hasabat bilen gabat gelýärler. Bu ýagdaý öz wagtynda seljeriş işlerini amala aşyrmaga we gerek wagtynda degişli çäreleri geçirmäge mümkinçilik döredýärler.

Kärhana işiniň meýilleşdiriş resminamasy hökmünde telekeçilik meýilnamasy çykyş edýär. Ol önümçilik we täjirçilik işlerini meýilleşdirilmegiň esaslaryny öz içine alýar. Telekeçilik meýilnamasynda maliýe – hojalyk işlerinde goýulýan meseleleri çözmek üçin ulanmaly usullar, bolup biljek töwekgelçilikleriň seljermesi beýan edilýär.

Telekeçilik-meýilnamasy maýa goýum taslamasynyň doly ulgamlaýyn bahalandyrylmagyny öz içine alýar. Ol maýa goýumynyň öň ýanyndaky döwrüni tamamlaýar we şol sebäpli resminama goýum we önümçilik tapgyrlarynda maýa goýumlaryny dolandyrmagyň guraly bolup çykyş edýär.

Telekeçilik-meýilnamasynyň düzülmegi şu okuw kitabynyň 2.3.2-nji şekilinde görkezilen maksatlar üçin amala aşyrylýar.

**2.3.2-nji şekil. Telekeçilik-meýilnamasynyň düzülmeginiň maksatlary**

| |
|---|
| Maýa goýum taslamalary amala aşyrmak |
| Aýry täjirçilik amallary amala aşyrmak |
| Gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarmak |
| Maliýe çökgünlikden çykmak |
| Dolandyryş subýektiniň geljekki ösüşlerini anyklamak |
| Gaýtadan guramaçylyk çäreleri geçirmek |

Telekeçilik meýilnamasynyň tipli düzümini şu okuw kitabynyň 2.3.3-nji şekilinden görmek bolar.

**2.3.3-nji şekil. Telekeçilik-meýilnamasynyň nusgalyk düzümi**

| |
|---|
| Giriş (rezýüme) |
| Teklibiň gysga manysy |
| Bazaryň barlanyp öwrenilişi |
| Önümçiligiň guralyşy (strategiýasy) |
| Guramaçylyk-dolandyryş meýilnamasy |
| Maliýe meýilnamasy |
| Netije |

2.3.3-nji şekilde görkezilen girişde maýa goýum taslamasynyň gysga esasy manysy beýan edilýär. Girişiň maksady taslama goşulmak üçin maýa goýujylaryň ünslerini çekmek, taslama garaýyşlaryny bilmek we onuň netijeliligini ynandyrmakdyr.

Girişde dolandyryş subýektiniň esasy alamatlary (rekwizitleri), taslamanyň düýp manysy, ony amala aşyrmakdan garaşylýan netijeler, talap edilýän maýa goýumlar, garaşylýan netijelilik, töwekgelçilikler we maýa goýumlarynyň yzyna gaýdyp gelmeginiň kepilleri barada maglumatlar bolmalydyr. Giriş (rezýüme) telekeçilik meýilnamasyny açyp berýär, emma özi telekeçilik meýilnamasynyň soňky tapgyrynda taýýarlanylýar.

Maliýe meýilnamasy telekeçilik-meýilnamasynyň esasy bölümi bolup çykyş edýär. Ol telekeçilik meýilnamasynyň iň soňky tapgyry bolup, şol bir wagtyň içinde onuň maliýe taýdan dogrulygyna we ykdysady taýdan netijeliligine baha berýär. Telekeçilik meýilnamasynyň maliýe bölümi öz içine 2.3.4-nji şekilde görkezilen resminamalary alýar.

**2.3.4-nji şekil. Telekeçilik-meýilnamasynyň maliýe bölüminiň öz içine alýan resminamalary**

| **Satuwlaryň möçberiniň çaklamasy** | | |
|---|---|---|
| Girdejileriň we çykdajylaryň çaklamasy | Taslama boýunça pul akymlaryň we tölegleriň hereketde (dinamikada) çaklamasy | Netijelilik görkezijeleriniň hasaby |

Maliýe meýilnamasy taslamany düzmek, amala aşyrmak we ykdysady netijeliligini subutlandyrmak üçin ulanylýar.

## Barlag soraglary

1. Maliýe meýilleşdiriş işleri diýlip nämä düşünilýär?
2. Dünýä bellli maliýe reýting agentlikleri haýsylar?
3. Iň ýokary we iň pes maliýe reýtingleri haýsylar?
4. Maliýe menejerler uzak möhletli maliýe meýilnamalary düzenlerinde haýsy soraglara jogap tapmalydyrlar?

5. Bazarlaryň we maliýe bazarlarynyň haýsy görnüşleri bar?
6. Maliýe menejerleriniň marketing babatynda ýerine ýetirýän wezipeleri haýsylar?
7. Nyrhyň düşünjesi we görnüşleri haýsylar?
8. Nyrh haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
9. Nyrh syýasatlarynyň görnüşleri haýsylar?
10. Nyrhlara haýsy daşky ýagdaýlar täsir edýärler?
11. Nyrhlara haýsy içki ýagdaýlar täsir edýärler?
12. Dolandyryş subýektiniň maliýe meýilnamasy düzülende haýsy maksatlar göz öňünde tutulmaly?
13. Telekeçilik-meýilnamasynyň tipli düzümi haýsy maglumatlary öz içine almaly?
14. Telekeçilik-meýilnamasynyň maliýe bölümi öz içine haýsy resminamalary alýar?

6. Sargyt № 3078

# III BAP

## MALIÝE MENEJERLERINIŇ SYÝASATY

### 3.1. Döwletiň maliýe dolandyryş syýasaty

Maliýe syýasaty döwletiň ykdysady syýasatynyň düýp özenidir. Maliýe syýasaty oýlanyşykly alnyp barlanda ykdysadyýet ösüp başlaýar. Oýlanyşyksyz maliýe syýasatlar bolsa, köplenç, maliýe çökgünliklere getirýär.

**Maliýe syýasaty** – bu ykdysadyýeti kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamydyr. Maliýe syýasaty döwlet, pudak, kärhana, maşgala we şahsyýet derejelerinde geçirilip bilner. Maliýe ugrundan alyp barylýan syýasat ylmy taýdan esaslandyrylmalydyr.

Her döwletiň, pudagyň, kärhananyň öz maliýe syýasaty bolmaly. Ykdysady edebiýatlarda maliýe syýasaty maliýe strategiýasy we maliýe taktikasy diýen iki topara bölünýär.

**Maliýe strategiýasy** – uzak möhlete gönükdirilen syýasatdyr.

**Maliýe taktikasy** bolsa bellibir döwrüň syýasatyny öz içine alýar.

Maliýe syýasaty, esasan, maliýe mehanizminiň üsti bilen amala aşyrylýar.

Maliýe mehanizmi ýurduň ykdysadyýetini herekete getirýän, ösdürmek üçin şert döredýän maliýe höweslendirmeleriň, jerimeleriň, kadalaryň, tärleriň we usullaryň jemidir.

Maliýe mehanizmi hojalyk mehanizminiň bir bölegidir. Hojalyk mehanizmi–bu önümçiligiň dolandyrylyşyny gurnamak üçin ykdysady guraly, hojalyk hukuklarynyň, kadalaryň, usullaryň jemidir.

Maliýe mehanizmi býujet, salgyt, nyrh, karz, maýa goýum mehanizmleriniň jemi hökmünde hojalyk mehanizminiň içerki bölegi bolup durýar.

Hojalyk mehanizminiň düzüminde maliýe syýasatynyň ornuny 3.1.1-nji şekilden görmek bolýar.

**3.1.1. şekil. Hojalyk mehanizmiň düzüminde maliýe syýasatlaryň orny**

Hojalyk mehanizmi

↓

Maliýe mehanizmi

↓

Döwletiň maliýe syýasaty

↓

Pudagyň maliýe syýasaty

↓

Kompaniýanyň maliýe syýasaty

↓

Kompaniýanyň maliýe strategiýasy

↓

Kompaniýanyň maliýe taktikasy

Döwlet derejesinde maliýe syýasatynyň ýöredilmegi ykdysadyýetiň köp böleginiň kämilleşdirilmegini öz içine alýar. Kämilleşdirmäge býujet, pul, nyrh, karz, salgyt, maýa goýum gatnaşyklary degişlidir. Ýurduň hojalyk maliýe ýagdaýyna düýpli seljeriş işleri geçirilýär.

Döwletiň maliýe syýasaty öndüriji güýçleriň ösmegine mümkinçilik berer ýaly, önümçilik gatnaşyklary kämilleşdirmäge gönükdirilip, ilat sanynyň ösüş depgininden ugur alynmalydyr. Mundan başga-da, uzak döwürleýin we gündelik meýilnamalar ýurduň öňünde goýlan ykdysady maksatlary çözmäge gönükdirilýär. Maliýe syýasatyny amala aşyrmak üçin, ol anyk çäreler bilen berkidilýär.

Maliýe syýasatynyň esasy ugry maliýe gorlaryny artdyryp, olary netijeli ulanmakdyr. Maliýe serişdeleri ilki bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny deňagramly ösdürmek üçin gönükdirilmelidir. Ykdysadyýeti ösdürmek netijesinde hem-de býujetiň ornuny ýokarlandyrmak bilen halkyň durmuş hal-ýagdaýyny ýokary derejelere ýe-

tirmäge çalyşmaly. Maliýe syýasaty alnyp barlanda ýurduň öňünde duran her bir taryhy tapgyrdan ugur alynýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanda amala aşyrylýan maliýe syýasaty Türkmenistanyň durmuş – ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyndan ugur alýar. Şol milli Maksatnamanyň esasy maksatlary şu okuw kitabynyň 3.1.2-nji şekilinde görkezilendir.

**Milli Maksatnamanyň wezipeleri:**

– milli ykdysadyýetiň innowasion ösüşini gazanmak, serişde we energiýa tygşytlaýan, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürýän ýokary öndürijilikli pudaklary we önümçilikleri döretmek;

– ýangyç-energetika, himiýa, dokma, agrosenagat toplumlarynyň pudaklaryny ösdürmegiň hasabyna ýurduň eksport mümkinçiligini artdyrmak;

**3.1.2-nji şekil. Milli Maksatnamanyň esasy maksatlary**

| |
|---|
| Depginli ykdysady ösüşi gazanmak |
| Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini diwersifikasiýalaşdyrmak |
| Ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesini düýpli ýokarlandyrmak |
| Bazar-ykdysady we institutional özgertmeleri çuňlaşdyrmak |
| Ýurduň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmak |

– durmuş ulgamynda hyzmatlary hil taýdan kämilleşdirmegiň netijesinde, adamyň ruhy taýdan ösüşiniň ýokary derejelerde bolmagyny üpjün etmek;

– halkara ykdysady ulgamlaryna goşulyşmagy çaltlandyrmak we kämilleşdirmek;

– bazar ykdysadyýetiniň ösen institutlaryny döretmek;

– öndüriji güýçleri rejeli peýdalanmagyň netijesinde, sebitleriň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň düýpli özgerdilmegini gazanmak bolup durýar.

Milli maksatnamanyň ýerine ýetirilmeli möhleti we tapgyrlary şu okuw kitabyň 3.1.3-nji şekilinde görkezilendir.

Maliýe strategiýasyna esaslanyp, kärhanalar maýa goýumlarynyň syýasatyny, nyrh syýasatlaryny işläp taýýarlaýarlar. Maýa goýumlar kärhananyň ýöriteleşdirilişine görä goýulmalydyrlar. Dolandyryş

subýektiniň ýöretileşdirilmegi uzak möhletlere meýilnamalaşdyrylýar we amalyýetde uly üstünliklere eltýär.

**3.1.3-nji şekil. 2012-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamanyň ýerine ýetirilmeli tapgyrlary**

| |
|---|
| 1-nji tapgyr: 2011-2015-nji ýyllar |
| 2-nji tapgyr: 2016-2020-nji ýyllar |
| 3-nji tapgyr: 2021-2030-njy ýyllar |

2011-2015-nji ýyllar aralygynda ýurdumyzyň pul-karz we býujet syýasatynyň esasy maksady jemi içerki önümiň (JIÖ) ýylda ortaça ösüş depginini bellenen derejelerde (9,5%) saklamak, makroykdysady durnuklylygy we makroykdysady ösüşiň esasy görkezijileriniň üýtgemegini öňünden duýmagy we puluň hümmetsizlenme derejesini düýpli peseltmegi üpjün edýän maliýe-bank syýasatyny işläp düzmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

Geljekde Döwlet býujetiniň uzak möhletleýin möhüm durmuş-ykdysady meseleleri çözmegiň guraly hökmünde ähmiýeti saklanyp galar.

2011-2015-nji ýyllarda ýurduň töleg balansynyň makroykdysady durnuklylygy has-da ýokarlanar. Importyň eksportdan az bolmagy walýuta serişdeleriniň toplanmagyny üpjün eder. Şol bir wagtda, tebigy gazyň, nebit we dokma önümleriniň eksportyndan alynýan girdejileriň möçberi ýurduň töleg balansynyň ösüşine täsirini ýetirer. Potratçylyk işinde ýerli gurluşyk edaralarynyň paýynyň ýokarlanmagy gurluşyk hyzmatlary üçin walýuta çykdajylarynyň peselmegine getirer. 2011-2015-nji ýyllarda söwda we dokma toplumlarynda amala aşyrylýan ulag hyzmatlarynda walýuta serişdelerini tygşytlamak göz öňünde tutulýar.

Bu şertlerde makroykdysady syýasatyň maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak şu aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barlar:

2015-nji ýyla çenli döwürde puluň hümmetsizlenme derejesini 4%-e çenli peseltmek göz öňünde tutulýar. Bu milli manadyň hümmetini durnukly saklamagyň, konserwatiw pul-karz syýasatyny ýöretmegiň, býujetiň deňagramlylygyny saklamagyň, şeýle hem sarp

ediş bazarlarynda harytlaryň we hyzmatlaryň hödürlenmesini islege garanyňda ýokary depginler bilen ösdürmegiň hasabyna alnyp barlar. Nyrhlaryň we tarifleriň durnukly saklanmagynda olaryň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýan böleginiň üýtgemegi aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolar;

– ykdysadyýetiň pula bolan islegini üpjün etmekde täze pul-karz gurallaryny ulanmaga geçiler. Ykdysadyýetiň ösdürilmegi we milli süýşürintgileriň köpelmegi pula bolan islegiň artmagyna getirer. Munuň netijesinde, pullaşmak koeffisiýentini 2015-nji ýylda 20%-e çenli ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykar. Şonda, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň goýýan göterim derejeleriniň we onuň pul bazaryny kadalaşdyrmak we puluň hümmetsizlenmegini peseltmek boýunça açyk bazarda geçirýän amallarynyň ähmiýeti has-da ýokarlanar;

– salgyt ulgamynyň ykdysadyýetiň ösüşine ýetirýän höweslendiriji täsirini ýokarlandyrmak hem-de onuň fiskal wezipesini ýerine ýetirmegini durnukly saklamak, salgyt syýasatyny we salgydy ýygnamagyň düzgünlerini yzygiderli kämilleşdirmek arkaly amala aşyrylar;

– döwlet çykdajylary ulgamlaýyn we institusional çäklendirmeleri aradan aýyrmaga we ykdysadyýetiň innowasion ösüşine şertleri döretmäge gönükdiriler.

Bu ugurdan Döwlet býujetiniň harajatlarynyň durmuş ösüşine gönükdirilýän böleginiň JIÖ bolan gatnaşygynyň göterim derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak maksat edilýär. Ýurduň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmak býujetden maliýeleşdirilýän döwlet maýa goýumlarynyň JIÖ-niň 5%-i möçberinden köp bolmagyny talap edýär. Döwlet býujetinden goýberilýän maýa goýumlarynyň esasy bölegi durmuş we inženerçilik ulgamlaryny ösdürmekde ulanylar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» amala aşyrylmagynyň netijesinde, 15 ugur boýunça maýa goýum işleri ýokary depginde alnyp barlar.

Türkmenistanyň bank ulgamyny orta möhletlerde ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary şu aşakdakylardan ybarat bolar:

– bank ulgamynyň aktiwleriniň depginli ösüşi gazanylar, olary ulanmagyň netijeliligi düýpli ýokarlandyrylar;

– ýurduň bank ulgamynyň işi halkara derejelerine göteriler, hormatly Prezidentimiziň transmilli taslamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagynda bank hyzmatlary bökdençsiz amala aşyrylar;

– ilatyň, maýa goýumçylaryň, şol sanda daşary ýurt maýa goýumçylarynyň bank ulgamyna bolan ynamy berkidiler, goýumlaryň, ilkinji nobatda, möhletli goýumlaryň möçberi düýpli artdyrylar;

– ýurduň pul toplumynyň düzümi kämilleşdiriler, onda nagt pullaryň paýy yzygiderli aşakladylar, talap edilýänçä we möhletli pul serişdeleriniň paýy ýokarlandyrylar;

– nagt pullaryň bankomatlardan berilýän bölegi düýpli artdyrylar, söwdada we hyzmatda döwrebap töleg terminallaryny oturtmagyň netijesinde, plastik kartlary ulanmak arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap ulgamy dörediler;

– bank karzlarynyň möçberi yzygiderli we ýokary depginler bilen artdyrylar we olaryň düzümi kämilleşdiriler, milli manadyň hümmetiniň berkemegi bilen, karzlaşdyrmagyň telekeçiler üçin kesgitlenen göterim derejeleri yzygiderli aşakladylar. Karzlaryň düzüminde uzak möhletli karzlaryň, olarda bolsa ýerli, ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýy düýpli artdyrylar;

– bank ulgamynyň ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegi, ilkinji nobatda, edara görnüşli taraplar bilen işleşmek derejesi kämilleşdiriler, bu ugry karzlaşdyrmagyň möçberi düýpli artdyrylar;

– bank ulgamynyň sebitler boýunça ösüş derejesi, hyzmatlarynyň hili we görnüşleri, aýratyn-da, hormatly Prezidentimiziň transmilli taslamalarynyň özleşdirilýän ýerlerinde halkara derejelerine laýyk ýola goýlar.

Türkmenistanyň 2011-2015-nji ýyllarda innowasiýa syýasatynyň esasy maksady önümçiligiň tehnologiki derejesini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak bilen bagly bolar.

Şu döwürde innowasiýa işjeňligi döwlet tarapyndan goldanar we höweslendiriler. Dünýäniň ösen döwletlerinde innowasiýa işjeňliginiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy ykdysady ösüşiň wajyp guraly, milli ykdysadyýetiň uzak möhletleýin bäsleşige

ukyplylygynyň aýgytlaýjy girewi we ilatyň maddy hal-ýagdaýyny durnukly ýokarlandyrmagyň esasy şerti hökmünde ykrar edilendir.

Türkmenistanda innowasiýa babatynda döwlet tarapyndan täsir ediş çäreleri göni we gytaklaýyn häsiýetde bolar. Olaryň özara gatnaşygy ýurtda emele gelen ykdysady ýagdaýa we şunuň bilen bilelikde saýlap alnan döwlet kadalaşdyrmasynyň konsepsiýasyna baglylykda bolar.

Döwletiň innowasiýa syýasaty babatynda esasy wezipeleri birinji tapgyrda şu okuw kitabyň 3.1.4-nji şekilinde görkezilendir.

**3.1.4-nji şekil. Türkmenistanyň 2011-2015-nji ýyllarda innowasiýa syýasatynyň esasy wezipeleri**

| |
|---|
| Innowasiýa işjeňligini çaltlandyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak |
| Ýurduň innowasiýa kuwwatlylygyny saklamak we baýlaşdyrmak boýunça şertleri döretmek |
| Innowasiýa infrastrukturasyny döretmek we onuň ösüşine ýardam etmek |
| Innowasiýa işjeňligi bilen meşgullanjak hünärmenleri taýýarlamak |

2011-2015-nji ýyllarda Türkmenistanda döwlet innowasiýa syýasatynyň esasy ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybarat bolar:

– ýurduň ykdysadyýetini innowasiýa ösüş ýoluna kem-kemden gönükdirmek, innowasiýa işjeňligini ýokarlandyrmagyň bazar mehanizmlerini mümkin boldugyça doly ulanmak;

– ýurduň ylmy-tehniki kuwwatyny netijeli ulanmak. Dünýä derejesindäki uniwersitetleri hem-de ylmy-gözlegler we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň öňdebaryjy ulgamyny döretmek üçin, uniwersitet ylmyny ösdürmek;

– ylmy-gözlegler we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň döwlet tarapyndan ileri tutulýan ugurlaryny grantlaryň esasynda maliýeleşdirmek. Ylmyň ileri tutulýan ugurlaryny Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy kesgitleýär;

– milli ösüş üçin zerur bolan we ýerli şertlerde synagdan geçirilen netijeli daşary ýurt tehnologiýalaryny ulanmak;

– innowasiýa işjeňligine gatnaşýan ähli hojalyk birlikleriniň kanunyň öňünde deňligini üpjün etmek;

– intellektual eýeçiligiň birlikleriniň hukuk goraglylygyny üpjün etmek, ony girdeji çeşmesi hökmünde ykrar etmek;

– innowasiýa işjeňliginde çeýe karz, salgyt we gümrük syýasatlaryny alyp barmak.

Dolandyryş subýektiniň maliýe taktikasy möwsüme, belli wakalara baglydyr. Şol taktikanyň esasynda kärhanalar bellibir möwsüme taýýarlanyş işlerini geçirýärler. Mysal üçin, täze möwsümiň öň ýanynda ýyladyş enjamlary ýa-da howa sowadyjylary bejermek üçin pul serişdelerini toplaýarlar.

Salgyt syýasaty – bu döwlet tarapyndan salgyt hakynda geçirilýän çäreleriň ulgamydyr. Salgyt syýasaty döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölegidir.

Döwletiň salgyt syýasaty häzirki döwürde ýokarda görkezilen milli Maksatnama esasynda alnyp barylýar.

Maliýe menejereleriniň nyrh syýasatlary baradaky maglumatlary bilen şu okuw kitabynda ýokarda tanşyp geçipdik.

## 3.2. Maliýe menejeriniň uzak we gysga möhletli syýasatynyň düşünjeleri we olaryň ähmiýeti

Mikro derejede geçirilýän maliýe syýasaty döwletde hereket edýan Kanunlara laýyklykda ykdysady-maliýe gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegini öz içine alýar. Kanunlaryň çäklerinde maliýe syýasatyny ýöredip, menejer pul, karz serişdelerini tygşytly (netijeli) ulanmagy, nyrhlaryň we salgytlaryň Kanunyň çäklerinde amatly (ýiti) ulgamyny tapmagy başarmalydyr.

Dolandyryş subýektleriniň maliýe menejerleri maliýe strategiýasyny döwletiň maliýe syýasatyna esaslanyp düzmelidirler. Ýurdumyzda olar maliýe strategiýasyny mälim bolşy ýaly Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyna esaslanyp düzýärler.

Täze ykdysady strategiýa maliýe mehanizmini kämileşdirmäge gönükdirilendir.

Maliýe strategiýasyna esaslanyp, kärhanalar maýa goýumlarynyň

syýasatyny, nyrh syýasatlaryny işläp taýýarlaýarlar. Maýa goýumlar kärhananyň ýöriteleşdirilişine görä goýulmalydyr. Kärhananyň ýöritileşdirilmegi uzak möhletlere meýilnamalaşdyrylýar we tejribede uly üstünliklere eltýär.

Subýektiň maliýe taktikasy möwsüme, belli wakalara baglydyr. Şol taktikanyň esasynda kärhanalar bellibir möwsüme taýýarlanyş işlerini geçirýärler. Mysal üçin, täze möwsümiň öň ýanynda geçýän möwsümiň harytlaryny çaltrak ýerleşdirmäge synanyşýarlar, gelýän möwsümiň harytlaryny satyn alýarlar, olaryň gorlaryny artdyrýarlar, ýyladyş enjamlaryny ýa-da howa sowadyjylaryny bejermek (satyn almak) üçin maliýe hereketleri amala aşyrýarlar.

Maliýe syýasatynyň täsirini artdyrmak maksady bilen maliýe meýilnamalaşdyrylyş, dolandyryş, maksatly pul gaznalar, kadalar, maliýe kanunçylygy, höweslendirmeler, jerimeler, ätiýaçlyk serişdeler we beýleki maliýe gurallary ulanylýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda – türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ýyl-ýyldan ýokarlandyrmakda uly işler durmuşa geçirilýär. Şol maksada ýetmek üçin hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyla çenli döwür üçin strategiýasyny işläp taýýarlady we şol uzak möhletleýin meýilnama häzirki wagtda üstünlikli ýerine ýetirilýär.

Häzirki döwürde döwletiň maliýe syýasaty onuň maliýe mehanizmini kämileşdirimegine gönükdirilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda maliýe syýasaty döwletiň we halkymyzyň bähbitlerinden ugur alyp, düýpgöter özgerdi. Türkmenistan ykdysady taýdan hem doly garaşsyzlyk gazandy. Bu wezipäni çözmekde maliýe syýasatynyň ähmiýeti uludyr. Şeýlelikde, Türkmenistanda maliýe ulgamlary düýpgöter täzeden guruldy. Türkmenistanyň maliýe ulgamyna Döwlet býujeti, döwlet tarapyndan döredilýän dürli maksatly pul gaznalary, ýerli maliýe ulgamlary, döwlet kärhanalarynyň, hususy kärhanalaryň gaznalary we korporasiýalaryň, paýdarlar we bilelikdäki kärhanalaryň maliýesi, maliýe institutlary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, döwlet karzy we ş. m. girýär.

Bazar ykdysadyýeti hususy eýeçilige esaslanýar. Dünýädäki ähli kärhanalaryň 50-60 göterimi paýdarlar (aksioner) kärhana-

larydyr. Olar paýnama çykaryp we ýerleşdirip, öz maliýe serişdelerini (aktiwlerini) emele getirýärler. Ösen ýurtlarda bankyň ýetmezçiligi (defisiti) örän uludyr. Mysal üçin, ABŞ-nyň federal birleşiginiň 20 göterime golaýy defisit bolup, ol gymmatly kagyzlary çykaryp ýerleşdirmek arkaly ýapylýar. Bu ýagdaý beýleki ösen döwletlerde hem şunuň ýalydyr. Netijede, Ýer ýüzünde 70 trillion ABŞ-nyň dollaryndan köpräk möçberde gymmatly kagyzlar dolanyşykda bolup, alnyp satylýar.

Paýnamalaryň girdejiligini görkezýän görkeziji DOW-JONS indeksidir. Ösen ýurtlarda täjirçilik banklary döwlet eýeçiligine degişli däldir. Bu banklaryň işinde näsazlyklar döräp başlady. Ipoteka karzlary ummasyz möçberde berlip, olaryň gaýdyp üzlüşilmeginde meseleler emele geldi. DOW-JONS indeksi pese gaçyp başlady, çünki paýdarlar kärhanalarynda maliýe çeşmeleri ýetmänsoň, önümçilik örän pese gaçdy. Käbir zawod-fabrikler togtadylýan ýagdaýyna ýetdi.

Täjirçilik banklarynyň işini döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykdy. ABŞ-da 700 milliard dollardan hem köpräk, Germaniýada 400 milliard ýewrodan köpräk, Fransiýada şondan gowrak serişdäni maliýe çökgünliginden çykmak üçin, görkezilen döwletler tarapyndan kepilnamalar berlip kömek edildi.

Biziň ýurdumyzdaky täjirçilik banklarynyň köpüsi döwlet eýeçiligindedir. Döwlet goýumçylary kepillendirýär.

Bizde telekeçiligi ösdürmek üçin oňaýly şertler döredilendir. Mysal üçin, harajatlary pes edara görnüşli tarap bolmadyk we edara görnüşli hususy telekeçilerden alynýan salgytlaryň möçberi örän pes derejededir. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hereket edýän kärhanalaryň esasy salgytlar, ýygymlar, paçlar, tölegler boýunça kanun arkaly ýeňilliklerden peýdalanýandyklaryny muňa mysal getirmek bolar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryny ösdürmek üçin düýpli maýa goýumlar uly möçberlerde göz öňünde tutulýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça maslahatynyň (UNCTAD) 2013-nji ýylyň başynda çap edilen «2012-nji ýyl üçin dünýä maýa goýumlary hakyndaky» çykyşyna laýyklykda, Türkmenistan göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň sanawynda ýurtlaryň ilkinji onlugyna çykmagy başardy. Maglumatlarda bellenilip geçilişi

ýaly, olaryň möçberi ýurdumyzyň Jemi içerki önüminiň 15,6 %-ne barabar boldy.

Gysga möhletleýin (gündelik) maliýe meýilnamalandyryş işleri geçirilende önümiň görnüşleri (assortimenti), ýerleşdirilişi we paýlanylyşy, mahabatlandyrylyşy we satuwlaryň gyzyklandyrylmagy, maliýe netijeleri we işgärler bilen üpjünçiligi meýilnamalaşdyrylýar.

## 3.3. Uzak möhletli maliýe syýasatynda maýalaryň we nyrh syýasatynyň orny

Uzak möhletleýin maliýe meýilnamalandyryş işleri geçirilende şu okuw kitabynyň 3.3.1-nji şekilinde görkezilen meseleler çözülýär.

3.3.1-nji şekilde görkezilen işler amala aşyrylanda häzirki zaman usullary, şol sanda kontrolling we inženiring usullary ulanylýar.

**3.3.1-nji şekil. Uzak möhletleýin maliýe meýilnamalandyryş işleriň netijesinde çözülýän meseleler**

| |
|---|
| Uzak möhletleýin döwürlere bellenilen peýdanyň we düşewüntliligiň derejeleriniň üpjünçiligi |
| Önümçilik kuwwatlylygyň netijeli ösüşi |
| Ýerleşdirmegiň täze bazarlaryny tapmak meseleleri |
| Dünýä bazaryna çykmak we ş.m. |

Maliýe maksatnamasynyň uzak möhlete çaklanylmagynda geljekki nyrhlaryň çaklanylmagy uly orun tutýar. Bazar ykdysadyýetinde kärhanalar – nyrh boýunça uzak möhletleýin syýasaty ýöretmelidirler. Kärhanalar uzak möhletleýin dürli syýasatlary ýöredip bilerler. Kärhanalaryň uzak möhletli maliýe çaklamalary döwletiň maliýe, býujet, pul, karz, nyrh we salgyt syýasatyna esaslanmalydyrlar.

**Nyrh syýasaty** – bu nyrhy kesgitlemek boyunça bazardaky standart tertipleriň ulgamydyr. Nyrh syýasaty ýiti bolmalydyr we ýagdaýa görä üýtgemelidir.

Türkmenistanyň maliýe syýasaty türkmen milletiniň taryhyna, başga döwletleriň tejrebisine we ýurdumyzyň içerki aýratynlyklaryna esaslanýar.

Maliýe meýilnamasynyň uzak möhlete çaklanylmagy kärhananyň maliýe tarapyndan ösüşini görkezýär. Ol şu okuw kitabynyň 3.3.2-nji şekilinde görkezilen tapgyrlary öz içine alýar.

**1. Maýalarda zerurlygy anyklamak** uzak möhletli maliýe çaklamalarynda ilkinji ädimdir. Bu karzlary saýlap -seçmäge, olary almagyň möhletlerini kesgitlemäge we kärhananyň düşewüntliligine baglylykda öz we çekilen maýalary paýlap goýmaga mümkinçilik berýär.

Maýalaryň zerurlygyny anyklamak dolanyşyk we esasy serişdeler boýunça aýry-aýrylykda geçirilýär we önümçiligi giňeltmek, durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak üçin zerur bolan maliýe serişdeleri hasaplananda statistiki maglumatlar ulanylýar.

**3.3.2-nji şekil. Uzak möhletleýin maliýe çaklamalarynyň işiniň öz içine alýan tapgyrlary**

| |
|---|
| Maýalarda zerurlygyny anyklamak |
| Maýa goýumlarynyň meýilnamasyny düzmek |
| Balansyň geçginliliginiň uzak möhletli çaklamasyny geçirmek |

Dolanyşyk serişdeleriniň zerur möçberi esasy serişdeleriň umumy jemine we aýlanyşykdaky serişdeleriň dolanyşygyna baglydyr. Dolanyşyk serişdeleriniň zerur bolan möçberini anyklamak üçin aşakdaky birnäçe usullar ulanylýar.

a) Birmeňzeş kärhanalaryň balanslaryny deňeşdirmek.

Bu iň ýönekeý usulydyr. Ýöne bu usul her bir kärhananyň aýratynlygyny hasaba almaýar we şol sebäpli başga usullary ulanmagy talap edýär.

Iş ýüzünde maýalara bolan zerurlyga täsir edýän ýagdaýlaryň seljermesi geçirilýär. Başgaça aýdylanda önümçilik doly derejede işläp başlanda her gününe zerur bolan dolanyşyk serişdeleriniň möçberi hasaplanylýar. Ony hasaplamak üçin aşakdaky formula ulanylýar:

DSZM=HGÇ +G,

Bu ýerde DSZM- dolanyşyk serişdleriniň zerur bolan möçberi;

HGÇ-her günki çykdajylary;

G-gorlaryň möçberi.

b) Iş ýüzünde pul birliginiň takyk jemine hasaplanýan önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi hem geçirilýär. Bu usul öňki usuldan has çylşyrymly hem netijelidir.

**Mysal.** Dolanyşykdaky her 100 manat girdejisine hasaplanan çykdajylar: çig mal we materiallar üçin - 40 manat; gaýry çykdajylar üçin- 30 manat; könelmeler -10 manat. Çykdajylaryň jemi –80 manat.

Çig malyň we materiallaryň ammarda bolýan wagty -30 gün (üpjun edijilere tölegiň möhleti).

Önümçiligiň wagty –15 gün.

Taýýar önümleriniň ammarda bolýan wagty –10 gün

Müşderileriň tölegleriniň möhletleri – 30 gün

Jemi - 85 gün.

Hususy dolanyşyk serişdesiniň kadasy näçä deň?

**Çözülişi.** Çig mallaryň we materiallaryň her ýüz manadyna zerur boljak serişdeleri tapmak üçin 40 manady 85 güne köpeltmeli. Netijede 3400 manat çykýar.

Gaýry çykdajylara zerur boljak serişdeleri hasaplamak üçin 30 manady 55 güne köpeltmeli. Netijede 1650 manat çykýar.

Dolanyşygyň 100 manada hasaplanan maýa (dolanyşyk serişdelere) bolan zerurlygyny hasaplamak üçin 3400 manada 1650 manat goşýarys. Netijede dolanyşykdaky her bir ýüz manada 5050 manat zerur bolýar. Başga söz bilen aýdaňda seljerilýän kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň üznüksizligini saklamak üçin her bir ýüz manadyna 5050 manat möçberde hususy dolanyşyk serişdeleriniň kadasy (normatiwi) bolmaly.

**2. Maýa goýumlarynyň meýilnamasyny düzmek.** Bu meýilnama kärhananyň ähli maýa goýumlaryny gurşap alýar. Ony düzmek üçin düşewüntlilige we ähli maýa goýumlarynyň ödeýiş möhletlerine seljeriş iş zerurdyr. Bu seljermäni geçirmek üçin şu aşakdaky işler amala aşyrylýar:

– önümçilik harajatlarynyň deňeşdiriş seljermesi geçirilýär. (Onuň çäginde täze we ulanylýan enjamlaryň harajatlary deňeşdirilýär);

– peýdanyň deňeşdiriliş seljermesi geçirilýär. (Bu ýerde täze we köne enjam boýunça harajatlar we peýda deňeşdirilýär);

– düşewüntliligiň seljermesi geçirilýär.( Seljerme geçirilende täze enjamlary satyn almaga we ulanylmaga zerur bolan maýa goýumlary täze enjamlardan alnan goşmaça peýda bilen deňeşdirilýär);

– maýa goýumlarynyň ödeýiş möhleti anyklanylýar. (Bu iş geçirlende maýa goýumlarynyň dolanyşygynyň tizligi seljerilýär).

Ödeýiş möhletini anyklamak üçin amalyýetde şu deňagramlylyk formulasy ulanylýar:

ÖM= ZMG: (1ÝK+1ÝP) –,

bu ýerde, ÖM-ödeýiş möhleti;

ZMG- zerur bolan maýa goýumlary;

1ÝK- bir ýylyň könelmesi;

1ÝP- bir ýylyň peýdasy.

**3. Balansyň geçginliliginiň (likwidliliginiň) uzak möhletli çaklamasyny geçirmek.** Çaklamanyň bu görnüşi dolandyryş subýektiniň maliýe ýagdaýynyň has uzak geljegini görkezýär. Onuň esasynda ýerleşdiriş we başga meýilnamalar düzülýär.

Uzak möhletli maliýe syýasatynda maýa goýum we nyrh syýasatynyň orunlary örän uludyr. Sebäbi kärhana diňe ýiti, kämil nyrh syýasaty esasynda gowy maliýe netijeleri gazanyp biler.

Maliýe netijeleri maýanyň möçberine berk baglydyr. Maýanyň möçberi uly bolsa netijeler hem uly bolmalydyr. Emma, iş ýüzünde az möçberdäki maýa goýumlar bilen uly girdejileri gazanýanlar we köp möçberdäki maýa goýumlar bilen zyýan çekýän kärhanalar (kompaniýalar) hem duş gelýär. Ýiti maliýe syýasatlar maýanyň artmagyna, netijesiz maliýe syýasatlar bolsa maýalaryň peselmegine getirýär.

Meýilnamalaşdyrylýan işleri amala aşyrmak üçin kärhananyň maýasy ýetmedik ýagdaýda dürli serişdeleri çekmek, şol sanda uzak we gysga möhletli karzlaryň hasabyna, ýa-da täze paýdarlaryň, esaslandyryjylaryň hasabyna meýilnamalaşdyrylyp bilner.

Goçmaça pul serişdeleriniň çekilmegi uzak möhletli maliýe meýilnamalarda meýilnamalaşdyrylýar.

Uzak möhletli maliýe syýasatynyň esasynda maýalaryny artdyrýan kärhanalar bazar ykdysadyýetinde, köplenç, üstünlikli hereket edýärler.

Maýany artdyrmak üçin haýsy ugurlara goýum goýmalydygyny

öňünden gowy pikirlenmeli. Sebäbi dürli telekeçilik işleriniň netijeliligi deň däldir. Käbir ugurlara goýum edilende uly girdejiler hem peýdalar gazanylýar. Käbir ugurlara bolsa edilýän goýumlar peýda getirmän, zyýan getirýär.

Goýumlaryň netijeleri döwletiň geçirýän syýasatyna, tebigy şertlere, isleglериň we teklipleriň, walýuta kurslarynyň, nyrhlaryň üýgetmegine we başga şertlere baglydyr. Uzak möhletli maýa goýumlar üçin ähli töwekgelçilikler hasaba alynmalydyr.

## 3.4. Maliýe menejeriniň maýa goýum syýasaty

Maliýe menejeriniň iň kyn işleriniň biri haýsy ugurlara, obýektlere maýa goýup, iň ýokary derejedäki peýdany gazanyp boljak meseläni çözmekdir. Bu syýasat maýa goýujylar bilen ylalaşylyp alnyp barylmalydyr.

Käbir adamlar şeýle pikir edýär: «Pul serişdeleriň bolsa, olary goýum etmek örän aňsat».

Hakykatdan bu mesele iň kyn meseleleriň biridir. Onuň hem köp sebäpleri, şolar bilen birlikde 3.4.1-nji şekilde görkezilen sebäpler hem bardyr.

**3.4.1-nji şekil. Maýa goýumlary goýmagyň töwekgelçilikleri**

| |
|---|
| Hyrydarlygyň (islegleriň) üýtgemegi |
| Bäsdeşligiň derejesiniň üýtgemegi |
| Puluň hümmetiniň üýtgemegi |
| Walýuta kursunyň, kanunlaryň üýtgemegi |
| Beýleki töwekgelçilikler |

Maýa goýum syýasatyny ýöretmek üçin bazary, maýa goýuljak obýekti, degişli pudagy içgin öwrenmeli. Sebäbi goýlan maýa goýumlary islendik wagt yzyna almak mümkin däl.

Maýa goýumlar öňki ugurlar boýunça goýulsa-da töwekgelçiligi bar. Täze ugurlara maýa goýumlary goýmak hem howply. Şol bir wagtyň özünde täze ugurlara, innowasiýalara, täze tehnologiýalara gönükdirilen maýa goýumlar köp girdejileri getirýärler. Sebäbi bazar-

da ilkinjiler bolup goýum edýänler, köplenç, ýokary nyrhlary ulanyp, köp girdejileri gazanýarlar.

Maýa goýum syýasaty diňe maýa goýumlarynyň ugurlaryny, obýektlerini kesgitlemän, goýumlaryň çäklerini hem öz içine almalydyr.

Ähli pul serişdeleri bir ugra gönükdirmek örän howply. Şol sebäpli dürli ugurlara, obýektlere goýum etmek maslahat berilýär. Şol bir wagtyň içinde pul serişdeleri tozdurmak, ýagny gaty köp ugurlara paýlamak hem howply. Görkezilen sebäplerden ugur alyp maliýe menejeri oňaýly çäkleri tapmalydyr.

## 3.5. Maliýe menejeriniň diwidendler syýasaty

Maliýe menejerleri netijeli diwidend syýasatyny amala aşyrmalydyrlar.

**Diwidendler** – esaslandyryjylaryň arasynda olaryň goýumlaryna görä paýlanýan, ýagny kärhananyň (kompaniýanyň) gazanan peýdasynyň bir bölegi. Mälim bolşy ýaly diwidendleri tölemegiň we paýlanmagyň tertibi edara görnüşli tarapyň esasnamasynda görkezilýär.

Eger kärhananyň (korporasiýanyň) girdejiligi we peýdanyň alnyşy durnukly bolsa, onda diwidendleriň möçberleri, köplenç, artýar.

Diwidendleriň möçberleri we kärhana (korporasiýa) tarapyndan geçirilýän diwidend syýasaty, onuň bahasyny kesgitlemekde wajyp orny tutýar.

Paýdarlar diwidend tölenmegini korporasiýanyň girdejilidigini görkezýän görkezgiç hökmünde garaýarlar. Emma bu mydama dogry görkezgiç däl. Muňa garamazdan diwidendler paýnamanyň içki bahasyny hasaplamak üçin ulanylýar.

Uly möçberlerde diwidendleriň tölenmegi gaýtadan maliýeleşdirmegiň gaznalaryny azaldýar. Bu ýagdaý kärhana (korporasiýa) tarapyndan täze paýnamalaryň ýa-da obligasiýalaryň dolanyşyga çykarylmagyna, kärhananyň (korporasiýanyň) maýasynyň we düzüminiň üýtgemegine getirýär.

Görkezilen sebäplere görä maliýe menejerleri paýdarlara tölenjek diwidendleri ýokarlandyrmak ýa-da alnan girdejileri täzeden goýum etmegiň arasynda oňaýly çözgüdi çykarmagy başarmalydyr.

7. Sargyt № 3078

Diwidend syýasatyny amala aşyryp maliýe menejeri kärhananyň hal-ýagdaýyny iň ýokary derejelere ýetirip, şol bir wagtyň özünde onuň işini üznüksiz netijeli maliýeleşdirmegini üpjun etmelidir.

Kärhananyň (korporasiýanyň) girdejileriniň ösüşi, şol bir wagtyň özünde diwidendleriň ösüşine getirmeli däldir. Girdejileriň ösüşi we ösdürilen diwidendleriň aralygynda wagt bolmalydyr.

Maliýe menejeri geljekki girdejileriň ösüşlerine doly ynamy bolsa, diňe şonda diwidendleriň möçberini ösdürmelidir.

Diwidend syýasatlarynyň şu okuw kitabynyň 3.5.1-nji şekilinde görkezilen görnüşleri ulanylyp bilner.

3.5.1-nji şekilde görkezilen birinji we ikinji diwidendler syýasatynyň görnüşlerine olaryň atlaryndan düşünmek bolar.

**Ylalaşyk (kompromis) diwidend syýasaty** amala aşyrylanda diwidendler durnukly pes möçberde tölenilýär. Gowy maliýe netijeli ýyllarda bolsa her paýnama goşmaça diwidendler tölenilýär.

**Diwidendleriň galyndy syýasaty** ýöredilende ilki kärhananyň (korporasiýanyň) ahli öz maýa goýumlary boýunça bolan zerurlyklary kanagatlandyrylyp, soň bolsa diwidendler tölenilýär.

**3.5.1-nji şekil. Diwidend syýasatlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Bir paýnama durnukly girdejiler syýasaty |
| Girdejileriň içinde mydamalyk paýy bolan diwidend syýasaty |
| Ylalaşyk (kompromis) syýasaty |
| Diwidendleriň galyndy syýasaty |

Hasabat döwrüniň peýdany paýlamaklygynyň ýeňilleşdirilen şekilini gözden geçireliň. Peýdanyň bir bölegi diwidend hökmünde tölenilýär, galan bölegi bolsa kärhananyň aktiwlerinde toplanylýar, ýagny gaýtadan maýa goýumlara gönükdirilýär. Peýdanyň gaýtadan maýa goýumlara gönükdirilmegi kärhana üçin has amatly we işi giňeltmek üçin deňeşdirilende arzan görnüşi bolup çykyş edýär. Şonuň üçin, peýdanyň gaýtadan maýa goýumlara gönükdirilmegi amalyýetde giň ýaýrandyr.

Peýdanyň gaýtadan maýa goýumlara gönükdirilmegi goşmaça çykdajylardan, şol sanda täze paýnamalary we obligasiýalary çykar-

mak üçin çykdajylardan boşadýar. Bu usulyň gowy taraplarynyň biri kärhananyň emele gelen gözegçilik ulgamynyň saklanylmagydyr.

Maýa goýum taslamalarynyň düşewüntlilik derejesi maýadarlar tarapyndan garaşylýan derejesinden ýokary bolýança kärhana üçin alnan arassa peýdany ulanmak amatly bolar, ýagny ony diwidendlere sarp etmän toplamak ýa-da gaýtadan maliýeleşdirmek amatlydyr.

Diwidend tölemek syýasatynyň nazaryýetinde şu okuw kitabynyň 3.5.2-nji şekilinde görkezilşi ýaly iki sany dürli garaýyşlar (ýollar) görkezilýär.

**3.5.2-nji şekil. Diwidend tölemek syýasatlaryň nazaryýetlerine garaýyşlar**

| |
|---|
| Diwidend syýasaty paýdarlaryň maýalaryna göni täsir edenok |
| Diwidend syýasaty paýdarlaryň maýalaryna göni täsir edýär |

3.5.2-nji şekilde birinji görkezilen nazaryýete laýyklykda diwidendleriň tölenilişi maýa goýum çözgütlerine täsir edenok.

Bu nazaryýeti diwidendleriň passiw orny hakynda nazaryýeti ýa-da Modilýani we Milleriň-MM nazaryýeti atlandyrýarlar.

Modilýani we Milleriň pikirlerine görä, diwidend syýasatynyň netijeli strategiýasy ähli oňaýly taslamalaryň maliýeleşdirilmeginden soň diwidendleri hasaplamakdyr.

Modilýani-Miller diwidend syýasatynyň tarapdarlary, diwidendleriň paýdarlaryň maýalaryna bolan täsirini kabul edip, maýalaryň ösüşini diwidendleriň hasabyna düşündirmän, maglumatlaryň netijesi bilen düşündirýärler. Olaryň pikirlerine görä diwidendleriň ösüşi paýdarlary paýnamalaryň bahasyny ösdürmäge iterýär. Nazaryýetiň esasy netijesi diwidend syýasatynyň zerurlygy ýokdur. Bu nazaryýete garşydaş nazaryýetiň tarapdarlarynyň pikirlerine görä, diwidendleriň ösüşi paýdarlaryň maýalaryna göni täsir edýär. Olaryň pikirlerine görä maýadarlar töwekgelçiligi iň pes derejä getirmek üçin maýanyň ösmeginden mydama gündelik diwidendlere isleg bildirýärler (diwidendleri gowy görýärler).

Gündelik diwidend tölegleri maýa goýujylarynyň arasynda düşewüntli goýum edilendigine ynamlaryny artdyryp, paýnamalaryň bahasynyň ösmegine getirýär. Eger diwidendler tölenmeýän bolsa, onda maýadarlaryň ynamsyzlygy ýokarlanýar we paýnamalaryň bahasy pese düşüp başlaýar.

Käbir sebäplere esaslanyp (salgytlaryň täsirlerine, dolanyşyga paýnamalary çykarmak üçin goşmaça çykdajylara), diwidendleriň aktiw nazaryýetiniň tarapdarlary, diwidendleriň passiw ornunyň tarapdarlaryny tankyt edýärler. Olaryň pikirine görä görklezilen sebäpler emeli häsiýete eýedir.

Diwidend syýasatynyň zerurlygyny anyklaýan (görkezýän) täsirleri (faktorlary) şu okuw kitabynyň 3.5.3-nji şekilinden görmek bolar.

**3.5.3-nji şekil. Diwidend syýasatlaryň zerurlygyny talap edýän faktorlar**

| |
|---|
| Diwidendleri tölemek hukuk şertleri<br>(san we başga şertnamalaýyn çäklendirmeler) |
| Geçginliligiň çäklendirmeleri |
| Önümçiligi giňeltmegiň çäklendirmeleri |
| Paýdarlaryň höwes çäklendirmeleri |
| Mahabatlandyryş-maglumat çäklendirmeler |
| Gözegçiligiň zerurlygy |
| Daşky maliýeleşdirme bilen bagly çäklendirmeler |

Indi 3.5.3-nji şekilde görkezilen täsirleri (faktorlary) aýry-aýrylykda seljereliň.

Diwidendleriň hukuk şertleri: diwidendleri tölemek şertleri, san we başga çäklenmeler, köplenç, esasnamalarda we esaslandyryjylaryň şertnamalarynda görkezilýär. Şol şertleri dolandyryş subýektler hökman ýerine ýetirmelidirler. Olar ýerine ýetirilmedik maliýe dolandyryjylary hökmünde iş ýüzünde öz wezipesinden boşadylýar.

Geçginliligiň (likwidliligiň) pesligi (kemligi) bilen bagly çäklenmeler-diwidendleri tölemeli dolandyryş subýektiniň pul serişdeleri ýa-da olaryň ýerini tutup biljek başga serişdeleri bar bolanda tölenip biljegi bilen baglydyr.

Önümçiligi giňeltmek bilen bagly çäklenmeler, onuň zerurlygy ýüze çykanda diwidend tölemegi belli derejede azalýar.

Paýdarlaryň gyzyklandyrmalary bilen bagly çäklenmeler, maliýe dolandyrmagyň esasy ýörelgesi – paýdarlaryň umumy girdejisini iň ýokary derejä getirmekdir. Bu ýörelgäni ýerine ýetirmek üçin diwidendlere tölenip biljek bir bölegini geljekki girdejilere gönükdirmelidir.

Mahabatlandyryş-maglumat çäklenmeler (diwidend syýasaty barada maglumatlar) menejerler, brokerler, seljeriş işleri geçirýän hünärmenler (analitikler) tarapyndan mydama seljerilýär.

Dolandyryş subýektiniň diwidendleri tölemegiň şertnamalaýyn çäklenmeleri bolup biler. Mysal üçin, käbir karz şertnamalarynda diwidendleri tölemeklik çäklendirilýär.

Dolandyryş subýekti gözekçilikde saklamagyň zerurlygy mydama bar. Içerki maliýeleşdirme menejerlere dolandyryş subýekti gözegçilikde saklamagy giň mümkinçilikleri berýär. Emma, daşky maliýeleşdirme bilen bagly şertlerde (çäklenmelerde) dolandyryş subýektiniň sermaýa bolan bergisi ýokary bolanda peýdany, göterimleri we bergileri tölemek üçin diwidendleri saklamagyň zerurlygy ýüze çykýar .

Maýa goýujylar üçin diwidendler başga maýa goýumlar bilen deňeşdirip boljak girdejiler «diwidendleriň çykyşy» diýlip hem atlandyrylýar. Bu görkeziji has takygy – paýdarlara tölenen diwidendleriň içinde arassa peýdanyň agramyny görkezýär.

Bu gatnaşyk kärhananyň maýa goýum syýasatyna baglydyr. Diwidendleriň çykyşy diwidend tölegleri bilen we paýnamanyň bahasy bilen baglydygyny aşakdaky formula görkezýär:

$$DУ_c = \frac{Div_c}{P_c},$$

bu ýerde $DУ_c$ – gündelik diwidendleriň çykyşy;

$Div_c$ – gündelik diwidend;

$P_c$ – paýnamanyň gündelik bahasy.

Eger kompaniýa 10 dollar diwidend hökmünde töleýän bolsa (Divc) we bazarda paýnamanyň gündelik bahasy (Pc)-100 dollar bolsa, onda $ДУ_c$ – gündelik diwidend çykyşy 10 göterime barabar bolar.

Bu girdejini başga maliýe aktiwleri, şol sanda gaýry paýnamalardan ýa-da obligasiýalardan gelýän girdejileri bilen deňeşdirip bolar.

Diwidendler ýönekeý paýnamalara goýulýan goýumlaryň girdejilerini hasaplamak üçin özen bolup durýarlar. Bu işi nazaryýet boýunça Gordonyň modelini – diwidendleriň mydamalyk ösüşi modeliniň kömegi bilen amala aşyryp bolar. Bu modeliň şerti gündelik diwidendleriniň (D0) ösüşi geçen ýylyň ösüşi bilen deň derejede öser (G). Eger bu şeýle bolsa ýönekeý paýnamalaryň bahasyny hasaplamak üçin (P0) diwidendleriň ösüşiniň tizligini we garaşylýan girdejileriniň diskont derejesini hasaplamalydyr. Soňra $D_0$ ýyllyk ösüşi bilen düzediş girizmeli (korrektorowka etmeli), ýagny

$D_1 = D_0\,(1+G)$. Şonda paýnamalaryň bahasy we diskontirlenen girdejileriň derejeleri deň bolar:

$$P_o = \frac{D_1}{K_s - G}, \text{ bu ýerden } K_S = \frac{D_1}{P_o} + G,$$

bu ýerde *K*s – diskontyň derejesi;

$K_s = R_j - i$ *CAPM* modeliniň kömegi bilen hasaplap bolar. CAPM modeline laýyklykda: $R_j = i + (R_m - 1)$

Bazar girdejisi = Töwekgelçiliksiz girdeji + Maýa goýujylaryň töwekgelçilikleriniň öwezini dolmak üçin goşmaça girdeji.

Aýry paýnamalar boýunça goşmaça girdejisi umumy bazaryň paýnamalaryň bahasyndan ýokary ýa-da pes bolup biler. Paýnamanyň goşmaça girdejisiniň we diwersifision horjunyň arasyndaky arabaglanyşygyny düýpli aktiwleriň bahalandyrylmagynyň – CAPM (Capital Asset Pricing Model) modeliniň kömegi bilen tapmak bolýar. Modele laýyklykda belli gymmatly kagyza garaşylýan girdejiniň derejesi töwekgelçiliksiz we goşmaça girdejileriň jemleri ß koeffisiýente köpeldilen möçberine deňdir, ýagny

$R_j = i + ß_j\,(R_m - 1)$,

bu ýerde

$R_j$ – *j* paýnama boýunça girdejiligi;

$R_m$ – bazar horjuna girdejiligi;

*i* – töwekgelçiliksiz girdejiniň derejesi;

$ß_j$ – *j* paýnama boýunça koeffisiýenti;

$(R_m - 1)$ – töwekgelçilik üçin bazar baýragy.

Töwekgelçilik üçin baýragy – bu maýadaryň töwekgelçiliksiz goýum edip alyp biljek, koeffisiýenti bilen hasaplanýan töwekgelçiliginiň öwezini dolmak üçin tölenýän goşmaça girdejidir.

CAPM modeli aşakdakylara esaslanýar:

– maýadarlar bazarda özlerini «rasional» alyp barýar, töwekgelçiliklerden gaçyp, netijeli (doly defisirlenen) horjunlary döretmäge ymtylýarlar;

– aktiwlere erk etmegiň sikliň (döwrüň) dowamlylygy ähli maýadarlar üçin deň;

– ähli maýadarlar girdejileriň derejeleri deň bolar diýip garaşýar;

– salgytlar we şertleşikler üçin harajatlar hasaba alynmaýar;

– alynýan karzlar we çekilýän zaýomlar boýunça girdejileriň göterimleri deň;

– bazaryň geçginliligi (likwidliligi) we bölünmegi kämil derejede.

Iň kyn iş – G möçberini tapmak, ýagny diwidendleriň ösmeginiň kadasyny (normasyny) tapmak. Ol iki usul bilen tapylýar:

1. G = ROE X (1 – PR), bu ýerde $ROE = \dfrac{\text{arassa peýda}}{\text{Paýdarlaryň sermaýasy}}$;

PR ýa-da tölegleriň gatnaşygy (koeffiýsiýenti) – bu diwidend görnüşinde tölenýän girdejiniň göterimi; $RR = \dfrac{\text{Diwidendler}}{\text{Girdejiler}}$. Eger ROE = 20%, PR = 50%, bolsa onda G = 0,20 x (1 – 0,5) = 0,10 ýa-da 10%.

2. Ikinji usulyň maksady soňky ýyllarda diwidendleriň üýtgemegini sanamakdyr. Eger 5 ýyl öň diwidendleriň möçberi 3,11 dollara, häzir 5,00 dollar deň bolsa, onda 5 ýylyň içinde orta hasap bilen ösüşi: 5.00 : 3.11 = 1,67.

Diýmek, ösüş ýylda orta hasap bilen 10 göterimden ýokary.

Paýnamalaryň bahasy we diwidend syýasaty özara arabaglanyşyklydyr. Emma, anyk formula bilen bu baglanyşygy hasaplamak mümkin däl. Paýnamalaryň bahasy dürli täsirlere görä, şol sanda duýdansyz täsirleriň netijesinde üýtgäp biler.

Maliýe menejmentinde paýnamalaryň bahalaryny emeli sazlaýyş usullary ulanylýar. Olar belli şertlerde diwidendlere täsir edip bilerler.

Olara bölmek, jemlemek we paýnamalary gaýtadan satyn almak usullar degişlidir.

D.Uolteriň modeline laýyklykda maliýeleşdirmek barada netije diňe kärhananyň (firmanyň) peýda almak maýa goýujylyk ukyplylygyna baglydygyny görkezýär. Bu model şu formulada öz beýanyny tapýar: $p = \dfrac{D + \frac{r}{\rho}\ (E - D)}{\rho}$,

bu ýerde $p$ – paýnamanyň bazar bahasy; $D$ –bir paýnama hasaplanan diwidend; E – bir paýnama alnan peýda; r – maýa goýumlarynyň düşewüntliligi; $\rho$ – maýalaryň (kapitalizasiýanyň) bazar derejesi.

**Mysal.** Eger $r = 24\%$, $\rho = 20\%$, E = 4 dollar, $D = 2$ dollar bolsa, onda paýnamanyň bazar bahasy deňdir: ρ = [2 + (0.24 / 0.20) (4 – 2)] : 0.20 = 22 dollar.

Diwidend çykyşynyň oňaýly netijesini D-ni paýnamanyň iň ýokary derejesine çenli üýtgedip tapýarlar. Eger $r > \rho$ bolsa, onda D-niň oňaýly (optimal) derejesi nola deň bolmalydyr: $\rho$ = [0 + (0.24 / 0.2) (4 – 0)] / 0.2 = 24 dollar.

Diwidend çykyşynyň oňaýly (optimal) derejesi 100% -e deň bolmalydyr. Mysal üçin, r = 16%, onda ρ = [4 + (0.16 / 0.2) (4 – 4)] / 0.2 = 20 dollar.

Diýmek, paýnamanyň bazar bahasy peýdanyň doly paýlanylmagynyň hasabyna iň ýokary derejelere ýetirilip bilner. Eger r = ρ bolsa, onda paýnamasynyň bahasy diwidendleriň çykyşyna duýgusyz bolýar.

Her kärhana (kompaniýa) öz maliýe ýagdaýlaryna görä öz diwidend syýasatyny ýöretmelidir.

Diwidendleri köp töleýän kärhanalar (kompaniýalar) peýdanyň esasy bölegini sarp edip, ony giňeltmek, abzallaşdyrmak, enjamlary täzelemek işlerini geçirip bilenoklar. Şol kärhanalaryň (kompaniýalaryň) ätiýaçlandyrylmagy, dürli töwekgelçiliklerden goranmagy kynlaşýar.

Diwidendleri az töleýän kärhanalar maýadarlary ýitirip bilerler. Şol sebäpli kärhanalaryň (kompaniýalaryň) diwendleri tölemek syýasaty oýlanyşykly, köp taraplaryň bähbitlerini hasaba alýan bolmaly.

Maliýe menejeri diwidend syýasatyny durmuşa geçirende dür-

li usullary ulanyp biler. Şol sanda esaslandyryjylar bilen degişli gepleşikleri geçirip biler. Gepleşikler geçirilende alnan peýdanyň tygşytly ulanylmagyň ýollaryny subutlandyryp, geljekki peýdalaryň möçberlerini görkezmeli. Täze tehniki serişdeleriň, tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini agzamaly.

Diwidend syýasaty esaslandyryjylaryň hal, maliýe ýagdaýlaryna görä amala aşyrylýar. Maliýe serişdelere baý esaslandyryjylar dürli diwidend syýasatlaryny ýöredip bilerler. Maliýe serişdeleri az esaslandyryjylaryň mümkinçilikleri pes bolup, diwidend syýasatyna has köp üns bermelidirler.

## Barlag soraglary

1. Maliýe syýasaty nämäni aňladýar?
2. Maliýe strategiýasynyň we maliýe taktikasynyň düşünjeleri nämeden ybarat?
3. Milli maksatnamasynyň esasy maksatlary, wezipeleri we tapgyrlary nämeden ybarat?
4. Türkmenistanyň innowasion syýasaty we onuň esasy ugurlary haýsylar?
5. Maýa goýum syýasaty we onuň esaslary haýsylar?
6. Maýa goýum goýmagyň töwekgelçilikleri nämeden ybarat?
7. Maýalaryň ödeýiş möhleti nähili hasaplanylýar?
8. Uzak möhletleýin maliýe meýilnamalandyryş işler geçirilende haýsy meseleler çözülýär?
9. Maliýe meýilnamasynyň uzak möhlete çaklanylmagy kärhananyň maliýe tarapyndan ösüşiniň haýsy tapgyrlaryny öz içine alýar?
10. Diwidend almak nämäni aňladýar?
11. Diwidend syýasatynyň zerurlygyny anyklaýan faktorlar haýsylar?
12. Diwidend syýasatynyň nazaryýeti haýsy?
13. Diwidend syýasatynyň görnüşleri haýsylar?
14. Bir paýnama durnukly diwidend syýasaty haýsy?
15. Girdejileriň möçberinde mydamalyk paýy diwidend syýasaty näme?
16. Ylalaşyk (kompromis) diwidend syýasaty näme?
17. Diwidindleriň galyndy syýasaty näme?
18. D. Uolteriň modeli haýsy?
19. Modilýani-Milleriň modeli haýsy?
20. CAMP modeli haýsy?

# IV BAP

## MALIÝE MENEJERLERINIŇ MAGLUMATLAR BILEN ÜPJÜNÇILIGI

### 4.1. Makro derejede maliýe menejerleriniň maglumatlar bilen üpjünçiligi

Dolandyryş subýektiniň derejesine garamazdan, maliýe menejerleri dolandyrylýan subýekti barada maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamyny döretmelidirler.

Dünýä derejesinde şol ulgamy halkara maliýe guramalary, şol sanda Halkara pul gaznasy, Dünýä ösüş banky, Bütindünýä söwda guramasy we beýleki halkara maliýe guramalary döredýärler. Görkezilen halkara maliýe guramalara olaryň agza bolan döwletleri zerur bolan maliýe maglumatlary berýärler. Şol sanda döwletiň jemi içerki önümi, adam başyna düşýän girdejileri, býujetleriň ýetmezçiligi ýa-da profisiti, gaýtadan maliýeleşdirilmegiň we hasap göterimleriniň derejesi, söwda we töleg balanslarynyň, algy - bergileri barada we başga maglumatlary. Algylar we bergiler içerki we daşkylara bölünip berilýär.

Sebitler derejesindäki maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamyny sebitara maliýe guramalary döredýärler. Mysal üçin, Ýewropa Bileleşigi derejesinde maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamyny Ýewrokomissiýa, Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi banky, Ýewropa ösüş banky we başga guramalary döredýärler.

Döwlet derejesinde maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamyny Prezidentiň Diwany we Ministrler Kabineti döredýärler. Maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamy kanunlar, buýruklar we görkezmeler bilen tassyklanylýar. Biziň döwletimizde döwleti maliýe taýdan dolandyrmak üçin Prezidenti we Ministrler Kabineti maglumatlar bilen şular

üpjün edýär: Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Merkezi banky, Baş döwlet salgyt gullugy, Statistika baradaky döwlet komiteti we beýleki ministrlikler we pudak dolandyryş edaralary.

Pudaklar derejesinde maglumatlar bilen üpjün ediş ulgamyny ministrlikleriň we pudak dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary kesgitleýärler. Öz gezeginde olary, pudagy maliýe taýdan dolandyrmak üçin, maliýe, hasap, seljeriş we beýleki müdirlikleri we Departamentleri maglumatlar bilen üpjün edýärler.

Maliýe dolandyryş maglumatlary bilen üpjün ediş ulgamy we onuň ulanylyşy şu okuw kitabynyň 4.1.1-nji şekilinde görkezilendir.

Maglumatlar bilen üpjün ediş ulgam, subýektiň ähli maliýe ugurlary boýunça, meýilnamalaşdyryş, seljeriş işleri geçirmek we dolandyryş çözgütleri kabul etmek üçin gerekli bolan görkezijileri taýýarlamalydyr.

**4.1.1-nji şekil. Maliýe dolandyryş subýektler barada ulanyş maglumatlarynyň üpjün ediş ulgamy we olaryň ulanylyşy:**




Ykdysady edebiýatlarda dolandyrylýan subýektiň maliýe ýagdaýyny görkezýän görkezijileriň ulanýan taraplaryny daşky we içki toparlara bölýärler.

Daşky tarapdan ulanýanlaryň içinden garaşsyz auditorlary, mümkin boljak maýadarlar, karzdarlar, täjirçilik we başga banklary,

karz edaralary, salgyt-maliýe, statistiki we gaýry dowlet dolandyryş guramalary görkezip bolar.

Içki tarapdan maglumatlary ulanýanlaryň içinden ýokarky düzümleriň menejerleri, kärhananyň eýelerini, içerki auditorlary we beýlekileri görkezmek bolar.

Dolandyryş çözgütler netijeli bolar ýaly ulanylýan maglumatlar şu okuw kitabynyň 4.1.2-nji şekilinde görkezilen talaplara laýyk gelmelidirler.

Maliýe menejmenti öz işlerinde ulanylan maglumatlarynyň ulgamy döredilende pudak, hukuk-guramaçylyk, göwrüm we hojalyk işiniň diwersifikasiýasy we başga aýratyn şertleri göz öňünde tutulmalydyr.

Maliýe menejmentiniň maglumat görkezijileriniň ulgamyny ykdysady edebiýatlarda şu okuw kitabynyň 4.1.3-nji şekilinde görkezilen toparlara bölýärler.

**4.1.2-nji şekil. Maliýe dolandyryş çözgütlerde ulanylýan maglumatlar şu häsiýetlere eýe bolmaly**

| |
|---|
| Dolandyryş subýektiň hakyky ýagdaýyny görkezip, standartlara laýyk we düşnükli bolup öz wagtynda taýýarlanmaly |
| Relewantiw ( ansat saýlanýan) we deňeşdirmäge ukyply |
| Dolandyryş çözgütleri kabul ediler ýaly ýeterlik bolup netijelilige täsir etmeli. |

**4.1.3-nji şekil. Maliýe menejmentiň maglumat görkezijileriniň ulgamynyň topara bölünişi:**

**Makroykdysady görkezijiler**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Pudak görkezijileri | Maliýe bazarlaryň görkezijileri | Işdeş, bäsdeş taraplaryň görkezijileri | Maliýe hasabyň görkezijileri | Dolandyryş hasabyň görkezijileri |

## 4.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýny seljerýänleriň ulanýan maglumatlary

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek üçin, köplenç, kärhananyň iň azyndan üç ýylynyň maliýe we statistiki hasabatlary ulanylýar.

Eýeçilik we guramaçylyk düzüminiň görnüşine garamazdan, ähli kärhanalar maliýe hasabatlary düzmelidirler. Kärhanalar (guramalar) maliýe hasabatlaryny 4.2.1-nji şekilde görkezilen taraplara tabşyrýarlar.

**4.2.1-nji şekil. Edara görnüşli taraplar öz maliýe hasabatlaryny şu aşakdaky taraplara tabşyrmalydyrlar**

| |
|---|
| Döredijilere, gatnaşyjylara ýa-da döredişresminamalaryna laýyklykda emläk eýelerine |
| Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna |
| Hyzmat ediji banklara, maliýe bölümlere |
| Döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna |

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar maliýe hasabatlaryny, ýokarda agzalan edaralardan başga daşary ykdysady işleri düzgünleşdirýän döwlet edaralaryna-da berýärler.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryna, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, beýleki peýdalanyjylara maliýe hasabaty Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýän tertipde berilýär.

Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk, ýarym ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatlaryny tabşyrmagynyň möhletleri şu okuw kitabynyň 4.2.2-nji şekilinde görkezilendir. Kiçi we orta kärhanalar, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlylar, maliýe hasabatlary her çärýekde tabşyrman, her ýarym ýyl we ýyl boýunça tabşyrýarlar.

2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi ýöretmegiň maksatnamasy» kabul edildi.

Maksatnama laýyklykda, eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar (bank edaralary muňa girmeýär) 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, maliýe hasabatlarynyň we auditiň halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň we auditiň milli ulgamyna tapgyrlaýyn, şonuň ýaly-da oňa 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, doly geçirildi.

**4.2.2-nji şekil. Türkmenistanda maliýe hasabatlaryny tabşyrmagyň möhletleri**

| Edara görnüşli tarapyň hukuk guramaçylyk görnüşi | Ýarym ýyllyk, çärýeklik (hasabat döwründen soňky aýyň) | Ýyllyk (hasabat ýylyndan soňky ýylyň) |
|---|---|---|
| Kärhanalar (daşary ýurt maýa goýumly kärhanalardan başgasy) | 20-sinden gijä galman | Fewral aýynyň 1-inden gijä galman |
| Önümçilik birleşikleri | 25-inden gijä galman | Mart aýynyň 1-inden gijä galman |
| Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar | 25-inden gijä galman | Mart aýynyň 15-inden gijä galman |
| Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, jemleýji hasabatlary | Hasabat döwri geçenden soň 35 günden gijä galman | Mart aýynyň 25-inden gijä galman |

Bank edaralary 2011-nji ýyldan başlap maliýe hasabatlaryny halkara standartlaryna laýyklykda düzýärler we her ýylky düzülen maliýe hasabatlaryny halkara standartlaryna laýyklykda auditor barlaglaryndan geçirýärler.

2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda kabul edilen «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi ýöretmegiň maksatnamasyna» laýyklykda, halkara standartlar esasynda maliýe hasabatlarynyň Milli standartlary kabul edildi.

Halkara standartlarynyň doly mazmuny bilen «Международные стандарты финансовой отчетности» (1999 ýyl, Moskwa – Askeri neşirýaty) atly kitapdan tanşyp bolar. Şol kitapda maliýe hasabatlarynyň 39 sany standarty görkezilen.

Maliýe hasabatlylygynyň esasy maksatlary kärhananyň maliýe ýagdaýy, onuň işiniň netijeliligi, maliýe ýagdaýynyň üýtgeýşi barada maglumatlary bermekdir.

Maliýe hasabatlary kärhananyň işiniň ähli tarapyny açyp görkezmeýär, ol, esasan, geçen hasabat döwri barada maglumat berýär.

Kärhananyň maliýe hasabaty salgyt gullugyna öz möhletinde tabşyrylmasa, salgyt gulluklary häzirki döwürde kärhananyň

ýolbaşçysyndan we onuň baş hasapçysyndan edara ediş (administratiw) jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk möçberiniň 3 essesini olaryň şahsy pul serişdelerinden almaga haklydyrlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 29-njy noýabrynda kabul eden Permanyna laýyklykda, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, administratiw jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdary 100 manat möçberde bellenildi. Ýagny, görkezilen şahsy taraplaryň her haýsyndan 300 manat möçberinde jerime alnyp bilner. Kärhana garşy beýleki çäreler hem geçirilip bilner.

## 4.3. Maliýe hasabatynyň düzülişiniň maksatlary we sebäpleri

2012-nji ýylyň 8-nji fewralynda Türkmenistanyň Maliýe ministri Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we tabşyrmagyň tertibini (konsepsiýasyny) we maliýe hasabatlarynyň Milli standartlaryny № 12-Ö buýrugy bilen tassyklady. Şol buýruk 2012-nji ýylyň 6-njy martynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 633-nji belgi bilen bellige alyndy. Buýruga laýyklykda täjirçilik kärhanalarynyň maliýe hasabatlarynyň milli standartlary 28 sany standartdan ybaratdyr.

Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň tertibi (konsepsiýasy) «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip düzüldi.

Konsepsiýa daşarky peýdalanyjylar üçin ykdysady subýektiň (mundan beýläk – subýekt) maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň esasynda ýatýan ýörelgeleri kesgitleýär. «Ýörelge» – bu «kabul edilen ýa-da hereket etmek üçin gollanma hökmünde yglan edilen umumy kadany; ylalaşylan nukdaýnazary ýa-da özüňi alyp barmagyň ýa-da tejribäniň esasyny» aňlatmakdyr.

Hasaba alyş ýörelgeleri 4.3.1-nji şekilde görkezilen üç ölçege esaslanmalydyr:

Eger maglumatda many bar bolsa we bellibir subýekt barada nämedir bir zat bilmek zerur bolan adama peýda getirýän bolsa, onda ýörelge ýerliklidir.

Maglumata ony düzüjileriň şahsy pikirleri ýa-da bahalary täsir etmeýän bolsa, ýörelge obýektiwdir. Obýektiwlik ygtybarlylygy, barlanyp görülmegi we hakykata laýyk gelmegi göz öňünde tutýar.

**4.3.1-nji şekil. Hasaba alyş ýörelgeleriniň ölçegleri**

| |
|---|
| Ýerliklilik |
| Obýektiwlik |
| Ölçegleriň takyklygy |

Eger ony adatdan daşary kynçylyksyz ýa-da harajatsyz ýerine ýetirip bolýan bolsa, onda ol ýörelge amala aşyrarlyklydyr ýa-da ölçegler takykdyr.

Konsepsiýanyň bellenen maksady:

– täze standartlary işläp taýýarlamak we bar bolan standartlara gaýtadan seretmek üçin binýat bolup hyzmat edýär;

– hasaba alyş babatynda alternatiw çemeleşmeleriň sanyny azaltmak üçin esaslary üpjün etmek bilen, gyzyklanýan taraplara standartlary işläp taýýarlamakda peýdalanylýan çemeleşmeler barada habar bermegiň hasabyna, şeýle hem maliýe hasabatlylygynyň standartlaryny taýýarlamak üçin nazaryýet esaslaryny görkezmegiň hasabyna hasaba alyş işini sazlaşdyrmaga ýardam edýär;

– geljekki standartlaryň meselesi bolmaly temalar bilen işlenilende standartlary ulanmakda düzüjilere ýardam edýär;

– maliýe hasabatlarynyň maliýe hasabatlylygynyň standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýändigine ýa-da gelmeýändigine baha bermekde auditorlara kömek edýär;

– olarda bar bolan maglumatlary düşündirmekde peýdalanyjylara kömek edýär.

Konsepsiýa standart bolman biler, ýöne standartlary işläp taýýarlamak we maliýe hasabatlylygyny düzmäge çemeleşmeleri sazlaşdyrmak işinde möhüm orun eýeleýär, ýagny:

– baha bermegiň ýa-da maglumatlary açmagyň haýsydyr bir anyk meselesi boýunça standartlary (kadalary) bellemeýär;

– maliýe hasabatlylygynyň haýsydyr bir anyk standartynyň ornuny tutmaýar.

Eger konsepsiýa maliýe hasabatlylygy haýsydyr bir standarta garşy gelse, onda standartyň talaplary konsepsiýanyň talaplaryndan ileri tutular.

Konsepsiýa maliýe hasabatlylygynyň standartlarynyň Türkmenistanda peýdalanylýan ähli görnüşleri, ýagny:

– maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary;

– täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary;

– döwletiň býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary;

– kiçi we orta telekeçilik üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary babatynda ulanylýar.

«Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary – maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işlenip düzülen we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan, Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmegiň, maliýe hasabatlylygynyň düzülişiniň we berlişiniň esaslaýyn ýörelgelerini we umumy düzgünlerini belleýän standartlardyr.

Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary bilen deňeşdirilende maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň tapawudy bolup, olar her bir standarta goşulýarlar.

Konsepsiýa umumy maksatly maliýe hasabatlylygyna, şol sanda jebisleşdirilen maliýe hasabatlylygyna degişlidir. Şunuň ýaly maliýe hasabatlylygy azyndan ýylda bir gezek taýýarlanylýar we berilýär, onuň maksady peýdalanyjylaryň giň toparynyň maglumatlara bolan umumy isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Ýörite maliýe hasabatlylygyna, mysal üçin, emissiýanyň prospektlerine we salgyt salmak maksatlary üçin taýýarlanylan dürli hasaplamalara bu resminamada seredilmeýär.

Maliýe hasabatlylygynyň görnüşleri maliýe hasabatlylygyny düzmek işiniň bir bölegi bolup durýar.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda onuň kim tarapyndan we haýsy maksatlar üçin peýdalanyljakdygy nazara alynmalydyr. Eger subýekt tarapyndan taýýarlanan maliýe maglumaty bu talaplara laýyk gelmeýän bolsa, onda ol peýdalanmak üçin ýaramly bolmadyk maglumatlaryň jemi bolup durýar.

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky №12-Ö buýrugy bilen tassyklanan Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň 1-nji «Maliýe hasabatlylygyny ber-

mek» milli standartyna laýyklykda täjirçilik kärhanalary şu hasabatlary düzüp, 4.2.1-nji şekilde görkezilen taraplara 4.3.2-nji şekilde görkezilen maliýe hasabatlarynyň bäş görnüşini tabşyrmalydyrlar.

**4.3.2-nji şekil. Maliýe hasabatlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Maliýe ýagdaýy barada hasabat |
| Jemi peýda barada hasabat |
| Maýadaky üýtgetmeler barada hasabat |
| Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat |
| Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler |

4.3.2-nji şekilde görkezilen maliýe hasabatlarynyň 5 görnüşini täjirçilik kärhanalary degişli taraplara 2014-nji ýyldan tabşyryp başladylar.

Maliýe hasabatynyň 5-nji görnüşinde hasaba alyş syýasatynyň esasy ýörelgelerine gysgaça syn we gaýry düşündirişler berilmelidir.

Mundan başga-da, maliýe maglumatlaryny bermegiň subýektiň ýolbaşçysynyň haty, subýektiň ýyllyk hasabatynyň ýanyna goşulýan tablisalar, emissiýanyň prospektleri, dürli döwlet guramalaryna bermek üçin doldurylan hasabatlar, täzelikleriň goýberilişi, dolandyryş işgärleriniň çaklamalary we subýektiň durmuş ýagdaýyna ýa-da daşky gurşawa täsiriniň teswiri ýaly görnüşler kabul edilip bilner.

Maliýe hasabatlary 4.3.3-nji şekilde görkezilen taraplar peýdalanýar.

**4.3.3-nji şekil. Maliýe hasabatlary peýdalanýan taraplar**

| |
|---|
| Maýa goýumçylar |
| Işgärler |
| Karz berijiler |
| Üpjün edijiler we gaýry söwda karzdarlary |
| Satyn alyjylar |
| Döwletiň ygtyýarly edaralary |
| Jemgyýet we ylmy institutlar |

4.3.3-nji şekilde görkezilen taraplary aşakdaky ýagdaýlar we şertler gyzyklandyrýar:

– **maýa goýumçylar**– olary paýnamalary satyn almak-satmak barada çözgüt kabul etmek üçin subýektiň düşewüntliligi, onuň diwidendleri tölemäge ukyplylygy, öz goýumlarynyň töwekgelçilik derejesine baha bermek gyzyklandyrýar;

– **işgärler** – olary subýektiň durnuklylygy, onuň zähmet haky we pensiýa borçnamalary boýunça bergileri üzmek mümkinçiligi gyzyklandyrýar;

– **karz berijiler** – olary subýektiň göterimleri tölemäge we berlen nesýe hem-de karz serişdeleri yzyna gaýtarmaga ukyplydygy gyzyklandyrýar;

– **üpjün edijiler we gaýry söwda karzdarlary** – olary subýektiň hasaplar boýunça töleg geçirmek mümkinçiligi gyzyklandyrýar;

– **satyn alyjylar** – olary, aýratyn hem onuň bilen uzak möhletli gatnaşyklary ýa-da oňa bagly bolan ýagdaýlarynda, subýektiň işiniň durnukly bolmagy gyzyklandyrýar;

– **döwletiň ygtyýarly edaralary** – olary serişdeleriň paýlanyşy we şeýlelikde, kärhanalaryň işi gyzyklandyrýar, şeýle hem olar maglumat subýektiň işini düzgünleşdirmek, salgyt syýasatyny, milli girdejiniň möçberini kesgitlemek we ş.m. üçin zerurdyr;

– **jemgyýetçilik** – ony subýektiň ýerli ykdysadyýete goşandy we ş.m. gyzyklandyrýar. Maliýe hasabatlylygy subýektiň ýagdaýyndaky meýiller we soňky bolup geçen üýtgeşmeler barada we onuň işiniň gerimi barada maglumat bermek bilen jemgyýetçilige kömek edip biler.

Subýektiň ýolbaşçylarynyň maliýe hasabatlaryny esasy peýdalanyjylaryň biri bolup durýandyklaryna garamazdan, başga-da köp sanly mümkin bolan peýdalanyjylar bardyr. Şonuň üçin hem ýolbaşçylar subýekt tarapyndan berilýän maliýe maglumatlary üçin jogapkärçiligi öz üstlerine almalydyrlar.

– Maliýe hasabatlaryň maksady – 4.3.4-nji şekilde görkezilen peýdaly maglumat bilen üpjün etmek bolup durýar.

**4.3.4-nji şekil. Maliýe hasabatlaryň maksady şu aşakdaky peýdaly maglumatlar bilen üpjün etmek**

| |
|---|
| Subýektiň maliýe ýagdaýy, işiniň netijeleri we maliýe ýagdaýyndaky üýtgetmeler barada |
| Ykdysady serişdeleri, bu serişdelere bildirilýän talaplar hem-de serişdelerde we talaplarda bolup geçen üýtgeşmeler barada |
| Geljekki pul serişdeleriniň akymyna baha bermek |

Bu maglumatlar peýdalanyjylaryň giň toparyna degişli bolup, ol ykdysady çözgütleriň kabul edilmegi üçin gerekdir.

**Maliýe hasabatlylygynyň wezipesi** – kärhananyň häzirki maliýe ýagdaýyny we ondan öňki işini görkezmek bolup durýar, bu bolsa maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyja ykdysady häsiýetli çözgüdi kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Subýektiň ýolbaşçylary tarapyndan peýdalanylýan maliýe hasabatlylygynda aşakdaky käbir çäklendirmeler bolýar:

– maliýe hasabatlylygy onuň taýýarlanýan pursatyndan öň bolup geçen wakalaryň maliýe netijelerini görkezýär we geljekki wakalary çaklamak üçin olardan peýdalanmak mümkinçiliginiň bardygyna garamazdan, örän çäkli bolup durýar;

– maliýe hasabatlylygy dogry dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin zerur bolan ähli maglumatlary görkezmeýär. Bu iki ýagdaýa üns bermek bilen, maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjyda onuň esasynda ýatýan esasy ýörelgeler we düzgünler barada düşünje bolmalydyr.

Subýektiň maliýe ýagdaýy 4.3.5-nji şekilde görkezilen görkezijileri görkezýär.

**4.3.5-nji şekil. Subýektiň maliýe ýagdaýyny şular görkezýär**

| |
|---|
| Subýektde bar bolan serişdeleri |
| Maliýe gurluşyny |
| Geçginliligini |
| Tölege ukyplylygyny |
| Daşky gurşawdaky üýtgetmelere uýgunlaşmagyň ukyplylygy |

Maliýe ýagdaýy baradaky maglumat, esasan, maliýe ýagdaýy barada hasabatda (buhgalterçilik balansynda) berilýär.

**Işiň netijesi** – bu:

– geljekki pul serişdeleriniň akymynyň möçberini,

– öz wagtynda geljekdigini, we öňünden görüp bolýandygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän maglumatlardyr.

Jemi peýda barada hasabat peýdalanyjylara pul serişdeleriniň görkezilen akymynyň alynmazlyk töwekgelçiliginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär, ýagny ol subýektiň goşmaça serişdeleri näderejede netijeli peýdalanyp biljekdigi barada garaýyşlary emele getirmek üçin möhümdir.

Subýektiň işiniň netijeleri baradaky maglumatlar esasan, jemi peýda barada hasabatda getirilýär.

**Subýektiň maýasyndaky üýtgetmeler baradaky hasabat –** subýektiň hasabat döwründäki maýa goýum, maliýe we esasy işine baha bermäge ýardam edýär. Bu maglumat subýektiň pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini emele getirmek ukybyna we subýektiň pul serişdeleriniň şu akymlaryny peýdalanmaga bolan isleglerine baha bermekde peýdalanyjylar üçin esas bolup hyzmat edýär.

Maýadaky üýtgetmeler barada hasabat düzülende gaznalar diýip dürli toparlara, hususan-da, ähli maliýe serişdelerine, dolanyşyk maýasyna, geçginli aktiwlere ýa-da pul serişdelerine düşünilip bilner.

Maliýe hasabatlylygy bellikleri, goşmaça materiallary we balansyň hem-de jemi peýda barada hasabatyň maddalary barada peýdalanyjylaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin möhüm bolan başga maglumatlary hem öz içine alýar.

**Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň esasynda ýatýan esasy ýol bermeler:**

– hasaplap ýazma ýörelgesi;

– üznüksizlik ýörelgesi.

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**Hasaplap ýazma ýörelgesi** – oňa laýyklykda geleşikleriň we beýleki wakalaryň netijeleri pul serişdeleri ýa-da olaryň ekwiwalentleri alnan wagtynda däl-de, olaryň ýüze çykan wagtynda ykrar edilýär we olaryň bolup geçen hasabat döwründe hasaba alynýar hem-de şol hasabat döwürleriniň maliýe hasabatlarynda görkezilýär.

Hasaplap ýazma ýörelgesi boýunça düzülen maliýe hasabatlylygy peýdalanyjylary diňe bir pul serişdelerini tölemek we almak bilen baglanyşykly geçen amallar barada däl, eýsem borçnamalar we degişlilikde, geljekde tölenjek we alynjak pul serişdelerini berýän borçnamalar hem-de serişdeler barada hem habarly edýär. Ýagny olar ykdysady çözgütler kabul edilende peýdalanyjylary örän möhüm bolan, geçen amallar we beýleki wakalar baradaky maglumatlar bilen üpjün edýär. Maliýe hasabatlylygy hasaplap ýazma usulynyň esasynda düzülýär. Amallaryň we beýleki wakalaryň täsiri pul serişdeleri alnanda ýa-da tölenende däl-de, olaryň ýüze çykan ýagdaýynda hasaba alynýar.

**Üznüksizlik ýörelgesi** – subýektiň ýakyn geljekde işlejekdigini we amallary geçirjekdigini aňladýar. Ýagny, subýektiň ýapylmak ýa-da işiniň gerimlerini düýpli çäklendirmek maksady we oňa zerurlyk ýok diýen pikirden ugur alynýar. Eger şunuň ýaly maksat ýa-da zerurlyk bar bolsa, onda maliýe hasabatlylygy başga esasda düzülmelidir. Subýektiň işiň gerimlerini çäklendirmek maksady ýok bolsa, onda onuň aktiwleri ýapylyş çykdajylaryny hasaba almazdan ilkibaşky bahasy boýunça görkeziler.

Aktiwlere iş üznüksiz bolar diýen pikirden ugur alnyp baha berilýär. Bu olaryň satuw bahasynyň peselmegine getirip biljek mejbury satuwlaryň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutmaýar.

Eger şunuň ýaly maksat ýa-da zerurlyk bar bolsa, onda maliýe hasabatlylygy başga esaslarda düzülip bilner, şeýle ýagdaýda degişli esaslar baradaky maglumat açylyp görkezilmäge degişlidir.

Maliýe maglumatlarynyň peýdalanyjylaryň çözgütlerine täsir edip bilmegi üçin onuň bellibir häsiýetnamalara ýa-da islenilýän hile laýyk gelmegi zerurdyr. Maglumatyň hiline bildirilýän talaplary 4.3.6-njy şekilde görkezilişi ýaly toparlara bölmek bolar.

**4.3.6-njy şekil. Maliýe maglumatynyň hiline bildirilýän talaplar**

| |
|---|
| Peýdalylyk, bitaraplylyk, seresaplylyk |
| Ýerliklilik, düşnüklilik |
| Öz wagtynda taýýar bolmaklyk |
| Möhümlilik, gymmatlylyk, deňeşdirmek ukyplylygy |
| Şubhesizlik, ygtybarlylyk, dogruçyllyk, düýp mazmunyny görkezmeklik |

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**peýdalylyk** – peýdalanyjylar tarapyndan esaslandyrylan ykdysady çözgütleri kabul etmek üçin peýdalanmak mümkinçiligi;

**bitaraplylyk** – onda haýsydyr bir tarapyň bähbidini göz öňünde tutýan bahanyň bolmazlygyny, ýagny peýdalanyjylaryň dürli toparlary üçin deň bolmagyny we öňünden bellenen netijäni almaga gönükdirilmezligini aňladýar. Hasabatlylykdan peýdalanyjy ony düzüjiniň çykaran netijesi ýaly netijä gelmelidir;

**seresaplylyk** – haýsy maglumatlary hasabatlylyga girizmegiň gerekdigini takyk kesgitlemegiň ýa-da pul manysynda möçberi takyk kesgitlemegiň mümkin däl ýagdaýynda maliýe hasabatlylygyna peýdalanyjylaryň nukdaýnazaryndan arassa peýdanyň we aktiwleriň derejesine artyk baha berlenden kem baha berleni gowudyr. Bu aktiwleriň ýa-da girdejileriň ýokarlandyrylmazlygy, borçnamalaryň ýa-da çykdajylaryň azaldylmazlygy üçin ähmiýetlidir. Ýagny hojalyk işiniň ýagdaýyna iki ýa-da ondan köp baha bermekligiň arasyndan saýlap almak mümkin bolsa, onda seresaplylyk konsepsiýasyna laýyklykda, iň pes peýdany we/ýa-da iň pes arassa peýdany üpjün edýän bahada durmak gerek;

**ýerliklilik** – bu onuň peýdalanyjylar tarapyndan alnan netijelere baha berilmegine we geljekki wakalary çaklamaga kömek etmek bilen, olaryň çözgütlerine täsir ediş ukyby bilen kesgitlenýär. Maglumat şunuň ýaly ýagdaýda ýerliklidir, eger ol:

**– öz wagtynda bolanda**, ýagny onuň degişli bolan döwri tamamlanandan soň gysga wagtyň içinde berlen ýagdaýynda;

**– möhümlilik** – peýdalanyjylar tarapyndan başga çözgütleriň kabul edilmegine getirip biljek ýalňyş baha bermeleriň bolmazlygy;

**gymmatlylyk** – peýdalanyjylara:

– kärhanalaryň geljekki ösüş meýillerini çaklamak üçin;

– kärhanalaryň işiniň netijelerine baha bermek üçin mümkinçilik berip biler;

**şübhesizlik, ygtybarlylyk** – düýpli ýalňyşlyklar ýa-da bir tarapyň bähbidini göz öňünde tutýan bahalar bolmaly däl we hojalyk işini dogry görkezmeli. Munuň üçin maglumat:

**dogruçyl bolmalydyr** – hakyky ykdysady ýagdaýy dogruçyl görkezmelidir;

**düýp mazmun görnüşden ileri tutulmalydyr** – bu maglumatlaryň başga hili düşündirişi göz öňünde tutup biljek hukuk görnüşinden däl-de, amallaryň ykdysady düýp mazmuny nukdaýnazaryndan beýan edilmegini göz öňünde tutýar;

**düşnüklilik** – maglumat peýdalanyjylaryň dürli toparlaryna düşnükli bolmalydyr, bir manyda takyk bolup, artykmaç jikme-jiklik bolmaly däldir;

**maglumatlaryň deňeşdirilip bilinmegi** – maliýe hasabatlylygynyň wagt aralygynda (birnäçe döwürleriň hasabatlary bilen) we giňişlikde (beýleki kärhanalaryň hasabatlary bilen) deňeşdirilmek mümkinçiligini göz öňünde tutýar. Hasabatlylygyň deňeşdirilip bilinmegi öňi bilen hasaba alyş usullarynyň üýtgewsizligi we durnuklylygy bilen gazanylýar.

Subýektiň ýolbaşçylary bellibir bähbitler bilen hasabatlaryň öz wagtynda berilmeginiň we maglumatlaryň ygtybarlylygynyň arasyndaky balansy tapmalydyrlar. Maglumatlary öz wagtynda bermek maksady bilen, hasabaty amallaryň ähli taraplary mälim bolmazyndan öň bermek zerur bolýar, şeýlelikde hasabat maglumatlarynyň ygtybarlylygy peselýär.

Munuň tersine, hasabatlary bermek amallaryň ähli taraplary anyklanýança soňa goýulsa, onda maglumat ygtybarly bolup biler, ýöne eýýäm çözgüt kabul etmäge mejbur bolanlar üçin onuň gymmaty bolmaz. Şonuň üçin hem bu iki talabyň arasynda amatly sazlaşygy tapmak maslahat berilýär. Ýerliklilik bilen ygtybarlylygyň arasynda balans gazanylanda peýdalanyjylaryň isleglerini has gowy kanagatlandyrýan ýagdaý esasy bolup hyzmat edýär.

Maglumatlary görkezmegiň bahasy bilen şu maglumatyň ähmiýetiniň (ýa-da peýdasynyň) gatnaşygyndan ugur alyp, hasabatda maglumatlary görkezmegiň maksadalaýyklygyny kesgitlemek meselesi iş ýüzünde ýeňil wezipe bolmak, ol bähbitleri we harajatlary deň getirmek işi hünärmenler tarapyndan baha berilmegini talap edýär.

**harajatlar we peýdalar** – bellibir maglumatdan görülýän peýda, ony almak üçin edilýän harajatdan ýokary bolmalydyr.

Maglumatlary hasabatda görkezmek maksady bilen ony taýýarlamak üçin harajatlar aşa köp bolsa, subýektleriň bu maglumaty hasabata goşmazlygy ileri tutjakdyklary düşnüklidir. Şonuň üçin hem

standartlaryň talaplaryny berjaý etmek, «möhümlik» we baha «çägi» düşünjesini takyklamak zerurdyr.

Maliýe hasabatlylygy, köplenç, subýektiň maliýe ýagdaýyna, jemi peýdasyna we maýadaky üýtgeşmelere «hakyky we dogry garaýşy» kepillendirýän resminama hökmünde häsiýetlendirilýär. Esasy hil häsiýetnamalaryny üpjün etmek we degişli standartlary ulanmak adatça talap edilýän netijäni berýär, ýagny maliýe hasabatynda şunuň ýaly maglumat berlende «hakyky we dogry garaýşy» kepillendirýär.

**hil häsiýetnamalarynyň arasyndaky balans** (pudagyň aýratynlyklary) – käbir pudaklaryň (demir ýol, ätiýaçlandyryş we ş.m.) işiniň aýratynlyklary maliýe hasabatlylygy ýörelgeleri ulanylanda bölekleýin kadadan çykmalary talap edýär. Olar pudagyň özboluşly aýratynlygy bar bolan bölümlerde aýratyn maliýe hasabatlaryny peýdalanmaga mümkinçilik berýärler. Hil häsiýetnamalarynyň arasyndaky gatnaşyk buhgalteriň hünär babatda berýän bahasynyň meselesi bolmalydyr we maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak wezipesine tabyn edilmelidir.

**Hakyky we dogry görkezmek** – subýektiň maliýe ýagdaýyny, jemi peýdasyny we maýadaky üýtgemelerini adalatly görkezmek.

Maliýe ýagdaýyna baha bermek bilen gönüden-göni bagly bolan bölekler – bu aktiwlerden, borçnamalardan we özüniň maýasyndan ybaratdyr.

**Aktiw** – bu subýekt tarapyndan gözegçilik edilýän, geçen wakalaryň netijesinde ýüze çykan, subýektiň geljekde olardan ykdysady bähbit almaga garaşýan serişdeleridir.

**Borçnama** – bu bolup geçen wakalar bilen şertlendirilen, onuň düzgünleşdirilmegi ykdysady peýdasy bolan serişdeleriň gitmegine getirip biljek hakyky borçlardyr.

**Maýa** – bu aktiwlerden borçnamalar aýrylandan soň subýektiň aktiwlerde galýan paýydyr.

Aktiwde görkezilen ykdysady peýda onuň subýekt tarapyndan pul serişdeleriniň alynmagyna gatnaşmagy (göni ýa-da gytaklaýyn) arkaly iş ýüzünde amala aşyrylýar. Bu serişdeler pul serişdeleri bolan ýa-da olary pul serişdelerine öwrüp bolýan ýagdaýynda mümkindir;

– satylmagy ýa-da olar üçin pul serişdeleriniň alynmagy göz öňünde tutulýan haryt bolup durýan bolsa;

– subýektiň geljekki işinde peýdalanmak üçin göz öňünde tutulýan, pul serişdeleriniň akymynyň ýüze çykmagyna getirýän maddalar bolup durýan bolsa.

**Gözegçilik** – bu buhgalterçilik hasaba alnyşyň konsepsiýasydyr, ol eýeçiligiň hukuk konsepsiýasyna meňzeşdir.

Aktiwiň bardygy kesgitlenende obýekte bolan eýeçilik hukugynyň bolmagy esasy mesele däldir.

Obýekt hukuk gözegçiliginiň bolmadyk ýagdaýynda hem aktiwiň kesgitlemesine laýyk gelmelidir.

Subýektiň aktiwleri geçen amallaryň netijesinde emele getirilýär. Adatça aktiwleri olary satyn almak ýa-da döretmek bilen edinýärler, olar beýleki amallaryň netijesinde hem alnyp bilner, hususan-da, subýekt ykdysady höweslendirme maksatnamasynyň çäklerinde hökümetden ýa-da beýleki subýektlerden mugt esasda esasy serişdeleri alyp biler.

Geljekde amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan amallar özözünden aktiwleri emele getirmeýär; diňe ätiýaçlyklary satyn almak maksadynyň özi aktiwiň kesgitlemesine laýyk gelmeýär. Çekilen çykdajylar bilen döredilen aktiwleriň arasynda ýakyn arabaglanyşyk bardyr, ýöne bu iki ölçeg hökmany suratda laýyk gelip durmaýar. Diýmek, subýektiň çykdajy çykarmagy onuň ykdysady peýda almaga bolan islegine şaýatlyk edip biler, ýöne ol aktiwiň kesgitlemesine laýyk gelýän obýektiň satyn alnandygynyň gutarnykly subutnamasy bolup durmaýar.

Edil şonuň ýaly-da, çykdajylaryň bolmazlygy obýektiň aktiwiň kesgitlemesini kanagatlandyryp biljekdigini aradan aýyrmaýar we şeýlelikde, maliýe ýagdaýy barada hasabatda ykrar edilmäge dalaşgär bolmak bilen, kärhana mugtuna berlen obýektler hem aktiwiň kesgitlemesine laýyk gelip biler.

Subýektde şu wagtdaky borjuň (pul tölemek borjy) bolmagy buhgalterçilik borçnamanyň möhüm häsiýetnamasy bolup durýar. Ol ýerine ýetirmek üçin hökmany bolan şertnamadan ýa-da kanunçylykda bellenen talapdan gelip çykyp biler. Üpjün edijilerden alnan harytlar (işler, hyzmatlar) üçin olara karz bergi buhgalterçilik borçnamanyň giň ýaýran mysaly bolup durýar.

Şeýle hem borçnamalar işewürlik tejribesiniň esasynda, däplere laýyklykda, işewür gatnaşyklary saklamak ýa-da adalatly hereket etmek isleginden gelip çykýar.

Borçnama, adatça, diňe aktiw berlende ýa-da aktiwi satyn almak barada bozulmaýan ylalaşyk baglaşylanda ýüze çykýar. Borçnamalar anyklaşdyrylan mahalynda şu wagtdaky we geljekki borçnamalar tapawutlandyrylmalydyr. Meselem, geljekde aktiwleri satyn almak baradaky çözgüdiň özi bu harytlaryň tölegini geçirmek babatda şu wagtdaky borjy döretmeýär, diýmek, borçnamalary döretmeýär.

Ylalaşygyň bozulmazlyk häsiýeti subýektiň hökmany suratda tölenilmelidigini aňladýar. Şu wagtdaky borjuň ýerine ýetirilmegi (ýagny, borçnamalaryň üzülmegi) birnäçe usullar, mysal üçin,

– pul serişdelerini tölemek;

– beýleki aktiwi bermek (şol sanda, alyş-çalyş esasynda);

– hyzmat etmek;

– bu borçnamany başga bir borçnama çalyşmak; ýa-da

– borçnamalary maýa geçirmek usullary bilen amala aşyrylyp bilner.

Şeýle hem borçnama beýleki usullar, mysal üçin, karz berijiniň talap etmek hukugyndan boýun gaçyrmagy ýa-da onuň hukugynyň kesilmegi bilen bes edilip bilner.

Esasan, üçünji taraplara bolan borçnamalar eýýäm bolup geçen wakalaryň netijesinde ýüze çykýar.

Käbir borçnamalaryň ululygy diňe baha bermek usuly bilen kesgitlenip bilner. Käbir subýektler hasabata ätiýaçlyklar ýaly borçnamalary hem goşýarlar. Eger ätiýaçlyk şu wagtdaky borçnamanyň bardygy bilen baglanyşykly emele getirilen bolsa we kesgitlemäniň beýleki düzgünlerine laýyk gelýän bolsa, onda ol, onuň ähmiýetiniň baha beriş ululygy bolup durýandygyna garamazdan, borçnama bolup durýar.

Borçnamalar ätiýaçlyk serişdelerinden olarda wagt we/ýa-da borçnamalary üzmek üçin zerur bolan geljekki harajatlaryň möçberi babatynda näbelliligiň bardygy bilen tapawutlanýar.

Maýa galyndy hökmünde kesgitlenýär, ýöne onuň maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilişini jikme-jikleşdirip bolar. Mysal

üçin, subýektiň maýasy 4.3.7-nji şekilde görkezilen çeşmelerden emele gelýär.

**4.3.7-nji şekil. Maýa galyndylarynyň çeşmeleri**

| |
|---|
| Esaslandyryjylaryň gatançlaryndan |
| Maýany goldamak bilen baglanyşykly düzedişleri girizmekden alnan serişdeler |
| Ätiýaçlyk maýalardan |
| Paýlanmadyk peýdadan |

Maýanyň ony paýlamakda kanunçylyk ýa-da beýleki çäklendirmeleri görkezýän gurluşda görkezilmegi, maliýe hasabatlaryndan peýdalanyjylar üçin ýerlikli bolup biler. Subýekte eýeçilik hukugy bolan taraplaryň diwidendleri almak ýa-da maýany almak babatynda aýratyn (özbolușly) hukuklary bardyr.

Ätiýaçlykdaky maýanyň döredilmegi kärhana we onuň karzdarlary üçin mümkin bolan ýitgilerden has ygtybarly goragy üpjün etmek maksady bilen, kanunçylyk tarapyndan talap edilip bilner. Şeýle hem eger salgyt kanunçylygy ätiýaçlykdaky maýa geçirilen pul möçberlerine salgyt salmak boýunça borçnamalardan boşadýan (ýa-da azaldýan) bolsa, onda ätiýaçlykdaky maýanyň beýleki görnüşleri hem emele getirilip bilner.

Ätiýaçlykdaky maýanyň bolmagy, ölçegleýin möçberi we salgyt düzgünleri bilen şertlendirilen görnüşleri hem ýerlikli maglumat bolup durýar. Ätiýaçlykdaky maýa geçirimler çykdajy däl-de, peýdanyň paýlanyşy bolup durýar.

Maýanyň maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilýän ululygy aktiwlere we borçnamalara baha berlişine baglydyr. Adatça maýanyň ululygy subýektiň paýnamalarynyň jemi bazar bahasyna ýa-da işiň üznüksizligine ýol bermeden ugur almak bilen, arassa aktiwleri böleklere bölüp ýa-da tutuşlygyna satmagyň netijesinde alnyp bilinjek pul möçberine laýyk gelmeýär.

Peýda hojalyk işiniň netijelerine baha bermek ýa-da beýleki görkezijileri (mysal üçin, maýa goýumlaryň düşewüntliligini ýa-da paýnamalara düşýän peýdany) hasaplamak üçin peýdalanylýar. Gir-

dejiler we çykdajylar peýda bilen gönüden-göni bagly böleklerdir. Girdejileri we çykdajylary (degişlilikde, peýdany) hasaba almagyň we olara baha bermegiň tertibi köp babatda maýa we maýany saklamak düşünjeleri bilen kesgitlenilýär.

**Girdejiler** – bu aktiwleri almak (ýa-da artdyrmak) (ýa-da borçnamalary azaltmak) görnüşinde ykdysady peýdanyň artmagydyr, onuň netijesi maýanyň artmagy (emläk eýeleriniň goşantlaryny hasaba almazdan) bolup durýar.

**Çykdajylar** – bu aktiwleriň gitmegi (azalmagy) (ýa-da borçnamalaryň artmagy) görnüşinde ykdysady peýdanyň azalmagydyr, onuň netijesi maýanyň azalmagy (onuň emläk eýeleriniň arasynda paýlanmagyny hasaba almazdan) bolup durýar.

Çözgütleri kabul etmek üçin maglumat bermek maksady bilen, girdejiler we çykdajylar jemi peýda barada hasabatda dürli usullar bilen görkezilip bilner. Iş ýüzünde adaty (esasy) işiň ýa-da gaýry işleriň barşynda emele gelýän girdeji (we çykdajy) maddalaryny aýratyn görkezmek giňden ýaýrandyr. Şunuň ýaly tapawutlandyrma subýektiň geljekde pul serişdelerini döredip bilmek ukybyny seljermek maksady bilen geçirilýär. Işiň wagtal-wagtal bolýan görnüşleri, mysal üçin, uzak möhletli maýa goýumyň ýatyrylmagy, yzygiderli esasda amala aşyrylmaýar.

Subýektiň özüniň, şeýle hem onuň işiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Bir subýektiň adaty işiniň netijesinde ýüze çykýan maddalar beýleki subýekte mahsus bolman biler.

Girdeji we çykdajy maddalarynyň dürli usullar bilen birleşdirilmegi we bölüşdirilmegi hem subýektiň hojalyk işiniň dürli jähtleriniň netijelerini görkezmäge mümkinçilik berýär.

Mysal üçin, jemi peýda barada hasabat:

– jemi peýdany, salgyt salynmazyndan öň adaty işden alnan peýdany;

– salgyt salnandan soň adaty işden alnan peýdany;

– arassa peýdany görkezip biler.

Girdejilere düşewüntler we beýleki girdejiler degişlidir. Düşewünt subýektiň adaty (esasy) işiniň netijesinde ýüze çykýar we 4.3.8-nji şekilde görkezilen işleri öz içine alýar.

Düşewüntliligiň çeşmeleriniň käbirine aýry-aýrylykda seredeliň.

**Roýalti** – regalis diýen latyn sözünden emele gelip, döwletiň,

patyşanyň, korolyň hukugyny aňladýan sözdür. Oňa «korolyň paýy» hem diýilýär. **Roýalti** – bu ygtyýar beren tarapa, ony alan tarapyň tölegidir.

**4.3.8-nji şekil. Subýektiň düşewüntliligi we onuň çeşmeleri**

| |
|---|
| Önümleriň, harytlaryň (işleriň. hyzmatlaryň) ýerlenmegi |
| Göterimleri |
| Diwidendleri |
| Roýalti |
| Kärende tölegler we beýlekiler |

Düşewüntliligiň çeşmesi hökmünde annuitetler hem çykyş edip bilerler.

**Annuitet(ler)** – annus diýen latyn sözünden emele gelip, ýyllyk tölegi diýen manyny berýär. Umuman, ýyllyk maliýe rentasyny ýa-da ýyllyk töleglerini aňladýar. Bu söz günbatarda, karzyň ýyllyk tölegleri (bergisi we göterimleri) ýa-da maliýe guramalaryndan, mysal üçin, ätiýaçlandyryş kompaniýasyndan, obligasiýalardan gelýän ýyllyk girdejiler alnanda (hasaplanylanda) ulanylýar.

Girdejileri **gudwiller** (iňlis dilinden terjime edilende geljekki harytlar), mysal üçin, kärhananyň işi abraý hem getirip biler. Gudwiller, köplenç, kärhanadan (kompaniýadan) aýyrylmaýan bölekler bolup çykyş edýärler. Şol sebäpli, maliýe hasabatlarynyň milli standartlaryna laýyklykda kärhananyň içinde döredilen gudwiller aktiw ýa-da girdeji görnüşinde ykrar edilmeýär. Emma, daşyndan satyn alnan kompaniýanyň bahasyna gudwiller tölenýär we hasaba alynýar. Bu ýagdaýda gudwill şeýle hasaplanýar: satyn alnan kompaniýanyň doly bahasyndan onuň aktiwleriniň arassa bahasy aýrylýar.

Gaýry girdejilere subýektiiň adaty işiniň barşynda ýüze çykyp biljek (şeýle hem ýüze çykyp bilmejek) gaýry maddalar degişlidir. Gaýry girdejiler ykdysady peýdanyň artmagy bolup durýar we özüniň tebigaty boýunça düşewüntden tapawutlanmaýar. Hususan-da, gaýry girdejilere uzak möhletleýin aktiwleriň çykyp gitmeginiň netijesinde ýüze çykýan girdejiler degişlidir.

Girdeji kesgitlemesine ýerlenmedik gaýry girdejiler, ýagny, my-

sal üçin, nyrh kesilen gymmatly kagyzlara gaýtadan nyrh kesilende, şeýle hem uzak möhletli aktiwleriň balans bahasy artanda ýüze çykýan gaýry girdejiler hem degişlidir. Maliýe işiniň netijeleri hakynda hasabatda şunuň ýaly girdejiler aýratyn görkezilýär, sebäbi olar baradaky maglumat çözgütleri kabul etmek üçin gymmatlydyr. Şunuň ýaly çykdajylar, köplenç, degişli çykdajylarsyz görkezilýär.

Girdejiler dürli görnüşdäki aktiwleriň, ýagny pul serişdeleriniň, debitor berginiň we iberilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerine alynýan harytlaryň (hyzmatlaryň) artmagy netijesinde alnyp bilner. Şeýle hem girdeji borçnamalary ýerine ýetirmegiň barşynda, mysal üçin, subýektiň harytlary (we hyzmatlary) karz berijä bergini üzmegiň hasabyna iberýän wagtynda alnyp bilner.

Kesgitleme boýunça çykdajylara ýitgiler, şeýle hem subýektiň adaty işiniň netijesinde ýüze çykýan çykdajylar degişlidir.

Subýektiň adaty işiniň netijesinde ýüze çykýan çykdajylar ýerlenen önümleriň we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny, zähmet hakyny we ulanyş tutumlaryny öz içine alýar. Adatça, olar aktiwleriň, mysal üçin, pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri, ätiýaçlyklar, esasy serişdeler ýaly aktiwleriň gitmegi (ýa-da bahasynyň peselmegi) görnüşinde bolýarlar.

Ýitgiler çykdajylaryň kesgitlemesine laýyk gelýän we subýektiň adaty işiniň netijesinde ýüze çykyp biljek (ýa-da ýüze çykyp bilmejek) gaýry maddalar bolup durýar. Ýitgiler – bu ykdysady peýdanyň azalmagydyr we öz tebigaty boýunça beýleki çykdajylardan tapawutlanmaýar. Ýitgileriň düzümine tebigy betbagtçylyklar, mysal üçin, ýangyn ýa-da suw joşmagy bilen şertlendirilen maddalar, şeýle hem dolanyşykdan daşary aktiwler çykyp gidende ýüze çykan maddalar girýärler.

Çykdajylaryň kesgitlemesine ýerlenmedik ýitgiler, mysal üçin, subýektiň karz alan pulunda daşary ýurt pulunyň hümmetiniň ýokarlanmagy netijesinde ýüze çykan ýitgiler hem laýyk gelýär. Işiň jemi peýdasy barada hasabatda ýitgileri aýratyn görkezmek kabul edilendir, sebäbi bu maglumat çözgütleri kabul etmek üçin peýdalydyr. Ýitgiler, köplenç, giňiş bolmadyk görnüşde (degişli girdejileri aýyrmak bilen) görkezilýär.

**Ykrar etmek** – bu hasabata (maliýe ýagdaýy ýa-da jemi peýda barada hasabata) bölegiň kesgitlemesine dogry gelýän we ykrar

etmegiň ölçeglerine laýyk gelýän maddalary goşmakdyr. Ykrar etmek şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

– maddany söz bilen beýan etmek;

– pul beýanynda ululygy görkezmek;

– şunuň ýaly ululygy maliýe ýagdaýy barada hasabatyň (jemi peýda barada hasabatyň) jemi möçberlerinde hasaba almak.

Bellenen ölçeglere laýyk gelýän maddalar jemi peýda barada hasabatda görkezilmäge degişlidir.

Şunuň ýaly maddalaryň hasabatlara goşulmagy hasaba alyş syýasaty baradaky maglumatlaryň açylmagy ýa-da belliklerde degişli maglumatlaryň görkezilmegi bilen çalşylyp bilinmez.

Eger:

– subýekt tarapyndan maddadan ykdysady peýda alynmagy (ýa-da peýdanyň ýitirilmegi) mümkin bolsa (ýagny mümkin bolmagy bolmazlygyndan ýakyn bolsa);

– maddanyň oňa ygtybarly baha berip bolýan gymmat aňlatmasy bar bolsa, onda bölegiň kesgitlemesine laýyk gelýän madda hasaba alynmaga we maliýe hasabatlylygyna goşulmaga degişlidir.

Maddanyň ýokarda görkezilen ölçeglere laýyk gelýändigine seljerme geçirilende ozal ara alnyp maslahatlaşylan wajyplyk faktory hasaba alynmalydyr.

**Geljekki ykdysady peýda** – bu pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň akymyna göni ýa-da gytaklaýyn girjek potensialdyr. Ähtimallyk düşünjesi maddadan alnan ykdysady peýdanyň gelmeginiň (ýa-da gitmeginiň) näbellilik derejesi bilen baglydyr. Ykdysady peýdanyň akymlarynyň kesgitlilik derejesine berilýän baha bar bolan subutnamalaryň esasynda maliýe hasabatlary düzülende getirilýär.

Ykrar etmegiň ikinji ölçegi maddanyň gymmat aňlatmasynyň bolmagyny göz öňünde tutýar, ol ýeterlik derejede ygtybarlylyk derejesi bilen hasaba alynmalydyr. Maddanyň gymmaty (ýa-da bahasy) baha berme arkaly kesgitlenip bilner, bu onuň ygtybarlylygyny peseltmeýär.

Eger madda baha bermek mümkin däl bolsa, onda ol maliýe ýagdaýy barada hasabatda ýa-da jemi peýda barada hasabatda görkezilmeýär.

Ilkibaşda bellenen ölçeglere laýyk gelmeýän madda soňundan

geçirilýän amallaryň netijesinde ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelip biler.

Bölek häsiýeti bolan, ýöne ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelmeýän maddany belliklerde açyp görkezmegiň gerek bolmagy mümkindir. Madda baradaky maglumatlar maliýe ýagdaýy barada we jemi peýda barada hasabat we subýektiň maýasynda üýtgetmeler üçin peýdaly bolsa bu maksadalaýyk bolar.

Aktiw şu aşakdaky ýagdaýlarda ykrar edilýär:

– subýektiň ykdysady peýda almak mümkinçiligi bar bolanda (ýagny mümkin bolmagy bolmazlygyndan ýakyn bolanda);

– aktiwiň ygtybarly baha berip boljak gymmaty (ýa-da bahasy) bar bolanda.

Aktiwler şu ýagdaýda ykrar edilmeýär:

– çykdajy çykarylan halatynda, häzirki hasabat döwri tamamlanandan soň şunuň ýaly çykdajylardan ykdysady peýda alynmagynyň ähtimallygy pes bolanda (ýagny ähtimal bolmagy bolmazlygyndan ýakyn bolanda).

Şunuň ýaly amalyň netijesi jemi peýda barada hasabatda çykdajylary ykrar etmek bolup durýar.

Borçnamalar şu aşakdaky ýagdaýlarda ykrar edilýär:

– borçnamalary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly serişdeleriň gitmegi ähtimal bolsa we gidýän möçberiň ululygyna ygtybarly baha berip bolýan bolsa.

Girdeji 4.3.9-njy şekilde görkezilen ýagdaýda alyndy diýip ykrar edilýär.

**4.3.9-njy şekil. Girdeji şu ýagdaýda alyndy diýlip ykrar edilýär**

| |
|---|
| Aktiwleriň artmagy ýa-da borçnamalaryň azalmagy görnüşinde ykdysady peýda ýokarlananda |
| Artmagyň ululygy ýokary ygtybarlylyk derejesi bilen kesgitlenilýän bolsa |

Girdejini ykrar etmek aktiwleriň artmagyny (ýa-da borçnamalaryň azalmagyny) ykrar etmek bilen birwagtda bolup geçýär. Maddalary (girdejini hem) ykrar etmek ygtybarly ölçelip bilinjek we ýeterlik de-

rejede aýdyňlyk bilen häsiýetlendirilýän maddalar bilen çäklenýär.

Çykdajylar 4.3.10-njy şekilde görkezilen ýagdaýlarda ykrar edilýär.

**4.3.10-njy şekil. Çykdajy şu ýagdaýlarda edildi diýlip ykrar edilýär**

| |
|---|
| Aktiwleriň azalmagy ýa-da borçnamalaryň artmagy bilen beýan edilýän ykdysady peýda azalanda |
| Şunuň ýaly ululyga ygtybarly baha berip bolýan ýagdaýynda |

Çykdajylary ykrar etmek borçnamalaryň artmagyny ýa-da aktiwleriň azalmagyny ykrar etmek bilen birwagtda bolup geçýär.

Çykdajylar çykarylan çykdajylar bilen alnan girdejileri göni özara baglamakdan ugur alnyp hasaba alynýar. Şunuň ýaly özara baglanyşyk çykdajy bilen girdejiniň laýyklyk ýörelgesine dogry gelýär. Bu bolsa şol bir amallaryň bilelikdäki göni netijesi bolup durýan girdejileriň we çykdajylaryň birwagtda ykrar edilmegini göz öňünde tutýar.

Laýyklyk ýörelgesiniň ulanylmagy maliýe ýagdaýy barada hasabatda aktiwler ýa-da borçnamalar kesgitlemesine laýyk gelmeýän maddalaryň ykrar edilmegine ýol bermeýär.

Ykdysady peýdanyň birnäçe hasabat döwürleriniň dowamynda ýüze çykýan we girdejiler bilen çykdajylaryň özara baglylygy diňe giň manyda kesgitlenýän ýagdaýynda jemi peýda barada hasabatda çykdajylar olaryň hasabat döwürleri boýunça ulgamlaýyn (we esaslandyrylan) paýlanyşyna laýyklykda görkezilýär.

Şunuň ýaly çemeleşme şu hili aktiwleriň esasy serişdeler, patentler we söwda nyşanlary hökmünde peýdalanylmagy bilen baglanyşykly çykdajylar hasaba alnanda ulanylýar. Şuňa meňzeş çykdajylar ulanyş tutumlary diýip atlandyrylýar. Ulanyş çykdajylaryny ykrar etmegiň (ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmagyň) çyzgydy aktiwi peýdalanmakdan ykdysady peýda almagyň çyzgydyna laýyk gelýär.

Şeýle hem çykdajylar aktiwleri ykrar etmekde borçnamalar ýüze çykanda, mysal üçin, satylan harytlara kepillendiriş hyzmatlaryny etmek boýunça borçnamalar ýüze çykan ýagdaýynda ykrar edilýär.

**Baha bermek** – bu pul möçberlerini kesgitlemek işidir, maliýe ýagdaýy barada we jemi peýda barada hasabatda görkezilýän madda-

lar şol möçberler boýunça hasaba alynýar. Bu iş baha bermegiň anyk binýadynyň (usulynyň) saýlanyp alynmagyny göz öňünde tutýar.

Maliýe hasabatlylygynda baha bermegiň 4.3.11-nji şekilde görkezilen usullary ulanylýar, şol sanda:

**Ilkibaşky (taryhy) gymmat (özüne düşýän gymmaty)**

Aktiwler tölenen pul serişdeleriniň möçberinde (ýa-da aktiw üçin berlen öwezini dolmak töleginiň adalatly gymmatynyň) hasaba alynýar.

**4.3.11-nji şekil. Maliýe hasabatlylygynda baha bermegiň ulanylýan usullary**

| |
|---|
| Ilkibaşky (taryhy) gymmat (özüne düşýän gymmaty) |
| Aktiwiň gündelik (dikeldiş) gymmaty |
| Aktiwleriň ýerleme (üzülme) bahasy |
| Getirilen (gündelik diskontirlenen) gymmat |

Borçnamalar borçnamalaryň ýerine alnan serişdeleriň möçberi boýunça ýa-da (peýdadan alynýan salgyt boýunça borçnama görnüşinde maddalar) hojalyk işi kadaly alnyp barlanda borçnamany ýerine ýetirmek üçin tölenmäge degişli pul möçberleri boýunça hasaba alynýar.

Ilkibaşky gymmat geleşigiň amala aşyrylan pursadyndaky hakyky bahalarda görkezilýär.

**Aktiwiň gündelik (dikeldiş) gymmaty** – bu aktiwiň (ýa-da ekwiwalent aktiwiň) şu gün alnan ýagdaýynda töleniljek pul möçberini görkezýän görkezgiçdir. Borçnamalar borçnamalary şu gün (hasabat döwründe) üzmek üçin gerek boljak diskontirlenmedik pul möçberi boýunça hasaba alynýar.

**Aktiwleriň ýerleme (üzülme) bahasy** – aktiwi ýerlemegiň netijesinde häzirki wagtda alnyp bilinjek pul möçberinde görkezilýär (hojalyk işiniň kadaly alnyp barylýan ýagdaýynda). Borçnamalar olary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan möçberler, ýagny hojalyk işiniň kadaly alnyp barylýan ýagdaýynda borçnamalar üzülende tölenmeli bolan diskontirlenmedik möçberler boýunça görkezilýär.

**Getirilen (gündelik diskontirlenen) gymmat** – aktiw hojalyk

işi kadaly alnyp barlanda şu aktiw bilen döredilýän pul serişdeleriniň arassa akymynyň gündelik diskontirlenen gymmaty boýunça görkezilýär. Borçnamalar hojalyk işi kadaly alnyp barlanda şu borçnamany üzmek üçin gerek bolan pul serişdeleriniň arassa akymynyň gündelik diskontirlenen gymmaty boýunça görkezilýär.

Mundan başga-da, baha bermegiň ýene-de iki usuly peýdalanylýar. Onuň biri **bazar bahasydyr**, ýagny aktiwleri bazarda ýerlemegiň netijesinde alnyp bilinjek pul möçberidir, beýlekisi **adalatly bahadyr**, ýagny ýakyn geljekde bu barada habarly we ony isleýän taraplaryň arasynda aktiwleriň çalşylyp bilinjek ululygyndan ybaratdyr.

Baha bermek üçin giň ýaýran binýat ilkibaşky baha (özüne düşýän gymmaty) bolup durýar. Adatça ol baha bermegiň beýleki usullary bilen utgaşýar. Meselem, ätiýaçlyklar, adatça, azyndan iki ululyk boýunça, mysal üçin, özüne düşýän gymmaty we arassa satuw bahasy, nyrh kesilen gymmatly kagyzlar bazar bahasy boýunça görkezilip bilner, pensiýa borçnamalary bolsa olaryň gündelik diskontirlenen bahasy boýunça görkezilýär.

Hümmetsizlenme şertlerinde gündelik (dikeldiş) baha boýunça hasaba alyş usuly peýdalanylyp bilner, sebäbi monetar däl aktiwleriň ilkibaşky bahasy laýyk bolmaýar.

Maliýe hasabatlary düzülende sübýektleriň köpüsi maliýe maýa konsepsiýasyndan ugur almalydyrlar. Maliýe maýasy (ýagny, maýa goýum serişdeleri ýa-da maýa goýum görnüşindäki satyn alyjylyk ukyby) subýektiň arassa aktiwleriniň (ýa-da öz maýasynyň) sinonimi bolup durýar. Diňe hümmetizlenmäniň derejesinden artyk gelýän girdejä peýda hökmünde seredilip bilner.

Natural maýa (ýagny, onuň amallar ukybyna) önüm berijilik ukyby, subýektiň önümçilik kuwwaty hökmünde seredilýär, önümçilik kuwwaty bolsa çykarylýan önümiň möçberi bilen kesgitlenilýär. Diýmek, diňe hümmetsizlenmegi hasaba almak bilen, harajatlardan artyk gelýän girdejä peýda hökmünde seredilip bilner.

Maýanyň kabul ederlikli konsepsiýasy saýlanyp alnanda subýekt peýdalanyjylaryň isleglerinden ugur almalydyr.

Maliýe maýasy düşünjesi peýdalanyjylaryň, esasan, goýum

görnüşündäki nominal maýany ýa-da goýum goýlan maýanyň satyn alyjylyk ukybyny saklamagy alada edýän ýagdaýlarynda ulanylýar.

Eger peýdalanyjylary subýektiň üznüksiz işi köp derejede biynjalyk edýän bolsa, onda natural maýa konsepsiýasyna gollanylmalydyr.

Konsepsiýanyň saýlanyp alnyşy, aýry-aýry görkezijileri hasaplamakda ol ýa-da beýleki konsepsiýanyň ulanylmagy bilen şertlendirilen bellibir kynçylyklara garamazdan, peýda gazanylanda ýetiljek maksady görkezýär.

Şu düşünjä laýyklykda, diňe hasabat döwrüniň ahyryndaky arassa aktiwleriň maliýe (pul) ululygy hasabat döwrüniň başyndaky şunuň ýaly ululykdan agdyk gelen ýagdaýynda peýda bolup bilýär. (Hasabat döwrüniň dowamynda emläk eýeleriniň gatançlaryny ýa-da olara tölenen serişdeleri hasaba almazdan). Maliýe maýasynyň saklanyşyna deň pul birliklerinde ýa-da hemişelik satyn alyjylyk ukybynyň birliklerinde baha berlip bilner.

Maliýe maýasyny saklamak konsepsiýasy baha bermek üçin anyk binýadyň (usulyň) ulanylmagyny göz öňünde tutmaýar. Şu düşünjä laýyklykda binýady saýlap almak subýektiň onuň saklanmagyny üpjün etmek isleýän maliýe maýasynyň görnüşi bilen kesgitlenýär.

Şu düşünjä laýyklykda, peýda diňe hasabat döwrüniň ahyrynda subýektiň hakyky öndürijilik ukyby hasabat döwrüniň başynda bar bolan şunuň ýaly ululykdan agdyk gelen ýagdaýynda alyndy hasap edilýär. (Hasabat döwrüniň dowamynda emläk eýeleriniň gatançlaryny ýa-da olara tölenen serişdeleri hasaba almazdan). Diňe aktiwleriň hakyky bar bolan maýany saklamak üçin zerur bolan pul möçberinden agdyk gelýän ösüşine peýda hökmünde ýa-da goýum görnüşde goýlan maýanyň girdejisi hökmünde seredilip bilner.

Peýda girdejiden çykdajyny aýyrmagyň (maýany saklamak boýunça düzedişleri goşmak bilen) netijesi bolup durýar. Eger çykdajy girdejiden artyk bolsa, onda tapawut arassa zyýany görkezer.

Hakyky bar bolan maýany saklamak düşünjesi gündelik (dikeldiş) gymmaty boýunça hasaba alyş usulynyň kabul edilmegini göz öňünde tutýar.

Maýany saklamagyň iki konsepsiýasynyň arasyndaky ýörelge-

leýin tapawut bahalardaky üýtgemeleriň subýektiň aktiwlerine we borçnamalaryna baha bermäge edýän täsirinden ybaratdyr.

Subýektiň maýasynyň ähmiýeti hasabat döwrüniň ahyrynda hasabat döwrüniň başyndaky şonuň ýaly görkezijä deň bolsa, onda subýektiň maýanyň saklanmagyny üpjün edendigini aňladýar. Maýanyň nähili hem bolsa artmagy, peýdanyň bardygyny aňladýar.

Maýanyň ululygy nominal pul manysynda kesgitlenýän, maliýe maýasyny goldap saklamak düşünjesine laýyklykda, hasabat döwründe maýanyň nominal möçberiniň pul manysynda artmagy peýdany aňladýar. Hasabat döwrüniň dowamynda balansda bar bolan aktiwleriň bahasynyň ýokarlanmagy («ygtyýar etmekden alynýan girdejiler»), şu düşünjäniň kesgitlemesine laýyklykda, peýdanyň emele gelmegine getirer. Şunuň ýaly peýda aktiwler çykyp gidýänçä ykrar edilmän bilner.

Maliýe maýasyny saklamak düşünjesi hemişelik satyn alyjylyk ukybynyň esasynda kesgitlenýän bolsa, onda peýda hasabat döwründe maýa goýuma gönükdirilen satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyndan ybarat bolar.

Şunda diňe aktiwiň bahalarynyň hümmetsizlenmeden ýokary bolan derejede artmagyna peýda hökmünde seredip bolar. Bahanyň artmagynyň galan bölegi maýany saklamak boýunça düzediş hökmünde we öz maýasynyň bölegi hökmünde görkezilýär.

Maýanyň öndürijilik ukybyndan ugur alnyp kesgitlenýän, hakyky bar bolan maýany saklamak konsepsiýasyna laýyklykda, hasabat döwrüniň dowamynda şunuň ýaly maýanyň artmagy peýda bolup durýar. Aktiwlere (we borçnamalara) täsir edýän ähli baha üýtgemelerine haryt görnüşindäki öndürijilik ukybyna baha bermekdäki üýtgemeler hökmünde seredilýär. Olar peýdany däl-de öz maýasynyň bir bölegini aňlatmak bilen, maýany saklamak boýunça düzedişler hökmünde görkezilýär.

Baha bermek usulynyň we maýany saklamak konsepsiýasynyň saýlanyp alnyşy maliýe hasabatlary düzülende peýdalanylýan hasaba alyş modelini kesgitleýär. Hasaba alyş modeli saýlanyp alnanda subýektiň dolandyryş edarasy hasabat maglumatlarynyň ýerliklilik we ygtybarlylyk deňagramlylygyny gazanmaga çalyşmalydyr.

Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň şu ýerde beýan

edilen esaslary hasaba alşyň dürli modelleri üçin kabul ederliklidir we umumy usulyýet gollanmasy bolup durýar.

Maliýe hasabatyny düzmeklik, dolandyrylýan subýektiň alan peýdasy ýa-da çeken zyýanlaryny hasaplamagyň maksady bolup, bir tarapdan ähli aktiw we passiw hasaplaryň biri-birine laýyk gelýänligini barlamaklyk, başga tarapdan- kärhananyň işi hakynda maglumat almaklyk bolup gulluk edýär.

Häzirki zaman maliýe hasabatynda kärhananyň hasabat döwründe maliýe hereketlerine, onuň ösüşine ýa-da pese düşmegine baha berilýär. Maliýe hasabatlarynyň maglumatlaryny seljerip, kärhananyň (guramanyň) geljekki mümkinçiliklerini görüp bolýar.

Maliýe hasabaty kärhananyň (guramanyň) maýasynyň we emläkleriniň düzümini, olaryň üýtgemegini görkezýär.

Kanunlaryň çäginde umumy kabul edilen ýörelgeleri berjaý edip, oňaýly (optimal) balansy düzmek üçin geçirilýän çäreleriň jemine «balans syýasaty» diýilýär.

Dünýä tejribesinde, has takygy käbir döwletlerde, balans düzülmezden öň oňa täsir etmek maksady bilen dürli çäreler geçirilýär. Şol sanda kanunlaryň çäginde kärhananyň (guramanyň) sermaýasynyň düzümini, peýdanyň möçberini, salgyt ýüküni ýa-da paýdarlara tölenýän diwidendleriň möçberini üýtgetmek boýunça işler we başga çäreler geçirilýär.

Görkezilen döwletlerde balans syýasy amala aşyrylanda maliýe menejerleri dürli syýasatlar, şol sanda 4.3.12-nji şekilde görkezilen syýasatlary ýöredip bilerler. Görkezilen syýasatlara seljerme bereliň.

Peýdanyň möçberini artdyrmak ýa-da peseltmek syýasatyny seljereliň. Peýdanyň möçberini artdyrmak syýasaty edara görnüşli tarapyň ýaramaz maliýe ýagdaýyny görkezmejek bolup geçirilýär. Peýdanyň möçberini artdyrmak syýasaty, köplenç, gizlin ätiýaç serişdeleri ýok etmek, taýýar önümiň ýa-da ammardaky çig malyň gorlaryny ýokarlandyrýan baha bilen ýerleşdimek, şubheli talaplaryň üstüni ýapmak üçin zerur bolan ätiýaç sermaýanyň emele gelmeginden boýun gaçyrmak ýollary bilen gazanylýar. Mysal üçin, banklar balans düzülýän gününden soň gelen ýokary likwidli serişdeleri öz balansynda görkezmäge makul bilýärler. Bu usul «aýnalaryň (witrinalaryň) dekory» diýlip atlandyrylýar.

Peýdanyň möçberini peseltmek syýasaty salgyt ýüküni ýa-da paýdarlara tölenýän diwidendleriň möçberini azaltmak üçin geçirilýär. Bu syýasat salgyt kanunçylygynyň we diwidendleri paýlamak düzgünleriniň çäklerinde geçirilýär.

Balans syýasaty ýörite çap etmek üçin düzülýän balansa gönükdirilýär. Bu balans paýdarlaryň, karzdarlaryň, kärhananyň gullukçylarynyň we jemgyýetçiligiň tanşyp biljek ýeke-täk balansydyr.

Balans syýasatynda geçginliligi (likwidliligi) ýokarlandyrmak syýasaty uly orun tutýar. Sebäbi, kärhanalar geçginli (likwid) serişdeleriniň ýetmezçliginden, köplenç, batýarlar.

**4.3.12-nji şekil. Daşary ýurt maliýe menejerleriň balans syýasatlarynyň görnüşleri**

| |
|---|
| Peýdanyň möçberini artdyrmak syýasaty |
| Peýdanyň möçberini peseltmek syýasaty |
| Geçginliligi (likwidliligi) ýokarlandyrmak syýasaty |

Balans syýasatynyň alnyp barylmagy käbir ýurtlarda jenaýat däl iş diýlip hasaplanylýar. Bu syýasat hereket edýän täjirçilik we salgyt kanunlarynyň çäginde durmuşa geçirilýär. Şonda balans düzülmeginiň ýörelgeleri we kada-düzgünleri hasaba alynýar. Biziň döwletimizde bir döwürde peýdanyň möçberini peseltmek, başga döwürde ony ýokarlandyrmak ýa-da bilgeşleýin balansyň görkezijilerini artdyrmak kanunlarymyza ters gelýär.

Biziň döwletimizde balansy düzmek kada-düzgünleri hakyky maliýe-hojalyk amallary geçirilen wagtynda ýa-da şol wagtda olary hasaba almak mümkin däl bolsa, onda amal geçirilenden soň hasaba alynmalydyr.

Türkmenistanyň kanunçylyk özenine laýyklykda salgyt töleýjileriň hasap syýasaty harytlaryň ugradylmagyna, hyzmatlaryň we işleriň ýerine ýetirilmegine görä ýöredilýär. Harajatlar olaryň hakyky amala aşyrylan wagtynda hasaba alynýar. Şol düzgünler berjaý edilmese döwletiň guramalary tarapyndan salgyt töleýjilere garşy berk çäreler görülýär. Balans salgyt töleýjiniň hakyky maliýe netijelerini we maliýe ýagdaýyny görkezmelidir.

Käbir daşary ýurtlarda balans sýasatynyň çäreleriniň durmuşa geçirilmeginiň netijeleri 4.3.13-nji şekilde görkezilenlere bolünýär.

Balans syýasatynyň çäreleri balans düzülmegine bir gün galanda geçirilýän çärelere we balans düzülenden soň geçirmäge rugsat berilýän çärelere bölünýärler.

**4.3.13-nji şekil. Daşary ýurtlarda geçirilýän balans syýasatlaryň täsirleri**

| |
|---|
| Oňaýsýz netijeli ýylyň jemlerine göni we gytaklaýyn üýtgemeleri girizmek |
| Emlägiň ýa-da maýalaryň düzümini ýüzleýin (formal) üýtgetmek |

Balans syýasatyny şertli 4.3.14-nji şekilde görkezilen bölümlere bölüp bolar:

**4.3.14-nji şekil. Balans sýasatynyň düzüm bolümleri**

| |
|---|
| Baha kesmek syýasaty (söwda we salgyt hukugyň çäginde). |
| Peýdany hasaplamak syýasaty |
| Diwidendleri kesgitlemek syýasty |

Balans boýunça görkezilýän peýda 4.3.15-nji şekilde görkezilen maksatlara paýlanyp bilner.

**4.3.15-nji şekil. Balans peýdasynyň paýlanylyşy**

| |
|---|
| Salgytlary we ýygymlary tölemäge |
| Ýörite maksatly gaznalara |
| Ätiýaç gaznasyna we diwidendleri tölemäge. |

Balansy we onuň düzümini aýdyňlaşdyrmak üçin dürli syýasatlar ýöredilip bilner. Ýagny kärhananyň gowy görkezijileri görkezilip, pes görkezijiler bolsa görkezilmän bilner. Mysal üçin, kärhananyň likwidliligi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde görkezilip ýa-da

görkezilmän bilner. Paýdarlara, jemgyetçilige goşmaça maglumatlar berlip ýa-da berilmän bilner.

Balansyň düzülýän günleri döwletiň kanunçylygynda bellenen möhletlerden giç bolmaly däldir we balansy düzedip bolar ýaly wagty öz içine almalydyr. Taýýar balansy hödürlemek güni, mysal üçin, täze paýnamalaryň emissiýasynyň öň ýanynda saýlap – seçilip bilner.

Balans düzülýän gününe çenli amala aşyrylýan çäreler 4.3.16-njy şekilde görkezilendir.

**4.3.16-njy şekil. Balans düzülýän gününe çenli amala aşyrylýan çäreler**

| |
|---|
| Özüne zerur däl enjamlaryň satylmagy (gizlin ätiýaçlyklaryň alynmagy) |
| Hasap-fakturalaryň ýazylyp berilmeginiň çaltlaşdyrylmagy |
| Algylar boýunça puşmanlary, göterimleri hasaplamak, hasaplaşyklary çaltlaşdyrmak, algylary talap etmek, wekselleriň diskontirlenilmegi we beýleki çäreler |

Halkara konsernler balans düzülýän gününe çenli 4.3.17-nji şekilde görkezilen çäreleri amala aşyrýarlar.

**4.3.17-nji şekil. Halkara konsernleriniň balans düzülýän gününe çenli amala aşyrýan çäreleri**

| |
|---|
| Peýda, salgyt ýüki pes ýurtlara geçirilýär |
| Geçginliligi ýokary serişdeler zerur bolan ýurda geçirilýär ýa-da satyn alynýar, geçginliligi pes gymmatlyklar satylýar |
| Konserne degişli kärhanalaryň üpjünçiligi gowulaşýar, hasaplaşyk bahalar kesgitlenýär |
| Amatsyz şertleşikler öz ýyllyk hasabatynda çap edilmän tabynlylykda bolan kärhanalara iberilýär we beýleki çäreler geçirilýär |

Halkara konsernlere 4.3.17-nji şekilde çäreleri kabul etmäge höweslendirilýän sebäpler hökmünde 4.3.18-nji şekilde görkezilen sebäpleri görkezmek bolar.

**4.3.18-nji şekil. Halkara konsernleriň balans düzülýän gününe çenli amala aşyrýan çäreleriniň sebäpleri**

| |
|---|
| «Salgytsyz» ýa-da salgytlary pes «ofşor» zolaklar peýdany tygşytlamak mümkinçiligi döredýär ýa-da şahamçalaryň iki-taraplaýyn salgydy aýyrmak üçin edilýär |
| Ownuk paýdarlary azaltmagyň (ýa-da paýdarlaryň sanawyndan çykarylmagynyň) zerurlygy |
| Täjirçilik we maliýe amallarynyň resmileşdirilmegi |
| Has düşewüntli kärhanalary döretmek üçin kärhanalaryň bölünmegi ýa-da birikdirilmegi we beýleki sebäpler |

Ýokardaky sanalyp geçiilen çäreler anyk kärhananyň çäginde durmuşa geçirilende olaryň köp ýagdaýda howplulygy göz öňünde tutulmalydyr. Şonuň üçinem, ätiýaç gorlary döretmeklik maksadalaýykdyr, mysal üçin, olary balans we maliýe syýasatyna doly laýyklykda amala aşyryp boljak ýerde geçirmelidir. Üstesine-de, ähli çäreler täjirçilik we salgyt kanunçylygynyň kadalaryna laýyk gelmelidir. Bu çäreleri doly möçberde dürli salgyt, walýuta we täjirçilik kanunçylykly ýurtlarda ýerleşýän kärhanalar bilen bilelikde halkara konsernler hem ulanyp bilýärler.

## Barlag soraglary

1. Maliýe dolandyryş maglumatlary bilen üpjün ediş ulgamynyň düzüm bölümleri we onuň ulanylyşy hakda nähili düşünje bermek bolar?
2. Maliýe hasabatlarynyň zerurlygy nämede we olary ulanýan taraplar kimler?
3. Maliýe hasabatlary kimlere we haýsy möhletlerde berilýär?
4. Maliýe maglumatyň hiline bildirilýän talaplar haýsylar?
5. Maliýe hasabatlarynyň ýörelgeleri haýsylar?
6. Ykrar etmek düşünjesi näme?
7. Aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we çykdajylaryň düşünjeleri näme?
8. Haýsy ýagdaýlarda girdejiler ykrar edilýär?
9. Haýsy ýagdaýlarda çykdajylar ykrar edilýär?
10. Roýalti, gudwill, annuitet düşünjeleri nämäni aňladýar?
11. Balans syýasatynyň düşünjesi we onuň düzüm bölümleri haýsylar?

# V BAP

## MALIÝE MENEJERLERINIŇ HASABA WE MALIÝE HASABATLARA GÖZEGÇILIGI

### 5.1. Hasap düşünjesi we maliýe menejmentinde maglumat üçin ulanylýan hasabyň görnüşleri

Gadym döwürlerde hojalyk hasaplaşyklary daşlaryň we agaçlaryň ýüzünde ýöredilipdir. Wagtyň geçmegi bilen hasap ýörite kitaplarda ýöredilip başlanýar. «Buhgalter» sözüniň özi «kitap» sözünden emele gelendir. Buhgalterlik hasaby – maliýe – hojalyk amallary ýörite kitaplarda, belliknamalarda (registrlerde) bellemegi we tassyklanylan tertipde ulgamlaşdyrmagy aňladýar.

Dünýä belli alym Werner Zomberginiň aýdyşyna görä, buhgalterlik hasaby bazar ykdysadyýetine geçmäge uly ýardam berýär.

Buhgalterlik hasabynyň ýörelgeleriniň (prinsipleriň) esaslaryny ilkinji oýlap tapan we ulgamlaşdyran dünýä belli matematik Luka Paçiolidir (1445-1517). Ol ilkinji bolup, goşa ýazgy usulynyň tejribede ulanylmagyny kagyza geçirip, çap etdi.

Şol döwürden bäri buhgalterlik hasaby ulgam hökmünde ulanylyp başlanýar. Häzirki döwürde buhgalterlik hasaby ähli döwletlerde Luka Paçioliniň ulgamyna esaslanýar. Şol bir wagtyň özünde hasap ýöretmekde her döwletiň öz aýratynlyklary hem bardyr.

2010-njy ýylyň 27-nji noýabrynda kabul edilen «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda Buhgalterçilik hasaba alnyşy ykdysady subýektiň, onuň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kabul eden hasaba alyş syýasaty esasynda ykdysady işiniň faktlaryna syn etmegiň, olary ýygnamagyň, bellige almagyň we umumylaşdyrmagyň üznüksiz, tertipleşdirilen ulgamyny özünde jemleýär.

Dolandyryş subýektlerini (kärhanalary) dolandyrmak üçin maliýe menejeri 5.1.1-nji şekilde görkezilen dolandyryş (operatiw), statistika, buhgalterlik, salgyt we beýleki hasabynyň maglumatlaryny ulanmalydyr.

**5.1.1-nji şekil. Maliýe menejmentinde maglumat üçin ulanylýan hasabyň görnüşleri**

| |
|---|
| Dolandyryş hasaby |
| Buhgalterlik hasaby |
| Statistiki hasaby |
| Maliýe, salgyt we beýleki görnüşleri |

**Dolandyryş hasabynyň** maglumatlaryna öndürlen önümiň, satuwlaryň, girdejileriň, çykdajylaryň, peýdanyň möçberleri degişlidir.

Dolandyryş hasabynyň maglumatlary hakyky (natural) ölçeglerde hem pul görnüşinde bolup biler. Dolandyryş hasabynyň maglumatlary bilen maliýe menejeri, ammarçylar, müşderileri kabul ediş bölümler (reseption), pulhanalar, hasap, üpjünçilik, seljeriş bölümleri, howpsuzlyk (sakçylar) we başga gulluklar tassyklanylan tertipde üpjün edip biler. Şol tertip buýruk arkaly kesgitlenip bilner.

Dolandyryş hasabynyň maglumatlary dürli usullar, şol sanda resminama usuly bilen, ýagny çekleriň, kwitansiýalaryň, hasap-fakturalaryň, inwoýslaryň, ynanç hatlaryň, demir ýol, awia, ulag ýanhatlaryň, petekleriň, ýolhatlaryň, belliknamalaryň kömegi bilen ýygnalyp bilner. Dolandyryş hasabynyň maglumatlaryny ýygnamak üçin pulhana abzallary (kassa apparatlary), kompýuterler we başga tehniki serişdeler giňden ulanylýar.

Dolandyryş hasabynyň maglumatlarynyň öz wagtynda, gaýragoýulmasyz çäreleri geçirmekde ähmiýeti örän uludyr. Olarsyz dolandyrmakda üstünlik gazanmak mümkin däldir.

**Buhgalterlik hasaby** – hasaby ýöretmegiň usullarynyň, standartlaryň, tärleriň, düzgün-tertipleriň jemidir.

Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşynyň standartlary Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar we Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

**Statistika hasaby**, dolandyryş hasaby ýaly esasy maglumatlary ýygnamak we bellenilen tertibe getirmek üçin ýöredilýär. Statistika hasabynyň maglumatlary dolandyryş subýekti barada döwletiň statistiki guramalaryna tabşyrylýar. Statistika hasabynyň maglumatlary bize etraplar, şäherler, welaýatlar, pudaklar, döwlet boýunça dürli netijeleri çykarmaga mümkinçilik berýär. Statistika hasabynyň maglumatlary maliýeni dolandyrmakda hem giň ulanylýar.

**Salgyt hasaby** salgytlar, ýygymlar we salgytlara deňeşdirilen başga tölegler barada maglumatlary belli tertibe getirip, zerur bolan ýagdaýda dolandyryş subýektleri we salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär. Salgyt töleýjileriň we salgyt gulluklarynyň maglumatlary deň gelmelidir. Emma salgyt töleýji üçin tölenen salgytlar çykdajy bolsa, salgyt gullugy (býujet) üçin olar girdeji bolup durýar. Salgytlar yzyna gaýtarylan wagtynda salgyt töleýji üçin bu girdeji bolup, salgyt gullugy (býujet) üçin çykdajy bolup çykyş edýär.

Salgyt töleýjiniň algylary salgyt gulluklary (býujet) üçin bergilerdir. Salgyt töleýjileriň bergileri bolsa, salgyt gulluklary (býujet) üçin algylar bolup çykyş edýär.

Maliýe dolandyryjylar salgyt hasabyna, salgytlaryň öz wagtynda tölenmegine berk gözegçilik etmelidirler.

Hasap ykdysady edebiýatlarda **takyk (analitik) we jemleýji (sintetik) hasaplar** diýen iki topara bölünýärler.

**Takyk hasap** – bellibir amaly hasaba alýar, **jemleýji hasap** bolsa, birnäçe amallaryň jemlenen hasabyny görkezýär.

Takyk hasabyň maglumatlary jemleýji hasabyň maglumatlaryna gabat gelmelidir. Eger ýokarda görkezilen hasaplarda aratapawut bar bolsa, onda hasap nädogry ýöredilýär diýip hasaplanylýar.

Takyk hasabyň mysaly hökmünde, ilkinji buhgalterlik resminamasy esasynda islendik belli maliýe – hojalyk hereketi hasaba alýan hasaby görkezip bolar.

**Jemleýji hasabyň mysaly hökmünde** – balansyň, galyndy-dolanyşyk sanawnamalaryň, maliýe netijeleriň, baş, kassa hem başga kitaplaryň we gaýry hasabyň jemlerini görkezip bolar.

Takyk we jemleýji hasabatlaryň maglumatlaryny deňeşdirmek üçin ilki takyk hasabyň maglumatlary alynýar. Şol hasaby ýöretmek

üçin esas bolan ilkinji buhgalterçilik resminamalar galdyrylýar. Eger hasap dogry ýöredilip, hasaplarda dogry ýazgylar ýazylan bolsa, onda takyk hasabyň jemi jemleýji hasabyň jemine deň bolýar.

Eger ýazgylar nädogry ýazylan bolsa, onda düzediş işleri geçirilýär ýa-da olary geçirmek barada teklip berilýär.

2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda ähli täjirçilik kärhanalarynyň maliýe hasabatlary halkara ülňülerine (standartlara) esaslanýan maliýe hasabatlarynyň Milli ülňülerine (standartlaryna) geçirildi. Görkezilen döwürden başlap täjirçilik kärhanalary täze halkara standartlaryna laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasyna geçirildi.

Maliýe menejerleri we beýleki dolandyryjylar maliýe hasabatlary barlap tassyklamak üçin hasaplaryň meýilnamasyny içgin öwrenmelidirler.

Halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasy 5.1.2-nji şekilde görkezilen bölümlerden ybaratdyr.

**5.1.2-nji şekil. Halkara standartlara laýyk gelýan hasap meýilnamasynyň bölümleri**

| |
|---|
| 1-nji bölüm. Aktiwler |
| 2-nji bölüm. Borçnamalar |
| 3-nji- bölüm. Maýalar (arassa aktiwler) |
| 4-nji-bölüm. Täjirçilik kärhanalaryň girdejileri |
| 5-nji- bölüm. Täjirçilik kärhanalaryň çykdajylary |
| 6-njy bölüm. Býujet edaralarynyň girdejileriniň we çykdajylarynyň meýilnamasy |

Halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasy öz gezeginde 6 sany hasaplaryň görnüşine (tiplere) bölünýär. Ol bir san bilen bellenilýär. Ýokarda görkezilen 1-nji we 2-nji bölümleriň hasaplary, ýagny aktiwler bilen borçnamalar «6» belgi, 3-nji bölümiň hususy maýalary «8» belgi, 4-nji we 6-njy bölümlerde görkezilýän girdejiler «1» belgi, 5-nji we 6-njy bölümlerde görkezilýän çykdajylar «2» belgi bilen bellenilýär.

Hasap meýilnamasynda hasaplar kategoriýalara we kategoriýaçylara bölünýärler. Kategoriýalar «XX», kategoriýaçylar bolsa «XXX» san bilen bellenilýär.

Hasap meýilnamasy esasy toparlara hem bölünýär. Esasy topary görkezýän hasaplar «XXXX» san bilen bellenilýär.

Jemleýji (sintetiki) hasaplar «XXXXXX» san bilen bellenilýär.

Takyk (analitiki) hasaplar «XXXXXXXX» san bilen bellenilýär.

Ykdysady edebiýatlarda hasaplar aktiw, passiw, kontur-aktiw we aktiw-passiw hasaplara bölünýärler.

**Aktiw** hasaplarda girdejiler, başlangyç we ahyrky galyndylar hasabyň debet, çykdajylar bolsa kredit tarapyndan görkezilýär.

**Passiw** hasaplarda başlangyç we ahyrky galyndylar hasabyň kredit tarapyndan ýazylýar. Passiw hasaplarda çeşmeler (borçnamalar) görkezilýär. Çeşmeleriň köpelmegi kredit tarapynda, azalmagy bolsa hasabyň debet tarapynda ýazylýar.

**Kontur-aktiw** hasaplar öz düýp manysy boýunça passiw hasaplardyr. Olar balansyň aktiw tarapynda görkezilende olaryň ady üýtgeýär, ýagny olar kontur-aktiw hasaplara öwrülýärler. Mysal üçin, esasy serişdeleriniň we maddy däl aktiwleriniň könelmelerini toplaýan hasaplary kontur-aktiw hasaplaryň hataryna geçirmek bolar.

Kärhana boýunça jemleýji **aktiw-passiw** hasaplarda başlangyç we ahyrky galyndylar aktiw hem passiw, hem «0», ýagny hasabyň galyndylary debet hem kredit tarapyndan hem «0» netijeli ýazylyp bilner. Kärhananyň maliýe-hojalyk amallarynyň netijesinde bir (birnäçe) müşderilere bergisi, şol bir wagtda hem bir (birnäçe) kärhanadan algysy bolup biler. Kärhana algysyz, bergisiz seýrek bolýar.

Emma aýry (bir hasapiçi) aktiw-passiw hasaplar boýunça başlangyç we ahyrky galyndylar aktiw ýa-da passiw, ýagny hasabyň debet ýa-da kredit tarapyndan ýazylyp, ýa-da «0» bolup biler. Bir müşderi boýunça kärhananyň algysy ýa-da bergisi bolup biler, ýa-da şol müşderi bilen kärhananyň netijesi algysyz-bergisiz bolup biler.

## 5.2. Dolandyryş subýektlerinde hasaby ýöretmegiň usullary

Dolandyryş subýektlerinde hasaby ýöretmegiň usullary dürli ykdysady edebiýatlarda dürli görnüşlerde görkezilýär. Ýurdumyzyň we başga döwletleriň tejribesinden ugur alyp, 5.2.1-nji şekilde görkezilen hasaby ýöretmegiň usullaryny görkezmek bolar.

**5.2.1-nji şekil. Dolandyryş subýektlerde hasaby ýöretmegiň usullary**

| |
|---|
| Resminama usuly |
| Goşa ýazgy usuly |
| Balans usuly |
| Bahalandyrmak usuly |
| Galyndy-dolanyşyk usuly |
| Tükellemek usuly |

Türkmenistanda we başga döwletlerde hasap ýöredilende ähli hasaplaryň başlangyç we ahyrky galyndylary hasaba alynýar, ýagny **galyndy usuly** ulanylýar. Şol galyndylaryň jemleri balansda we maliýe hasabatynyň başga görnüşlerinde jemlenilýär.

Kärhanalarda hasabyň galyndysyny çykarmak üçin, köplenç, hasaplaryň dolanyşygy hem hasaba alynýar, ýagny **dolanyşyk usuly** ulanylýar. Dolanyşyk usulsyz hasaplaryň ahyrky galyndysyny hasaplamak mümkin däl. Sebäbi hasabyň ahyrky galyndysyny hasaplamak üçin onuň başlangyç galyndysyna girdejileriň dolanyşygy goşulyp, çykdajylaryň dolanyşygy aýrylýar.

Iş ýerde galyndy we dolanyşyk usullary bile ulanylýar. Şol sebäpli käbir ykdysady edebiýatlarda usullar **galyndy-dolanyşyk usuly** diýlip hem atlandyrylýar.

Türkmenistanda we gaýry döwletlerde buhgalterlik hasaby goşa (ikitaraplaýyn) ýazgy usuly esasynda ýöredilýär. Maliýe menejerleri maliýe netijelerini barlanlarynda şol usulyň dogry ulanylyşyny hem barlamalydyrlar.

Bir hasapdan pul serişdelerini aýyrman, gaýry hasaba pul serişdeleri goşulmaly däldir. Sebäbi çeşmesiz pul serişdelerini sarp etmek mümkin däl we çeşmesiz girdeji bolup bilmez.

Şol sebäpli barlanylýan kärhanada (edarada, guramada) bir hasapda girdeji ýazgy edilen bolsa, başga hasapda hökman çykdajy ýazgy edilmelidir. Bir hasabyň debet tarapynda ýazgy edilen bolsa, başga hasabyň kredit tarapynda ýazgy edilmelidir, ýagny girdejiniň we çykdajynyň çeşmeleri hökman görkezilmelidir.

**Goşa ýazgy usuly** maşgalada, kärhanalarda, halk hojalygynyň ähli pudaklarynda we döwlet derejesinde hasap ýöredilende ula-

10. Sargyt № 3078

nylýar. Mysal üçin, maşgalanyň pul hasabyny ýöretmek üçin hasap ýazgylary ýöredilmese-de, gelen pul girdejileri çeşmeler boýunça hasaba alynýar, çykdajy edilende sarp edilen pul serişdeleri hasapdan aýryp, şol bir wagtyň içinde (pikirde) çeşmeler azaldylýar. Emma, käwagt durmuşda şol usula üns berilmeýär. Usul taryhy gadymy döwürlerden gözbaş alýar. Goşa ýazgy usulsyz hasaby dogry ýöretmek bolmaýar. Ol durmuşdan, tejribeden alnan usullaryň biridir. Maliýe menejer barlagy geçirilende goşa ýazgy usulynyň doly berjaý edilişi hökman barlanmalydyr.

Goşa ýazgy usuly balansy düzmäge hem ýardam edýär. Eger goşa ýazgy usuly esasynda hasap ýöredilmese, hasabyň netijesinde balans (deňleşme) çykmaýar, ýagny çykdajylaryň jemi olaryň çeşmelerine gabat gelmeýär.

**Balans (deňleşme) usulynyň** kömegi bilen her girdejiniň çeşmesiniň hasaba alnandygy we her bir edilen harajadyň öz çeşmesiniň barlygy barlanylýar. Balans usulynyň kömegi bilen goşa ýazgylaryň dogrulygy barlanylýar.

Maliýe menejeri balansy kabul edende aktiw we passiw taraplaryň jemleri hökman deňeşdirilmelidir we olar deň çykmadyk ýagdaýynda sebäbi anyklanmalydyr.

**Harajatnama (kalkulýasiýa), bahalandyryş usuly** – bu usulyň kömegi bilen önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin bellenilen tertipde harajatnama (kalkulýasiýa) düzülýär, işlere (hyzmatlara, harytlara) pul görnüşinde baha kesilýär.

Tejribede hasaby ýöretmek we dolandyrmak işleri amala aşyrmak üçin **deňeşdirmek usuly** giňden ulanylýar, ýagny gymmatlyklar bir ölçege getirilip deňeşdirilýär.

Deňeşdirmek usulynyň mysaly hökmünde takyk we jemleýji hasabyň deňeşdirmesini görkezmek bolar.

## 5.3. Maliýe menejeriniň we baş hasapçynyň maliýe dolandyryş gatnaşyklary

Türkmenistanyň «Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda» Kanunyna laýyklykda edara görnüşli tarapda (kärhanada) hasabyň guralyşy döwletimizde tassyklanylan standartlara, kada, hukuk namalara laýyk

gelmelidir we şoňa jogapkärçiligi edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýolbaşçysy çekýär.

Dolandyrylýan subýektde hasap işiniň guralmagyna we alnyp barylmagyna, hasabyň ýöredilişine, hasaba alynýan obýektleriniň ýagdaýyna we hereketine gözegçiligi baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam amala aşyrmalydyr.

Baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýolbaşçysynyň (maliýe menejeriniň) gös-göni tabynlygynda bolup, ýolbaşçy tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Kanunalaýyklykda baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýolbaşçysy (maliýe menejeri) bilen bilelikde pul we hasaplaşyk resminamalaryna, maliýe we karz borçnamalaryna öz goluny (olar dogry düzelen bolsa) çekmelidir.

Baş hasapçy öz işinde, döwletiň kanunlaryna we düzgünnamalaryna laýyklykda şu aşakdakylary üpjün etmäge borçludyr:

**5.3.1-nji şekil. Baş hasapçynyň borçlary**

| |
|---|
| Hasaba alyş ulgamyny gurnap, oňa gözegçilik etmäge |
| Maliýe-hojalyk işlerini we olaryň netijelerini takyk wagtynda hasaba almaga |
| Ýerleşdirilen önümleriň özüne düşýän bahasynyň ykdysady taýdan esaslandyrylan hasabat kalkulýasiýasyny düzmäge |
| Býujetlere, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna, gaznalara we gorlara geçirmeli serişdeleri dogry hasaplap öz wagtynda geçirmäge |
| Banklardan we beýleki tarapyndan alnan karzlaryň wagtynda üzülmegini üpjün etmek |
| Kem çykmalar hem-de ogurlyklar boýunça materiallary resmileşdirmek, degişli bolan çäreleri geçirmek we beýleki borçlar |

Baş hasapçy degişli birlikleriň we gulluklaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde 5.3.2-nji şekilde görkezilenlere aýratyn gözegçilik etmäge borçludyr.

Wezipeli adamlaryň bikanun hereketleri (artdyrylyp ýazmalar, serişdeleriň niýetlenilişi boýunça peýdalanylmazlygy we beýleki

bozulmalar hem-de hyýanatçylyklar) ýüze çykarylsa baş hasapçy bikanun alnan pul möçberini we emlägi dikeltmek boýunça çäreler görmek üçin bu barada edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýolbaşçysyna habar bermelidir.

**5.3.2-nji şekil. Baş hasapçynyň aýratyn gözegçilik etmäge borçlary**

| |
|---|
| Haryt-maddy gymmatlyklary kabul etmegine, göýbermegine, olaryň resmileşdirilmegine gözegçilik etmek |
| Iş haky gorunyň dogry harçlanylyşyna, wezipe aýlyk iş haklarynyň bellenilişine, wezipe, maliýe we kassa düzgün-nyzamynyň berk berjaý edilişine |
| Gymmatlyklary, esasy gaznalary, hasaplaşyklary we töleg borçnamalaryny tükellemegiň bellenilen möhletleriniň hem-de kadalarynyň berjaý edilişine |
| Algylaryň we bergileriň wagtynda tutulyp alynmagyna hem-de üzülmegine, töleg düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine |

Pul serişdelerini we haryt-maddy gymmatlyklary kabul etmek hem-de bermek üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalara, şeýle hem karz borçnamalaryna kärhananyň ýolbaşçysy we baş hasapçy gol çekmelidirler. Resmi kagyzlara gol çekmek hukugynyň berilmegi kärhana boýunça çykarylýan buýruk arkaly resmileşdirilmelidir.

Baş hasapçynyň goly bolmadyk ýagdaýda şol görkezilen resmi kagyzlar hakyky däl diýlip hasap edilýär we şol kärhananyň maddy taýdan jogapkär adamlary we hasapçylar, şeýle hem bank edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmäge kabul edilmeli däldir.

Baş hasapçylara pul serişdelerini, haryt maddy-gymmatlyklary we beýleki gymmatlyklary kabul etmegiň, saklamagyň we harçlanmagyň bellenilen tertibine, kanuna ters gelýän işler boýunça resmi kagyzlary ýerine ýetirmäge hem-de resmileşdirmäge kabul etmek gadagan edilýär.

Kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan şeýle hereketleri amala aşyrmak baradaky dilde görkezme berilse baş hasapçy ony ýerine ýetirmän, bu görkezmäniň bikanunlygy barada ýolbaşça habar berýär. Edara görnüşli tarapyň (kärhanyň) ýolbaşçysy tarapyndan ýazmaça görkezme berilse baş hasapçy ony ýerine ýetirip, bu barada ýokarda

durýan edaranyň ýolbaşçysyna habar berýär. Şunda görkezilen iş üçin baş hasapçydan jogapkärçilik aýrylýar.

Ýokarda durýan edaranyň ýolbaşçysy şol habary alyp, oňa gyssagly seredip, degişli çözgüdi kabul edip, bu barada kärhananyň ýolbaşçysyny habardar edýär. Ol hem baş hasapçy bilen kärhananyň ýolbaşçysynyň arasyndaky çaprazlyk meseläni çözýär.

Baş hasapçy özüne tabyn işgärleriň gulluk borçlaryny belleýär. Beýleki birlikleriň we gulluklaryň hasapçylary, hem-de hasabatlylygy guramak we ýöretmek meseleleri boýunça işler bilen bagly başga işgärler baş hasapça tabyndyrlar.

Baş hasapçynyň işleri resmileşdirilmegiň we buhgalteriýa ýa-da hasaplaýyş merkezlerine zerur resmi kagyzlary we maglumatlary bermegiň tertibi baradaky talaplary edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ähli birlikleri, gulluklary, düzümleýin bölümleri we işgärleri üçin hökmanydyr.

Kärhananyň birlikleri we gulluklary hasaba almak we gözegçilik etmek üçin zerur bolan resmi kagyzlary-buýruklary, kararlary, görkezmeleri, şeýle hem şertnamalary, ylalyşyklary, çykdajylaryň sanawnamalaryny, kadalaşdyryjy we beýleki materiallary buhgalteriýa we hasaplaýyş merkezlerine öz wagtynda bermäge borçludyrlar.

Bu resmi kagyzlaryň wagtyndan gijikdirilip, pes hilli resmileşdirilmegi we düzülmegi, hasaba almakda we hasabatlylykda beýan etmek üçin olaryň berilmeginiň bökdelmegi üçin, resmi kagyzlarda bar bolan maglumatlaryň ynamdar bolmazlygy üçin, şeýle hem bikanun işleri beýan edýan resmi kagyzlaryň düzülendigi üçin şol resmi kagyzlary düzen hem-de olara gol çeken wezipeli adamlar jogapkärçilik çekýärler. Ilkinji resmi kagyzlary düzmek borjy ýüklenilen we özlerine gol çekmek hukugy berilýän wezipeli adamlaryň sanawlary baş hasapçy bilen ylalaşylyp, ýolbaşçy tarapyndan tassyklanylýar.

Maddy taýdan jogapkär adamlaryň (kassirleriň, ammar müdirleriniň we beýlekileriň) wezipä bellenilmegi, işden boşadylmagy we başga işe geçirilmegi baş hasapçy bilen ylalaşylyp edilýär.

Haryt-maddy gymmatlyklary almak we goýbermek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin kärhana tarapyndan baglaşylýan şertnamalara we ylalaşyklara, şeýle hem işgärlere wezipe aýlyk iş

haklaryny, iş haklaryna goşmaçalary bermek baradaky buýruklara we görkezmelere baş hasapçy tarapyndan deslapdan garalýar we gol çekilýär.

Baş hasapçynyň 5.3.3-nji şekilde görkezilenlere hukugy bardyr.

**5.3.3-nji şekil. Baş hasapçynyň hukuklary**

| |
|---|
| Toparlaryň , bölümleriň , işhanalaryň hem-de gulluklaryň ýolbaşçylaryndan aktiwleri abat saklamagy, hasaba almagyň we gözegçiligiň dogry guralyşyny üpjün etmek üçin çäreler görmegi talap etmäge |
| Toparlaryň , bölümleriň , işhanalaryň hem-de gulluklaryň ýolbaşçylaryndan aktiwleri abat saklamagy, hasaba almagyň we gözegçiligiň dogry guralyşyny üpjün etmek üçin çäreler görmegi talap etmäge |

Döwlet we ýokarda durýan edaralara, şeýle hem kärhanalaryň ýolbaşçylary baş hasapça Türkmenistanyň Kanunlarynda we Düzgünnamalarynda göz öňünde tutulan öz borçlaryny ýerine ýetirmekde we hukuklaryny peýdalanmakda hemmetaraplaýyn ýardam etmäge borçludyrlar.

Öz borçlaryny ýerine ýetirendigi we hukuklaryny peýdalalanandygy üçin baş hasapçy yzarlamaga bolan islendik synanyşyklaryň öňi alynmalydyr. Günäkär adamlar bolsa jogapkärçilige çekilmelidir.

Baş hasapçy 5.3.4 we 5.3.4-nji a şekillerde görkezilen halatlarda jogapkärçilik çekýär.

**5.3.4-nji şekil. Baş hasapçy şu aşakdaky halatlarda jogapkärçilik çekýär**

| |
|---|
| Hasapda we hasabatlylykda düýpli kemçilikler ýüze çykarylanda, ýagny hasabat ýoýlanda |
| Girdeji etmegiň, saklamagyň we harçlamagyň bellenilen tertibine ters gelýän işler boýunça resmi kagyzlar ýerine ýetirmäge hem-de resmileşdirmäge kabul edilende |
| Pul serişdelerini, gymmatlyklary kabul etmegi, algydarlar hem-de bergidarlar bilen hasaplaşyklar (aýratyn hem banklardaky hasaplar boýunça hasaplaşyklar) öz wagtynda barlanylyp görülmände |
| Kem çykmalar, algylar we beýleki ýitgiler hasapdan bikanun çykarylanda we beýleki kemçilikler boýunça |

**5.3.4-nji a şekil (5.3.4-nji şekiliň dowamy). Baş hasapçy şu aşakdaky halatlarda jogapkärçilik çekýär**

| |
|---|
| Tabyn bolan düzümlerde barlaglar we derňewler öz wagtyndan gijikdirilip geçirilende |
| Hasapçylaryň günäsi bilen ynamdar bolmadyk maliýe hasabatlylygy düzülende |
| Hasaby guramak boýunça düzgünnamalar we gollanmalar beýleki hili bozulanda |

Baş hasapçy 5.3.5-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda kärhananyň ýolbaşçysy (maliýe menejeri) bilen deň derejede jogapkärçilik çekýär:

**5.3.5-nji şekil. Baş hasapçy şu halatlarda maliýe menejer bilen deň derejede jogapkärçilik çekýär**

| |
|---|
| Maliýe – hojalyk düzgünleşdirýän kadalaryň we düzgünleriň bozulandygy üçin |
| Çärýekleýiň we ýyllyk maliýe hasabatlarynyň we balanslarynyň degişli edaralara berilmeginiň möhletleriniň bozulmagy üçin |
| Salgyt kanunçylygynyň bozulmagy üçin |

Baş hasapçynyň edara ediş (administratiw), maddy we jenaýat jogapkärçiligi degişli kanunlara laýyklykda kesgitlenilýär.

Baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam kärhanada hasabyň ýola goýluşynyň we alnyp barlyşynyň dogrulygy hem-de doly we takyk maliýe hasabatynyň öz wagtynda berilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

## 5.4. Dolandyryş subýektiniň hasap ulgamyny döretmekde we oňa gözegçilik etmekde maliýe menejerleriniň orny

Dolandyryş subýektleri, şol sanda kärhanalar üçin hasaby we hasabaty düzmegiň bütewi usul esaslaryny belleýän kada, hukuk namalarynyň berjaý edilişine döwletiň degişli guramalary tarapyndan gözegçilik edilýär.

Dolandyrylýan subýekt hasabyň tassyklanylan standartlaryna we Türkmenistanyň beýleki kada, hukuk namalaryna laýyklykda onuň işiniň gurluşyndan we beýleki aýratynlygyndan ugur alyp, hasap ulgamyny düzmelidir. Kärhana tarapyndan kabul edilen hasap ulgamy

onuň ýolbaşçysy (maliýe menejeri) tarapyndan tassyklanylyp ýylyň-ýylyna yzygiderli peýdalanylmalydyr.

Dolandyrylýan subýektiň (kärhananyň) hasaba alyş ulgamyny onuň iş şertleri düýpli üýtgände maliýe ýylynyň başyndan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygy üýtgese, bellenilen seneden üýtgetmäge ygtyýar berilýär.

Her bir dolandyryş subýektiniň hasabynyň guralyşynda öz aýratynlyklary bolup biler, emma olar döwlet tarapyndan kesgitlenilen umumy tertibiň, düzgüniň çäklerinden çykmaly däldir.

Kärhanada hasaby ýöretmek işi onuň möçberine baglylykda 5.4.1-nji şekilde görkezilen görnüşlerde guralyp bilner.

**5.4.1-nji şekil. Kärhanada hasaby ýöretmek işi onuň möçberine baglylykda şu görnüşlerde guralyp bilner**

| |
|---|
| Özbaşdak gullugy (bölümi) ýa-da hasap merkezini döredip |
| Hasapçy hünärmenleriniň hyzmatlaryndan peýdalanyp, şertnama esasynda hasap we auditorlyk guramalara hasaby ýöretmek işi tabşyryp |
| Kompýuterleşdirilen ulgamyny döredip ýa-da oňa şertnama esasynda hasaby ýöretmek işi tabşyryp |

Turkmenistanyň «Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda» Kanunyna laýyklykda ähli kärhanalarda, hasaby ýöretmegiň guralyşy, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan ýörite buýruk esasynda amala aşyrylmalydyr.

Kärhanada hasaby ýöretmek işini gurnamak üçin 5.4.2-nji şekilde görkezilenler işlenilip taýýarlanylmalydyr.

**5.4.2-nji şekil. Kärhanada hasaby ýöretmek işini gurnamak üçin şu görkezilenler işlenip taýýarlanylmalydyr**

| |
|---|
| Ulanyljak hasaplaryň iş meýilnamasy |
| Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň bir nusga getirilen (tipli) görnüşleri |
| Resminamalaryň aýlanyşygynyň kadalary |
| Ykdysady seljermäniň, içerki hojalyk hasabynyň we gözegçiliginiň ulgamy |
| Tükellemek işlerini geçirmegiň tertibi |

Kanun boýunça ähli dolandyryş subýektleri, şol sanda kärhanalar bellibir hasap syýasatyny ýöretmelidirler. Hasap syýasaty ýylyň başynda bellenilip, tutuş ýylyň dowamynda üýtgemeli däldir. Bellenilen hasap syýasaty diňe kanun arkaly üýtgedilip bilner. Hasap syýasaty pul serişdeleriniň gelmegine ýa-da harytlaryň iberilmegine, işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagyna görä ýöredilip bilner.

2000-nji ýyla çenli Türkmenistanyň kärhanalary, kärhananyň amala aşyrýan işlerine görä, öz islegi boýunça ýokarda görkezilen iki syýasatdan haýsam bolsa birini saýlamaga haklydy. 2000-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň görkezmesi esasynda döwletiň ähli kärhanalary diňe birinji usul esasynda ýagny pul serişdeleriniň gelmegine görä hasap syýasatyny ýöredip başladylar. 2004-nji ýylda kabul edilen «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuna laýyklykda bolsa 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-nji gününden başlap we şu güne çenli Türkmenistanda hasap syýasaty harytlarynyň iberilmegine, işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagyna görä ýöredilýar.

2012-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylan Milli ülňülere (standartlara) laýyklykda dolandyrylýan subýektler öz hasap syýasatyny ýylyň başyndan başlap, özleri saýlamaga mümkinçilik aldylar. Emma, «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuna laýyklykda hasap syýasaty harytlarynyň iberilmegine, işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagyna görä ýöredilýär.

Her ýylyň soňunda kärhanalar hökman tükelleýiş işlerini geçirmelidirler. Şol işler geçirilende ähli maddy serişdeler, maliýe borçlary täzeden hasaba alynmalydyr.

Maliýe borçlarynyň tükellenmegi diýlende kärhananyň bergileriniň we algylarynyň ýylyň ahyrynda delilnama esasynda täzeden anyklanylmagyna we tassyklanylmagyna düşünilýär. Şol iş geçirilmese, döwlet guramalary hasabatlary kabul etmekden boýun gaçyrmaga haklydyrlar.

Tükellemek işleri her ýylyň soňunda we 5.4.3-nji şekilde görkezilen beýleki ýagdaýlarda geçirilmelidir. Şolaryň arasynda:

Tükellemek işlerini geçirmäge bildirilýän talaplar döwletde hasaby düzgünleşdirýän guramalar tarapyndan bellenilýär. Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda buhgalterlik hasaba alnyşda resminamalaryň 5.4.4-nji şekilde görkezilen toparlary (görnüşleri) ulanylýar.

**5.4.3-nji şekil. Tükellemek işleriniň hökman geçirilýän ýagdaýlary (wagtlary)**

| |
|---|
| Her ýylyň soňundan |
| Kärhananyň eýeçiligi üýtgände |
| Maddy jogapkärçilik çekýän işgär çalşylanda |
| Nagt duran haryt-material gymmatlyklarynyň resmi ýazgylara laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylanda |
| Kärhananyň gaýtadan guralmagy ýa-da ýatyrylmagy netijesinde |
| Türkmenistanyň hukuk kadalary tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki halatlarda |

**5.4.4-nji şekil. Buhgalterlik hasaba alnyşda resminamalaryň şu görnüşleri ulanylýar**

| |
|---|
| Ilkinji hasaba alnyş resminamalary |
| Belliknamalar we kömekçi sanawnamalar |
| Buhgalterlik kitaplary |
| Maliýe hasabatlar, şol sanda balanslar |

Şol sanda:

– hasabyň döwlet guramasy tarapyndan bellenilen hökmany alamatlaryny (rekwizitleri) özünde saklaýan, hojalyk amallarynyň geçirilen pursadyny (faktyny) ýa-da şeýle amaly geçirmäge onuň hukugynyň bardygyny görkezýän ilkinji hasaba alnyş resminamasy. Resminamalar hojalyk amallary geçirilen wagty düzülmelidir. Eger şeýle etmäge mümkinçilik bolmasa, onda olar gös-göni şol amal gutarandan soň düzülýär;

– geçirilýän hojalyk amallaryny hronologiki yzygiderlilikde görkezýän ilkinji hasaba alnyşyň belliknamalary (registrleri). Registrleri düzmegiň tertibi döwlet (häzirki döwürde Türkmenistanyň Maliýe ministriligi) tarapyndan kesgitlenilýär;

– hasabyň meýdançalarynyň (obýektleriniň) ýagdaýy we hereketi beýan edilýän buhgalterlik kitaplary;

– hasabyň maglumatlaryny bölekleýin görkezýän kömekçi sanawnamalar;

– maliýe hasabatlary.

Edara görnüşli tarap (kärhana) hasaba alnyş resminamalarynyň bir nusga getirilen (tipli) we ýöriteleşdirilen görnüşlerini peýdalanyp biler.

Edara görnüşli tarap (kärhana) banklaryň üsti bilen amallary geçirende Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan taýýarlanylyp tassyklanylan we bir nusga getirilen resminamalaryň görnüşlerini peýdalanyp biler.

Bank we kassa resminamalarynda ýalňyşy düzetmäge rugsat berilmeýär.

Hasaba alnyşyň kompýuterleşdirilen ulgamy peýdalanylan mahalynda resminamalar ulanyjylar üçin amatly we düşnükli görnüşde düzülmelidir.

Hasabyň resminamalary, şol sanda kompýuterleşdirilen ulgam ulanylan mahalynda, şol resminamalar Türkmenistanyň hukuk, kadanamalary tarapyndan bellenilen talaplaryna laýyklykda saklanylmalydyr.

Ilkinji hasaba alnyş resminamalary diňe Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan bellenilen ýagdaýlarda we tertipde aýrylyp bilner. Resminamalary aýyrýan wezipeli adamlar şolaryň aýrylýandygy hakynda beýannama (protokol) düzýärler, onuň göçürmesi bolsa, edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) ýolbaşçysyna berilýär. Aýrylýan resminamalaryň göçürmelerini özünde galdyrmaga edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) haky bardyr.

Ilkinji hasap resminamalary esasynda kärhanalar žurnal-orderlerde, memorial-orderlerde bellenilen tertipde degişli ýazgylary ýöretmelidirler.

2012-nji ýylyň 26-njy dekabrynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 676-njy bellik bilen hasaba alnan 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Türkmenistanyň maliýe ministriniň № 219-Ö buýrugyna laýyklykda, milli ülňülere geçirilen täjirçilik kärhanalary 14 sany belliknamany (žurnal-orderleri) ýöretmelidirler. Her žurnal-orderiň ýörite maksady Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan ýokarda görkezilen buýrukda bellenilendir. Žurnal-orderleriň esasy maksatlary 5.4.5-nji şekilde we şol şekiliň dowamynda görkezilendir.

**5.4.5-nji şekil. Belliknamalaryň (žurnal-orderleriň) sanawy we olarda hasaba alnyýan amallar**

| |
|---|
| 1-nji-de pulhanalaryň amallary |
| 2-nji-de hasaplaşyk hasaplaryň amallary |
| 3-nji-de ýoldaky pul serişdeler bilen amallar |
| 4-nji –de banklardan alnan karzlar |
| 5-nji- de býujete tölemäge degişli tölegler |
| 6-njy-da haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar |
| 7-nji-de işgärler bilen hasaplaşyklar |
| 8-nji-de býujet algylar we gaýry dürli algylar |
| 9-njy-da önümçilik harajatlary |
| 10-njy-da taýýar önümleriň ýerleşdirilişi |
| 11-nji-de esaslyk maýasy we gaznalar boýunça hasaplaşyklar |
| 12-nji-de esasy serişdeler, düýpli maýa goýumlar bilen bagly amallar |
| 13-nji-de peýda , onuň paýlanylyşy we ulanylyşy |
| 14-nji-de baş kitap |

Žurnal-orderlerde girdeji we çykdajy amallar aýry-aýrylykda hasaba alynýar.

Žurnal–orderlerde degişli hasabyň başlangyç galyndysy görkezilip, geçirilen amallar jemlenip, hasabyň ahyrky galyndylary çykarylýar. Her amal hasaba alnanda habarçy (korrespondent) hasaplara hem degişli ýazgylar edilýär.

Žurnal-orderleriň maglumatlary esasynda dolanyşyk sanawnamalary doldurylýar.

Dolanyşyk sanawnamalarynda her hasabyň dolanyşygy hasaplanylýar.

Dolanyşyk sanawnamalarda hasaplaryň başlangyç we ahyrky galyndylary hem görkezilip bilner. Şol sebäpli dolanyşyk sanawnamalara käbir edebiýatlarda galyndy-dolanyşyk sanawnamasy diýip at berilýär. Galyndy-dolanyşyk sanawnamalary «küşt» usuly esasynda hem düzülýär. Sanawnamanyň bir tarapynda hereketdäki we herekete niýetlenen hojalyk serişdeleri hasaba alýan hasaplaryň galyndylary hem dolanyşyklary görkezilip, beýleki tarapynda edilen hereketleriň çeşme bolan hasaplarynyň galyndylary hem dolanyşyklary görke-

zilýär. Şol usul esasynda hasap ýöredilende hasabyň kemçiligi bar bolsa, ony anyklamak aňsat bolýar. Sebäbi her hereketiň girdejiniň we çykdajynyň deň derejedäki çeşmesi hökman bolmalydyr.

Galyndy-dolanyşyk sanawnamasynyň kömegi bilen haýsy hasapdan haýsy hasaba pul serişdeleriniň geçýänini bilmek bolýar.

Žurnal-orderleriň, dolanyşyk sanawnamalarynyň netijeleri jemlenilip, baş kitaba ýazylýar.

Edara görnüşli tarapyň (kärhananyň) hökmany suratda pulhana we baş kitaplary bolmalydyr.

Nagt pul serişdeler bilen bagly amallar kärhanalarda, edaralarda pulhana (kassa) kitabynda hasaba alynýar. Pulhana kitabynyň sahypalarynyň her haýsynda san belligi goýulýar, kitapdan ýüp geçirilýär hem daşyna ýa-da içki tarapyna kagyz ýelmenilip, möhür basylýar. Möhüriň aşagynda kärhananyň ýolbaşçylarynyň gollary bolmalydyr. Pulhana kitabynda günüň başyndaky galyndysy, debet tarapyndan girdejiler, kredit tarapyndan çykdajylar hasaba alynýar. Pulhana kitabynda her günki ýa-da amal geçirilen gününiň ahyryndaky galyndysy görkezilýär. Pulhana kitabynyň maglumatlary ilkinji resminamalaryň maglumatlaryna we gözegçilik-pulhana abzallarynyň maglumatlaryna gabat gelmelidir.

Baş kitap sintetik (jemleýji) hasabyň bir görnüşidir. Baş kitapda ähli hasaplar boýunça ýylyň başyndaky başlangyç galyndysy, aýlar boýunça girdejileriň we çykdajylaryň dolanyşygy we ahyrky galyndylary görkezilýär. Kitapda takyk hasabyň başga hasaplar bilen gatnaşygy hem görkezilýär Häzirki döwürde baş kitap kompýuterde hem ýöredilip bilner. Baş kitap hasabyň maglumatlaryny jemlemäge kömek berýär. Şu kitaby we balansy seljerip, kärhana hakynda köp maglumatlary çykaryp, jemläp bolýar. Kitabyň üsti bilen haýsy hasapdan haýsy hasaba pul geçirilendigini bilmek bolýar.

Baş kitabyň maglumatlary esasynda kärhana balansy düzýär. Balansy düzmek tertibi barada maglumatlar şu okuw kitabynyň indiki sahypalarynda giňişleýin berilýär.

Salgyt salynýan amallar resmileşdirilende kärhanalaryň hasapçylary (ýolbaşçylary) öz töleg resminamalaryny kanunalaýyklykda dogry düzmelidirler we işdeş taraplardan kabul edilýän resminamalar

dogry düzüler ýaly talap etmegi başarmalydyrlar. Şol işde goşulan baha üçin salgyt bilen bagly resminamalara aýratyn üns berilmelidir.

Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilmelidir. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda bölek satuw bahalary ýa-da nyrhlary boýunça ilata harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende satyjylar tarapyndan berilýän haryt ýarlyklarynda we bahanamalarynda agzalan salgydyň degişli pul möçberi aýratyn görkezilmeýär.

Salgyt salynýan amallar boýunça, olary geçirýän salgyt töleýjiharytlary, işleri we hyzmatlary alyja bellenen nusgalykdaky hasap-fakturany ýazyp bermäge borçludyr. Hasap-faktura iki nusgalykda ýazylmalydyr, olaryň birinjisi satyn alyja (buýruja, sarp edijä) berilýär, ikinjisi ony ýazyp beren tarapda galmalydyr.

Hasap-faktura başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, harydyň iberilen, işleriň ýerine ýetirilen we hyzmatlaryň edilen senesinden bäş günden gijä galman berilmelidir. Elektrik energiýasyny, suwy, gazy, aragatnaşyk hyzmatlaryny, jemagat hyzmatlaryny ýerlemegi amala aşyrýan salgyt töleýjiler harydyň iberilen (işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň edilen) aýyndan soňky aýyň başinden gijä galman, hasap-fakturany ýazyp bermäge haklydyr.

Hasap-fakturanyň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan salgyt salynýan amallar geçirilende hasap-faktura goşulan baha üçin salgyt görkezilmän ýazylyp berilýär we onda degişli ýazgy edilýär ýa-da «Goşulan baha üçin salgytsyz» diýlen dörtburç möhürçe basylýar.

Söwda we hyzmatlar ulgamyndaky işleri amala aşyrýan taraplar tarapyndan berlen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alnandygy baradaky çekler (talonlar) hasap-faktura bolup hyzmat edýär we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) umumy bahasyny we goşulan baha üçin salgydyň oňa goşulan pul möçberini görkezýär. Käbir maglumatlaryň bolmadyk ýagdaýynda olar çeke (talona) goşulan, bellenen tertipde doldurylan hasapda görkezilmelidir.

Harytlar satyn alnanda alyjynyň hasap-fakturany ýazyp bermegi talap etmäge haky bardyr, onda lomaý we bölek söwda kärhanalary

tarapyndan harytlary satyn almak we söwda nyrh goşundysyndan goşulan baha üçin salgydyň möçberi aýratynlykda görkezilmelidir.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenilen ýagdaýlarda hasap-fakturasy hökmünde bellenilen görnüşdäki we hasap-fakturalara bildirilýän talaplara laýyk gelýän beýleki resminamalar hem hyzmat edip biler.

Görkezilenler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuna laýyklykda salgyt salynýan amallar bolup durmaýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmegine hem degişlidir.

## 5.5. Maliýe hasabatlaryny tassyklamakda maliýe menejerleriniň orny we ähmiýeti

Maliýe hasabatlaryny tassyklamakda maliýe dolandyryjylarynyň orny we ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi maliýe hasabatlary tassyklanmazdan öň maliýe dolandyryjylar seljeriş işlerini geçirýärler we olaryň netijesinde dürli kemçilikleri ýüze çykaryp, degişli teklipleri berýärler.

Ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek we teklipleri amala aşyrmak, kärhananyň baş hasapçysynyň borjudyr.

Maliýe hasabatlaryny tassyklamak üçin maliýe menejerleri girdejiler, çykdajylar, peýda, salgytlar, ýygymlar, karzlar, diwidendler, maliýe gaznalar bilen bagly hasaplara aýratyn üns bermelidirler.

Täjirçilik kärhanalarynyň girdejileri halkara ülňülerine laýyk gelýän meýilnama laýyklykda dördünji bölüminde görkezilen hasaplarda hasaba alynmalydyr. Dördünji bölüm öz gezeginde dört topara bölünýär.

Girdejileriň birinji toparyna harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden gelýän girdejiler degişlidirler.

Girdejileriň ikinji toparyna bolsa, maýa goýumlardan, üçünji toparyna gaýry amallardan, dördünji topara gaýry gelen girdejiler degişlidirler.

Täze halkara ülňülerine laýyk gelýän täjirçilik hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda girdejiler 1421 40 00-1453 46 00 takyk hasaplarda hasaba alynmalydyrlar.

Maliýe menejeri ähli girdejileriň dogry we doly hasaba alnyşyny

barlatmagy ýa-da özi barlamagy başarmalydyr. Barlaglary geçirmek üçin kassa apparatlary, wideokameralar, kwitansiýalar, gözegçiler, auditorlar ulanylyp bilner.

Jemi peýda hakyndaky maliýe hasabatynda girdejileriň birinji topary, ýagny harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden gelen girdejiler hasabatyň 010-njy setirinde görkezilýär. Görkezilen hasabatda maýa goýumlaryndan gelen girdejiler hasabatyň 021-nji setirinde, gaýry gelen girdejiler 023-nji setirinde görkezilýär.

Tassyklanylýan maliýe hasabatynyň maglumatlary ýokarda görkezilen hasabatlaryň maglumatlarynyň jemleri bilen deň gelmelidir.

Täjirçilik kärhanalarynyň çykdajylary täze hasap meýilnamasyna laýyklykda bäşinji bölümde görkezilen hasaplarda hasaba alynmalydyr. Bäşinji bölüm öz gezeginde alty topara bölünýär.

Çykdajylaryň birinji toparyna ýerleşdirilen harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty degişlidirler.

Çykdajylaryň ikinji toparyna bolsa ýerleşdirmek üçin täjirçilik, üçünji toparyna edara ediş, dördünji toparyna maliýe, bäşinji toparyna gaýry, altynjy toparyna býujete we hökmany tölegler boýunça çykdajylar degişlidirler.

Täze, halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda girdejiler 2251 30 00-2823 72 00 takyk hasaplarda hasaba alynmalydyrlar.

Hasabat döwrüniň jemlenen peýdasy (girdejiler we çykdajylar boýunça hasaplary ýapmagyň netijesi) halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasyna laýyklykda 8000 83 00 takyk hasapda hasaba alynmalydyr.

Jemlenilen peýda maliýe hasabatynyň balansynda (086 setirde) we jemi peýda hakyndaky maliýe hasabatynda (070 setirde) görkezilýär. Maliýe menejeri maliýe hasabatlary tassyklanmazdan öň görkezilen hasabatlarda görkezilen maglumatlaryň hasabatyň maglumatlaryna deň gelmegini barlamalydyr.

Býujete we hökmany tölegler boýunça çykdajylar täze hasap meýilnamasynyň bäşinji bölüminiň altynjy toparynda (bölümçede) görkezilen 2823 60 00 - 282372 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Deslapky tölenen salgytlar 6219 55 00 takyk hasapda hasaba alynýar.

Deslapky býujete tölenen başga tölegler 621956 00 takyk balans hasabynda hasaba alynýar.

Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýörite hasaplaryna deslapky tölenen tölegler 52195800 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Býyjete tölenmeli tölegleriň bergileri 6319 51 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýörite hasaplara bergileri 631952 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Salgytlar boýunça algylar balansyň 057 setirinde, bergiler bolsa balansyň 118 setirinde hasaba alynýar. Balansda görkezilen maglumatlar hasaplaryň galyndylaryna deň gelmelidir.

Karzlar boýunça algylar we bergiler uzak we gysga möhletleýinlere bölünýärler. Karzlar berlip we alnyp bilner. Karzlar döwletiň içinde we daşyndan alnyp bilner.

Içki uzak möhletleýin karzlar boýunça bergiler halkara ülňülerine laýyklykda düzülen meýilnamasy boýunça 6314 40 00 - 6314 45 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Daşky uzak möhletleýin karzlar boýunça bergiler halkara ülňülerine laýyklykda düzülen meýilnama boýunça 6324 40 00 - 6328 47 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Içki gysga möhletleýin karzlar boýunça bergiler halkara ülňülerine laýyklykda düzülen meýilnama boýunça 6314 50 00 - 6314 56 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Daşky gysga möhletleýin karzlar boýunça bergiler halkara ülňülerine laýyklykda düzülen meýilnama boýunça 6324 50 00 - 6324 56 00 takyk balans hasaplarynda hasaba alynýar.

Balansda uzak möhletleýin karzlar we zaýomlar 103-nji setirde görkezilýär. Gysga möhletleýin karzlar, zaýomlar boýunça bergiler bolsa 118-nji setirde görkezilýär.

Banklara, salgyt gulluklaryna we başga taraplara bergiler we olardan algylar beýannama arkaly görkezilen taraplar bilen deňeşdirilmelidir.

11. Sargyt № 3078

## 5.6.Täjirçilik kärhanasynyň maliýe ýagdaýy barada hasabaty we peýdanyň hasaplanylyşy

Balans sözi deňagramlylygy aňladýar, ýagny balansyň iki tarapy – aktiwler bilen maýalar we borçnamalar (passiw) taraplary deň bolmaly. **Aktiwler** ýokarda görkezilişi ýaly – bu subýekt tarapyndan gözegçilik edilýän, geçen wakalaryň netijesinde ýüze çykan, subýektiň geljekde olardan ykdysady bähbit almaga garaşýan serişdeleridir.

**Borçnamalar** ýokarky sahypalarda görkezilişi ýaly – bu geçen wakalar bilen şertlendirilen, onuň düzgünleşdirilmegi ykdysady peýdasy bolan serişdeleriň gitmegine getirip biljek hakyky borçlardyr.

**Maýalar** ýokarky sahypalarda görkezilişi ýaly – bu aktiwlerden borçnamalar aýrylandan soň subýektiň aktiwlerde galýan paýydyr.

Aktiwde görkezilen ykdysady peýda onuň subýekt tarapyndan pul serişdeleriniň alynmagyna gatnaşmagy (göni ýa-da gytaklaýyn) arkaly iş ýüzünde amala aşyrylýar. Bu şu aşakdaky ýagdaýlarda mümkindir,

eger serişdeler:

– pul serişdeleri ýa-da olary pul serişdelerine öwrüp bolýan bolsa;

– satylmagy ýa-da olar üçin pul serişdeleriniň alynmagy göz öňünde tutulýan haryt bolsa;

– subýektiň geljekki işinde peýdalanmak üçin göz öňünde tutulýan, pul serişdeleriniň akymynyň ýüze çykmagyna getirýän maddalar bolup durýan bolsa.

Balansda aktiwleriň jemi maýalaryň we borçnamalaryň (passiwleriň) jemine hökmany suratda deň gelmelidir. Sebäbi çeşmesi bolmasa çykdajy edip bolmaz we her girdejiniň öz çeşmesi bolmalydyr.

Balans 5.4.4-nji şekilde görkezilen resminamalaryň kömegi esasynda we yzygiderlikde düzülýär. Şekilde görkezilişi ýaly, kärhanalarda hasap ilkinji hasaba alyş resminamalary esasynda ýöredilip başlanýar. Şol resminamalaryň esasynda ilkinji hasaba alnyşyň belliknamalarynda (ýörite inwentarizasion kartoçkalarda we žurnal ýa-da memorial orderlerde degişli ýazgylar edilip, amallar hasaba alnyp jemlenilýär. Orderleriň jemleri kömekçi sanawnamalarynda (galyndy -dolanyşyk sanawnamalarynda) bir hasapdan başga bir hasaba geçi-

rilen serişdeleriň jemleri, ýagny dolanyşygy hem hasaplaryň ahyrky galyndylary görnüşlerde görkezilýär.

Galyndy-dolanyşyk sanawnamanyň maglumatlary baş kitaba geçirilýär. Baş kitabyň maglumatlary bolsa balansy we maliýe hasabatynyň başga görnüşlerini düzmek üçin ulanylýar.

Balansy düzmekde iň esasy işleriň biri maliýe netijelerini jemlemek we olary kesgitlemek bolup durýar.

Eger balansda aktiwleriň we maýalar bilen borçnamalaryň jemleri deň gelmeýän bolsa, onda hasabatda bir ýa-da ondan köp ýalňyş bardyr.

Balans-bu bellibir döwrüň içinde geçirilen, ýylyň başyna we takyk senelere (köplenç, hasabat çärýegiň ahyrky aýyndan soň gelýan aýynyň 1-nji gününe) hasaplanyp, kärhananyň (edaranyň) maliýe ýagdaýyny we netijesini görkezýän resminamadyr.

Kärhanalar balanslary düzenlerinde amallaryň daşky görnüşine seretmän, içki manysyna üns bermelidirler.

Balans ýa-da maliýe ýagdaýy barada hasabat jemleýji (sintetik) hasabyň görnüşi bolup, özüne esasy balans hasaplarynyň galyndylaryny, kärhananyň (edaranyň) maliýe netijesini jemleýär.

Agzalan häsiýetleri jemläp balansa şu aşakdaky kesgitlemäni berip bolar: Balans – bellibir döwrüň içinde geçirilen ähli maliýe-hojalyk amallarynyň netijelerini döwlet tarapyndan kesgitlenen ulgamyna getirýän, ähli balans hasaplarynyň galyndylaryny, ýagny dolandyryş subýektiniň ýa-da kärhananyň (edaranyň) pul görnüşinde maliýe ýagdaýyny görkezýän, maliýe hasabatynyň birinji görnüşidir.

Täjirçilik kärhanasynyň maliýe ýagdaýy barada hasabat bilen şu kitabyň 9-njy goşundysynda tanşyp bolar.

Täjirçilik kärhanasynyň balansynyň aktiwler tarapy 5.6.1-nji şekilde görkezilen bölümlere bölünýär.

**5.6.1-nji şekil. Balansyň aktiwler tarapynyň bölümleri**

| |
|---|
| 1.Uzak möhletleýin aktiwler. Şol sanda: uzak möhletleýin maliýe däl we uzak möhletleýin maliýe aktiwlere |
| 2.Gysga möhletleýin aktiwler. Şol sanda: gysga möhletleýin maliýe däl we gysga möhletleýin maliýe aktiwlere |

Kärhananyň balansynyň ýa-da maliýe ýagdaýy barada maliýe hasabatynyň «Maýalar we borçnamalar» tarapy şu üç bölüme bölünýär:

**5.6.2-nji şekil. Balansyň «Maýalar we borçnamalar» tarapyň bölümleri**

| |
|---|
| Hususy maýalar |
| Uzak möhletleýin borçnamalar |
| Gysga möhletleýin borçnamalar |

Subýektiň maliýe ýagdaýy barada maliýe hasabatynyň (balansyň) aktiwler tarapynda, esasanam, aktiw we aktiw-passiw hasaplaryň galyndylary görkezilýär.

Maliýe hasabatlarynyň milli ülňülerine laýyklykda peýdanyň (ýitginiň) şu okuw kitabynyň 5.6.3-nji şekilde görkezilen 10 görnüşi hasaplanylýar.

Her peýdanyň hasaplanyşy barada aýry-aýrylykda durup geçeliň. Jemi peýdany hasaplamak üçin aşakdaky formula ulanylýar:

**JP=G-H,**

bu ýerde JP-jemi peýda;

G-önümleri, harytlary, işleri, hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler;

H-ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty.

**5.6.3-nji şekil. Peýdanyň (ýitgiň) görnüşleri**

| |
|---|
| Jemi peýda |
| Amal peýdasy (ýitgisi) |
| Amal däl işden alnan peýda (ýitgi) |
| Salgyt salynmazdan öňki peýda (ýitgi) |
| Salgyt salnandan soň jemi peýda (ýitgi) |
| Düýp kärhananyň eýelerine degişli edilýän ýyl boýunça peýda |
| Gaýry jemi peýda, hemmesi |
| Umumy jemi peýda |
| Düýp kärhananyň eýelerine degişli edilýän jemi peýda |
| Paýnama düşýän peýda |

Amal peýdasy (ýitgisi) şeýle hasaplanýar:

**AP=JP-TÝÇ-DÇ+GG,**

bu ýerde AP-amal peýdasy ;

JP-jemi peýda;

TÝÇ- täjirçilik ýerleme çykdajylary;

DÇ- dolandyryş çykdajylary;

GG- gaýry amal girdejileri.

Amal däl işden alnan peýda (ýitgi ) aşakdaky formula esasynda hasaplanylýar:

**ADIAP(Ý)=MGG-MÇ+GG-GADÇ,**

bu ýerde ADIAP(Ý)- amal däl işden alnan peýda (ýitgi );

MGG-maýa goýumlardan girdejiler;

GG-gaýry girdejiler;

GADÇ-gaýry amal däl çykdajylar.

Salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi) şeýle hasaplanylýar:

**SSÖP(Ý) =AP+ADIAP (Ý),**

bu ýerde

SSÖP(Ý)- salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi)

AP-amal peýdasy (ýitgisi);

ADIAP (Ý)- amal däl işden alnan peýda (ýitgi).

Salgyt salnandan soň jemi peýdany (ýitgini) hasaplamak üçin salgyt salynmazyndan oňki peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar aýrylýar. Formula görnüşinde peýdanyň hasaplanyşyny şeýle görkezmek bolar:

**SSSJP=SSÖP-PASBÇ,**

bu ýerde SSSJP- salgyt salnandan soňky jemi peýda;

SSÖP- salgyt salynmazyndan oňki galýan peýda;

PASBÇ- peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar.

Düýp kärhanalaryň eýelerine degişli edilýän ýyl boýunça peýdany hasaplamak üçin salgyt salnandan soň jemi peýdadan gözegçilik etmeýän eýeleriň paýyny aýyrmaly.

Formula görnüşinde peýdanyň hasaplanyşyny şeýle görkezmek bolar:

**DKEDEÝBP =SSSJP – GEEP,**

bu ýerde DKEDEÝBP-düýpli kärhanalaryň eýelerine degişli edilýän ýyl boýunça peýda;

SSSJP - salgyt salnandan soňky jemi peýda;

GEEP - gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy.

Gaýry jemi peýda şu aşakdaky formula esasynda hasaplanylýar:

**GJP=ESGBB+BBÝÜNMAGBB+PGBUHAAKBIGJP(Ý)P+DÝKMGBHT+GJPGDB+P(Z)DGTBD+TTBP(Ý)DDG+GJPDBSN,**

bu ýerde

GJP - gaýry jemi peýda;

ESGBB - esasy serişdelere gaýtadan baha berilmegi;

BBÝÜNMAGBB - bar bolan ýerlemek üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha berilmegi;

PGUBHAAKBIGJP(Ý)P - paýly gatnaşmak usuly bilen hasaba alynýan assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) paýy;

DÝKMGBHT - daşary ýurty kärhanalara maýa goýumlar boýunça hümmet tapawudy;

GJPGDB - gaýry jemi peýdanyň gaýry düzüm bölekleri ;

P (Z)DGTBD - peýdanyň (zyýanyň) düzüminde gaýtadan toparlara bölünende düzedişler;

TTBP(Ý)DDG - täzeden topara bölünende peýdanyň (ýitginiň) düzümine düzediş girizmek;

GJPDBSN - gaýry jemi peýdanyň düzüm bölekleriniň salgyt netijesi.

Umumy jemi peýdany hasaplamak üçin salgyt salnandan soň jemi peýda (ýitgi) gaýry jemi peýda goşulýar.

Formula görnüşinde peýdanyň hasaplanyşyny şeýle görkezmek bolar:

**UJP= SSSJP (Ý)+GJP,**

bu ýerde UJP-umumy jemi peýda;

SSSJP(Ý)-salgyt salnandan soň jemi peýda (ýitgi);

GJP-gaýry jemi peýda;

Düýp kärhanalaryň eýelerine degişli edilýän jemi peýdany hasaplamak üçin umumy jemi peýdadan gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy aýrylýar.

Formula görnüşinde peýdanyň hasaplanyşyny şeýle görkezmek bolar:

**DKEDEJP=UJP-GEPP,**

bu ýerde

DKEDEJP- düýp kärhanalaryň eýelerine degişli edilýän jemi peýda;

UJP-umumy jemlenen peýda;

GEPP- gözegçilik etmeýän eýeleriň paýy.

Paýnama düşýän peýdany hasaplamak üçin umumy jemi peýdany dolanyşyga çykarylan paýnamalaryň sanyna bölmeli.

Formula görnüşinde peýdanyň hasaplanyşyny şeýle görkezmek bolar:

**PDP=UJP:DÇPS,**

bu ýerde BPDP- bir paýnama düşýän peýda;

UJP-umumy jemi peýda;

DÇPS – şu kompaniýa tarapyndan dolanyşyga çykarylan paýnamalaryň sany.

## Barlag soraglary

1. Hasabyň görnüşleri haýsylar we olaryň zerurlygy näme?
2. Buhgalterlik hasabynyň usullary haýsylar?
3. Buhgalterlik hasabynyň resmileşdiriş ulgamy näme?
4. Tükellemek işleri haýsy ýagdaýlardada hökman geçirilýär?
5. Žurnal – orderleriň görnüşleri haýsylar?
6. Täjirçilik kärhanasynyň maliýe ýagdaýy hakynda hasabaty we onuň düzüm bölümleri haýsylar?
7. Peýdanyň (ýitgileriň) görnüşleri haýsylar we olar nähili hasaba alynýar?

# VI BAP

## MALIÝE MENEJERINIŇ SALGYTLARA, ÝYGYMLARA WE SALGYTLARA DEŇEŞDIRILEN TÖLEGLERE GÖZEGÇILIGI

### 6.1 Salgydyň nazaryýet we hukuk esaslary

Şu okuw kitabyň 1-nji şekilinde görkezilişi ýaly maliýe menejmentiniň esasy düzüm bölümleriniň biri salgyt menejmentidir. Şol sebäpli maliýe menejmentiniň wajyp wezipeleriniň biri salgyt bilen bagly meseleleri çözmek, hojalyk amallary geçirilmezden, maýa goýumlar goýulmazdan öň tölenmeli salgytlary, ýygymlary we salgytlara deňeşdirilen tölegleri meýilleşdirmek, salgytlaryň ýeňilliklerini kanunlara laýyklykda ulanmak bolup durýar. Bu wezipe salgydyň nazaryýetini, kanunçylygy we döwletiň beýleki kanunlaryny çüňňur öwrenmegi talap edýär.

Maliýe menejeri salgyt kanunçylygynda görkezilýän ähli salgytlary, ýygymlary we salgyda deňeşdirilen ähli tölegleri, olaryň möçberlerini, tölemeli möhletlerini, beýannamalaryň, maliýe hasabatlarynyň tabşyrmaly wagtyny, salgyt gulluklarynyň we salgyt töleýjileriň hukuklaryny we borçlaryny içgin bilmelidir.

Salgyt döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan bellenilýän edara görnüşindäki we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir.

Maliýe menejeri salgyt bilen bagly düşünjeleri anyk bilmelidir. Şol sebäpli ilkinji nobatda salgydyň alamatlaryny içgin öwrenmek zerurdyr.

Salgydyň 6.1.1-nji şekilinde görkezilen alamatlary kanun arkaly kesgitlenilýär:

**6.1.1-nji şekil. Salgydyň alamatlary**

| |
|---|
| Salgyt töleýjileriň topary |
| Salgyt salynýan binýat |
| Salgydyň özeni |
| Salgydyň möçberi (möçberleri) |
| Salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri |
| Salgyt ýumuşçysy |

**Salgyt töleýjiniň topary**-salgydy haýsy taraplar tölemelidigini görkezýär. Her salgydyň dürli salgyt töleýjileri bolup biler. Şolaryň arasynda şu kitabyň 6.1.2-nji şekilinde görkezilen: şahsy (fiziki), edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler we edara görnüşli taraplar hem bardyr.

**6.1.2-nji şekil. Salgyt töleýjileriň toparlary**

| |
|---|
| Şahsy taraplar |
| Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler (ýeňilleşdirilen we umumy salgyt ulgamy boýunça işleýänler) |
| Edara görnüşli taraplar |

Salgyt töleýjiler hökmünde şu aşakdaky şahsy (fiziki) taraplar, ýagny Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurtlaryň raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar çykyş edip bilerler.

**Edara görnüşli (ýuridiki) taraplar** – bu döwletiň Bellige alyş edarasynda hasaba alnan kärhanalar, guramalar we edaralardyr.

**Şahsy we edara görnüşli taraplar** – Türkmenistana dahylly hem dahylsyz taraplaryň kanuna laýyklykda bölünişi barada maglumatlar şu okuw kitabynyň birinji babynda berlipdi.

Daşary ýurda dahyllysy hökmünde edara görnüşli hem şahsy tarapyň derejesini bellemek bilen bagly meseleler salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýji hökmünde olar hasaba goýlan mahaly we salgyt ýumuşçysy tarapyndan tabşyrylýan resminamalar esasynda çözülýär.

**Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi** – bu salgyt gullugynda bellige alnan, bellige alyş şahadatnamasy ýa-da patent esasynda hereket edýan taraplara düşünilýär.

**Salgyt salynýan binýat**-salgydyň nämeden alynýandygyny görkezýän düşünje. Ol salgydyň her bir görnüşi boýunça kanun arkaly bellenilýär. Salgyt salynýan binýat hökmünde emläkler, girdejiler, şöwda goşundylary (goşulan bahalar) we belli amallar çykyş edip bilerler.

**Salgyt özeni – kanunalaýyklykda** salgydy hasaplamaga esas bolan möçber.

Mysal üçin, humarly oýunlardan gelýan girdejiler – salgyt salynýan binýat bolup çykyş edýärler. Şol girdejilere esaslanyp, oýnalýan awtomatlaryň, stollaryň ýa-da oturgyçlaryň ýa-da pullary kabul edýan kassa apparatlarynyň sanyndan, ýa-da oýnalýan otaglaryň kwadrat metrinden ugur alyp, olary jemläp salgyt özeni hasaplanýar.

**Salgydyň möçberi** – salgydyň göterimlerini ýa-da pul mukdaryny görkezýär.

**Salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri**. Her salgydy hasaplamakda we tölemekde öz möhletleri hem aýratynlyklary kanun arkaly bellenilýär. Umumy alanyňda (deslapky geçirilýän salgytlary hasaba almazdan), salgytlaryň we olara deňeşdirilen tölegleriň käbiri: her aýda, her çärýekde, ýylda bir gezek we amal geçirilen aýyndan soň gelýän aýda hasaplanyp, degişli beýannamalary töleýjini hasaba alýan salgyt gullugyna tabşyrýarlar.

Her aýda goşulan baha üçin, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin we şahsy taraplardan girdejä salynýan salgytlaryň, goşmaça we döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirilýän tölegleriň, şäherleri, şäherçeleri we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen şahsy taraplardan alynýan ýygymlaryň beýannamalary töleýjini hasaba alan salgyt gulluklaryna tabşyrylýar. Mysal üçin, fewral aýy boýunça beýannama 20-nji marta çenli tabşyrylmaly we salgyt 25-nji marta çenli tölenilmeli.

Edara görnüşli taraplardan peýdadan (girdejiden) alynýan, emläk üçin salgytlaryň, Aşgabat şäherini we oba hojalygyny ösdürmek üçin ýörite hasaplara geçirilýän tölegler boýunça we awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymlar üçin beýannamalar her çärýekde töleýjini hasaba alan salgyt gullugyna tabşyrylýar. Her çärýekde tabşyrylýan beýannamalar hasabat döwründen soňky aýyň 20-sine çenli tabşyrylýar we 5 günüň dowamynda tölenmeli. Mysal üçin, bi-

rinji çärýegiň beýannamasy aprel aýynyň 20-sine çenli tabşyrylýar we 25-nji aprele çenli salgyt tölenmeli.

Ýylda bir gezek diňe şäherleri, şäherçeleri we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen edara görnüşli taraplardan we telekeçilerden alynýan ýygym hasaplanyp tölenýär.

Käbir ýygymlar, mysal üçin, mahabatlandyrma, awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymlar diňe esas bar bolan ýagdaýda hasaplanyp, beýannama tabşyrylyp, hasaplanylan möçberlerde tölenýär.

Beýannamalary tabşyrmaly ýokarda görkezilen möhletler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunda bellenilen ýagdaýlarda Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner.

**Salgyt ýumuşçysy** – bu salgydy tölemek borjy peýda bolýan Türkmenistana dahylly bolup duran edara görnüşli tarapdyr.

Salgyt bilen baglanyşykly düşünjelerden paçlary, ýygymlary, puşmanlary, tölegleri, goşmaça tölegleri, jerimeleri we başga düşünjeleri görkezip bolar.

**Paçlara we ýygymlara** salgytlaryň aýratyn görnüşi hökmünde seredilýär we olarda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgydyň käbir alamatlary bolman biler. Salgytlar kanunalaýyklykda alynýan bolsalar paçlar Prezidentiň ýörite Permanlary esasynda alynýar

Paçlar alnanda, köplenç, döwlet guramalary tarapyndan onuň töleýjilerine ýörite hyzmatlar ýa-da gözegçiluk edilýär. Mysal üçin, kazyýetlerde, kepillendiriş we döwletiň beýleki edaralarynda goşmaça dürli hukuk, resminama düzmek hyzmatlary, gümrük pajy töleýänlere bolsa gözegçilik edilýär.

**Ýerli ýygymlar**, ýerli býujetlere geçirilýär.

**Puşmanlary** şertnamalary (kontraktlary), kanunlary bozýan taraplar töleýärler. Puşmanlaryň möçberleri her gün ösüp biler. Mysal üçin, wagtynda tölenmedik salgytlara we ýygymlara salgyt gulluklary her gününe tölenmeli salgydyň (ýygymyň) möçberine 0,03 göterim möçberde puşman goşýarlar.

**Jerimeleri** döwletiň guramalary kanunlary bozýan taraplara töledýär. Mysal üçin, salgyt gulluklary kem hasaplanylan salgytlary üçin üstüne 40 göterim möçberde jerime töledýärler.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin salynýan puşmanlar, jerimeler hem-de gaýry çäreler salgyt diýlip hasaplanylmaýarlar.

**Tölegler** diýip, köplenç hyzmatlar, işler, harytlar üçin, ýörite maksatly döwlet gaznalaryna geçirilýän kärhananyň çykdajylaryna düşünilýär. Tölegiň mysaly hökmünde elektrik energiýasy, suw, gaz üçin ýa-da kärhananyň başga harajatlary, Aşgabat şäheri, oba hojalygy ösdürmek üçin ýörite maksatly döwlet gaznalyryna geçirilýän çykdajylary görkezip bolar.

Iş ýüzünde «salgyt tolegleri» adalgasy hem ulanylýar. Emma, «salgyt» we «töleg» adalgalarynyň düýp manysy bir däldir.

Goşmaça tölegler (aksizler) döwletiň geçirýän syýasatyna görä belli harytlaryň üstüne goşulýar. Goşmaça tölegler öndürilýän ýa-da Türkmenistnanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlara goşulýar. Köplenç, olar ilata zerur däl we düşewüntliligi ýokary harytlara, mysal üçin, spirtli içgilere, temmäki önümlere goşulýarlar.

**Goşmaça töleg (aksiz)**, düýp manysy boýunça töleg hem salgyt bolup çykyş edýär. Şol sebäpli, Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda «goşmaça töleg» adyna derek halkara derejede ulanylýan «aksiz» ýa-da «goşmaça salgyt» adalgalary ulanylsa, döwletimizde salgytlar bilen bagly ulanylýan düşünjeler halkara düşünjelere has ýakynlaşyp, öz düýp manysy bilen gabat geler.

Salgytlar, ýygymlar merkezi ýa-da ýerli býujetlere geçirilýär.

Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda bellenilýär. Hususy häsiýete eýe bolan ýeňillikleri bermek kanun boýunça gadagan edilendir.

Salgyt töleýjiniň hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýji bolan bütin döwrüniň içinde salgyt boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklydyr.

Salgyt töleýjiniň salgyt boýunça ýeňillikleri ulanmazlyga, şeýle hem degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, olary ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk ýokarda görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmäge,

geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öwezi dolunmaga degişli däldir.

Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza berende, salgytlar boýunça ýeňilliklerden täzeden peýdalanmaga haky bardyr, emma, bu onuň ýeňilliklerden peýdalanmakdan boýun gaçyran soňky senenama ýylyndan ir bolmaly däldir.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda salgytlar Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar we tölenilýär.

Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, amallaryň geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän resmi hümmeti boýunça, resmi hümmeti bellenmedik daşary ýurt pullary bolsa, eger «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, ABŞ-nyň dollary babatynda kross – hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar.

## 6.2. Salgytlaryň, ýygymlaryň we salgytlara deňeşdirilen tölegleriň möçberleri we beýannamalary tabşyrmagyň tertibi

Salgyt salmagyň tertibi salgyt töleýjiniň 6.2.1-nji şekilde görkezilen şertlerine bagly bolup durýar.

**6.2.1-nji şekil. Salgyt tölemegiň tertibi salgyt töleýjiniň şu aşakdaky şertlerine bagly**

| |
|---|
| Eýeçiligine |
| Hukuk-guramaçylyk görnüşine |
| Ýerine ýetirýän amallaryna |
| Düşewüntliligine |
| Statusyna |
| Ýurda dahyllylygyna we başga şertlere |

Türkmenistanda görkezilen eýeçiligiň we hukuk-guramaçylygyň görnüşleri şu okuw kitabynyň 1.1.6-njy we 1.1.7-nji şekillerinde görkezilendir.

Salgyt töleýjiniň ýerine ýetirýän amallarynyň düşewüntliligi ýokary bolsa, salgydyň möçberleri artýar. Mysal üçin, humarly oýunlardan gelýän girdejiler boýunça her gün kanunda bellenilen möçberde salgytlar hasaplanylýar.

Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler ýeňillikli we umumy salgyt ulgamyna degişli bolup bilerler.

Eger edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi Türkmenistanyň Ministrlikler Kabineti tarapyndan tassyklanylan sanawa girýän işleri amala aşyrýan bolsa, onda ol kesgitlenilen möçberde iň azyndan üç aýynyň patent tölegini töläp, salgyt gullugyndan patenti alyp ýeňilleşdirilen salgyt boýunça hereket etmäge hukuk gazanýar.

Ýeňilleşdirilen salgyt ulgamyny ulanýan telekeçiler 6.2.2-nji şekilde görkezilen tölegleri we ýygymy töleýärler.

**6.2.2-nji şekil. Ýeňilleşdirilen sagyt ulgamyny ulanýan telekeçileriň tölegleri**

| |
|---|
| Patent tölegi ( möçberi işine , hyzmatyna görä tapawutlanýar) |
| Goşmaça patent tölegi (girdejiden 2% ) |
| Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin (girdejiden 0,3% , aýda 2 manatdan az bolmaly däl) we başga ýerli ýygymlary |
| Işledilýän adamlaryň zähmet haklaryna görä öz serişdeleriniň hasabyna 20% we özüniň girdejisine görä özi üçin pensiýa gaznasyna töleg. |

Eger edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi Türkmenistanyň Ministrlikler Kabineti tarapyndan tassyklanylan sanawa girmeýän işleri amala aşyrjak bolsa, onda ol salgyt gullugynda hasaba alnyp, bellige alyş şahadatnamasyny alyp, şu okuw kitabynyň 6.2.3-nji şekilinde görkezilen salgytlary, ýygymlary we salgyda deňeşdirilen beýleki tölegleri tölemelidir.

Umumy salgyt ulgamy boýunça hereket edýän edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler patent boýunça tölegleri tölemeýärler. Patent töleginiň deregine olar 6.2.3-nji şekilde görkezilen girdejiden alynýan salgydy 2 göterim möçberde we beýleki salgytlary, ýygymlary, tölegleri we paçlary töleýärler.

Umumy salgyt ulgamy boýunça hereket edýän edara görnüşli ta-

rap bolmadyk telekeçiler goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durýarlar.

**6.2.3-nji şekil. Umumy salgyt ulgamy boýunça hereket edýän telekeçileriň töleýän salgytlary, ýygymlary we tölegleri**

| |
|---|
| Goşulan baha üçin salgyt (15 ýa-da 0 %), girdejiden 2 % |
| Şahsy taraplardan girdejä salynýan salgyt 10% we abadanlaşdyrmak üçin 2 manat |
| Pensiýa gaznasyna 20% |
| Ýerli ýygymlary, gümrük paçlary |

6.2.2-nji, 6.2.3-nji şekillerde görkezilen salgytlar, ýygymlar, tölegler bilen bilelikde ýeňilleşdirilen we umumy salgyt ulgamyny ulanýan telekeçiler, edara görnüşli taraplar ýaly 1-nji tablisada görkezilen möçberlerde hem ýerli ýygymlary we gümrük paçlary tölemäge borçludyrlar.

Ýeňilleşdirilen salgyt ulgamyny ulanýan telekeçiler öz beýannamalaryny bir ýylda iki gezek tabşyrýarlar. Birinji ýarym ýylyň beýannamasy 20-nji iýula çenli degişli salgyt gullugyna tabşyrylmalydyr. Goşmaça patent tölegi we başga tölegler 5 günüň dowamynda tölenmelidir.

Ýyl boýunça beýannamalar hasabat ýyldan soňky gelýan ýanwar aýynyň 20-sine çenli hasapda duran salgyt gullugyna tabşyrylmalydyr. Tölegler 5 günüň dowamynda tölenmelidir.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunyna laýyklykda ýurdumyzda 5 sany ýerli ýygymy alynýar. Şu okuw kitabynyň 1-nji tablisasynda 3 sany ýerli ýygym görkezilendir. Dördünji ýerli ýygym-şäherleri, şäherçeleri, we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym kitabyň 6.2.2-nji şekilinde we 2,3,4-nji tablisalarda görkezilendir. Bu ýygymyň 1-nji tablisada görkezilmän beýleki tablisalarda we şekilde görkezilmeginiň sebäbi, onuň dürli taraplardan dürli möçberlerde alynýanlygydyr.

*1-nji tablisa*

**Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçileriň we edara görnüşli taraplaryň töleýän ýerli ýygymlarynyň we gümrük paçlarynyň möçberleri, beýannamalary tabşyrmagynyň tertibi.**

| Ýygymlaryň, paçlaryň görnüşleri | Möçberleri we beýannamalary bermegiň tertibi | Esaslar we bellikler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1.Mahabat-landyrma üçin ýygym. | Mahabatlandyrma harajatlarynyň bahasyndan – Aşgabat şäheri üçin 5%; – welaýat merkezleri üçin – 4%; beýleki ilatly ýerler üçin-3%. Beýannama geçen salgyt döwri üçin salgyt döwründen soňky aýyň **20-sinden gijä galman berilýär.** | Täjirçilik häsiýetli mahabatlandyrmalary ýaýradýan şahsy we edara görnüşli tarap-lar mahabatlandyr-ma üçin ýygymyň töleýjileri bolup çykyş edýärler |
| 2.Awtomo-billeriň ýerle-nilmegi üçin ýygym. | – ýük awtomobilleri üçin binýadyň – **8 esse**; - awto-buslar üçin **5 esse**; – ýeňil awtomobiller üçin – **6 esse** ululykda. | Ýygymyň möçberi Türkmenistanyň ka-nunçylygynda bellenen salgyt salmak üçin binýadyň ululygy bilen bellenilen. |
| 3.Awtodu-ralgalaryň eýe-lerinden alynýan ýygymlar. | Awtoduralganyň meýdanynyň bir inedördül metri üçin: – Aşgabat şäheri üçin – 1,5 manat; – welaýat merkezleri we Türkmenbaşy şäheri üçin – 1,2 manat; beýleki ilatly ýerler üçin – 0,9 manat. | Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin ýygymyň salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine laýyklykda bellenilen. |
| 4. Gümrük hyzmatlary üçin. | 0,2 % harydyň gümrük bahasyndan. | |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 5. Gümrük pajy (haryt getirilende) | 2 % harydyň gümrük bahasyndan. | Haryt getirlende edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler Türkmenistanyň «Kiçi we orta telekeçiligi goldamak hakynda» kanunyň 15-nji maddasyna laýyklykda ýeňilligi ulanmaga haklydyrlar. |
| 6.Gümrük pajy (haryt çykarlanda). | 5 % harydyň gümrük bahasyndan. | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 27-nji iýulynda 9925-nji kararda görkezilmedik we daşary ýurtlara ugradylýan harytlar boýunça. |

1-nji tablisada 5-nji ýerli ýygymyň, has takygy, itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň görkezilmezliginiň sebäbi, ony ,esasan, şahsy taraplar-itleriň eýeleri töleýärler. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň bellenen möçberiniň 0,4 mukdarynda, kesgitli ululyk görnüşinde bellenilip, häzirki döwürde ýygymyň möçberi 20 manada barabardyr.

Salgyt töleýjileriň dürli statuslary bolup biler. Statuslar salgyt töleýjiniň işledýän adamlarynyň sanyna we ýerine ýetirýän işlerine bagly bolup biler. Mysal üçin, Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri» hakynda kanunyna laýyklykda nebiti-gazy gazyp çykarmak işler bilen bagly potratçy we kömekçi potratçy edaralaryna Türkmenistanyň Nebit we gaz boýunça Döwlet agentligi aýratyn status berýär. Şol statusyň eýeleri diňe bir salgydy - peýdadan alynýan salgydy 20 göterim möçberde töleýärler. Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda galan salgytlardan olar boşadylýarlar.

Türkmenistanyň «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Kanunyna laýyklykda hususy telekeçilikde senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli bolsa, olar mikro kärhanalar diýlip hasaplanylýar. Görkezilen ugurlarda işleýän işgarleriň ortaça sany 50 adama çenli bolsa olar kiçi kärhanalar, 200 adama çenli orta kärhanalar diýlip hasaplanylýar. Beýleki pudaklarda işleýän işgärleriniň ortaça sany 10 adamdan köp bolmadyk mikro kärhanalar, 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalar, 100 adama çenli bolan orta kärhanalar diýlip hasaplanylýar.

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda hususy eýeçilikdäki (daşary ýurt eýeçiligindäkilerden başgalar) mikro, kiçi we orta kärhanalar girdejiden alynýan salgydy 2 göterim möçberde töleýärler. Olar goşulan baha we emläk üçin salgytlary töleýjiler bolup durmaýarlar.

Eger hususy eýeçilikdäki kärhanada işleýän işgärleriň sany 200 adamdan artýan bolsa, onda olar goşulan baha we emläk üçin salgytlaryň töleýjileri bolup durman, peýdadan alynýan salgydy 8 göterim möçberinde töleýärler

Salgydy tölemegiň tertibi salgyt töleýjiniň dahyllylygyna bagly bolup durýar.

Türkmenistana dahylly salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy 8 göterim möçberinde töleýärler, dahylsyzlar bolsa bu salgydy 20 göterim möçberinde töleýärler. Bu düzgün Döwlet eýeçiligindäki we Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Kanunyna laýyklykda nebiti-gazy gazyp çykarmak işleri bilen bagly potratçy we kömekçi potratçy edaralaryna degişli däldir. Olar dahyllylygyna garamazdan peýdalaryndan 20% möçberde salgyt töleýärler.

Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplary (hususy kärhanalar we hojalyk jemgyýetleri) Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Kanuna laýyklykda hereket edýän taraplardan başgalary 2-nji tablisada görkezilen salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri töleýärler.

2-nji tablisada görkezilen taraplar salgyt ýumuşçylary hökmünde şahsy taraplardan alynýan salgydy-10% möçberinde we işgärlere pensiýa gatançlary – 20% möçberinde hem töleýärler.

*2-nji tablisa*

**Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplaryň (hususy kärhanalaryň we hojalyk jemgyýetleriniň) Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Kanunyna laýyklykda hereket edýän we daşary ýurt eýeçiligindäki taraplardan başgalary şu aşakdaky salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri töleýärler**

| Salgytlaryň, ýygymlaryň, tölegleriň görnüşleri | Möçberleri we beýannamalary bermegiň tertibi | Esaslar we bellikler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt. | Umumy girdejiden 2% (Işgärleriň sany 200 adamdan az bolsa; 200-den artsa peýdadan -8%). Beýannama çärýekde bir gezek berilýär. | |
| Şäherleri, şäherçeleri we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym. | 1.1% - ýylda bir gezek kärhanadan. Beýannama ýylda bir gezek berilýär. 2. Işgärleriň zähmet haklaryndan -aýda 2 manat | 1.TSHBK ikinji bölüminiň 5-nji babyna laýyklykda peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin salgyt özeninden hasaplanýar. |
| Aşgabat şäher häkimliginiň ýörite maksatly hasabyna töleg. | Balans peýdasyndan 0,5%. Çärýekde bir gezek tölenýär. Beýannama her çärýekde berilýär. | «Aşgabat şäherini ösdürmek üçin goşmaça maliýe serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň 14-nji aprelinde 4147-nji bellikli çykaran Permany. |

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň oba hojalyk ministrligi-niň ýörite maksatly hasabyna töleg. | Balans peýdasyndan 3%. Çärýekde bir gezek tölenýär. Beýannama her çärýekde berilýär. | Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary tarapyndan 2001-nji ýylyň 21-nji aprelinde tassyklanylan «Oba hojalygy ösdürmek üçin döwlet gaznasyna peýdadan alynýan tölegleri hasaplamagyň we geçirmegiň tertibi». |

Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Kanuny esasynda hereket etmeýän daşary ýurt maýa goýumly Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň (hususy kärhanalaryň, hojalyk jemgyýetleriň) töleýän salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri 3-nji tablisada görkezilen.

*3-nji tablisa*

**Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Kanuny esasynda hereket etmeýän daşary ýurt maýa goýumly Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň (hususy kärhanalaryň, hojalyk jemgyýetleriň) töleýän salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri**

| Salgytlaryň, ýygymlaryň, tölegleriň görnüşleri | Möçberleri we beýannamalary bermegiň tertibi | Esaslar we bellikler |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| Goşulan baha üçin salgyt. | 0%, 15% Beýannama her aý berilýär. | TSHBK 105-nji maddasyna laýyklykda geçirilýän amallardan 0 göterim. 15 göterim gaýry amallardan (SHBK 1-nji bölüminiň 2-nji bölegi. |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| | | SHBT kanunyň 96-njy maddasyna laýyklykda salgyt salynýan binýatlar bellenilýär. Ýeňillikler TSHBK 96-njy maddasyna laýyklykda berilýär. |
| Emläk üçin salgyt. | Bir ýylda 1%. Çärýekde 0,25 göterim möçberde emlägiň eýesi töleýär. Beýannama çärýekde bir gezek berilýär. | TSHBK 2-nji bölüm 4-nji bap |
| Şahsy taraplardan girdejä salynýan salgyt. | 10% Salgyt zähmet haky tölenmänkä tölenýär. Beýannama her aýda berilýär. | TSHBK 192-nji maddasynyň 1-nji bendine, 184-nji we 195-nji maddalaryna laýyklykda. Iş beriji hakyna tutulan işgär üçin salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýär. SHBK 188-189-njy maddalarda göz öňüne tutulan salgyt aýyrmalary ulanylýar. |
| Şäherleri, şäherçeleri, we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym. | 1%-ýylda bir gezek tölenýär. Beýannama ýylda bir gezek berilýär. 2 manat her aýda işgärlerden. | TSHBK ikinji bölüminiň 5-nji babyna laýyklykda peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin salgyt özenine esaslanyp hasaplanylýar. |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň oba hojalyk ministrliginiň ýörite maksatly hasabyna töleg. | Balans peýdasyndan 3%<br>Çärýekde bir gezek tölenýär.<br>Beýannama her çärýekde berilýär. | Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasary tarapyndan 2001-nji ýylyň 21-nji aprelinde tassyklanylan «Oba hojalygy ösdürmek üçin döwlet gaznasyna peýdadan alynýan tölegleri hasaplamagyň we geçirmegiň tertibi». |

Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar we olaryň şahamçalary 4-nji tablisada görkezilen salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri töleýärler.

*4-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar we olaryň şahamçalary şu aşakdaky görkezilen salgytlary, ýygymlary we olara deňeşdirilen tölegleri töleýärler .**

| Salgytlaryň, ýygymlaryň, tölegleriň görnüşleri | Möçberleri we beýannamalary bermegiň tertibi | Esaslar we bellikler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Goşulan baha üçin salgyt. | 0%, 15%<br>Beýannama her aý berilýär. | TSHBK 105-nji maddasyna laýyklykda geçirilýän amallardan 0 göterim.<br>15göterim gaýry amallardan<br>Ýeňillikler TSHBK 106-njy maddasyna laýyklykda berilýär. |

*4-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Edara görnüşli taraplardan peýdadan (girdejisinden) alynýan salgyt | 20%. Beýannama her çärýekde berilýär. | TSHBK 17-nji we 172-nji maddalar. Ikitaraplaýyn salgytlary aradan aýyrmak ylalaşyklar hereket etmese tölenýär. |
| Emläk üçin salgyt. | 1% Beýannama her çärýekde berilýär. | TSHBK 2-nji bölümi 4-nji bap.Ýeňillikler TSHBK143-nji madda laýyklykda berilýär. |
| Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan girdejilerine salynýan salgyt. | 15% Beýannama girdeji tölenen aýyndan soň gelýän hasabat aýynyň 20-ne çenli berilýär. | Türkmenistanyň çeşmelerinden Girdejileri alýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar TSHBK-nyň 179-181-nji maddalary. |
| Şäherleri, şäherçeleri, we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin bellibir maksada gönükdirilen ýygym. | 1% Ikitaraplaýyn salgytlary aradan aýyrmak ylalaşyklar hereket etmese tölenýär. Beýannama ýylda bir gezek berilýär. | TSHBK ikinji bölüminiň 5-nji babyna laýyklykda peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin salgyt özenine esaslanyp hasaplanylýar. |
| Aşgabat şäher Häkimliginiň ýörite maksatly hasabyna töleg. | Balans peýdasyndan 0,5%. | Ikitaraplaýyn salgytlary aradan aýyrmak ylalaşyklar hereket etmese tölenýär. |

*4-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň oba hojalyk ministrliginiň ýörite maksatly hasabyna töleg. | Balans peýdasyndan 3%<br>Ikitaraplaýyn salgytlary aradan aýyrmak ylalaşyklar hereket etmese tölenýär. | Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň başlygynyň orunbasary tarapyndan 2001-nji ýylyň 21-nji aprelinde tassyklanylan «Oba hojalygy ösdürmek üçin döwlet gaznasyna peýdalanylýan tölegleri hasaplamagyň we geçirmegiň tertibi». |

## 6.3. Salgytlara, ýygymlara we salgyda deňeşdirilen töleglere maliýe menejerleriniň gözegçiligi

Türkmenistanda kärhanalaryň salgyt ulgamy bilen gatnaşyklary döwletiň Konstitusiýasyna, «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuna we beýleki hukuknamalara esaslanýarlar.

Kadalaşdyryjy hukuknamalarda çapraz gelmeler bar bolan ýagdaýynda Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar.

Salgyt – hukuk gatnaşyklaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek diňe Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylyp bilner.

Täze salgytlary bellemek ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgetmek bilen «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuna üýtgetme girizýän Türkmenistanyň Kanunlary, olar resmi taýdan çap edilenden bir aý geçensoň, emma degişli salgyt boýunça nobatdaky salgyt döwrüniň başlanmagy bilen güýje girýär.

Salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle hem hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary, eger bu olarda göni göz öňünde tutulan bolsa, çap edilen pursatyndan güýje girip bilerler.

Türkmenistanda **salgyt – hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar (guramalar)** 6.3.1-nji şekilde görkezilendir.

**6.3.1-nji şekil. Salgyt – hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar (guramalar)**

| |
|---|
| Döwlet salgyt gullugynyň edaralary |
| Döwlet gümrük gullugynyň edaralary |
| Maliýe ministrliginiň edaralary |
| Hukuk goraýjy guramalar |

Maliýe menejeri görkezilen salgyt-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň ählisiniň kanunlara laýyklykda dolandyryşyny, olaryň hukuklaryny, borçlaryny içgin öwrenmelidir.

Kärhana salgyt töleýji hökmünde häsiýetnama berlende onuň 6.3.2-nji şekilde görkezilen taraplaryna aýratyn üns berilýär.

**6.3.2-nji şekil. Salgyt töleýjä häsiýetnama berlende onuň şu taraplaryna aýratyn üns berilýär**

| |
|---|
| Döwletiň kanunlaryna laýyklykda açylmagyna hem hereket edilmegine |
| Girdejilerine, harajatlaryna we maliýe netijelerine |
| Töleg ukyplylygyna, onuň bergilerine we algylaryna |

Edara görnüşli taraplaryň hökman esasnamasy, ygtyýarnamasy we sertifikatlary bolmaly.

Edara görnüşli tarap diňe esasnamasynda görkezilen işleri ýerine ýetirmäge haklydyr. Dolandyryş subýektiniň şu okuw kitabynyň 6-njy goşulmasynda görkezilen işlere hökman ygtyýarnamasy bolmaly.

Eger edara görnüşli tarapyň esasnamasy tassyklanmadyk ýa-da onda görkezilen işlerden başga-da işler ýerine ýetirilýän bolsa, ýa-da ol ygtyýarnamasyz, sertifikatsyz hereket edýän bolsa, onda salgyt töleýjä garşy degişli çäreler geçirilýär. Ygtyýarlandyrmaga degişli işiň kärhana tarapyndan ygtyýarnamasyz amala aşyrylmagy şeýle işden alnan girdeji (peýda) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwletiň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine alynmaga degişlidir.

Kärhananyň girdejilerini, harajatlaryny, maliýe netijelerini, şol sanda alnan peýdalaryň görnüşlerini hasaba almagyň tertibi hakynda

şu okuw kitabynyň 5-nji babynda giň maglumatlar berlen we indiki sahypalarynda goşmaça maglumatlar berler.

Kärhananyň töleg ukyplylygyny onuň pul serişdeleri bilen üpjun edilişi, hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilişi, bergileriň üzülişi görkezýär.

Kärhananyň töleg ukyplylygyna ýakyn düşünje-onuň balansynyň geçginliligidir (likwidliligi). Şol bir wagtyň içinde bu düşünjeleriň öz aýratynlyklary bardyr. Geçginlilik (likwidlilik) – bu gymmatlyklaryň bazarda ýerleşdirilişiniň çaltlygyny we milli pula öwürmekligiň ukyplylygyny görkezýän düşünjedir. Käbir gymmatlyklary bazarda ýerleşdirmek we erkin aýlanýan walýutalar görnüşinde serişdeleri, gymmatly daşlary, metallary we başgalary milli pula öwürmek aňsat bolýar. Käbir gymmatlyklary bolsa, mysal üçin, ulanyşda bolan tehniki serişdeleri, gurallary we başga zatlary bazarda ýerleşdirmek we milli pula öwürmek kyn düşýär.

Kärhananyň balansy geçginli (likwidli) bolsa onuň emläkleri bazarda ýerleşdirilende, kärhananyň ähli maliýe borçlary (bergileri) ýapylmalydyr. Eger kärhana balansda hasaba alnan ähli emläklerini bazar nyrhy boýunça ýerleşdirip, alyp biljek algylaryny alyp, öz bergilerini ýapyp bilmese, onda kärhananyň balansy geçginli däl (likwidli däl) diýlip hasap edilýär.

Maliýe menejerleri 6.3.3-nji şekilde görkezilenleri anyk bilip, berjaý etmelidirler.

**6.3.3-nji şekil. Maliýe menejerler şu aşakdakylary anyk bilip berjaý etmelidirler**

| |
|---|
| Ähli salgytlary we ýygymlary hasaplamagyň hem tölemegiň tertiplerini; |
| Kärhananyň salgyt (ýygym) töleýji hökmünde borçlaryny we hukuklaryny; |
| Salgyt gulluklarynyň we olaryň wezipeli işgärleriniň borçlaryny we hukuklaryny; |
| Kanunlara laýyklykda salgyt ýeňilliklerini ulanmagyny |

Salgyt töleýjileriň esasy hukuklary bilen 6.3.4-nji şekilden we şol şekiliň dowamyndan tanşyp bolar.

**6.3.4-nji şekil. Salgyt töleýjiniň esasy hukuklary**

| |
|---|
| Düşündiriş – maslahatlary almaga we düşündirişleri bermäge |
| Kanuna laýyklykda salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmaga ýa-da olardan ýüz öwürmäge, şol sanda salgyt tölemegiň möhletini üýtgetmäge, yza süýşürmäge |
| Tölenen salgytlar, ýygymlar boýunça maglumat almaga |
| Artyk tölenen salgytlaryň möçberini başga salgytlar boýunça tölegleriň hasabyna geçirmäge ýa-da yzyna almaga |
| Beýleki taraplara bergileriniň hasabyna salgytlary tölemäge |
| Ykrar hatlary bilen tanyşmaga we olar boýunça düşündiriş bermäge |
| Kanunçylygy berjaý etmäge we şikaýat etmäge |

Salgyt töleýjiniň esasy borçlary bilen 6.3.5-nji şekilden we şol şekiliň dowamyndan tanyşyp bolar.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt gulluklary kameral (deslapky), resminamalaýyn we maksatlaýyn (bir ugur boýunça) salgyt barlaglaryny geçirmäge haklydyrlar.

Salgyt barlagy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlag geçirilýän ýyldan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk wagtdaky işini öz içine alyp biler. Eger bu salgyt özeni öňki döwürlerde amala aşyrylýan amallary ýa-da şolar boýunça girdejileli (aýyrmalary, ýitgileri) hasaba almak bilen hasaplanylsa, onda görkezilen çäklendirme uzaldylyp bilner.

**6.3.5-nji şekil. Salgyt töleýjiniň esasy borçlary**

| |
|---|
| Kanunda bellenen salgytlary we olara deňeşdirilen tölegleri tölemäge |
| Bellenen tertipde salgyt gullugynda hasaba durmaga |
| Salgyt beýannamalaryny we maliýe hasabatyny tabşyrmaga |
| Barlag geçirmek üçin resminamalary (maglumatlary) salgyt gullugyna hem-de olaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna bermäge |

**6.3.5-nji şekiliň dowamy**

| |
|---|
| Bozulmalary düzetmek, resminamalary abat saklamak, ýeňillikler, açylan hasaplar, paýçylar, üýtgetmeler (ýerini üýtgeden, işi bes eden, batan) barada 10 günüň içinde salgyt gullugyny habardar etmek |
| Kanunlarda bellenilen beýleki borçlar |

Kanunalaýyklykda salgyt barlaglary barlagçynyň şahsynamasy we salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän görkezmäniň asyl nusgasy esasynda geçirilýär.

Salgyt töleýji zerur bolan ýagdaýlarda resminamalaýyn barlag geçiriljekdigi barada ol başlanmazyndan azyndan bäş iş gün öňünden gijä galman habarly edilýär.

Resminamalaýyn barlag salgyt tölemekden ýüz öwrülýändigini görkezýän ýeterlik esaslar bolanda öňünden habar berilmezden hem geçirilip bilner.

Resminamalaýyn salgyt barlagy iki aýdan köp dowam etmeli däldir. Aýratyn ýagdaýlarda, ýokarda durýan salgyt gullugy onuň dowamlylygyny barlamak üçin zerur bolan, emma bir ýyldan köp bolmadyk möhlete çenli uzaldyp biler.

Barlag geçiren aşakda durýan salgyt gullugy edarasynyň işine gözegçilik etmek tertibinde ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy edara görnüşli tarap üýtgedilip guralan ýa-da ýatyrylan ýagdaýlarynda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda öňki barlagyň haçan geçirilendigine garamazdan geçirilip bilner.

Emma, Türkmenistanyň «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň maliýe-hojalyk işiniň barlagy döwlet we dolandyryş edaralary we hukuk goraýjy edaralary tarapyndan üç ýylda bir gezekden ýygy bolmazdan geçirlýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde operatiw-agtaryş işi we kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly barlaglar muňa degişli däldir.

Kanuna laýyklykda salgyt kanunçylygynyň bozulandygy ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin maliýe jerimesi

salnyp bilner.

Maliýe jerimeleri kararyň gowşurylan pursadyndan başlap bäş günüň dowamynda tölenýär.

Salnan maliýe jerimelerini tölemek salgyt tölenenden soň geçirilýär.

Eger resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna seredilende Türkmenistanyň «Jenaýat hakynda» bitewi Kanunynda jogapkärçilik çekilmegi bellenen jenaýat alamatlarynyň barlygyna şaýatlyk edýän salgyt hukuk bozmalarynyň mysallary ýüze çykarylan ýagdaýynda, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty we barlagyň resminamalary, olara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) tarapyndan seredilenden soň on günden gijä galman hukuk goraýjy edaralara geçirilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 263-nji maddasyna laýyklykda maliýe resminamalaryna girdejiler ýa-da çykdajylar hakynda göz-görtele ýoýlan maglumatlary girizmek ýoly bilen ýa-da maliýe resminamalaryny ýok etmek arkaly we salgyt salynýan beýleki zatlaryň ýaşyrylmagy ýa-da başga usul guramalardan salgytlary uly möçberde tölemekden boýun gaçyrylmagyna getiren bolsa, üç ýyla çenli möhlet bilen bellibir wezipede işlemek ýa-da bellibir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilip zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden iki ýüzüsine çenli bolan möçberde jerime salynýar, ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

ç) aýratyn uly möçberde edilen bolsa, üç ýyla çenli möhlet bilen bellibir wezipede işlemek ýa-da bellibir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilip ýa-da mahrum etmän we emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden iki ýüzüsine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman we üç ýyl möhlete çenli bellibir wezipede işlemek ýa-da bellibir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen, üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**Bellik:** 1. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak

tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bir ýüz ellisinden geçýän bolsa, onda ol guramalaryň uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrmagy diýlip hasap edilýär.

2. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäş ýüzüsinden geçýän bolsa, onda ol guramalaryň aýratyn uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrmagy diýlip hasap edilýär.

3. Eger Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 263-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýaty ikinji gezek eden wezipeli adam jenaýatyň üstüni açmaga ýardam etse we ýetirilen zeleliň öwezini dolulygyna dolsa, onda ol azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezadan boşadylýar.

Salgyt gulluklarynyň barlagçylary kanun bozulmalaryna subutnama hökmünde hyzmat edip biljek resminamalaryň bellenilen tertipde tassyklanan nusgalaryny talap etmäge haklydyrlar.

Salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgäriniň talap etmegi boýunça, üç gün möhletde şunuň ýaly resminamalaryň nusgasyny bermäge borçludyr.

Resminamalary almak salgyt gullugynyň resminamalaýyn barlagy geçirýän işgäriniň kararynyň esasynda geçirilýär. Resminamalary almak baradaky kararyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

Resminamalary almak barlanýan salgyt töleýjiniň -edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň gatnaşmagynda, salgyt töleýji – şahsy tarap barlanan ýagdaýynda bolsa, şol tarapyň özüniň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär. Resminamalary almagy geçirmek barada, resminamalary takyk görkezmek bilen teswirnama düzülýär, onuň nusgasy resminamalary alnan tarapa gowşurylýar. Şunda salgyt töleýjä alnan resminamalaryň nusgasy galdyrylýar.

Öň alnan resminamalary yzyna gaýtarmak salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna we kazyýete beren şikaýatlaryna garalandan ýa-da olar alnan pursadyndan bir ýyl geçenden soň geçirilýär. Zerur bolan ýagdaýlarda görkezilen möhlet Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi bilen uzaldylyp bilner.

Salgyt gullugynyň geçiren barlaglarynyň netijesinde ykrarhaty

ýazylýar. Kanuna laýyklykda ykrarhaty barlagyň soňky gününden gija galman ýazylmalydyr.

Kanuna laýyklykda ykrarhaty bilen tanyşmak möhleti üç iş gününden köp bolmaly däldir. Salgyt barlagynyň ykrarhatyna gol çekmekden ýüz öwrülende onuň ýüzünde degişli ýazgy edilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýän döwründe salgyt töleýji tarapyndan barlanýan döwrüň maliýe hasabatyna, salgyt beýannamalaryna we gaýry resminamalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilmegine ýol berilmeýär.

Kanuna laýyklykda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan barlag resminamalaryna seredilmeli wagty 5 günden geçmeli däldir.

Kärhana (salgyt töleýji hökmünde) salgyt gullugynyň çözgüdinden, şeýle hem salgyt gullugynyň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň özi babatynda geçiren işlerinden närazy bolsa ýokarda durýan salgyt gullugyna ýa-da kazyýete şikaýat etmäge haklydyr.

Salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketlerinden edilýän şikaýat şu gullugyň ýolbaşçysyna berilýär.

Şikaýat boýunça çykarylan karara kanagaty bolmadyk kärhana, şol kararyň alnan gününden başlap bir aý möhletden soň ikinji şikaýaty ýokarda durýan salgyt gullugyna bermäge haklydyr. Esasly sebäbe görä görkezilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, şikaýat eden kärhananyň ýüz tutmasy boýunça bu möhlet ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner.

Şikaýat ýazmaça görnüşde berilýär we onda salgyt töleýjiniň ady, familiýasy we salgysy, salgyt belgisi, şikaýatyň ýazylan senesi we salgyt gullugynyň ýa-da onuň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri, şeýle hem şikaýatyň esaslandyrmalary beýan edilmelidir.

Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda, çözgüdiň ýa-da hereketleriň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

Emma salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatyna ga-

raýan salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň (onuň orunbasarynyň), şikaýat edilýän çözgüt ýa-da hereket Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlen netijä gelmäge ýeterlik esaslar bolan ýagdaýynda, şikaýat edilýän çözgüdi ýa-da hereketi şikaýata seredilýän döwürde doly ýa-da bölekleýin togtatmaga hukugy bardyr.

Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça salgydyň öň hasaplanan pul möçberleri we ulanylan maliýe jerimeleri, şeýle hem puşman tölegleri üýtgedilmäge degişli bolsa, onda kanuna laýyklykda, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga degişlidir we täze karar çykarylýar.

Salgyt gullugy şikaýat berlenden soň bir aýdan gijä galman oňa seredýär we çözgüt kabul edýär. Kabul edilen çözgüt barada şikaýat eden salgyt töleýjä ýazmaça habar berilýär.

Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi hak isleginiň wagt möhletini şikaýat edilýän döwrüň dowamynda togtadýar.

Ýokarda agzalan düzgünler salgyt ýumuşçysyna, şeýle hem salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralara, şol edaralaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna degişlidir.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary käbir salgytlara, amallaryň bahalandyrylyşyna, töleg resminamalarynyň düzülişine, olaryň talap edilişine, salgyt ýumuşçysy hökmünde wezipesini ýerine ýetirişine we salgyt salmagyň başga inçe ýerlerine aýratyn üns bermelidirler. Şolaryň içinde goşulan baha üçin alynýan we girdeji çeşmesinden tutulýan salgytlara köp wagt sarp edilmelidir.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary hasabatlaryň öz wagtynda tabşyrylmagyna, kanun esasynda berilýän salgyt ýeňillikleriniň ulanylmagyna aýratyn üns bermelidirler. Ýolbaşçylar diňe kanun esasynda berilýän ýeňilliklerden peýda gazanmagy başarmalydyrlar. Kanunlara laýyk gelmeýän ýeňillikler geljekde uly zyýanlara, ýagny jerimelere we puşmanlara getirip biler.

Kärhanalar salgytlary hem-de ýygymlary öz wagtynda, döwlet tarapyndan kesgitlenilen tertipde tölemelidirler.

Salgytlary hasaplamakda we tölemekde baş hasapçynyň orny has hem uludyr. Şol sebäpli baş hasapçyny saýlamak, ony işe kabul etmek üçin ýolbaşçy (menejer) öz işine köp wagt sarp etmelidir. Baş hasap-

çyny saýlanda ýolbaşçy (menejer) onuň bilimine, tejribesine aýratyn üns bermelidir. Sebäbi amalyýetde salgytlar, köplenç, bilimsizlik esasynda nädogry hasaplanylýar. Bilimsizlik salgytlary, ýygymlary tölemeklikden boşatman, eýsem kärhanalary agyr maliýe ýagdaýlara getirip biler.

## Barlag soraglary

1. Salgydyň, ýygymlaryň, döwlet we gümrük paçlarynyň, tölegleriň tapawutlary we görnüşleri haýsylar?
2. Salgydyň salnyşy nämelere bagly?
3. Haýsy salgytlary we ýygymlary edara görnüşli taraplary bolmadyk telekeçiler töleýär?
4. Haýsy salgytlary, ýygymlary hususy eýelikdäki edara görnüşli taraplar töleýär?
5. Haýsy salgytlary döwlet kärhanalary töleýär?
6. Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» kanunyna laýyklykda hereket edýän kärhanalaryň töleýän salgytlary we ýygymlary haýsylar?
7. Daşary ýurt maýadarlary haýsy salgytlary we ýygymlary töleýärler?
8. Türkmenistanda hereket edýän ýerli ýygymlar haýsylar?
9. Maliýe menejeriniň salgyt gatnaşyklarynda tutýan orny we wezipeleri haýsylar?

13. Sargyt № 3078

# VII BAP

## KÄRHANANYŇ MALIÝE SELJERMESI

### 7.1. Kärhananyň maliýe görkezijileri

Kärhananyň esasy maliýe görkezijilerine şu aşakdakylar degişlidir:

– girdejiler, çykdajylar, maržinal girdejileri, harajatlar, önümiň özüne düşen gymmaty, dolanyşyk serişdeleriniň aýlanşygynyň tizligi, esasy serişdeleriň netijeli ulanylyşy, kärhananyň peýdasy (dürli görnüşleri), düşewüntliligi, töleg ukyplylygy, algylary, bergileri, balansyň geçginliligi (likwidliligi), maýa goýumlarynyň netijeliligi we başgalar.

Şol görkezijileriň hemmesine maliýe menejeri gözegçilik etmelidir. Olary wagtal-wagtal seljerip, netije çykaryp, degişli çäreleri geçirmelidir.

Dolandyryjylar öz işlerinde kärhanalaryň maržalaryna, zyýansyzlygyň nokatlaryna, leweridžlara, balanslaryň geçginliligiine, bahalandyryş işlerine köp üns bermelidirler.

Girdejileriň we çykdajylaryň maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň Konsepsiýasyna laýyklykda kesgitlemeler şu okuw kitabynyň 5-nji babynda berlendir. Galan görkezijilere gysgaldylan görnüşde şu aşakdaky kesgitlemeleri bermek bolar:

**Marža** – bu alyş we satylyş bahalarynyň ara tapawudyny görkezýän görkezgiç.

**Zyýansyzlygyň nokady** – bu grafikde girdejileriň we çykdajylaryň kesişýän ýeri. Girdejiler çykdajylardan pes bolsa, kärhanalar zyýan çekip başlaýarlar. Girdejiler çykdajylardan artsa, peýda gazanylýar.

**Leweridž** – bu girdejiler bilen çykdajylaryň gatnaşygy. Tejribede satuwlar artýan bolsa, önümiň özüne düşýän bahasy hem pese düşýär.

**Düşewüntlilik** hasaplananda alnan peýda (girdeji) ony gazanmak üçin edilen harajatlar bilen deňeşdirilip ýüz göterime köpeldilýär. Düşewüntlilik her bir goýlan manada näçe peýda gelendigini görkezýän görkezgiçdir. Düşewüntliligi aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplap hem bolar:

$D = P(G): H$X100%,

bu ýerde

$D$ – düşewüntlilik; $P$ – peýda; $G$ – girdeji;

$H$ – peýdany (girdejini) gazanmak üçin edilen harajatlar.

**Düşewüntliligi hasaplamagyň mysaly.** 100 manat gazanmak üçin 50 manat harajat edildi. Diýmek, her bir goýlan manada 100:50=2 manat girdeji gazanyldy. Düşewüntliligi göterim bilen hasaplalyň:

2X100%=200%.

Çalt seljeriş işleri geçirmek üçin takyk görkezijileriň jemi ulanylýar. Olar bilen 5-nji tablisadan tanşyp bolar.

*5-nji tablisa*

**Çalt seljeriş işleri geçirmek üçin takyk görkezijileriň jemi**

| Seljerme işiniň ugry | Görkeziji |
|---|---|
| **1. Dolandyryş subýektiniň ykdysady mümkinçiliklerini bahalandyrmak** | |
| 1.1. Emläk ýagdaýynyň bahalandyrmasy | 1. Esasy serişdeleriniň möçberi we olaryň umumy aktiwleriň bahasynda tutýan agramy.<br>2. Esasy serişdeleriniň könelmesiniň göterimi.<br>3. Kärhananyň ýgtyýarynda ýerleşýän hojalyk serişdeleriniň umumy bahasy. |
| 1.2.Maliýe ýagdaýynyň bahalandyrmasy | 1. Hususy serişdeleriniň möçberi we olaryň umumy çeşmeleriň möçberinde tutýan agramy.<br>2. Gündelik geçginliligiň (likwidliligiň) koeffisiýenti. |

| | |
|---|---|
| | 3. Dolanyşyk serişdeleriniň umumy bahasynda hususy serişdeleriniň agramy. 4. Umumy serişdeleriniň bahasynda karzyna alnan serişdeleriniň agramy.<br>5. Gorlaryň ýapylmagynyň koeffisiýenti |
| 1.3. Hasabatda «kesel» maddalarynyň barlygy. | 1. Zyýanlar.<br>2. Öz möhletinde gaýtarylmadyk karzlar we zaýomlar.<br>3. Möhleti geçen algylar we bergiler.<br>4. Alnan (berlen) möhleti geçen borçnamalar. |
| **2. Maliýe – hojalyk işiniň netijeliliginiň bahalandyrylmagy.** | |
| 2.1. Peýdanyň bahalandyrylmagy. | 1. Peýda.<br>2. Umumy düşewüntliligi.<br>3. Esasy işiniň düşewüntliligi. |
| 2.2. Hereketliligiň (dinamikanyň) bahalandyrylmagy. | 1. Girdejileriniň, peýdanyň we goýlan maýalarynyň deňeşdirilen ösüşleri.<br>2. Aktiwleriň dolanyşygy.<br>3. Maliýe we amallaryň aýlawlarynyň (sikleriň) wagt dowamlylygy.<br>4. Algylaryň üzülişmeginiň koeffisiýenti. |
| 2.3. Ykdysady mümkinçiliginiň ulanylmagynyň netijeliliginiň bahalandyrylmagy | 1. Goýlan maýalarynyň düşewüntliligi.<br>2. Hususy maýalaryň düşewüntliligi. |

## 7.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýy we maliýe hasabatlarynyň seljermesi

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesi ýokarda görkezilen maliýe görkezijileriniň hemmesini ýeke-ýekeden geçirmek bilen amala aşyrylýar.

**Maliýe seljermesi** – bu degişli maglumatlary bilmegiň esasynda maliýe bazarynda kärhananyň öz maksatlaryna ýetmek üçin geçiren hereketlerine baha berilmegi aňladýar.

Seljermäniň esasy maksady – adama bagly däl, kärhananyň hakyky maliýe ýagdaýyny, onuň peýdalaryny we zyýanlaryny, aktiwleriň we passiwleriň düzüminde geçirilen üýtgetmelerini, algydarlar we bergidarlar bilen geçirilen hasaplaşyklaryny görkezýän şekili şekillendirmek bolup durýar. Maliýe menejeri seljeriş işlerini geçirende diňe kärhananyň gündelik maliýe ýagdaýy bilen gyzyklanman, ýakyn ýa-da uzak geljeklerde bolup biljek üýtgetmeleriniň çaklamalary bilen hem gyzyklanmalydyr.

Maliýe seljeriş işleriniň takyk maksatlary subýektiň goýan maksatlaryna bagly bolup durýar. Mysal üçin, maliýe menejerlerini dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegi, maýadarlary – goýumlary goýmagyň netijeliligini takyklamagy, banklary – karz bermegiň şertlerini anyklamagy gyzyklandyrýar.

Maliýe seljermäniň esasy meselelerini we wezipelerini 7.2.1-nji şekilden görmek bolar.

**7.2.1-nji şekil. Maliýe seljermäniň esasy meseleleri we wezipeleri**

| |
|---|
| Dolandyryş subýektiň maliýe ýagdaýyna, maliýe netijelerine, netijeliligine we dellalçylyk iş hereketlerine adama bagly däl (obýektiw) baha bermek |
| Alnan netijäniň we gazanylan derejäniň sebäplerini we täsirlerini anyklamak |
| Maliýe çygrynda kabul ediljek dolandyryş çözgütlerini taýýarlamak we olary esaslandyrmak |
| Dolandyrylýan subýektiň maliýe netijeliligini ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri ýüze çykaryp ulanmak |

Kärhananyň (kompaniýanyň) maliýe ýagdaýyny seljerip baha bermek üçin maliýe hasabatlarynyň içinden iň köp maglumatlary balansdan alyp bolýar. Balans belli güne dolandyryş subýektiniň emläkleriniň, hususy sermaýanyň we borçnamalaryň ýagdaýyny görkezýär.

Maliýe hasabatynyň başga görnüşlerinden hem köp maglumatlary alyp bolýar.

Seljerilýän maliýe hasabatlarynyň düzülişine belli talaplar bildirilýär. Şol talaplar baradaky maglumatlar bilen ýokarda tanşypdyk.

Maliýe ýagdaýynyň seljermesi, köplenç, şu aşakdaky maksatlara esaslanýar.

**7.2.2-nji şekil. Maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň maksatlary**

| |
|---|
| Iş netijelerine deslapky baha berip, olar bilen öňünden tanyşmak. |
| Esasy görkezijileri hasaplamak we olary seljermek (kadalar bilen deňeşdirmek). |
| Maliýe ýagdaýy boýunça kärhanany belli synpa geçirmek. |
| Kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň ähtimallygyny anyklamak. |

Iş ýüzünde maliýe hasabatlaryny okamagyň esasy usullary emele geldi. Şol usullar bilen 7.2.3-nji şekilden tanşyp bolar.

**7.2.3-nji şekil. Maliýe hasabatlary seljermegiň esasy usullary**

| |
|---|
| Keselegine seljermek |
| Dikligine seljermek |
| Trend seljermesi |
| Maliýe koeffisiýentlerini ulanmak usuly |
| Deňeşdirme usuly |
| Täsirleri öwrenmek usuly |

Ykdysady-maliýe seljeriş işleri san, statistiki, buhgalterlik we ykdysady-matematiki usullara bölünýär.

Maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň esasy meseleleri absolýut we otnositel maliýe görkezijileriniň dinamikasynyň barlagy esasynda çözülýär we aşakdaky takyk toparlara bölünýär:

**7.2.4-nji şekil. Maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň esasy toparlary**

| |
|---|
| Aktiwleriň we passiwleriniň düzümler boýunça seljermesi |
| Maliýe durnuklylygynyň seljermesi |
| Töleg ukyplylygynyň we geçginliligiň seljermesi |
| Dolanyşyk serişdeleriniň seljermesi |
| Düşewüntliliginiň seljermesi |
| Zerur bolan hususy maýalarynyň seljermesi |

Kärhananyň (kompaniýanyň) maliýe ýagdaýyna baha bermek üçin belli gurallar gerek bolýar. Şol gurallara maliýe koeffisiýentleri ýa-da indeksler, ýagny iki sany häsiýetnamanyň gatnaşygy ulanylýar.

Maliýe ýagdaýynyň seljermesi iş ýüzinde böleklere bölünen maksatlara, maglumatlaşdyryş we gaýry üpjünçilige we täsirlere bagly bolup durýar.

Maliýe ýagdaýynyň seljeriş işleri yzygiderli pikir etmegi, iki modelli, ýagny çalt we çuň seljermesini guramaklygyny göz öňünde tutýar.

Maliýe ýagdaýynyň çalt seljermesiniň maksady maliýe bagtyýarlyga we firmanyň ösüş hereketlerine görnükli we ýönekeý baha bermegi göz öňüne tutýar.

Maliýe ýagdaýynyň çalt seljermesi 7.2.5-nji şekilinde görkezilen üç tapgyrda geçirilýär.

**7.2.5-nji şekil. Maliýe ýagdaýynyň çalt seljermesiniň tapgyrlary**

| |
|---|
| 1.Taýýarlaýyş tapgyr |
| 2.Buhgalterlik hasabatyna öňünden göz aýlamak |
| 3.Hasabatyň seljermesi we ykdysady okamaklygy |

Birinji tapgyryň maksady maliýe hasabatlarynyň okamak üçin taýýardygy we seljeriş işlerini geçirmegiň maksadalaýyklygy barada netijä gelmek.

Ikinji tapgyryň maksady maliýe hasabatynyň düşündiriş haty bilen tanyşmak.

Üçünji tapgyryň maksady kompaniýanyň maliýe ýagdaýyna we onuň hojalyk işleriniň netijelerine umumylaşdyrylan bahany bermek.

## 7.3. Kärhananyň girdejileriniň, harajatlarynyň, peýdasynyň we düşewüntliliginiň seljermesi

Girdejileriň we çykdajylaryň seljermesini amala aşyrmak üçin birinji nobatda Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 14-nji martyndaky № 45-Ö buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 5-nji

aprelinde 683 san bilen bellige alnan «Girdejileri we çykdajylary emele getirmek boýunça usulyýet maslahatlary» bilen tanyşmaly.

Maslahatlara we maliýe hasabatlaryň milli standartlaryna laýyklykda subýektleriň hasabat döwrüniň dowamynda alan girdejileri şu aşakdakylara bölünýärler:

amal girdejiler;

amal däl girdejiler.

Amal girdejileri aşakdakylary öz içine alýar:

harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiler;

gaýry amal girdejiler.

Döwlet býujet edaralary diňe täjirçilik işinden alnan girdejileri harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejileriň düzümine goşýarlar.

Gaýry amal girdejilere biologik aktiwleri ilkibaşda ykrar etmekden alnan girdejiler, oba hojalyk önümlerini ýygnamakdan alnan girdejiler, biologik aktiwleriň adalatly gymmaty üýtgetmeginiň netijeleri we ş.m. degişlidir.

Amal däl girdejiler aşakdakylary öz içine alýar:

grantlar boýunça girdejiler;

maýa goýumlaryndan alnan girdejiler;

gaýry amal däl girdejiler.

Grantlar boýunça girdejiler – daşary ýurtlaryň hökümetlerinden, halkara guramalaryndan we döwlet böleginiň beýleki birliklerinden alnan girdejiler. Olar aşakdaky maksatlar üçin bölünip berilýär:

gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin, bu olary alýanlar tarapyndan haýsydyr bir aktiwiň satyn alynmagy bilen bagly däldir we şunuň ýaly satyn alma bilen şertlendirilmeýär;

alyjynyň aktiwleri satyn almak üçin we ondan garaşylyşy ýa-da talap edilişi ýaly alyjynyň aktiwi ýa-da aktiwleri satyn almak (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan başga), aktiwleri bermek (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan we pul serişdelerinden başga) ýa-da debitor bilen kreditoryň arasyndaky özara ylalaşyk boýunça borçnamalary ýatyrmak üçin peýdalanmaly bolan pul serişdelerinden emele gelýär.

Maýa goýumlaryndan alnan girdejiler – maliýe we maliýe däl aktiwlere eýelik etmekden alnan girdejilere aşakdakylar degişlidir:

maliýe maýa goýumlaryndan alnan göterim girdejileri;

paýnamalara (maýa gatnaşma paýlaryna) eýelik etmekden alnan diwidendler boýunça girdejiler;

maýa goýum emlägine eýelik etmekden alnan girdejiler.

Gaýry amal däl girdejiler aşakdakylary öz içine alýar:

maliýe maýa goýumlarynyň ilkibaşky (adalatly) gymmatyny üýtgetmeginden we olaryň çykyp gitmeginden alnan girdejiler;

maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýelik etmekden alnan girdejiler, maliýe däl maýa goýumlarynyň ilkibaşky (adalatly) gymmatynyň üýtgemeginden we olaryň çykyp gitmeginden alnan girdejiler;

uzak möhletli maliýe däl aktiwleri muzdsuz almakdan alnan, aktiwiň peýdalanylyşyna görä hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň möçberine deň bolan girdeji;

şertnama borçnamalarynyň bozulandygy üçin puşmana pullary we jerimeler;

ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça alnan ätiýaçlandyryş öwezi dolma pul möçberleri;

ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki jerime çäreleri görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagy görnüşinde alnan pullar;

ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmegiň hasabyna gelip gowşan pul möçberleri;

Türkmenistanyň Raýat kodeksinde kesgitlenen, awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak-heşdekler, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat ediş nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) işiň barşy ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak-heşdekler;

ozal şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygyň hasabyna hasapdan öçürilip, soňra bergidarlardan alnan serişdeler;

hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň pul möçberi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça tölenjegine umyt bolmadyk bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär;

daşary ýurt pulundaky amallar boýunça hümmet tapawutlaryndan alnan girdejiler;

haýyr-yhsan işiniň netijesinde alnan, bellenen maksady boýunça peýdalanylmadyk emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty;

tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artyk möçberleriň gymmaty;

muzdsuz alnan aktiwler (işler, hyzmatlar);

aktiwiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji;

subsidiýalar;

gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler;

agzalyk we giriş gatançlary;

ynsanperwerlik kömegi;

gaýry girdejiler.

Girdejileriň ol ýa-da beýleki görnüşlerini jemi peýda barada hasabata (girdejiler we çykdajylar barada hasabata) goşmak subýektiň işiniň aýratynlygyna baglydyr.

Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin ähli harajatlary hasaba alynmalydyr. Harajatlary ykdysady edebiýatlarda 7.3.1-nji şekilde görkezilen toparlara bölýärler.

**7.3.1-nji şekil. Harajatlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Anyk, anyk däl |
| Göni, gytaklaýyn |
| Umumy, önümçilik, täjirçilik |
| Mydamalyk (üýtgemeýän), üýtgeýän |
| Esasy, kömekçi |
| Ýerleşdirilen önüminiň (harytlaryň, hyzmatlaryň) |
| Meýilnamalaşdyrylan, hakyky, orta hasabyň |
| Gaýry görnüşleri |

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**Anyk harajatlar** diýip, ykdysady edebiýatlarda hasaplaşyk, walýuta we beýleki balans hasaplardan geçirilen harajatlara, ýagny bankyň ýa-da pulhananyň üsti bilen geçirilen harajatlara düşünilýär.

**Anyk däl harajatlara** ykdysady edebiýatlarda ýokarda görkezilen hasaplardan geçmedik we buhgalterlik hasabyna alynmaýan harajatlara düşünilýär. Anyk däl harajatlaryň mysaly hökmünde ulanylmadyk pul goýumlarynyň mümkinçiliklerini (pursatlaryny) görkezmek bolar.

**Göni harajatlara** bolsa belli önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek) üçin edilen harajatlar degişlidir. Olara maddy çykdajylar, ýol kireýi, önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek) bilen gös-göni baglanyşykly harajatlar degişlidir.

**Gytaklaýyn harajatlara** belli önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek ) bilen gös-göni bagly däl harajatlara düşünilýär. Mysal üçin, kärhananyň ýolbaşçylary üçin edilýän harajatlary (elektrik energiýa, aragatnaşyk, ulag serişdeler, suw bilen üpjünçilik we ş.m. çykdajylary) gytaklaýyn harajatlara degişlidirler.

Göni we gytaklaýyn harajatlaryň jemine umumy çykdajylar (harajatlar) diýlip düşünilýär. Umumy çykdajylar öz gezeginde umumy önümçilik we umumy hojalyk çykdajylara bölünýärler.

**Önümçilik** harajatlaryna önümi öndürmek bilen gös-göni bagly harajatlar degişlidir. Önümçilik harajatlary öz gezeginde esasy we kömekçi harajatlara bölünýärler.

**Esasy harajatlar** esasy öndürilýän önüme degişlidir. **Kömekçi harajatlara** bolsa kömekçi hojalyklara ýa-da işhanalara (sehlere) degişli harajatlar degişlidir.

**Täjirçilik harajatlar** diýip, mahabatlandyrmak, harytlary (önümleri) ýüklemek, daşamak, düşürmek, ýerlemek, araçy we şoňa meňzeş başga amallary geçirmek üçin edilýän çykdajylara düşünilýär.

Mydama (köp gezek) gaýtalanýan harajatlara – mydamalyk, hemişelik ýa-da üýtgemeýän, käbir halatlarda edilýän çykdajylara bolsa üýtgeýän harajatlar diýlip düşünilýär. Hemişelik harajatlaryň mysaly hökmünde: çig mallar, materiallar, zähmet haky we şolara meňzeş çykdajylar çykyş edip bilerler.

**Üýtgeýän** harajatlar seýrek duş gelip, wagtal-wagtal gaýtalanmaýan çykdajylara üýtgeýän harajatlar diýilýär. Mysal üçin, seýrek myhmanlary kabul edýän takyk kärhananyň wekilçilik çykdajylaryny üýtgän harajatlaryň toparyna goşmak bolar. Şol bir harajat bir kärha-

nada mydamalyk harajat bolup çykyş edip, başga kärhanada üýtgeýän harajat bolup biler.

**Orta harajatlar** tejribede matematiki usullaryň kömegi bilen hasaplanylýar.

**Meýilnamalaşdyrylan harajatlar** önüm (haryt) öndürilmezden, işler ýerine ýetirilmezden öň meýilnamalaşdyrylýar ýa-da çäklenýär. Olar hakyky harajatlara deň gelip ýa-da olardan tapawutlanyp biler. Hakyky harajatlar bolsa, önüm öndürilip, işler ýerine ýetirilip hasaplanylýar.

**Ýerleşdirilen önümleriniň** özüne düşýän gymmaty käbir ýagdaýlarda, mysal üçin, önümler doly tamamlanmadyk, doly ýerleşdirilmedik ýa-da käbir edilen harajatlar geljekki döwürleriň harajatlaryna geçirilen bolsa, onda kärhananyň bellibir döwrüň içinde edilen hakyky harajatlar bilen deň gelmez.

Ykdysady edebiýatlarda we maliýetde häzirki döwürde bir-birine ýakyn üç düşünje, ýagny «çykdajylar», «harajatlar» we «aýyrmalar» diýen düşünjeler ulanylýar. Olar bilen 7.3.2-nji şekilden tanyşmak bolar. «Çykdajylar» umumylaşdyrylan düşünjedir. Oňa ähli «harajatlar» we «aýyrmalar» degişlidirler. Emma ähli çykdajylary «harajatlara» we «aýyrmalara» kanunlara laýyklykda 7.3.2-nji şekilde görkezilişi ýaly goşmak bolmaýar.

**7.3.2-nji şekil. Harajatlar bilen bagly düşünjeler**

Çykdajylar

Harajatlar

Aýyrmalar

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň mart aýynyň birine çykaran 1676 belgili karary esasynda hasaba alynýar.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bitewi Kanunyň 155-159-njy maddalaryna laýyklykda hasaba alynýar.

Harajatlar häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 1-nji martynda kabul eden 1676 belgili karary bilen tassyklanylan «Önümiň (işiniň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar hakda Düzgünnama» we oňa girizilen üýtgemelere we goşundylara laýyklykda hasaba alynýar. Aýyrmalar

peýdadan alynýan salgytlar hasaplananda kärhananyň umumy girdejisinden aýrylýar. Aýyrmalar Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bitewi Kanunyň 155-159-njy maddalaryna laýyklykda hasaba alynýar. Köplenç, harajatlara goşulýan çykdajylar kanunalaýyklykda aýyrmalar bolup hem çykyş edýärler. Emma käbir çykdajylar aýyrmalara goşulyp, harajatlara goşulmaýar. Mysal üçin, kärhananyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan öňki salgyt döwürleriniň çykdajylaryny (zyýanlary) harajatlara goşmak bolmaýar. Emma, aýyrmalara olary goşmak bolýar. Şonuň ýaly hem, alnan karzlara tölenýän göterimleri harajatlara doly möçberde goşmak bolmaýar. Emma aýyrmalara olar karzlaryň şertlerine bölünmän goşulýar.

Aýyrmalary şu okuw kitabynyň 7.3.3-nji şekilinde görkezilen toparlara goşup bolar.

### 7.3.3. Aýyrmalaryň toparlara bölünişi

| |
|---|
| Maddy çykdajylar (harytlar) |
| Zähmete hak tölemek üçin çykdajylar |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş üçin çykdajylar ulanyş tölegleri |
| Öndürmek, ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar (ýitgiler) ýerlemekden daşary çykdajylar (ýitgiler) |

Maddy çykdajylara salgyt töleýjiniň şu aşakdakylar üçin edýän harajatlary degişlidir:

– harytlary, çig maly, ýarymtaýýar önümleri, ýangyjy, suwy, energiýany we materiallary satyn almak;

– gurallary, enjamlary, esbaplary, abzallary, ýörite geýimi we beýleki könelmä degişli bolmadyk emlägi, gurnamaga degişli toplaýjy önümleri satyn almak;

– keseki guramalaryň, şol sanda tebigaty goramak maksatly belli hyzmatlary we çäreleri;

– tehnologik ýitgiler;

– peýda (girdeji) almaga gönükdirilen işler bilen baglanyşykly beýleki maddy çykdajylar.

Eger kanun boýunça goşulan baha üçin salgytdan we goşmaça

töleglerden boşadylmaýan kärhana maddy çykdajylary edende hasaplaşyga kabul edilmäge degişli agzalan salgytlary we tölegleri tölän bolsa, onda maddy harajatlar hasaba alnanda olara tölenen pul möçberi goşulmaýar. Eger kanunalaýyklykda kärhana ýa-da onuň geçirýän amallary şol salgytdan we goşmaça töleglerden boşadylýan bolsa, onda goşulan baha üçin salgydyň möçberi maddy harajatlaryň bahasyna goşulýar.

Araçy guramalaryna tölenilýän komissiýa haklaryny, birža ýygymlaryny, gümrük paçlaryny, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlary we goşmaça tölegleri, daşamak üçin çykdajylary we haryt maddy gymmatlyklary satyn almak bilen baglanyşykly beýleki harajatlary goşmak bilen, olaryň satyn alnyş nyrhlaryndan ugur alnyp maddy harajatlaryň bahasyna goşulýar.

Maddy çykdajylaryň bahasyndan yzyna gaýtarylýan galyndylaryň we gaplaryň bahalary aýrylýar, yzyna gaýtarylmaýan gaplaryň bahalary bolsa maddy çykdajylaryň pul möçberine goşulýar.

Pul we haryt görnüşinde zähmete hak tölemek üçin çykdajylara aşakdakylar degişlidir:

– hakyky ýerine ýetirilen we kanunalaýyklykda ýazylyp hasaplanan iş üçin zähmet haky;

– kanunalaýyklykda tölenen dürli goşmaça haklar we tölegler;

– öwez puly häsiýetdäki tölegler;

– mugt berilýän zatlary, jemagat hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý boýunça çykdajylar ýa-da olar boýunça pul öweziniň möçberleri;

– işgärleriň naharlanmagy üçin çykdajylar;

– döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly kanunalaýyklykda wagt üçin tölenýän hak;

– işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgäre töleg tölemek;

– işden çykarylanda berilýän hemaýat pullaryny tölemek;

– köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenýän hak;

– okuw wagtynda (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlamak we ş.m.) saklanyp galynýan iş haky;

– mejbury işsiz gezen ýa-da pes hak tölenýän işiň ýerine ýeti-

rilen wagty üçin iş haky we zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilen mahalynda hakyky iş hakynyň derejesine çenli kanun boýunça goşmaça töleg;

– iş berijileriň ätiýaçlandyryş tölegleri (gatançlary);

– gan tabşyrýan (donor) işgärlere iş hakyny tölemek üçin çykdajylar;

– işgär düzüminde durmaýan we kärhananyň işine kanunalaýyklykda işe çekilen (hususy telekeçilerden başga) işgärleriň iş haky;

– ätiýaçlyga serişde geçirmeler görnüşindäki çykdajylar;

– kanun boýunça, işgäriň peýdasyna edilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän, zähmete hak tölemek üçin çykdajylarda şu aşakdakylar göz öňünde tutulmaýar:

– maddy kömek;

– umumy peýdalanylýan ulag, ýörite ugurlar, edara ulagy bilen iş ýerine gitmek tölegi;

– edara görnüşli tarapyň işgärlerine berilýän ýa-da edara görnüşli tarapyň jemgyýetçilik iýmiti üçin kömekçi hojalyklar tarapyndan goýberilýän önüm (işler, hyzmatlar) boýunça baha tapawutlary;

– bejeriş ýa-da dynç alyş, şeýle hem işgärleriň peýdasyna edilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar.

Salgyt töleýji tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tölegleri salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (harajatlaryna) goşulýar.

Türkmenistanda esasy serişdeleriň könelmegi häzirki döwürde 2000-nji ýylyň 13-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 4606 belgili Karary bilen kesgitlenilen könelmegiň kadalary esasynda hasaplanylýar. Kadalar esasy serişdeleriň ulanyş möwritine görä balans bahasyna belli göterim gatnaşykda kesgitlenilendir. Mysal üçin, iň berk jaýlaryň könelmeginiň koeffisiýenti-0,4% möçberde kesgitlenilendir. Jaýyň bahasy 100 mln manat bolsa onuň bir ýyldaky könelmegini şeýle kesgitläp bolýar: 100x0,4%=0,4 mln manat. Jaýyň bir aýdaky könelmegi 0,4 : 12=0,033 mln manat, jaýyň ulanyş möwriti 100:0,4=250 ýyl diýip, kesgitlenilýär.

Maddy däl aktiwlere hukuk berýän resminamalaryň bahasy, şol sanda ygtyýarnamalaryň, sertifikantlaryň, şahadatnamalaryň bahalary degişlidir. Kompýüter programmalary ulanmaga hukuk berýan resminamalary hem maddy däl aktiwler diýlip hasaplanylýar. Hukuk berýän resminamalarda, köplenç, onuň güýji saklanýan möhleti görkezilýär. Şol aktiwiň könelmesini tapmak üçin onuň bahasyny güýji saklanýan möhletine bölmeli. Mysal üçin, resminamanyň bahasy 12 müň manat, möhleti bolsa 3 ýyl. Bir ýylda könelmesi 12:3=4 müň manat. Bir aýdaky könelmesi: 4:12=0,33 müň manat.

Eger hukuk berýän resminamada onuň ulanyş möhleti görkezilmedik bolsa, onda kanun boýunça ol 10 ýyl diýlip hasaplanylýar.

Düýpli häsiýetli harajatlar salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (aýyrmalaryna) ulanyş tölegleriň üsti bilen goşulýar.

Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler şu aşakdakylary öz içine alýar:

– ýer üçin, kärende we lizing tölegleri (kanuny göz öňünde tutmak bilen) ;

– oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;

– göterimler görnüşindäki çykdajylar;

– wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça hemaýat pullar we kanunlarda bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenýän beýleki durmuş hemaýat pullary;

– täze iş ýerine geçende işgärlere berilýän hemaýat puly;

– tassyklanan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk möçberi üçin çykdajylar;

– keseki edara görnüşli taraplar tarapyndan işgärler bermek boýunça hyzmatlar üçin çykdajylar;

– wekilçilik çykdajylary, emma ol jemi girdejiniň 1 göteriminden ýokary bolmaly däldir;

– aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

– auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

– komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberleri;

– hat ýazuw harytlary üçin çykdajylar;

– mahabatlandyrmalar üçin çykdajylar;

– öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

– işgärleriň guramaçylykly toplanmagy üçin harajatlar;

– gorag we howpsuzlyk üçin, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar;

– tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli ýitgiler;

– zaýa önüm çykarylmakdan çekilen ýitgiler;

– içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler;

– emlägi we ätiýaçlandyryşyň hökmany beýleki (belli) görnüşleri boýunça çykdajylar hem ätiýaçlyga geçirmeler;

– täze önümçilikleri, sehleri we enjamlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;

– tehnologiýany kämilleşdirmek, önümçiligi guramak we dolandyrmak bilen baglanyşykly düýpli bolmadyk häsiýetdäki çykdajylar;

– kepillendirilen abatlama işleri we hyzmatlar üçin harajatlar;

– wahtalary we wagtlaýyn durmuş binalaryny, şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;

– ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

– tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;

– bellenen ölçegleriň çäklerinde iş sapary üçin çykdajylar.

– çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylar;

– önümçilikde şikes alynmagy zerarly zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenýän hemaýat pullary;

– işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler (edara görnüşli taraplaryň bellige alnandygy üçin töleg, ygtyýarlandyryş we beýleki tölegler);

– önümiň (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň) güwänamasy boýunça çykdajylar;

14. Sargyt № 3078

– bank hyzmatlary boýunça tölegler;

– harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

Iş sapary üçin çykdajylar Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanylýar.

Harytlary öndürmek we ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlar etmek bilen baglanyşykly gaýry çykdajylara we ýitgilere kanunalaýyklykda hasaplaşyga kabul edilmeýän, esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň möçberi hem goşulýar.

Ýerlemekden daşary çykdajylaryň (ýitgileriň) düzümine öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk işi amala aşyrmak üçin harajatlar hem goşulýar. Şeýle çykdajylara kanunalaýyklykda şu aşakdakylar degişlidir:

– kärende (lizing) şertnamasy boýunça berlen emlägi saklamak üçin çykdajylar (bu emlägiň ulanyş töleglerini goşmak bilen), bu iş olar üçin esasy iş bolmadyk edara görnüşli taraplar üçin;

– gymmatly kagyzlaryň satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky ýaramaz tapawut;

– öz gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak we satyn alnan gymmatly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar;

– daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanladylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlandyrylanda ýüze çykýan ýaramaz hümmet tapawudy;

– şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygy döretmek üçin geçirmeler;

– hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleri pul möçberini goşmak bilen, ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri ýok etmek üçin çykdajylar, şeýle hem tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar;

– önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny konserwasiýa we raskonserwasiýa etmek bilen baglanyşykly çykdajylar, şol sanda konserwirlenen önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar;

– işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar;

– önümçilik tabşyryklaryny ýatyrmak üçin harajatlar, şeýle hem önüm bermedik önümçilik üçin harajatlar;

– gap bilen baglanyşykly amallar boýunça çekilen zyýan;

– maliýe çärelerinden ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak boýunça çykdajylar;

– karz bergi (karzdarlaryň öňündäki borçnama), eger ol kanunalaýyklykda hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;

– paýdarlaryň her ýylky ýygnagyny geçirmek üçin çykdajylar;

– hak isleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen berginiň pul möçberi;

– öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri;

şol ýylyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan öňki salgyt döwürleriniň çykdajylary (zyýanlary);

– içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler, şeýle hem daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan günäkärler tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitgiler;

– adatdan daşary ýagdaýlardan çekilýän ýitgiler. Esasy serişdeleriň çykmagyndan ýeten ýitgiler Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bitewi Kanunyna laýyklykda kesgitlenýär;

– haryt maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk ýetmezçilikleri we (ýa-da) zaýalanmaklary sebäpli ýitgiler, şeýle hem günäkär adamlar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) ýagdaýlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler;

– talap etmek hukugyny bermek geleşigi boýunça ýitgiler;

– döwlet emlägi kärendä berlende döwlet býujetine geçirilýän kärende göteriminiň bir böleginiň balansda saklaýjy tarapyndan geçirilýän pul möçberi;

– şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanlar;

– harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk beýleki çykdajylar.

Ýokarda görkezilen çykdajylar harajatlara goşulanda Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bitewi Kanunynyň 155-159-njy

maddalaryny ýene-de bir gezek salgylanmak zerurdyr. Sebäbi okuw kitabynda käbir harajatlar barada maglumatlar okaýanlara umumy düşünje bermek üçin we aňsatlyk bilen kitap okalar ýaly gysgaldylan görnüşinde berlendir. Ikinji sebäbi kanunlar kämilleşýär we olaryň käbir maddalary üýtgäýmegi ahmal.

Kärhananyň ýerleşdirýän önümleriniň (hyzmatlarynyň) möçberi artýan bolsa, onda ýerleşdirilen her önüm birliginiň özüne düşýän bahasy peselýär. Eger kärhananyň ýerleşdirýän önümleriniň (hyzmatlaryň) mukdary azalýan bolsa, onda ýerleşdirilen her önümiň (hyzmatyň) birliginiň özüne düşýän bahasy ösýar. Sebäbi ýol çykdajylary, zähmet haky we başga harajatlar ýerleşdirilýän önümiň (hyzmatlaryň) möçberi bilen deň derejede, köplenç, ösmeýär. Mysal üçin, ulag serişdesiniň ýüklenilişi ýol kireýi bilen, kärhananyň käbir kömekçi düzümleriniň zähmet haklary (sagatlaýyn hak tölenýän bolsa) ýerleşdirilen önümleriniň (hyzmatlarynyň) möçberi bilen gös-göni bagly däldir.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary esasy maksatlara ýetmek üçin harytlary (hyzmatlary) amatly satyn almak, ýerleşdirilen önümleriň (hyzmatlaryň) möçberini artdyrmak bilen bagly meseleleri çözmelidirler. Ol meseleler direkt-kosting usulynyň emele gelmegine getirýär.

Bu usul öňki döwürlerde hem ulanylýardy. Emma, «direkt-kosting» usuly bazar ykdysadyýeti şertlerinde köp döwletlerde şol adyna eýe bolýar we soňky döwürlerde onuň ähmiýeti ýokarlanýar. Dürli ýurtlarda şu usulyň dürli atlary ulanylýar. Mysal üçin, ABŞ-da, Rusiýa Federasiýasynda käbir GDA döwletlerinde-«direkt-kosting», Germaniýada-«bölekleýin, serhetleýin harajatlarynyň hasaby», Beýik Britaniýada- «maržinal harajatlaryň hasaby», Fransiýada-«maržinal hasap usuly» we başga atlar ulanylýar. Marža ýokarda bellenilşi ýaly ykdysady edebiýatlarda satyn alyş baha bilen satyş bahalaryň aragatnaşygyna düşünilýär.

Direkt-kosting usuly türkmençe mydamalyk, hemişelik (üýtgemeýan) ýa-da mydama (köp) gaýtalanýan harajatlaryň hasabynyň dolandyrylyşyny aňladýar. Usulyň ady bir söz bilen ulgamyň düýp manysyny görkezip, halkara derejede giňden ulanylýan düşünje bolup çykyş edýär.

Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty bazar ykdysadyýeti şertlerinde üýtgäp durýar. Emma, käbir çykdajylaryň görnüşleri mydama gaýtalanýar. Şol çykdajylar bolsa, köplenç, harajatlaryň aglaba bölegini tutýarlar we olaryň seljermegi, gözegçiligi gowy netijeleri gazanmak üçin kärhanalara zerurdyr. Direkt-kosting usul bilen gözegçilik edilýän kärhanalarda kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty işgärlere bagly sebäpleriň esasynda ösmän, köplenç, ol peselýär.

Harydyň (hyzmatyň) özüne düşýän gymmatynyň pese düşmegi öz gezeginde karhananyň peýdasynyň ösmegine getirýär. Peýda mälim bolşy ýaly kärhananyň girdejilerine hem baglydyr. Şol sebäpli direkt-kosting usulyny ulanýan kärhanalar diňe harydyň özüne düşýän gymmatyny barlaman, girdejiler bilen çykdajylaryň aragatnaşyklaryny hem barlaýarlar we olara gözegçilik edýärler.

Direkt-kosting usuly kärhanalaryň (firmalaryň) arasyndaky bäsdeşliklerde üstünlik gazanmaga kömek edýär.

Käbir ýagdaýlarda direkt-kosting usulyny ulanan kärhanlar netijede demping syýasatyna geçmeli diýlen netijä gelýärler. Demping nyrhlar – bu iň pes derejeli nyrhlaryň ulanylmagyny aňladýar. Demping syýasatyny geçirýän tejribeli dolandyryjylar satuwlaryň ösmegini gazanmagy başarýarlar. Ol bolsa nyrh peselmegi bilen bagly zyýanlary ýapmaga ýardam berýär.

Direkt-kosting usulynyň kömegi bilen buhgalterlik we önümçilik hasabynyň maksatlary bir-birine golaýlaşýarlar.

Kärhananyň peýdasynyň seljermesi geçirilende, ilkinji nobatda, peýdanyň hasaplanylyşy döwletiň täjirçilik we salgyt kanunçylygyna laýyk gelýändigini barlamalydyr.

Peýdanyň seljermesi geçirilende, maýalaryň düşewüntliligi ýaly görkezijä köp wagt sarp edilýär.

Maýalaryň düşewüntliligi seljerilende kärhananyň goýan maýasy bilen onuň peýdasynyň arasyndaky gatnaşygy deňeşdirilýär.

Maýalaryň düşewüntliligi (Peýda : sermaýa ) x 100%. Peýda mälim bolşy ýaly girdejiler bilen çykdajylaryň arasyndaky tapawudy bolup durýar.

Maýalaryň düşewüntliligi aşakdaky görnüşlerde tapawutlandyrylar:

1. Kärhananyň öz nominal maýalarynyň düşewüntliligi. Kärhananyň esasnamasynda görkezilýän paýdarlaryň maýalary kärhananyň öz nominal maýalary diýlip düşünilýär.

Peýda : nominal maýalar X 100%.

2. Balans boýunça maýalaryň düşewüntliligi.

Nominal maýalaryň , ätiýaç gaznalarynyň we peýdanyň hasabyna geçirilen zyýanlaryň aratapawudynyň ululygynyň jemine balans maýalary diýip düşünilýär.

Peýda: balans boýunça maýalar X 100%

3. Balans boýunça maýalaryň ululygynyň jeminiň düşewüntliligi.

Bu düşünjä balans boýunça öz maýalarynyň we karzyna alnan maýalarynyň möçberleri girýär.

(Peýda + karzyna alnan maýalar): (Balans boýunça öz maýalary+ karzyna alnan maýalar) X 100%

4.Kärhana üçin zerur bolan emlägiň düşewüntliligi.

Kärhananyň hakyky maksatlaryna gulluk edýän hem-de häzirki nyrhlar boýunça bahalanýan ähli emläge kärhana üçin zerur bolan emläk diýip düşünilýär.

(Peýda): (kärhana zerur bolan emläk) X 100%

5.Kärhana üçin zerur bolan maýalaryň düşewüntliligi.

Bu ýerde, üpjün edijileriň we müşderileriň harajatlaryny aýyrmak bilen, kärhana üçin zerur bolan emläk göz öňünde tutulýar. (Peýda ): (kärhana zerur bolan maýalar) X100%

6. Dolanyşygyň düşewüntliligi.

Dolanyşygyň düşewüntliligi – bu peýda bilen dolanyşyk serişdeleriniň gatnaşygydyr. Bu ýerde, maýalaryň we dolanyşyk serişdeleriniň düşewüntlilikleriniň bir-birine baglydygyny göz öňünde tutmalydyr.

Mysal üçin, manatda:

Paýdarlaryň maýalary 200000

Dolanyşyk serişdeleriniň möçberi 600000

Paýdarlaryň maýalarynyň dolanyşygy : 600000:200000= 3

Peýda 90000

Maýalaryň düşewüntliligi 90000 : 200000X100%=45%

Dolanyşygyň düşewüntliligi 90000:200000X100%:3=15%

Maýalaryň düşewüntliligini başga ýol bilen hem hasaplap bolýar.

Dolanyşygyň düşewünliligi X Paýdarlaryň maýalarynyň dolanyşygynyň sany= 15 X3%= 45%.

Bu mysal, goýlan maýalaryň ýylda üç gezek dolanýandygyny görkezýär.

Goýlan maýalaryň düşewüntliligi 45%-e barabardygyny we orta-ça peýda dolanyşygynyň 15 % -e ýetýändigini görkezýär.

Balansyň seljermesi aşakdakylary bilmek üçin geçirilýär:

**7.3.4-nji şekil. Balansyň seljermesiniň maksatlary**

| |
|---|
| Dolandyryş subýektiniň we onuň paýnamalarynyň hakyky gymmatyny anyklamak |
| Salgyt we täjirçilik kanunlaryň berjaý edilişini (muňa maliýe-karz guramalary aýratyn gyzyklanýar) |
| Dolandyryş subýektiň maliýe ýagdaýy, düşewüntliligi hakynda maglumat almak |

Balans seljermäniň esasy meseleleriniň biri – bu içki we daşky seljermeleri geçirmekdir. Balansyň içki seljermesini kärhananyň (firmanyň, kompaniýanyň) öz işgärleri, mysal üçin, baş hasapçy, menejer, seljeriş bölümi we başgalar geçýärler. Balansyň daşky seljermesini döwletiň gözegçilik gullugy, garaşsyz auditorlar geçirýärler.

Balansyň seljermesi 7.3.5-nji şekilde görkezilen netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

**7.3.5-nji şekil. Balansyň seljermesi şu netijeleri gazanmaga ýardam berýar**

| |
|---|
| Hasabyň ýöredilişini barlamaga |
| Deňeşdirip bolýan kärhanalar bilen görkezijileri deňeşdirmäge |
| Dolandyryş subýekti öňki ýyllaryň görkezijileri bilen deňeşirmäge |
| Balansyň görkezijileri meýilnamalaşdyrylan görkezijileri bilen deňeşdirmäge |

Hakyky we anyk seljeriş işleri geçirmek üçin maliýe menejerine menejment hakynda umumy bilim ýeterlik däldir. Menejer kärhananyň bazardaky ykdysady ýagdaýy, bäsdeşleriň hereketlerini, kärhananyň degişli pudagynyň bazardaky umumy şertlerini, möwsümleriň üýtgemelerini we başga aýratynlyklary bilmelidir.

Maliýe guramalary balansyň seljermesini geçirenlerinde balansdan özüne gerekli maglumatlary alanlarynda dürli deňeşdiriş işlerini amala aşyrmalydyrlar. Mysal üçin, banklar balansy kabul edenlerinde öz maglumatlary bilen, bankyň dürli hasaplarynyň, şol sanda hasaplaşyk, daşary ýurt pul birliklerindäki, depozit, karz, ýörite hasaplaryň galyndylaryny hökman deňeşdirmelidirler. Salgyt gulluklary balansyň seljermesini geçirenlerinde öz maglumatlaryny balansyň maglumatlary bilen deňeşdirmelidirler. Balansda görkezilen bergiler we algylar salgyt gulluklarynyň maglumatlary bilen deň gelmelidir. Emma kärhananyň bergisi bolsa, döwletiň (gaznanyň) algysy, kärhananyň algysy bolsa, döwletiň (gaznanyň) bergisi bolmalydyr.

Balans maliýe guramalary tarapyndan seljerilende, balansyň maglumatlary maliýe hasabatynyň başga görnüşleri, mysal üçin, hasabatyň 2-nji görnüşi, ýagny maliýe netijiler we olaryň ulanylyşy hakynda hasabat bilen deňeşdirilýär.

Iş ýüzünde käbir maliýe guramalary şol işleri ýerine ýetirmeýärler. Wagtyn geçmegi bilen şol näsazlyklary düzetmek kynlaşýar.

## 7.4.Töleg ukyplylygynyň we geçginliliginiň (likwidliligiň) seljermesi

Kärhananyň tölege ukyplylygy seljerilende algylara we bergilere, pulhanada, hasaplarda serişdeleriň galyndylaryna, bankyň kartotekalaryna seredilýär.

Algylar we bergiler ykdysady edebiýatlarda maliýe borçnamalary diýlip hem atlandyrylýar.

Algylar we bergiler öz gezeginde dürli taraplar, şol sanda işgärler, hasabat bermeler, banklar, býujet, býujetden daşary gaznalar we başga işdeş taraplar bilen bolup biler.

Algylar balansyň aktiw, bergiler bolsa balansyň passiw taraplarynda görkezilýär.

Algylaryň we bergileriň hakykatlygyny bilmek üçin her aý, çärýek we ýyl olary algydarlar we bergidarlar deňeşdirýärlar. Deňeşdirmeler resmileşdirilýär.

Kärhananyň maliýe menejeri algylaryň we bergileriň derejelerine gözegçilik edýärler.

Algylaryň we bergileriň möhletine aýratyn üns berilýär. Üç ýyldan artýan hem deňeşdirip bolmaýan algylar we bergiler maliýe netijelere geçirilýär. Ýagny algylar zyýan çekildi, bergiler bolsa girdeji alyndy diýlip hasaplanylýar.

Banklar möhletleri boýunça öz algylaryny 7.4.1-nji şekilde görkezilen toparlara bölýärler.

**7.4.1-nji şekil. Möhletler boýunça öz algylaryny banklaryň toparlara bölmegi**

| |
|---|
| 30 güne çenli-standart |
| 30 günden-60 güne çenli- substandart |
| 60-dan-90 güne çenli -şübheli |
| 90 günden soň-ygtybarsyz |

Algylary azaltmak üçin maliýe menejerleri dürli çäreleri, şol sanda harytlar iberilmezden öň pul serişdelerini talap etmek, akkreditiw hasaplaşyklary geçirmek, girewleri almak we başgalary geçirip bilerler.

Algylar we bergiler artýan bolsa, umumy alaňda kärhana erbet işleýär diýlip hasaplanylýar. Emma, hereket edýän kärhana gysga möhletli algysyz we bergisiz bolup bilmez.

Algylar we bergiler puluň hümmeti gaçanda ýa-da ýokarlananda kärhana uly zyýanlary ya-da girdejileri getirip bilerler.

Puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşende maliýe menejerleri öz algylaryny çalt almalydyrlar. Eger olar ony etmeseler, onda pul serişdeleri hümmetsizlenip biler.

Käbir ykdysadyýetçiler bolsa şol ýagdaýlarda şertnamalarda puşmanlar, jerimeler göz öňünde tutulmadyk bolsa ýa-da pes derejelerde tutulan bolsa, bergileri artdyrmagy maslahat berýärlär. Emma, olar bir zady unudýarlar, wagtynda hasaplaşyklary geçirmeýän kärhanalaryň abraýy pese düşýär. Ol bolsa uly zyýanlara getirip biler.

Maliýe menejeri kärhanalarda öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin kärhananyň pul serişdeleriniň dolanyşygyna, töleg ukyplylygyna, kärhananyň likwidliligine, maržinal girdejisine we maliýe leweražyna aýratyn üns bermelidir.

Kärhananyň maržinal girdejisi we maliýe leweražy–bu girdejiler bilen çykdajylaryň aragatnaşyklaryny görkezýän görkezijilerdir. Kärhananyň şu görkezijileri gowy bolar ýaly onuň menejeri ykdysady-matematiki seljermäniň ähli usullaryny giňden ulanmalydyr.

Seljeriş işleri geçirilende zähmet hakynyň ýazylyşyna, esaslandyrylyşyna aýratyn üns bermelidir. Zähmet haky her işgäriň goşandyna görä tölenilmelidir.

Kärhananyň geçginliligi-emläkleri we gaýry aktiwleri bazar nyrhlarynda çalt milli pul serişdelerine öwürmeklik ukyplylygyny aňladýar. Käbir emläkleri, aktiwleri çalt görkezilen nyrhlarda milli pula öwrüp bolýar. Käbirini bolsa bazar nyrhlarynda pula öwürmek örän kyn. Mysal üçin, erkin aýlanýan walýutany, gymmatly metallary we bazarda mydama islegi bar başga harytlary milli pula öwürmek aňsat. Käbir harytlary bolsa çalt ýerleşdirmek kyn. Şol sebäpli maliýe menejeri aktiwleriň satyn alynmagyna we olaryň likwidligine mydama gözegçilik etmelidir.

Eger kärhananyň ähli aktiwleri bazar nyrhlary boýunça ýerleşdirilip, şol sanda ähli algylary alnyp, kärhananyň ähli maliýe borçlaryny doly kanagatlandyryp bolsa, onda şol kärhananyň balansy geçginli (likwidli) diýlip hasaplanylýar.

Eger ähli aktiwler kärhananyň ähli maliýe borçlaryny doly ýapmaýan bolsa, onda şol kärhananyň balansy geçginli (likwidli) däl diýlip hasaplanylýar. Şol kärhana bilen şertnamalary baglaşmak, olara karz bermek gaty howpludyr.

Geçginli (likwidli) däl banklar öz müşderilerine olaryň pul serişdelerini berip bilmän, müşderleriň arasynda nägilelikleri we «bankdan gaçmak» pikirleri döredýärler. Netijede bank maliýe taýdan batýar.

**Geçginliligiň gündelik** (iňlisçe *current ratio*) ýa-da çalt gündelik (iňlisçe *cwik ratio*) gatnaşygy (koeffisiýenti) – dolanyşyk serişdeleriniň we gysga möhletleýin passiwleriň gatnaşyklaryny aňladýan düşünjedir.

Bu gatnaşyk çalt geçginli (likwidli) gorlary öz içine almaýan dolanyşyk serişdeleriniň (pul serişdeleriň, gysga möhletleýin maliýe goýumlaryň, algylaryň) gysga möhletleýin passiwlere bolan gatnaşygyny görkezýän görkezgiçdir.

Halkara ülňülerine laýyklykda bu gatnaşyk 1 bilen 2 aralagynda ýerleşmeli, 1-den ýokary bolmaly (käbir ýagdaýlarda 3-e deň hem bolup biler). Gatnaşygyň derejesi 1-den pes, ýagny gysga möhletli borçnamalaryny ýapyp biljek möçberlerden pes bolanda, kärhananyň batmak howpy ýokarlanýar. Gatnaşygyň derejesi 2-den ýokary bolanda sermaýanyň düzüm guralyşynyň oňaýly däldigini görkezýär.

Russiýa Federasiýasynda onuň oňaýly gatnaşygy 0,7-0,8 aralykda kesgitlenen.

**Absolýut geçginliligiň (likwidliligiň) gatnaşygy** ((iňlisçe *cwik ratio*)-pul serişdeleriniň we gysga möhletleýin borçnamalaryň gatnaşyklaryny aňladýan düşünjedir. Günbatar döwletlerde bu görkezgiç seýrek hasaplanylýar. Russiýada onuň oňaýly gatnaşygy 0,2-0,25 aralykda kesgitlenendir. 1) (М.В. Кудрина «Финансовый менеджмент» курс лекций. М. «Деловая литература» 2003, стр. 47).

**Hususy dolanyşyk serişdeleri bilen üpjünçilik koeffisiýenti** – bu hususy dolanyşyk serişdeleri seljerilýän subýektiň dolanyşyk serişdeleriniň jemi bilen deňeşdirýän görkezgiçdir. Bu gatnaşygyň kadasy 0,1-e deň möçberde hasaplanýar.

**Töleg ukyplylygyny dikeltmegiň (ýitirmeginiň) koeffisiýenti** – bu subýektiň gündelik geçginliliginiň (likwidliliginiň) we kadaly likwidliligiň gatnaşyklaryny görkezýän görkezgiçdir. Bu koeffisiýentiň belli kadasy ýok, ol gatnaşyklary döwürler boýunça deňeşdirýär.

Kanuna laýyklykda balansyň oňaýsyz düzümi diýen düşünje ulanylýar. Bu balans düzümi, ýagny aktiwleriň we borçnamalaryň gatnaşygy, kärhana algydarlarynyň öňünde öz borçnamalaryny öz wagtynda we doly möçberde ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bermeýär. Bu ýagdaý ýokarda görkezelen koeffisiýentler bilen barlanylýar.

Subýektiň dargamagyny ähli taraplaýyn öňünden hasaplamak üçin iş ýüzünde Altmanyň modeli (Z hasaby) ýaly san görkezijisi ulanylýar. Onuň esasynda maliýe toparlarynyň görkezijileriniň gatnaşygynyň ölçenen jemi ýatyr.

Z hasaby ösüşiň (geljegiň) üç dürli görnüşini (wariantyny) görkezýär: batmagynyň ähtimallygyny, batmagynyň pes ähtimallygyny we «goňur» görnüşini. Modele laýyklykda subýektiniň dargamagyny 90-95 %-li dogrulylygy bilen 1 ýyl, 75-80 %-li dogrulygy bilen 2 ýyl öňünden çak edip bolýar. Modeliň görnüşi:

$Z=1,2*K_1 + 1,4*K_2 + 0,6 * K_3 + 1,0*K_4 + 3,3*K_5$,

bu ýerde

$K_1$-hususy dolanyşyk serişdeleri: aktiwleriň jemi;

$K_2$- paýlanmadyk peýda: aktiwleriň jemi;

$K_3$-hususy sermaýasy: karzyna alnan sermaýasy;

$K_4$-ýerleşdirmekden gelýän girdejiler: aktiwleriň jemi;

$K_5$-EBIT (bergiler): aktiwleriň jemi.

*Z* funksiýanyň oňaýsyz (iň erbet) derejesi 2,7.

Eger Z<1,8 bolsa, onda subýektiň batmagynyň ähtimallygy örän ýokary.

Eger 1.8 <Z< 2.7 bolsa, onda batmagyň ähtimallygy ýokary.

Eger 2.7 <Z< 3.0 bolsa, onda batmagyň ähtimallylygy pes.

Eger Z>3.0 bolsa, onda batmagyň ähtimallygy ýok diýip hasaplap bolýar.

## 7.5. Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň seljermesi

Öndüriji güýçleriň içinde işçi güýji bilen bilelikde esasy we dolanyşyk serişdeleriniň orny örän uludyr.

Kärhanalarda, hyzmat edýän hojalyklarda gönüden-göni önümçilige gatnaşýan we şert döredip, hyzmat edýän serişdeler bolýar. Olar ykdysady edebiýatlarda esasy we dolanyşyk serişdeler diýen iki topara bölünýärler.

**Esasy serişdeler** önümçilik hereketlerine (proseslere) birnäçe gezek gatnaşyp, özleriniň hakyky görnüşini ýitirmeýärler. Bu serişdeler täze öndürilen önüme kem-kemden könelişýän paýy boýunça özleriniň gymmatyny geçirýärler. Olaryň gulluk möhleti 1 ýyldan az bolmaly däldir, gymmaty bolsa halkara ülňülerine geçen döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda salgytlary, ýygymlary hasaplamak üçin

binýadynyň 14 essesinden (häzirki döwürde täze pul birliginde 700 manatdan) az bolmaly däldir.

Esasy serişdelere binalar, desgalar, geçiriji gurnawlar, oturdylan enjamlar, stanoklar, ulag serişdeleri, ölçeji we sazlaýjy gurallar we gurnawlar, hasaplaýjy tehnika, instrumentler, önümçilik esbaplary we gurallary, hojalyk inwentarlary, oba hojalyk maşynlary we gurallary we beýleki esasy gaznalar (kitaphana gaznalary, sahna oýun goýujy serişdeler we ş.m.) degişlidir.

Oba hojalyk maşynlary we gurallary, şeýle-de işçi we önüm berýän mallar bahasyna garamazdan esasy serişdelere degişlidirler.

2000-nji ýylyň 21-nji fewralynda Türkmenistanyň Merkezi Balans toparynyň başlygy tarapyndan tassyklanylan «Esasy serişdeleri (gaznalary) buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça Düzgünnama» laýyklykda aşakdakylar kärhananyň esasy serişdelerine degişli däldir:

– bahasyna garamazdan ýörite gurallar we tilsimler (aýry-aýry önümler tapgyrlaýyn we köp mukdarda öndürmäge niýetlenen gurallar we maksatlaýyn enjamlar);

– ýaş we baka goýlan mallar, guşlar, towşanlar, sütükli haýwanlar, bal arylary, şeýle-de, tejribe geçirilýän haýwanlar;

– bahasyna we möhletine garamazdan ýörite geýimler, ýörite aýakgaplar we ýorgan-düşekler, myhmanhanalaryň esasy serişdeleriniň hasabynda durýan ýorgan-düşeklerden başgasy;

– aýry-aýry gurluşyk gurnawlary we bölekleri, maşynlaryň, enjamlaryň we gurluşyk, abatlaýyş we jemlemek üçin niýetlenen süýşýän bölekleriň gurluşlary we düzümleri;

– kärhana taýýarlaýjylaryň, üpjunçilik we ýerleýji guramalaryň ammarlarynda taýyn önüm hökmünde hasapda durýan enjamlar we maşynlar, şeýle hem gurnamagy talap edýän we düýpli gurluşygyň balansynda durýan enjamlar;

– gurluşygyň bellenen çäklerindäki toplanyş çykdajysynyň hasabyna gurulýan wagtlaýyn, jikme-jik sanawa girmeýän gurluşyklar we gurnawlar;

– oturdylan, ýöne, işe girizilmedik we düýpli gurluşygyň balansynda durýan maşynlar we enjamlar;

– oturtmak üçin niýetlenýän, nahalhanalarda ýerleşdirilýän köp ýyllyk agaçlar;

– bahasyna we möhletine garamazdan balyk tutulýan gurallar (trallar, torlar, çeňňekler we ş.m.).

Görkezilenler dolanyşyk serişdelerine we biologiki aktiwlere degişlidirler.

Esasy serişdeler öz gezeginde ykdysady edebiýatlarda **önümçilik we önümçilik däl serişdelere** bölünýärler.

**Önümçilik esasy serişdeleri** diýlip, gönüden-göni önümçilige gatnaşýan serişdelere aýdylýar (önümçilik binalary, desgalar, geçiriji gurnawlar, güýç beriji maşynlar we enjamlar, iş maşynlary, enjamlar we ş.m.).

**Önümçilik däl esasy serişdeler** diýlip, önümçilige şert döredýän, hyzmat edýän serişdelere aýdylýar (kärhana degişli klublar, köşkler we medeniýet öýleri, çagalar bagy, myhmanhanalar, hammamlar, arassaçylyk geçiriji, umumy ýaşaýyş jaýlary, medeni edaralar, dynç alyş öýleri, sport binalary we ş.m.).

Önümçilik we önümçilik däl esasy serişdeleriň göterim gatnaşygy (udel agramy) dürli pudaklarda dürli-dürlüdir.

Kärhananyň esasy serişdeleri dürli çeşmeleriň, şol sanda döredijileriň esaslyk maýasynyň, kärhananyň peýdasynyň, karzlaryň, döwletiň, çekilen serişdeleriň (täze paýdarlaryň), kärhanada ulanylmaýan serişdeleri ýerleşdirmekden gelen girdejileriň we başga çeşmeleriň hasabyna döredilýär..

Esasy serişdeler ukyplylygy (fiziki) we ösüş (moral) taýdan könelýär. Serişdeleriň ukyplylygy boýunça könelmegi her zadyň ulanyş möhleti bolmagy we dürli sebäplere görä zaýalanyp bilmegi bilen düşündirilýär. Ylmy-tehnikanyň ösýän döwründe häzirki zaman ölçeglerine laýyk gelmeýän esasy serişdeler ösüş taýdan könelen diýlip hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 17-nji martynda çykaran 10996-njy Karary bilen tassyklanylan «Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda esasy serişdeleri hasapdan öçürmegiň Tertibine» laýyklykda esasy serişdelere degişli bolan binalar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri we beýleki emläkler şu aşakdaky ýagdaýlarda kärhanalaryň balansyndan hasapdan öçürilip bilner:

a) fiziki taýdan könelmegi, heläkçilikler, tebigy betbagtçylyklar, ulanmagyň şertleriniň bozulmagy netijesinde we beýleki sebäpler boýunça ýaramsyz ýagdaýa gelenler;

b) görnüşi taýdan könelen, ýagny hyzmaty boýunça netijeliligi nukdaýnazaryndan ylmy-tehniki ilerlemäniň ösüş derejesi bilen şertlenen häzirkizaman ülňülerine laýyk gelmeýänler;

c) kärhanalaryň, sehleriň ýa-da beýleki desgalaryň gurulmagy, giňeldilmegi, olaryň durkunyň täzelenmegi bilen baglynyşykly tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylanlar.

Muzeý gymmatlyklary hasapdan öçürilmäge degişli däldir.

Ministrlikler we pudak edaralary, şeýle hem welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri esasy serişdeleri buhgalterlik balansyndan ýokarda görkezilen Tertibe laýyklykda özbaşdak hasapdan öçürýärler.

Esasy serişdeleriň ulanyş möhletiniň geçmegi, heläkçilikler ýa-da tebigy betbagtçylyklar netijesinde, ýaramsyz ýagdaýa gelen bolsalar we olaryň bahasy 125000 manada çenli bolsa, **döwlet kärhanalary** şol serişdeleri öz buhgalterlik balansyndan hasapdan öçürip bilerler. Galan ýagdaýlarda esasy serişdeleri buhgalterlik balansyndan hasapdan öçürmek degişi ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we guramalaryň resmi rugsat bermegi bilen geçirilýär.

Kärhanalar esasy serişdelerini şu aşakdaky görnüşde buhgalterçilik balanslaryndan hasapdan öçürýärler:

1) merkezleşdirilen býujetde durýanlaryndan:

a) 25000 manada çenli özbaşdak ýagdaýda;

b) 25000 manatdan ýokarsyny degişli ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we guramalaryň rugsat bermegi bilen.

2) ýerli býujetde durýanlaryndan:

a) 25000 manada çenli özbaşdak ýagdaýda;

b) 25000 manatdan 125000 manada çenli möçberini etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň häkimlikleriniň rugsat bermegi bilen;

ç) 125000 manatdan ýokarsyny welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň rugsat bermegi bilen.

**Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalar** esasy serişdelerini hasapdan öçürmegi görkezilen Tertibiň degişli bölümlerine

laýyklykda we öz tertipnamalarynda bellenilen esaslandyryjynyň rugsat bermegi bilen amala aşyrýarlar.

Eger olaryň tertipnamalarynda esaslandyryjylary tarapyndan esasy serişdeleri hasapdan öçürmek göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda, onda esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynyň çözgüdi (döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda esaslandyryjynyň çözgüdi) esasynda hasapdan öçürilip bilner.

Esasy serişdeleriň hasapdan öçürilmegine degişlidigini kesgitlemek üçin kärhanada ýolbaşçynyň buýrugy bilen aşakdaky düzümde hemişelik hereket edýän topar (mundan beýläk-Topar) döredilýär:

a) döwlet kärhanalarynda:

ýolbaşçynyň orunbasary (toparyň başlygy) ýa-da baş inžener;

degişli düzüm birlikleriniň (gulluklaryň) başlyklary;

baş hasapçy ýa-da onuň orunbasary;

esasy serişdeleriň abat saklanmagy üçin üstüne jogapkärçilik ýüklenen işgäler;

b) döwlet býujetinde durýan edaralarda we guramalarda:

ýolbaşçy ýa-da onuň orunbasary (toparyň başlygy);

baş hasapçy ýa-da onuň orunbasary (wezipe sanawlarynda baş hasapçysy wezipesi göz öňünde tutulmadyk kärhanalarda baş hasapçynyň wezipesi ýüklenen işgär);

esasy serişdeleriň abat saklanmagy üçin üstüne jogapkärçilik ýüklenen işgärler;

ç) döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda:

ýokarda görkezilenler ýa-da öz tertipnamalarynda hukuk berlen ýolbaşçynyň buýrugy bilen bellenen işgärler.

Döredilen Topar:

a) hasapdan öçürilmäge degişli esasy serişdeleri, degişlilikde gözden geçirende, onuň bilen bir hatarda tehniki resminamalaryny (pasport ýa-da beýleki resminamalary), şeýle-de buhgalterlik hasaba alnyşynyň maglumatlaryny ulanýar we olaryň ýagdaýyny kesgitleýär (könelme, üýgedip gurmak, ulanmak şertleriniň laýyk gelmeýändigi, hadysa we beýleki);

b) esasy serişdeleriň möhletden öň ulanyşdan hatardan çykmagynyň sebäplerini anyklaýar hem-de jogapkär adamyň günäsi bo-

lan ýagdaýynda hereket edýän kanunçylyk esasynda ol adamy jogapkärçilige çekmek barada ýa-da esasy serişdeleriniň gymmatyny olaryň hasabyna dikeltmek barada teklip berýär;

c) hasapdan öçürilýän esasy serişdeleriň resminamalaryna baha berýär hem-de alnyp galynjak şaýlarynyň we bölekleriniň sanawyny kesgitleýär;

d) esasy serişdeleri hasapdan öçürmek boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň tassyklan, pudagara ýöriteleşdirilen görnüşdäki delilnamalary (ES- belgili «Esasy serişdeleri hasapdan çykaryş delilnamasy», ES-4a belgili «Awtoulag serişdelerini hasapdan çykaryş delilnamasy») düzýär.

Hasapdan öçürmegiň delilnamalarynda esasy serişdeleriň desgalaryny häsiýetlendirýän şu aşakdaky maglumatlar: desganyň ýasalan ýa-da gurlan ýyly, onuň kärhana gelip gowşan senesi, işe girizilen wagty, desganyň ilki başdaky bahasy (gaýtadan nyrh kesilýän desgalar üçin-dikeldiş bahasy), buhgalterlik hasaba alnyşynyň maglumatlary boýunça könelmeginiň hasaplanan möçberi, geçirilen abatlaýyş işleriniň sany görkezilýär. Şeýle hem esasy serişde bolup durýan desganyň hasapdan öçürilmeginiň sebäpleri, onuň alnyp galynjak esasy bölekleriniň we şaýlarynyň sanawy jikme-jik beýan edilýär.

Ulanyş möhletini doly işläp geçen ýa-da öz tehniki ýagdaýy boýunça mundan beýläk ulanylmagy bähbitli bolmadyk ulag serişdeleriniň ýerlenmegi Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministriliginiň üsti bilen amala aşyrylýar.

Awtoulag serişdeleri hasapdan öçürilende awtomobiliň geçen ýoly goşmaça görkezilýär hem-de awtomobiliň alnyp galynjak esasy şaýlarynyň we bölekleriniň mundan beýläk peýdalanmak mümkinçiliklerine tehniki netijenama berilýär.

Heläkçilikler netijesinde esasy serişdeler kärhanalaryň balanslaryndan hasapdan öçürilende hasapdan öçürmek hakyndaky delilnama heläkçiligi ýüze çykaran sebäpler we jogapkär adamlaryň günäsi bilen bolan ýgdaýynda olar babatda görlen çäreleri görkezmek bilen, heläkçilik baradaky delilnamanyň göçürme nusgasy goşulýar.

Topar tarapyndan düzülen delilnamalary kärhananyň ýolbaşçysy tassyklaýar.

15. Sargyt № 3078

Hasapdan öçürmek üçin delilnamalar tassyklanýança esasy serişdeleri sökmäge we söküp aýyrmaga ýol berilmeýär.

Sökülen we sökülip aýrylan enjamlaryň, beýleki maşynlary abatlamak üçin alnyp galynjak şaýlary we bölekleri hem-de gaýtadan çig mal hökmünde ulanmaga ýaraýan bölekleri degişli hasaplara girdeji edilýär.

Reňkli we gara metallardan ýasalan hem-de beýleki maşynlary abatlamak üçin ulanylmaýan şaýlar we parçalar «Türkmendemirçigmal» önümçilik birleşiginiň guramalaryna tabşyrylmaga degişlidir.

Düzüminde gymmatly metallar bolan önümler hasapdan öçürilende olaryň bölek şaýlary Türkmenistanyň Gymmatly metallar we daşlar döwlet gaznasyna tabşyrylmaga degişlidir. Düzüminde gymmatly metallar bolan önümleri Türkmenistanyň Gymmatly metallar we daşlar döwlet gaznasyna tabşyrmagyň we olary kabul etmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanandyr.

Hasapdan öçürilende ulanmaga ýaramsyz ýagdaýa getirýän esasy serişdeleriň sanawy hem-de oňa netijenama bermäge ygtyýarly edilen edaralar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanandyr.

Hasapdan öçürilen esasy serişdeler, sökmekden alnan we çig mal hökmünde gaýtadan peýdalanmak üçin ýaramly bolan bölekler şeýle çig maly ýygnamak üstüne ýüklenen gurama hökman tabşyrylmaga degişlidir.

Kärhanalaryň esasy serişdelere degişli bolan maddy gymmatlyklary satmakdan alnan pul möçberleri, şeýle hem esasy serişdeleri sökmekden alnan maddy gymmatlyklaryň bahasy bu iş bilen baglanyşykly çykdajylary aýyrmak bilen, hojalyk işiniň netijelerine degişli edilýär.

Kärhanalaryň ulag serişdelerini ýerlemekden alnan girdejiler, salgytlar tölenenden soňra, hereket edýän ulaglaryň üstüni ýetirmek üçin olaryň hasaplaşyk hasaplaryna geçirilýär.

Ulanyş möhleti doly geçmedik, tebigy betbagtçylyklar netijesinde hatardan çykan, şeýle hem artyk we peýdalanylmaýan hökmünde bellenen tertipde ýerlenen esasy serişdeler boýunça çekilen zyýanlar, şeýle esasy serişdeleriň galyndy bahasy möçberinde kesgitlenilýär, olar bolsa Türkmenistanyň Maliýe ministriligi tarapyndan tassykla-

nan, «Ykdysadyýetiň pudaklarynda esasy serişdeleri doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlaryny geçirmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama» laýyklykda geçirilýär.

Zerur ýagdaýda ministrlikler, pudak edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri Türkmenistanyň Maliýe ministriligi bilen ylalaşyp, esasy serişdelere degişli emlägiň aýry-aýry görnüşlerini hasapdan öçürmegiň pudaklaýyn aýratynlyklaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanylan Tertibe laýyklykda, hereket edýän kanunlçylygyň çäklerinde pudaklaýyn gollanmalary işläp taýýarlamaga hem-de tassyklamaga haklydyrlar.

Esasy serişdeler kärhananyň ykdysadyýetinde uly orun tutýar. Olar kärhananyň baýlygyny, karz almagyň ukyplylygyny, bazar ykdysadyýetinde abraýyny görkezýär. Şol sebäpli kärhananyň ýolbaşçylary kärhananyň esasy serişdelerine, olaryň ulanylmagyna berk gözegçilik etmelidirler. Kärhanalaryň ýolbaşçylary wagtal-wagtal esasy serişdeleriň ykdysady taýdan netijeliligini seljermelidirler we olaryň zähmet öndürijiligine, önüm berijiligine, önüm sygymyna we düşewüntliligine aýratyn üns bermelidirler.

Görkezilen görkezijileriň seljermesi ykdysady ylymlaryň doktory, professor I.Arazgulyýewiň we T.A. Amanmämmedowyň «Makroykdysadyýet» okuw gollanmalarynda has takyk görkezilendir. Şol gollanmada görkezijiler şeýle kesgitlenip seljerilýär:

**Esasy serişdeleriň zähmet öndürijiligi** kesgitlenilende öndürilen önümleriň sany ýa-da gymmaty maşynlaryň, stanoklaryň sanyna bölünýär. Ýagny,

$$E_{s.z.o} = Ö_{ö.g} : M_s,$$

bu ýerde

$E_{s.z.o}$ – esasy serişdeleriň zähmet öndürijiligi;
$Ö_{ö.g.}$ – öndürilen önümiň umumy gymmaty;
$M_{s.}$ – maşynlaryň sany.

**Esasy serişdeleriň önüm berijiligi:**

$$E_{s.o.b} = \frac{Ö_{o.g}}{E_{s.g.}},$$

bu ýerde

$E$.s.o.b –esasy serişdeleriň önüm berijiligi;
$\ddot{O}$.ö.g.-öndürilen önümiň umumy gymmaty;
$E$.s.g. – esasy serişdeleriň gymmaty.

**Esasy serişdeleriň önüm öndürijiligi:**

$$E_{s.o.s} = \frac{E_{s.g}}{O_{o.g.}},$$

bu ýerde
$E_{s.o.s}$ - esasy serişdeleriň önüm öndürijiligi;
$E_{s.g.}$ - esasy serişdeleriň umumy gymmaty;
$\ddot{O}_{ö.g}$ .- öndürilen önümiň gymmaty.

**Esasy serişdeleriň düşewüntliligi:**

$$E_{.s.d} = \frac{\Delta P \text{ x } 100\%}{E_{s.g.}},$$

bu ýerde
$E_{s.d}$ – esasy serişdeleriň düşewüntliligi;
ΔP– gazanylan arassa peýda;
$E_{s.g.}$ – esasy serişdeleriň umumy gymmaty.

Ýokardaky görkezijiler özara baglanyşyklydyrlar. Olaryň biri beýlekisine täsir edip, bir-birinden gelip çykýar.

Dolanyşyk serişdelerine önümçilik pursadyna bir gezek gatnaşyp, hakyky görnüşini ýitirip, öz gymmatyny bolsa täze öndürilen önüme (hyzmata, işe) doly möçberde geçirýän, ulanyş möhleti bir ýyl we döwlet eýeçiligindäki kärhanalar üçin bahasy kanunçylykda bellenilen salgytlary, ýygymlary hasaplamak üçin binýadynyň 14 essesinden az bolan gymmatlyklara düşünilýär.

Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri bir görnüşden başga görnüşe (harytdan pula, puldan haryda) mydama geçip, aýlanýarlar. Olaryň ykdysady taýdan netijeliligi, esasan, özleriniň aýlanmak tizligi bilen kesgitlenilýär. Sebäbi dolanyşyk serişdeleri näçe çalt aýlansa, şonça-da köp önüm öndürilýär, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýär hem-de dolanyşyga gerek bolan dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlandyrmasynyň möçberi azalýar.

Materiallar, ösdürimdäki mallar, ýarym taýýar önümler, tamamlanmadyk önümçilik, geljekki döwürleriň çykdajylary, taýýar önümler, harytlar, şol sanda, hasaplaşyksyz ugradylanlar, hasaplaşyk hasabyndaky, pulhanalardaky, banklardaky pul serişdeleri, dürli görnüşdäki algylar kärhananyň dolanyşyk serişdelerine degişlidirler. Görkezilen serişdeleriň başga toparlara bölünmegi bilen şu gollanmanyň ikinji görkezgijiniň kömegi arkaly tanşyp bolar. Dolanyşyk serişdeleriniň her haýsy aýry hasapda hasaba alnyp, dürli hasap içki hasaplara bölünýärler.

Dolanyşyk serişdeleri dürli çeşmeleriň, şol sanda hususy, karzyna alnan, we çekilen serişdeleriň hasabyna döredilip bilner. Kärhanalarda dolanyşyk serişdeleriniň udel agramlary we düzümleri kärhananyň işine we degişli pudagyna baglydyr. Sebäbi önümçiligiň we dolanyşygyň ykdysady-tehniki şertleri dürli pudaklarda tapawutlanýar. Senagat pudagynda hususy we hususy hasaplanýan dolanyşyk serişdeleriniň agramy, köplenç, artýar. Gurluşykda, oba hojalygynda we söwdada, köplenç, karzyna alnan serişdeler ulanylýar.

Gowy işleýän kärhanalarda hususy dolanyşyk serişdeleriniň möçberi, köplenç, köpelýär. Ýaramaz işleýän kärhalarda bolsa tersine hususy dolanyşyk serişdeleriniň möçberi, köplenç, azalýar. Şol kärhanalaryň algylary we bergileri köpelýär, maliýe ýagdaýlary ýaramazlaşýar.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary dolanyşyk serişdeleriniň ulanylmagyna berk gözegçilik etmelidirler. Gözegçilik wagtal-wagtal seljeriş işleriniň geçirilmegini talap edýär. Kärhananyň ýolbaşçylary dolanyşyk serişdeleriniň azalmagynyň sebäplerini anyk bilip, degişli çäreleri geçirmelidirler.

Halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasynda arzan bahaly we tiz könelýän zatlary aýratyn hasaba almak göz öňünde tutulmaýar. Olar gorlaryň içinde hasaba alnyp göni dolanyşyga goýberilýär. Muňa garamazdan maliýe menejerleri öz işlerinde arzan bahaly we tiz könelýän zatlara gözegçiligi gowşatmaly däldirler.

Käbir edebiýatlarda dolanyşyk serişdelerine derek dolanyşyk maýasynyň dolandyrylyşy ulanylýar.

Dolanyşyk maýasynyň dolandyrylyşy gündelik dolanyşyk

aktiwleriniň we gündelik (gysga möhletleýin) borçnamalarynyň dolandyrmagyny göz öňünde tutýar.

«Dolanyşyk maýasyna», köplenç, dolanyşyk aktiwleriniň we gysga möhletleýin borçnamalaryň arasynda aratapawudy göz öňünde tutulýar. Gündelik dolanyşyk aktiwleri önümçilik gorlardan, pul serişdelerinden we likwidli gymmat kagyzlardan gelýän algylardan we gaýry dolanyşyk aktiwlerinden ybaratdyr.

Öz gezeginde dolanyşyk aktiwleriniň dolandyrylyşy iki topar meselä (wezipä), birinjiden, gündelik dolanyşyk aktiwleriniň her haýsynyň kada ýörelgesine, ikinjiden, aktiwleriň düzüminiň umumy dolandyrylyşyna-esasy we dolanyşyk maýalarynyň arasynda gatnaşygyny saýlamaga bölünýär.

Dolanyşyk serişdeleriniň umumy zerurlygy kadalaryň kömegi bilen hasaplanylýar.

Dolanyşyk serişdeleriniň kadasy belli döwürde olaryň oňaýly (optimal) zerur derejesine deň diýlip hasaplanylýar. Şol derejäniň umumy zerurlygyny hasaplamak üçin, seljeriş (analitiki), koeffisiýent we göni hasaplamak usullary ulanylýar.

Seljeriş we koeffisiýent usullary durnukly önümçilik maksatnamaly kärhanalara degişlidir. Eger kärhananyň hasabat döwründe ýeterlik dolanyşyk aktiwleri bar bolsa, onda meýilnamalaşdyrylýan döwürde zerur dolanyşyk aktiwleri hasaplamak üçin seljeriş usulyny ulanyp, önümçiligiň ösüşine göni proporsional hasaplanylýar.

Koeffisiýent usuly ulanylanda dolanyşyk aktiwleriň ösüşi aýry düzüm bölümleri boýunça dürli koeffisiýentleri ulanyp hasaplanylýar we ol has takyk bolýar. Göni hasaplamak usuly dolanyşyk maýanyň her düzüm bölümi boýunça we geljekki üýtgemeleriň täsirlerini hasaba almagy talap edýär. Bu usul örän köp zähmet talap edýär. Emma ol iň dogry netije berýär.

Bu usuly ulanmak gorlaryň kadalaryny tapmagy talap edýär. Dolanyşyk serişdeleriniň kadalaryny tassyklamaklyk kadaly hojalyk işi alyp barmak üçin oňaýly (ýeterlik) dolanyşyk serişdeleriniň derejesini tapmagy aňladýar.

**Dolanyşyk serişdeleriniň kadasy (normasy)** – ykdysady taýdan esaslandyrylan dolanyşyk gorlarynyň iň pes derejesi bolup, ol gün bilen hasaplanylýar.

**Dolanyşyk serişdeleriniň normatiwi** iň pes derejedäki dolanyşyk serişdeleriniň pul görnüşdäki zerurlygydyr.

Maliýe syýasatynyň wajyp meseleleriniň biri-de dolanyşyk we esasy serişdeleriň gatnaşygydyr. Satuwlaryň göwrümine garamazdan, kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň udel agramy näçe köp bolsa, şonça deňeşdiriş peýdasy pes bolýar. Sebäbi dolanyşyk serişdeleriniň bir bölegi önümçilik dolanyşygynyň daşynda galýar. Önümçilik ösende esasy gaznalar üýtgemän öňki möçberde galyp biler. Sebäbi olaryň içinde mydamalyk harajatlaryň agramy ýokary bolýar.

Dolanyşyk serişdeleri bolsa, esasan, üýtgeýän harajatlardan ybaratdyr. Eger aktiwleriň içinde dolanyşyk serişdeleriniň agramy esasy serişdeleriň agramyndan ýokary bolsa, onda kärhananyň likwidliligi ýokary we töwekgelçiligi pes bolýar. Eger aktiwleriň gatnaşygynda esasy serişdeleriň agramy ýokary bolsa, likwidliligi peselýär, töleglililigiň ukypsyzlygy bolsa ýokarlanýar.

Görkezilen birinji mysalyň syýasatyna konserwatiw maliýe syýasaty, ikinjisine bolsa agressiw maliýe syýasaty diýilýär.

Gorlary dolandyrmagyň maksady olaryň iň netijeli (oňaýly) möçberini tapmakdyr. Başgaça aýdaylanda, onuň möçberi bir tarapdan umumy çykdajylary üpjün etmeli, başga tarapdan kärhananyň netijeli işlemegi üçin ýeterlik bolmaly.

Mälim bolşy ýaly, kärhanada önümçilik gorlar toplanýar, şol bir wagtyň içinde, eger zerur bolan serişdeleri her gün gerek bolan wagtynda alyp bolsa, onda şol gorlary döretmek hökman däldir.

Onda näme üçin gorlar döredilýär diýen sorag ýüze çykýar? Onuň iň azyndan iki sebäbi bar. Birinjiden, kärhana az möçberde harytlary satyn alýan bolsa, harytlaryň bahasy ýokary bolýar. Ikinjiden, gysga möhletli önümçiligiň durmagynyň töwekgelçiligi ýokary.

Şol sebäpli kärhanalarda önümçiligiň gorlary, köplenç, olaryň gündelik zerurlygyndan ýokary bolýar.

Emma, kärhana önümçilik gorlary saklamak üçin çykdajy edýär. Dolandyrmagyň nazaryýetinde gorlary dolandyrmagyň ýörite modelleri işlenip düzülen. Şolaryň biri 7.5.1-nji şekilde görkezilen şertlere esaslanýar.

**7.5.1-nji şekil. Gorlary dolandyrmagyň ýörite modeliniň şertleri (esaslary)**

| |
|---|
| 1) önüme bolan hyrydarlyk üýtgänok, ýagny gorlaryň derejesi harytlaryň iberilmegi bilen deň depginde üýtgeýär |
| 2) harydyň ugradylmagy üýtgänok we öňünden belli |
| 3) gorlar bolmaly |
| 4) täze ugur boýunça sargyt her haryt-pul aýlanyşykda bir gezek üýtgedilmeýär |

Gorlary saklamagyň umumy bahasyna saklamagyň harajatlary, saklamakdan gelen zyýanlar, ammar, sargyt etmek üçin çykdajylar, gorlaryň orta derejesi girýär.

Tebigy (natural) sanlarda goruň oňaýly göwrümi aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$q = \sqrt{\frac{2Q \cdot Z}{H}},$$

bu ýerde

$Q$ – takyk goruň bir ýyldaky zerurlygy tebigy birlikde;

$Z$ – goruň birligini saklamak üçin özüne düşýän bahasy;

$H$ – goruň birligini saklamak üçin harajatlar.

Sargydy resmileşdirmek we gory saklamak üçin q möçberde sargyt edilende harajatlaryň derejesi iň pes derejede bolýar. Bu derejäni goruň ykdysady göwrümi diýip atlandyrýarlar. Ikinji sargydyň ykdysady wagt tapawudy (interwaly) gün. Bu wagt tapawudy iň oňaýly (ideal) modelde dolandyrmagyň sikline deňdir.

Algylary dolanadyrmak ilkinji nobatda hasaplaşyklary geçirmekde dolanyşyk serişdeleriniň gözegçiligini göz öňünde tutýar. Dolanyşygyň dinamikada çaltlanmagy toplanýan baş ugur (tendensiýasy) hökmünde seredilýär. Algylary dolandyrmakda mümkin boljak satyn alyjylaryň saýlanylmagy we oňaýly harytlaryň tölegleriniň şertlerininiň tapylmagy uly orun tutýar. Saýlamalar hakyky (formal däl) häsiýetnamalaryň (kriteriýalaryň) kömegi bilen amala aşyrylýar. Ýagny, öňki döwürlerde töleg düzgünleriniň berjaý edilişi, gündelik ukyplylygynyň derejesi, maliýe durnuklylygy öwrenilýär.

Zerur bolan maglumatlar çap edilýän maliýe hasabatlaryndan, ýöretlişdirilen maliýe agentliklerinden we başga ynamly (formal däl) çeşmelerden alnyp bilner.

Algylara bolan gözegçilik algylaryň ýüze çykan wagty boýunça bölünmegini, zerur bolan goruň emele gelmegini öz içine alýar. Seljeriş işleri we algylaryň derejelerine gözegçilik olaryň üýtgäp duran absolýut we otnositel görkezijileriniň esasynda amala aşyrylýar. Seljeriş işleri geçirilende örän gyzyklandyrýan görkezijileriň biri algylaryň öz wagtynda tölenilişidir.

Şonuň üçin möhleti geçen algylaryň görkezijileri bilen bile goşmaça algylaryň üzülişmeginiň koeffisiýentini ulanyp bolýar. Bu koeffisiýenti tapmak üçin algylaryň orta bahasy satuwdan gelen girdeji bilen deňeşdirilýär.

Algylaryň derejesi ähli karz berijileriň, ýagny banklaryň, paýdarlaryň we başgalaryň ünsüni çekýär. Seljeriş işleri geçirilende 7.5.2-nji şekilde görkezilenleri göz öňünde tutmaly.

Nagt serişdeleri saklamaga itergi berýän tranaksion, duýduryş we spekulýatiw diýen üç sany esasy sebäp bar.

**Transaksion** sebäplere, köplenç, kadaly ýagdaýlarda ýüze çykýan borçnama tölegleri ýerine ýetirmek üçin serişdeleri saklamak bilen bagly sebäpler, mysal üçin, dolanyşyk serişdeleri satyn almak, zähmet haklary, salgytlary we diwidendleri tölemek we ş.m. sebäpler degişlidir.

**7.5.2-nji şekil. Gorlary dolandyrmagyň ýörite modeliniň esaslamasy**

| |
|---|
| 1)gorlar satylan önümiň harajatlaryna azalýar |
| 2) algylar ýerlenen önümler üçin alynmaly girdejilerine ulalýar |
| 3) girdejiler we harajatlar bilen aratapawudy «paýlanmadyk peýda» hasabynda hasaplanýar |

**Duýduryş** sebäplere garaşylmadyk ýagdaýlarda borçnama tölegleri amala aşyrmak üçin ätiýaçlyk serişdeleriniň saklanmagy bilen bagly sebäpler degişlidir. Kärhananyň pul akymlaryny çaklamak näçe aňsat düşse, şonça ätiýaçlyk galyndylary azaldyp bolýar.

**Spekulýatiw** sebäplere gymmatly kagyzlaryň we başga maliýe aktiwleriniň nyrhlarynyň üýtgemegi sebäpli serişdeleriň saklamagy bilen bagly sebäpler degişlidir.

Pul serişdeler ýaly aktiwiň wajyplygy D.Keýnsiň aýtmagyna görä 7.5.3-nji şekilde görkezilen üç esasy sebäp bilen düşündirilýär.

**7.5.3-nji şekil. D.Keýnsiň nazaryýeti boýunça pul serişdeleri ýaly aktiwiň wajyplygynyň sebäpleri**

| |
|---|
| Haýallyk |
| Seresaplyk |
| Spekulýatiwlik |

– haýallyk (rutinnost) – pul serişdeleri gündelik tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylyp transaksion sebäpde ýüze çykýar ;

– seresaplylyk- kärhananyň işi önünden berk tassyklanylan diýlip häsiýtlendirilmeýär, mydama töwekgelçiligi bar, bu ýagdaý duýduryş sebäpli ýüze çykýar;

– spekulýatiwlik nyrhlaryň üýtgemegi sebäpli mydama nol derejedäki däl duýdansyz peýdaly goýum etmäge mümkinçiligiň açylmagynyň ähtimallygydyr. Bu spekulýatiw sebäpli ýüze çykýar.

Nagt serişdeleri dolandyrylmagyň maksady nagt serişdelerini yzyna alyp gidijiniň belli göterimini almakdyr.

Pul akymlaryny dolandyrmak maliýe menejmentiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ol pul serişdeleriniň dolanyşygynyň wagtyny hasaplamak (maliýe sikli), pul akymlarynyň seljermesini, onuň çaklamagyny, pul serişdeleriniň oňaýly derejesini tapmagy, pul býujetiniň düzülmegini we şoňa meňzeşleri öz içine alýar.

Şol bir wagtda maliýe serişdeleriniň doňdurylmagy belli derejedäki ýitgiler bilen baglydyr. Olaryň derejesini belli şert bilen ulanylmadyk mümkinçiligiň göwrümi bilen bahalandyryp bolýar. Şol sebäpli ähli kärhanalar bir-birine garşy gelýän iki ýagdaýy – gündelik tölege ukyplylygy we erkin aýlanýan pul serişdeleri goýum etmekden alynjak goşmaça peýdany göz öňünde tutmalydyrlar. Jemläp aýdylanda, pul serişdeleriniň akymlaryny dolandyrmagyň esasy maksady olaryň gündelik galyndy derejesini oňaýly (optimal) derejede saklamak bolup durýar.

Pul akymyny çaklamak mümkin boljak çeşmeleriň we pul serişdeleriniň çykdajylaryny hasaplamakdan ybaratdyr.

Çaklaýyş işleri belli döwürlere geçirilip döwüriçi döwürlere – ýyllara, çärýeklere, aýlara we ş.m.bölünýär.

Çaklaýyş işleriniň usulyýeti 7.5.4-nji şekilde görkezilen yzygiderlikde amala aşyrylýar.

**7.5.4-nji şekil. Çaklaýyş işleriniň usulyýeti we olaryň yzygiderligi**

| |
|---|
| Geljek pul akymlaryny döwürler boýunça çaklamagy |
| Çykaryljak pul akymlaryny döwürler boýunça çaklamagy |
| Arassa pul akymynyň hasaby (artykmaçlygy/kemligi) döwürler boýunça çaklamagy |
| Gysga möhletleýin maliýeleşdirmekde jemi hyrydarlygyny hasaplamagy |

Pul serişdeleriniň çaklanmagynda we dolandyrylmagynda iň wajyp meseleleriň biri kadaly şertlerde işlemek üçin zerur bolan pul serişdeleriniň galyndysyny hasaplap çykarmak bolup durýar. Bu galyndyny hasaplamak üçin gorlary dolandyrmak nazaryýetinde oýlap tapylan pul serişdeleriniň optimal derejesini çykarmaga mümkinçilik berýän modeller ulanylyp bilner. Günbatar tejribesinde giň gerim bilen Baumol we Miller-Orra modelleri ulanylýar.

## 7.6. Maliýe görkezijileriniň dürli ululykda seljerilmesi

Maliýe görkezijilerini deňeşdirmek üçin, onda bolan san maglumatyny öňünden işläp taýýarlamak zerurdyr. Ony geçirmek üçin absolýut, gatnaşyk (otnositel) we indeksasiýa usullary ulanylýar.

**Absolýut usul**- seljerme geçirilende tapawutlar (üýtgemeler) absolýut sanlarda hasaplanýar.

**Aragatnaşyk (otnositel) usuly** ulanylanda maliýe görkezijileriň aýry maglumatlary göterim gatnaşygynda görkezijiniň netijesi bilen deňeşdirilýär.

**Indeksasiýa usuly** ulanylanda bir ýylyň görkezijileri 100-e deň (baza) hasap edilip, soňky ýyllaryň görkezijileri bilen göterim gatnaşygynda deňeşdirilýär.

Takyk mysalda usullaryň ulanylyşyny şu okuw kitabynyň 6-njy tablisasynda görmek bolar.

Subýektiň maliýe ýagdaýy barada hasabatyň (balansyň) seljermesi geçirilende, köplenç, onuň başynda emläkleriiň görnüşleri we düzümi, şeýle-de emläkleriiň aýry –aýry bölekleriniň arasyndaky gatnaşygy öwrenilýär.

Balansyň aktiw tarapynda bar bolan serişdeleriniň nähili ulanylandygyny, balansyň maýalar we borçnamalar, ýagny passiw tarapy bolsa serişdeleriň alnan çeşmelerini görkezýär.

Balansyň seljermesi geçirilende birinji nobatda dolanyşyk serişdeleriniň we esasy maýalaryň arasyndaky gatnaşyklar öwrenilýär.

*6-njy tablisa*

| **Balansyň maddasy** | **Absolýut usuly** | | | **Aragatnaşyk (otnositel) usuly** | | | **Indeksasiýa usuly** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **2013** | **2014** | **(+, –)** | **2013** | **2014** | **(+, –)** | |
| Maddy däl aktiwler | 40 | 40 | – | 9 | 8.5 | - 0.5 | 100 |
| Ätiýaçlyklar | 150 | 190 | 40 | 34 | 40.5 | + 6.5 | 127 |
| Pul serişdeleri, we ekwiwalentler | 251 | 239 | -12 | 57 | 51 | -6 | 95 |
| Aktiwleriň hemmesi | 441 | 469 | 28 | 100% | 100% | | |

Seljermäniň birinji tapgyry geçirilende balansda görkezilen esasy maýasynyň ululygy kärhananyň hakyky ýagdaýy barada netije çykarmaga hemişe mümkinçilik bermeýändigini göz öňünde tutmak zerur. Sebäbi ol geçirilýän könelmäniň syýasatyna baglydyr. Soňky aýdylanlar, bu ýerde gizlin ätiýaçlaryň görkezilmelidigini aňladýar.

Paýdarlar jemgyýetleriniň balanslary olaryň geçirýän könelme we maýa goýum syýasatlary hakynda netije çykarmaga mümkinçilik berýär, sebäbi balansda täze maýa goýumlary, köne enjamlaryň satylyşy we könelmeleriň kadalary görkezilýär. Balansda görkezilen dolanyşyk serişdeleri kärhananyň hakyky ýagdaýyny görkezýär, sebäbi olar esasy maýadan çalt dolanýar, şonuň üçin hakyky we zerur görkezijileri berýär.

Balansdaky maýalaryň seljermesi kärhananyň maliýeleşdirilişiniň usullaryny we çözmeli meselelerini takyklamaga mümkinçilik berýär.

Maýalaryň düzümi ýa-da kärhananyň öz serişdeleri bilen karz alnan serişdeleriň arasyndaky gatnaşyklar öz-özi boýunça, köplenç, ýeterlikli görkeziji bolup gulluk edip bilmeýär. Diňe bir emlägiň düzüminiň we maýalaryň düzüminiň arasyndaky gatnaşyk maliýeleşdirmegiň maksadalaýyklygyny hem-de emele gelýän çözülmeli meselelere seljerme geçirmäge mümkinçilik berýär.

Bu seljermäniň esasy maksady – nähili derejede maýalaryň ulanylyşyna satuwlaryň üsti bilen öňünden we öz wagtynda goýlan serişdeleriň boşan böleginiň hasabyna kesekileriň maýalary üçin tölegleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýändigini ýüze çykarmaklygydyr. Däp bolşy ýaly, bu esasy maýalaryň we dolanyşyk serişdeleriniň bir bölegini uzak möhletli serişdeleriň ýa-da başga söz bilen aýdanyňda, kärhananyň hususy maýasynyňyň, ýa-da uzak möhletli karzlaryň hasabyna maliýeleşdirmegi aňladýar. Ýöne bu köne düzgün hemişe hakykata laýyk gelmeýär. Esasy serişdeleriniň takyk bir bölegini gysga möhletli karz alnan serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmegem bolar, ýöne olaryň çalt könelmelerine umyt bar bolan şertlerinde edil şonuň ýaly, gysga möhletli karz serişdeleriniň hasabyna dolanyşyk serişdelerini hem maliýeleşdirip bolýar.

## Barlag soraglary

1. Maliýe seljermäniň esasy görkezijileri haýsylar?
2. Girdejileriň, çykdajylaryň, maržanyň, leweridžiň, zyýansyzlyk nokadyň düşünjeleri näme?
3. Geçginliligiň we tölege ukyplylygyň düşünjeleri we koeffisiýentleri haýsylar?
4. Banklar möhletleri boýunça öz algylaryny haýsy toparlara bölýärler?
5. Esasy serişdeleri ulanmagyň görkezijileri haýsylar?
6. Dolanyşyk serişdeleriniň kadalary we ölçegleri haýsylar?
7. Gorlary dolandyrmagyň ýörite modeli näme?
8. D.Keýnsiň nazaryýetine laýyklykda pul serişdeler ýaly aktiwiň wajyplygy we esasy sebäpleri nämede?
9. Çaklaýyş işleriniň usulyýeti we yzygiderligi nämeden ybarat?
10. Absolýut, aragatnaşyk we indeksasiýa usullary.

# VIII BAP

## GYMMATLY KAGYZLARY ALYP – SATMAKDA MALIÝE MENEJERLERINIŇ WEZIPELERI

### 8.1. Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmegiň guralyşy

**Gymmatly kagyz** – bu diwidend ýa-da göterim görnüşinde girdeji almak hukugyny berýän maýa gatnaşygyny ýa-da karzyň alnyp-berlendigini tassyklaýan şahadatnamadyr.

Gymmatly kagyzlar fond biržasy we biržadan daşary bazarda diýen iki usul bilen ýerleşdirilip bilner. Fond biržadaky gymmatly kagyzlar erkin bazarda aýlanýarlar. Bazardan daşarky gymmatly kagyzlar erkin dolanyşyk üçin ýapyk we uly orun tutmaýarlar.

**Fond biržasy** – bu gymmatly kagyzlaryň ýazmaça (resminamalaýyn) ýa-da dilleşip, toplumlaýyn ýa-da auksion (iň ýokary baha berýän alýar) usuly bilen birža söwdasyna gatnaşyjylaryň arasynda geçirilýän ýöriteleşdirilen ýer.

**Birža** – bu kesgitlenen tertipde belli gymmatlyklaryň ýerleşdirilýän ýeri. Biržada çig mallar, materiallar, walýutalar, gymmatly kagyzlar, karz serişdeleri, iş güýji we başga gymmatlyklar ýerleşdirilip bilner.

**Biržadan daşary bazar** – bu gymmatly kagyzlaryň söwdasyny şertnama arkaly ýerine ýetirýän özara arabaglanyşykly broker-diller firmalarynyň ulgamy.

Gymmatly kagyzlar pul bazarynyň kagyzlaryna (täjirçilik) we maýalar bazarynyň (gazna-fond) kagyzlaryna bölünýär. Gymmatly kagyzlar pul bazarynyň kagyzlary-bu gysga möhletleýin kagyzlardyr. Muňa döwlet kagyzlarynyň, depozit sertifikatlarynyň, wekselleriň (borçnamalaryň) köpüsi girýär.

**Maýalar bazarlarynyň gymmatly kagyzlary** – bu gymmatly

kagyzlaryň bazarynda bir ýyldan köp aýlanyp hereket edýän kagyzlardyr. Bulara, esasan, korporasiýalaryň paýnamalary we obligasiýalary degişlidir.

Ähli harytlaryň dürli häsiýetleri, şol sanda nyrh, moda laýyklygy, sarp edijilik häsiýetleri, girdejileri getirmek ukyplylygy we ş.m. häsiýetleri bar.

Gymmatly kagyzlar maliýe aktiwler hem bolup, dürli taraplardan häsiýetlendirilip bilner. Bu haryt başga sarp ediş harytlar bilen deňeşdirilende belli häsiýetlere eýedir. Şol sanda ol bahasy, girdejiligi we töwekgelçiligi bilen häsiýetlendirilýär. Görkezilen häsiýetler örän wajypdyr.

Olaryň wajyplylygynyň sebäbi, maýa goýujylaryň hemmesi meýilnamalaşdyrýan amalyna ykdysady netijeliligine baha bermäge ymtylýar. Şol işde maýadarlar absolyut we otnositel görkezijilere esaslanýarlar.

Gymmatly kagyzlar häsiýetlendirlende birinjiden aktiwiň bahasyna üns berilýär, ikinjiden onuň düşewüntliligine seredilýär.

Gymmatly kagyzlary goýum etmegiň esasy sebäpleri we maksatlary şu okuw kitabynyň 8.1.1-nji şekilinde görkezilendir.

**8.1.1-nji şekil. Gymmatly kagyzlara goýum etmegiň esasy sebäpleri we maksatlary**

| |
|---|
| Süýşürintgileri hümmetsizlikden ygtybarly goramak |
| Ýokary derejede girdeji almak |
| Serişdeleri uzak möhletlere netijeli ýerlemäge ymtylmak |
| Gysga möhletde iň ýokary derejelerde goýumlary ösdürmek |

Öz gezeginde gymmatly kagyzlara pul serişdeleri goýmagyň netijeleri olaryň berk we göni töwekgelçilikleri bilen baglynyşyklydyr. Gymmatly kagyzlara goýum etmekligiň töwekgelçilikleri mümkin boljak wakalar, şol sanda 8.1.2-nji şekilde görkezilenler bilen baglydyr.

Gymmatly kagyzlaryň geljekde boljak bahalaryny we olaryň üýtgemegini çaklamagy bazaryň tehniki seljerilmegi we düýpli seljerilmekligi diýen iki sany usuly tapawutlandyrylýar.

**8.1.2-nji şekil. Gymmatly kagyzlary goýum etmegiň töwekgelçilikleri**

| |
|---|
| Goýum edilen serişdeleriň we süýşürintgileriň doly ýa-da bölekleýin ýitmeginiň ähtimallygy |
| Goýum edilen serişdeleriň bahasy hümmetsizlenmegiň ähtimallygy |
| Garaşylýan girdeji doly ýa-da bölekleýin tölenmän bilner |
| Girdejileri almaklygy saklanylyp bilner |

Tehniki seljerme nyrhlaryň dinamikasy (üýtgemegi) bilen bagly we hyrydarlyk we hödürlemäniň arabaglanyşygynyň netijesini görkezip, ykdysady hadysalaryň düýp mazmunyny seretmekligi göz öňünde tutmaýar. Bu usul gündelik söwdalaryň seljermesiniň esasynda paýnamalaryň bahalarynyň üýtgemelerini seljerip, geljekki hereketleri we çaklamalary ulanýar. Tehniki seljermäniň esaslary geçen asyryň başynda ABŞ-da durmuşa ornaşdyryldy. Tehniki seljerme işleri geçirilende bahalaryň üýtgemeleri yzarlanyp, olaryň üýtgemelerinde gaýtalanýan (kanunçylyk) häsiýetleri ýüze çykarylýar.

Düýpli seljeriş geçirilende geljekde kompaniýanyň ösüşini san görkezijilerde tapmaga ymtylýar. Şol çaklamalar esasynda maýa goýujylar maýalary goýmak barada netijä gelýärler.

Bazaryň gymmatly kagyzlarynyň haýsy görkezijä esaslanýandygyna görä olar birnäçe toparlara, mysal üçin, emitentlere (dolanyşyga çykarýanlara), dolanyşykda näçe wagt bolmagyna, dolanyşygyň çäklerinde girdejileriň tölenmegine we ş.m. görä bölünýärler.

Gymmatly kagyzlaryň emitentleri 8.1.3-nji şekilde görkezilişi ýaly döwlet, hususy eýeler (paýdar jemgyýetler), daşary ýurtlaryň kompaniýalary bolup bilerler.

**8.1.3-nji şekil. Gymmatly kagyzlaryň emitentleri**



Gymmatly kagyzlar dolanyşykda näçe wagt bolýandygyna görä 8.1.4-nji şekilde görkezilşi ýaly gysga, uzak möhletleýin we möhletsiz kagyzlara bölünýärler.

Gysga möhletleýin gymmatly kagyzlar bir ýyldan üç ýyl aralyga berilýär. Uzak möhletli gymmatly kagyzlar üç ýyldan ýokary möhletlere dolanyşyga goýberilýär. Möhletsiz kagyzlar boýunça tölegleri, köplenç, islän wagtda talap edip bolýar. Kagyzlaryň möhleti boýunça bölünişi şertlidir. Dürli ýurtlarda gysga we uzak möhletli kagyzlar dürli möhletlere bölünýärler. Käbir döwletlerde orta möhletleýin gymmatly kagyzlar hem çykarylýar. Olaryň möhleti bir ýyl bilen üç ýyl aralykda görkezilýär.

**8.1.4-nji şekil. Gymmatly kagyzlaryň dolanyşykda bolan wagty boýunça bölünişi**




Gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylary 8.1.5-nji şekilde görkezilen karz alyjylara (bergidarlara we emitentlere), karz berijilere (maýadarlara) we araçylara bölýärler.

**8.1.5-nji şekil. Gymmatly kagyzlar bazaryna (GKB) gatnaşyjylar**




Karz alyjylar hökmünde döwlet, ýerli häkimlikler, hususy korporasiýalar, daşary ýurt taraplar çykyş edip bilerler.

Karz berijilere (maýadarlara) we araçylara ýokarda görkezilenler bilen birlikde şahsy taraplar hem degişli bolup bilerler. Girdejileriň

16. Sargyt № 3078

tölenilmegine görä gymmatly kagyzlar 8.1.6-njy şekilde görkezilişi ýaly bellenilen (fiksirlenen), üýtgeýän, wagtal-wagtal tölenilýän, birwagtlaýyn tölenilýän we girdeji tölenilmeýänlere bölünýärler.

**8.1.6-njy şekil. Girdejileriň tölenilmegine görä gymmatly kagyzlaryň görnüşleri**




Gymmatly kagyzlar bazarynda araçy, emitent, maýadar hökmünde banklar, biržalar, gaznalar, maýa goýum kompaniýalar we ş.m. maliýe guramalary çykyş edip bilerler. Birža söwdasynyň merkezi hökmünde – fond biržalar çykyş edýärler.

Gymmatly kagyzlar dolanyşygyň çäklerine görä şu okuw kitabynyň 8.1.7-nji şekilinde görkezilişi ýaly ýerli, milli (döwlet), dünýä (halkara) gymmatly kagyzlara bölünýärler.

**8.1.7-nji şekil. Gymmatly kagyzlar dolanyşygyň çäklerine görä bölünişi**




Gymmatly kagyzlaryň biržalarynyň işini öwrenmek üçin, birinji nobatda gymmatly kagyzlaryň görnüşlerini bilmeli. Gymmatly kagyzlara 8.1.8-nji şekilde görkezilen paýnamalar (aksiýalar), obligasiýalar, wekseller, çekler, akkreditiwler, borçnama ýazgylary degişlidir.

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**Obligasiýalar** – gymmatly kagyzlaryň görnüşi bolup döwlet

ýa-da belli kompaniýa tarapyndan dolanyşyga çykarylyp, kepillendirilýär. Türkmenistanda döwlet obligasiýalary SSSR döwründe we Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda dolanyşyga çykaryldy.

**8.1.8-nji şekil. Gymmatly kagyzlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Obligasiýalar (zaýomlar) |
| Waučerler |
| Paýnamalar, warrantlar |
| Çekler |
| Akkreditiwler, depozit ýazgylar (sertifikatlar) |
| Wekseller, borçly ýazgylar |

**Paýnamalar** – paýdarlar jemgyýetleri tarapyndan dolanyşyga çykarylýar. Eger paýdarlar jemgyýeti görnüşinde açylan kärhananyň peýdasy artýan bolsa, onda paýnamalaryň bahasy artýar. Eger kärhananyň maliýe ýagdaýy erbetleşer diýip maglumatlar bar bolsa onda olaryň bahasy pese düşýär. Paýnamalary alýan taraplar olary alanlarynda goýan pul serişdelerine peýda alyp ýa-da zyýan çekip bilerler.

Paýnamalaryň töwekgelçiligi ýokary bolany sebäpli olardan köp peýda alyp bolýar, emma zyýan çekilýän wagtlar hem bolýar. Obligasiýalaryň girdejileri bolsa, köplenç, durnukly (kepillendirilen) bolýar.

Durmuşda paýnamalary, köplenç, ýaşlar alýar, obligasiýalary bolsa, köplenç, ýaşulular tarapyndan alynýar. Sebäbi ýaşulular töwekgelçiliklerden goranmagy isleýärler.

**Çekler we akkreditiwler** – gymmatly kagyzlaryň görnüşi bolup, üstünde ýazylan baha boýunça alyp-satylýar.

Wekseller we borçly ýazgylar-borçnamalar- kimiň kime näçe bergisiniň bardygyny görkezýär. Türkmenistanda wekseller bilen döwlet edaralary geçen asyryň 90-njy ýyllarynda hasaplaşýardylar. Wekseller bilen salgytlar boýunça bergilerini ýapyp bolýardy. Emma döwlet eýeçiligindäki däl taraplar bilen hasaplaşmak bolmaýardy. Şol sebäpli wekseller ýatyryldy.

**Warrant** - bu paýnamalary satyn almak ýa-da satmak hukugy berýän gymmatly kagyz.

**Depozitar ýazgy** – bu gymmatly kagyzlary saklaýjysy tarapyndan berilýän gymmatly kagyz.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň wezipeleri umumy we ýöriteleşdirilen bazarlaryň wezipelerine bölünýär. Öz gezeginde umumy gymmatly kagyzlar bazarynyň wezipeleri täjirçilik, nyrh, maglumat we sazlaýyş wezipelere bölünýärler.

Gymmatly kagyza ýöriteleşdirilen bazaryň wezipeleri gymmatly kagyzlary paýlamak we töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak wezipelere bölünýär.

Biržalar özleri satylýan gymmatlyklara eýeçilik etmeýärler, olary özleri üçin satyn almaýarlar we satmaýarlar. Gymmatlyklary alyp-satýan, bahalaryny «gygyrýan» ýa-da görkezýän taraplara brokerler diýilýär. Olar biržada broker ýerleri satyn alýarlar we alyjy bilen satyjyň arasynda araçy bolup ylalaşylan möçberde tölegini alyp peýda gazanmaga ymtylýarlar.

Häzirki döwürde köp döwletlerde iri broker kärhanalaryň we olaryň şahamçalarynyň giň ulgamlary hereket edýärler.

Birža işine gatnaşyjylaryň düzümine şu okuw kitabynyň 8.1.9-njy şekilinde görkezilen dillerleri, maýa goýujylary we maklerleri hem görkezmek bolar.

**8.1.9-njy şekil. Birža işine gatnaşyjylaryň düzümi**




Biržada gymmatlygy (gymmatly kagyzlary, çig mallary, walýutany, başga gymmatlyklary) ýerleşdirýän tarapa **diller** diýilýär. Gazna biržalarynyň dillerleriniň köpüsi broker amallary ýerine ýetirmäge hem haklydyrlar.

Ykdysady edebiýatlarda we sözlüklerde «brokere» many ýakyn «makler» adalgasy hem ulanylýar. Käbir edebiýatlarda bu adalgalar deň manyda ulanylýar. Biržalarda alyjylaryň we satyjylaryň arasynda

**makler** araçy bolup çykyş edýär. Maklerler brokerlerden tapawutlylykda broker kärhananyň işgäri bolman, köplenç, biržalaryň işgäri bolup hereket edýärler. Birža maklerleriň we kompýuter gullugynyň kömegi bilen söwdanyň we başga ähli kadalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

Girdeji gazanmak üçin paýnamalary satyn alýanlara – maýa goýujylar (inwestorlar) diýilýär. Olar iri we ady belli kärhanalara şärik bolmagy maksat edinýärler.

Biržalarda dürli ylalaşyklar, şol sanda 8.1.10-njy şekilde görkezilen SPOT, fýuçers, SWOP we başga görnüşli ylalaşyklar gazanylýar.

Olara aýry-aýrylykda seredeliň.

**8.1.10-njy şekil. Fond biržalarda gazanylýan ylalaşyklar**




**SPOT** ylalaşyklar baglaşylsa alyjy we satyjynyň arasynda hasaplaşyklar bir gije-gündiziň dowamynda geçirilýär.

**Fýuçers** ylalaşyklary diýip (fýuçersler iňlis sözi bolup, *fýuches* – türkmençe geljekde diýmekdir), çig mallaryň, harytlaryň, walýutalaryň, altynyň, gymmatly kagyzlaryň biržada alynjak we geljekki takyk günlerde hasaplaşmak geçiriljekdigi barada öňünden baglaşylan ylalaşyklara düşünilýär.

Fýuçers ylalaşyklary ylalaşyk baglaşylan güni hereket edýän nyrhlara esaslanyp baglaşylýar. Ylalaşyk ýerine ýetirilmezden öň alyjy öňünden kepil üçin deslapky tölegiň ujypsyz bölegini satyja geçirýär. Köplenç, fýuçers ylalaşyklary soňky haryt alyş-satyş maksady bilen baglaşylmaýar. Olaryň esasy maksatlary geljekki nagt harytlar bilen ylalaşyklaryň ätiýaçlandyrylmagy ýa-da peýdanyň alynmagydyr.

Biržalarda fýuçers ylalaşyklarynyň möhletleri, köplenç, 3 aýdan 18 aý aralykda we ondan köp möhlete baglaşylýar.

**SWOP** ylalaşygy baglaşylanda öňünden alyjy satyja alan gymmatlylygyny (gymmatly kagyzy, walyutany we başgalary) belli döwrüň içinde gaýtarar diýip ylalaşyk gazanylýar. Käbir edebiýatlara bu ylalaşyklara REPO ylalaşygy hem diýilýär.

Biržada bellige alnan kompaniýalar garaşsyz ekspertler (auditorlar) tarapyndan seljerilip barlanýar we olar kompaniýanyň maliýe ýagdaýyny görkezýän çärýek we ýyllyk hasabatlaryny düzýärler. Häzirki wagtda ähli dünýä belli biržalarda bellige alnan kompaniýalar her aýda hasabat berýärler.

Kompaniýalar biržadan rugsatsyz hiç hili goşmaça paýnamalary çykarmaly däldirler hem-de olary çykarmaga öz razyçylygyny bermeli däldirler. Paýnamalar rugsat berlen mukdardan artyk bolmaz ýaly, fond biržalarynyň hasabyna garamazdan kompaniýalaryň özleri paýnamalary bellige almalydyrlar. Kompaniýanyň paýnamalarynyň ähli eýelerini bellige alýan we transfer (başga tarapa geçirmek) amallary boýunça işleýän ýumuşçysy (agenti) bolmalydyr. Ol alyjylaryň atlaryny, salgylaryny, şeýle-de satyn alnan paýnamalaryň sanyny bellige almalydyr.

Biržada paýnamalary we obligasiýalary satýan kompaniýalar biržanyň syrlaryny bilmeli däldir. Her bir broker öz amallaryny alyp barýar. Biržanyň ýolbaşçysy gymmat kagyzlaryň amallaryna hiç hili gatyşygy bolmadyk adam bolup biler. Direktorlaryň Geňeşine bolsa gymmatly kagyzlaryň söwdasyna hiç hili gatyşygy bolmadyk on sany «synçy» girýär. Fond biržanyň başlygy her ýylda direktorlaryň Geňeşi tarapyndan bellenilýär.

Dünýäde iň iri biržalar Nýu-Ýorkda, Londonda, Parižde, Tokioda, Şanhaýda, Singapurda we başga şäherlerde ýerleşýärler. Biržalarda satylýan gymmatly kagyzlaryň bahalarynyň punkt derejeleri (indeksleri) köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly yzygiderli köpçülige ýetirilýär.

Gymmatly kagyzlaryň eýeleri şol indekslere mydama gozegçilik edýärler. Dünýä belli indekslere şu okuw kitabynyň 8.1.11-nji şekilinde görkezilen Dou Jons, Nikeý, CAC-40, Şanhaý Kompozit, giň bazaryňky S@P-500, ýokary tehnologiki NASDAG we başga indeksler degişlidir. Indeksler punkt bilen kesgitlenýär. Punktlar 1000 dereje artyk we 1000 dereje pes bolup biler. 1000 punktdan pes derejeli indeksler örän howpludyr.

**8.1.11-nji şekil. Dünýä belli biržalaryň indeksleri:**




Türkmenistanda görkezilen biržalardan çig–mal we zähmet biržalary hereket edýär. Walýuta we karz serişdeleriniň biržalary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzümine girýärler. Gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarmak üçin olary Türkmenistanyň Maliýe ministrliginde döwlet belligine aldyrmaly.

Biržada geçirilýän satuwlara gatnaşmak üçin, gatnaşmaga isleg bildirýän taraplar öz arznamalaryny ýazyp, biržada ýer satyn almalydyrlar.

Biržada satyjylaryň we alyjylaryň arasynda baglaşylan kontraktlar hasaba (bellige) alynýar.

Biržalarda haýsy tarap nyrhyň iň ýokary bahasyny berse, şoňa ony satyn almak rugsat berilýär. Biržada satuwlara gatnaşýanlara ýörite bellikler berilýär. Satyn alyjylara deň hukuk berilýär. Olar erkin öz nyrhyny görkezmäge (aýtmaga) haklydyrlar.

Biržalarda söwda nokatlary, bölümler, tablolar bolup biler.

Tablolarda paýnamalaryň bahalary görkezilýär. Bahalar ýokarlanyp hem pese düşüp biler. Paýnamalaryň bahasy ösýän bolsa «goşmak» bellik edilýär. Paýnamalaryň bahasy pese düşýän bolsa tablolarda «aýyrmak» bellik edilýär.

Paýnama satyn alnanda, müşderi öz ýerli brokerine buýruk berýär. Broker öz kärhanasynyň merkezi edarasyna jaň edýär (habar berýär). Ol ýerden buýruk bu kärhananyň klerkine geçirilýär. Buýruk alan klerk telefon arkaly ony stenografirleýär hem-de biržanyň zalynda ýerleşýän öz brokerine ýerine ýetirmek üçin geçirýär. Hemme brokerler öz müşderileriniň arznamalaryny (zaýawkalaryny) diňe bir biržanyň resmi kesgitlenýän sagatlarynda kanagatlandyrmaga borçludyrlar.

Bazar ýapylansoň, paýnamalaryň alyş-çalyş şertleşigine çekilen broker kärhanalarynyň ikisem paýnamalary we olar üçin tölenen tölegleri bir-birine geçirmelidirler. Hakykatda bolsa, bu kärhanalaryň ikisem bir günüň içinde biri-biri bilen örän köp şertnama baglaşýarlar we ondan başga-da olaryň her biri başga brokerleriň onlarçasy bilen iş salyşýarlar.

Geçen döwürlerde, iş gününiň ahyrynda paýnamalaryň takyk sanyny geçirýän broker, fond biržanyň hasaplaşyk palatasyna (merkezine) sertifikatlary bermäge borçludyrlar, ol ýerden başga brokerler şu paýnamalary alýardylar. Soňra birža söwdasyna gatnaşan ähli kärhanalar öz paýnamalaryny hasaplaşyk Palatada saklap başladylar. Bir brokerden başga brokere geçýän paýnamalar her bir brokeriň hasabyndan debetlemek ýa-da kreditlemek bilen amala aşyrylýardy.

Häzirki zamanda Depozit transkompaniýasy kliring amallaryň esasy bölegini öz eline alyp, sertifikatlaryň garaşmagyny ýatyrdy. Depozit transkompaniýasy gymmatly kagyzlaryň merkezleşdirilen amallary bilen meşgullanyp, şertnama gatnaşyjylar bolsa (brokerler, dillerler, banklar, kliring korporasiýalary, ätiýaçlandyryş, maýa goýum kompaniýalary we başgalar) ýüzlerçe kagyzlaryň her günki alyş-beriş işiniň agyr ýükünden boşadyldy.

Banklaryň esasy gymmatlyklarynyň saklanylýan jaýynda we Depozit transkompaniýanyň özüniň saklanylýan jaýynda paýnamalaryň örän köp sany saklanýar. Saklanylýan sertifikatlar müşderiniň ýa-da kärhananyň adyndan olary geçirmek hakyndaky buýruk bolmasa hiç kime berilmeýär.

Birža söwdasyna gatnaşyjylar paýnamasyz söwdany geçirýärler, ýagny paýnamalar talap edilýänçä olary görmeýärler. Kompýuteriň kömegi bilen, her gün gymmatly kagyzlar boýunça şertleşikler geçirilenden soň gatnaşyjylaryň ýagdaýynyň üýtgändigini görkezýän hasaplaşyk geçirmeler amala aşyrylýar. Hasaplaşyk geçirmeleri brokeriň ygtyýarynda bar bolan gymmatly kagyzlaryň sanyny azaldyp ýa-da köpeldip, işi ýeňilleşdirýär. Iş gününiň ahyrynda her bir işeňňir gatnaşyjydan diňe bir çek alynýar ýa-da berilýär.

Öňki döwürlerde synçylar köp ýyllap satylan paýnamalar hakynda hasabat ýazýadylar: paýnamanyň adyny, satylan paýnamalaryň sanyny we bahasyny, soňra bu maglumatlar gatnaşyja geçirilýärdi, ol öz

nobatynda pnewmopoçta arkaly her nokatdan (postdan) tikeriň (gymmatly kagyzlaryň söwdasyny hasaba alýan birža apparatyna) ýerleşen otagyna geçirilýärdi.

Şondan soň satylan paýnamalar hakyndaky maglumat kagyz görnüşinde çap edilýärdi we broker kontorolarynyň ofisinde gurnalan apparata geçirilýärdi. Indi şertnama baglaşylan soň, ýörite biržanyň synçysyna diňe paýnamalaryň simwolyny, olaryň sanyny, bahasyny we kartoçkany skanere ýerleşdirmek galýar. Kompýuter tikeriň deregine çap edilýän maglumatlary müşderilere bermek üçin ulanylýar. Kompýuter resminama görnüşinde ýa-da displeýde her bir geçirilen şertleşik hakynda maglumat berýär. Diýmek, her bir müşderi birnäçe sekundyň dowamynda dürli şertleşik esasynda esasy maglumatlary alyp bilýär.

## 8.2. Täze çykarylan paýnamalaryň (aksiýalaryň) ýerleşdirilişi

Täze çykarylýan paýnamalaryň satylyşy şu aşakdaky tertip--düzgünde amala aşyrylýar. Kompaniýanyň dolandyryjylary paýdarlardan goşmaça paýnamalary çykarmaga rugsat soraýarlar. Olaryň köpüsi dessine satylýar, az bölegi bolsa kompaniýa pul serişdeleri gerek bolýança saklanylýar. Täze paýnamalaryň her biri onuň eýesine ilkinji çykarylan paýnamalaryň eýelerine berlen hukugy we ýeňillikleri berýär.

Bu düzgün paýdarlaryň köpüsi tarapyndan makullanýar. Emma muňa garşy çykýanlar hem tapylýar. Köplenç, ilkinji paýdarlar bu meýilnamanyň garşysyna çykýarlar. Olaryň pikiri boýunça paýnamalar «A» we «B» klasly diýen iki görnüşli bolmaly. «A» klasly-ilkinji paýdarlaryň ähli hukuklardan we ýeňilliklerden peýdalanmaga haklary bolmalydyr. «B» klasly paýdarlar şonuň ýaly diwidendleri alsa-da ses hukugyndan kesilýärler. Başgaça aýdylanda , olaryň pikirleri boýunça kompaniýalaryň işlerine diňe ilkinji paýdarlar gözegçilik etmelidirler.

Käbir menejerler bu düzgüne garşy bolýar. Olar ähli paýdarlaryň deň hukuklygyny talap edip, öz pikirlerini şeýle subutlandyrýarlar. Olaryň pikirlerine görä derejesi (statusy) boýunça tapawutlanýan paýdarlar goşmaça peýda alyp bilmeýärler. Üstesine-de, paýnamalaryň

öňki eýeleriniň hukuklary kemsidilmeli däldir, sebäbi hut olaryň özi täze çykarylan paýnamalaryň köp bölegini satyn alýarlar. Ýokarda görkezilen düzgüniň ýa-da paýdarlary iki topara bölmeginiň iň erbet tarapy, täze paýdarlary çekmäge päsgel bermegidir.

Iş ýüzünde «A» klasly paýdarlaryň her birine bazar nyrhyna garanyňda täze paýnamalary arzanladylan bahadan satyn almaga hukuk berýän **sertifikatlar** gowşurylýar. Bu hukukdan diňe **bir-iki hepdäniň** içinde peýdalanmak bolýar. Eger bu hukuklar hemişelik ýa-da uzak wagta berilse, onda olar **kepillendirme** diýip atlandyrylýar. **Sertifikat**- bu birnäçe wagtyň dowamynda ýa-da kepiliň hereket ediş möhletlerini görkezmesiz gepleşilen baha boýunça paýnamalaryň belli sanyny satyn almaga mümkinçilik berýän girewdir.

Goşmaça paýnamalary satyn almaga mümkinçilikleri bolmadyk ýa-da olary satyn almagy islemeýän paýdarlar öz hukuklaryny satyp bilýärler. Köplenç, bu hukuk söwdasy hat-da eger olar köne paýnamalaryň täze paýnamalaryň paýynyň diňe bir bölegini satyn almagyny üpjün edýänem bolsa ýokary depginde alnyp barylýar.

Hukugyň gymmatyny hasaplamak üçin şu aşakdaky standart formulasy ulanylýar:

**HG = (IPIÝB-SB): (1TPB + GPSAHBKPS)**,

bu ýerde

**HG** – hukugyň gymmaty;

**IPIÝB** – ilkinji paýnamanyň iň ýokary bahasy;

**SB** – sertifikatda görkezilen baha;

**1TPB** – bir täze paýnamanyň bahasy;

**GPSAHBKPS** – goşmaça paýnamany satyn almaga hukuk berýän köne paýnamalaryň sany.

Ilkinji paýnamanyň **iň ýokary bahasy** alnyýar. Soňra ondan sertifikatda görkezilen baha aýrylýar, bu tapawut bir täze we bir goşmaça paýnamany satyn almaga hukuk berýän köne paýnamalaryň sanyna bölünýär.

Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek üçin ilki paýdarlar öz paýdar jemgyýetini döwlet belligine aldyrmalydyrlar. Paýdarlar jemgyýeti jemgyýetiň döredilişi hakynda habary metbugatda bermäge borçludyr. Paýnamalary we başga gymmatly kagyzlary, şol sanda pul serişdeleri dolanyşyga çykarmaklyga **emissiýa** diýilýär.

Emissiýa geçirilmezden öň döwlet tarapyndan emissiýanyň prospekti Maliýe ministriliginde hasaba alynýar.

Paýnamalary ýerleşdirmek üçin olary bahalandyrmaly.

Gymmatly kagyzlaryň **nominal gymmaty**- bu olarda görkezilen bahasydyr. Her bir paýnamanyň eýesi kompaniýanyň şärigidir. Oňa degişli kompaniýanyň paýy paýdaryň mukdaryna baglydyr. Eýeçilik hukugynyň şahadatnamasy bolup, satyn alnan paýnamalaryň sany görkezilen we her bir eýä berilýän paýdaryň sertifikaty gulluk edýär.

Kompaniýa takyk wagt işlänsoň, paýnamanyň nominaly şertli bolýar. Sebäbi gazanylan peýdanyň hasabyna paýnamanyň gymmaty artýar (ýa-da peselýär). Paýnamanyň hakyky bahasy nominal bahasyndan köplenç ýokary bolýar, aýratyn-da, eger köp peýda gazanýan kompaniýalaryň ýolbaşçylary ýyl-ýyldan kompaniýanyň gazanan peýdasyndan bir bölegini gaýtadan goýulýan goýum hökmünde ulanýan bolsalar.

Birnäçe ýyldan soň kompaniýanyň emläginiň umumy gymmaty, başgaça aýdylanda onuň ähli eýeçilik edýän zatlary- zawod, enjamlar we haryt maddy baýlyklary, eger kompaniýasynyň passiwleri ýa-da bergileriň umumy jemi artmasa - iki, üç, dört we ş.m. esse köpelip bilýär. Şonuň esasynda her bir paýnamanyň «kitapça gymmaty» ( balansdaky aktiwlerden bergiler aýrylyp çykarylan paýnamalaryň sanyna bölünip) hasaplanyp başlaýar.

Paýnamanyň bahasy islegler (hyrydarlyk) we teklipler (hödürleme) esasynda kesilýär. Başga söz bilen aýdylanda paýnamanyň bahasy paýdar boljak isleg bildirýänleriň we paýnamalary satýanlaryň sanyna görä kesilýär.

Şonuň üçinem, paýnamalaryň hödürlenýän we alynýan bahalarynyň bary-alyjynyň we satyjynyň bahalarydyr.

Biržada bellik edilmedik gymmatly kagyzlaryň söwdasyna biržadan daşary bazar diýilýär. Bu bazar haýsam bolsa bir takyk ýerde ýerleşmeýär. Bu gymmatly kagyzlary satyn almagyň we satmagyň başga usulydyr.

Biržadan daşary bazarda baha auksion usuly bilen tassyklanylmaýar. Ol dilleriň arasynda geçirilýän gepleşikleriň esasynda emele gelýär.

Biržadan daşary bazarda gymmatly kagyzlar netto-bahadan, ýagny komission ýygymsyz satylýar.

Biržadan daşary bazarda gymmatly kagyzlar içerki, ownuk satuw we lomaý satuw bahadan satylyp bilner.

Eger müşderi paýnamalary satyn alman, olary satýan bolsa, onda müşderiniň dillere satan paýnamalarynyň bahasy bilen başga dilleriň paýnamalary satyn alan bahasynyň aratapawudyna dilleriň nyrhynyň peseldilen bölegi diýilýär (sena sniženiýa). Paýnamalary satyn alyp, diller olary satman öz jaýynda saklap (ýerleşdirip) biler. Bu ýagdaýda ol şu paýnama boýunça pozisiýa alýar. Eger ol bu paýnamalary uly müşderä satyp we satyn alyp, şu paýnamalar bilen aktiw söwda edip başlasa, onda ol bu paýnamalaryň bazaryny döredýär.

Biržadan daşary şertnamalaryň esasy bölegi netto baha esasynda baglaşylan bolsa, biržadan daşarky gymmatly kagyzlary telekeçilik esasda satmaga ýa-da satyn almaga mümkinçilik bar. Firmanyň wekili (agenti) hökmünde hereket edip, broker iň amatly içerki baha tapýar. Ol fond biržasynda paýnamalaryň satylyşy ýa-da satyn alnyşy ýaly paýnamalary bu bahadan satyp ýa-da satyn alyp komission sylagyny alýar.

Uly broker kärhanalarda biržadan daşarky söwda bilen kärhananyň esasy ofisinde ýerleşýän ýörite söwda bölümi meşgullanýar. Kärhananyň söwda wekilleri hem-de bellige alnan paýnamalara hem-de biržadan daşarky gymmat kagyzlary degişli buýruklary ýerine ýetirip bilýärler. Dilleriň hem brokerleriň borçlaryny öz üstüne alýan kärhanalaryň köpüsi biržadan daşarky takyk paýnamalaryň söwdasy bilen meşgullanýarlar.

Biržadan daşary söwda gepleşikler biržadaky gymmaty kagyzlaryň bahalaryna uly derejede täsir etmeýär.

Fond biržanyň we biržadan daşarky bazaryň ösüş hereketleri (tendensiýalary), köplenç, gabat gelýär.

## 8.3. Gymmatly kagyzlar bazaryna döwletiň gözegçiligi

Gymmatly kagyzlaryň çykarylyşyna, olaryň bazarda satylyşyna ähli döwletlerde ýörite kanun arkaly bellenilen guramalar gözegçilik edip, jogap berýärler. Gymatly kagyzlaryň çykarylyşyny sazlaşdyrmak üçin biržalarda ýörite toparlar (komissiýalar) döredilýär.

Bu toparlar kompaniýanyň paýnamalaryny we obligasiýalaryny çykarmaga rugsat berilmezden öň, olaryň maliýe-hojalyk hereketleriniň köpçülik üçin aýan etmegini (açmagyny) talap edýär. Kompaniýalar

özleriniň maliýe ýagdaýlary (maýalary, bergileri) hakynda doly we hakyky maglumatlary öz içine alýan resminamalary ýokarda agzalan topara bermelidir. Ýagny, fond biržada gymmatly kagyzlaryň söwdasyny etmäge isleg bildirýän kompaniýalar 8.3.1-nji şekilde görkezilen maglumatlary biržanyň ýörite toparyna tabşyrmalydyrlar.

Eger maglumatlar doly we ynama laýyk bolsa, onda topar gymmatly kagyzlary çykarmaga rugsat berýär. Ýörite topar ýygnalan maglumatlary (prospekti) her bir gymmatly kagyzyň alyja ýetirilmegine (gowşurylmagyna) gözegçilik edýär.

Kompaniýa paýnamalary çykarmak hakyndaky bildirişde ýerine ýetirýän işleriniň ählisi barada esasy maglumatlary görkezmäge borçludyr. Öz gezeginde täze paýnamalary we obligasiýalary hödürleýän dellalçy, olara isleg bildirýän tarapa ýokardaky görkezilen maglumatlary (prospekti) bermäge borçludyr.

**8.3.1-nji şekil. Birža gatnaşmak üçin onuň ýörite toparyna tabşyrylýan maglumatlar**

| |
|---|
| 3-5 ýylda gazanan peýdalary (çeken zyýanlary) hakynda |
| gymmatly kagyzlaryň ähli çykarylyşy hakynda |
| çykaryljak paýnamalaryň şertleri hakynda |
| kompaniýanyň ýolbaşçylarynyň düzümi we onuň direktorlary hakynda |
| iň ýokary hak tölenýän bäş sany gullukçylarynyň iş haky barada |
| gymmatly kagyzlaryň her bir çykarylyşynyň 5 göterimden artyk eýeçilik edýän ähli taraplar hakynda we kompaniýanyň hojalyk işi hakynda maglumatlar |

Paýdarlar kompaniýalaryň maglumatlaryny (prospekt-bildirişleri) täze çykarylan paýnamalary satmak üçin kompaniýanyň bazara çykan gününden soň biržada 40 (kyrk) günläp saklanmalydyr.

Kompaniýanyň paýnamalary ilkinji gezek çykarylanda onuň prospektleri biržada 90 (togsan) gün saklanmalydyr.

Ilkinji gezek açyk bazara çykarylýan gymmatly kagyzlara daşary ýurtlarda IPO diýilýär. IPO – bu Initial Public Offering diýen iňlis sözlerinden emele gelip, türkmençe ilkinji gezek köpçülige hödürlemegi aňladýar.

Täze çykarylýan gymmatly kagyzlaryň bahasy kesgitlenýänçä

«prospektiň nusgasy» çap edilýär. Biržanyň ýörite topary tarapyndan barlanmadyk gymmatly kagyzlaryň prospektleri diňe mahabatlandyrmak üçin çykarylýar. Olar hakyndaky maglumatlar ýörite Topar tarapyndan synlamak, täze paýnamalara alyjylaryň ünsüni çekmek üçin berilýär.

Gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarmaga ýöriteleşdirilen anderraýting kompaniýalar ýa-da anderraýterler kömek edýär. Anderraýter – bu under writer diýen iňlis sözlerinden emele gelip, türkmençe ýazdyrýançy (подписчик) diýmekdir. Ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmaga kömekleşýänlere hem anderraýter diýilýär.

Gymmatly kagyzlaryň ilkinji çykarylýan prospektiniň nusgasy, köplenç, anderraýter toparlaryň agzalarynyň arasynda ýaýradylýar. Köplenç, prospektleriň alyjylar köpçüligine doly tanyş däldigi sebäpli, olaryň her bir nusgasynyň titul sahypasynda-gyzyl reňkde «bu prospekt gymmatly kagyzlar boýunça birža topary tarapyndan entäk barlanylmadyk» diýen duýduruş ýazgysy edilýär.

Täze çykarylan paýnamalar barlanýança, ýagny birža hödürlenýän gymmatly kagyzlaryň täze çykaryljak prospekti ýörite topar tarapyndan tassyklanýança, brokerleriň ýa-da dellalçylaryň müşderilere hiç hili maglumat ýaýratmaga, ýa-da täze çykarylýan paýnamalar barada şahsy pikirlerini aýan etmäge hukuklary ýokdur.

Täze çykarylýan paýnamalary mahabatlandyrmak diňe belli şertlerde rugsat berilýär. Ýagny, diňe paýnamanyň adyny, onuň bahasyny, paýnamalaryň sanyny, ony satmaga girişýän kepilleriň we dellalçylaryň atlaryny görkezip, hiç hili başga maglumatlary, bildirişleri bermek rugsat berilmeýär.

Şonuň ýaly bildirişlerde agzalan gymmatly kagyzlaryň satylyşy ýa-da satyn alnyşy hakynda başga hiç hili maglumat bolmaly däldigi barada prospektlerde duýduryş edilýär.

Uly bolmadyk kompaniýanyň gymmatly kagyzlarynyň çykarylyşynyň satylyşy hakynda maglumatlarda maýa goýujy hökmünde banky bir ýa-da iki guramany belläp, çykarylan paýnamalary hususy ýerleşdirilýän paýnamalaryň derejesine geçirmäge rugsat berilýär.

Şertleşik gutarnykly taýýar bolmazdan ätiýaçlandyryş kompaniýasyny, banky ýa-da haýyr – sahawat gaznasysyny kepillendiriji hökmünde bellemek bolmaýar. Sebäbi bu ýagdaýda çykarylan paýna-

malar ygtybarlygynyň iň ýokary derejesini gazanýar. Sebäbi bu derejä diňe birinji klasly paýnamalar mynasyp bolýarlar.

Ownuk kompaniýalar üçin birinji paýnamalaryň çykarylyşynyň girew bilen üpjün edilmegi zerurdyr.

Alyjy üçin täze çykarylan paýnamalary satyn almak ýokary töwekgelçilikli bolýar. Sebäbi bazara ilkinji gezek çykýan kompaniýa hakynda hiç hili maglumat ýok. Emma maýa goýum işleriniň her bir başga görnüşine garanyňda, täze çykýan paýnamalary satyn alyjylar has uly diwidendleri hem alyp bilerler. Sebäbi bu kompaniýalaryň paýnamalary ilkinji gezek has pes bahadan satyn alynýar.

Gymmatly kagyzlaryň çykarylyşyna döwlet tarapyndan gözegçilik amala aşyrylýar. Biziň ýurdumyzda şol gözegçilik Türkmenistanyň Maliýe ministrligine kanun arkaly ýüklenendir.

Paýnamalaryň bahasy kanun arkaly bellenilen iň pes derejä ýetende birža öz hukugyny ulanyp, paýnamalary satmak we satyn almak hakyndaky buýruklaryň ýerine ýetirilmegini Maliýe ministrliginiň buýrugy esasynda gadagan edýär.

Köplenç, bu çäre takyk paýnamalaryň görnüşine degişlidir. Bu karar takyk paýnamanyň bahasy örän çalt üýtgände we buýruklar bazara köp möçberde taşlanylmagy bilen bagly bolan gorky emele gelende kabul edilýär.

Aktiwleriň bahasyny kesgitlemeklige täsir edýän ykdysady, syýasy we gaýry täsirleriň (faktorlaryň) hemmetaraplaýyn düýpli seljermesini geçirmeklik talap edilýär. Bu täsirlere gaýry aktiwleriň bahalary, satuwlaryň möçberleri, diwidendler, girdejiler, göterimleriň derejeleri, işsizligiň derejesi, puluň hümmeti, syýasy töwekgelçilik we başga täsirler bolup biler.

Düýpli seljermäniň esasy maksady – aktiwiň (kompaniýanyň) hakyky («adalatly») bahasyny anyklamakdyr.

Kompaniýanyň absolýut bahasy takyklananda düzgün bolşy ýaly kompaniýanyň geljekki döwürleriniň garaşylýan girdejileri bilen häzirki döwri deňeşdirilýär.

Maýa goýujynyň garaýşy boýunça maliýe aktiwleri iki sany arabaglanyşykly häsiýetnama, ýagny birinjiden ony bazarda satyn alyp boljak gündelik bazar bahasyna (Pm), ikinjiden, nazary ýa-da

içki bahasyna (Vt) eýedir. Şol iki absolýut häsiýetnama ösüşde (dinamikada) üýtgäp dur, emma belli maýadaryň pikiri boýunça olar seýrek däl ýagdaýlarda gabat gelmänem bilerler.

Sebäbi hakyky, obýektiw baha bilen deňeşdirilende içki baha has näbelli we subýektiw häsiýete eýedir. Subýektiw häsiýete eýe diýilmegi, her bir maýadaryň aktiwiň içki bahasyna öz garaýşy bolup biler we olaryň öz şahsy seljermesiniň netijesi dürli bolup biler. Şonuň üçin üç ýagdaý bolup biler:

$$P_m > V_t, P_m < V_t, P_m = V_t.$$

Birinji gatnaşyk takyk maýadaryň pikiri boýunça seljerilýän aktiw häzirki wagtda ýokarlandyrylan bahadan satylýar. Şol sebäpli ony bazarda satyn almak oňaýsyz. Ikinji gatnaşyk tersine aktiwiň bahasy pes we şol sebäpli ony satyn almaga esas bar.

Üçünji gatnaşyk boýunça-häzirki bahasy aktiwiň içki bahasyna doly gabat gelýär we şol sebäpli bu amaldan girdeji gazanmak şübheli.

Maliýe aktiwiniň bahasynyň we nyrhyň arasynda birnäçe şertli düzgünleri anyklamak mümkin:

1. Baha-bu hasaplanylýan görkezgiç, nyrh bolsa preýskurantlarda, kotirowkalarda, kataloglarda beýan edilýän görkezgiç.

2. Belli derejede şertli bahany ilkinji, nyrhy bolsa ikinji görkezgiç hökmünde görkezmek bolar. Sebäbi bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrh birinjiden aktiwiň içki bahasyny san görnüşde görkezýär, ikinjiden nyrh maýadarlaryň orta bahalaryndan hasaplanylyp, duýdansyz hasaplanylyp çykarylýar.

3. Islendik anyk bir wagtyň içinde baha ýeke-täk, nyrh bolsa bazara gatnaşyjylaryň sanyna baglydyr.

Belli wagtyň içinde t0 paýnamanyň gündelik bahasyny tapmak Pm ýa-da maliýe aktiwiniň içki bahasyny hasaplamak üçin, üç esasy-düýpli (fundamentalistik), tehnokrat we «öňündäki ýoly bilmän seresap ýöremek» nazary bahalandyrmalar ulanylýar.

Düýpli nazaryýetiň tarapdarlarynyň pikirleri boýunça ähli gymmatly kagyzlaryň öz içki gymmaty bar. Şol gymmatly kagyzyň emele getirýän gymmatyny geljekki girdejileriň esasynda mukdar görnüşinde diskont bahasyny hasaplap bolýar. Agzalan nazaryýet boýunça islen-

dik gymmatly kagyzyň gündelik içki bahasyny (Vt) umumy görnüşde şu aşakdaky formula esasynda hasaplap bolýar:

$$V_t = \sum_{i=1}^{\infty} \frac{CF}{(l + r)},$$

bu ýerde

$CF_i$ – i-döwürde garaşylýan pul akymy;

$r$ – oňaýly (garaşylýan ýa-da talap edilýän) girdejilik.

Şu formula çak edilýän girdejileri we olaryň gelmeginiň dowamlylygyny girizip, islendik maliýe aktiwiň gündelik içki bahasyny hasaplap bolar. Emma şu formula esaslandyrylan bahalandyryş algoritmalarda alynjak girdejilerden maýalara gönükdirilýän möçberleriň, girdejileriň kadalaryna we formuladan gelip çykýan diskontirlenen koeffisiýente deň gelýändigine üns bermek gerek.

Gymmatly kagyzlaryň daşky (nominal) we bazar bahalary tapawutlanýarlar. Daşky bahasy paýnamanyň ýüz tarapynda ýa-da onuň eýesine berilýän şahadatnamasynda görkezilýär. Emma bazarda gymmatly kagyzlar daşky bahasyndan satylman bazar bahasyndan satylýar.

Nazaryýet boýunça paýnamanyň bahasy maýa goýuja getirýän girdejä bagly bolup durýar. Şol bir wagtyň içinde paýnamalaryň bahasy paýnamadan gelýän diwidendlere göni proporsional we bazar derejesiniň göterimine ters proporsionaldyr. Gymmatly kagyzlaryň hakyky bahalary ýokarda görkezilen formula bagly bolup durmaýar. Sebäbi, birinjiden öňki diwidendler uly täsir etmeýärler, geljekki diwidendleriň bolsa anyklygy näbelli. Ikinjiden peýdanyň haýsy böleginiň diwidendlere paýlanjakdygy, haýsysynyň kärhanada galjakdygy näbelli.

Iş ýüzünde ýönekeý paýnamalaryň bahasyny hasaplamak üçin Gordonyň formulasy ulanylýar.

Başlangyç döwüre degişli paýnamanyň bahasy şu formula esasynda hasaplanylýar:

$$P_O = \frac{p_1 + d}{1 + k},$$

bu ýerde $p_1$ – paýnamalaryň alyş we satyş bahalary, k – girdejileriň (kapitalizasiýanyň) derejesi,

d – soňky tölenen diwidend.

Eger paýnamanyň bahasynyň ösmegi ýylda g% garaşylýan bolsa, onda ony aşakdaky formula bilen hasaplamak bolýar:

$$P_1 = \frac{p_0(1 + g) + d}{1 + k}$$

we üýtgedip tapýarys:

$$P_0 = \frac{D}{k - g}.$$

Bu Gordonyň modeli boýunça paýnamanyň bahasy. Biziň mysalymyzda, eger geçen ýyllarda orta hasap bilen diwidendler 10% bir ýylda tölenen bolsa, onda şu gün paýnamanyň bahasy = 2,2 / (0,14 – 0,1) = 55 dollar.

Eger müşderi paýnamany 2 ýyllap saklamagy göz öňüne tutup, iki ýyldan soň diwidendleriň bahasy 3 dollara deň bolar çak edýän bolsa we paýnamanyň bazar bahasy 60 dollara ýetse, onda müşderiniň garaşýan girdejisi aşakdaky möçberli girdejilere diskontirlenip hasaplanar:

$$50\ \$ = \frac{2\ \$}{1 + k} + \frac{1\ \$}{(1 + k)^2} + \frac{2\ \$}{(1 + k)^2}.$$

«Öňündäki ýoly bilmän seresap ýöremek» nazaryýeti paýnamanyň bahasyny dogry ölçemekligi örän howply hasaplap, paýnamalara goýum etmegi «ädimme-ädim» usuldan peýdalanmagy maslahat berýärler. Olaryň pikiri boýunça garaşyp bolmaýan töwekgelçilikler gymmatly kagyzlaryň hakyky bahasyny ölçemäge mümkinçilik goýmaýarlar. Olar telekeçilikde hereket etmegi garaňky jaýa girilende ýörelişi ýaly hereket etmegi maslahat berýärler.

**Derewatiwler** ýa-da gurallar- bu maliýe aktiwiniň düýbünde bar bolan haryda, indekse esaslanýan ylalaşyklardyr. Olar aktiwle-

re, paýnamalara, göterimlere, walyuta kurslaryna we gaýry içki we daşky indekslere esaslanyp hereket edýärler.

Derewatiwler kärhanalara harajatlary peseltmäge, uly töwekgelçiliklerden gaçmaga we iň gowy wagt çözgütleri tapmaga mümkinçilik döredýärler. Olar oňaýsyz nyrh üýtgemelere garşy hedžirlemek serişdesi hökmünde ulanýarlar. Derewatiwlere opsionlar, fýuçersler, ýazylyş hukuklar, warrantlar, obligasiýalar we girew borçnamalar, stripler, swoplar, taýgerler we başgalar degişlidir. Şolardan esasylary opsionlar we fýuçerslerdir.

**Opsion** ylalaşygyň görnüşi bolup, ol ylalaşyk baglaşylanda tassyklanylan we ylalaşylan wagtyň içinde (amerikan opsion) ýa-da belli möhlet geçenden soň (ýewropa opsion) ylalaşylan nyrhdan aktiwi satmaklyga ýa-da satyn almaklyga hukuk berýär. Opsiony satýan tarap harydy satyn almak ýa-da satmak borjuny ýerine ýetirmeklige borçludyr. Satyn alýan bolsa hukugy satyn almak üçin ol opsiony satyn alanda baýragy töleýär. Şol sebäpli opsionyň başga ady -baýrak bilen ylalaşyk ady hem ulanylýar.

Opsionlaryň satyn alnan we satylan opsionlar diýen iki görnüşi bolýar. Satyn alnan opsionlar (opsion «call») satyn alyja aktiwi ylalaşylan (bazis) nyrhy boýunça satyn almaga hukuk berýär. Opsion satyjy alyjyny haryt bilen üpjün etmeklige borçludyr. Opsion satyjy üçin alan baýragy opsion hereket edýän döwründe ösdürilen (üýtgän) aktiwiň bahasyndan ýokary bolar diýip garaşýar. Opsion alyjy bolsa aktiwiň bazar nyrhy baýrak bilen tölenjek bahadan ýokary bolar diýip garaşýar.

Iş ýüzünde bolsa iki tarapdan bir tarapy utuş gazanýar. Ökde maliýe menejerleriniň çeken zyýanlarynyň möçberleri ýokary bolmaýar.

Fýuçers ylalaşyklar hakda şu okuw kitabynda ýokarda maglumat berlipdi. Olar başga derewatiwlerden tapawutlanýan birnäçe alamat aýratynlyklary öz içine alýarlar, mysal üçin, olar forward ylalaşyklardan tapawutlanýar. Forward ylalaşyklar ýa-da amallar (iňlis dilinde forward transaction) - telefon, internet arkaly biržadan daşynda gysga möhletde baglaşylýan ylalaşyklardyr.

Fýuçersler forward ylalaşyklar bilen deňeşdirilende aşakdaky ýaly tapawutlary bardyr:

1. Harydyň hili ylalaşykda umumylaşdyrylýar. Anyk harydyň söwdasynyň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulman umumy haryt söwdasy göz öňüne tutulýar.

2. Söwdanyň möçberi, möhleti, iberiljek ýeri doly standartlaşdyrylan we differensirlenen (bolünen) bolýar.

3. Ylalaşyklar ýüzgörmesiz we ylalaşyklara gatnaşyjylary doly çalyşmak mümkinçiligine görä harytlaryň standartlaşmagyndan we umumylaşmagyndan (unifisirlenmeginden) emele gelýär. Bu alyp--satmak hereketleri örän aňsatlaşdyrýar.

4. Alyp-satmaklyk amala aşyrylýar, emma harytlar bilen üpjün edilmeýär. Fýuçers biržalarda haryt üpjünçiligi umumy biržanyň dolanyşygynda 1 göterimi tutýar.

5. Çalt söwdanyň hakyky haryt bazary bilen aragatnaşygy (spot söwdasy) haryt üpjünliginiň üsti bilen amala aşyrylman hedžirlemegiň üsti bilen amala aşyrylýar. Hedžirlemek bu hakyky haryt bazarynda özara baglanyşykly geleşikleri we fýuçers bazarynda ylalaşyklary baglaşyp, birža ätiýaçlandyryş usuly bilen ätiýaçlandyrmakdyr. Fýuçers bazary iki topara gatnaşyjylara – hedžerlere we dellallara (spekulýantlara) hyzmat edýär. Olaryň arasynda düýpli tapawut bar. Birinji topar özüni nyrh töwekgelçiliginden goramak isleýär. Dellallar bolsa nyrhyň üýtgetmeginden peýda gazanmany isleýärler. Dellallar bazaryň göwrümini we geçginliligini (likwidligini) saklaýarlar. Şol sebäpli olar birža söwdasynda wajypdyr .

Fýuçers ylalaşygynyň möhleti geçenden soň hasaplaşyk opsion bilen deňeşdireniňde hökmanydyr. Şol sebäpli fýuçers amallary bilen bagly töwekgelçilik opsionlar bilen deňeşdirlenden has ýokarydyr.

## 8.4.Borçnama (weksel) bilen geçirilýän amallar

Ykdysady edebiýatlarda borçnama (weksel) bilen geçirilýän amallarda aşakdaky düşünjeler ulanylýar.

**Borçnama (weksel)** - bu takyk möhletde borçnamany (wekseli) saklaýja ýa-da algydara gürrüňsiz tölemek hakyndaky borçnamalary tassyklaýan we kesgitli görnüşde düzülen resminamadyr. Wekseliň ýönekeý weksel (solo weksel) we iberilýän weksel diýen iki görnüşi tapawutlandyrylýar.

**Ýönekeý borçnama** – bu takyk möhletde we möçberde belli tarapa gürrüňsiz pul serişdelerini tölemäge taýýardygyny (borçly bolýandygyny) görkezýän şahadatnama.

**Iberilýän weksel** (tratta) – bu borçnama berijiniň (trassantyň) algydara ýa-da ondan hukuk satyn alan tarapa (remitente) takyk möhletden ýa-da talap boýunça puluň belli möçberini tölemek hakynda ýazmaça tabşyrygy özünde bar bolan (saklaýan) resminamadyr.

**Ýönekeý wekseliň** saklaýjysynyň şol resminany başga tarapa geçirmäge haky ýokdur. Ýönekeý wekseliň trassanty görkezilen möhletde tölegi geçirmedik ýagdaýynda jogapkärçilik çekýär.

**Beýleki tarapa geçirilýän** wekseli ony kabul eden tarap başga tarapa satyp biler.

**Trassant** – wekselde öz goluny çekip, onda görkezilen möçberde we möhletde pul serişdelerini tölemäge razyçylygyny beren bergidar.

**Emitent** – bu puly, gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarýan tarap.

**Remitent** – bu puly, gymmatly kagyzlary gaýtadan dolanyşyga çykarýan tarap. Weksel babatynda trassantdan pullary almaga hukugy bar bolan tarapyň ony gaýtadan dolanyşyga çykarýan tarap. Hukugyň geçirilişi geçiriji ýazgynyň esasynda amala aşyrylýar.

**Indossant** – bu wekseli kabul edýän tarap. Wekseldäki indossant geçiriji wezipeden başga kepillendiriji wezipäni hem ýerine ýetirýär. Weksel boýunça her bir indossant weksel saklaýjy (trassant) we razylygy berýän tarap (akseptant) bilen bilelikde töleg üçin raýdaşlyk jogapkärçiligini göterýärler.

**Awal** – bu weksel kepilnamasydyr, onuň esasynda bu amaly ýerine ýetiren tarap weksel boýunça haýsy bolsa-da bergidar tarapyň (akseptantyň, weksel saklaýjynyň -indosantyň) borçnamalaryny ýerine ýetirmegi öz üstüne alýar. Awal wekselde ýazmaça kepil bilen ýa-da aýry resminama bilen kepillendirilýär.

**Akseptant** – bu wekseli tölemäge öz razyçylygyny tassyklaýan tarap. Bankyň razylygy (aksepti) bolan müşderileriň borçnamalaryny başga banklar karz berenlerinde uly höwes bilen hasaba alýarlar. Sebäbi şol karzlaryň töwekgelçiligi pes. Karzlar müşderi tarapyndan gaýtarylmasa banklar pul serişdelerini razylygy (aksepti) beren bankdan alýarlar. Ýagny şu ýagdaýda bank ynamly kepil beren tarap bolup çykyş edýär.

Wekselleriň hasaby (diskonty) – bu bank ýa-da ýöriteleşdirilen karz edarasy tarapyndan wekseller boýunça tölegiň möhleti ýetmänkä olaryň satyn alynmagydyr. Hasaba alnan weksel üçin karz pullary beren banklar onuň eýesinden takyk hasaba alnan tölegi (diskonty) ýygnaýar.

**Diskont** – weksel amallaryň netijesinde alynýan göterimler.

## 8.5. Gymmatly kagyzlary alyp-satmakda maliýe menejeleriniň işleri

Maliýe menejerleri haýsy kompaniýanyň ýa-da başga emitentleriň gymmatly kagyzlaryny satyn almalydygy, haýsy gymmatly kagyzlary satmalydygy baradaky meseleleri çözmegi başarmalydyr. Şu meseläni çözmek üçin olar ähli biržalaryň maglumatlary bilen gyzyklanmalydyr. Täze habarlary internet arkaly almaly, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlary (kotirowkalary) bilen gyzyklanmaly.

Maglumatlary seljerip, yzygiderli pikir edip, çaklaýyş işleri geçirip, anyk netijelere gelmeli.

Gymmatly kagyzlaryň bazary gün-günden üýtgäp dur. Kagyzlaryň bahasy hem ýokarlanyp hem pese düşüp bilerler. Şol sebäpli maliýe menejerleri töwekgelçiliklerden goranmak üçin ýa-da zyýanlaryň möçberini peseltmek üçin dürli usullary ulanmalydyrlar.

Maliýe menejerleri gymmatly kagyzlar bazara ilkinji gezek ýa-da gaýtadan (täzeden) çykarylanda maýa goýujylaryň serişdelerini özüne çekmegi başarmalydyr.

Gymmatly kagyzlaryň bahalaryna dürli faktorlar, şol sanda syýasy we kanunçylyk faktorlary, uglewodorod serişdeleriň bahasy, islegler (hyrydarlyk), teklipler, tebigy hadysalar, menejmentiň we marketingiň, bäsdeşligiň derejeleri we başgalar täsir edýär.

Maliýe menejeri dürli biržalaryň kotirowkalaryny seljerip, sebäplerini anyklap hereket etmelidir. Maliýe menejeri biržanyň maglumatlaryna terezi ýaly seredip, haýsy tarapa öwrüljegini öňünden çaklamagy başarmalydyr.

Biržada çalt söwda etmek üçin, köplenç, ýaş hünärmenler ça-

gyrylýar. Emma gymmatly kagyzlaryň uzak möhletleýin strategiýasyny döretmek, köplenç, tejribeli ýaşulularyň paýyna düşýär.

Gymmatly kagyzlardan gelýän serişdeleri netijeli ulanmak, olary goýum etmek örän kyn iş.

Gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarýan maliýe menejeriniň esasy işleriniň biri-de kompaniýanyň abraýyny durnukly saklamakdyr. Şol sebäpli maliýe menejerleri ynamdar adamlar bolmalydyr.

Gymmatly kagyzlaryň bazarynda özüni diňe gowy tarapdan görkezen maliýe menejerleriniň dolanyşyga çykaran paýnamalaryna isleg bolýar. Muňa halkara tejribeden köp mysallary getirmek bolar.

Ösen döwletlerde ynamly maliýe menejeri trast kompaniýalary döredip, uly möçberlerde maýa goýujylaryň pul serişdelerini netijeli ulanyp hem köp ýyllap olara ýokary derejelerde diwidendleri getirýärler. Dünýä belli maliýe menejerleriniň içinden Jors Soresi we beýleki menejerleri görkezmek bolar.

Gymmatly kagyzlaryň kömegi bilen ýygnalan maýa goýumlary netijeli ulanmak üçin Jors Sores ýörite instituty döredipdir. Şol institut haýsy döwletde, haýsy pudaga, işe (ugra) goýum edip, iň ýokary girdejileri alyp bolar diýen soraga jogap bermek üçin ylmy işleri geçirýär.

## Barlag soraglary

1. Gymmatly kagyzlara haýsy kesgitlemäni berip bolar?
2. Gymmatly kagyzlaryň görnüşleri haýsylar?
3. Biržalar we olaryň görnüşleri haýsylar?
4. Dünýä belli biržalar we olaryň indeksleri haýsylar?
5. Emitentler we olaryň görnüşleri näme?
6. SPOT, SWOP, fýuçers, forward ylalaşyklaryň we derewatiwleriň düşünjeleri haýsylar?
7. Trassant, indossant, awal düşünjeleri haýsylar?
8. Wekseliň düşünjesi we görnüşleri haýsylar?
9. Biržanyň ýörite topary we onuň wezipeleri näme?
10. Gymmatly kagyzlaryň dolanyşygyna döwletiň gözegçiligi nämeden ybarat?
11. Gymmatly kagyzlary alyp satmakda maliýe menejeriniň orny näme?

# IX BAP

## LIZING MALIÝELEŞDIRMESI

### 9.1. Lizingiň nazaryýeti we hukuk esaslary

Lizing amallary geçen asyryň 60-70-nji ýyllarynda dünýäde giňden ýaýrap başlady. Türkmenistanda lizing amallary ilkinji gezek Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap «Senagat» banky tarapyndan geçirilip başlandy.

Lizing adalgasy köp ýurtlarda dürli hukuk gatnaşyklaryny alamatlandyrmak üçin ulanylýar. Lizingiň hem kärendäniň hem karzyň alamatlary bar. Lizingde şol alamatlar birikdirilýär. Emma lizing amallary karzam däl, kärendede däl. Lizing bu özboluşly maliýe gatnaşyklarynyň jemidir.

**Lizing** – bu belli tarapa (müşderä) gerek bolan gymmatly enjamlary (önümleri) satyn almaklyga we olary degişli tölege öňünden ylalaşylan uzak möhlete kärendesine tabşyrmak gatnaşyklaryna düşünilýär.

Lizinge ýakyn maliýe gatnaşyklaryndan **renting we haýring** gatnaşyklary görkezmek bolar. Lizingden tapawutlylykda olar uzak möhletli gatnaşyk bolman, gysga we orta möhletleýin gatnaşyklar bolup çykyş edýärler.

Lizingiň, karzyň we kärende gatnaşyklarynyň eýeçilik hukuk gatnaşyklary tapawutlanýar.

Lizingiň we kärendäniň umumy hasaba alnyşy bir meňzeşdir. Sebäbi, täze halkara ülňülerine laýyk gelýän hasap meýilnamasynda lizingi aýratyn hasaba almak üçin hasaplar göz öňünde tutulmandyr.

Şonuň üçin hem lizing alyjy lizinge alnan maşynlary we enjamlary hasaba almak üçin şu aşakdaky ýazgylary etmelidir:

Dt 6112 41 00 «Maliýe kärendesi. Maşynlar we enjamlar»;

Kt 6318 42 00 «Maliýe kärendesi boýunça borçnama. Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletleýin bergisi».

Lizing alyjy esasy tölegi geçirse, aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgylary etmeli:

Dt 6318 42 00 «Maliýe kärendesi boýunça borçnama. Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletleýin bergisi»:

Kt 6212 55 00 «Milli pul birligindäki hasapalaşyk hasaplardaky pul serişdeleri».

Lizing alyjy şertnama laýyklykda göterimleri tölese, aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgylary etmeli:

Dt 2421 09 00 «Maliýe kärendesi boýunça göterimler. Gaýry maliýe borçnamalary boýunça çykdajylar»;

Kt 6318 42 00 «Maliýe kärendesi boýunça borçnama. Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletleýin bergisi».

Lizing berijiniň hasaby ýöredişi kärendä beriji bilen birmeňzeş. Ol enjamlary lizinge berende aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgylary edýär:

Dt 6213 41 00 «Üzülýänça saklanýan uzak möhletleýin maýa goýumlar» ýa-da

Dt 6213 42 00 «Ýerlemäge niýetlenen uzak möhletleýin maýa goýumlar»;

Kt 6112 41 00 «Maliýe kärendesi. Maşynlar we enjamlar»;

Lizing beriji lizing şertnamasyna laýyklykda esasy tölegi gelse, aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgylary etmeli:

Dt 6212 55 00 «Milli pul birligindäki hasapalaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri».

Kt 6213 41 00 «Tölenmezden öňki tutulýan uzak möhletleýin maýa goýumlar» ýa-da

Kt 6213 42 00 «Ýerlemäge niýetlenen uzak möhletleýin maýa goýumlar».

Lizing beriji şertnama laýyklykda göterimleri alanda, aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgylary etmeli:

Dt 1415 41 00 «Maliýe kärendesinden gelen baýrak görnüşinde girdejiler»;

Kt 6218 42 00 «Maliýe kärende şertnamalar boýunça uzak möhletleýin algylar».

**Lizingiň hasaba alnyşy kärendäň alnyşy bilen birmeňzeş bolanda-da lizing kärende däl.** Sebäbi şertleşiginiň netijesinde ylalaşan möhletiniň ahyrynda, köplenç alnan enjamlar lizing alyjyň eýeçiligine geçýär. Emma, iş ýüzünde, lizing şertnamasyna laýyklykda lizinge alnan emläkler **lizing berijä** şertleşigiň hereket ediş möhletiniň içinde **gaýtarylyp** hem bilner.

Lizing şertnamalary (kärende şertnamalary) ýa-da tamamlanmadyk şertnamalar diýlip hasaplanýar.

Lizing alyjy lizing töleglerini, göterimlerini, lizinge alnan serişdeleriniň könelmelerini buhgalterçilik hasabynda kärendä edilýän çykdajylar görnüşinde hasaba alýar. Lizing beriji bolsa buhgalterlik hasabynda lizing şertleşikleri (kärende şertleşikleri ýaly) maýa goýumlar görnüşinde hasaba alýar. Şonuň üçinem lizing berijiniň beren serişdeleri esasy maýasyna goşulýar.

Karz alyjy lizing alyjydan tapawutlylykda satyn alyjy diýlip hasaplanýar. Ol özüniň satyn alýan enjamlaryna hususy maýa goýumlary hökmünde garaýar we satyn alnan emlägiň (esasy serişdeleriniň) gymmatyny esasy maýasyna geçirýär. Karzyň hasabyna tölenýän göterimler, Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmeginiň göterimi derejesinde harajatlara goşulýar. Görkezilen göterimden artyk tölenen göterimler ýörite gaznalaryň hasabyna ýa-da peýdanyň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Lizing, karzdan tapawutlylykda, göni maliýe şertleşiginiň obýektine eýeçilik hukugyny bermeýär. Emma, lizing alyjy gozgalýan we gozgalmaýan emläklerini lizing şertnamanyň şertleriniň esasynda ulanyp bilýär.

Karz berlende, alyjy bergisini doly üzýänçä, oňa hukuk eýeçiligi berilmeýär. Şu döwürde karz alyjynyň karzyna alan emlägini başga birine bermäge hukugy ýokdur. Ahyrky töleg tölenenden soň emläge (obýekte) bolan hukugy karz alyja doly geçýär.

Lizing alyjy ylalaşylan möhletiň dowamynda, köplenç, her aýda lizing berijä karz alyjy ýaly tölegleri geçirýär. Emma, lizing karz däl. Sebäbi lizing beriji alnan enjamlaryň bahasy üzülýänçä şol enjamyň

eýeçilik hukugyny özünde saklaýar. Enjamyň bahasy göterim bilen tölenenden soň, lizinge alyjy enjamyň eýesi bolup biler.

Lizing şertleşiginde lizing alyjy şertnamanyň möhleti tamamlansa we tölegler tölense emlägiň hemişelik eýesi diýlip hasaplanýar. Bu mesele şertnama baglaşylanda lizing berijiniň we alyjynyň arasynda özara çözülýär.

Şertnamanyň hereket edýän döwründe lizing alyjynyň eýeçilik hukugy däl-de, diňe ulanmak hukugy bar. Lizing alyjynyň goşmaça peýdany almak hukugy diňe bu şert şertnamada göni görkezilen ýagdaýynda bolýar.

Lizing maliýeleşdirmesi bähbitli serişde hökmünde gulluk edýär. Lizing takyk şertlerde kärhanalar üçin, aýratyn hem, eger kärhananyň maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin geçginli (likwidli) serişdeleri bolmadyk şertlerinde örän amatlydyr.

Maliýe serişdeleriniň ýeterlikli möçberi bolanda salgyt kanunçylygy lizing üçin ýeňillikli şertleri göz öňünde tutmaýan bolsa, onda maýa goýumlarynyň maliýeleşdirmegini kärhananyň öz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmek maksada laýykdyr.

Dünýä tejribesinde, bazar ykdysadyýeti şertlerinde enjamlary ýerleşdirmekde lizingiň ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi lizingiň kömegi bilen enjamlara bolan islegler kanagatlandyrylýar. Lizing berijiniň esasy maksady enjamlary kärendä bermek däl-de, olary ýerleşdirmek, ýagny başga eýeçilige geçirip peýda gazanmakdyr. Lizing alyjylarda, köplenç, enjamlary satyn almaga mümkinçilikleri ýok. Lizingde alyjnyň we berijiniň bähbitleri gabat gelip ylalaşyk baglaşylýar.

Ykdysady edebiýatlarda lizing amalynyň 9.1.1-nji şekilde görkezilen wezipeleri görkezilýär.

**9.1.1-nji şekil. Lizingiň wezipeleri**

| |
|---|
| Esasy serişdelere goýumlary artdyrmak |
| Önümçiligiň maddy-tehniki üpjünçiligini amala aşyrmak |
| Lizing alyjyny, esasy serişdeler bilen üpjün edijileri, önüm öndürijileri maliýe taýdan goldamak |
| Lizing berijä serişdelerini netijeli ulanmagyna ýardam etmek |

Lizing amallara gatnaşýanlara, köplenç, 9.1.2-nji şekilde görkezilen taraplar gatnaşýarlar.

**9.1.2-nji şekil. Lizing amallara gatnaşyjylar**




Ykdysady edebiýatlarda lizing amallarynyň maliýe, amaly (operatiw), gaýtarylýan, galyndy bahasy boýunça, arassa (lizing berijiň ulanmak üçin çykdajylary öz içine alanok), bölekleýin, halkara, öl (mokryý-goşmaça hyzmatlary öz içine alýan) diýen dürli görnüşleri görkezilýär.

Lizing berijiler maliýe-karz guramalary, kompaniýalar we olaryň şahamçalary bolup bilerler. Öz gezeginde maliýe – karz guramalary hökmünde bank ýa-da onuň şahamçasy, maliýe-lizing guramalary çykyş edip bilerler. Kompaniýalar hem lizing gatnaşyklarynda dürli görnüşlerde, şol sanda ýöretileşdirilen lizing kompaniýasy, broker lizing kompaniýasy we lizing kompaniýasynyň şahamçasy görnüşinde çykyş edip bilerler.

Kompaniýanyň şahamçalarynyň önümçilik bölümleri we marketing gulluklary lizing berijiler hökmünde hem çykyş edip bilerler.

## 9.2. Lizingi maliýeleşdirmegiň tertip-düzgüni

Lizinge emläk almak üçin lizing alyjy öz arzasyny (arznamany) banka ýa-da lizing kompaniýasyna berýär. Şol arza seljerilýär. Müşderiň maliýe ýagdaýy we abraýy barlagdan geçirilýär. Eger müşderä ynam bar bolsa, lizing şertnamasynyň taslamasy düzülüp, onuň şertleri anyklanylýar.

Lizingi maliýeleşdirmegiň tertip-düzgünine 9.2.1-nji şekilde görkezilen şertler täsir edýär.

**9.2.1-nji şekil. Lizingi maliýeleşdirmegiň tertibine täsir edýän şertler**




Lizing şertnamasynyň şertlerini düzmekde tölegleriň möhletlerini kesgitlemek işi uly orun tutýar. Tölegleriň möhletleri emlägiň (enjamyň) kuwwatlylygyna, düşewüntliligine, ödeýiş möhletine baglydyr. Şolary öwrenip, ikitaraplaýyn amatly bolar ýaly tölegleriň meýilnamasy düzülýär.

Lizinge alnan emläk girew hökmünde ulanylýar. Kabir banklar lizing şertnamasy bilen bilelikde girew hakynda şertnama baglaşýarlar. Soň şol şertnamany kepillendiriş edarasyndan (notariusdan) geçirip, döwletiň ýörite gulluklaryna, şol sanda ýol gözegçilik gullugyna, gozgalmaýan emläkleri boýunça tehniki tükelleýiş gullugyna berýärler.

Lizing amallarynyň buhgalterlik hasabynyň we salgyt salmak düzgünleri birnäçe gezek üýtgedi. Lizing Türkmenistanda ilki ornaşdyrylyp başlan döwürleri alyjylara uly salgyt ýeňillikleri berilýärdi. Şol döwürlerde şol ýeňilliklerden köp kärhanalar ulanýardy. Olar üç salgytdan ýeňillik alýardy.

Häzirki döwürde ýeňillik diňe goşulan baha üçin salgytdan oba hojalyk üçin niýetlenen tehniki serişdeleri getirýän Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplara berilýär.

## 9.3. Lizingi tölemeli möhletleri, tölegleri we başga şertleri

Salgyt we söwda kanunçylygynyň nukdaýnazaryndan garanyňda, lizinge berilýän serişdeler dürli şertlerde berilip bilner. Şol sebäpli, lizing şertnamalarynyň dürli şertlerini aýratynlykda gözden geçireliň:

– lizing tölegleri doly geçirilse lizinge alnan serişdeler lizing alyjynyň eýeçiligine göni (awtomatiki) geçirilýär;

– lizing şertnamasynda şertleşigiň obýektini satyn almaga ýa-da bazar bahasyndan has pes simwolik bahasyndan satylmaga, ýa-da kärendäniň möhletini uzaltmaga mümkinçilik berilýär;

– lizing şertnamasynyň hereket ediş möhleti bilen obýekti ulanmagyň möhletleri gabat gelýärler;

– lizing şertnamasynyň hereket ediş möhleti lizinge alynýan obýektiň ulanylmagynyň möhletinden has gysgadyr. Ýöne, adatdan daşary şertlerden başga ýagdaýlarda lizing şertnamasynyň hereket ediş möhleti gutaransoň, lizing şertleşiginiň obýektini täzeden lizinge almaklykda lizing alyjynyň hukugy başgalara seredeniňde ýokarydyr (ýörite lizing);

– lizing tölegleriniň jemi obýektiň bazar bahasyndan geçýär ýa-da oňa deň bolýar.

Lizingiň möhletleri, köplenç, könelmeleriň möhletlerini hasaba almak ýa-da çaltlandyrylan könelmäniň usullaryny ulanmagy göz öňüne tutýar. Ykdysady taýdan çaltlandyrylan könelmäniň ulanylmagy hem lizing alyjy hem-de lizinge beriji üçin bähbitlidir. Mysal üçin, bank lizing beriji bolsa, özüne resurslary has gysga möhletde gaýtarmaga lizing şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, bank üçin harajatlaryň ösmeginiň hasabyna peýda salynýan salgydyň jemini azaltmaga, bankyň müşderisine bolsa emlägi öz eýeçiligine geçirmegiň möhletini gysgaltmaga mümkinçilik döreýär.

Bank (lizing beriji) emlägiň könelme döwründen has gysga möhlete lizinge emläkleri berip bilýär. Eger lizingiň möhleti tamamlansa lizing alyjy bu emlägiň galyndy bahasyny töläp, öz eýeçiligine geçirip biler.

Lizingiň möhleti gutaranda lizing alyjy bu emlägiň galyndy bahasyny tölejek bolsa, bank (lizing beriji) bu emlägi lizing alyja has gysga möhlete-de berip bilýär. Lizing obýektiniň galyndy bahasy uly bolanda, onuň öwezini dolmak boýunça bankyň töwekgelçiliginiň artmagy sebäpli, lizing uzak möhletlere berilýär.

Lizinge berilýän serişdeleriň könelmeleri 50%-den pes bolmaly däldir. Lizing şertnamasynda möhlet gutarýança lizing alyjynyň şertnamadan boýun gaçyrmaga mümkinçiliginiň bolmazlygyny we ony bozan ýagdaýynda kireýi üçin galan tölegleriniň jemine laýyk öwezi doluş tölegleri (kompensasiýany) banka töletmekligini göz öňünde tutmak maksada laýykdyr.

Lizing alyjy bilen baglaşylýan şertnamada, onuň haýyşy boýunça lizingiň möhleti gutarmazyndan öň lizingiň obýektini satmak ýa-da şertnamanyň möhletini uzaltmak hakyndaky soraglaryň çözülmegini bankyň borçnamalarynda göz öňünde tutmak mümkindir.

Lizingiň obýektini ulanany üçin kärendiçiniň banka töleýän tölegi onuň emlägi satyn alany we saklany üçin eden harajatlarynyň üstüniň ýapylmagyny, şeýle-de bankyň peýdasynyň zerur bolan derejesini üpjün etmelidir.

Salgyt salynmaklyga we karz gatnaşyklaryna üýtgemeleriň girizilmegi sebäpli, bank ýa-da kärendeçi göz öňünde tutulmadyk çykdajylara sezewar bolsa, onda zyýan çeken tarap bu barada garşydaş tarapa (kontragent) habar berýär we taraplar emele gelen meseläni bilelikde çözýärler. Bu bozulmalaryň sebäplerine (şol sanda tebigy betbagtçylyklara) garamazdan, emlägiň adaty ulanylyşy we ulanylyşy bozulanda, lizing alyjy zyýanlaryň öwezini dolmaklygy ýa-da kärende töleginiň möçberiniň peseldilmegini bankdan talap edip bilmeýär. Emläk doly ýitirilende ýa-da konstruktiw taýdan heläk bolanda soňky tölegleriň ählisi lizing berijä tölenýär we şertnama ýatyrylýar.

Bankyň lizing alyjynyň we üpjün edijiniň gatnaşmagyndaky lizing amallarynyň yzygiderligi 9.3.1-nji şekilde görkezilendir.

**9.3.1-nji şekil. Lizing amallarynyň yzygiderliligi**




Lizing şertnamasy baglaşylmazdan öň lizingiň obýektiniň üpjün edilmegi, onuň bahasy, lizing alyjynyň töleg ukyplylygy, lizing berijiniň peýdasy, tölegleriň (hasaplaşmagyň) tertibi we başga şertler öwrenilýär. Käbir ýagdaýlarda lizing beriji (bank) üpjün edijiniň we alyjynyň arasynda diňe araçy hökmünde çykyş edip biler. Ol üpjün edijä zamunlyk resminamany berip, lizing alyjyny enjam bilen üpjün edip, tölegleri lizing alyjynyň özüniň üstüne ýükläp biler.

Eger lizing beriji lizingiň obýekti üçin ony üpjün ediji bilen doly hasaplaşsa, onda lizingiň tölegleri göni lizing berijä geçirilýär.

Lizingiň obýektine ätiýaçlandyrma geçirmeklik lizing alyjynyň üstüne ýüklense, onda ol lizing şernamasynyň hereket edip başlan pursadyndan 15 günüň içinde lizing berijä ätiýaçlandyryş polisiniň tassyklanan nusgasyny berýär hem-de lizingiň möhletiniň dowamynda onuň hereket edişini üpjün edýär.

## Barlag soraglary

1. Lizing, haýring we renting düşünjesi näme?
2. Lizingiň kärende we karz alamatlary haýsylar?
3. Lizingiň ähmiýeti näme?
4. Lizing şertnamalary baglaşmagyň tertibi nähili?
5. Lizingi maliýeleşdirmegiň tertip-düzgünine täsir edýän şertler haýsylar?
6. Lizingiň wezipeleri nämeden ybarat?
7. Lizing amallara gatnaşyjylar kimler?
8. Lizing amallarynyň yzygiderligi haýsy?
9. Lizing amallaryny ýerine ýetirmekde maliýe menejeriniň orny näme?
10. Lizingiň ätiýaçlandyrylyşy näme?

# X BAP

## MALIÝE TÖWEKGELÇILIKLERINIŇ DOLANDYRYLYŞY

### 10.1. Telekeçilikde maliýe töwekgelçilikleriniň nazaryýet esaslary

Telekeçiligiň ähli görnüşlerinde töwekgelçilik bar. Töwekgelçiliksiz telekeçilik ýok. Töwekgelçilik öňki zamanlarda-da bolupdyr, häzirki döwürde hem ol duş gelýär, geljekki döwürlerde-de töwekgelçilik bolar.

Töwekgelçiligiň sinonimi ynamsyzlykdyr. Ynamsyzlyk belli wakanyň ähtimallygyna doly kepil bermek mümkin däl ýagdaýlarda döreýär.

Köp wakalar biziň öňki hereketlerimiz bilen bagly bolýar. Birnäçe wakalary öňünden çak edip bolýar. Şol sebäpli biz olardan gelip biljek töwekgelçiliklerden goranýarys we olar bize zyýan ýa-da dürli heläkçilikleri getirmeýär, ýa-da zyýanlaryň möçberleri peselýär.

Adam tebigy ýagdaýda töwekgelçilikden gaçýar. Adam töwekgelçigi öňünden bilmese, ondan gaçmak isleýär. Töwekgelçilik dürli ýitgilere getirýär.

Töwekgelçiligiň barlygyny anyklap, adam ony iň pes derejä getirmäge çalyşýar. Ol iki we köp töwekgelçilikleriň içinden iň pes görnüşini saýlamak isleýär.

Töwekgelçiligiň pes görnüşini ýa-da peýdanyň iň amatly görnüşini saýlanymyzda, biz töwekgelçiligi ölçäp görmeli hem-de töwekgelçilige san görnüşinde häsiýetnama bermeli.

Töwekgelçiligi ölçemek ýa-da oňa baha bermek, köne meseleleriň biri bolup durýar. Şu meseläniň dörän wagty, adamzadyň töwekgelçilige baglydygy bilen deň diýmek bolar.

18. Sargyt № 3078

Töwekgelçilikleriň ulgamynyň görnüşlerine häsiýetnama 10.1.1-nji şekilde berilýär.

**10.1.1- nji şekil.Töwekgelçilik ulgamlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Maliýe töwekgelçiligi |
| Ekologiýa |
| Ätiýaçlandyryş |
| Dolandyryş |
| Şahsy |
| Başga töwekgelçilikleriň görnüşleri |

10.1.1-nji şekilde görkezilişi ýaly ykdysady edebiýatlarda töwekgelçilik ulgamyna häsiýetnama berlende şahsy, maliýe, dolandyryş, tehniki, ekologiýa, ätiýaçlandyryş we başga töwekgelçiliklere seredilýär.

Telekeçilik töwekgelçilikleriniň arasynda maliýe töwekgelçilikleri aýratyn orun eýeleýär. Olar maliýe menejeriniň mydama gözegçiliginde bolmalydyrlar. Eger olar ünssüz galdyrylsa, onda maliýe çökgünliginiň ýüze çykmagynyň, kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň ähtimallygy ýokarlanýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde şol töwekgelçilikleri içgin öwrenmekligiň zerurlygy has hem ýokarlanýar.

Şahsy töwekgelçilik birnäçe töwekgelçiliklere bölünýär. Olar bilen 10.1.2-nji şekil arkaly tanşyp bolar.

**10.1.2-nji şekil. Şahsy töwekgelçilikleriň görnüşleri**

| |
|---|
| Şahsyýetiň we garyndaşlaryň jan saglygynyň töwekgelçiligi |
| Emläkleriň töwekgelçiligi |
| Maliýe ýagdaýyň töwekgelçiligi |
| Ýaşaýş jaýynyň töwekgelçiligi |
| Mallaryň, öý haýwanlaryň, ösümlikleriň töwekgelçiligi |

10.1.2-nji şekilde görkezilşi ýaly şahsy taraplaryň dürli töwekgelçilikleri durmuşda duş gelýär. Olaryň öňüni almak we olaryň ähtimallygyny peseltmek üçin tejribede dürli usullar ulanylýar.

**Dolandyryş töwekgelçiligi** subýektiň dolandyrylmagy bilen baglydyr. Dolandyryş töwekgelçiliklerine pudak, ýurt, syýasy, walýuta, karz, göterim, nyrh we başga töwekgelçilikler degişlidirler.

**Tehniki töwekgelçiligi** tehniki serişdeleriň, emläkleriň dürli howplary bilen bagly töwekgelçilikleri öz içine alýar. Tehniki töwekgelçiliklerden goranmak üçin iş ýüzünde dürli çäreler geçirilýär. Mysal üçin, tejribede ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek üçin dürli enjamlar, serişdeler alnyp, ýangyna garşy çäreler geçirilýär. Işgärler bilen kärhanalarda, edaralarda tehniki howpsuzlygy barada maslahatlar, gepleşikler geçirilýär.

**Ekologiýa töwekgelçilikleri** daşky gurşaw bilen baglydyr. Bu töwekgelçiliklere soňky ýyllarda dünýä boýunça köp üns berlip başlandy. Adamzadyň tebigata, daşky gurşawa edýän täsiri ýyl-ýyldan artýar. Şol sebäpli tebigatda dürli ekologiki hadysalar, şol sanda suw basmak, howa şertleriniň çalt üýtgemegi we beýleki hadysalar köpelýär.

Telekeçilik dünýäsinde töwekgelçiligiň iň köne görnüşleriniň biri **ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleridir**. Gadym döwürlerden bäri söwdagärler töwekgelçiliklerden gaçyp, ýüzlerçe ýyllap öz harytlaryny bir ýa-da birnäçe betbagçylykly ýagdaýlardan, mysal üçin, ogurlykdan, talaňçylykdan, uruşlardan, tebigy betbagtçylyklardan we ş.m. ätiýaçlandyrypdyrlar.

Makro derejedäki töwekgelçilikler bilen şu okuw kitabynyň 10.1.3-nji şekilinden tanşyp bolar.

**10.1.3-nji şekil. Makro derejedäki töwekgelçilikler**

| |
|---|
| Pudak |
| Ýurt |
| Syýasy |
| Walýuta |
| Pul hümmetiniň töwekgelçiligi |

10.1.3-nji şekilde görkezilen töwekgelçilikleri seljereliň.

**Pudak töwekgelçilikleri** maýa goýumlar goýlanda, karzlar alnanda hasaplanylýar. Pudaklaryň düşewüntliligi we töwekgelçilikleri

deň däldir. Mysal üçin, oba hojalyk pudagynyň töwekgelçiligi örän uly. Sebäbi oba hojalygy howa şertlerine, tebigy ýagdaýlara, dürli hadysalara berk baglydyr.

Nebit, gaz öndürýän pudak bir tarapdan örän düşewüntli bolup, başga tarapdan örän töwekgelçiliklidir. Sebäbi olaryň ýataklaryny tapmak örän kyn. Olar tapylyp we köp wagtlap tapylman gözlenip bilner. Gözlemek üçinem köp maýa goýumlary sarp etmeli bolýar.

**Ýurt töwekgelçilikleri** döwletara gatnaşyklarda uly orun tutýar. Telekeçilik işinde şertnamalar (kontraktlar) dürli ýurtlaryň kompaniýalary bilen baglaşylýar. Dürli ýurtlar bilen aragatnaşyklary saklamak üçin olaryň ýurt töwekgelçigini bilmeli. Ýurt töwekgelçiligi öz gezeginde döwletiň syýasatyna, onuň tebigy, maliýe we başga ýagdaýlaryna baglydyr. Ýurt töwekgelçiligi halkara guramalary tarapyndan ölçenip bilner. Tebigy hadysalara, urşuň başlanmagyna garaşylýan bolsa, töwekgelçiligiň derejesi ýokarlanýar.

**Walýuta töwekgelçiligi** bazar ykdysadyýetinde ýüze çykýar. Sebäbi bazaryň ýagdaýyna görä walýutalaryň bahasy üýtgäp durýar. Döwletara gatnaşyklarda walýuta bahasynyň üýtgemegi sebäpli, goşmaça peýdalar gazanylýar ýa-da zyýanlar çekilýär. Şol sebäpli kontraktlar baglaşylmazdan öň walýuta kurslaryny çaklap, töwekgelçilikleri pese düşürmeli.

**Pul hümmetiniň** üýtgemegi bilen bagly töwekgelçilikler mydama göz öňüne tutulmalydyr. Sebäbi puluň hümmeti pese düşüp hem ýokarlanyp biler. Puluň hümmetini bilmek üçin döwletler çaklaýyş işlerini geçirýärler. Puluň hümmetini belli derejelerde saklamak üçin onuň pes we ýokary derejeleri kesgitlenilýär.

Mikro derejede, ýagny kärhana derejesinde dürli töwekgelçilikler bolup biler. Makro derejedäki töwekgelçilikler mikro derejede hem täsir edip bilerler. Kärhanalar şol töwekgelçilikleri göz öňünde tutup, kärhana gös-göni täsir edip biljek töwekgelçilikleri hem hasaba almalydyrlar.

Mikroderejedäki töwekgelçiliklerden hasaplaşyk, karz, göterim, walýuta töwekgelçilikleri we başgalary görkezip bolar.

**Hasaplaşyk töwekgelçiligi** kärhana öz gymmatlyklaryny başga tarapa ugradýan wagtynda bolup biler. Şertleşýän tarap ugradylan gymmatlyklara öz wagtynda we bellenilen möçberde pul serişdeleri

iberip ýa-da şertleşen talaplaryny ýerine ýetirmän hem biler. Şol töwekgelçilikden goranmak üçin iş ýüzünde dürli usullar ulanylýar. Olar barada şu okuw kitabynyň indiki sahypalarynda giňişleýin maglumatlar berler.

**Karz töwekgelçiligi** karz gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Karzlar kärhana üçin amatlyklary ýa-da kynçylyklary getirip biler. Karz almaklyk netijesiz hem bolup biler. Karz töwekgelçiliklerinden goranmak üçin kärhananyň ýolbaşçylary onuň töwekgelçiligini hasaplap görmelidirler. Eger karz almagyň töwekgelçiligi ýokary bolsa, ondan öz wagtynda boýun gaçyrmak zerurdyr. Telekeçilikde töwekgelçilikler mydama iki ýa-da köptaraplaýyn bolýar. Karz töwekgelçiligi hem karzy alýan we ony berýän taraplarda bolup biler. Şol sebäpli karzy berýän taraplar hem öz töwekgelçiliklerini hasaplap, belli netijä gelmelidirler.

**Göterim töwekgelçiligi** karz töwekgelçiligi bilen arabaglanyşykly töwekgelçilikdir. Iş ýüzünde göterimleriň dürli görnüşleri alnyp bilner. Göterimler öňünden berkidilen, berkidilmedik ýa-da puluň hümmetine, walýutanyň kursuna baglaşdyrylan bolup biler. Şol sebäpli karz şertnamasyny baglaşýan taraplar şertnamany baglaşmankalar göterimiň ähli töwekgelçiliklerini hasaplap, şertnamany baglaşmalydyrlar.

1883-1946-njy ýyllarda ýaşan, dünýä belli iňlis ykdysadyýetçisi, birnäçe nazaryýetleriň, şol sanda pul we pul-karz sazlaşygy, döwletiň maliýe nazaryýetleriniň awtory, öz wagtynda kapitalistik ulgam üçin maliýe çökgünlikden çykmagyň ýoluny görkezen we şol sebäpli günbatar döwletlerde iň hormatlanýan ykdysadyýetçi alymlaryň biri J.M.Keýns telekeçilik töwekgelçiliginiň klassifikasiýasyny ilkinji düzüp, çap etdiripdir.

Ýokarda bellenilişi ýaly adamzat töwekgelçiliklere garşy gadymy döwürlerden bäri göreşýär. Emma töwekgelçilikleri toparlara bölmek, olaryň san ähtimallygyny hasaplap çykarmak işleri J.M.Keýnsiň klassifikasiýasy çap edilensoň başlanýar.

Häzirki döwürde ýokarda görkezilen töwekgelçilikler dünýä belli boldy we olardan goranmak üçin dürli çäreler geçirilýär. Emma 1930-njy ýylda käbir bolup biljek töwekgelçilikler barada köp adamlar bilmeýärdi.

J.M.Keýnsiň töwekgelçilikleriniň klasifikasiýasynda islegleriň we teklipleriň, puluň hümmetiniň üýtgemegi bilen bagly töwekgelçiliklere köp üns berilýär. Öz nazaryýetinde alym maliýe çökgünliklerinden goranmak üçin döwlet tarapyndan geçirilmeli çäreleri görkezýär.

Keýnsiň pikirine görä maliýe çökgünlikleriniň sebäbi artykmaç önüm öndürilmegi däldir. Onuň sebäbi halkyň töleg ukyplylygynyň pesligindedir. Töleg ukyplylygyny artdyrmak üçin alymyň pikirine görä dowlet tarapyndan dolanyşyga goşmaça pul serişdeleri goýberilmeli. Şol pullar önüm öndürijileri maliýe tarapyndan batmakdan we ykdysadyýeti pese düşmekden saklaýar.

Alymyň klasifikasiýasy telekeçilere telekeçilik işleri bilen bagly köp töwekgelçiliklerden goranmagy öwretdi. Emma bu nazaryýetiňem öz kemçiligi bar. Ol pul hümmetleriniň pese düşmegine getirýär.

Bazar ykdysadyýetinde pul hümmetiniň üýtgemegi bilen bagly töwekgelçilikler örän uly. Telekeçilik işinde olar mydama göz öňünde tutulmalydyr.

## 10.2. Maliýe töwekgelçilikleriniň dolandyrylyş ulgamynyň esasy ugurlary we olaryň häsiýetnamasy

Telekeçilikdäki töwekgelçilikleri dolandyrmak üçin maliýe menejeri dolandyrýan maliýe işinde bolup biljek töwekgelçiliklere garşy dolandyryş ulgamyny döretmelidir.

Şol ulgam maglumatlary ýygnamak, olary seljermek, netije çykarmak we çäre görmek usullaryny öz içine almalydyr.

Kärhanada töwekgelçilikleriň dolandyryş ulgamy döredilende maglumatlary ýygnaýan bölümler (işgärler) tassyklanylýar. Gerek bolan ýagdaýda maglumatlary ýygnamagyň tertibi, olaryň resmileşdirilişi ýa-da ýolbaşçylara ýetirmek tertibi aýry buýruk bilen tassyklanylýar.

Seljeriş işlerini kärhanada seljeriş bölümleri ýa-da ýolbaşçylaryň özleri geçirýär.

Töwekgelçiliklere garşy dolandyryş çäreleri kärhananyň göwrümine bagly bolup durýar. Uly önümçilik birleşmelerinde töwek-

gelçiliklere garşy çäreleri geçirmek käbir ýagdaýlarda birleşmäniň bölüm müdirlerine geçirmek rugsat berilýär. Kiçi kärhanalarda töwekgelçiliklere garşy çäreleri dolandyryjylar özleri geçirýär.

Mälim bolşy ýaly dolandyryjylaryň hem dürli görnüşleri, şol sanda önümçiligi, satuwlary, harajatlary, maliýe gaznalary, umumy kärhanany dolandyrýan we başga dolandyryjylar bolup biler. Emma maliýe töwekgelçiliklerine esasy gözegçiligi amala aşyrýan we jogap berýän maliýe menejeridir.

Dolandyryş subýektiniň maliýe ýagdaýyny ýaramazlaşdyryp biljek dürli täsirler, şol sanda 10.2.1-nji şekilde görkezilenler bolup biler.

**10.2.1-nji şekil. Dolandyryş subýektiň maliýe ýagdaýyny erbetleşdirip biljek täsirler**

| |
|---|
| Islegleriň we nyrhlaryň pese düşmeginiň töwekgelçiligi |
| Tebigy we gaýry hadysalaryň netijesinde girdejileriň pese düşmeginiň töwekgelçiligi |
| Çig mallaryň gymmatlamagynyň töwekgelçiligi |
| Salgyt we beýleki kanunlaryň, düzgünleriň üýtgemeginiň töwekgelçiligi |
| Gümrük paçlarynyň üýtgemeginiň töwekgelçiligi |
| Walýuta kurslarynyň üýtgemeginiň töwekgelçiligi |
| Pul hümmetsizleginiň töwekgelçiligi |
| Müşderileriň maliýe ýagdaýynyň pese düşmegi |
| Beýleki töwekgelçilikler |

Maliýe töwekgelçilikleriniň ulgamy döredilende 10.2.2-nji şekilde görkezilen töwekgelçilikleriň bolup biljek ugurlary seljerilýär.

Şekilde görkezilen töwekgelçilikler öz arasynda berk baglanyşyklydyr. Mysal üçin, obýektiň maliýe ýagdaýyny erbetleşdirip biljek töwekgelçilikler tölege ukypsyzlygyň we başga töwekgelçilikler bilen berk baglanylyşyklydyr.

Maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrylýan dürli obýektler döredip bilerler. Şol töwekgelçilikleri getirip biljek obýektler bilen şu okuw kitabynyň 10.2.3-nji şekilinden tanşyp bolar.

**10.2.2-nji şekil. Maliýe töwekgelçilikleriň gelip biljek ugurlary**




**10.2.3-nji şekil. Maliýe töwekgelçilikleri getirip biljek obýektler**




Maliýe menejerlerine has ýokary töwekgelçilikli obýektleriň işlerini ýatyrmak maslahat berilýär. Töwekgelçilikli işi ýatyryp bolmadyk ýagdaýlarynda töwekgelçiligi peseltmek üçin çäreler geçirilýär. Şol sanda töwekgelçilikler paýlanýar ýa-da diwersifikasion işleri amala aşyrylýar.

Maliýe töwekgelçiliklerine gözegçilik ulgamyny döredýän menejer aýry-aýry maliýe gymmatlyklarynyň töwekgelçiligini seljerip, jogap berýän işgärleri we horjunlar boýunça, ýagny gymmatly kagyzlaryň, karzlaryň jemleriniň töwekgelçiliklerine jogapkärleri belläp bilerler.

Maliýe töwekgelçilikleri içerki we daşky taraplardan gelýän töwekgelçiliklere bölünýärler. Içerki töwekgelçilikler dolandyrylýan subýektiň özünden döräp biler. Daşky töwekgelçilikler bolsa dolandyrylýan subýektiň özünden gelmän daşary ýurtlardan, başga kompaniýalardan, döwlet guramalary tarapyndan döreýär.

Maliýe töwekgelçilikleri dowamlylygy boýunça wagtlaýyn we mydamalyk häsiýetli töwekgelçiliklere bölünýärler.

Maliýe töwekgelçilikleriniň zyýanlarynyň göwrümleri 10.2.4-nji şekilde görkezilen zyýanlara bölünýärler.

**10.2.4-nji şekil. Maliýe töwekgelçiliklerden geljek zyýanlaryň göwrümi**




Maliýe töwekgelçilikleri çaklanan we çaklanmadyk derejelerde zyýan getirip bilerler. Töwekgelçilikler ätiýaçlandyryp boljak we ätiýaçlandyryp bolmajaklara hem bölünýärler.

Maliýe töwekgelçilikleriniň dolandyrylyş ulgamy döredilende maliýe töwekgelçilikleriniň aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr. Şol aýratynlyklar bilen 10.2.5-nji şekilden tanşyp bolar.

**10.2.5-nji şekil. Maliýe töwekgelçilikleriň aýratynlyklary**

| |
|---|
| Peýdanyň gelmegi we çaklandyrmalarynyň derejeleri bilen onuň peselmeginiň ähtimallygy boýunça aragatnaşygy |
| Kärhananyň iş hereketinde ykdysady hadysa hökmünde adalatlylygy |
| Geljekki hadysalaryň näbelliligi we ýüze çykmagyň ähtimal häsiýetliligi |
| Aýratyn amallarynyň we maliýe işleriniň görnüşleriniň üýtgemegi we durnukly däldigi bilen bagly maliýe töwekgelçilikleriniň derejesi |
| Maliýe töwekgelçiligine baha bermeklik örän kyn iş we şol iş köplenç adama bagly (subýektiw) häsiýetlendirilýär. |

Maliýe töwekgelçilikleriniň esasy ugurlaryny olaryň gelmeginiň çeşmeleri görkezýär. Olar 10.2.2-nji şekilde görkezilendir. Esasy ugurlaryň käbiri hakda giňişleýin durup geçeliň.

Tölege ukypsyzlygyň töwekgelçiligi bilen maliýe menejeri iki tarapdan, birinji tarapdan, menejeriň özüniň dolandyrýan kärhanasynyň

(guramanyň) tölege ukyplylygy ýa-da ukypsyzlygy, ikinji tarapdan, şertleşýän taraplaryň tölege ukyplylygy ýa-da ukypsyzlygy bilen gyzyklanmalydyr. Tölege ukypsyzlygyň töwekgelçiligi bar bolsa iş ýüzünde oňa garşy dürli çäreler geçirilýär. Şol sanda şertleşýän tarapdan öňünden tölegi ýa-da akkreditiw hasaplaşygy geçirmek talap edilýär. Öz kärhanasynyň tölege ukyplylygyny ýokarlandarmak we tölege ukypsyzlygyň töwekgelçiligini aradan aýyrmak üçin menejerler kärhananyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak, önümiň özüne düşýän gymmatyny pese düşürmek we kärhana netijeli işlär ýaly degişli çäreleri geçirýärler.

Maýa goýum töwekgelçiligi mydama bolup biljek töwekgelçilikleriň biridir. Sebäbi maýa goýumlar goýlanda olaryň netijesi çalt belli bolmaýar. Eger töwekgelçilik 50 göterimden ýokary bolsa maýa goýmakdan boýun gaçyrmak maslahat berilýär.

Pul hümmetiniň üýtgemeginiň töwekgelçiligi bazar ykdysadyýetinde mydama garaşylýan töwekgelçilikleriň biridir. Puluň hümmeti ýokarlanyp hem pese düşüp biler.

Puluň hümmetiniň pese düşmegine ykdysady edebiýatlarda inflýasiýa diýilýär. Inflýasiýa ähli döwletlerde bolup biler. Emma her bir döwletde inflýasiýanyň ösüşi deň däldir. Puluň hümmeti 5 göterime çenli pese düşse, ol oňaýly diýlip düşünilýär. Eger puluň hümmetsizligi 5 göterimden ýokary bolsa, ol oňaýsyz diýlip hasaplanylýar.

Puluň hümmetiniň ýokarlanmagyna bolsa ykdysady edebiýatlarda deflýasiýa diýlip kesgitleme berilýär. Deflýasiýa bir tarapdan nyrhlaryň peselmegine getirýär, ol bolsa sarp edijiler tarapyndan gowy diýlip hasaplanylýar. Emma dünýä derejesinde deflýasiýa önüm öndürijilere zyýan getirip, goýumlaryň möçberini azaldyp, umumy ykdysadyýetiň pese düşmegine, işsizligiň ösmegine we başga kynçylyklara getirýär.

Puluň hümmetiniň haýsy tarapa üýtgejegini bilmek üçin ykdysadyýeti ösen döwletlerde çaklaýyş işleri geçirilýär. Şol çaklamalara we öz çaklamalaryna görä menejerler töwekgelçilikden goranmak üçin degişli çäreleri geçirýärler. Munuň üçin olar hasaplaşyklary çaltlaşdyrýarlar ýa-da şertnamalary baglaşanlarynda geljekki puluň hümmetini göz öňüne tutýarlar, ýa-da dürli ylalaşyklary baglaşýarlar.

Göterim, walýuta, depozit töwekgelçilikleri öz gezeginde milli puluň hümmeti bilen arabaglanyşyklydyr. Puluň hümmeti üýtgese göterimleri tölemek aňsatlaşyp ýa-da kynlaşyp biler. Öz gezeginde depozitleriň töwekgelçiligi göterim töwekgelçiliklerine ters gelýär. Puluň hümmeti pese düşende göterimler töleýjiler üçin «arzan» düşýär. Puluň hümmeti ýokarlansa göterimler «gymmatlaýar“. Puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşýän bolsa depozitleri saklamak howpludyr. Puluň hümmeti ýokarlananda depozitleri saklamak amatly bolýar.

Milli pul birligi berk bolanda başga walýutalarda puly saklamak zerurlygy pese gaçýar. Muňa garamazdan walýuta gatnaşyklarynda walýuta kurslarynyň haýsy tarapa üýtgeýändigine mydama gözegçilik edilmelidir.

Salgytlaryň üýtgedilmeginiň töwekgelçiligi dürli döwletlerde bolýar. Biziň ýurdumyzda eger täze salgyt düzgünleri salgydy azaldýan ýa-da ýeňilleşdirýän bolsa, onda olar metbugatda çap edilen gününden soň hereket edip başlaýarlar. Eger salgydyň möçberi artýan bolsa, onda olar metbugatda çap edilen gününden bir aý geçenden soň hereket edip başlaýarlar. Daşary ýurt maýadarlary üçin goýum edilen wagtynda hereket eden kanunlaryň 10 ýa-da 15 ýylyň dowamynda güýji saklanýar. Töwekgelçilikden goranmak üçin iş ýüzünde ýörite maliýe gorlary (ätiýaçlandyryş, ýörite maksatly gaznalary) döredilýär.

Ykdysadyýetiň pese düşmegine resessiýa diýilýär. Häzirki döwürde dünýäde maliýe çökgünligi emele gelip, käbir döwletler ykdysadyýetlerini resessiýadan goramak üçin göreşýärler. Käbir alymlaryň pikirine görä ykdysadyýetiň resessiýasy depressiýa getirip biler. Depressiýa ykdysadyýeti iň pes derejä getirýär. Depressiýa döwründe kärhanalar zyýan çekip ýapylýar. Işsizlik iň ýokary derejelere ýetýär. Banklar we başga maliýe guramalary öz wezipelerini ýerine ýetirip bilmeýärler. Jemgyýetde gapma-garşylyklar emele gelýär. ABŞ-nyň raýatlary 1930-njy ýylda agyr depressiýany başyndan geçirdiler. Şol sebäpli ABŞ-nyň we başga döwletleriň hökümetleri öz döwletleriniň ykdysadyýetlerini depressiýadan goramak üçin dürli maliýe çäreleri geçirýärler. Hökümetler döwlet gaznalarynyň hasabyna banklara we iri kompaniýalara maliýe kömeklerini berip, olara öz gözegçiligini güýçlendirýärler.

Ösen döwletlerde puluň hümmetiniň gaçmagyny, köplenç, ýokardaky sebäpler bilen bilelikde çig mallaryň gün-günden gazylyp alynmagynyň kynlaşmagy, gymmat düşmegi bilen baglaşdyrylýar. Sebäbi tebigy baýlyklar Ýer ýüzünde çäklidir we olary gazyp almak üçin ýyl-ýyldan goşmaça çykdajylar zerur bolup durýar. Onuň bilen bilelikde ýyl-ýyldan oba hojalygynda ulanylýan ýeriň güýji (kuwwatlygy) peselmez ýaly, goşmaça goýumlar goýulmalydyr. Şol sebäpli oba hojalygynda öndürilýän önümleriň bahasy ýyl-ýyldan umumy baha berlende gymmatlaýar.

Goý, käbir döwletlerde köp çig mallaryň bahasy pese düşüpdir diýeliň. Aslynda çig mallaryň pese düşmegi seýrek bolýar. Bu ýagdaý islegleriň pese düşmegi we bilgeşleýin artykmaç gorlaryň döredilmegi bilen düşündirilýär. Çig mallara islegler ykdysadyýet ösende durnukly bolýar.

Käbir alymlar puluň hümmetiniň peselmegini dünýä boýunça adamlaryň sanynyň ösmegi, ýerleriň we tebigy baýlyklaryň çäkliligi bilen hem düşündirýärler Şol pikirlerde esas bar. Emma ylmy-tehniki ilerlemäni (progresi) hem unutmaly däldir.

Ösen döwletlerde puluň hümmeti bir ýylyň dowamynda 5 göterime çenli pese düşýär. Şol möçberden artykmaç puluň hümmeti peselýän bolsa, onda şol döwletiň ykdysadyýeti durnukly däl diýlip hasaplanylýar.

Ykdysady edebiýatlarda puluň hümmetiniň pese düşmeginiň dürli görnüşleri görkezilýär. Olar şu okuw kitabynyň 10.2.6-njy şekilinde görkezilendir.

Olary aýry-aýrylykda derňäliň.

**Giper inflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň güýçli depginde pese düşýän döwürlerinde ýüze çykýar. Türkmenistanyň taryhynda giper inflýasiýa SSSR döwletiniň dargamagynyň öň ýanynda, ýagny 1989-1991-nji ýyllarda boldy.

**Bökýän inflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň birden pese düşüp, soň birden hem ýokarlanýan döwürleridir.

**Çäklenen inflýasiýa** – degişli döwlet guramalary tarapyndan çäklendirilen möçberde puluň hümmetiniň pese düşmegidir.

**10.2.6-njy şekil. Puluň hümmetiniň pese düşmeginiň görnüşleri**

| |
|---|
| Giper inflýasiýa (örän gaňryş) |
| Golopirleýän (bökýän) inflýasiýa |
| Stagflýasiýa |
| Çäklenen we çäklenmedik inflýasiýa |
| Pessaý we beýleki görnüşleri |

**Çäklenmedik inflýasiýa** – bu döwletiň degişli guramalary tarapyndan çäklendirilen derejesinden geçýän inflýasiýadyr.

Puluň hümmetiniň pese düşmeginiň depginleri, köplenç, çaklanylýar. Milli maksatnamalar düzülende inflýasiýanyň iň ýokarky we pes derejeleri (nokatlary) kesgitlenilýär.

**Stagflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň pese düşmegi sebäpli, maliýe çökgünligi we önümçiligiň pese düşýän döwürlerini aňladýar.

**Pessaý inflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň pes depginler bilen aşak gaçmagyny aňladýar.

## 10.3. Maliýe töwekgelçiliklerinden gelip biljek zyýanlaryň öňüni almagyň we olary peseltmegiň usullary

Maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak syýasatyny durmuşa geçirmekligiň yzygiderligini 10.3.1-nji şekilden görmek bolar.

**10.3.1-nji şekil. Maliýe töwekgelçilikleri dolandyrmagyň yzygiderligi**

| |
|---|
| Ýüze çykyp biljek töwekgelçilikleri tapyp, olardan geljek maliýe zyýanlary bahalandyrmak |
| Maliýe töwekgelçilikleriniň derejelerine täsir edýän sebäplerini seljerip, göterip boljak derejelerini hasaplamak |
| Zyýanlaryň möçberini peseltmek üçin ýa-da olardan goranmak üçin dolandyrylýan subýektiň içinde geçirip boljak çäreleri amala aşyrmak |
| Maliýe töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmagyň görnüşlerini anyklamak |

Maliýe töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagynyň mümkinçiliklerini aradan aýyrmak üçin iş ýüzünde 10.3.2-nji şekilde görkezilen usullar ulanylyp bilner.

**10.3.2-nji şekil. Maliýe töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagynyň mümkinçiliklerini aradan aýyrmak üçin ulanylýan usullar**

| |
|---|
| has töwekgelçilikli amallary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak |
| karzyna alnan maýalaryň derejelerini peseltmek |
| pes likwidli gymmatlyklaryň möçberini azaltmak usuly |

Amaldan geljek peýda, düşewüntliligi näbelli, müşderiniň ýa-da garşydaş tarapyň maliýe ýagdaýy pes bolsa, amaly ýerine ýetirmegiň ähli harajatlary belli däl bolsa, onda bu amaly ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak maslahat berilýär.

Iş ýüzünde milli pula çalt öwrüp boljak gymmatlyklary satyn almak mydama amatlydyr. Şol sebäpli eger öňki döwürlerde pes likwidli serişdeler alnan bolsalar, olary çalt ulanmak ýa-da ýerleşdirmek maslahat berilýär.

Töwekgelçilikleri peseltmegiň usullaryny 10.3.3-nji şekilde görkezilen 3 sany esasy topara bölüp bolar.

**10.3.3-nji şekil. Töwekgelçilikleri peseltmegiň usullary**

**Töwekgelçilikleriň ýüze çykmagynyň mümkinçiligini aradan aýyrmak**

**töwekgelçilikleriň çäklerini anyklamak**

**töwekgelciliklere garşy hežirowaniýe, diwersifikasiýa, paýlaýyş we ätiýaçlandyryş işleri amala aşyrmak**

Maliýe töwekgelçilikleriniň çäklerini anyklamak üçin ulanylýan usullar şu okuw kitabynyň 10.3.4-nji şekilinde görkezilendir.

**10.3.4-nji şekil. Maliýe töwekgelçiliginiň çäklerini anyklamagyň usullary**

| |
|---|
| Maliýe hojalyk işinde ulanylýan karz serişdeleriniň çäklerini tassyklamak |
| Ýokary likwidli gymmatlyklarynyň (aktiwleriň) iň pes derejelerini anyklamak |
| Bir karzça haryt karzlaryň iň ýokary möçberini kesgitlemek |
| Bir bankda goýumynyň iň ýokary möçberini kesgitlemek |
| Bir emitentiň maliýe gurama goýulmaly maýanyň iň ýokary derejesini kesgitlemek |
| Algylaryň möçberini we möhletleriniň çäklerini kesgitlemek |

10.3.4-nji şekilde görkezilişi ýaly maliýe menejeri maliýe töwekgelçilikleriniň çäklerini öwrenmek işine köp üns bermelidir. Hasaplanyp çäklenen maliýe töwekgelçiliklerinden çykmaklyk goşmaça zyýanlara getirip biler.

Maliýe menejerleri dolandyrylýan subýektiň üstüne köp möçberlerde töwekgelçilikler ýüklenmez ýaly dürli taraplaryň arasynda, şol sanda 10.3.5-nji şekilde görkezilen taraplaryň arasynda olary paýlamagy başarmalydyr.

**10.3.5-nji şekil. Töwekgelçilikleri paýlamak usullary**

| |
|---|
| taslamanyň maýa goýujylaryň arasynda |
| haryt iberijileriň, potratçy we ş.m. guramalarynyň arasynda |
| lizing, faktoring, forfeýting ylalaşyklara gatnaşýanlaryň arasynda. |

Maliýe menejerleri şekilde görkezilen işleri şertnamalar (kontraktlar) baglaşylýan wagtynda amala aşyrmalydyrlar. Şertnamalar baglaşylmazdan öň dürli şertler içgin öwrenilmelidir.

Dolandyrýan subýektiň bähbitleri bilen birlikde işdeş taraplaryň bähbitleri hem göz öňünde tutulmalydyr. Diňe belli taraplara amatly taslamalar, şertnamalar, köplenç, oňaýly netijeleri bermeýär.

**10.3.6-njy şekil. Hežirowaniýe, diwersifikasiýa işleri amala aşyrmak**

| |
|---|
| 1. Fýuçers ylalaşyklary ulanyp |
| 2. Dürli goşmaça hyzmatlary (opsiýalary) ulanyp |
| 3. SWOP amallaryny ulanyp |
| 4. Telekeçilik işiniň görnüşlerini artdyrmak |
| 5. Depozit we karz amallaryny ulanmak |
| 6. Dürli gymmatly kagyzlary ulanmak |

10.3.6-njy şekilde görkezilişi ýaly hežirowaniýe işleri amala aşyrmak, bu dürli amallaryň kömegi bilen töwekgelçiliklerden ätiýaçlandyryş usullaryň biridir.

Iş ýüzünde şol usullary amala aşyrmak üçin dürli ýollar ulanylýar.

## 10.4. Diwersifikasiýa, ätiýaçlandyryş, hežirowaniýe we beýleki usullar

Diwersifikasiýa, ätiýaçlandyryş, hežirowaniýe we beýleki töweklgelçilikden goranmak usullary bilen tanyşmak üçin ýene-de bir gezek şu okuw kitabynyň 10.3.6-njy şekiline ýüzleneliň.

**Diwersifikasiýa** dürlüligi aňladýar. Günbatar döwletleriň ykdysadyýetçileri we raýatlary «Ähli ýumurtgalary bir sebede salmaly däl» diýen pähime eýerenlerini kem görenoklar. Bu pähimiň manysy telekeçilik işi amala aşyryljak bolsa ähli pul serişdelerini bir ugra goýum etmeli däl. Eger şeýle edilmese, köp kynçylyklaryň döremegi mümkin. Şol sebäpli töwekgelçilikleri diwersifisirlemek üçin telekeçilik işiniň görnüşlerini artdyrmaly, dürli walýutalary, gymmatly kagyzlary ulanmak maslahat berilýär.

Käbir alymlar töwekgelçilikleri diwersifisirlemek üçin hem karz almagy, hem depozit goýumlary goýmagy maslahat berýärler. Maliýe goýumlar goýlanda dürli telekeçilik işlerine goýum goýulsa töwekgelçiligi peselýär.

**Hežirowaniýe ýa-da hežirlemek – bu** -ätiýäçlandyrmak sözüne ýakyn söz bolsa-da, ätiýäçlandyrmak we hežirlemek sözleriniň düýp manysynda tapawut bar. Ätiýaçlandyryş işleri ätiýäçlandyryş kompaniýasynyň ýa-da ätiýäç gaznalarynyň hasabyna geçirilýär. Hežirlemek işleri bolsa hedž gaznalar (kompaniýalar) tarapyndan alyjylaryň we satyjylaryň nyrhlary ätiýaçlandyrylyp geçirilýär. Hežirlemek üçin olar fýuçers, Swop ylalaşyklary ätiýaçlandyrýarlar. Eger bir ylalaşyk zyýan getirse, başga ylalaşykdan hökmany ýagdaýda peýda geler ýaly ylalaşyklar baglaşylýar.

**Iş ýüzünde maliýe töweklgelçilikleri paýlanyp bilner.** Olary taslamanyň maýa goýujylarynyň, lizing, faktoring, forfeýting ylalaşyklaryna gatnaşýanlaryň arasynda paýlap bolýar. Maliýe dolandyryjy (menejer) şertnamalary baglaşanda şol ýagdaýlary göz öňünde tutmalydyr.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kärhanalar «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy bilen şertnama baglaşyp bilerler. Bu kompaniýa şu aşakdaky obýektleri ätiýaçlandyrýar:

**10.4.1-nji şekil. Ätiýaçlandyrylyşyň obýektleri**

| |
|---|
| Emläkler, şol sanda ulag serişdeleri, jaýlar we başgalar |
| Adamlaryň jan saglygy, şol sanda belli hünärmenleriň we syýahatçylaryň |
| Mallar |
| Oba hojalyk ekinleri |
| başga obýektler |

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy bilen şertnama baglaşyp, kärhanalar öz binalary, desgalary, maşynlary, enjamlary, önümleri, çig maly we beýleki emlägi şu öňünden görülmedik ýagdaýlardan, ýagny emlägiň weýran bolmagyna ýa-da oňa zeper ýetmegine sebäp bolan ýangyndan, suw joşmagyndan, çabgaly ýagyşdan, gaý-harasatdan, sil gelmeginden ätiýaçlandyryp bilerler.

Ätiýaçlandyryş tölegleri görkezilen emlägiň bahasynyň 0,1%-den - 0,9%-e çenlidir, hemişelik müşderilere bolsa töleglerden 5%-15% -e çenli indirim we ätiýaçlandyryş şertnamasy dikeldilen mahaly ýeňillikli aý möhleti berilýär.

Ulag serişdeleri ätiýaçlandyrylanda «Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy we onuň guramalary ätiýaçlandyrylyşyň üç görnüşini, ýagny:

– awtomobil ulagynyň islendik görnüşini (kasko);
– sürüjileri, ýolagçylary;
– raýatlyk jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmagy hödürleýärler.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň esasynda kärhana resminamada görkezilen hadysalardan ätiýaçlandyryjydan aşakdaky ýagdaýlarda, ýagny

– ýol-ulag hadysalaryndan;
– ulagyň hem-de onuň ätiýaçlyk şaýlarynyň ogurlanmagyndan;
– onuň ýanmagyndan ýa-da öz-özünden ot almagyndan;
– predmetleriň (zatlaryň) ýa-da daşlaryň gaçmagyndan;
– başga biriniň bikanun hereketlerinden ýeten maddy zyýanyň öwezini dolmagy talap edip biler.

Ulag serişdeleri olaryň hakyky bahasynyň möçberinde ätiýaçlandyrylyp bilner. Ätiýaçlandyrma şertnamasy 1 ýyllyk ýa-da

19. Sargyt № 3078

1 aýlykdan 11 aýlyga çenli möhlet bilen baglaşylýar. Ätiýaçlandyryş guramasy ýeten zyýanyň öwezini zerur bolan resminamalary bar bolan ýagdaýynda şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýda töleýär.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy «Merkur Assistans» kompaniýasy bilen şertnama baglaşyp, şu aşakdakylara, ýagny

– daşary ýurtlarda gaýragoýulmasyz kömegiň gije-gündizläp işleýän merkeziniň hyzmatyndan peýdalanmaga;

– şu merkezde ýokary hünärli saglygy goraýyş işgärlerinden ybarat toparyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga;

– Ýer ýüzüniň islendik nokadyna keselhanalaryň, ätiýaçlandyrýanyň ýanynda bolýan lukmanlaryň we lukmançylyk işgärleriniň hyzmatlaryndan peýdalanmaga;

– näsaglary ýokary derejedäki keselhanalara we yzyna öýlerine getirmek üçin howa hem-de ýerüsti serişdelerden peýdalanmaga.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy Türkmenistanyň daşary ýurtlarda bolýan raýatlaryna şu aşakdaky ýagdaýlarda lukmançylyk çykdajylarynyň öwezini dolar:

– ambulatoriýa bejergisi;

– derman we daňy serişdeleri;

– bedene zeper ýetende we döwük-ýenjik ýüze çykan mahaly lukmançylyk kömeginiň berlendigi;

– radioterapiýa, fototerapiýa we ýylylyk bilen bejergi;

– rentgen arkaly keseli anyklaýyş;

– keselhanada stasionar bejergi;

– operasiýalary geçirmek boýunça çykdajylar;

– keselhana ýa-da ýörite klinika näsagy eltmegiň bahasy;

– näsaglary öýüne eltmek boýunça goşmaça çykdajylar.

Ätiýaçlandyrma bilen üstüni dolmagyň çäkleri 15 müň amerikan dollaryndan 50 müň amerikan dollaryna çenlidir, şunda ätiýaçlandyrma tölegi daşary ýurtda bolmagyň her güni üçin 0,7 amerikan dollaryndan 1,4 amerikan dollaryna çenlidir.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» kompaniýasy aşakdaky mallary we guşlary ätiýaçlandyryp biler:

– gara mallary, atlary, düýeleri;

– goýunlary, geçileri, doňuzlary;

– öý guşlaryny.

Ätiýaçlandyrma öwezini dolmak ähli zerur resminamalar berlenden soň 7 günüň dowamynda tölenilýär. Eger ätiýaçlandyrmagyň şertnamasy bir ýyla baglaşylsa, onda ätiýaçlandyryş tölegleri tölenilmeli möhletlere bölmek bilen tölenilýär. Ätiýaçlandyryş tölegleri ätiýaçlandyrma pul möçberleriniň gara mallar boýunça - 10%-ne, doňuzlar boýunça – 9%-ne, dowarlar boýunça – 10%-ne, atlar, düýeler boýunça – 9%-ne, öý guşlary boýunça – 5%-ne barabardyr.

Oba hojalyk ekinlerinden aşakdakylar ätiýaçlandyrmaga kabul edilýär:

– oba hojalyk ekinleri;

– agaçlar we miwe-ir-iýmişi berýän ekinler.

Oba hojalyk ekinleri olary ekmegiň (senenama) möhletinden gijä galynman, köp ýyllyk ösümlikler bolsa hasyl berýän ýaşda ösüşden galan mahaly (gyşa gidenden) ätiýaçlandyrmaga kabul edilýär.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramalary tarapyndan ekerançylyk bilen meşgullanýan kärhanalaryň zähmetiniň miwelerini ätiýaçlandyryp, aşakdaky hadysalardan soň kömek edip bilerler:

– çabgaly ýagyşdan we dolydan, tupandan hem-de harasatdan, ýangyndan, gurakçylykdan, doňaklykdan, sil gelmeginden, suwsuzlykdan we suwuň az bolmagyndan;

– ýabany haýwanlar we uçup geçýän guşlar tarapyndan ýok edilmeginden;

– ösümlikleriň kesellerinden we zyýan beriji mör-möjeklerden;

– beýleki öňünden görülmedik ýagdaýlardan.

Ätiýaçlandyryş tölegleri hasylyň gymmatynyň güýzlük däne ekinleri boýunça – 7%-ne, ýazlyk däne ekinleri boýunça – 3%-ne, pagta boýunça – 13-14%-ne, tehniki ekinler, kartoşka, gök, bakja ekinler boýunça – 14%-ne, ot-iýmlik ekinler boýunça – 1%-ne, miwe-ir-iýmiş berýän ösümlikler boýunça – 19%-ne we köp ýyllyk ösümlikler boýunça – 2%-ne barabardyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary kärhanalaryň arzalary esasynda baglaşylýar. Arza bilen bilelikde ätiýäçlandyryş guramasyna başga resminamalar, ýagny kärhananyň, onuň emläkleriniň, ulag serişdeleriniň, mallaryň hukuk resminamalary, saglyk barada güwänamalar, ýol hatlar (putýowkalar) we başgalar tabşyrylýar.

Şertnama baglaşylmazdan öň ätiýaçlandyryljak obýektler ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan barlanylýar. Barlaglar hadysalardan soň hem geçirilýär. Hadysalar suratlandyrylýar. Zyýanlaryň öwezi nagt we nagt däl görnüşinde gaýtarylyp bilner. Nagt görnüşinde pul kömekleri çek arkaly berilýär. Nagt däl görnüşinde pullar kärhananyň hasaplaşyk ýa-da walýuta hasabyna geçirilýär.

Kärhananyň ýolbaşçylary ätiýaçlandyryş işlerini geçirmek üçin «Ätiýaçlandyryş hakynda» kanuny gowy bilmelidirler. Ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşmazdan öň kärhananyň ýolbaşçylary onuň ähli şertlerini öwrenip, göz önüne tutmalydyrlar. Hadysa bolandan soň öz wagtynda zerur bolan resminamalary ýygnamalydyrlar we degişli ätiýäçlandyryş guramasyna wagtynda ýüz tutmalydyrlar.

Töwekgelçilikden goranmaklygy we ätiýaçlandyrma işlerini şertli iki usula – tehniki we maliýe ätiýaçlandyryş usullaryna bölmek bolar.

Maliýe ätiýaçlandyryş usullary, köplenç, ykdysady, pul gatnaşyklary bilen baglydyrlar.

Tehniki ätiýaçlandyryş usullary ulanylanda, köplenç, goşmaça maliýe serişdeleri talap edilmeýär. Mysal üçin, tehniki howpsuzlyk barada işgärler bilen gürrüň geçirilende, gurulan jaýlar ýa-da başga enjamlar kanunlara we talaplara laýyklykda tabşyrylyp, kabul edilende goşmaça çykdajylardan goralýar. Emma käbir ýagdaýlarda tehniki ätiýaçlandyryş işleri geçirilende goşmaça maliýe serişdeleri hem talap edilýär. Mysal ücin, ýangyn howpundan goranmak üçin kärhanalar goşmaça enjamlary – bedreleri, paltalary, pilleri we ş.m. almaga mejbur bolýarlar. Şol sebäpli käbir halatlarda tehniki we maliýe ätiýaçlandyryş usullarynyň gabat gelýän hasiýetleri hem bar.

Ykdysady edebiýatlarda ätiýaçlandyryş usullary ýene-de hökmany we meýletin ätiýaçlandyryş usullary diýen iki topara bölünýärler. Hökmany ätiýaçlandyryş usullary döwlet tarapyndan tassyklanylyp, hökmany ýerine ýetirilmegi talap edilýär. Mysal üçin, işgärleriň zähmet hakyna görä, kärhanalar hökmany durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna pul serişderelerini geçirmelidirler. Ulag serişdeleri täzeden hasaba alnanda olar hökmany döwlet möçberinde kesgitlenen mukdarda ätiýaçlandyrylmalydyr. Kärhana ätiýaçlandyrmak barada şertnamasyny baglaşmadyk ýagdaýynda ulag serişdeleri täzeden döwlet belligine alynmaýar.

Kärhanalar öz ulag serişdelerini meýletin ätiýaçlandyryp hem bilerler.

Kärhananyň işgärleri medisina ätiýaçlandyryş, pensiýa gaznalaryna zähmet haklaryny öz arzalary boýunça hem geçirip bilerler.

Kärhanalar ätiýaçlandyrma işlerini geçirmek üçin öz serişdelerini ätiýaçlandyrma guramasyna hem geçirip bilerler.

Ýokardaky maglumatlary jemläp alanymyzda, töwekgelçiliklerden goranmak üçin kärhanalaryň dolandyryjylary şu aşakdaky zerur işleri geçirmelidirler:

– işgärler bilen tehniki howpsuzlyk hakynda gürrüňleri geçirip, ýörite kitaplarda bellikleri we işgärleriň gollaryny ýygnamalydyrlar;

– esasy serişdeleri gurmak, satyn almak bilen bagly taslamalary seljerip barlamalydyrlar;

– esasy serişdeler kabul edilende olaryň tehniki howpsuzlygyny barlamalydyrlar;

– ýangyn howpundan goranmak üçin ýörite tehniki serişdeleri satyn alyp, belli ýerlerde olary abat saklamalydyrlar;

– ulag serişdelerini ätiýaçlandyrmak üçin hökmany we meýletin ätiýäçlandyryş şertnamalary baglaşylmalydyr;

– durmuş ätiýaçlandyryş gaznalaryna pul serişdeleri geçirilmelidir;

– işgärleriň zähmet hakyndan meýletin medisina we pensiýa gaznalara baglaşylan şertnamalara laýyklykda pul serişdeleri geçirilmelidir;

– käbir işgärleriň wezipelerinde howply işler bilen meşgullanmak göz öňünde tutulýan bolsa kärhananyň ýolbaşçylary ätiýaçlandyryş kompaniýasy bilen şertnama baglaşyp, şol işgärleriň jan saglygyny ätiýaclandyrmalydyrlar;

– kärhananyň girdeji alýan ugurlaryny artdyrmalydyrlar (bir ugurdan gelýän girdejileri kemelse, başga ugurdan girdejiler köpeläýmegi ahmal);

– şertnamalary dürli walýutalarda baglaşmalydyrlar (bir walýutanyň hümmeti gaçsa, başga walýutalaryň hasabyna ýitgileri ýapmak üçin);

– içeri we halkara hasaplaşyklarynda hasaplaşygyň töwekgelçiligini peseldýän görnüşlerini ulanmalydyr. Mysal üçin, hyzmat ýeri-

ne ýetirilmezinden öň, deslapky tölegi talap edilmelidir, akkreditiw hasaplaşyklaryň dürli görňüşleri ulanylmalydyr we ş.m.

Akkreditiw hasaplaşygy barada şu okuw kitabynyň öňdäki sahypalarynda giňişleýin maglumatlar berlen.

## Barlag soraglary

1. Telekeçiligiň ulgamynda töwekgelçiligiň görnüşleri we maliýe töwekgelçilikleriniň orny näme?
2. Maliýe töwekgelçilikleriniň görnüşleri haýsylar?
3. Maliýe töwekgelçiliklerini peseltmegiň usullary haýsylar?
4. Hedžirleme düşünjesi näme?
5. Diwersifikasiýa we onuň düşünjesi näme?
6. Töwekgelçiligi paýlamak usullary haýsylar?
7. Töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak usullary haýsylar?
8. Karz töwekgelçilikleri we olary peseltmegiň usullary haýsylar?
9. Göterim töwekgelçiligi näme?
10. Puluň hümmetsizliginiň töwekgelçiligi näme?
11. Maýa goýum töwekgelçiligi näme?
12. Salgytlaryň üýtgemeginiň töwekgelçiligi näme?
13. Puluň hümmetsizligi we ondan goranmagyň usullary haýsylar?
14. Walýuta, ýurt, syýasy we beýleki töwekgelçilikler haýsylar?
15. Maliýe töwekgelçilikleri we maliýe menejeriniň wezipeleri näme?

# XI BAP

## PUL GATNAŞYKLARYNDA MALIÝE MENEJLERINIŇ WEZIPELERI WE ORNY

### 11.1. Pul aýlanyşygy, onuň nazaryýeti, düzümi we kanunlary

Pullaryň emele gelmeginiň taryhy gadymy döwürlerden başlanýar. Adamzadyň ýaşaýyş-durmuşynyň ösmeginiň netijesinde, zähmet bölünişigi çuňlaşyp, önümçilik ýöriteleşip, artykmaçlyk we ýetmezçilik ýüze çykyp, adamlaryň arasynda alyş-çalyş emele gelýär. Şunuň bilen baglylykda alyş-çalyşa niýetlenip öndürilen harytlaryň gymmatyny ölçemek we kesgitlemek zerur şerte öwrülýär. Adamzat jemgyýeti alyş-çalyşlary aňsatlaşdyrmak üçin bir harydy saýlap almaly bolýar. Şol haryt dürli wezipeleri ýerine ýetirip, özüniň hakyky görnüşini ýitirmän, islegi ödeýiş gymmatyny hem saklaýan aýratyn haryt bolmaly bolýar. Adamzat jemgyýeti özüniň ösüş döwründe köp ýollary geçip, iň gymmatly serişdeleri, ýagny altyny, kümüşi saýlap almaly bolýar.

Altyn, kümüş pullardan soň jemgyýet kagyz, elektron we başga pullara geçýär.

Ykdysady edebiýatlarda pula dürli kesgitlemeler berilýär. Şolaryň arasynda iň köp duşýan kesgitlemeleriň biri-de şu aşakdakydyr:

Pul – umumy barabarlygyň wezipesini ýerine ýetirýän aýratyn bir harytdyr.

Käbir alymlaryň hasaplamagyna görä pul barada ýazylan kitaplaryň sany söýgi barada ýazylan kitaplardan hem köp. Sebäbi söýgi barada kitaplarda hem pul gatnaşyklary, köplenç, agzalýar.

Ykdysady edebiýatlarda puluň dürli nazaryýetlerine, şol sanda mukdar, keýnsian, neokeýnsian we başga nazaryýetlere seredilýär.

Nazaryýetleriň köpüsi puluň düýp manysyny has giň öwrenmäge ýardam berýärler. Emma pul bilen bagly köp nazary meselelerde alymlaryň arasynda ýeke-täk pikir (düşünje) ýok. Şol sebäpli tejribede dürli nazaryýetleriň amatly taraplary ulanylýar. Onuň aýdyň mysaly hökmünde pul dolanyşygynyň esasy kanunyny özüne jemleýän mukdar nazaryýetini görkezmek bolar.

Mukdar nazaryýeti boýunça döwlet pul serişdelerini dolanyşyga çykaranda pul dolanyşygynyň esasy kanunynyň gyşarnaksyz berjaý edilmegi talap edilýär. Şol kanuna laýyklykda döwletiň içinde dolanyşyga çykarylan puluň möçberi şu aşakdaky usul esasynda hasaplanmalydyr:

$$P = (HHIB - ÜT - K + BT) : T,$$

bu ýerde

*P* – dolanyşyga çykarylmaly puluň möçberi;
*HHIB* – harytlaryň, hyzmatlaryň, işleriň jemi bahasy;
*ÜT* – üzülişýän tölegler;
*K* – karzyna alnan harytlar (hyzmatlar);
*BT* – borçnamalar boýunça tölegler;
*T* – pul dolanyşygynyň tizligi.

Harytlaryň, hyzmatlaryň möçberi artýan bolsa puluň möçberi hem artdyrylmalydyr. Pul serişdeleri çalt aýlansa dolanyşyga gerekli puluň möçberi azalmalydyr. Pullar haýal aýlansa, dolanyşyga gerekli puluň möçberi artýar.

Pul dolanyşygynyň esasy kanunyny ilkinji oýlap tapan we çap eden dünýä belli alym Karl Marksdyr. Bu nazaryýetiň ilkinji tarapdarlarynyň biri bolan alym Jon Keýns soňra bu (mukdar) nazaryýetiň kem tarapyny tapdy. Onuň pikirine görä, mukdar nazaryýeti önüm öndürijiligiň çalt ösmegine zyýan berýär. Harytlaryň teklipleri köpelende nyrhlar pese düşüp, önüm öndürijileriň batmagyna hem maliýe çökgünligine getirýär. Alymyň pikirine görä hakykatdan haryt teklipleriniň artmagy, ilatyň töleg ukyplylygynyň pesligi bilen baglydyr. Meseläni çözmek üçin, alym dolanyşyga goşmaça pul serişdelerini goýbermek teklibini öňe sürýär. Günbatar Ýewropa döwletleriniň baştutanlary geçen asyrda şol tekliplere ýol berip,

maliýe çökgünliginden üstünlikli çykdylar. Häzirki döwürde-de ösen döwletleriň baştutanlary dünýä boýunça ýaýran maliýe çökgünligini ýeňmek üçin neokeýnsian nazryýetine esaslanyp, döwlet kömeklerini berýärler. Emma, neokeýnsian nazaryýetiniň hem kem tarapy bar. Ol goşmaça pullaryň dolanyşyga goýberilmegi, pullaryň hümmetiniň pese düşmegine getirýär.

Ykdysady edebiýatlarda, köplenç, puluň 11.1.1-nji şekilinde görkezilen 5 wezipesi görkezilýär.

**11.1.1-nji şekil. Puluň wezipeleri**

| |
|---|
| Harydyň ölçegi |
| Dolanyşyk serişdesi |
| Töleg serişdesi |
| Maýa toplaýyş |
| Dünýä puly |

Puluň wezipeleriniň atlary öz düýp manysyny görkezýär.

Birinji wezipesi ýerine ýetirilende puluň kömegi bilen ähli harytlaryň gymmat ölçegi geçirilip olaryň bahalary kesgitlenilýär.

Ikinji wezipesiniň kömegi bilen pul haryda ýa-da harytdan pul görnüşine geçirilip dolanýar (aýlanýar).

Puluň üçünji wezipesi, onuň kömegi bilen dürli tölegler geçirilende, mysal üçin, zähmete hak, býujete, harytlara (hyzmatlara), ýerine ýetirilen işlere we başga tölegler geçirilende ýüze çykýar.

Puluň dördünji wezipesi dürli maksatly, ähli görnüşlerde maýa goýumlar toplananda ýüze çykýar.

Puluň bäşinji wezipesi puluň dünýä bazarlaryna çykmagyny aňladýar. Daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklary saklamak üçin, milli puly başga pul birliklere çalyşmaly bolýar. Sebäbi pulsuz (harytsyz) dünýä bazaryna çykmak mümkin däl. Dünýä bazaryna çykmagyň şertleri barada şu okuw kitabynda giňişleýin maglumatlar berler.

Puluň kömegi bilen üznüksiz önümçilik emele gelýär. Üznüksiz önümçiligi aşakdaky formulanyň kömegi bilen kesgitlemek bolar:

$P = (Ög + Ig) - (H + ) - (P + ),$

bu ýerde *P* – pul, *Ö*g-öndüriji güýçler, *I*g.-iş güýji, (*H*+) – haryt goşmak bilen, (*P*+) – pul goşmak bilen.

Öndüriji güýçlere öz gezeginde esasy we dolanyşyk serişdeleri degişlidir.

Eger pul serişdeleri yzygiderlilikde ýokarda görkezilen tertipde täzeden goýum edilýän bolsa şu hereketler (dolanyşyga) üznüksiz önümçilik diýlip atlandyrylýar.

Üznüksiz önümçilik ykdysady edebiýatlarda **ýönekeý we giňeldilen** diýen iki topara bölünýär. Bir möçberdäki pul goýumlaryna **ýönekeý üznüksiz önümçilik diýilýär**. Eger üznüksiz önümçilige goýulýan goýumlaryň möçberi artýan bolsa, onda oňa ykdysady edebiýatlarda **giňeldilen üznüksiz önümçilik diýilýär**.

Pullaryň hümmeti (gymmaty, kursy), alyjylyk ukyby döwlet tarapyndan we bazarda (biržalarda) kesgitlenilýär. Adamzat jemgyýeti üçin puluň hümmetini saklamak wajyp meseleleriň biridir. Puluň hümmetine dürli hadysalar täsir edýär. Şol sanda banklaryň kärhanalar bilen pul gatnaşyklary puluň hümmetine täsiri örän uludyr.

Pul aýlanyşygy – bu pul serişdeleriniň bankdan çykyp, birnäçe işjeň hereket pursatlaryndan geçip, ýene-de öňki ýerine barmagydyr.

Pul aýlanyşygy ykdysady edebiýatlarda, nagt we nagt däl, karz we elektron pul serişdeleriniň aýlanyşygyna bölünýär. Banklar bolsa pul toplumlary (agregatlary) şeýle bölýärler:

MO-nagt pul serişdeleri;

M1=M0+hasaplaşyk hasabyndaky serişdeler;

M2 =M1+talap edilýänçe goýumlar, möhletli depozitler, gysga möhletli gymmatly kagyzlar;

M3=M2+bank tarapyndan gözegçilik edilýän gymmatly kagyzlaryň hemmesi;

M4=M3+gymmatly kagyzlaryň hemmesi.

## 11.2. Kärhanada pul aýlanyşygy we onuň meýilleşdirilişi

Kärhanalar banklarda pul amallaryny, ýagny nagt we nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin şahsy hasaplaşyk hasaplary açdyrmalydyrlar we çek kitapçasyny satyn almalydyrlar.

Bankda hasaplaşyk hasabyny açmak üçin kärhana tarapyndan banka aşakdaky resminamalar tabşyrylýar:

**11.2.1-nji şekil. Bankda hasaplaşyk hasabyny açmak üçin kärhana tarapyndan banka tabşyrylýan resminamalar**

| |
|---|
| Arza |
| Esaslandyryş resminamalarynyň göçürmeleri (döwlet belligine alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň, esasnamanyň, esaslandyryjylaryň şertnamasynyň göçürmeleri) |
| Gollaryň nusgalary bolan kartoçka |
| Salgyt töleýji hökmünde hasaba alnandygy hakynda salgyt gullugynyň güwanamasy |
| Ygtyýarnamalaryň göçürmeleri |

Kärhananyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdesi bolmadyk ýagdaýynda ol şol hasapdan hiç hili amallary geçirip bilmez.

Çek kitapçasyny satyn almak üçin kärhanalar banka ýörite arza ýazmalydyrlar. Alnan çek kitapçasynyň sanawlary bankda hasaba alynýar.

Kärhanalara girdejiler dürli görnüşde – nagt, nagt däl, elektron (karz kartoçkalar) pul serişdeleri, haryda – haryt (barter) we başga görnüşlerde gelip biler. Girdejiler dürli görnüşdäki resminamalar esasynda, ýagny girdeji kassa orderi, çek, töleg tabşyryknamasy ýa-da talaby, bank ýa-da elektron geçirmesi we başga görnüşlerde hasaba alynýar.

Kärhananyň dürli görnüşdäki çykdajylary hem ýokarda görkezilen girdejiler ýaly degişli resminamalar, şol sanda çykdajy kassa orderi, töleg sanawy, hasap faktura, şertnama we başgalar esasynda hasaba alynýar.

Häzirki döwürde **nagt hasaplaşyklar** 2006-njy ýylyň noýabr aýynyň 27-ne Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 84-nji buýrugy bilen tassyklanylan we şol ýylyň dekabr aýynyň 8-ne 423-nji sanaw bilen Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alnan «Türkmenistanda kassa amallary ýöretmegiň düzgüni», **nagt däl hasaplaşyklar** bolsa 2009-njy ýylyň

19-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 6-njy buýrugy bilen tassyklanylyp we şol ýylyň fewral aýynyň 24-ne 483-nji bellik bilen Türkmenistanyň Adalat ministriligi tarapyndan bellige alnan «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünnamasy» esasynda geçirilýär.

Kärhanalaryň girdejileri we çykdajylary görnüşleri boýunça, kärhana tarapyndan meýilnamalaşdyrylýar. Meýilnamanyň bir nusgasyny ähli kärhanalar kesgitlenilen görnüşinde banklara tabşyrýarlar.

Banklar şol resminamalary kärhanalardan ýygnap, öz pulhanasynyň çaklamasyny we nagt pullaryň töleg meýilnamasyny düzýärler.

Kärhanalar öz resminamalarynda nagt görnüşinde geljek girdejileriň we sarp ediljek pul serişdeleriniň mukdaryny görkezýärler.

Biziň ýurdumyzda kärhanalar zähmet haky, köplenç, aýda iki gezek töleýärlar. Aýyň birinji ýarymynda hakujy (awans), ikinji ýarymynda bolsa gutarnykly zähmet haklary meýilnamalaşdyrylyp tölenýär.

Zähmet hakynyň tölenjek gününi banklar we müşderiler (kärhanalar) öňünden bilmelidirler.

Kärhanalaryň meýilnamalary banklar üçin pul aýlanyşygyny sazlaşykly guramaga esas bolmalydyr.

Kärhana bilen bankyň arasynda hasaplaşyk-kassa hyzmatlary üçin ýörite şertnama baglaşylýar. Şertnamada başga şertler bilen bilelikde hyzmatlaryň bahasy görkezilýär.

Öňünden meýilnamany (resminamany) bermedik we hyzmatlar üçin şertnamany baglaşmadyk kärhanalara, bank öz hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr.

Bankyň öz nagt pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtynda ol öňünden hereket edip, Merkezi bankyň kömegi bilen şol ýetmezçiligi ýapmalydyr.

Kärhanalar öz nagt pul serişdelerini hökman oňa hyzmat edýän bankyna tabşyrmalydyrlar. Kärhananyň pulhanasynda saklanylmaly pul serişdeleriniň mukdary bank tarapyndan kesgitlenilýär we çäklendirilýär. Çäklenen derejeden artykmaç pul serişdelerini saklaýan kärhanalara garşy salgyt gullugy we bank tarapyndan maliýe çäreleri geçirlip bilner.

## 11.3. Banklara nagt pullary tabşyrmagyň we olardan pul serişdelerini almagyň tertibi

Kärhanalar banklara nagt pullary, şol sanda daşary ýurtlaryň pul birliklerini 11.3.1-nji şekilde görkezilen usullar bilen tabşyryp bilerler.

**11.3.1-nji şekil. Banklara nagt pullary tabşyrmagyň usullary**

| |
|---|
| Müşderiň öz işgärleri tarapyndan, şol sanda goragçylar bilen |
| Bankyň pul ýygnaýjysynyň (inkassatorlaryň) kömegi bilen |
| Birleşdirilen kassalaryň üsti bilen |
| Aragatnaşyk edaranyň kömegi bilen |

Birinji usul esasynda nagt pullary iberýän kärhanalar ýörite resminamany doldurmalydyrlar. Şol resminama üç bölekden, ýagny bildiriş, kwitansiýa we order bölekden ybaratdyr. Bildiriş bankda galýar, kwitansiýa puly tabşyrýana berilýär, order bolsa kärhananyň özüne şahsy hasabynyň göçürmesi bilen bilelikde gowşurylýar.

Pul ýygnaýjylaryň kömegi bilen pul serişdelerini tabşyrmak üçin kärhana Merkezi bankyň inkassasiýa bölümi bilen ýörite şertnama baglaşýar. Şol şertnamada pul tabşyrmagyň tertibi, inkassasiýa hyzmatlarynyň bahasy, taraplaryň hukuklary, borçlary we başga şertler görkezilýär. Pul serişdelerini tabşyrmak we kabul etmek işleri, köplenç, kärhananyň binasynyň birinji gatynda amala aşyrylýar. Eger kärhana ikinji ýa-da ýokary gatlarda ýerleşýän bolsa, onda kärhananyň işgärleri bankyň pul ýygnaýjylaryny daşyna çykaryp, tä ulag serişdesine münýänçäler ugratmalydyrlar.

Inkassasiýa işlerini geçirmek üçin her kärhana ýörite jübüt sanly pul haltasy berkidilýär. Şol pul haltalarynyň deň paýynyň bir bölegi banka iberilýän bolsa, beýlekisi kärhananyň özünde bolmalydyr.

Pul ýygnaýjylar gelmezden öň, pul serişdeleri kärhana tarapyndan taýýarlanmalydyr. Pul haltasy ýörite düzgün boýunça ýapylmalydyr. Ýygnaýjylar (inkassatorlar) gelýänçä pul haltasy demir seýfde saklanmalydyr. Demir seýfiň açary bolsa pulhananyň işgäriniň özünde saklanmalydyr. Pul haltasynyň ýörite jübüsinde puly iberýän tarapyň maddy jogapkärçiligini çekýän işgäri ugradyjy sanawnamany

goýmalydyr. Şol sanawnama üç görnüşde doldurylýar. Birinji nusgasy, kärhananyň özünde galmalydyr. Ikinji nusgasy, pul haltanyň ýokarda bellenilişi ýaly ýörite jübüsine salynýar. Üçünji nusgasy bolsa, gol çekdirilip pul ýygnaýjynyň öz eline berilýär.

Pul ýygnaýjylary pul haltanyň özüniň we pul haltanyň daşyndaky gurşun berkitmesiniň (plombanyň) bütewüligine jogap berýärler. Eger pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolmasa hem-de bankda sanalanda pul haltasynda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda oňa pul ýygnaýjylar jogap bermelidir. Eger pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolsa hem-de pul haltasynda bankda sanalanda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda ýetmezçilige pul ugradýan tarap jogap bermelidir.

Kärhananyň bölümçeleri, dükanlary köp bolanda pullar bir birleşdirilen kassa ýygnalýar we şol kassadan banka ýokarda görkezilen usul bilen tabşyrylýar.

Hyzmat edýän bank kärhanadan daşda ýerleşende pul serişdeleri banklara aragatnaşyk kärhanalarynyň kömegi bilen tabşyrylyp bilner. Tabşyrylan pul serişdeleri kärhananyň bankdaky hasaplaşyk hasabyna ýazylýar. Aragatnaşyk kärhanalary pullary banka tabşyrmak üçin ýöriteleşdirilen işgärleri, tehniki we başga serişdeleri ulanýarlar.

Bankdan nagt pullar çek esasynda alynýar.

Çek üç bölekden ybarat:

– koreşok;
– çek;
– gözegçilik markasy.

Çekde aşakdaky maglumatlar ýazylýar:

– kärhananyň doly ady;
– hasaplaşyk hasabynyň belgisi;
– pul alyjynyň ady, familiýasy, atasynyň ady;
– çegiň doldurylan senesi;
– pul almaklygyň maksady;
– alynjak pul serişdeleriniň möçberi (san bilen we ýazmaça);
– pul serişdelerini alýan raýatyň resminamasynyň maglumatlary (pasport seriýasy, belgisi, berlen wagty, kim tarapyndan berleni);
– pul berýän bankyň möhür-tagmasy (ştampy) we onuň ýerleşýän ýeri (şäheri, etraby, etrapçasy).

Doldurylan çegi on günüň dowamynda ulanyp bolýar. Çekde düzediş işlerini geçirmek gadagandyr. Çekde ýalňyş goýberilen bolsa, täze çek doldurylýar. Eger çek doldurylanda ýalňyş goýberilen bolsa, onuň ýüzi çyzylýar hem özi çek kitapçasyna çatylyp, onuň içinde saklanmalydyr.

Çeklerde ýazmaça alynjak pul serişdeleriniň möçberi uly harpdan başlanmalydyr. Pul serişdeleriniň möçberi üýtgedilmez ýaly, ýazmaça we san bilen ýazgylaryň öň ýanynda we soňunda boş ýer galdyrylmaly däldir. Alynjak puluň möçberi ýazylandan soň, çekde boş ýer galýan bolsa, olaryň üsti çyzyklar bilen çyzylýar.

Bankyň işgäri dogry doldurylan çegi alyp, onda görkezilen gollary, möhüri gollaryň nusgalary bolan kartoçkasy bilen deňeşdirip, hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň möçberi ýeterlik derejede bar bolsa, çekde görkezilen möçberini hasapdan aýryp, pulhananyň žurnalyndan amaly geçirip, çegiň gözegçilik markasyny pul alyja kesip berýär. Şondan soň çek içerki ýol bilen bankyň pulhanasyna iberilýär.

Bankyň pulhanasynyň işgäri çegi alandan soň, ony täzeden barlap, çekdäki gollary olaryň nusgalary bilen deňeşdirip, pul serişdelerini taýýarlap başlaýar. Pullar taýýar bolandan soň, bankyň pulhanasynyň işgäri yörite tabloda çegiň sanaw belgisini ýazýar. Öz çeginiň sanaw belgisini görüp, pul alyjy pulhananyň ýanyna baryp, gözegçilik markasyny berip şahsy resminamany görkezmeli we alynmaly pul serişdeleriniň möçberini agzamaly. Agzalan möçberi we çegiň hem gözegçilik markanyň bellik sanawnamalary deň gelen wagtynda pul serişdeleri çekde görkezilen pasportyň ýa-da başga ş.m. resminamanyň esasynda berilýär. Eger bankda tablo bolmasa, onda pul alyjy bankyň pulhanasyna özi barmalydyr.

Puly alandan soň pul alyjy bankyň içinde ýörite görkezilen ýerde olary sanap, hasabyny çykarmaly. Kem çykan pul serişdeleri ýörite resmileşdirilýär we müşderä onuň ýetmedik möçberi doly gaýtarylyp berilýär.

Eger pullaryň ýetmezçiligi (kemligi) olar bankdan çykarylandan soň ýüze çykarylsa, onda banklar müşderileriň şikaýatlaryny hasaba almaýarlar.

Bankdan alnan pul serişdeleri kärhanada şol günüň içinde barlanyp, hasaba alynmalydyr. Kärhananyň buhgalterlik hasabynda täze

halkara ülňülerine laýyk gelýan hasaplaryň meýilnamasy boýunça aşakdaky ýazgylar edilýär:

Dt 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri» Kredit 6212 55 00«Milli pul birliginde hasaplaşyk hasabynyň pul serişdeleri».

Kärhanyň pulhanasyna serişdeleri hasabat bermeli adamlardan gelende täze halkara standartlara laýyk gelýan hasaplaryň meýilnamasy boýunça şeýle ýazgylar edilýär: Dt 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri» Kredit 6319 53 00» Işgärlere gysga möhletleýin bergisi».

Hasabat bermelere pul serişdeleri pulhanadan berlende buhgalterlik hasabynda täze halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasy boýunça şeýle ýazgylar edilýär:

Dt 6219 52 00 «Işgärleriň gysga möhletleýin algysy» Kredit 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri».

Zähmet haky pulhanadan tölenende buhgalterlik hasabynda täze halkara ülňülerine laýyk gelýan hasaplaryň meýilnamasy boýunça şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 2111 41 00 «Zähmet haky» Kredit 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri».

Kärhananyň pulhanasyna girdejiler nagt görnüşinde gelende buhgalterlik hasabynda täze halkara ülňülerine laýyk gelýän hasaplaryň meýilnamasy boýunça şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri»

Kredit 6218 51 00 «Satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyklar».

Debet 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri»

Kredit1421 46 00 «Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden gelen gaýry girdejiler».

Kärhananyň pul serişdeleri banka tabşyrylanda buhgalterlik hasabynda täze halkara ülňülerine laýyk gelýan hasaplaryň meýilnamasy boýunça şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 6212 55 00 «Milli pul birliginde hasaplaşyk hasabynyň pul serişdeleri»

Kredit 6212 51 00 «Milli pul birliginde pulhananyň pul serişdeleri».

## 11.4. Puluň hümmeti we maliýe menejeriniň wezipeleri

Puluň hümmetiniň üýtgemegi dürli sebäplere bagly bolup biler. Emma puluň hümmetiniň üýtgemeginiň özi ykdysadyýetiň näsazlygyny görkezýär. Şol sebäpli käbir alymlaryň pikirine görä puluň hümmetiniň gaçmagy adamyň gyzdyrmasyna meňzeýär. Adam ýaramadyk ýagdaýynda onuň gyzgyny ýokarlanýar. Eger bedeni onuň garşysyna göreşýän bolsa, onda adam soňky netijede sagdynlaşýar. Edil şonuň ýaly jemgyýet hem öz ykdysadyýetiniň sagdynlygyny gazanmak üçin göreşmelidir. Ýagny, puluň hümmetiniň pese gaçmak howpundan goranmak üçin, jemgyýet zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmalydyr ýa-da sarp edilmegini pese düşürmelidir. Ýokarda görkezilen alymlaryň pikirine görä şol hereketleriň netijesinde pul dolanyşygynyň we ykdysadyýetiň sagdynlaşmagy emele gelmelidir.

Puluň hümmetiniň gaçmagyny ykdysady edebiýatlarda, köplenç, islegleriň tekliplerden çalt ösmegi, milli önümiň pese düşmegi bilen baglaşdyrýarlar. Öz gezeginde deflýasiýany islegleriň pese düşmegi bilen düşündirýärler.

Milli önümiň pese düşmegi dürli gaýry ýagdaýlar, mysal üçin, kanunlaryň, ykdysadyýetiň guralyşynyň, dolandyrylyşynyň kämilsizligi, tebigy hadysalar we ş. m. ýagdaýlar bilen baglyşdyrylýar.

Türkmenistanda milli manadyň hümmeti pese düşmez ýaly, Milli maksatnamalar esasynda ýörite çäreler amala aşyrylýar.

«Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamada jemgyýetçilik zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak esasynda halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen şu aşakdaky çäreler göz önünde tutulýar:

- Elektrik energiýasyny, gazy, suwy we nahar duzuny mugt bermek. Ol maşgala býujetiniň, takmynan, 60 göterimini tutýar;
- Hususy jaýlary geljekde-de salgytdan boşatmaklyk;
- Jemgyýetiň ulag serişdeleriniň, aragatnaşyk hyzmatlarynyň bahalaryna döwlet tarapyndan ýardam etmeklik;

Maksatnamada 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda umumy önümçiligiň önümi 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 28,4 esse, oba hojalygynyň önümini şol döwrüň içinde 17,7 esse, gurluşygyň

20. Sargyt № 3078

möçberini 15,9 esse, ilata edilýän hyzmatlaryň möçberini 41,3 esse artdyrmak meýilleşdirilýär. Aýda her bir adam sanyna düşýän hyzmatlaryň mukdaryny- 83,4 esse köpeltmeklik göz öňünde tutulýar. Şol hyzmatlaryň içinde syýahat-gezelenç, aragatnaşyk we durmuş hyzmatlary hem öz ýeterlikli ösüş depginini tapar.

Kärhananyň dolandyryjysy öz kärhanasynyň pul serişdeleriniň hümmetiniň gaçmagyna garşy degişli çareleri geçirmegi başarmalydyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr.

**11.4.1-nji şekil. Pul serişdeleriniň hümmetiniň üýtgemegine garşy maliýe dolandyryjynyň geçirmeli çäreleri**

| |
|---|
| Şertnamany baglaşmanka, şol sanda karzlary almak (bermek) hakynda, puluň hümmetiniň gaçmagyny ( ýokarlanmagyny) göz öňüne almak |
| Walýuta töwekgelçiliginden goranmak üçin dürli walýutalarda hasaplaşyklary geçirmek |
| Hasaplaşyklary çaltlaşdyrmak, algylary öz wagtynda almak, zyýansyz bergileriniň möhletlerini uzaltmak |
| Puluň hümmetine görä, öz maliýe syýasatyny, taktikasyny we strategiýasyny döretmek |

11.4.1-nji şekilinde görkezilen çäreler öz wagtynda geçirilse dolandyryş subýekti dürli zyýanlardan goranyp ýa-da goşmaça girdejileri gazanyp biler.

## Barlag soraglary

1. Puluň wezipeleri we pul dolanyşygynyň esasy kanuny näme?
2. Bankda hasaplaşyk hasabyny açmak tertibi nähili?
3. Banklara nagt pullary, şol sanda hem daşary ýurtlaryň pul birliklerini tabşyrmagyň tertibi nähili?
4. Bankdan nagt pullary almagyň tertibi nähili?
5. Maliýe menejeri pul serişdeleriniň hümmetiniň gaçmagyna garşy haýsy çareleri geçirmeli?

# XII BAP

## TÖLEG DÜZGÜNLERINI BERKITMEKDE MALIÝE MENEJERLERINIŇ ORNY

### 12.1. Tölegleriň düşünjesi we hasaplaşyklaryň görnüşleri

Tölegler dürli maksatlar, şol sanda alnan harytlary, edilen hyzmatlary, ýerine ýetirilen işleri, salgytlary, ýygymlary, puşmanlary, jerimeleri, paçlary, karzlary we başga borçnamalary kanagatlandyrmak üçin geçirilip bilner.

Şol tölegleriň esaslarynyň düýp manysyna dogry düşünmek we olara ýeke-ýekeden seretmek zerurdyr.

Tölegleriň şertleri şertnamalarda, kontraktlarda görkezilýär. Olar kanunlara laýyk gelmelidirler. Maliýe menejeri kontrakty baglaşmazdan öň onuň şertleri bilen gowy tanyşmalydyr. Kontraktlarda, şertnamalarda dürli nyrhlar, puşmanlar, jerimeler görkrezilip bilner.

Şertnamalarda tölegler amalyň öňünden ýa-da soňundan geçirilip bilner. Haryt alyjy bir tarap, töleýji bolsa başga tarap hem bolup biler.

Tölegler nagt we nagt däl görnüşlerde amala aşyrylyp bilner. Ýurdumyzyň içinde nagt we nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan düzgünleşdirilýär.

Ýurdumyzyň içinde nagt däl hasaplaşyklar 12.1.1-nji şekilde görkezilen görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.

Hasaplaşygyň görnüşlerini ýeke-ýekeden seljerip, olaryň düýp manysyna düşündiriş bereliň.

**Töleg tabşyrygy** esasynda hasaplaşyklar geçirilende tölegi geçirýän tarap bankyna öz hasaplaşyk hasabyndan pul serişdeleri alyp, başga tarapa belli harytlary, hyzmatlary, işleri üçin ýa-da dürli borçnamalary üzmek (ýapmak) maksady bilen tabşyryk berýär.

**12.1.1-nji şekil. Türkmenistanda geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Töleg tabşyrygy |
| Inkassa tabşyrygy |
| Töleg talaby |
| Töleg talaby-tabşyrygy |
| Meýilnamalaşdyrylan tölegler |
| Bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda geçirilýän hasaplaşyklar |

Bu hasaplaşyk nagt däl hasaplaşyklaryň arasynda esasy orny tutýar.

**Inkassa tabşyryknamalar** boýunça hasaplaşyklar diňe Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda töleýjileriň razylygyny alman geçirilýär. Serişdeler ýerine ýetirijiniň resminamalary esasynda töleýjileriň hasaplaryndan aýrylýar. Serişdeleri aýyrmak üçin 12.1.2-nji şekilde görkezilen resminamalar esas bolup çykyş edip bilerler.

**12.1.2-nji şekil. Razylyksyz hasaplaşyklary geçirmäge bank şu ýagdaýlarda haklydyr**

| |
|---|
| Şertnamada pul serişdeleri razylyksyz geçirmäge hukuk berlen bolsa |
| Kazyýetleriň, kepillendiriş edarasynyň buýruklary (ýazgylary), salgyt gulluklaryň ykrar hatlary, kärhanalaryň kärdeşler arkalaşyklaryň şahadatnamalary we Pensiýa gaznanyň töleg talapnamasy esasynda |
| Ölçeýji enjamlaryň görkezmeleri esasynda we tassyklanylan nyrhlar boýunça kommunal, gaz, suw, elektrik we ýyladyjy energiýa, kanalizasiýa, telefon, şol sanda halkara gepleşikleri üçin tölegleri |
| Demir ýollardan ýükleri daşamak, gara ýollary gurmaga şärikli gatnaşmak üçin tölegleri. |

Banklar inkassa tabşyryknamalary boýunça pul serişdelerini gyşarnyksyz aýryp, degişli hasaplara geçirýärler. Olar bu meseleler boýunça kärhanalaryň we başga taraplaryň nägiliklerine jogap bermeýärler. Jogapkärçilik puly aýyrmagy mejbur eden tarapa ýüklenýär.

**Töleg talaby** hasaplaşygyň düýp manysyny, onuň adyny görkezýär. Ýagny hasaplaşygyň bu görnüşi geçirilende haryt iberiji ýa-da

işleri (hyzmatlary) ýerine ýetiriji öz harydyna (işine, hyzmatyna) pul serişdelerini tölemegi talap edýär. Şertnama we Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda harytlary iberýän ýa-da işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirýän taraplar üçin bu iň amatly hasaplaşyk görnüşleriniň biridir. Emma häzirki döwürde tejribede bu hasaplaşygyň görnüşi seýrek ulanylýar. Töleg talaby haryt iberiji tarapyndan doldurylyp, hyzmat edýän bankyň kömegi bilen haryt alyjynyň bankyna iberilýär. Töleg talaby 0401002 görnüşdäki blankada doldurylýar.

Töleg talaby doldurylyp düzülende resminamada hökmany maglumatlary bilen bilelikde tölegiň şertleri we razylygyň (akseptiň) möhletleri görkezilýär.

Töleg talaby boýunça hasaplaşyklary geçirmek üçin bank töleýjiden öňünden puly geçirmäge razylygy (aksepti) alyp ýa-da razylyksyz geçirip biler.

Töleýjiniň razylygyny alman hasaplaşyklary geçirmäge bank 12.1.2-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda haklydyr.

Töleg talaplara razylygy almak möhletini şertnama baglaşýan taraplar özara şol şertnamada belleýärler. Bellenilýän möhlet töleýji bank hasaplaşyk resminamalary kabul eden gününden soňky 7 (ýedi) iş gününden artyk, 3 (üç) iş gününden az bolmaly däl.

Pul alyjy töleg talabynda razylygyň möhletini şertnama laýyklykda görkezmelidir. Eger töleg talabynda möhlet görkezilmese, onda şol möhlet 3 (üç) iş güni diýlip hasaplanylýar. Şonda töleýjiniň bankyna töleg talabynyň gelen güni bankda hasaba alynmaýar.

Töleýjiden pul geçirmäge razylygy almak üçin töleýjiniň banky töleg talabyny töleýjä özara şertnama laýyklykda geçirýär. Töleg talabynyň bir nusgasy kabul edilenden soňky iş güni töleýjä habar bermek üçin gowşurylýar.

Razylyk alynýança resminamalar ýörite kartotekada N9842 «Tölemek üçin razylygy garaşýan hasaplaşyk resminamalary» balans hasapda hasaba alynýar.

Töleýji doly ýa-da bölekleýin serişdeleri geçirmekden (razylygyny bermekden) boýun gaçyrmaga haklydyr. Razylygy bermekden boýun gaçyrmak üçin töleýji banka ýörite görnüşde arza ýazmalydyr.

Pul serişdelerini geçirmäge razylygy bermekden boýun gaçyrmaga töleýji 12.1.3-nji we 12.1.3-nji a şekillerde görkezilen ýagdaýlarda haklydyr.

**12.1.3-nji şekil. Hasaplaşmakdan boýun gaçyrmaga töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr**

| |
|---|
| Harytlar ýa-da hyzmatlar şertnamada göz oňünde tutulmadyk ýa-da sargyt edilmedik bolsa |
| harytlar başga ýere ugradylan bolsa |
| razylygy bermek möhleti geçmänkä resminama boýunça ähli harytlar zaýa ýa-da komplekt däl bolsa |
| haryt alyjy harydyň (önümiň) hilini tassyklaýan resminama esasynda onuň sortunyň şertnamada göz öňünde tutulandan pesdigini anyklandan soň harydy (önümi) kabul etmäge boýun gaçyran bolsa |

**12.1.3-nji *a* şekil. Hasaplaşmakdan boýun gaçyrmaga töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr**

| |
|---|
| haryt alyjy razylygy bermegiň möhleti geçmänkä harydyň (önümiň) markirlenmegi geçirilmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýän bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmadyk hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa |
| haryt iberiji öň tölenen harytlara (hyzmatlara) täzeden pul serişdeleri talap edýän bolsa |
| iberilmedik harytlara ýa-da ýerine ýetirilmedik hyzmatlara talaplar bildirilýän bolsa |
| ýolda haryt iberiji harytlaryň barmaly ýerini üýtgeden bolsa |

12.1.4 we 12.1.4 –nji *a* şekillerde görkezilen ýagdaýlarda töleýji pul serişdelerini geçirmek razylygy bölekleýin bermäge haklydyr.

Şertnamada göz öňünde tutulan başga sebäplere görä hem töleýji öz razylygyny doly ýa-da bölekleýin bermän biler. Bu ýagdaýda töleýji razylygyny bermäge boýun gaçyrýandygy hakynda arzasyny ýazanda şertnamanyň belli maddasyny we tölemekden boýun gaçyrmagyň sebäbini görkezmelidir.

**12.1.4-nji şekil. Hasaplaşygy bölekleýin geçirmäge razylygy bermäge töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr**

| |
|---|
| Sargyt edilmedik harytlar iberilen, hyzmatlar (işler) ýerine ýetirilen bolsa ýa-da harytlar talap edilenden artyk iberilen, hyzmatlar, işler artykmajy bilen ýerine ýetirilen bolsa |
| Razylygy almaga möhleti geçmänkä haryt alyjy harydyň (önümiň) bir bölegini zaýalanan ýa-da doly komplekt däl , ýa-da onuň sortunyň ulag ýanhatlarda görkezilenlerden pesdigi resminama arkaly tassyklanylan bolsa |

**12.1.4-nji *a* şekil. Hasaplaşygy bölekleýin geçirmäge razylygy bermäge töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr**

| |
|---|
| Harydyň markirlenmegi geçirilmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýan bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmasa hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa |
| Töleg talabynda ýa-da haryt ýanhatynda arifmetiki ýalňyşy ýüze çykarylan bolsa we beýleki kanunlarda we şertnamada görkezilen ýagdaýlarda |

Töleýjiniň bankyna talap gelenden soň, bank umumy alanyňda üç iş günüň içinde şäheriçi we şäherara talaplary tölemekden boýun gaçyrmak barada arzalary töleýjilerden kabul edýär. Şu möhleti töleýji kärhananyň esaslandyrylan arzasy boýunça bankyň ýolbaşçysy on güne çenli uzaltmaga haklydyr.

Eger töleýji ýokarda görkezilen sebäplerden başga sebäplere görä talaby tölemekden boýun gaçyrýan bolsa, onda bank şol boýun gaçyrmalary kabul etmeýär.

Talaby ýerine ýetirmek we ondan boýun gaçyrmak meselelerinde töleýji bilen alyjynyň arasynda ýüze çykýan jedelleri banklar çözmäge borçly däldir. Olar diňe ýokarda görkezilen özara düzgünnama laýyklykda hereket edýärler. Jedelli meseleleri töleýji we alyjy hojalyk kazyýeti arkaly hem çözüp bilerler.

Razylyksyz tölenýän töleg talaplaryň ähli nusgalarynda «Razylyksyz» bellikli möhürçe goýulýar. Eger şol bellik bolmasa, serişdeler umumy tertip boýunça geçirilýär.

Razylyksyz tölenýän töleg talaplarynyň esasly bolmagyna pul alyjy kanunalaýyklykda jogap çekýär.

Şäheriçi we şäherara hasaplaşyklarda öňünden razylyk almak 12.1.5-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda zerurdyr.

**12.1.5-nji şekil. Hasaplaşygyň öňünden töleýjiň razylygyny almak şu ýagdaýlarda zerurdyr**

| |
|---|
| Eger öňünden razylyk almaklyk şertnamada görkezilen bolsa |
| Döwlet gorlaryna geçirilýän harytlar üçin hasaplaşyklar amala aşyrylanda |
| Býujet edaralary, şol sanda Türkmenistanyň goranmak, içeri işler we milli howpsuzlyk ministrlikleriň haryt iberijileri we alyjylary bilen hasaplaşyklar geçirilende |

Töleg talaby-tabşyrygy öz içine töleg haryt iberijiniň talabyny we haryt alyjynyň tabşyrygyny alýar, ýagny ol haryt alyjy hem-de iberiji tarapyndan tassyklanylýar. Töleg talaby-tabşyrygy haryt iberiji tarapyndan 0401004 görnüşdäki blankada doldurylyp, başga resminamalar bilen bilelikde göni töleýjiniň özüne iberilip bilner. Emma resminamany (töleg talaby-tabşyrygy) haryt iberiji töleýji banka ýörite kitapda gol çekdirilip, bermäge hem haklydyr. Şol ýagdaýda bank resminamanyň tölenilişine özi gözegçilik etmelidir.

**Meýilnamalaşdyrylan tölegler** tertibinde hasaplaşyklar mydama belli möçberlerde harytlar iberilende, hyzmatlar ýerine ýetirilende ulanylýar. Hasaplaşyklar şertnama esasynda geçirilýär. Hasaplaşyklar töleg tabşyryknamasy ýa-da töleg talaby esasynda geçirilip bilner. Resminamalarda «Meýilnamalaşdyrylan töleg» sözli bellik edilýär. Töleg talaby doldurylanda «Razylyksyz» bellik edilýär.

**Bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda hasaplaşyklar.** Halk hojalygynda dürli taraplaryň bir-birine algylary hem bergileri bolup biler. Hasaplaşyklary geçirmek üçin taraplaryň (kärhanalaryň) pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtlary hem az däldir. Şol ýagdaýlarda banklaryň kömegi bilen talaplar hasaba alnyp, hasaplaşyklar geçirilip bilner.

Hasaplaşyklar geçirilende algylar we bergiler deň derejede hasaba alnyp, galan algylaryň we bergileriň hasaplaşygy bolsa tassyklanylan tertipde geçirilýär. Talaplary hasaba almaklyk iki ýa-da bir topar kärhanalaryň we dürli pudaklaryň arasynda geçirilip bilner.

Banklar müşderileri bir-biriniň talaplaryny hasaba almasalar diňe müşderiň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleri bar bolanda hasaplaşyklary geçirýärler, ýagny bir hasaplaşyk hasabyndan pul serişdeleri aýryp, başga hasaba geçirýärler. Eger töleýjiniň pul serişdeleri hasaplaşyk hasabynda tamamlan bolsa, onda töleg resminamalary ikinji kartoteka goýulýar. Töleýjiniň hasaplaşyk hasabyna pul serişdeler gelenden soň, hasaplaşyklar dowam etdirilýär.

Bir-biriniň talaplary hasaba alnanda iberilen ýa-da goýberilen harytlar, ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin ikinji kartotekada ýerleşýän we hasap geçirilýän güni gelen töleg resminamalary hasaba alynýar. Hasaba alnan töleg resminamalaryndan başga mydama ýazylýan ýazgylar bilen bilelikde «Hasap» sözi goşulýar. Eger töleg resminamasy doly hasaba alynmaýan bolsa, onda «Bölekleýin hasaba alnan » diýlip bellik edilýär.

Eger kärhananyň töleg resminamalary bankda hasaba alnan bolsa, onda kärhana olary bankyň bellikleri bilen alyp, öz hasabynda degişli ýazgylary geçirmelidir, ýagny algylary we bergileri üýtgedip, galan, gelen ýa-da geçirilen pul serişdeleri hasaba almalydyrlar.

Kärhanalar ähli maliýe-hojalyk amallaryny, şol sanda nagt däl hasaplaşyklary buhgalterlik hasabyna almalydyrlar. Nagt däl hasaplaşyklary hasaba almak üçin olar bankdaky şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmelerini we olara esas bolan resminamalary almalydyrlar. Resminamalary ýörite kärhana berkidilen bankyň jogapkär işgärinden ýa-da ýörite çekmelerden alyp bolar.

Banklar şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmeleri häzirki döwürde kompýuterlerde hasaba alýarlar. Olarada kärhananyň ady, hasaplaşyk hasabynyň sanawy, başlangyç we ahyrky galyndylary, debet we kredit tarapyndan geçirilen amallaryň möçberleri, amallaryň geçirilen seneleri, amaly geçirmek üçin esas bolan resminamanyň sanawy, amalyň görnüşine görä belgisi we başga maglumatlar görkezilýär.

Hasaplaşyk hasabyndan geçirilen amallar kärhananyň ikinji žurnal orderinde hasaba alynmalydyr. Kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilen pul serişdeleri şahsy hasaplaşyk hasabynyň göçürmesinde kredit tarapynda görkezilýär, hasapdan aýrylan pul serişdeler bolsa, hasabyň debet tarapynda görkezilýär.

Hojalyk hasaplaşygyndaky kärhana amallary ikinji žurnal orderinde hasaba alanda bankyň şahsy hasapdan göçürmesinde kredit tarapynda görkezilen amallary kärhana debet tarapynda görkezmelidir. Sebäbi, bank üçin girdeji bolan amallar kärhana üçin çykdajy amal bolup çykyş edýär. Bank üçin çykdajy bolan amal bolsa, kärhana üçin girdeji amal bolup çykyş edýär.

**12.1.6-njy şekil. Döwletara hasaplaşyklaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Bank geçirmesi |
| Kliring |
| Akkreditiw |
| Barter |
| Weksel we beýleki görnüşleri |

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän kärhanalar daşary ýurt kärhanalar bilen 12.1.6-njy şekilde görkezilen görnüşlerde hasaplaşyklary geçirip bilerler.

Bank geçirmesi hasaplaşygy ulanylanda kärhana öz islegi boýunça baglaşylan şertnamalary, kontraktlary esasynda öz pul serişdelerini başga döwletlere geçirip biler. Serişdeleri geçirmek üçin töleg tabşyrygy doldurulýar. Tabşyryk ýörite görnüşdäki blankada berilýär. Ýokarda görkezilen şertnamalar, kontraktlar biržada hasaba alynmalydyr. Amal geçirilende kärhananyň walýuta hasabyndan pul serişdeleri aýrylyp, hyzmaty (işi) ýerine ýetiren (haryt iberen) kärhana daşary ýurda ugradylýar.

Barter hasaplaşygy geçirilende haryda (hyzmata, işe) başga haryt (hyzmat, iş) berilýär (edilýär).

Kliring hasaplaşyklary döwletara ylalaşyklary esasynda geçirilýär. Ylalaşyklarda hasaplaşygyň ähli şertleri, şol sanda söwdanyň, algylaryň we bergileriň galyndylarynyň çäkleri görkezilip bilner. Kliring hasaplaşygy amala aşyrylanda iberilen harytlara (tebigy baýlyklara) gyzyl pul (walýuta) serişdeler bilen bilelikde harytlar (hyzmatlar) iberilýär (ýerine ýetirilýär). Türkmenistanyň kliring hasaplaşyklarynyň taryhyndan Ukraýina, Eýran döwletleri bilen geçiren hasaplaşyklaryny görkezmek bolar. Kliringiň (algylaryň) ha-

sabyna, algydar döwletiň kärhanalary degişli döwlet guramasynyň buýrugy esasynda bergidar döwlete käbir hyzmatlary (işleri) buýrup ýerine ýetirdip ýa-da şol döwletden harytlary alyp bilerler.

Akkreditiw hasaplaşygy daşary ykdysady gatnaşyklarda giňden ulanylýan nagt däl hasaplaşygyň görnüşidir. Ol haryt iberijiň haryt alyja doly ynam bolmadyk ýagdaýynda ulanylýar haryt alyja akkredetiw hasaby açmak şert goýulýar. Şol hasaba öňünden harydyň möçberinde pul serişdeleri geçirmegi talap edilýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda akkreditiw hasaplaşygynyň dürli-dürli görnüşleri, şol sanda 12.1.7-nji şekilde görkezilen görnüşleri ulanylýar.

Akkredetiw hasaplaşygy haryt iberijä kepil bolýar. Emma haryt alyja käbir kynçylyklary getirp bilýär.

**12.1.7-nji şekil. Resminamalaýyn akkreditiw hasaplaşyklaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Gaýtarylýan, gaýtarylmaýan |
| Arka-arka |
| Geçirip bolýan, geçirip bolmaýan |
| Beýleki görnüşleri |

Akkreditiw hasaplaşyklary «Resminama akkreditiwler hakynda» Halkara ylalaşygyna laýyklykda geçirilýär. Şol ylalaşyk Halkara söwda Palatasy tarapyndan tassyklanylandyr.

**Gaýtarylýan akkreditiwi** ony açan tarap islän wagtynda yzyna alyp bilýär.

**Gaýtarylmaýan akkreditiwdäki** pul serişdeleri, akkreditiwi açan tarap diňe şertnamada bellenilen ýagdaýlarda görkezilen serişdeleri yzyna alyp bilýär.

**Arka-arka akkreditiwi,** bir-birini haryt iberiji bilen haryt alyjy tanamaz ýaly, araçynyň teklibi boýunça onuň görkezen bankynda akkreditiw hasaby açylýar.

**Geçirip bolýan akkreditiwi** haryt alyjy başga tarapa ony geçirmäge haklydyr.

**Ýol çegi** – bu ýörite resminama, onuň esasynda daşary ýurtlarda ylalaşylan banklaryň kömegi bilen hasaplaşyp ýa-da nagt

pul serişdelerini alyp bolýar. Şol hasaplaşygy geçirmek üçin dürli döwletleriň banklarynyň arasynda ýörite ylalaşyklar baglaşylýar. 1996-njy ýylda Türkmenistanyň raýatlary ýol çeklerini türkmen banklaryndan satyn alyp, daşary ýurtlaryň banklarynda hasaplaşyklary geçirýärdiler. Gerek bolan ýagdaýlarda ýol çegiň esasynda erkin aýlanýan walýutada nagt pul serişdelerini alýardylar.

Dünýa tejribesinde «amerikan ekspres» çekleri hem giň ulanylýar. Şol çekler köp ýurtlarda hasaplaşyklary geçirmek üçin erkin kabul edilýär. Bu çeklerde wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleri hem saklamak amatlydyr.

Halkara hasaplaşyklarynda dürli döwletlerde kabul edilýän karz kartoçkalary, mysal üçin, «master», «wiza», «Alfabank» kartlar we onuň beýleki görnüşleri ulanylýar.

Türkmenistanyň tejribesinde weksel hasaplaşyklary hem geçirildi. «Weksel» sözi türkmençe «borçnama» manyny berýär. Wekselleri býujet edaralary harytlara, hyzmatlara, işlere puluň deregine tölediler. Wekselleri kabul eden (gazanan) edara we başga görnüşli taraplar olaryň döwlete bergileri ýüze çykanda şol wekseller bilen hasaplaşýardylar, ýagny maliýe guramalary olary hasaba alýardy. Käbir edara we başga görnüşli taraplarda wekselleriň möçberi döwlete bolan bergilerden çalt ösüp başlady we olar wekselleri doly ulanyp bilmediler. Hasaplaşygyň şol kemçiligi göz öňünde tutulyp, weksel hasaplaşygy ýatyryldy.

## 12.2. Bergileriň we algylaryň emele gelmegi

Borçnamalar kärhananyň dürli ylalaşyklary esasynda emele gelip we harytlar, hyzmatlar ýa-da edilen işler üçin tölegleri geçirmäge hukuk esasnamalarydyr.

Borçnamalar öňki wakalar esasynda emele gelip, ykdysady bähbidi bar serişdeleriň azalmagyna getirýär.

Borçnamalar dürli usullar, ýagny:

- pul serişdeleriniň tölenmegi:
- gaýry aktiwleriň geçirilmegi;
- hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi;
- borçnamalaryň çalşylmagy;

- borçnamany maýa goýumlara geçirmegi;

- alyjynyň öz algylaryndan boýun gaçyrmagy ýa-da şol hukukdan mahrum edilmegi bilen kanagatlandyrylýar.

Ykdysady edebiýatlarda borçnamalaryň dürli görnüşleri, şol sanda gysga we uzak möhletleýin, hakyky, bahalandyrylan we hasaplanylan (ýazylan), içerki we daşky borçnamalar görkezilýär.

Gysga möhletleýin borçnamalar 12 aýyň içinde, uzak möhletleýinler bolsa ondan uzak wagtda kanagatlandyrylýar.

**Hakyky borçnamalar** – geljekki wakalaryň netijesinde emele gelen hakykatdan bar bolan we kärhananyň serişdeleriniň azalmagyna getirjekdigine garaşylýan borçnamalar. Olar şertnamalar, kontraktlar ýa-da kanun esasynda emele gelýärler. Hakyky borçnamalar takyk möçberlerde hasaplanyp bilner. Olar hasap-fakturalar, wekseller, goşmaça tölegler, salgytlar, deslapky tölegler we beýleki görnüşlerde bolup bilerler.

**Bahalandyrylan borçnamalar** diňe takmynan möçberlerde hasaplanylyp, takyk möçberleri diňe anyk senelerde belli bolýar.

**Hasaplanylan borçnamalar** buhgalteriýa tarapyndan hasaplanyp, hasaba alnan borçnamalardyr.

**Içerki borçnamalar** – döwletiň içindäki taraplar bilen ýüze çykýar.

**Daşky borçnamalar** – döwletiň daşyndaky taraplar bilen baglaşylan kontraktlar esasynda emele gelýär.

**Bergidar taraplar**, bu harydy alan, işi, hyzmaty (kabul eden) we hasaplaşygy doly geçirmedik ýa-da bölekleýin geçiren taraplardyr. Bergidarlar dürli taraplar, şol sanda şahsy we edara görnüşli taraplar, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler bolup biler.

Bergidarlar eýeçiligiň dürli görnüşlerinde, şol sanda döwlet eýeçilikdäki edaralar bolup biler. Mälim bolşy ýaly harydyň, işiň, hyzmatyň kabul edilişi ilkinji buhgalterlik resminamalary bilen resmileşdirilýär. Ýagny ynanç haty, beýannama bilen resmileşdirilýär.

Algylar we bergiler her aýda ýa-da çärýekde deňeşdirilýär. Deňeşdiriş işleri ýörite beýannama bilen resmileşdirilýär. Bir tarapyň algysy bolsa, başga tarapyň bergisi hökmany bolmalydyr. Eger deňeşdiriş işleri geçirilende hasapda aratapawutlar ýüze çyksa, onda olaryň sebäpleri anyklanylýar we degişli çäreler geçirilýär. Bergidar-

lar hakyky we hakyky däl bolup biler. Ýagny hasabatda bergi görkezilip, hakykatdan bolsa hasaplaşyk geçirilen bolup biler.

Deňeşdiriş beýannamasyz bergiler we algylar üç ýyldan soň maliýe netijelere ýazylýar. Üç ýyldan artan bergiler girdeji diýlip hasaba alynmalydyr. Algylary bolsa salgyt gullugy bilen ylalaşyp, zyýanlara geçirip bolýar. Bergidarlar şertnamany bozan we bozmadyk taraplar bolup biler.

Bergidarlar dürli sebäpli emele gelýärler. Şol sebäpleriň arasynda 12.2.2-nji şekilde görkezilen sebäpleri hem görkezmek bolar.

**12.2.1-nji şekil. Bergidarlaryň emele gelmeginiň sebäpleri**

| |
|---|
| Harydy çaltrak ýerleşdirmek üçin tölegleriň möhleti geljekki döwürlere süýşürilen |
| Ynamly haryt alyjyň maliýe ýagdaýynyň pese düşmegi |
| Haryt ýolda ýiten, zaýalanan, komplekt däl, markirowkasyz, ýa-da ýalňyşyp iberilen we şol sebäpli tölemäge razylyk berlenok |
| Şertnamada görkezilenden hili pes bolan bolsa we ş.m sebäpler |
| Hasaplaşygyň amatsyz görnüşiniň ulanylmagy we beýleki sebäpler zerarly |

## 12.3. Müşderiniň töleg we karz almagynyň ukyplylygyny seljermek

Maliýe menejerleri öz hyzmatlaryny ýerine ýetirýän döwürlerinde öz müşderileriniň töleg we karz almaklygynyň ukyplylygyny seljermäge köp üns berýärler. Bu iş dürli amallar geçirilmezden öň, geçirilende we geçirilenden soň amala aşyrylýar. Şol sanda şertnamalar baglaşylmazdan öň we hasaplaşyk, karz, lizing, faktoring, forfeýting we başga amallar amala aşyrylanda geçirilýär.

Müşderiniň tölege ukyplylygyny dürli görkezijiler, şol sanda hasaplaşyk, depozit, walýuta we beýleki hasaplarda, pulhanalarda pul serişdeleriniň möçberleri, bankdaky kartortekalar, bergileriň, algylaryň, geçginli aktiwleriň möçberleri we beýleki görkezijiler görkezýär.

Tölege ukyplylyk seljerilende bergiler hem algylar möhletleri we taraplar boýunça deňeşdirilýär. Algylary almagyň mümkinçiliklerine

baha berilýär. Iş ýüzünde käbir algylar diňe resminamalarda görkezilýär we olary hakykatdan almak mümkin däl.

Tölege ukyplylyk seljerilende aktiwleriň hakyky bahasyna, ýagny geçginliligine hem köp üns berilmelidir. Geçginli aktiwleriň köplügi töleg ukyplylygyny ýokarlandyrýar.

Dolandyryş subýektleriniň müşderileri doly tölege ukyply, bölekleýin (doly däl) tölege ukyply, wagtlaýyn ukypsyz, tölege ukypsyzlygyň öň ýanynda we doly tölege ukypsyz bolup bilerler.

Maliýe menejerleri maliýe hasabatlarynyň we beýleki maglumatlaryň esasynda müşderileriň we dolandyryş subýektiniň hut özüniň tölege ukyplylygyna hakyky baha bermegini başarmaly.

Lizing, faktoring, forfeýting amallar bilen ýöritileşdirilen lizing kompaniýalary, faktor-firmalar meşgullanýarlar. Olar öz gezeginde, köplenç, banklar bilen baglydyr ýa-da olaryň bölümleri bolup hyzmat edýärler.

Ykdysady edebiýatlarda faktoringiň dürli görnüşleri bilen birlikde, 12.3.1-nji şekilde görkezilenler hem görkezilýär.

**Giň (konwension) faktoring** amala aşyrylanda bank ýa-da faktor firmasy hasaplaşyklary geçirmegi, hasaby ýöretmegi, hasabatlary tabşyrmagy öz üstüne alýar. Müşderä diňe önüm öndürmek wezipesi galdyrylýar.

**12.3.1-nji şekil. Faktoringiň görnüşleri**

| |
|---|
| Giň (konwension) |
| Ýaşyryn (konfedisial) |
| Regressiw, regressiw däl |
| Beýleki görnüşleri |

**Ýaşyryn faktoringiň** esasy ýörelgesi haryt iberijiniň hukugyny satyn almakdyr. Mysal üçin, haryt iberiji harydy ugradýar, emma alyjy onuň bilen dürli sebäplere görä hasaplaşmandyr. Faktor-firmasy ýa-da bank müşderä şol algylary almaga kömek edýär. Öz kömek hyzmatlary üçin müşderiniň algysyndan şertnama arkaly bellenilýän göterimi alýar. Eger faktor-firmasy ýa-da bank haryt alyjydan pul serişdeleri almazdan öň haryt iberijä harydyň bahasyndan kem möçberde (mysal

üçin, 90% möçberde) karz berýän bolsa, onda bu amal ykdysady edebiýatlarda **forfeýting** amaly diýlip atlandyrylýar.

Şertnama baglaşylmazdan öň faktor-firmasy ýa-da bank haryt iberijiniň hem-de haryt alyjynyň karz almaklygynyň ukyplylygyny seljermelidir. Sebäbi haryt alyjynyň karz almaklyga ukyplylygy bolmadyk ýagdaýda faktor-firmasy ýa-da bank zyýan çekýär.

**Regressiw faktoring** amala aşyrylanda faktor firmasy ýa-da bank haryt iberijiň algylaryny doly almaga şert bolmadyk ýa-da diňe bellibir bölegini alyp bolýan ýagdaýlarda faktoring şertnamasynyň şertlerine gaýtadan seredilip üýtgedilýär. **Regressiw däl faktoring** şertnamasynyň şertleri bolsa üýtgedilmäge degişli däldir.

Müşderiniň karz almaklyga ukyplylygyny seljermek üçin 3-5 ýylyň maliýe hasabatlary we başga maglumatlar alynýar. Karz berlende ähli döwletlerde belli ýörelgeler, esaslar göz önünde tutulýar. Mysal üçin, Türkmenistanda we GDA girýän döwletlerde karz berlende 12.3.2-nji şekilde görkezilen ýörelgelerden (prinsiplerden) ugur alynýar.

**12.3.2-nji şekil. Karzyň prinsipleri (ýörelgeleri)**

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Maksatlylyk | Möhletlilik | Yzyna gaýtarmaklyk | Töleglilik | Maddy üpjünçilik |

Iňlis dilinde çykýan ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň ýörelgeleri «CAMPARI» sözi bilen bellenilýär. Şu sözüň her harpynyň öz manysy bar. Onuň aňlatmalary şu aşakdaky ýalydyr:

C - müşderiniň esaslyk maýasynyň häsiýetnamasy;

A - karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygy;

M - marža (peýda);

P - karzyň maksady;

A - karzyň möçberi;

R - karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň şertleri;

I - karz yzyna gaýdyp gelmedik ýagdaýynda töwekgelçiligiň ätiýaçlandyrylyşy.

Görkezilen ýörelgelere jikme-jik seredip geçeliň.

Kärhananyň esaslyk maýasyna häsiýetnama berlende banklar

kärhananyň esaslyk maýasyna, ätiýaçlyk goruna ýörite maksatly we başga gaznalaryna, bar bolan emläklerine baha berýärlar. Şol sebäpli kärhanalar öz maýalaryny, gorlaryny, gaznalaryny artdyrmak üçin mydama işlemelidirler.

Kärhananyň karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygyny barlanlarynda banklaryň işgärleri karz alýan kärhana ynanyp bolarmy, onuň aljak bolýan karzlary öz wagtynda yzyna gaýtarmak üçin sagdyn maliýe pikiriň bardygyny bilmek isleýärler.

Banklar kärhanalar (müşderiler) baradaky pikirlerini aşakdaky usullaryň kömegi esasynda barlaýarlar:

– olaryň öňki işini öwrenmegiň esasynda;

– kärhananyň ýolbaşçylary (müşderileri) bilen duşuşyk geçirmegiň netijesinde.

Kärhananyň öňki işleri onuň maliýe hasabatlarynyň esasynda öwrenilýär. Maliýe hasabatlary bolsa garaşsyz auditorlar ýa-da banklaryň işgärleri tarapyndan barlanýar. Barlaga, köplenç, üç ýa-da bäş ýylyň maliýe hasabatlary alynýar.

Ykdysadyýeti ösen döwletlerde kärhanalar barada maglumatlary ýygnaýan ýörite firmalar hem bardyr. Olar ýygnalan maglumatlary raýatlara, banklara we gaýry edara görnüşli taraplara satýarlar. Maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden (metbugatdan, radiodan, teleýaýlymlardan) we gaýry çeşmelerden alynýar.

Banklar bu firmalaryň maglumatlaryny birnäçe ýagdaýlarda ulanýarlar. Ýöne müşderiler barada maglumatlary hem olaryň özleri ýygnaýarlar. Banklary gyzyklandyrýan esasy mesele müşderileriň şu günki hem-de geljekki maliýe ýagdaýlarydyr. Geljekki maliýe ýagdaýy bolsa, onuň geljekki girdejilerine we çykdajylaryna baglydyr. Şu meseleler kärhananyň ýolbaşçylaryny hem hökman gyzyklandyrmalydyr.

Banklary karz alýan kärhananyň we onuň esaslandyryjylarynyň durmuşy we ykdysady taýdan durnuklylygy hem gyzyklandyrýar. Kärhananyň ýolbaşçylarynyň we esaslandyryjylaryň emläkleri, maddy we maşgala ýagdaýlary, saglygy, ýaşlary, telekeçilik dünýäsinde aragatnaşyklary, karzy kepillendirip biljek dogan-garandaşlary barada maglumatlar bank tarapyndan ýygnalyp, anyklanylýar we seljerilýär.

Karzyň maržasy (peýdasy) – bank karz berende, şol karzdan

21. Sargyt № 3078

peýdany görmek, netije gazanmak üçin berýär. Şol sebäpli kärhana karzy alanda öz bähbidini hem ýatdan çykarmaly däldir.

Karzyň maksady bankyň işgärlerine hökmany ýagdaýda belli bolmalydyr. Şu şert ähli kärhanalara, telekeçilere we şahsy taraplara hem degişlidir. Bankyň işgärleri karzyň maksadyny bilmän, kärhana (başga müşderä) karz berip bilmezler.

Karzyň maksady kärhana (müşderi) bilen bankyň arasyndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Karz dürli maksatlar üçin berlip bilner. Emma karzyň maksady hökmany ýagdaýda döwletiň kanunlaryna hem-de kärhananyň esasnamasyna (ustawyna) gabat gelmelidir. Kanuna laýyk gelmeýän karzlar berlen ýagdaýynda 12.3.4-nji şekilde görkezilen netijelere getirip biler.

**12.3.4-nji şekil. Karzyň kanunlaryna we ýörelgelerine laýyk gelmeýän berlen karzlaryň netijeleri**

| |
|---|
| Karzy alan tarap we onuň döredijileri bankyň maliýe çäreleri zerarly zyýan çekmegi mümkin |
| Ýolbaşçylaryň işleri hukuk-goraýjy guramalara geçirilip bilner |
| Karzy alan tarap malýe taýdan batyp, ýapylyp bilner |

Karzyň möçberi ulanyljak maksadalaýyk gelmelidir. Sebäbi karz almagyň we yzyna gaýtarmagyň tejribesi boýunça, kärhana karzy kem möçberde alanda ol özüne goýan maksatlaryna ýetmän we meýilnamalaşdyrylan derejelerde girdejileri alyp bilmän, alan karzyny, köplenç, wagtynda yzyna gaýtarmagy başarmaýar.

Karz alnanda kärhananyň karzy yzyna gaýtaryp bermäge ukyplylygy öňünden hasaplanylmalydyr.

Kärhananyň göz öňünde tutýan maksatlaryny ýerine ýetirmegi üçin hususy serişdeleriniň möçberi karzyň möçberinden köp bolmaly. Emma birnäçe karzlar, müşderiniň hususy serişdeleri az bolan ýagdaýynda hem berilýär. Mysal üçin, daşary döwletlerde ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin karz jaýyň 95% bahasyna çenli berilýär. Ulag (awtoulag) almak üçin bolsa köp döwletlerde müşderiler alýan ulagynyň bahasynyň diňe 20-33,3%-ini öňünden töleýärler. Ulagyň galan bahasy banklaryň berýän karzlarynyň hasabyna tölenilýär.

Karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň esasy şerti – ony yzyna öz wagtynda göterim bilen gaýtarmaklygyň anyk ähtimallygydyr. Kärhana karzyny gaýtaryp bermek üçin çeşmeleriň ýeterlik derejede boljagyny anyklamalydyr. Şeýle çeşmeleriň ýeterlik boljagyna kärhananyň ýolbaşçylarynda doly ynam bolmasa kärhana karz almaly däldir. Müşderiniň gowy maddy üpjünçiligi bar bolanda-da, bank karzyna pul serişdelerini bermeli däldir.

Karzyň maddy üpjünçiligi banklaryň özlerini goramak üçin ulanýan usulydyr. Ol usul diňe kärhana (müşderi) bank bilen hasaplaşyp bilmedik ýagdaýynda ulanylýar. Emma bankyň esasy maksady müşderiden maddy üpjünçiligi almak däl-de, eýsem karz berip, ondan peýda gazanmakdyr.

Kärhana aljak karzyny yzyna gaýtaryp bermekliginiň ukyplylygyny barlamalydyr we aşakdaky işleri geçirmelidir:

– göterimler bilen tölegiň mukdaryny sanap çykmaly;

– karzy üzmek üçin öz çeşmeleriniň ýeterlikdigini anyklamaly. Bu iş karz alynmazdan öň geçirilmeli.

Kärhanalar karzy üzmek üçin ilki şahsy hasaplaşyk hasabyna gelýän pul serişdelerini süýşürip, soň karzyň hasabyna geçirmelidirler.

Kärhana möwsümleýin işleýän bolsa, esasy karzy girdeji köp gelýän möwsümde gaýtarmagy meýilnamalaşdyrmalydyr.

Ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň 12.3.5-nji şekilde görkezilen üç usuly bellenilýar.

**12.3.5-nj i şekil. Karz bermekligiň usullary**

| |
|---|
| Galyndy |
| Dolanyşyk |
| Galyndy-dolanyşyk |

Galyndy usuly boýunça karzy hojalyk hasaplaşygyndaky gurluşyk edaralary, senagat kärhanalary we başgalar alyp bilerler. Galyndy usuly boýunça karz berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň galyndylary hasaplanylyp, şolaryň möçberine görä karz berilmelidir.

Aýlaw (dolanyşyk) usuly boýunça karzlar söwda we üpjünçilik edaralaryna berlip bilner. Şu usul boýunça kärhananyň aýlanyşygynda

bar bolan maddy gymmatlyklary hasaplanylyp we şolaryň dolanyşygynyň möçberine görä karzyň möçberi kesgitlenilýär.

Galyndy-aýlaw (dolanyşyk) usul boýunça karz Türkmenistanda 30-njy ýyllarda ulanylýardy. Şeýle usul boýunça karz aktiw-passiw kontokorent hasaplaryndan Russiýada we gaýry döwletlerde häzirki wagtda-da berilýär. Kontokorent hasaby hasaplaşyk hasabynyň we karz hasabynyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Bu usul boýunça karzlar berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň hem, galyndylarynyň hem dolanyşygynyň möçberleri göz öňünde tutulyp, karzlar berilýär.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda we GDA ýurtlarynda girew esasynda hem karzlar berilýär. Ykdysady edebiýatlarda girew esasynda berilýän karzlar aýratyn usul boýunça berilýän karzlar diýip bellenilmeýär. Girew usuly birinji üç usul boýunça karz berlende-de, ulanylyp bilner.

Öňki SSSR-de 30-njy ýyllardan soň banklar karz berende girew almaýardylar. Girew almaklyk bazar ykdysadyýetine geçen döwletlerde giňden ulanylýar. Muňa garamazdan, girew hökmünde kärhananyň emlägini goýmak bilen baglylykda käwagt kyn çözülýän meseleler hem ýüze çykyp biler.

## 12.4. Faktoring amallary geçirmegiň tertibi

Faktor firmalaryň ähli amallary (dolanyşyk serişdeleriniň gorlarynyň emele gelmegi, hasaplaşyklar, karzlaryň berilmegi, göterimleriň tölenilmegi we başga amal çykdajylary) bankdaky aýratyn hasapda hasaba alynýar. Aýratyn hasapda faktor firmanyň ätiýaç gory hem saklanmalydyr.

Faktoring amallaryny bankyň hasabynda görkezmek üçin banklarda ýörite hasaplar açylýar. Hasabyň kredit tarapynda faktoringa degişli pul serişdeleriniň möçberi görkezilýär, debet tarapynda bolsa ähli tölegler we faktoring çykdajylary görkezilýär. Ýagny hasap faktoring üçin berlen karzlar şertnama arkaly çäklendirilen möçberden geçmeli däldir. Faktoring amallardan alnan girdejiler bankyň umumy girdejilerine ýazylýar.

Faktoring bölüminiň hasaby diňe passiw bolup, bankyň çeşmesi bolup durýar. Faktoring bölüminiň we oňa hyzmat edýän

bankyň arasyndaky karz gatnaşyklary karz şertnamasynyň esasynda resmileşdirilýär. Onda karz berilmeginiň we üzülmeginiň ähli şertleri görkezilýär. Faktoring bölüminiň karzlaşdyrylmagy oňa hyzmat edýän bank edarasynda karz hasabynyň açylmagy bilen amala aşyrylýar, bu hasapdan karz alnan pullar faktoringiň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär. Karz puluň alynmagy gyssagly borçnamalar bilen resmileşdirilýär. Karz pullary alany üçin faktoring banka şertleşilen möçberde göterimleri töleýär. Faktoring bölüminiň girdejileri we çykdajylary faktoringiň döredilen bankynyň şonuň ýaly görkezijilerinden aýratynlykda hasaba alynýar.

Häzirki wagtda faktoring kärhanalar 12.4.1-nji şekilde görkezilen amallary amala aşyrýarlar.

**12.4.1-nji şekil. Häzirki wagtda faktoring firmalar şu aşakdaky amallary amala aşyrýar**

| |
|---|
| Üpjün edijilerden yzygiderli hukuklaryny satyn alyp, alyjylardan tölegleri alýar (ýüklenip iberilen harytlar üçin algylary almaga ýardam edýär) |
| Alyja berlen töleg resminamalarynyň tölenmegini üpjün edýär |
| Ynamly müşderilere (blank ýa-da resminama boýunça) karzlary berýär |
| Borçnamalary (wekselleri) satyn alýar |
| Öz amallaryny geçirmek üçin çeşmeleri çekýär |

Faktoring bölüminiň işleriniň ýokarda sanalyp geçirilen amallar bilen çäklenmeýändigini belläp geçmelidir. Ol dürli goşmaça hyzmatlary hem amala aşyryp biler.

## 12.5. Algylary almakda menejeriň orny

Faktoringiň üsti bilen amallary ýerine ýetirmek üçin oňa gatnaşyjylar resminamalaryň taýýarlanylyşynyň tertip-düzgünini, tölegleriniň möhletlerini, sylaglaryň möçberini we taraplaryň garamagy boýunça başga şertleri kesgitlän şertnamany baglaşýarlar. Faktoring amallarynyň töwekgelçilik häsiýetiniň bardygyny göz öňünde tutup, gatnaşyjylaryň geçginliligi (likwidligi), tölege we karza bolan ukyplylyklary hasaba alynmazdan şertnama baglaşylmaly däldir.

Faktoring kärhanasy ýa-da faktoringi amala aşyrýan bank, üpjün edijiler we töleýjiler bilen takyk möhlete üç taraplaýyn şertnamalary baglaşyp biler. Şertnama laýyklykda takyk töleýjileriň üpjün edijiler bilen doly hasaplaşjakdygy kepillendirilýär.

Algydar hukugynyň yzygiderli satyn alynmagynda üpjün ediji faktoringiň hasabyna pullaryň geçirilmegini görkezip, öz satyn alyjysynyň töleg resminamalaryny oňa berýär. Şol bir wagtda şonuň ýaly resminamalaryň geçirilmegi bilen bilelikde, resminamalaryň bir nusgasy faktoringa berilýär, ol bolsa pullary öz hasabyndan üpjün edijiniň hasabyna geçirýär. Alnan töleg resminamasynyň nusgasy esasynda, faktoring tölegleriň öz wagtynda alynmagyna geçirýär. Şonuň ýaly hyzmat üçin töleg takyklanylanda taraplar karz üçin olaryň kabul eden göteriminden hem-de serişdeleriniň alyjylary bilen hasaplaşykdaky bolýan ortaça möhletinden ugur alýarlar.

Üpjün ediji (haryt iberiji) alyjynyň bankyndan alyjyda serişdeleriniň ýoklugy we töleg resminamalarynyň 2-nji kartoteka ýerleşdirilendigi hakyndaky habary alyp, algyny satyn almak üçin faktoring kärhanasyna (banka) ýüz tutýar. Bu ýagdaýda üpjün ediji faktoring kärhanasyna ýa-da banka şu aşakdaky resminamalary tabşyrýar:

- alyja iberilen töleg talabyň göçürmesi;
- talabyň tölenilmändigi hakyndaky töleýji bankynyň habary;
- faktoring amalyň geçirilendigi hakyndaky maglumatlar. Şol sanda töleg talabynda üpjün edijiniň hasabynyň belgisi, faktoringiň rekwizitlerine çalyşmak hakyndaky töleýjä hyzmat edýän bankyň resminamasy (telegrammasy).

Töleýjiniň banky faktoring amaly geçendigi hakyndaky telegrammany (faksy) alandan soň N2 – nji kartotekada ýerleşýän töleg talabynda öňki üpjün edijiniň bank rekwizitlerini düzedip, täze pul alyjynyň (faktoringiň) bank rekwizitlerini görkezýär. Bank rekwizitleri täze alyjynyň hasaplaşyk hasabynyň belgisini, salgyt koduny, oňa hyzmat edýän bankyň adyny, onuň habarçy hasabyny öz içine almalydyr.

Üýtgedilen rekwizitli töleg talaby umumy kesgitlenilen tertipde tölenilýär. Bu amallary uly möçberdäki möhleti geçen debitor bergileri emele gelende geçirmek has netijelidir.

Öz müşderisi üçin töleg resminamasyny töläp we hasaplaşyklara öz pullaryny goýup, faktoring müşderide bergini üzmäge mümkinçilik bolanda öz pullarynyň öwezini dolýar. Şol bir wagtyň içinde faktoring şertnamasyna laýyklykda faktoringiň ýa-da üpjün edijiniň hasaplaşyk hasabyna tölenmeli jerimeleriň jemleri hem geçirilýär.

Jerimeler, köplenç, faktoringiň girdejileri bolup hyzmat edýärler. Ylalaşyga görä onuň üstüne komission ýygymlary hem geçirilip bilner. Şonuň ýaly amallar iki taraplaýyn algy-bergileri, karzlaryň göwrümlerini azaltmaga mümkinçilik berip, banklaryň işlerini aňsatlaşdyrýar.

Faktoring amallar oňa gatnaşyjylaryň hemmesine bähbitlidir. Töleýjiler faktoring bilen şertnama baglaşyp, tölegleriň tölenjekligini kepillendirýärler, bu bolsa olaryň abraýyny galdyryp, üpjün edijiler (işleri, hyzmatlary ýerine ýetirijiler) bilen gatnaşyklary berkidýär.

Üpjün edijiler hut üpjün etmäge şertnama baglaşylanda ýüklenip iberilen önüm üçin tölegleriň öz wagtynda geçirilmegi hakynda kepillendirilýärler, bu bolsa bazar ykdysadyýeti şertlerinde göni şertnamalaryň baglaşylmagynyň berkemegine, kärhananyň maliýe ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagyna ýardam edýär.

Öz müşderileriniň haýyşlary boýunça, käbir döwletlerde faktoring bölümleri üpjün edijilere töläp biljek tölegleriniň taslamalarynyň kepilnamalaryny taýýarlaýarlar.

Faktoring kärhanalary faktor amallaryny satyn alnan borçnamalar (wekseller) esasynda geçirýärler. Satyn alnan borçnamalar (wekseller) – weksel saklaýjynyň banka (faktoring firmasyna) öz hukugynyň geçirmegini aňladýar.

Wekselleri çykdajy ýa-da trattalary (harajatlary) edip, şol wagtyň içinde hasaplaşyp bilmeýän taraplar berýärler. Faktoring kärhanalary (banklar) wekselleri saklaýjylardan (trassantlardan) satyn alyp, olary saklap, saklany üçin (diskont) tölegleri alýarlar.

## 12.6. Çekilen zyýanyň öwezini dolmaklygyň we jerimeleriň görnüşleri

Şertnamalarda we kontraktlarda çekilen zyýanlaryň öwezini dolmaklyk we jerimeler görkezilip bilner. Döwlet tarapyndan alynýan jerimeler kanunlarda görkezilýär.

Jerimeler şertnamalarda we kanunlarda görkezilen düzgünler (şertler) bozulanda ulanylýar.

Jerimeler göterim ýa-da anyk möçberlerde görkezilip bilner.

Jerimeler kazyýetiň, salgyt gullugynyň, Pensiýa gaznasynyň karary esasynda tölenip bilner. Käbir şertleri bozan taraplar şertnama laýyklykda özleri jerimeleri töläp bilerler.

Salgyt gulluklary dürli jerimeleri, şol sanda edara ediş (administratiw) we maliýe jerimeleri alyp bilerler.

Häzirki döwürde salgyt gulluklary şu aşakdaky edara ediş (administratiw) jerimeleri alyp bilerler:

Raýatlardan iň pes zähmet hakynyň bäş möçberine çenli; kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylaryna iň pes zähmet hakynyň on möçberine çenli jerime salnyp bilner.

Maliýe jerimelerine şu aşakdakylar degişlidir:

Döwlet belligine alnan, ygtyýarnamasyz hereket edýän kärhananyň, şeýle işi amala aşyrmakdan alnan girdejisi (peýdasy) barlag esasynda ýüze çykarylsa, Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine 100% möçberinde almak görnüşinde maliýe jerimesi ulanylýar. Jerimäniň möçberi şeýle girdejiniň (peýdanyň) möçberinden tölenen salgytlaryň möçberine azalýar.

Eger geçirilýän barlaglaryň barşynda girdejileriň (peýdanyň) ýa-da oňa degişli çykdajylaryň hasaba alynmandygy ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda ygtyýarlandyryjy edara (beýleki gözegçilik edarasy) özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi-söwda işler üçin) ulanyp, girgejiniň (peýdanyň) çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellemäge haklydyr.

Ygtyýarnamasyz hereket edýänlere, şol sanda döwletiň belligine alynmadyk taraplara garşy Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda görkezilen başga çäreler hem görülip bilner.

Maliýe menejeri haýsy işiň görnüşine haýsy guramadan ygtyýarnama almalydygyny anyk bilmelidir. Ygtyýarnamanyň hereket edýän möhletine hem maliýe menejeri tarapyndan gözegçilik edilmelidir.

Ygtyýarlandyrylýan işleriň görnüşleriniň sanawy bilen şu okuw kitabynyň 6-njy goşundysy arkaly tanyşyp bolar. Biziň ýurdumyz-

da ygtyýarnamalar 2008-nji ýylyň iýul aýynda kabul edilen «Işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakyndaky» kanunyň we oňa 2010-njy ýylyň 22-nji maýynda girizilen goşmaçalaryň esasynda talap edilýär.

«Ygtyýarnamalary berýän ministrilikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmagy resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 Karary bilen tassyklanyldy.

Kanun boýunça ygtyýarnamalary kärhana döwlet belligini alýança talap etmäge ýol berilmeýär.

Kärhana döwlet bellegine alynmasa ýa-da döwlet belliginiň möhleti tamamlanan bolsa, oňa bankda hasaplary açmaga we nagt däl görnüşde maliýe amallaryny geçirmäge rugsat berilmeýär. Şol sebäpli maliýe menejeri kärhananyň döwlet belligine alynmagyny gözegçilikde saklamalydyr.

Eger salgyt töleýjiden döwlet salgyt gullugy emlägini mahrum eden bolsa we salgyt töleýji şol emlägi birugsat ulanan bolsa, onda döwlet salgyt gullugy emlägiň bahasyndan 50 % möçberinde şol salgyt töleýjiden jerime almaga haklydyr.

Eger salgyt töleýji salgydy kem hasaplan bolsa 40% möçberinde jerime alynýar. Jerime alynmazdan öň kem hasaplanan salgydyň möçberi alynýar. Jerime bilen bilelikde wagtynda tölenmedik salgydyň möçberine her gününe 0,03% möçberinde puşman ýazylýar.

Döwlet salgyt gulluklary banklardan hem maliýe jerimeleri almaga haklydyrlar.

Eger bank salgyt gullugyna duýdurman hasaplaşyk hasaby açan bolsa, onda döwlet salgyt gullugy şol hasaba düşen pul serişdeleriniň möçberine görä 10 % möçberde bankdan jerime almaga haklydyr.

Eger salgyt gullugy banka hasaplaşyk hasabyndan geçirilýän amallary togtatmaly diýip görkezme beren bolsa we muňa garamazdan bank bikanun amallary dowam eden bolsa, onda döwlet salgyt gullugy şol hasapdan bikanun geçirilen pul serişdeleriniň möçberine görä - 10 % möçberde bankdan jerime almaga haklydyr.

Eger bank hasaplaşyk hasabyna pul serişdeleri düşürmän göni depozit ýa-da karzy ýapmak üçin geçiren bolsa, onda döwlet sal-

gyt gullugy şol geçirilen pul serişdeleriniň möçberine görä - 10 % möçberde bankdan jerime almaga haklydyr.

## Barlag soraglary

1. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň tertibi nähili?
2. Töleg tabşyrygy, töleg talaby-tabşyrygy we töleg talabynyň işde ulanylyşy nähili?
3. Meýilleşdirilen tölegler haýsylar?
4. Haýsy ýagdaýlarda banklar puluň eýesinden razylygy alman (aksepsiz) tölegleri amala aşyrmaga hakly?
5. Daşary ýurt kompaniýalar bilen geçirilýän hasaplaşyklaryň görnüşleri haýsy?
6. Akkreditiw hasaplaşyklaryň düşünjesi we olaryň görnüşleri.
7. Akkreditiw hasaplaşyklaryň oňaýly we oňaýsyz taraplary haýsy?
8. Karzyň ýörelgeleri näme?
9. Karzyň CAMPARI ýörelgesi näme?
10. Faktoring we forfeýting düşünjeleri näme?
11. Regressiw we regressiw däl faktoringiň görnüşleri haýsylar?
12. Giň we ýaşyryn faktoring düşünjeleri näme?
13. Maliýe guramalarynyň edara ediş çäreleri haýsylar?
14. Maliýe jerimeleriniň görnüşleri haýsylar?
15. Ygtyýarnamasyz hereket edýänlere garşy nähili maliýe çäreleri görülýär?
16. Banklardan tutulýan maliýe jerimeler näme?
17. Puşmanlaryň düşünjesi we döwlet salgyt gulluklarynyň tutýan puşmanlarynyň möçberleri näçe?

# XIII BAP

## KARZ GATNAŞYKLARYNDA MALIÝE MENEJERINIŇ WEZIPELERI WE ORNY

### 13.1. Karzlaryň görnüşleri we olary alyp-bermekde maliýe menejeriniň orny

Wagtlaýyn ulanylmaýan, belli maksatlara, möhlete niýetlenen, yzyna gaýtarmak şerti bilen berilýän pul serişdelerine ykdysady edebiýatlarda **karz** diýilýär.

Möhleti boýunça karzlar 13.1.1-nji şekilde görkezilen üç topara bölünýärler.

**13.1.1-nji şekil. Möhleti boýunça karzlaryň toparlara bölünişi**

| |
|---|
| Gysga möhletleýin |
| Orta möhletleýin |
| Uzak möhletleýin |

Gysga möhletleýin karzlar bir ýyla çenli möhlete berilýär. Uzak möhletleýin karzlar, köplenç, üç ýyldan uzak möhletlere berilýär (birnäçe edebiýatlarda bäş ýyldan köp diýlip ýazylýar). Orta möhletleýin karzlar bir ýyldan üç ýyla çenlidir.

Ykdysadyýetçi alymlaryň ençemesi karzlary möhletleri boýunça gysga we uzak möhletleýin karzlar diýen iki topara bölýärler. Olaryň pikiri boýunça orta möhletleýin karzlary görkezmek hökman däldir. Türkmenistanyň hukuknamalarynda, banklaryň hasap meýilnamasynda hem karzlar diňe şol iki topara bölünýärler.

Ykdysady edebiýatlarda karzlaryň 13.1.2-nji, 13.1-3-nji şekillerde görkezilen we başga görnüşleri görkezilýär.

**13.1.2-nji şekil. Karzlaryň görnüşleri**




Görkezilen karzlaryň her haýsynyň öz aýratynlyklary bardyr. Olara aýry-aýrylykda seredip geçeliň.

**Bank karzlary** banklaryň öz müşderilerine – edara görnüşli we şahsy taraplara, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçilere niýetlenilýär.

Banklardan başga edara görnüşli taraplaryň, telekeçileriň, şahsyýetleriň bir-birine berýän karzlary **täjirçilik karzlary** diýlip atlandyrylýar.

**13.1.3-nji şekil. Bank karzlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Owerdraft |
| Lizing |
| Ramburs |
| Ipoteka |
| Sarp ediş |
| Gaýry görnüşleri |

Söwda edaralarynyň ilata ýa-da banklaryň ilata durmuş harajatlaryny (telewizorlary, sowadyjy enjamlary we ş.m.) almak üçin berýän karzlary sarp ediş karzlarydyr.

**Döwletiň karzlary** – bu döwletiň ilatdan möhletli we tölegli şertlerde gymmatly kagyzlaryň (obligasiýalaryň) deregine alýan pul serişdeleri.

**Döwletara karz** gatnaşyklary – döwletler biri-birine pul serişdelerini görkezilen şertlerde beren wagtynda ýüze çykýar.

**Bankara karzlary** - banklar biri-birine karz çeşmeleri ýetmedik ýagdaýlarda berýärler.

**Lizing karzlary** - ýokarda bellenilişi ýaly bank ýa-da lizing kompaniýalary gymmatly enjamlary we beýleki esasy serişdeleri satyn alyp, olary başga tarapa kärende hökmünde berýärler.

Birnäçe banklar uly möçberdäki taslama boýunça karzlary bileleşip berýän bolsalar, olara konsorsial karzlar diýilýär.

Owerdraft karzlary abraýly kärhanalara pul serişdeleri hasaplaşyk hasabynda wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýynda berilýär.

Ramburs karzlary-daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklaryny giňeltmek, harytlary çalt ýerleşdirmek üçin berilýär.

Tehniki karzlar -bir döwlet başga döwlete uly möçberlerde harytlary ya-da çig mallary iberýän bolsa we haryt alyjy döwlet öz wagtynda dürli sebäplere görä haryt iberiji döwlet bilen hasaplaşyp bilmedik bolsa, onuň bergisi tehniki karz görnüşinde resmileşdirilýär. Mysal üçin, Türkmenistan birnäçe gezek Ukraina Respublikasyna iberen tebigy gaz boýunça algylaryny, tehniki karzy görnüşinde resmileşdirdi.

Pul serişdelerini karz bermek üçin, olary ilki toplamaly. Banklar, köplenç, karzlary diňe hususy serişdeleriň hasabyna bermän, eýsem müşderilerden wagtlaýyn alnan serişdeleriň hasabyna-da berýärler.

Karzlary bermek üçin süýşürilýän serişdelere karz serişdeleri (resurslary) ýa-da karzyň çeşmeleri diýilýär. Banklar karzyň çeşmeleri hökmünde 13.1.4-nji şekilde görkezilen serişdeleri ulanyp bilýärler.

**13.1.4-nji şekil. Bank karzlaryň çeşmeleri**

| |
|---|
| Bankyň hususy karz çeşmeleri -esaslyk maýasy (ustaw), ätiýaçlandyrma, geljekki harajatlar, ýörite maksatly we gaýry toplumlaryň serişdeleri |
| Müşderileriniň hasaplaşyk, depozit, gündelik, goýum we gaýry hasaplarda ýerleşdirilip, wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeler |

Banklar öz müşderilerine karzlary diňe çeşmeleri bar bolan wagtynda bermelidirler. Ýagny, bankyň karz çeşmeleri näçe köp bolsa, şonça-da bank köp müşderilere karz bermäge ukyplydyr. Eger

bankyň müşderileriniň karzlara islegi karz çeşmelerinden artýan bolsa, onda bank karz serişdelerini Merkezi bankdan ýa-da başga täjirçilik banklaryndan, bank däl karz edaralaryndan ýa-da karz edaralaryndan satyn alyp biler.

Karzlaryň bazaryna biziň döwletimizde Türkmenistanyň Merkezi banky gözegçilik edýär. Berilýän karzlaryň möçberini Merkezi bank artdyryp we azaldyp biler. Şol işleri geçirmek üçin Merkezi bank gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimini kesgitleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda onuň derejesi ýyl-ýyldan pese düşýär. Netijede täjirçilik banklaryna satylýan karzlaryň bahasy pese düşüp, karzlaryň göterimleri hem pese düşýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmeginiň göterimi ykdysadyýeti ösen döwletleriňki ýaly bolup, ol başga döwletleriň ykdysadyýetçilerini haýran galdyrýar.

Karzy almazdan öň kärhananyň ýolbaşçylary 13.1.5-nji şekilde görkezilen işleri (çäreleri) geçirmelidirler.

**13.1.5-nji şekil. Karz alyjylaryň karzy almanka geçirmeli işleri (çäreleri)**

| |
|---|
| Karzyň deregine başga çeşmeleri ulanyp boljagyny barlamaly (göterimsiz pul kömekleri, başga esaslandyryjylary, paýdarlary çekmeli) |
| Dolandyrylýan subýektiň peýdasyny artdyrmagyň we netijeli ulanmaklygyň ýollaryny täzeden barlamaly |
| Zerur bolmadyk we peýda getirmeýän emläkleri satmaly |
| Subýektiň ähli algylaryny almaga synanyşmaly |
| Bergilerini zyýansyz uzaldyp bolýan ýagdaýlarda olary uzaltmaly |

13.1.5-nji şekilde görkezilşi ýaly, ilkinji nobatda «Karzyň deregine başga çeşmeleri ulanyp bolmazmy?» diýen soraga jogap bermeli.

Maliýe dolandyryjylary mümkinçilik bolan ýagdaýynda göterimsiz pul kömeklerini alyp görmeli. Yslam döwletlerinde karzlar göterimsiz berilýär. Gyrgyzystanda, Gazagystanda we başga käbir döwletlerde banklar müşderilerden göterim alman, eýsem olaryň (kärhanalaryň) paýdarlary hökmünde çykyş edýärler.

Ýokarda görkezilen işler ýerine ýetirilenden soň, karz almagyň

zerurlygy aýrylmasa, kärhananyň ýolbaşçylary karzlary haýsy bankdan almagyň amatlydygy baradaky meseläni çözmelidirler. Bu meseläni çözmek üçin ýolbaşçylar diňe bir bankyň şertlerini öwrenmän, eýsem dürli banklaryň karz bermekliginiň şertlerini hem öwrenmelidirler. Şertleriň içinde karzyň möhletine, göterimleriň derejesine, girewine, walýutasyna, bankyň hukuklaryna we kärhana garşy görlüp bilinjek çärelere aýratyn üns bermelidirler. Kärhananyň ýolbaşçylary (menejerler) şol şertleriň iň amatlysyny saýlamagy başarmylydyrlar.

Karzyň göterimi näçe pes bolsa, kärhana şonça-da ony tölemek aňsat düşýär. Karzy gaýtarmagyň möhleti näçe uzak bolsa, şonça-da kärhana üçin amatlydyr. Sebäbi bellenilen möhletden soň karz beriji bilen kärhana hasaplaşanda göterimler ösýär we ol zyýan çekýär.

Banklar karzlary dürli walýutalarda berip bilerler. Dürli walýutalarda alynýan karzlaryň şertleri deň däldir. Sebäbi dürli walyutalaryň inflýasiýanyň ösüşi, kurslaryň üýtgemegi, başga walýutalara öwrülmeginiň şertleri dürlüdir. Şol sebäpli karzy gaýtarmakda dürli meseleleriň ýüze çykmagy mümkindir.

Köplenç, kärhana haýsy walýutada girdejileri gazanýan bolsa, şol walýutalarda karzlary almak amatly bolýar, karzlary we göterimleri gaýtarmagy aňsatlaşýar. Muňa garamazdan iş ýüzünde dürli ýagdaýlar hem bolup biler. Şolaryň hemmesiniň gowy we ýaramaz taraplaryny seljerip, ýolbaşçylar kärhana üçin haýsy walýutada karzy almagyň amatlydygy barada netije çykarmagy başarmaly.

Kärhananyň ýolbaşçylary daşary ýurtlardan karz almazdan öň, ýerli banklar bilen maslahatlaşmalydyrlar. Sebäbi banklaryň karzlaryň bazarlary, karzlaryň şertleri barada maglumatlary köpdür. Olar internet arkaly dünýä karzlarynyň bazaryny öwrenýärler. Häzirki döwürde käbir arap ýurtlarynyň we Hytaý banklaryndan karzlary iň gowy şertler bilen alyp bolýar.

Käbir karzlaryň şertleri agyr bolup, soňunda köp kynçylyklara getirýär.

Karzlaryň şertlerini öwreniş döwründe kärhananyň dolandyryjylary karzyň ähli şertlerini öwrenip, onuň netijeliligini we şol şertleri doly ýerine ýetirip boljagyny hasaplap görmelidir. Hasaplaýyş işleri geçirilende girdejiler, çykdajylar, tölenjek salgytlar, göterimler täzeden hasaplanylyp barlanylmaly. Şol işleri geçir-

mek üçin dolandyryjylar çaklaýyş işlerini geçirmegi başarmalydyrlar. Olar geljekki ýyllaryň nyrhlaryny, inflýasiýanyň ösüşini, walýuta kurslarynyň üýtgemegini çaklap bilmelidirler.

Karz alyjylar banklara, köplenç, 13.1.6-njy şekilde görkezilen resminamalary tabşyrýarlar.

Täjirçilik kärhanasy gysga möhletleýin karzlary alanda halkara ülňülerine laýyklyk gelýän täze hasaplaryň meýilnamasy boýunça buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 6212 51 00-6212 56 00-nji hasaplar «Milli pul birliginde kassadaky serişdeler», «Milli pul birliginde hasaplaşyk hasaby», «Daşary ýurt pullarynda hasaplaşyk hasaby», «Banklardaky ýörite hasaplar».

Kredit 6314 53 00-nji hasap «Banklaryň gysga möhletleýin karzlary".

**13.1.6-njy şekil. Karz alyjylar banklara köplenç aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar**

| |
|---|
| Arzany, telekeçilik işiniň meýilnamasyny, taslama-harajatnamasyny |
| Şahsy hasaplaşyk hasabyny açmak üçin tabşyrylýan resminamalary |
| Maliýeleşdirilmegiň meýilnamasyny |
| Karzy ödemekligi hakyndaky hasabyny |
| Girew hakynda şertnamany we beýleki resminamalary |

Täjirçilik kärhanasy uzak möhletleýin karzlary alanda halkara ülňülerine laýyk gelýän täze hasaplaryň meýilnamasy boýunça buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 6212 51 00-6212 56 00-nji hasaplar «Milli pul birliginde kassadaky serişdeler», «Milli pul birliginde hasaplaşyk hasaby», «Daşary ýurt pullarynda hasaplaşyk hasaby», «Banklardaky ýörite hasaplar».

Kredit 6314 43 00 «Banklaryň uzak möhletleýin karzlary».

Karzlar yzyna gaýtarylanda buhgalterçilik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 6314 53 00 «Banklaryň gysga möhletleýin karzlary», Kredit 6212 51 00-6212 56 00 «Kassa», «Hasaplaşyk hasaby», «Daşary ýurt pullarynyň hasaby», «Banklardaky ýörite hasaplar».

Debet 6314 43 00 «Banklaryň uzak möhletleýin karzlary».

Kredit 6212 51 00-6212 56 00-nji hasaplar «Milli pul birliginde kassadaky serişdeler», «Milli pul birliginde hasaplaşyk hasaby», «Daşary ýurt pullarynda hasaplaşyk hasaby», «Banklardaky ýörite hasaplar».

Kärhananyň alan karzyny göterim bilen gaýtarmakda walýuta, inflýasiýa, göterim, pudak, ýurt, syýasy we başga dürli meseleler we töwekgelçilikler çykyp biler.

Görkezilen töwekgelçilikleriň atlary öz düýp manysyny görkezýärler.

Walýuta töwekgelçiligi – walýuta kursunyň, inflýasiýa töwekgelçiligi – puluň hümmetiniň, göterim töwekgelçiligi bolsa göterimleriň üýtgemegi bilen baglydyrlar.

Kärhananyň dolandyryjysy kärhana tarapyndan karz almazdan öň, ýokarda görkezilen ähli töwekgelçilikleri göz öňünde tutmalydyr.

Başga söz bilen aýdylanda karzy göterim bilen bökdençsiz gaýtarmak üçin we görkezilen töwekgelçilikden goranmagyň esasy usullarynyň biri-öňünden gowy pikirlenip çaklaýyş işleri geçirmekdir. Emma karz alnandan soň bazaryň şertlerini, kärhananyň maliýe ýagdaýyny öwrenmegi we degişli çäreleri geçirmegi ýatdan çykarmaly däldir.

Alnan karzlaryň göterimlerini tölemek käbir ýagdaýlarda kärhana üçin gaty agyr bolup biler.

Dünýä tejribesinde göterimler berkidilen we berkidilmedik göterimler diýen iki topara bölünýär. Şolaryň içinden kärhananyň ýolbaşçylary bazaryň ýagdaýlaryna görä, göterimiň iň amatlysyny saýlamagy başarmaly. Käbir bazar şertlerinde berkidilen göterimler kärhana üçin amatly bolup biler. Şonuň ýaly ýagdaýlar, köplenç, puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşjekdigi çak edilse we berkidilýän göterim pes derejede kesgitlenilse gabat gelinýär. Mysal üçin, 1986-1990-njy ýyllarda uzak möhletleýin we berkidilen göterimli karzlary alan kärhanalar karzlaryň hasabyna çalt maliýe ýagdaýlaryny gowulandyrdylar. Olar karzlary alan wagtlarynda puluň hümmeti gaty ýokarydy, karzlar gaýtarylanda puluň hümmeti pese düşdi. Deňeşdirmek üçin şeýle mysal almak ýerliklidir, ýagny 25000 rubla 1986-njy ýylda maşgala üçin ýaşaýyş jaýyny gurup ýa-da satyn

alyp bolýardy. 1990-njy ýylda bolsa 25000 rubl orta maşgalanyň bir aý eklenmegine-de ýetmeýärdi.

Berkidilmedik göterimleri geljekki döwürleriň pulunyň hümmetini çak edip bolmadyk ýagdaýlarda ulanmak, amatly bolýar.

Göterim töwekgelçiligi öz gezeginde walýuta we inflýasiýa töwekgelçilikler bilen berk baglanyşyklydyr.

Ähli kärhanalaryň maliýe ýagdaýlary we karzy göterim bilen gaýtarmagyň ukyplylygy olaryň degişli pudagynyň, ýurdunyň ýagdaýyna we döwletiň syýasatyna hem baglydyrlar. Şol babatda kärhanalaryň karzy göterim bilen gaýtaryp bermekde pudak, ýurt, syýasy töwekgelçilikler hem bardyr.

Dürli pudaklaryň töwekgelçiligi dürlüdir. Şol töwekgelçilikler barada şu okuw kitabynyň 10-njy babynda maglumatlar berlendir.

Dürli pudaklarda üstünlik gazanmak şertleri deň däldir. Käbir pudaklarda bäsdeşlik iň ýokary derejelere barýar. Ol bosa öz gezeginde nyrhlara, girdejilere we kärhananyň töleg ukyplylygyna göni täsir edýär.

Eger meýilnamalaşdyrylan derejelerden köp girdeji gelýän bolsa, onda ýeňilliksiz karzy möhletinden öň gaýtarmak amatlydyr. Sebäbi geljekki ýagdaýlary çaklamak aňsat däl we olardan hem goranmak gerek.

Walýuta töwekgelçiliginden goranmak üçin käbir daşary ýurtlaryň ykdysadyýetçileri dürli walýutalarda karzlary almagy maslahat berýärler. Olaryň pikiriçe, eger bir walýuta karzyndan zyýan çekilse, başga walýutada alnan karz şol zyýanlary ýapmaga ýardam beräýmegi ahmal. Emma bu usulyň hem öz kemçilikleri bar. Saýlanan walýutalaryň ikisem zyýanly çyksa, hasaby ýöretmek we hasaplaşmak kynlaşýar.

«Karzy üzmek üçin girewi (maddy üpjünçiligi) satmaly bolar» diýip, kärhananyň ýolbaşçysynyň kellesine pikir gelýän ýagdaýynda, ýokarda aýdylyşy ýaly, kärhana şol karzy almaly däldir. Muňa garamazdan, eger kärhana girewe goýlan zatlary dogry saýlan bolsa we garaşylmadyk ýagdaýlar dörände ony dogry ulanyp bilse, onda karzyň maddy üpjunçiligi kärhanany başga bir topar kynçylyklardan gorap biler. Sebäbi girewe goýlan zatlaryň bahalary, köplenç, dürli taraplara üýtgeýär, ýagny ösýär ýa-da pese düşýär.

Iş ýüzünde, köplenç, ýaşaýyş jaýlarynyň we başga gozgalmaýan

emläkleriň bahalary ösmek bilen bolýar. Emma olaryň hem bahasy birnäçe ýagdaýda aşak düşüp biler. Onuň ýaly mysallar dünýa tejribesinde hem köp.

Ýaramaz ýagdaýa düşen kärhanalar girewe goýlan emlägi çaltrak satmak üçin onuň bahasyny arzanladyp, söwda çykdaýjylaryny edip, köp wagtlap ony satyp bilmese, aýratyn görünmeýän zyýanlary hem çekýär.

Kärhana alan karzyny wagtynda gaýtaryp bilmedik ýagdaýynda girewe goýulan emläkleri çalt ýerleşdirip bolar ýaly kärhananyň ýolbaşçylary girewi satyn alyp biljek taraplary göz öňünde tutmalydyrlar. Şol işi diňe bankyň özüne ýüklemeli däldir. Sebäbi bank kärhananyň goýan girewini arzan bahadan ýerleşdirip we karzyň gaýtarylmadyk möçberini kärhanadan talap edip biler. Oňa bankyň haky bardyr. Netijede kärhana goşmaça zyýan çeker.

Bank girewiň ätiýaçlandyrmasyny talap edip biler. Şol talap kärhana üçin hem alnan karzy göterim bilen gaýtarmagy aňsatlaşdyryp biler.

Jemläp aýdanymyzda, maliýe menejerleri dolandyryş subýektiniň alnan karzy göterim bilen gaýtarmak ukyplylygyny ýokarlandyrmak we töwekgelçilikleri peseltmek üçin 13.1.7-nji şekilde görkezilen usullary ulanmalydyrlar.

**13.1.7-nji şekil. Karzyň töwekgelçiliklerini peseltmegiň usullary**

| |
|---|
| Karzyň şertlerini, töwekgelçilikleri öňünden öwrenip, özüne amatlyklary gazanmalydyr |
| Karzy ulanyp oňaýly maliýe netijeleri gazanmalydyr, girdejileriň we çykdajylaryň gatnaşygyny sazlamalydyr |
| Girewe goýlan emläkleri ätiýaçlanmalydyr, olary satyn alyp biljek taraplary öňünden tapmalydyr, satmaly wagtynda gepleşikleri gurnamalydyr |
| Walýuta töwekgelçiliklerden goranmak üçin dürli walýutalarda karzlary almalydyr |
| Mümkin bolsa ýeňilliksiz alan karzlary möhletinden öň gaýtarmalydyr |

## 13.2. Karzlaryň maddy üpjünçiliginiň barlanylyşy

Banklar karzy bermezden öň karzyň iň wajyp ýörelgäniň birini, ýagny onuň üpjünçiligini barlaýarlar. Karzyň üpjünjiliginiň barlanylmagynyň esasy sebäbi karz bergileriniň maddy üpjünçiligine

laýyklygyny deňeşdirmekden ybaratdyr. Ýagny, karzy üpjün edýän maddy-haryt baýlyklary, ýüklenip iberilen harytlar alynýan karzlaryň möçberinden pes bolmaly däldir.

Köplenç, berilýän karzlaryň üpjünçiligi maliýe netijeleriň hasabatlaryň (balanslaryň) maglumatlarynyň esasynda barlanylýar. Öz gezeginde balanslaryň maglumatlary ammarlaryň, ilkinji buhgalterlik resminamalaryň maglumatlary bilen deň gelmelidir. Banklar balansyň maglumatlaryny özleri barlap bilerler.

Ösen döwletlerde banklar müşderä karzy bermezden öň onuň maliýe hasabatlaryny garaşsyz auditor gulluklara barladýarlar.

Haryt iberjiniň hukugy satyn alnanda ýa-da oňa (haryt iberijä) karz berlende, karzyň maddy üpjünçiligini barlamak kynlaşýar. Ýagdaý bolsa iberilen harydy ony satyn alan tarapda barlamaly ýa-da ondan karzyň maddy üpjünçiligini tassyklaýan resminamany almaly.

Resminamalary inkassa tabşyrylan ýüklenip iberilen harytlar boýunça emele gelen bergiler resminama dolanyşygynyň adaty möhletindäki karzyň üpjünçiligine kabul edilýär. Başgaça aýdylanda, üpjün edijiniň hasabyna tölegiň hakyky geçirilmegine çenli töleýji razylyk (aksept) talapdan boýun gaçyrýança ýa-da tölenilmedik jemleriniň sebäpleri hakynda habar berilýänçä (serişdeleriň ýoklugy, talaplaryň gelmezligi, maliýe barlagyň sebäpleri, kesgitlenilen ýagdaýlarda talaplaryň gaýtarylyp berilmegi), ýöne önüminiň ýüklenip iberilmeginden ýa-da harytlaryň goýberilmeginden 30 günden gijä galmazlyk şerti bilen kabul edilýär.

Hasaplaşyklaryň şertlerinde töleg talaplarynyň bankyň inkassasyna berilmegi göz öňünde tutulmaýan ýagdaýlarynda, ýüklenip iberilen harytlar karz almaga kärhanalar bilen bank edaralaryň arasynda ylalaşan möhletleriň, ýöne 30 günden köp bolmadyk çäklerde kabul edilýär. Banklar wagtal-wagtal buhgalterlik hasabynyň maglumatlary boýunça karz pullaryň üpjünçiligini gös-göni kärhanalarda barlaýarlar.

Karzlaryň maddy üpjünçiligini barlamak üçin bankyň işgärleri bazar nyrhlaryny gowy öwrenmelidirler. Maddy üpjünçilige gözegçilik edýän aktiwleriň hilini barlamagy başarmalydyrlar. Bu işe ýörite hünärmenler çekilýär.

## 13.3. Karzlary gaýtarmakda maliýe menejeriniň wezipeleri

Kärhananyň alan karzyny göterim bilen gaýtarmakda dürli meseleler we şu okuw kitabynyň ýokarky sahypalarynda görkezilen töwekgelçilikler ýüze çykyp biler. Kärhananyň dolandyryjysy kärhana tarapyndan karz alynmazdan öň, görkezilen ähli töwekgelçilikleri göz öňünde tutmalydyr.

Başga söz bilen aýdylanda karzy göterim bilen bökdençsiz gaýtarmak üçin görkezilen töwekgelçilikden goranmagyň esasy usullarynyň biri öňünden gowy pikirlenip çaklaýyş işleri geçirmekdir. Emma karz alnan soň, bazaryň şertlerini, kärhananyň maliýe ýagdaýyny öwrenmegi we degişli çäreleri geçirmegi ýatdan çykarmaly däldir.

Kärhananyň ýolbaşçylary bazaryň ýagdaýlaryna görä, göterimleriň iň amatlysyny saýlamagy başarmalydyr. Käbir bazar şertlerinde berkidilen göterimler kärhana üçin amatly bolup biler. Şonuň ýaly ýagdaýlar, köplenç, puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşjekdigi çak edilse we berkidilýän göterim pes derejede kesgitlenilse gabat gelýär.

Berkidilmedik göterimleri geljekki döwürleriň pulunyň hümmetini çak edip bolmadyk ýagdaýlarda ulanmak amatly bolýar.

Göterim töwekgelçiligi öz gezeginde walýuta we inflýasiýa töwekgelçilikleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Ýaramaz ýagdaýa düşen kärhanalar girewe goýlan emlägi çaltrak satmak üçin onuň bahasyny arzanladyp - söwda çykdaýjylaryny, köp wagtlap ony satyp bilmese, aýratyn görünmeýän zyýanlary hem çekýär.

### Barlag soraglary

1. Karzyň düşünjesi we kesgitlemesi näme?
2. Karzlaryň we bank karzlarynyň görnüşleri haýsylar?
3. Döwletiň, döwletara, bankara, lizing karzlary näme?
4. Konsorsial karzlar näme?.
5. Tehniki karzlar näme?
6. Öwerdraft karz näme?

7. Ramburs karzlar näme?
8. Bank karzlary näme?
9. Karzlar nähili hasaba alynýar?
10. Karzyň töwekgelçilikleri näme?
11. Karzyň töwekgelçiligini peseltmegiň usullary haýsylar?
12. Karz alynmazdan öň maliýe menejeri haýsy soraglara jogap bermeli?
13. Karz bermegiň resmileşdirilişi nähili?
14. Karzy göterim bilen gaýtarmakda maliýe menejeriniň wezipeleri haýsylar?

# XIV BAP

## DOLANDYRYŞ OBÝEKTLERINE MAÝA GOÝUM SERIŞDELERINI ÇEKMEKLIK

### 14.1. Dolandyrylýan obýektlere maýa goýum serişdelerini çekmekligiň nazary-hukuk esaslary we goýum çekmekligiň ähmiýeti

Telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýulýan, şonuň netijesinde hem peýda (girdeji) alynýan ýa-da netijeler gazanylýan ähli maddy we ruhy (intellektual) gymmatlyklar görnüşlerde edilýän çykdajylara maýalar (inwestisiýalar) diýilýär.

Esasy gaznalary täzeden gurmak, abzallaşdyrmak, giňeltmek, olaryň durkuny täzelemek üçin edilýän ähli çykdajylar düýpli **maýa goýumlar** diýlip atlandyrylýar.

Düýpli maýa goýumlar we inwestisiýalar düşünjeleri dürlüdir. «Inwestisiýa» düşünjesi düýpli maýa goýumlaryna seredilende has giň düşünje diýlip hasaplanylýar.

2008-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen Türkmenistanyň «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda (täze redaksiýasy)» Kanunda - daşary ýurt maýa goýumlary bilen bagly sekiz sany düşünjä aşakdaky ýaly kesgitlemeler berilýär:

1) daşary ýurt maýa goýumlaryny daşary maýa goýujysyna degişli raýat hukuklary obýektleri, şol sanda pul serişdeleri, gymmat kagyzlar, beýleki emläk, pulda bahasy bellenen emläk hukuklary, intellektual işiň netijeleri üçin aýratyn hukuklar (intellektual hukuk), şeýle hem hyzmatlar we maglumatlar görnüşinde Türkmenistanyň çägindäki telekeçilik işiniň daşary ýurt maýasyny goýmak.

2) daşary ýurt maýa goýujylaryna şu okuw kitabynyň 14.1.1-nji şekilinde görkezilenler degişlidirler.

**14.1.1-nji şekil. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýujylaryň görnüşleri**

| |
|---|
| Daşary ýurt edara görnüşdäki tarap, Türkmenistandaky şahamçany we wekilhanasyny goşup |
| Halkara guramasy |
| Daşary ýurt döwleti |
| Daşary ýurt şahsy tarap, şeýle hem maýa goýumyň amala aşyrylýan pursadynda daşary döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk şahs |
| Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýaty |

3) daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhana - Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň çäginde döredilen kärhana, ol daşary ýurt maýa goýujysyny ýa-da Türkmenistanyň edara görnüşleri we şahsy taraplary bilen paýly gatnaşmak esasynda degişlidir.

4) göni daşary ýurt maýa goýumlary - Türkmenistanyň çäginde döredilen ýa-da täze döredilýän kärhananyň maýalyk gorunda paýdaryň (paýyň, goýumyň) azyndan 10 göterimine daşary ýurt maýa goýujysy tarapyndan eýelik edilmegi, Türkmenistanyň çäginde döredilýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň şahamçasynyň esasy goýumlaryna maýa goýmak.

5) maýa goýum taslamasy - döwlet ülňülerine (kadalaryna) laýyklykda işlenip taýýarlanýan taslama-smeta resminamalaryny öz içine alýan maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň ykdysady maksada laýyklygynyň, möçberiniň we möhletleriniň esaslandyrmasy, şeýle hem maýa goýumlaryny amala aşyrmak boýunça iş ýüzündäki hereketleriň täjirçilik meýilnamasy. Ileri tutulýan maýa goýum taslamasy, bu durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararynyň esasynda amala aşyrylýan maýa goýum taslamasydyr.

6) maýa goýum taslamasynyň özüni ödemeli möhleti- daşary ýurt maýa goýumyny peýdalanmak bilen maýa goýum taslamasynyň

maliýeleşdirilmäge başlanan gününden başlap, ulanyş serişde geçirmeleri bolan sap girdejiniň toplanan möçberi bilen daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşdäki tarapyň şahamçasynyň maýa goýum harajatlarynyň möçberiniň arasyndaky tapawudyň oňyn ähmiýete eýe bolan gününe çenli möhletdir.

7) maýa goýumy gaýtadan goýmak- daşary ýurt maýa goýujysynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň daşary ýurt maýa goýumlaryndan alnan peýdasynyň (girdejisiniň) Türkmenistanyň çäginde telekeçilik işiniň obýektlerine maýa goýumlaryny goýmagydyr.

8) erkin ykdysady zona-erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy, milli syýahatçylyk zonasy, şeýle hem erkin ykdysady zonalaryň beýleki görnüşleri, olaryň döredilmeginiň, işlemeginiň we ýatyrylmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýär. Düýpli gurluşyga bolsa halk hojalygynyň özbaşdak pudagy diýip düşünilýär.

Maýa goýumlaryň gymmatlyklaryna şu aşakdakylar degişlidir.

**14.1.2-nji şekil. Maýa goýumlara degişli gymmatlyklar**

| |
|---|
| Pul serişdeleri, bellibir maksat üçin niýetlenen bank goýumlary, paýlar, paýnamalar we beýleki gymmatly kagyzlar |
| Gozgalýan we gozgalmaýan emläkler hem-de beýleki maddy gymmatlyklar |
| Emläk hukugy, “nou–hau» tejribesi (ylmy-tehniki, tehnologiki, täjirçilik bilimleri) hem-de beýleki ruhy gymmatlyklar |
| Ýerden hem-de beýleki tebigy baýlyklardan peýdalanmak hukugy, şeýle hem beýleki emläk hukuklary |
| Beýleki gymmatlyklar |

Maýa goýum iş diýlip, şahsy, edara görnüşli we başga taraplaryň, döwletiň inwestisiýalaryny durmuşa geçirmek barada edýän tejribe hereketleriniň jemine düşünilýär.

Türkmenistanyň «Maýa goýumlar hakynda» Kanunyna laýyklykda maýadarlaryň hemmesiniň maýa goýum işleri amala aşyrmaga hukuklary deňdir.

Maýa goýumçylaryň hukuklary şu okuw kitabynyň 14.1.3-nji şekilinde görkezilen.

**14.1.3-nji şekil. Maýa goýumçylaryň hukuklary**

| |
|---|
| Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik obýektlere maýa goýumlary goýmak |
| Maýa goýumlaryň möçberini we netijeliligini özbaşdak kesgitlemek |
| Maýa goýumlary durmuşa geçirmek üçin zerur raýatlary we edara görnüşli taraplary şertnama esasynda çekmek |
| Gazanylýan netijelere eýelik etmek, olary ulanmak, erk etmek, kanunda bellenen tertipde beýleki raýatlara we edara görnüşli taraplara satmak ýa-da bermek |
| Karz bermek, kanunda bellenen tertipde gymmatly kagyzlary we zaýomlary çykarmak hem-de beýleki hukuklar |

Maýa goýum işiniň subýektleriniň arasyndaky özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy hukuk resminamasy şertnamadyr (ylalaşykdyr). Maýa goýum işiniň subýektleriniň arasynda şertnama gatnaşyklaryny durmuşa geçirmekde döwlet guramalarynyň we wezipeli işgärleriň gatnaşmagyna ýol berilmeýär, ýöne kanunlarda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär.

Maýadarlar Türkmenistanyň Kanunlarynda bellenen ýagdaýlarda we tertipde 14.1.4-nji şekilde görkezilenlere borçludyrlar.

**14.1.4-nji şekil. Maýa goýumçylaryň borçlary**

| |
|---|
| Maliýe guramalaryna özüniň amala aşyrýan maýa goýumlarynyň möçberi we çeşmeleri hakyndaky jarnamany tabşyrmaga |
| Düýpli gurluşyk üçin degişli häkimiýet guramalaryndan we ýörite gulluklardan zerur ygtyýary hem razylygy almaga |
| Ýer titremesine (seýsmiki taýdan) çydamlylygy, ýangyn, partlama howpsuzlygy baradaky kadalaryň, arassaçylyk, gigiýena, ekologiýa we şäher gurluşygy baradaky talaplaryň berjaý edilişi jähtinden inwestision taslamalar babatda döwlet barlagynyň (ekspertizasynyň) gelen netijelerini almaga |

Maýa goýumçylar – işiň subýektleri şu aşakdakylara borçludyrlar.

Maýa goýum işine gatnaşýanlaryň Türkmenistanyň ygtyýarly guramalary tarapyndan ýörite ygtyýarnamalary, sertifikatlary bolmalydyr we olar degişli synaglardan geçmelidirler.

**14.1.5-nji şekil. Maýa goýumçylar işiň subýektleriniň borçlary**

| |
|---|
| Kadalary (normalary) we standartlary edara görnüşli taraplardan berjaý etmäge |
| Betpäl bäsdeşlik häsiýetlerine ýüz urmazlyga we monopoliýa garşy gönükdirilen talaplary ýerine ýetirmäge |
| Bildirýän talaplary ýerine ýetirmek degişli guramalaryň we wezipeli işgärleriň öz ygtyýarlarynyň çäklerinde |
| Bellenilen tertipde buhgalterlik we statistiki hasabatlary bermäge |

Ykdysady edebiýatlarda maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy barada hem düşünje berilýär.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy ähli çeşmeleriň hasabyna gymmatlyklaryň toplanmagyny we peýdaly harç edilmegini öz içine alýar.

Maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy 14.1.5-nji şekilde görkezilen ýörelgelerden (prinsiplerden) ugur almalydyr.

**14.1.5-nji şekil. Maýa goýumlary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy aşakdaky ýörelgelerden ugur almalydyr**

| |
|---|
| Maýa goýumlaryň döwletiň kanunlaryna laýyklygyndan |
| Maýa goýum taslamalaryň maliýe, maddy, tehniki we zähmet çeşmeleriniň (resurslarynyň) üpjünçiliginden |
| Maýa goýumlaryň obýektiw (adamlara bagly däl) ykdysady kanunlara laýyklygyndan |
| Netijelilikden |

Kärhananyň düýpli maýa goýumlaryny 14.1.6-njy şekilde görkezilen görkezijiler häsiýetlendirýärler.

**14.1.6-njy şekil. Düýpli maýa goýumlary häsiýetlendirýän görkezijiler**

| |
|---|
| Çeşmäniň umumy maýa goýumlaryň möçberinde udel agramy |
| Eýeçilik boýunça düzümi |
| Pudagara düzümi |
| Tehnologik düzümi |
| Üznüksiz önümçilik düzümi |
| Netijesi |

Maýa goýum işleri 14.1.7-nji şekilde görkezilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

**14.1.7-nji şekil. Düýpli maýa goýumlarynyň çeşmeleri**

| |
|---|
| Maýadarlaryň hut özüniň maliýe serişdeleri (peýda, esasy serişdeleriň könelmeginiň öwezini dolmak üçin gor, toplanan pul maýasy, döredijileriň dörediş gaznasyna goýlan maýalar, şahsy we edara görnüşli taraplaryň süýşürintgileri we beýlekiler) |
| Maýadaryň karz maliýe serişdeleri (obligasiýa görnüşindäki karzlar, bank we býujet karzlary) |
| Maýadaryň çeken maliýe serişdeleri |
| Býujet serişdeleri |

Esasy gaznalary (fondlary) täzeden gurmak, durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin iberilýän maýa goýumlaryň gatnaşygy üznüksiz önümçilik düzümi diýlip atlandyrylýar.

Ykdysady edebiýatlarda, köplenç, esasy gaznalaryň durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin iberilýän maýa goýumlar täze gurluşykdan netijeli diýlip hasaplanylýar. Emma käbir ýagdaýlarda esasy serişdeler örän köne bolanda, olary täzeden gurdurmak amatly bolup çykýar.

Maýa goýum işine çykdajylaryň görnüşleriniň gatnaşygy, mysal üçin, gurluşyk-gurnama işleri, enjamlary almak üçin çykdajylar we beýlekiler **maýa goýumlaryň tehnologik düzümi** diýlip atlandyrylýar.

Esasy girdejileri, köplenç, enjamlar getirýär, şol sebäpli maýa goýum işiniň çykdajylarynda enjamlary satyn almak üçin çykdajylaryň gatnaşygy ösýän bolsa goýumlar netijeli (amatly) diýlip hasaplanylýar.

Maýa goýumlara häsiýetnama berlende hökman olaryň netijesine-de baha berilýär. Ykdysady edebiýatlarda maýa goýumlarynyň netijesine baha berlende **netije we netijelilik** diýen iki sany bir-birine meňzeş düşünje tapawutlandyrylýar.

**Netije** diýip, köplenç, peýda, girdejä ýa-da durmuş netijelerine düşünilýär. Emma bellibir netijeleri dürli çykdajylaryň hasabyna gazanyp bolar. Mysal üçin, 500 müň manatlyk peýdany 1 million ma-

natlyk maýa goýumlaryň hasabyna we 2 million manatlyk goýumlaryň hasabyna gazanyp bolýar. Bu mysalda netije bir, emma netijelilik iki. Diýmek, netijelilik netijäniň harajatlaryny (çykdajylaryny, goýumlaryny) hasaba alýan düşünjedir.

Maýa goýumlaryň netijeleri we netijeliligi hasaplananda tejribede dürli usullar, mysal üçin, maýa goýumlaryň özüni ödemegini hasaplamak, netijeliligiň koeffisiýentini çykarmak we ş.m. usullar ulanylýar.

**Maýa goýumlaryň öz-özüni ödemegini** hasaplamak üçin goýlan goýumlar şol goýumlaryň netijesinde belli wagtda alnan peýda bilen deňeşdirilýär we näçe wagtda maýa goýumlarynyň yzyna geleni hasaplanylýar. Mysal üçin, maýa goýujy 1 million manat goýum edip, şol goýumlaryň hasabyna 1 ýylyň dowamynda 500 müň manat peýda gazanan bolsa, onda ol öz goýumlaryny 2 ýylyň içinde ödär. Şu usuly formula görnüşinde hem görkezip bolar:

$Ö = I : P = 1\,000000 : 500000 = 2$ ýyl,

bu ýerde

*Ö* - maýa goýumlaryň ödeýiş möhleti;

*I* - maýa goýumlaryň möçberi;

*P* - maýa goýumlaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Maýa goýumlaryň netijeliliginiň koeffisiýentini tapmak üçin aşakdaky formula ulanylýar:

$K = P : I$,

bu ýerde

*K* – maýa goýumlaryň netijeliliginiň koeffisiýenti; *I* – maýa goýumlaryň möçberi; *P* – maýa goýumlaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Ýokardaky mysalyň maglumatlaryny alanymyzda şeýle netije çykaryp bolýar:

$K = 500000 : 1000000 = 0{,}5$.

Ähli kärhananalar belli derejede maýa goýum işler bilen arabaglanyşyklydyr. Maýa goýum goýmak karara gelmegi dürli täsirler sebäpli, mysal üçin maýa goýumynyň görnüşi, maýa goýum tasalamasynyň bahasy, köp dürli elýeterli maýa goýum taslamalaryň barlygy, maliýe serişdeleriniň çäklenmegi, maýa goýumlaryň töwekgelçilikleri we ş.m. täsirler sebäpli kynlaşýar.

Maýa goýmagyň sebäpleri dürli bolup bilerler. Emma umuman alanyňda olary maddy-enjamlary täzelemek; önümçilik işiniň göwrümini ulaltmak we işiň täze görnüşlerini özleşdirmek diýen üç topara bölmek bolar.

Uzak möhletli maýa goýumlaryny goýmak barada kararlar iki görnüşde çykarylýar:

1. Saýlamak karary – täze önümçilik kuwwatlylygyny satyn almak ýa-da bar bolanlaryny giňeltmek.

2. Çalyşmak karary – hereket edýän önümçilik kuwwatlyklaryny täze ýokary tehnologiýaly enjamlary bilen çalyşmak.

Örän wajyp meseleleriň biri, zerur boljak goýumlaryň möçberini çäk etmekdir. Daşary ýurt kärhanalarynda, köplenç, maýa goýmak barada karary özbaşdak çykarmak ýolbaşçylar üçin çäklendirilýär. Dürli kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň maýa goýmak hakynda karary çykarmaklykda hukuklary deň däldir.

Birnäçe garaşsyz ýa-da saýlap bolýan taslamalaryň içinden birini ýa-da birnäçesini saýlamaga mümkinçilik bolanda karary esaslandyryp biljek görkezijiler gerek bolýar. Şonuň ýaly esaslandyrýan görkezijileriň birnäçesi bolup biler. Ähli taslamalaryň içinden biriniň ähli görkezijileriniň iň amatly bolmagynyň ähtimallygy birlikden has pesdir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýum etmäge mümkinçilikler örän uly. Şol bir wagtyň özünde ähli kärhanalaryň maýa goýum etmeginiň mümkinçilikleri erkin maliýe serişdeleriniň çäklenmegi bilen çäklendirilýär. Şol sebäpli maýa goýum horjunyny oňaýlaşdyrmagyň meselesi ýüze çykýar.

Töwekgelçilikleriň täsirleri örän uludyr. Maýa goumlary goýmak işi mydama näbellilik şertlerinde amala aşyrylyp we näbelliligiň derejeleri dürli bolup biler. Şol sebäpli duýgular esasynda gelýän kararlar hem käwagt çykarylýar.

Maýa goýumlaryny dolandyrmagy 14.1.8-nji şekilde görkezilen dolandyryş işleri öz üstüne alýarlar.

Maýa goýumlary dolandyrmak işi goýumlary iň netijeli görnüşlerine goýum etmäge gönükdirilendigi sebäpli 14.1.9-njy şekilde görkezilen tapgyrlary öz içine alýar.

**14.1.8-nji şekil. Maýa goýumlary dolandyrmak işiniň bölünişi**

| |
|---|
| Döwlet derejesinde maýa goýum dolandyrylyşy |
| Aýratyn maýa goýum taslamalarynyň dolandyrylyşy (meýilleşdiriş, guramaçylyk, birikdirip-sazlaşdyrmak, taslamanyň durmuşa ornaşdyrylmagyna gözegçilik etmek işlerini öz içine alýar) |
| Aýratyn hojalyk subýektiniň maýa goýum işiniň dolandyrylyşy |

**14.1.9-njy şekil. Maýa goýumlary dolandyrmak işi şu tapgyrlary öz içine alýar**

| |
|---|
| Döwletiň maýa goýum klimatynyň seljermesini |
| Maýa goýum işiniň anyk ugurlaryny saýlamagyny |
| Maýa goýum obýektleriň saýlamagyny |
| Maýa goýumlaryň likwidliligine baha bermegini |
| Gerek boljak maýa goýum serişdeleriniň göwrümini hasaplamagyny |
| Maýa goýum tölegkgelçilikleri dolandyrmany |

Maýa goýum işi kärhananyň ösüşiniň ykdysady strategiýasynyň esasy bölegi bolup durýar. Maýa goýum işleri amala aşyrylanda kärhananyň esasy ykdysady ösüşiniň meseleleri, ýagny aktiwleriň düzüminiň göwrüminiň giňelmegi ýa-da täzelenmegi durmuşa ornaşdyrylýar.

Maýa goýum işiniň tapawutlylygy kärhananyň maýa goýumlarynyň möçberlerine onuň ykdysady ösüşiniň derejesine baha bermek mümkinçiligi berýär.

Maýa goýum işiniň möçberleri umumy maýa goýumlaryň we arassa maýa goýumlaryň möçberleri diýen iki görkeziji bilen häsiýetlendirilýär.

**Umumy maýa goyumlarynyň** möçberi-bu belli döwürde goýulan serişdeleriň möçberidir. **Arassa maýa goýumlarynyň** möçberi- bu belli döwürde umumy maýalaryň goýulan möçberiniň we şol döwürde könelmäge geçirilen serişdeleriň aratapawudyny görkezýän möçberdir.

Maýa goýumlar 14.1.10-njy şekilde görkezilen täsirler bilen häsiýetlendirilýär.

**14.1.10-njy şekil. Maýa goýumlar şu täsirler bilen häsiýetlendirilýär**

| |
|---|
| Başda uly möçberlerde goýumlary talap edip, dolandyrylýan subýektleriň geljekki uzak möhletlerde girdejilerine täsir edýär |
| Puluň wagtlaýyn gymmatyny hasaplamagy talap edýär |
| Töleniljek salgytlary, ýygymlary we salgyda deňeşdirilen başga tölegleri, taslamanyň hakyky düşewüntliligini hasaplamagy talap edýär |

Kärhanalar tarapyndan ýerine ýetirilýän maýa goýum taslamalary 14.1.11-nji şekilde görkezilen şertlere (ýagdaýlara) görä tapawutlanýarlar.

**14.1.11-nji şekil.Dolandyryş subýektleri tarapyndan ýerine ýetirilýän maýa goýum taslamalar şulara görä tapawutlanýarlar**

| |
|---|
| Maýa goýum taslamanyň düýp mazmunyna we çeşmesine |
| Göwrümine görä taslamalar kiçi, uly we megataslamalara bölünýär |
| Taslamalanyň dowamlylygyna görä gysga we uzak möhletlilere bölýärler |
| Taslamany maliýeleşdirýän guramasynyň derejesine görä halkara, döwlet, welaýat derejedäki taslamalara bölýärler |

Kärhanalaryň maýa goýum maksatnamalary ähli ugurlar boýunça taslamalaryň jemini öz üstüne alýarlar.

Her taslama onuň kynçylygyna, işleriň göwrümine garamazdan maýa goýum taslamasynyň durmuş sikli doly tamamlanýança dolandyrmagyň obýekti bolup durýar. Durmuş sikli -bu maýa goýum taslamasy barada pikir döränden ony ulanmaklyk tamamlanýança wagtyň dowamlylygyny öz içine alýar. Köplenç, durmuş sikli maýa goýum taslamasynyň ilkinji pul akymyny getirip başlan gününden başlap, soňky girdejilere çenli döwri öz içine alýar.

Maýa goýum taslamalarynyň bahalandyryş işi taslamanyň netijeliligini hasaplamakdan we pul akymlarynyň häsiýetnamasyndan ybarat bolýar. Maýa goýum taslamasy bilen bagly ähli harajatlar maýa goýumlar we maýa goýumyň netijesinde emele gelen önüminiň harajatlary diýen iki topara bölünýär. Maýa goýum taslamasynyň durmuş sikli maýa goýumynyň we maýa goýumynyň öň ýanynda çekilen harajatlardyr. Önümçilik harajatlary iş tapgyrynyň çykdajylarydyr.

Maýa goýumlarynyň çykdajylarynda wajyp bölüm bolup başlangyç harajatlar bolup çykyş edýärler ( initial cost-başlangyç maýa goýumlar).

Başlangyç harajatlar-maýa goýumlary goýlup başlananda hakyky çykdajylaryň möçberi başlangyç maýa goýumlarynyň möçberini tapmak üçin maliýe taýdan seljerýän (analitik) şu aşakdaky soraglara jogap bermelidir:

1. Resminamalar (ýanhaty, hasap-fakturasy) boýunça täze aktiwiň alyş-satyş bahasy näçe?

2. Goşmaça çykdajylar näçe (gaplamak, getirmek,oturtmak we ş.m.)?

3. Hereket edýän enjamlary ýerleşdirmekden olary çalyşmagyň zerurlygy bar bolsa näçe girdeji geler?

4. Enjamy (esasy serişdäni) ýerlemekden alnan girdejilere haýsy salgytlary, ýygymlary tölemeli?

Mysal üçin, XYZ kompaniýasy 200.000 dollar möçberinde täze enjamy satyn almagy meýilleşdirýär. Enjamyň 5 ýyllyk könelmesi bar. Täze enjamy almak bilen bilelikde kompaniýa 50.000 dollarlyk köne enjamy satmagy meýilleşdirýär. Şol köne enjam üç ýyl öň satyn alnan we oňa 100.000 dollar tölenen. Täze enjamy getirmek üçin kompaniýa 40.000 dollary we ony oturtmak üçin 90.000 dollary tölemeli. Taslamanyň başlangyç çykdajylaryny hasaplamak talap edilýär. Salgyt göterimi 34%, maýanyň arassa dolanyşygy üýtgemeýär.

*7-nji tablisa*

**XYZ kompaniýasynyň başlangyç harajatlarynyň hasaby**

| Başlangyç harajatlar (Initial expenses) | Möçberi (dollar) | Başlangyç girdejileri (Initial revenues) | Möçberi (dollar) |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| Bir önüminiň bahasy | 200 000 | Bar bolan enjamyny satmakdan geljek girdeji | 50 000 |
| Goşmaça çykdajylar:<br>- gaplamak we getirmek<br>- oturtmak<br>- gözegçilik etmek<br>- başgalar | 4 000<br>9 000<br>0<br>0 | Köne enjamy zyýan bilen satylany üçin salgyt ýeňillikleri | 0 |

*7-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Köne enjamy satmak üçin tölenmeli salgytlar, ýygymlar | 7 140 | | |
| Maýanyň arassa dolanyşygynda üýtgemeler. Ähli çykdajylary | 220 140 | Ähli girdejiler<br>Ähli çykdajylar<br>Arassa gymmaty | 50 000<br>220 140<br>170 140 |

Başlangyç harajatlary etmek baradaky meseläni çözmek üçin, geljekki pul akymlaryny bahalandyrmaly, şol sanda hem köpeldilen pul akymlaryny hasaplamaly.

Köpeldilen pul akymy (ICF – Incremental CashFlow) goşmaça pul serişdelerdir. Olaryň haýsylary kompaniýa bar bolan pul akymynyň üstüne taslamany amala aşyrandan soň alar.

Mysal üçin, kompaniýanyň häzirki wagtda pul akymy – 100$. Eger ol taslamanyň amala aşyrylyp başlanyndan soň 150 $ çenli össe, onda ösdürilen pul akymynyň möçberi (ICF) 50$ barabar bolar. Şol sebäpli diňe 50$ taslamanyň girdejisi hökmünde serediler.

***ICF-niň hasaplamagy***

XYZ kompaniýasynyň hasaplanylan arassa girdejisi (AG) indiki üç ýylda 100 müň,150 müň, we 200 müň dollar bolar. Her ýylyň könelmeleri-30 müň, 40 müň we 45 müň dollara barabar bolar.

Täze taslamanyň ödelip başlanmagy netijesinde AG 120 müň, 16 müň we 230 müň dollar, ýyllyk könelmesi 45 müň, 62 müň we 66 müň dollara çenli öser. Salgydyň göterimi 40 %. Täze taslamanyň ICF-ni hasaplamaly.

**Çözülişi.**

1. Goşmaça arassa girdejini hasaplalyň:

GAG= TTAG-KTAG,

bu ýerde

GAG-goşmaça arassa girdeji;

TTAG- täze taslamany hasaba alanymyzda bahalandyrylýan arassa girdeji;

KTAG- täze taslamasyz bahalandyrylýan arassa girdeji.
Üç ýylyň her haýsynyň arassa girdejisini (AG) hasaplalyň:

$$AG = \frac{1\ ý}{20000\ \$} + \frac{2\ ý}{15000\ \$} + \frac{3\ ý}{30000\ \$}.$$

(120000-100000) (165000-150000) (230000-200000)
2. Könelmeden goşmaça salgyt ýeňilligini (peýdany) hasaplalyň:
(GSP) = Salgyt göterimi Goşmaça könelme = 0,4 Bir ýylyň için-de könelmäniň ösmegi $= \frac{1\ ý}{0,4\ (45\ müň - 30\ müň)}$

$$\frac{2\ ý}{0,4\ (62\ müň - 40\ müň)}$$

$$\frac{3\ ý}{0,4\ (66\ müň - 45\ müň)} = \frac{1\ ý}{6000\ \$} + \frac{2\ ý}{8800\ \$} + \frac{3\ ý}{8400\ \$}.$$

3. GAG we GSP goşup ICF hasaplalyň:

$$ICF = \frac{1\ ý}{26000\ \$} + \frac{2\ ý}{23800\ \$} + \frac{3\ ý}{38400\ \$}.$$

Bu täze taslama hakyky peýdanyň birinji ýylynyň netijesi boýunça – 26000 dollara, ikinji ýylda -23800 dollara, üçünji ýyl-38400 dollara barabar boljagyny aňladýar.

Geljekde şu peýdalary taslama boýunça ilkinji çykdajylary bilen deňeşdirýärler we taslamany kabul etmek ýa-da ondan boýun gaçyrmak barada karar çykarylýar.

Maýa goýum häsiýetli taslamalary kabul etmegiň çözgütleriniň esasynda çak edilýän goýumlaryň möçberini bahalandyrmak we olary geljekki girdejiler bilen deňeşdirilmek ýatyr.

Deňeşdirilýän görkezijiler dürli döwürlere degişlidigi sebäpli, esasy meseleleriň biri olaryň deňeşdirmek mümkinçiligidir. Bu meselä dürli garaýyşlar bolup biler. Olar hem dürli obýektiw we adama bagly däl (subýektiw) sebäplere, mysal üçin, puluň hümmetsizlenmeginiň derejesine, maýa goýumlarynyň göwrümine we gelýän girdejilerine, seljeriş- çaklaýyş işleri geçirýäniň hünär derejesine we ş.m. baglydyr.

Maýa goýum taslamalarynyň netijeliligine baha bermegiň dört sany esasy usuly, ýagny ödeýiş möhletini, arassa girdeji getiren gym-

matyny, içki peýdanyň kadasyny we düşewüntliliginiň koeffisiýentini hasaplamak usullary ulanylýar.

1. Görkezilen usullaryň içinde iň aňsady - ödeýiş möhletini tapmak usulydyr. Ödeýiş möhleti (Payback Period – PBP) – bu möhlet bolup, haýsynda diskontirlenmedik girdejileriň maýa goýumlarynyň möçberinden artjakdygyny aňladýar. Ony hasaplamak üçin ilkinji çykdajylary doly ödemek üçin näçe ýyl gerekdigi hasaplanylýar.

Goý, täze esasy serişdeleri satyn almak üçin 100 müň dollar möçberde serişdeler gerek bolsun. Şol serişdeleriň hasabyna, 15 müň dollarlyk salgytlar alty ýylyň dowamynda deň derejede tölenenden soň, arassa girdejä garaşylýar.

Alty ýylyň dowamynda göni könelmesini (прямолинейная аммортизация) tapmak üçin 100 müň: 6 ýyl=16667 dollar gerek. Maýa goýumlarynyň hasabyna her ýyl -8333 dollar peýda gazanylýan bolsa, orta hasap bilen ýyldaky pul akymlaryny (CF) tapmak üçin şu aşakdaky amallary ýerine ýetirýäris: 16667+8333=25000 dollar. Aktiwleriň çalyşmagy amala aşyrylmandyr, şol sebäpli arassa maýa goýumlar (NI)100 müň dollara barabar boldy.

$$\text{PBP (ödeýiş möhleti)} = \frac{NI}{(CF)} = \frac{100000}{25000} = 4 \text{ ýyl.}$$

Eger ýyllyk girdejileriň möçberleri deň däl bolsa, onda ödeýiş möhletini hasaplamak kynlaşýar. Mysal üçin, şol bir maýa goýumlarynyň möçberinde pul akymlary aşakdaky ýaly paýlanylan bolsa: 1-nji ýyl-10 müň dollar, 2-nji ýyl-CF=20 müň dollar, 3-nji ýyl - 20 müň dollar, 4-nji ýyl-36 müň dollar, 5-nji ýyl-34 müň dollar, 6-njy ýyl-20 müň dollar, onda jemi girdejiler 140 müň dollara barabar bolar. Orta hasap bilen CF=140000:6=23333 dollar. Diýmek,

$$\text{PBP} = \frac{NI}{(CF)} = \frac{100000}{23333} = 4{,}3 \text{ ýyl.}$$

Ödeýiş möhleti hasaplaýyş usuly ulananda bir mesele ýüze çykýar. Ödeýiş möhleti görkeziji başlangyç maýa goýumlaryny ilkinji esasda göz öňünde tutup, maýanyň ýönekeý ödemegini görkezýär. Ýagny, maýa goýumlarynyň ýönekeý ödemegini görkezip, olaryň ödeýiş möhleti tamamlanandan soň geljek pul akymlaryny hasaba almaýar. Bu bolsa maýa goýuja zyýan getirmegi ähtilimal.

2. Maýa goýumlarynyň netijeliligine baha bermegiň iň köp ulanylýan usullarynyň biri – arassa getirilen gymmatyny hasaplamak usulydyr. Arassa getirilen gymmat (Net Present Value – NPV) – bu gündelik (belli wagta çenli getirilen) pul akymlarynyň girdejileriniň we çykdajylarynyň aratapawudydyr. Bu usul çaklaýyş işleri geçirilýän möhletde başlangyç maýa goýumlarynyň (IC) umumy diskontirlenen arassa pul akymlarynyň deňeşdirilmegini öz içine alýar.

Pul akymlarynyň gelmegi belli wagtyň içinde paýlanylandygy sebäpli, ol r- koeffisiýentiň (diskontyň derejesi) kömegi bilen diskontirlenýär. Diskont maýa goýujy tarapyndan özbaşdak, her ýylda goýulan maýa goýumynyň yzyna gaýdyp geljek göterimine görä, öz çaklan zerurlygy esasynda tassyklanylýar.

$$NPV = PV_{CF} - IC = \sum_{k=1}^{n} \frac{P_k}{(1 + r)^k} - IC,$$

bu ýerde

$NPV$ – arassa getirilen gymmat (чисто приведенная стоимость);

$PV_{CF}$ – ähli pul akymlarynyň umumy gündelik möçberi;

$P_k$ – k ýylyň dowamynda pul girdejisi;

$n$ –taslamany amala aşyrylmagyň ýyl sany (taslamanyň hereket ediş sikli).

Garaşsyz taslamany saýlamagyň düzgüni boýunça NPV oňaýly möçberde bolanda taslama kabul edilýär. **Dürli taslamalar hödürlenende NPV ýokary taslamalar kabul edilýär.** Eger taslama birwagtlaýyn maýa goýumlary goýmagy göz öňünde tutmaýan bolsa we n ýyllap yzygiderli goýumlary goýmany meýilleşdirýän bolsa, onda arassa getirilen gymmatyň formulasy aşakdaky görnüşe modifisirlenýär:

$$\mathrm{NPV} = \sum_{k=1}^{n} \frac{P_k}{(1 + r)^k} - = \sum_{j=1}^{n} \frac{IC}{(1 + i)^j},$$

bu ýerde

$i$ – çaklanylýan pul hümmetsizliginiň orta derejesi.

3. Indiki usulyň – peýdanyň içerki kadasyny hasaplamak usulynyň (Internal Rate of Return – IRR) düýp manysy ähli girdejiler we harajatlar daşyndan buýrulan maýalarynyň esasynda getirilmän taslamanyň özünden içki girdejileriň derejesinden gündelik gym-

matyna getirilýär. Içerki girdejiniň kadasy diýip diskontirlenen koeffisiýent 0 derejä deň bolmaly diýlip düşünilýär.

$$PV_{CF} - IC = 0 \text{ или } \sum_{k=1}^{n} \frac{P_k}{(1 + r)^k} - IC = 0,$$

bu ýerde

IRR- belli taslamany amala aşyrmakdan geljek girdejileriň iň ýokary derejesi.

Iş ýüzünde kärhanalaryň köpüsi dürli çeşmeleriň hasabyna öz işlerini amala aşyrýarlar. Maliýe serişdeleri ulanmak göterimleri, diwidendleri tölemegi talap edýär. Ýagny öz ykdysady derejesini saklamak üçin belli derejedäki çykdajylary çekmeli. Şu çykdajylaryň deňeşdiriş derejelerini deslapky maýa goýumlarynyň bahasy (CC) diýip atlandyryp bolar.

Bu görkezijiniň ykdysady manysy, kärhana goýumlarynyň düşewüntliliginiň derejesi CC-niň gündelik derejesinden pes bolmadyk bolsa, maýa goýum häsiýetli islendik karary kabul edip biler. Edil şol belli taslama üçin hasaplanylan görkeziji bilen IRR görkeziji deňeşdirilýär. Olaryň arasynda aragatnaşyk şeýle: eger IRR>CC; onda taslamany kabul edip bolýar; eger IRR<CC, onda taslamadan boýun gaçyrmaly; eger IRR = CC, onda taslama peýda-da bermez, zyýanam getirmez.

4. Düşewüntliligiň indeksini hasaplamak usuly öz düýp manysynda arassa getirilen gymmatyň netijeliligini hasaplamak usulynyň soňky netijesi bolup durýar.

Düşewüntliligiň indeksi (Profitability Index – PI) - bu maýa goýum taslamasynyň geljekki pul akymlarynyň gündelik bahasyny başlangyç maýa goýumlarynyň möçberine bölmegiň netijesini görkezýär. Indeks şu aşakdaky formula esasynda hasaplanylýar:

$$PI = \frac{PV_{CF}}{IC} = \frac{\sum_{k=1}^{n} \frac{P_k}{(1 + r)^k}}{IC\ (P_0)}.$$

Eger PI > 1, onda taslamany kabul etmeli;

Eger PI < 1, onda taslamadan boýun gaçyrmaly;

Eger PI = 0, onda taslama «ünssüz».

NPV usuly bilen deňeşdirilende düşewüntliligiň indeksi deňeşdiriş görkezijisidir. Şol sebäpli ol dürli NPV-leri bir - birine ýakyn taslamalardan bir taslama saýlananda ýa-da NPV-niň iň ýokary jemleri bilen maýa goýum taslamalary goşulanda bu usuly ulanmak aňsat we amatly hasaplanylýar.

Bir maýa goýum taslamalasynyň netijeliliginiň görkezijilerini hasaplamak üçin dürli görkezijileriň ulanylmagy dürli netijelere getirip biler. Netijeliligiň görkezijileri (ödeýiş möhletinden başgalary) diskontyň derejesine örän duýgurdyr.

Maýa goýum goýmak barada bir netijäni saýlamaklyk aňsat däldigini göz öňüne tutup, Günbatar döwletleriniň we ýerli firmalar maýa goýujylary goýumlaryň netijeliligini iki ýa-da ondan köp görkezijileri boýunça hasaplaýarlar.

## 14.2. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin geçirilýän çäreler

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda döwletimiz täze maýa goýum syýasatyny ýöredip başlady.

2012-nji ýylyň 9 aýynyň netijeleri boýunça 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi 2,9 esse artdy we jemi içerki önümiň 48,8 göterimine barabar boldy. Bitaraplyk statusyna daýanyp Türkmenistanyň ähli maýa goýumlarynyň möçberinde daşary yurt maýa goýumlarynyň paýy 30 göterime golaýlady.

Döwletimizde gurulan we gurulýan obýektleriň hemmesini bir kitapda agzamak mümkin däl. Sebäbi bütin döwletimiz gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Käbir obýektler diňe biziň ýurdumyz üçin bähbitli bolman başga döwletlere hem bähbitli bolup durýar. Şolaryň içinden Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisi aýratyn orun tutýar. Onuň uzynlygy 7000 kilometr bolup, bir ýylyň dowamynda 40 milliard kubmetr tebigy gazy geçirip bilýär. Gazgeçirijiniň uzynlygyny 9000 kilometre çenli uzaltmak taslamalary hem bar. Bu gaz geçirijisiniň gurulmagy Özbegistan, Gazagystan,

Hytaý döwletleri bilen bilelikde biziň döwletimiz üçin hem örän ähmietlidir. Sebäbi ol döwletiň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmäge ýardam berip dürli töwekgelçiliklerden gorar.

Köp döwletler üçin bähbitli taslamalaryň içinden Gazagystan - Türkmenistan-Eýran döwletleriniň üstünden geçirilýän halkara demir ýoluny hem görkezip bolar. Şol işler Türkmenistanyň çäklerinden geçýän «Bereket-Gyzylgaýa-Serhetýaka» böleginiň we onuň daşynda gurulýan köp sany beýleki desgalaryň tamamlanmagy, köp döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň ýük daşamak işini aňsatlaşdyrar, harajatlary pese düşürip ykdysadyýetleriň ösmegine getirer.

Türkmenistanda köp daşary ýurtlaryň kärhanalary (kompaniýalary) öz ofislerini, şahamçalaryny, wekilhanalaryny, golçur kärhanalaryny açyp, köp ýyllap üstünlikli işleýärler. Olaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Şolaryň arasynda «Ýimpaş», «Polimeks», «KAMAZ», «CNPC» we başgalary görkezmek bolar.

Goýumlaryň möçberini artdyrmak üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow täze maýa goýumlar we maliýe syýasatyny ýöredip başlady. Türkmenistan halkara arenasynyň täze beýik basgançaklaryna ýetdi. Türkmenistanyň daşynda we döwletimiziň içinde halkara forumlar, şol sanda maýa goýum forumlary geçirilip başlady. Şol forumlara ösen döwletleriň biznes elitasy gatnaşyp täze ylalaşyklar gazanylýar. Forumlaryň we daşary ýurtlaryň maýa goýumlarynyň Türkmenistan üçin ähmiýeti örän uludyr. Olar döwletimize pul serişdelerini çekmek, täze tehnologiýalary we iş usullaryny ornaşdyrmak, degişli býujetlere gelýän salgytlary we ýygymlary artdyrmak, täze iş ýerlerini açmaga we başga amatlyklara ýardam edýärler.

Forumlardan ABŞ-nyň Nyu-Ýork şäherinde we ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde geçirilen Halkara maýa goýum forumlary ykdysadyýetimiziň ösüşine ýetirjek ähmiýeti örän uludyr. Forumlarda Türkmenistanyň ähli pudaklaryna, şol sanda nebit-gaz, dokma senagaty, oba hojalyk, syýahatçylyk, aragatnaşyk we başgalara daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmak üçin ykdyadyýeti ösen ähli ýurtlar dürli çäreleri geçirýärler, maýadarlar üçin ýörite şertler döredilýär. Biziň döwletimizde hem şu ugurda köp guramaçylyk işleri geçirildi.

Maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmak üçin Türkmenistanyň kanunçylyk özenine täze goşmaçalar we üýtgeşmeler girizildi. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Kanunyň täze redaksiýasyna laýyklykda daşary ýurduň maýadarlaryna Türkmenistana goýum etmek üçin giň ýol açyldy.

Kanunyň täze redaksiýasyna laýyklykda telekeçiligiň erkin ykdysady zolagynyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýdarlary şu aşakdakylardan boşadylýarlar:

**14.2.1-nji şekil. Telekeçiligiň erkin ykdysady zolagyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlary şu aşakdakylardan boşadylýarlar**

| |
|---|
| konsullyk we bellige alyş ygtyýarnamalara tölegleri tölemekden |
| şertnamalaryň bellige alnandygy üçin birža hyzmatlaryny tölemekden |
| ýer bölekleri üçin kärende töleginden |
| býujetden daşary gaznalara peýdadan serişde geçirmelerden |
| Türkmenistana getirilýän enjamlar, materiallar, esaslyk maýalaryna goýulýan goýumlar güwänama hyzmatlary üçin töleglerinden, gümrük paçlary tölemekden |

Daşary ýurt maýa goýumlaryny kepillendirmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna ýörite goşmaça düzgünler girizildi. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynyň üýtgemegi daşary ýurt maýa goýujylarynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň işiniň hukuk düzgünini ýaramazlaşdyrýan gadagançylyklara we çäklendirmelere getirse, daşary ýurt maýa goýumlarynyň bellige alnan pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygy olar babatda on ýylyň içinde, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň kärhanalary, daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryň şahamçalary üçin bolsa, ol bellige alnan mahalynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde mälim edilen maýa goýum maýasynyň özüni ödeýjilik döwrüniň içinde hereket edýär.

Eger görkezilenler ýurduň ykdysadyýetine progressiw üýtgeşmeleri getirseler, onda beýleki ýeňillikleri bermek kanunda hem göz öňünde tutulýar.

Kanuna girizilen üýtgemeler we goşmaçalar durmuşa ornaşdyrylyp, ilkinji miwelirini berip başlady. Onuň aýdyň mysaly hökmünde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny görkezip bolar. Gysga döwürde bu zolaga 2 milliard amerikan dollaryndan gowrak pul serişdelerini çekmek we goýum etmek mümkinçiligi döredildi.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ak pata berlen gurluşyk dünýäniñ, ýerli maýadarlaryñ, işewür adamlaryň ünsüni özüne çekýär we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky gurluşyk işlerine işjeñ gatnaşmaga höweslendirýär. Bagtyýarlyk döwrümiziň bu beýik gurluşygynyñ geljegi diýseñ uludyr. Zolakda gurlan we gurulýan desgalaryñ häzirkizaman özboluşly daşky görnüşi her bir adamyñ ünsüni özüne çekýär.

Soňky ýyllarda köp maýa goýumlary jaýlaryň, desgalaryň durkuny täzelemek, giňeltmek, abzallaşdyrmak, abatlamak üçin goýulýar. Bu bolsa maýa goýumlaryň netijeliligini ýokarlandyrýar we goýumlaryň tehnologik düzümini kämilleşdirýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe maýa goýumlarynyñ möçberlerini artyrmakda Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuna soňky ýyllarda girizilen üýtgemeleriň we goşulmalaryň orny hem uludyr. Täze kanunçylyk namalarynda maýadarlara dürli salgyt ýeňillikleri berilýär. Aýratyn üns syýahatçylygy, sporty, saglygy goraýyş işleri ösdürmäge berilýär. Oba hojalygyny, iýmit önümlerini ösdürmek üçin amatly şertler döredilýär. Täzeden berlip başlan salgyt ýeňilliklerinden şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- milli syýahatçylyk zonalarynyñ subýektleri tarapyndan gurluşyk we gurluşyk gurnama işlerini, syýahatçylary we milli syýahatçylyk zonalarynyñ infrastrukturasyny kabul etmek boýunça täze desgalaryñ gurulmagy bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetirmek goşulan baha üçin salgytdan boşadylýar. Bu işleri amala aşyrmak üçin ulanylýan emläk üçin salgytdan hem boşadylýar.

- milli syýahatçylyk zonalarynyñ çäginde syýahatçylary kabul etmek, olary ýerleşdirmek, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş taýdan we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyñ berilmegi, dürli oýunlary guramak boýunça hyzmatlar degişli desgalaryñ ulanylmaga berlen pursadyndan başlap, ilkinji 15 ýylyñ dowamynda goşulan baha üçin we

peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar. Bu düzgün täze desgalaryň emläkleri we olaryň infrastrukturasy ulanylsa emläge salynýan salgyda hem degişlidir.

- maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşdäki taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini we olary gaýtadan işlemekliginiň netijesinde alnan önümleri ýerleşdirmekden alýan peýdasynyň möçberine peýdadan alynýan salgydyň möçberi kemeldilýär.

- sport toplumlaryna, stadionlara we beýleki sport binalaryna we desgalara, şeýle hem olarda peýdalanylýan sport enjamlaryna we inwentarlara, asma ýollara, şeýle hem olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlara emläk üçin salgyt salynmaýar.

- çagalar dynç alyş lagerleriniň we öýleriniň, çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň emläkleri, şeýle hem çagalaryň dynç almaklaryny, çagalaryň göwnaçyş işlerini guramak üçin ulanylýan emläk, attraksionlary, oýun oýnalýan abzallary we ş.m goşmak bilen emläk üçin salgyt salynmaýar.

Daşary ýurt maýadarlaryny döwletimize çekmek üçin Türkmenistanyň kanunçylyk özenine başga üýtgemeler hem girizilendir. Ähli üýtgemeleri bir kitapda agzamak mümkin däl. Şol sebäpli biz kitapda döwletimizde geçirilýän diňe käbir guramaçylyk işleri görkezilendir.

## 14.3. Maýa goýujylaryň ulanýan usullary

Kärhananyň maýa goýum işlerini maliýeleşdirmeginiň tertibi 14.3.1-nji şekilde görkezilen şertlere bagly bolup durýar.

**14.3.1-nji şekil. Kärhananyň maýa goýum işlerini maliýeleşdirmegiň tertibi şu aşakdaky şertlere bagly bolup durýar**

| |
|---|
| Kärhananyň eýeçiligine |
| Maýa goýumlaryň çeşmelerine |
| Maýa goýum işleriniň ýerine ýetiriliş usulyna |

Beýleki döwletleriň, olaryň şahsy we edara görnüşli taraplarynyň, halkara guramalarynyň eýeçiliginde hereket edýän kärhanalaryň, jemgyýetçilik, kooperatiw birleşikleriniň maýa goýumlaryny döwletiň ýörite (ýokarda görkezilen) guramalary olaryň döwlet ülňülerine (standartlara, normalara) laýyklygyny barlaýar we hasaba alýar. Emma agzalan maýa goýujylaryň özleri pul serişdelerini toplaýarlar we özleri olary harçlaýarlar. Başga söz bilen aýdylanda olaryň maliýeleşdirilmegine döwlet guramalary tarapyndan gözegçilik edilmeýär. Jedelli meseleler ýüze çykanda olar kazyýet arkaly çözülýär.

Döwlet serişdeleriniň, bilelikdäki, garyşyk kärhanalaryň (eger olara döwletiň goýumlary goýulýan bolsa), karzlaryň, çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän maýa goýumlaryna, şol işleriň maliýeleşdirmegi degişli döwlet guramalary we banklar tarapyndan berk gözegçilik edilýär.

Maýa goýum işleriniň maliýeleşdirilmegine ýurdumyzda 14.3.2-nji şekilde görkezilen guramalar gözegçilik edýärler.

**14.3.2-nji şekil. Maýa goýum işleriniň maliýeleşdirilmegine biziň döwletimizde aşakdaky guramalar gözegçilik edýärler**

| |
|---|
| Türkmenistanyň Ministrler Kabineti |
| Ykdysadyýet we ösüş ministriligi |
| Maliýe ministriligi |
| Döwlet salgyt gulluklary |
| Banklar we karz edaralary |

Maýa goýum işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak üçin ýokarda agzalan şertler göz öňünde tutulyp (maýa goýujylaryň eýeçiligini, goýumlaryň çeşmelerini, işleriň ýerine ýetirilişini we başga şertleri), dürli resminamalar düzülýär hem-de maliýe we karz guramalary tarapyndan talap edilýär. Maýa goýumlara gözegçilik etmek üçin, köplenç, 14.3.3-nji şekilde görkezilen resminamalar talap edilýär.

**14.3.3-nji şekil. Maýa goýumlara gözegçilik etmek üçin talap edilýän resminamalar**

| |
|---|
| Telekeçilik işiniň meýilnamasy, maliýeleşdirmegiň meýilnamasy (döwletiň hasabyna maliýeleşdirilende) |
| Taslama, harajatnama, gurluşygyň potrat şertnamasy |
| Goýumlary ödemekligiň hasaby |
| Düýpli gurluşygyň döwlet meýilnamasy |
| Gurluşygyň titul sanawy (pasporty) |
| Gurluşygyň içindäki titul sanawy |
| Karzy ödemekligiň hasaby, girew hakynda şertnama, kepilnamalar (goýumlar karzyň hasabyna goýulsa) we beýleki resminamalar |

Talap edilýän resminamalar wezipeli işgärler, derejeli adamlar tarapyndan tassyklanylan bolmalydyr. Olaryň tassyklanylyşy ýokarda görkezilen şertlere hem goýumlaryň möçberine bagly bolup durýar.

Maýa goýum taslamalary, aýratyn hem daşary ýurt maýa goýujylarynyň taslamalary bellenilen tertipde hökmany döwlet seljermesine, şol sanda seýsmiki durnuklylyk, ýangyn, partlama howpsuzlyk, ekologiki we sanitariýa arasaçylyk talaplarynyň kadalarynyň berjaý edilişini seljermäge degişlidirler.

Daşary ýurt maýa goýumlary döwlet belligine alynýar. Olara kanunlara laýyyklykda gümrük we salgyt ýeňňillikleri berlip bilner.

Türkmenistan daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde öz syýasatyny durmuşa geçirýär. Daşary ýurtlaryň maýa goýumlary, maliýe kömegi bilen bilelikde, täze iş ýerleri açmaga, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, goşmaça salgytlary almaga we başga üstünlikleri gazanmaga ýardam berýärler.

Bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döwletimizde maliýe goýumlarynyň möçberini artdyrmak üçin kanunçylyk özenine bir topar üýtgetmeler girizildi. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bitewi Kanuna laýyklyda berilýän salgyt ýeňillikleri barada şu okuw kitabyň ýokarky sahypalarynda maglumatlar berildi. Otuzdan gowrak döwletler bilen halkara ylalaşyklaryna laýyklykda Türkmenistana dahylsyz maýa goýujylar esasy salgytlary ýa-da biziň ýurdumyzda ýa-da öz döwletlerinde tölemäge haklydyr. Olar bilen

bilelikde, daşary ýurt maýadarlary döwletimize çekmek üçin «Daşary ýurt inwestisiýalar hakynda» kanuna goşmaça dürli ýeňillikler we kepillikler girizilendir.

Telekeçiligiň erkin ykdysady zolagynyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýa goýujylary, daşary ýurtly kärhanalar kanun arkaly salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýarlar.

Türkmenistanda telekeçiligiň erkin ykdysady zolaklaryndan Awaza, Aşgabat-Abadan, Mary-Baýramaly, Hazar-Ekerem, Daşoguz-Aeroport, Türkmenabat-Seýdi, Baharly-Serdarabat, Aşgabat-Änew zolaklaryny görkezmek bolar. Şol zolaklarda kärhanany döretmek örän amatlydyr.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynyň üýtgemegi daşary ýurt maýa goýujylarynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk düzgünini ýaramazlaşdyrýan gadaganlyklara we çäklendirmelere getirse, daşary ýurt maýa goýumlarynyň bellige alnan pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygy olar babatda on ýylyň içinde, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň kärhanalary, daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryň şahamçalary üçin bolsa ol bellige alnan mahalynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde mälim edilen maýa goýum maýasynyň özüni ödeýjilik döwrüniň içinde hereket edýär.

Daşary ýurt maýa goýujylaryna Türkmenistana gelip, daşary ýurtlara gitmek üçin rugsatnama, ýeňillikler we kepillendirmeler kanun arkaly berilýär.

Eger olar ýurduň ykdysadyýetine progressiw üýtgemeleri getirseler, onda beýleki ýeňillikleri bermek kanunda hem göz öňünde tutulan.

## Barlag soraglary

1. Maýalaryň (inwestisiýalaryň) we düýpli maýa goýumlaryň düşünjeleri we kesgitlemeleri näme?
2. Daşary ýurt maýa goýujylaryna haýsy taraplar degişlidirler?
3. Maýa goýumlaryň gymmatlyklaryna haýsy gymmatlyklar degişli?

4. Maýa goýumlaryny dolandyrmak işi goýumlary iň netijeli görnüşlere goýum etmäge gönükdirilen sebäpli haýsy tapgyrlary öz içine alýar?
5. Maýa goýumlar haýsy täsirler bilen häsiýetlendirilýär?
6. Kärhanalar tarapyndan ýerine ýetirilýän maýa goýum taslamalary haýsy şertlere (ýagdaýlara) görä tapawutlanýarlar?
7. Dürli taslamalar hödürlenende haýsy görkezijisi ýokary bolanda taslamalar kabul edilýär?
8.Telekeçiligiñ erkin ykdysady zolagynyñ çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlary haýsy ýeňilliklerden peýdalanýarlar?
9. Kärhananyň maýa goýum işlerini maliýeleşdirmegiň tertibi haýsy şertlere bagly bolup durýar?
10.Maýa goýum işleriniň maliýeleşdirilmegine ýurdumyzda haýsy guramalar gözegçilik edýärler?
10.Maýa goýumlara gözegçilik etmek üçin talap edilýän resminamalar haýsylar?

# XV BAP

## KÄRHANANYŇ MALIÝE TAÝDAN BATYP GALMAGY WE GAÝTADAN GURALMAGY

### 15.1. Maliýe taýdan batyp galmagyň sebäpleri we görkezijileri

Kärhananyň maliýe taýdan batyp galmagy onuň maliýe ýagdaýynyň pese düşmegi netijesinde emele gelýär. Batyp galmagyň sebäpleri dürli bolup biler. Kärhana batar diýlip çaklamak diňe onuň maliýe netijeleriniň görkezijilerine esaslanman şoňa meňzeş kärhanalaryň tejribesi bilen (ýagny olaryň batmakdan çykmagyna ýa-da çykmandygyna) deňeşdiriş seljermesine esaslanmalydyr.

Maliýe taýdan batmagyň (çökmegiň) görkezijileri şu aşakdakylar bolup biler:

**15.1.1-nji şekil. Maliýe taýdan batmagyň (çökmegiň) görkezijileri**

| |
|---|
| Bergileriniň uly möçberleri we likwidliligiň pes derejesi |
| Zähmet şertnamalar boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekligiň kynlaşmagy |
| Düşewüntliligiň we girdejililigiň pes görkezijileri |
| Algylaryň uly möçberleri we köpüsiniň almagy şübheli ýa-da ygtybarsyz |
| Diwidendleriniň, paýnamalarynyň, obligasiýalarynyň bahasynyň birden çalt pese düşmegi |
| Beýleki, şol sanda daşky ( sebit, pudak, dünýä, ýurt) maliýe görkezijileriň pese düşmegi |

Kärhana maliýe taýdan batanda 15.1.2-nji şekilde görkezilen dört tapgyry geçýär.

Maliýe menejeri 15.1.2-nji şekilde görkezilen tapgyrlara subýekt barmaz ýaly degişli çäreleri geçirmelidir. Şekilde görkezilen birinji

we ikinji tapgyrlarda maliýe taýdan batmakdan dolandyryş subýekti çykarmak mümkin. Emma iň gowusy – dolandyryş subýektiniň maliýe ýagdaýy durnukly wagtynda ony berk gözekçilikde saklamak we töwekgelçilikleriň öňüni almakdyr.

**15.1.2-nji şekil. Dolandyryş subýektiniň maliýe taýdan batmagynyň tapgyrlary**

| |
|---|
| Batandygy görünmeýär |
| Subýektiň maliýe ýagdaýy durnukly däl |
| Tölege ukypsyz ( hakykatdan batan) |
| Maliýe taýdan batandygy resminamalaýyn yglan edilen |

15.1.2-nji şekilde görkezilen soňky tapgyrlarda dolandyryş subýektiniň restruktirizasyýasy, birikdirilmegi, satylmagy, ýatyrylmagy ýaly çäreler geçirilýär.

## 15.2. Kärhananyň batyp galmagynyň hukuk esaslary

Türkmenistanyň «Batyp galmak hakynda» Kanuny ilkinji gezek 1993-nji ýylda kabul edildi. Soňra bu Kanuna birnäçe üýtgetmeler girizildi. Kanunda batmak bilen bagly esasy meselelere seridilýär.

Türkmenistanyň «Batyp galmak hakynda» Kanunyna laýyklykda, şahsy we edara görnüşli taraplar batyp bilerler.

Bu Kanuna laýyklykda bergidar öz borçnamalary boýunça algydarlaryň hem-de býujetiň öňünde doly emläk jogapkärçiligini çekýärler.

Kärendä alnan emlägi hasaba almazdan, bergidaryň emläk jogapkärçiligi onuň doly eýeçiliginde ýa-da doly hojalyk hukugynda bolan emlägine degişlidir.

Edara görnüşli tarapy döreden şahsy taraplar (kärhananyň eýeleri) şol kärhanalaryň hem-de öz borçnamalary boýunça kärhananyň ähli we şahsy emläkleri barada jogapkärçilik çekýärler.

Edara görnüşli tarap bolmadyk şahsy taraplar, telekeçiler öz borçnamalary boýunça ähli emläkler barada jogapkärçilik çekýärler.

Bergidaryň emlägi ýetmedik ýagdaýynda ol öz borçnamalary boýunça Kanunçylykda bellenilen möçberlerde we tertipde jogapkärçilik çekýär.

24. Sargyt № 3078

Kanunlarda bellenilen käbir emläklere, mysal üçin, çagalaryň ýaşaýan jaýlaryna we başgalara talap bildirilmeýär.

Hakyna tutulma (şertnamalara, kontraktlara) laýyklykda hereket edýän şahslara, olary işleden bergidar borçnamalary boýunça jogap çekmeýärler.

Bilkastlaýyn hereketleriň netijesinde batan taraplar Kanuna laýyklykda jenaýtçylyk jogapkärçiligine çekilýär.

Kanuna laýyklykda edara görnüşli tarapa garşy 15.2.1-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda, kazyýetde «batmak hakynda iş» gozgalyp bilner.

**15.2.1-nji şekil. Kanuna laýyklykda kazyýetde batmak hakynda işiniň gozgalýan sebäpleri we ýagdaýlary**

| |
|---|
| Bergidaryň öz bergi-borçnamasy boýunça wagtynda we doly derejede jogap bermäge ukyplylygy bolmasa ýa-da ol ony ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa |
| Eger bergidar talaplary talap edilen günden başlap iki aýyň içinde töläp bilmedik bolsa |
| Eger bergi- borçlaryň möçberi emlägiň bahasyndan artan bolsa |

Russiýa Federasiýasynyň kanunlaryna laýyklykda üç aýdan geçen iň pes zähmet hakynyň 500 essesi möçberdäki borçnamalar boýunça bergiler maliýe taýdan batmagyň daşky görkezijisi diýlip hasaplanylýar.

Türkmenistanyň «Batyp galmak hakynda» Kanunyna laýyklykda bergidar tölege ukypsyz bolanda oňa garşy 15.2.2-nji şekilde görkezilen çäreler geçirilip bilner.

**15.2.2-nji şekil. Kanuna laýyklykda bergidar tölege ukypsyz bolanda oňa garşy geçirilýän çäreler**

| |
|---|
| Kazyýetden daşary çäreleri |
| Gaýtadan guramak |
| Edara ediş dolandyrmany girizmek |
| Parahatçylyk ylalaşygy baglaşmak (мировое соглашение) |
| Sagdynlaşdyrmak (санация) |
| Ýatyrmak |

**Kazyýetden daşary çäreler** bergidaryň algydarlar bilen özara hasaplaşmagyny (ylalaşmany) aňladýar.

Kazyýetden daşary çärelere 15.2.3-nji şekilde görkezilenler degişlidir.

Eger tölege ukypsyz bergidar öz borçnamalary boýunça hasaplaşyp bilmejegini hem-de tölege ukypsyzlygyny aňan bolsa, onda onuň teklibi boýunça algydarlaryň razylygy esasynda kärhanany meýletin ýatyrmak hakynda Karar kabul edilýär.

Karar kabul edilen gününden başlap, iki hepdäniň dowamynda tölege ukypsyz bergidar karzdarlaryň umumy ýygnagyny geçirýär we şol ýygnaga aktiwleriň we passiwleriň ýagdaýy hakynda buhgalterlik hasabatyny tabşyrýar. Hasabata algydarlaryň talaplarynyň möçberler bilen sanawy goşulýar.

**15.2.3-nji şekil. Kazyýetden daşary çäreleriň netijeleri**

| |
|---|
| Algydarlaryň hemmesi bilen ýa-da bir bölegi bilen (iň azyndan her üçüsinden ikisi bilen) tölegleriň möhletini uzaltmak hakynda ylalaşyk gazanmak |
| Algydarlaryň gözegçiliginde kärhanany meýletin ýatyrmak |
| Parahatçylyk ylalaşyga gelmek |

Eger kärhanany meýletin ýatyrmak hakynda razylyk gazanylan bolsa, onda algydarlaryň ýygnagy algydarlaryň we bergidaryň wekillerinden ybarat bolan ýatyrylyş topary kärhanany meýletin ýagdaýda ýatyrmak hakynda Karary tassyklaýar. Şol Kararyň netijeleri hakynda iki hepdäniň dowamynda Döwletiň bellige alyş gullugy habardar edilýär. Şol bir wagtyň içinde metbugatda bergidar kärhananyň meýletin ýatyrylmagy hakynda bildiriş berilýär.

Ýatyrylyş topary 15.2.4-nji şekilde görkezilen işleri amala aşyrýar.

Kärhananyň meýletin ýagdaýda ýatyrylmagy bilen närazy bolan algydarlar hojalyk kazyýetine kärhanany mejbury ýagdaýda ýatyrmak hakynda arzany bermäge haklydyrlar.

Netijelilik nutugynyň göçürmesi goşundylary bilen bir hepdäniň dowamynda Döwletiň bellige alyş gullugyna iberilýär. Kärhana ýatyryldy diýlip, ol Döwlet belliginden aýrylandan soň hasaplanylýar. Kärhananyň ýatyrylmagy hakynda metbugatda habar berilýär.

**15.2.4-nji şekil. Ýatyrylyş toparynyň amala aşyrýan işleri**

| |
|---|
| Bergidar kärhananyň buhgalterlik we beýleki resminamalary ulanmak hakynda karary çykaryp, emlägini ýerleşdirmek hakynda ygtyýar berýär |
| Eýeleri bilen algydarlaryň arasynda emläkleri satmak hem borçnamalary üzmek hakynda ylalaşyklary taýýarlap, algydarlaryň talaplaryny üzmek hakynda tertibi tassyklaýar |
| Dolandyryjynyň hakyny tassyklaýar |
| Ýatyrylyş balansy we talaplar kanagatlandyrylyp üzülenden soň galan serişdeleriň ulanylyşy hakynda hasabaty netijelilik nutugynda görkezýär |

Bergidaryň tölege ukypsyzlygy hakynda arza hojalyk kazyýetine ýazuw görnüşinde kärhananyň ýolbaşçysy ýa-da beýleki hukukly, telekeçilik ýa-da beýleki hojalyk işini amala aşyrýan şahsy tarapyň adyndan berilýär.

Arzada algydarlaryň öňünde durnukly tölege ukypsyzlyk emele gelmegi sebäpli borçnamalary ýerine ýetirmek mümkinçiliginiň ýoklugy hakynda bellenilýär. Arzada geljekki tölege ukypsyzlyk göz öňünde tutulan bolsa edara ediş dolandyryş ýa-da sagdynlaşdyryş çäreleri geçirmäge haýyş öňünden berlip bilner.

Arzanyň ýanyna kärhananyň buhgalterlik balansy, algydarlaryň hem bergidarlaryň sanawy goşulýar.

Eger bergidar öz töleg borçnamalaryny ýerine ýetirmeýän bolsa, onda algydar oňa sargyt poçtasy arkaly talapnama iberýär. Talapnamada iki aý möhletiň içinde oňa degişli bolan borçanamalaryň ýerine ýetirilmegi talap edilýär, talaplar ýerine ýetirilmese algydar kazyýete arza bilen bergidar batdy diýip yglan etmek hakynda ýüz tutjaklygy barada duýdurýar.

Hojalyk kazyýetine iberilýän ýazmaça görnüşdäki arzada bellenilen möhletde bergidara bolan talaplaryň ýerine ýetirlmelidigini hem bergidara duýduryş iberilendigini subut edýän resminamalar goşulýar.

Arzada bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak ýa-da oňa garşy sagdynlaşdyryş çäreleri geçirmek barada teklipler bolup biler.

Hojalyk kazyýeti tabşyrylan resminamalaryň esaslandyrylandygyny barlaýar we geçirilen barlagyň netijesi esasynda iş gozgaýar

ýa-da arzany kabul etmekden boýun gaçyryp, kanuna laýyklykda we tertipde resminamalary yzyna gaýtarýar.

Eger zerur gerekli resminamalar tabşyrylmasa, onda hojalyk kazyýeti bergidaryň balansyny düzmegi we beýleki maglumatlary bermegi garaşsyz auditor gullugyna tabşyrýar. Auditor gullugynyň hyzmatlary kazyýetiň Kararyny ýerine ýetirmedik tarapyň hasabyna tölenýär.

Hojalyk kazyýeti işi kabul eden gününden bir aý geçmedik möhletde ýygnagy geçirýär. Şol ýygnaga bergidar, algydarlar, banklaryň wekilleri, bergidaryň hasaba alnan ýeriniň maliýe we salgyt gulluklary, döwlet emlägi boýunça guramalary (eger bergidaryň emläginde döwletiň paýy (gatanjy) bar bolan ýagdaýda) çagyrylýar.

Şu ýygnakda tölege ukypsyz bergidar ýa-da eýesiniň wekili gozgalan işi togtatmak we gaýtadan guramak çäreleri geçirmek hakda ýazmaça arz edip bilerler.

**Gaýtadan guramak** çäreleriniň mümkinçiligini we maksadalaýyklygyny barlamak üçin hojalyk kazyýeti garaşsyz ekspertizany bellemäge haklydyr. Garaşsyz ekspertleriň (auditorlaryň) hyzmatlary boýunça çykdajylaryny tölemek bergidaryň üstüne ýüklenilýär.

Garaşsyz ekspertleriň netijenamalaryny alyp, hojalyk kazyýeti iki hepdäniň dowamynda işini gaýtadan dowam edip başlaýar.

Eger bergidaryň emläginde döwletiň paýy (gatanjy) bolan bolsa, onda hojalyk kazyýeti bäş günüň dowamynda döwlet emlägine gözegçilik edýän gullugy batmak hakynda işiň gozgalanlygy hakynda habardar edýär.

Döwlet emlägine gözegçilik edýän gulluk kazyýetden habarnamany alan gününden bäş günüň içinde kazyýete sagdynlaşdyryş çäresiniň maksada laýyklygy ýa-da laýyklyk däldigi barada öz kararyny iberýär.

Eger Döwlet emlägine gözegçilik edýän gulluk sagdynlaşdyrmak çäresini geçirmeli diýip karara gelen bolsa, onda ol algydarlaryň emläk talaplaryny we kazyýet çykdajylaryny kanagatlandyrmagy kepillendirýär.

Döwlet emlägine gözegçilik edýän gullugyň kanunçylykda bellenilen tertipde resmileşdirilmegi işi togtatmak we sagdynlaşdyryş çäresini bellemek üçin esas bolýar.

Eger bergidar hökmünde bank çykyş edýän bolsa, onda hojalyk kazyýeti bergidar bankyň esasnamasyny tassyklan bank kazyýetde gozgalan iş hakynda habardar edýär. Görkezilen bank edarasy bäş günüň dowamynda hojalyk kazyýetine sagdynlaşdyryş işlerine özi gatnaşmagyň mümkin boljaklygyny we onuň derejesini öz netijenamasynda görkezýär. Şol netijenamanyň mazmuny hojalyk kazyýetiniň kararynda bergidar bankyň haýyşnamasyna seredilende göz öňünde tutulýar.

Bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak gaýtadan guramak çäresi bolup, bergidaryň, kärhananyň eýesiniň ýa-da algydarlaryň arzasy esasynda hojalyk kazyýeti tarapyndan bellenilip, bergidar kärhananyň dolandyrmak wezipesini ýörite tarapa-dolandyryja geçirmegi aňladýar.

Bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmaga geçirmek barada arzanyň ýanyna bu çäräni geçirmegiň maksadalaýyklygynyň esaslandyrmasy, dolandyryjy dalaşgäriň hödürnamalary we onuň belli borçnamalary öz üstüne almagyny subut edýän razylyk-resminamasy goşulýar. Bergidar tarapynyň arzasynyň ýanyna soňky güne taýýarlanylan buhgalterlik hasaby goşulýar.

Dolandyryjy boljak dalaşgäriň önümçiligi dolandyrmakda iş tejribesi bolmalydyr. Dolandyryjy hökmünde öň kärhananyň ýolbaşçylygyndan aýrylan (diskwalifisirlenen) ýolbaşçy bellenilip bilmez.

Hojalyk kazyýeti bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak hakda Karary 15.2.5-nji şekilde görkezilen şertlerde çykaryp biler.

**15.2.5-nji şekil. Hojalyk kazyýetiniň bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak hakda Karary çykarmagynyň şertleri**

| |
|---|
| Bergidar maliýe-hojalyk işiniň ýagdaýyna görä, öz borçnamalary boýunça hasaplaşyp bilenok ýa-da ýakyn wagtda hasaplaşyp bilmez |
| Töleg ukyplylygyny dikeltmek, algydarlar bilen parahatçylyk ylalaşyga gelmek, hereketleri dowam etmek üçin emläginiň bir bölegini ýerleşdirmek ýaly maksatlara hakykatdan ýetmek mümkinçilikleri bar bolanda |

Hojalyk kazyýetiniň Kararynda bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmaga geçirilmeginiň maksady we möhleti takyklanylýar. Munuň dowamlylygy 18 aýdan uzaga çekmeli däl-

dir. Bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak barada hojalyk kazyýeti Karar çykarmak bilen, şol bir wagtyň özünde dolandyryjy hökmünde hödürlenen dalaşgäri wezipä tassyklaýar ýa-da ony tassyklamakdan boýun gaçyrýar.

Russiýa Federasiýasynda eger kärhananyň esaslyk maýasynda döwletiň paýy 25 %-den ýokary bolsa, onda dolandyryjysy döwlet tarapyndan bellenilýär.

Bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak Kararyna gelinmezden öň hojalyk kazyýeti garaşsyz ekspertizany bellemäge haklydyr. Şol ekspertizany geçirmek üçin çykdajylary bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak çäresini geçirmek barada arzany beren tarapa ýüklenýär.

Bellenilen dolandyryjy bergidar kärhananyň işini dolandyrýar, emlägi öz ygtyýaryna alýar, işgärleri, şol sanda kärhananyň ýolbaşçylaryny işe kabul edýär we işden boşadýar.

Girewe goýlan emlägi, eger ol dolanyşykda bolan girew bolmasa, onda dolandyryjy diňe hojalyk kazyýetiniň razylygy esasynda ulanyp biler.

Bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak çäresi geçirilýän döwürde bergidara bolan emläk talaplaryna moratoriý ýa-da eldegirmezlik girizilýär. Hojalyk kazyýeti tarapyndan bergidaryň anyklanylan talaplary diňe dolandyryjy bilen ylalaşyp, amala aşyrylyp bilner.

Wezipä bellenen gününden başlap dolandyryjy bir aýyň içinde kärhananyň gaýtadan gurmak meýilnamasyny düzmek üçin (hojalyk kazyýetiniň bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmak kararynda bellenilen maksady bilen) algydarlaryň ýygnagyny çagyrýar. Gaýtadan guramak meýilnamasyna düzedişler diňe dolandyryjynyň razylygy esasynda geçirilip bilner.

Eger algydarlaryň umumy ýygnagy (umumy talapgärleriň üçden ikisi) gaýtadan gurmak meýilnamasyny goldamasa, dolandyryjy bu barada hojalyk kazyýetini habardar edýär. Hojalyk kazyýeti gaýtadan guramak meýilnamasyny gözden geçirip, gaýtadan guramak Kararyny üýtgedip ýa-da güýjünde goýup biler.

Dolandyryjy algydarlaryň ýygnagyna gaýtadan guramak meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi we zerur bolan düşündirişler hakynda maglumat bermäge borçludyr.

Islendik algydar ýa-da kärhananyň eýesi, kärhanany gaýtadan guramak baradaky dolandyryjynyň meýilnamasy onuň bähbidine zyýan ýetirýär diýip hasaplaýan bolsa, şol hakda öz arzasy bilen hojalyk kazyýetine ýüzlenmäge haklydyr.

Edara ediş dolandyrmak çäresi öz maksadyna ýetende dolandyryjy hojalyk kazyýetine maksada ýetendigi hakynda arza bilen ýüz tutmalydyr. Eger dolandyryjy şol maksada ýetip bolmajagyny aňan bolsa, onda ol çäräni togtatmak hakynda arzasy bilen hojalyk kazyýetine ýüz tutmalydyr.

Edara ediş dolandyrmak çäresiniň netijesine we dolandyryjynyň arzasynyň häsiýetine görä hojalyk kazyýeti 15.2.6-njy şekilde görkezilen kararlaryň haýsam bolsa birine gelip biler.

**15.2.6-njy şekil. Hojalyk kazyýetiniň çykarýan kararlary**

| |
|---|
| Edara ediş dolandyrmany girizmek. Şonda hojalyk kazyýeti tarapyndan «batyp galan» işi hakynda kabul edilen Karary «ýatyrmak» we täze geljek üç ýyla kärhananyň ýolbaşçylaryny dolandyryjy tarapyndan bellenilenleri kesgitleýär ýa-da «parahatçylyk ylalaşygy» tassyklaýar. |
| Bergidary «batyp galan» ykrar edip, edara ediş dolandyrmak çäresini togtadýar we ýatyrmak çäresini geçirmegi yglan edýär |
| Edara ediş dolandyrmany togtadýar |

**Sagdynlaşdyryş**, bu bergidar kärhananyň ýatyrylmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, eýesiniň ýa-da üçünji tarapyň maliýe kömegini bermek bilen geçirýän gaýtadan guramak çäresidir.

Eger sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşmak isleýän taraplar kazyýetde işe seredilmeginiň öň ýanynda bellenilen bolsa hojalyk kazyýetine şol taraplaryň sanawy tabşyrylýar. Gatnaşyjylar barada esasy maglumatlar, şol sanda bergidar bilen aragatnaşygyň häsiýetnamasy hem sagdynlaşdyryş çaresine gatnaşmagyň ýazmaça razylygy bolmaly.

Sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşmak üçin, bergidar kärhananyň eýelerine, onuň işgärlerine hem algydarlara aýratyn hukuk berilýär.

Eger sagdynlaşdyryş barada arza kanagatlandyrylýan wagtynda üçünji tarapyň buýrujysy bolmasa, algydarlaryň emläk talaplaryny

kanagatalandyrmak üçin hojalyk kazyýetiniň edara görnüşli hem şahsy taraplaryň bäsleşigini yglan etmäge hukugy bardyr.

Eger hojalyk kazyýeti tarapyndan batyp galmak hakynda işini togtatmak barada Karar kabul edilen güni bergidaryň sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşmaly dalaşgärler ýok bolsa, onda bäsleşik hokman gurnalýar.

Bergidar kärhananyň sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşmak hakynda dalaşgärleriň arzalaryny bäsleşigi yglan eden hojalyk kazyýetine berýär. Bäsleşik barada bildiriş çap edilen gününden 30 günüň dowamynda arza berlip bilner.

Bäsleşige gatnaşmak barada arza berlen gününden başlap 10 günüň dowamynda, eger bäsleşik yglan edilmedik bolsa hojalyk kazyýetiniň sagdynlaşdyryş işi geçirmek hakynda karary kabul edilen gününden soň 10 günüň dowamynda, hojalyk kazyýeti sagdynlaşdyryş işine gatnaşmak isleg bildiren dalaşgärleriň arzalaryny öwrenip, çärä gatnaşmaga goýberýär ýa-da käbir dalaşgärleri gatnaşmakdan aýyrýar.

Eger sagdynlaşdyryş işine gatnaşmaga isleg bildirýänler bolmasa, onda hojalyk kazyýeti öz Kararyny üýtgedýär we kärhanany «batyp galan» diýip yglan etmek hakyndaky işe, düýp manysy boýunça täzeden seredýär.

Bir hepdäniň dowamynda sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşmaga isleg bildiren dalaşgär, gatnaşmaga goýberilmediklerden başgalary ýygnanyp ýygnak geçirýärler. Ýygnakda onuň gatnaşyjylary ylalaşygy işläp taýýarlap, oňa öz gollaryny goýýarlar. Ylalaşykda sagdynlaşdyryş çäresi tamamlananda ähli algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmagy üpjün etmek borçnamasy, çäräni geçirmek göz öňünde tutulýan möhleti, algydarlaryň arasynda jogapkärçiligini paýlamak hem sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşyjylarynyň arasynda, eger haýsam bolsa biri sagdynlaşdyryş çäresi başlan gününden soň ondan boýun gaçyrsa jogapkärçilige bellenilýär.

Gowşurylan ylalaşygyň esasynda hojalyk kazyýeti sagdynlaşdyryş çäresini geçirmek hakynda çözgüdi kabul edip, ony geçirmegiň möhletini we sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşjak agzalary tassyklaýar. Gatnaşmaga diňe ylalaşyga gol çeken edara görnüşli we şahsy taraplar goýberilýär.

Sagdanlaşdyryş çäresiniň möhleti 18 aýdan köp bolmaly däldir. Onuň möhleti gatnaşyjylaryň haýyşnamalary esasynda hojalyk kazyýeti tarapyndan uzaldylyp bilner, uzaltmagyň möhleti 6 aýdan köp bolup bilmez.

Çäräniň başlanan güni hojalyk kazyýetiniň çözgüt çykaran güni diýlip hasaplanylýar.

Algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak Kanunda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşyjylar dolandyryjyny belläp, çäräniň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýarlar.

Hojalyk kazyýetiniň Kararynda görkezilen maksatlaryň amala aşyrylmagy we oňa gatnaşyjylaryň ylalaşygy hojalyk kazyýetiniň sagdynlaşdyryş çäresiniň tamamlananlygy hakynda çözgüdi kabul etmäge we batyp galmak işini bes etmek üçin esas bolýar.

Hojalyk kazyýetine sagdynlaşdyryşy geçirmek arzasyna ony geçirmegiň maksadalaýyklygyny subut edýän esas goşulýar.

Hojalyk kazyýeti tarapyndan sagdynlaşdyryş çäresi şu ýagdaýlarda tamamlanyp bilner.

**15.2.7-nji şekil. Hojalyk kazyýeti «sagdynlaşdyryş» çäresini şu ýagdaýlarda tamamlanan diýip yglan edip biler**

| |
|---|
| Sagdynlaşdyryş çäräniň möhleti tamamlansa |
| Çäräniň netijesizligi ýüze çyksa |
| Algydarlaryň öňünde borçnamalary öz wagtynda sagdynlaşdyryş çärä gatnaşýanlar ýerine ýetirmeseler |

Eger sagdynlaşdyryş çäresi tamamlanyp we onuň möhleti 6 aýdan geçen bolsa, onda sagdynlaşdyryş çäresine gatnaşyjylar algydarlaryň öňünde öz emläkleri bilen kanagatlandyrylmadyk talaplarynyň möçberinde bergidaryň emläginden doly jogapkärçiligi çekýärler.

Eger sagdynlaşdyryş çäresi tamamlanyp we onuň möhleti 6 aýdan geçmedik bolsa, jogapkärçilik hakynda çözgüdi hojalyk kazyýeti kabul edýär. Çärä gatnaşyjylaryň jogapkärçiliginiň agramy kanagatlandyrylmadyk talaplaryň möçberinden 50 göterimden pes bolmaly däldir.

Sagdynlaşdyryş çäresi geçirilende islendik algydar ýa-da eýe, olaryň bähbidine zyýan getiren dolandyryjynyň, ýa-da çärä gatnaşyjylaryň hereketlerine, çäräniň netijesizligi barada hojalyk kazyýetine arza bilen ýüz tutup bilerler.

Arza seredip, hojalyk kazyýeti sagdynlaşdyryş çäresini togtatmak çözgüdini kabul edip biler.

Eger gaýtadan guramak çäresi maksadalaýyk bolmasa ýa-da ony geçirmek mümkin bolmasa, onda hojalyk kazyýeti ukypsyz bergidary batyp galan diýip yglan edip, önümçiligiň çäklerinde mejbury ýatyrmak çözgüdi çykarýar.

Kazyýetiň çözgüdi esasynda ukypsyz bergidaryň batyp galan diýlip yglan edilmegi we ýatyrmak hakynda işiň gozgalmagy hojalyk kazyýeti tarapyndan metbugatda çap edilýär. Bildirişnamany çap etmek üçin çykdajylar batyp galan tarapyň emläkleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Ýatyrmak hakynda iş açylandygy barada hojalyk kazyýeti 15.2.8-nji şekilde görkezilen taraplary habardar edýär.

**15.2.8-nji şekil. «Ýatyrmak hakynda» işiniň açylmagy hakda hojalyk kazyýeti şu taraplary habardar edýär**

| |
|---|
| Edara görnüşli taraplaryň eýelerini (esaslandyryjylary) |
| Eger-de bergidaryň emläginde döwletiň paýy bar bolsa döwletiň emlägine gözegçilik edýän guramasyny ( Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň edaralaryny) |
| Hukuk salgysy boýunça ýerli häkimlikleri bergidara hyzmat edýän bank edaralary. Eger bank batyp galan bolsa, onda Türkmenistanyň Merkezi bankyny. |

Batyp galan gününden başlap we ýatyrmak hakynda çözgüt çykarylandan soň, ukypsyz bergidara emlägini ulanmak, geçirmek hem borçlaryny üzmek gadagan edilýär (algydarlaryň ýygnagynyň karary esasynda bu işleri amala aşyrmak muňa girmeýär).

Tölege ukypsyz bergidaryň beren borçnamalarynyň möhletleriniň hemmesi tamamlandy diýip hasaplanylýar.

Puşmanlaryň we göterimleriniň hasaplanylyşy bergileriň ähli görnüşleri boýunça bes edilýär we Kanunçylykda onuň emläklerine bellenilen çäklendirmeler aýrylýar.

Ähli emläk ýa-da maliýe häsiýetli talaplar şol wagtdan başlap ukypsyz bergidaryň diňe ýatyrylyş işiniň (önümçiligiň) çäklerinde talap edilip bilner.

Ýatyrylyş önümçiligine (işiň) gatnaşyjylar bolup, hojalyk kazyýeti, dolandyryjy, algydarlaryň ýygnagy, tölege ukypsyz bergidar we beýleki gyzyklanýan taraplar çykyş edýärler.

Ýatyrylyş önümçiliginde hojalyk kazyýeti 15.2.9-njy şekilde görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýär:

**15.2.9-njy şekil. Ýatyrylyş önümçiliginde hojalyk kazyýetiň wezipeleri**

| |
|---|
| Ýatyrylyş önümçiligi gozgamak we tamamlamak |
| Algydarlaryň ýygnagyny geçirmek |
| Dolandyryjynyň işine we algydarlaryň ýygnagyna gözegçilik etmek |

Ýatyrylyş önümçiliginde dolandyryjy 15.2.10-njy we 15.2.10-njy a şekillerde görkezilen wezipeleri amala aşyrýar.

**15.2.10-njy şekil. Ýatyrylyş önümçilikde maliýe dolandyryjynyň wezipeleri**

| |
|---|
| Bergidaryň emlägini öz ygtyýaryna alyp ony dolandyrýar |
| Bergidaryň maliýe ýagdaýynyň seljermesini amala aşyryp, algydarlaryň esaslandyrmasyny öwrenýär |
| Ýatyrylyşyň möçberini (massasyny) taýýarlaýar |
| Ýatyrylyş işi (önümçiligi) başlanan gününe bergidaryň maliýe ýagdaýy we onuň emläkleri barada gerekli maglumatlary bilen hojalyk kazyýetini we algydarlary üpjün edýär |
| Eger bergidar tarapyň ýolbaşçysy wezipeden boşadylan bolsa, onuň wezipelerini amala aşyrýar |

**15.2.10-njy *a* şekil. Ýatyrylyş önümçilikde maliýe dolandyryjynyň wezipeleri**

| |
|---|
| Tölege ukypsyz yglan edilmedik bergidarlaryň 12 aýyň içinde baglaşylan geleşikleri boýunça hojalyk kazyýetinde jedel etmäge hukuklydyrlar |
| Ýatyrylyş toparynyň düzümini düzüp ony dolandyrýar |
| Algydarlaryň ýygnagynyň razylygy esasynda, bergidaryň emlägini satmaga ýa-da satmagyň möhletini bellemek hakda karary kabul edýär |

Karz berenleriň (kreditorlaryň, algydarlaryň) ýygnagyna gatnaşmaga karzdarlara, dolandyryja we bergidara hukuk berýär. Çözgütleri diňe karzdarlar kabul edýärler.

Karz berenleriň (algydarlaryň) ýygnagy 15.2.11-nji şekilde görkezilen wezipeleri amala aşyrýar.

**15.2.11-nji şekil. Karz berenleriň (algydarlaryň) ýygnagynyň wezipeleri**

| |
|---|
| Dolandyryjyny we onuň sylagyny tassyklaýar |
| Dolandyryja bergidaryň emlägini aýyrmak bilen bagly bellibir geleşikleri amala aşyrmaga rugsat berýär |
| Dolandyryjynyň hereketlerine gözegçilik edýär |
| Parahatçylyk ylalalaşygy baglaşmak hakynda çözgüdi kabul edýär |
| Karzdarlaryň komitetini (toparyny) düzüp onuň wezipelerini kesgitleýär |

Eger algydarlaryň ýygnagyna 50 göterimden az bolmadyk girew bilen üpjün edilmedik borçnamalary kabul eden taraplaryň wekilleri gatnaşsalar, onda bu ýygnaga kanun arkaly çözgüt çykarmaga hukuk berilýär.

Kreditorlar (algydarlar) ýygnaga ynamdarlary iberip bilerler. Algydarlaryň ýygnagynda bergidara bolan talaplary kabul edenler ses bermäge haklydyrlar.

Batyp galmak gürrüňi gozgalanda bergidar öz emlägini ulanmak we dolandyrmak hukugyny ýitirýär. Bergidaryň pikirine görä dolandyryjynyň hereketleri nädogry bolsa, ol hojalyk kazyýetine arz etmäge haklydyr.

Bergidaryň ähli aktiwleri, olar kärhananyň balanslarynda görkezilendigine garamazdan, ýatyrylyş möçberini (massany) düzmek üçin esas döredýärler. Eger başga kanunçylykda göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda şol möçbere balansda görkezilen durmuş (sosial) ulgamyna degişli obýektler hem girýär.

Ýatyrylyş önümçiliginiň (işiň) dowamynda ekspertleriň kömegi bilen dolandyryjy bergidaryň emläklerini (aktiwleri) we borçnamalaryny tükellemegi geçirýär.

Ýatyrylyş möçberine girýän bergidaryň emläkleri kesgitlenilen

tertipde bahalandyrylýar. Auksionda satyljak emläkler ilkinji bellenilen gymmaty boýunça bahalandyrylýar.

Döwlet däl eýeçilikdäki batyp galan kärhanalaryň öz borçnamalaryny üzmek üçin serişdeleri ýetmeýän bolsa ýatyrylyş möçberine şahsy taraplaryň, kärhananyň eýeleriniň emläkleri hem goşulýar.

15.2.12-nji şekilde görkezilen bergidaryň eýeçiligine degişli däl emläkler ýatyrylyş möçberine goşulmaýar.

**15.2.12-nji şekil. Bergidaryň eýeçiligine degişli däl asakdaky emläkler ýatyrylyş möçberine goşulmaýar:**

| |
|---|
| Kärende hukugynda alnyp, ulanylýan emläkler |
| Kanunçylyga laýyklykda bergidaryň eýeçiligine degişli däl bolan, jogapkärçilik şertlerde bergidarda saklanýan harytlar we beýleki emläkler |
| Kärhananyň işgärleriniň şahsy emläkleri |

Girew bilen üpjün edilen borçnamalar bergidaryň emläginden nobatsyz üzülýär.

Dolandyryjynyň wezipelerini ýerine ýetirmek we ýatyrylyş önümçiligi bilen bagly çykdajylary, eger olar kärhananyň önümçiligini dowam etmäge gönükdirilen bolsa nobatsyz ýapylýar. Şol çykdajylar ýapylansoň galan çykdajylar we emlägi ýerleşdirmekden gelen girdejiler, şol sanda pul serişdeleri şu okuw kitabynyň birinji babynda görkezilen tertipde amala aşyrylýar.

Bergidaryň emläginiň ýerleşdirilişi ýatyrylyş toparynyň görkezmesi esasynda dolandyryjysy tarapyndan amala aşyrylýar. Dolandyryjy emlägi satmak üçin satuwyň şertleri barada gyzyklanma bildirýänleriň giň köpçüligini we bergidary satuw başlamazdan öň habardar edýär.

Emläkler auksionda haýsy alyjy iň ýokary baha hödürlese şoňa satylýar.

Arzalary bermek möhleti geçenden soň ýüze çykan we bildirilen talaplar, wagtynda talap edilen borçlar kanagatlandyrylyp bergidaryň emlägini ýerleşdirmekden galan girdejileriň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Eger talaplar dolandyryjy tarapyndan kabul edilmedik bolsa, algydarlar ol barada hojalyk kazyýetinde arz etmeýän bolsalar, ýa-da

hojalyk kazyýeti algydarlaryň şol arzlaryny kanagatlandyrmaýan bolsa, onda şol talaplar üzülen diýlip hasaplanylýar.

Algydarlaryň talaplary emlägiň ýetmezçiligi sebäpli kanagatlandyrylmadyk bolsa, olar kazyýete bergidary jogapkärçilige çekmek we zyýanyň öwezini dolmak üçin ýüz tutmaga hukuklydyr.

Dolandyryjy tarapyndan hojalyk kazyýetine tabşyrylýan netijelilik hasabaty, ýatyrylyş balansy we talaplar kanagatlandyrylansoň serişdeleriň ulanylyşy hakynda hasabaty goşmak bilen hojalyk kazyýeti tarapyndan tassyklanylýar. Şondan soň ýatyrylyş önümçiliginiň tamamlanmagy hakynda çözgüt çykarylýar. Şol çözgüt bilen kärhanalary Döwlet bellige alyş gullugy habardar edýär.

Algydarlaryň we bergidaryň arasynda parahatçylyk ylalaşygy gaýtadan gurmak ýa-da ýatyrylyş çäresi başlanandan soň islendik tapgyrda baglaşylyp bilner.

Eger parahatçylyk ylalaşygyna iň azyndan taraplaryň üçden ikisi öz sesini beren bolsa, onda parahatçylyk ylalaşygy kabul edildi diýlip hasaplanylýar.

Eger talaplar bir nobata deňeşdirilen bolsa, onda parahatçylyk ylalaşygyna razylygy bermedik algydarlaryň şertleri parahatçylyk ylalaşygyna razylyk berenleriňkiden pes bolmaly däldir.

Parahatçylyk ylalaşygyny tassyklamaga haýyşnama berlende, bergidar şol ylalaşygyň taslamasyny, kärhananyň balansyny, ähli algydarlaryň sanawyny, olaryň salgylaryny, bergileriň möçberlerini, talaplar boýunça üzülişen tölegleriň kepilnamsyny, parahatçylyk ylalaşygyna degişli däl taraplaryň sanawyny bermäge borçludyr.

Hojalyk kazyýeti baglaşylan parahatçylygyň ylalaşygy we işiniň serediljek güni barada gyzyklanmalary bar taraplary habardar edýär. Çagyrylan taraplaryň gelmezligi işi seretmäge päsgelçilik bermeýär.

Öz ýygnagynda hojalyk kazyýeti, algydarlaryň ýygnagynda parahatçylyk ylalaşygy baglaşmaga çykyş edenlerine garamazdan we şol ylalaşyga garşy çykýan her bir algydary diňlemäge borçludyr.

Parahatçylyk ylalaşygy ýazmaça görnüşinde baglaşylyp, hojalyk kazyýeti tarapyndan tassyklanylýar. Oňa ähli algydarlaryň sanawyna giren algydarlaryň gol goýmagy hökmanydyr we ol hojalyk kazyýeti tarapyndan tassyklanan gününden güýje girýär.

Eger ukypsyz bergidar öz balansyndaky emlägini nädogry görkezen bolsa, onda hojalyk kazyýeti tarapyndan parahatçylyk ylalaşygy güýjüni ýitiren diýlip yglan edilip bilner.

15.2.13-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda parahatçylyk ylalaşygy togtadylan we batyp galmak işi gaýtadan gozgalan diýlip hasaplanylýar.

**15.2.13-nji şekil. «Batyp galan» diýip yglan etmek işi kazyýetde şu aşakdaky ýagdaýlarda gaýtadan gozgalýar:**

| |
|---|
| parahatçylyk ylalaşygyň şertleri ýerine ýetirilmedik bolsa |
| bergidaryň maliýe ýagdaýynyň pese düşmegi dowam edende, algydarlar gaýtadan işi gozgamaga hukuk gazanýarlar |
| bergidaryň hereketleri, algydarlaryň hukuklaryna we gyzyklanmalaryna zyýan getirende |

Eger parahatçylyk ylalaşygy güýjüni ýitiren bolsa, batyp galmak işi gaýtadan gozgalýandygy hakyndaky maglumat bergidaryň hasabyna hojalyk kazyýeti tarapyndan metbugatda habar berilýär.

Eger tölege ukypsyz bergidar parahatçylyk ylalaşygy ýerine ýetirilmezden öň batyp galan diýip yglan edilen bolsa, onda algydarlaryň talaplary möhleti uzaldylan, geçirilen tölegleri ýa-da kanagatlandyrylmadyk bergileriň indirimleri doly möçberde gaýtadan gaýtarylýar.

Gaýtadan guramak çäresi öz gezeginde tölege ukypsyz bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmagy ýa-da sagaldyş çäreleri geçirmegi öz içine alýar.

Ýatyrmak çäreleri ukypsyz bergidaryň algydarlarynyň gözegçiliginde meýletin ýatyrylmagyny ýa-da hojalyk kazyýetiniň karary esasynda mejbury ýatyrmagyny öz içine alýar.

Maliýe taýdan batmak arbitraž kazyýetiniň ýa-da bergidar tarapyň özüniň Karary esasynda yglan edilýär.

## 15.3. Kärhananyň maliýe taýdan batmakdan goranmak usullary

Kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň her tapgyrynda maliýe çökgünligine garşy ýörite çäreler geçirilýär. Şol çärelere 15.3.1-nji şekildäkiler degişlidir.

**15.3.1-nji şekil. Kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň her tapgyrynda maliýe çökgünligine garşy ýörite aşakdaky çäreler geçirilýär**

| |
|---|
| Bergileriniň möhletlerini we şertlerini üýtgetmegi, şol sanda bergileriniň bir bölegini ylalaşyklar esasynda hasapdan öçürmek («restrukturizasiýa») we başga çäreler |
| Köplenç ýa-da adaty ýagdaýlarda önümçiliginiň we satuwlarynyň möçberlerini artdyrmak |
| Ulanylmadyk aktiwleriň ýerleşdirilmeginiň ýa-da kärendä tabşyrylmagynyň mümkinçiliklerini ulanmak |
| Diwidend syýasatyny üýtgetmek we ş.m. |

**Restrukturizasiýa** – bu bergileriň düzümini gaýtadan derňemekdir. Döwlet derejede maliýe çökgünliginiň netijesinde restrukturizasiýa geçirilende döwletiň bergilerini ylalaşyklar esasynda peseldip bolýar. Eger restrukturizasiýa netije bermese, onda defolt yglan edilýär. Ýagny döwlet öz bergileri boýunça jogap berip bilmeýär diýip ykrar edilýär.

Bu çäreler reformirlenmegiň aňsat ýollaryny düzýärler. Olar kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň esasy sebäbi, onuň ugruny üýtgetmegi bilen bagly däl bolsa geçirilmeýär. Bu çäreler kärhanany oňaýsyz netijeler sebäpli dolandyrmagyň aýry-aýry ýalňyşlary bar bolan ýagdaýynda kömek edýär.

Eger birinji toparyň çäreleri oňaýly netije bermeseler, çäreleriň ikinji topary ulanylýar. Bu topar çäreleri kärhananyň maliýe ýagdaýynyň pese düşmeginiň esasy sebäbi ykdysadyýetiň üýtgetmeginiň netijesinde öndürilýän önüme isleg pese düşen bolsa ulanylýar. Bu ýerde çökgünlige garşy geçirilýän çäreler batan kärhananyň aktiwlerini başga önümi öndürmäge ulanyp boljakdygyna we köplenç, eýesini çalyşmak mümkinçiligine baha bermegi öz içine alýar.

Gaýtadan guramak ýa-da reorganizasiýa işlerini amala aşyrmak-bu kompaniýanyň maýalarynyň düzümini üýtgedip, kompaniýany dargamakdan saklamak synanyşygyny öz içine alýar. Bu usul maliýe durnuklygynyň esasy şerti bolup biler. Türkmenistanyň «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Kanuny hereket edýän jemgyýetleriň birikdirilmegini, bölünmegini, birleşmegini, aýrylmagyny we üýtgetmegini göz öňünde tutýar.

25. Sargyt № 3078

Paýdarlar jemgyýetleriniň islendik hili üýtgetmegi baradaky Karar diňe paýdarlaryň umumy ýygnagynda kabul edilmelidir. Algydarlaryň bähbitlerini goramak üçin jemgyýetiň üýtgedilmegi hakyndaky maglumat bilen ähli algydarlar paýdarlar jemgyýeti tarapyndan hökmany habardar edilmelidirler. Karara garşy çykan ýa-da ses bermedik paýdaryň onuň paýnamalarynyň hemmesini ýa-da olaryň bir bölegini bazar bahasyndan satyn alynmagyny talap etmäge haky bardyr.

## Barlag soraglary

1. Maliýe taýdan batmagyň sebäpleri we düşünjesi näme?
2. Maliýe taýdan batmagyň (çökmegiň) görkezijileri haýsylar we Türkmenistanyň «Batyp galmak hakynda» Kanunyna laýyklykda bergidar tölege ukypsyz bolanda oňa garşy haýsy çäreler geçirilip bilner?
3. Kanunalaýyklykda edara görnüşli tarapa garşy haýsy ýagdaýlarda, kazyýetde «batmak hakynda iş» gozgalyp bilner?
4. Karz berenleriň (algydarlaryň) ýygnagy haýsy wezipeleri amala aşyrýar?
5. Sagdynlaşdyryş çäresiniň möhleti näçe aýdan artmaly däl?
6. Sagdynlaşdyryş çäresiniň möhleti gatnaşyjylaryň haýyşnamalary esasynda hojalyk kazyýeti tarapyndan näçe aýa çenli uzaldylyp bilner?
7. Edara ediş dolandyrmak çäresiniň netijesine we dolandyryjynyň arzasynyň häsiýetine görä hojalyk kazyýetiniň kararlaryň birine gelmäge haky bar?
8. Kazyýetden daşary çäräniň netijesi nähili bolup biler?
9. Hojalyk kazyýetiniň Kararynda bergidaryň emlägini edara ediş usuly bilen dolandyrmaga geçirilmeginiň maksady we dowamlylygy näçe aýdan uzaga çekmeli däldir?
10. Hojalyk kazyýeti tarapyndan sagdynlaşdyryş çäresi haýsy ýagdaýlarda tamamlanýar?
11. Bergidaryň eýeçiligine degişli däl haýsy emläkler ýatyrylyş möçberine goşulmaýar?
12. Ýatyrylyş topary haýsy işleri amala aşyrýar?
13. Ýatyrylyş işinde hojalyk kazyýeti haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
14. Ýatyrylyş önümçiliginde maliýe dolandyryjynyň wezipeleri näme?
15. Ýatyrmak hakynda iş açylany barada hojalyk kazyýeti tarapyndan haýsy ýagdaýlarda duýdurylýar?

16. «Parahatçylyk ylalaşygy» düşünjesi näme?
17. Kärhana garşy «Batyp galan» iş gaýtadan gozgalýar diýlip, haýsy ýagdaýda hasaplanylýar?
18. Kärhananyň maliýe taýdan batmagynyň her tapgyrynda maliýe çökgünligine garşy haýsy ýörite çäreler geçirilýär?
19. Restrukturizasiýa ýa-da bergileriň düzüminiň gaýtadan derňelmegi düşünjesi näme?
20. Gaýtadan guramaklyk (reorganizasiýa) düşünjesi näme?

# XVI BAP

## YLMY-TEHNIKI PROGRES WE MALIÝE MENEJERINIŇ INNOWASION SYÝASATY

### 16.1. Türkmenistanyň innowasion syýasaty

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda ylmy-tehniki ilerleme «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamanyň esasynda ösdürilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda 2012-nji ýylyň 12-nji iýunynda eden çykyşynda 16.1.1-nji şekilde görkezilen ylmy ugurlar döwletimiz üçin möhüm ähmiýetlidir diýip nygtady.

**16.1.1-nji şekil. Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýetli ylmy ugurlar**

| |
|---|
| Innowasiýa tehnologiýalaryny agrosenagat toplumyna ornaşdyrmak |
| Ekologiýa we tebigy serişdeleri aýawly peýdalanmak |
| Energetika – ýangyç serişdeleri we olary tygşytlamak |
| Himiýa tehnologiýalary we bäsdeşlige ukyply täze önümleri öndürmek |
| Gurluşyk, binagärçilik we seýsmologiýa ugurlary |
| Lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek |
| Maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýa ugurlary |
| Ykdysadyýet we gumanitar ugurlary |

Şol maksada ýetmek üçin döwletimizde hormatly Prezidentimiziň Karary bilen milli Kosmos agentligi döredildi. Türkmenistan aragatnaşyk pudagy we başga pudaklary çalt depginler bilen ösdürmek üçin emeli hemralary kosmosa uçurmagy maksat edinýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurduň ähli pudaklarynda uly özgertmeler geçirilýär. Ösüşler dünýäniň iň täze öňdebaryjy tehniki serişdeleriniň hasabyna gazanylýar. Mysal üçin, gurluşyk pudagynda «Katerpiller», «Komatsu» we başga tehniki serişdeleriň kömegi bilen uly işler geçirilýär. Ýagny garaýollar, ýaşaýyş jaýlary, myhmanhanalar, stadionlar, dynç alyş merkezleri gurulýar. Şol tehniki serişdeler gurluşygyň öndürijiligini, çaltlaşdyrmagyny we hilini ýokary derejelere getirdi.

«Türkmenhowaýollary» kompaniýasynda «Boing» kysymly uçarlary ulanýar. Oba hojalyk pudagynda döwletiň hasabyna satyn alnyp «Jon Dir», «Keýs» kysymly kombaýnlar ulanylýar we şol pudakda dürli zerur bolan amallary ýerine ýetirýärler.

Saglygy goraýyş kärhanalary (edaralary) üçin ösen döwletleriň iň kämil tehniki serişdeleri ýurdumyzyň raýatlaryna hyzmat edip, dürli keselleriň anyklanmagyny, öňüni almagy we sagaldyş çärelerini geçirmäge ýardam berýärler. Metbugatda, çaphanalarda täze tehnologiýalaryň hasabyna reňkli gazetler, kitaplar, wizitkalar, senenamalar we başga zerur bolan ýokary hilli zatlar çykarylyp başlandy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde täze tehniki serişdeleriň hasabyna dokma senagaty uly üstünliklere eýe boldy. Öň başga döwletlere çig mallar iberilýän bolsa, indi pudagyň kärhanalarynda dürli döwletleriň tehniki serişdeleri ulanylyp, dürli taýýar önümler, şol sanda köýnekler, sport eşikleri, kostýumlar we başgalar öndürilip başlandy. Ol bolsa biziň döwletimiziň ykdysadyýetine örän peýdaly. Sebäbi taýýar önümleriň bahasy çig mallaryň bahasyndan köp esse gymmat. Şonuň bilen birlikde çig mallaryň ýurdumyzda ulanylmagy täze iş ýerleri döretmäge ýardam berýär.

Ylmy-tehniki ösüşiň hasabyna Garaşsyzlyk ýyllarynda azyk senagaty uly üstünlikler gazandy. Bu pudagyň kärhanlarynda daşary ýurtlardan getirilen täze önümçilik enjamlary ornaşdyryldy. Netijede, azyk senagatynyň kärhanalary dürli önümleri, şol sanda peýnir, ýogurt, dürli içgiler, konditer önümleri we başgalary öndürip başladylar.

Ylmy-tehniki ösüş önüm öndürýän we hyzmat edýän kärhanalarda-da giňden ulanylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň kärhanalarynda kompýuterler, internet, faks we başga tehniki serişdeleri giňden ulanylyp başlanyldy.

Türkmenistanda hasaby ýöretmek we hasabatlary düzmek üçin kärhanalarda häzirki döwürde dürli programmalar, şol sanda «1-S buhgalteriýa», «Problemasyz maliýe», «Info» we başgalar ulanylýar. Banklar «Amal güni» we başga programmalary ulanýarlar. Baş banklarda, ministriliklerde uly kompýuterler «Serwerler» işleýär. Minutyň içinde döwletara hasaplaşyklary geçirmek üçin banklarymyz hemra arkaly «SWIFT» ulgamyny giňden ulanýarlar. Bu bolsa aragatnaşyklary, hasaby we hasabatlylygy aňsatlaşdyrýar we çaltlaşdyrýar.

Gysga döwürde döwletimiziň gazanan üstünlikleri örän uludyr. Emma, ylmy-tehniki ilerleme bir ýerde durmaýar. Dünýäde her gün täze ylmy açyşlar edilýär, täze tehniki serişdeler çykarylýar. Döwletleriň, kärhanalaryň, kompaniýalaryň arasynda bäsdeşlik hereket edýär. Şol sebäpli kärhanalaryň ýolbaşçylary täzelikleri biler ýaly mydama hereketde bolýarlar. Habarly bolmak üçin olar dürli çeşmeleri -internet, teleradioýaýlymy, ylmy-tehniki žurnallary we kitaplary ulanýarlar. Gerek bolan ýagdaýlarda özleri daşary ýurtlarda olaryň tejribesini öwrenýärler ýa-da öz işgärlerini iberýärler .

Häzirki ylmy-tehniki döwürde täze ugurlar emele geldi. Şolaryň içinde nanotehnologiýalar, bioinženeriýa we başgalar bardyr. Nanotehnologiýanyň esasy maksady-tehnikanyň we tehniki serişdeleriň kiçeldilmeginiň hasabyna täze üstünlikleri gazanmak bolsa, bioinženeriýanyň maksady tebigaty öwrenip, oňa esaslanyp, täze tehniki serişdeleri oýlap döretmekdir.

Soňky ýyllarda ykdysadyýeti ösen döwletlerde, şol sanda biziň döwletimizde hem täze aragatnaşyk usullary, şol sanda ABŞ-da we biziň ýurdumyzda JPS, Russiýada-GLONAS, Ýewropa Bileleşiginde-GALILEO ulgamlary ulanylýar. Bu ulgamlar hemralaryň kömegi bilen dürli obýektlere gözegçiligi aňsatlaşdyrýar. Olaryň kömegi bilen ugradylan harytlara, ulag serişdelerine gözegçiligi amala aşyryp bolýar.

Ösen döwletlerde AMADEUS kompýuter programmasynyň kömegi bilen belli ulag serişdelerine, myhmanhanalaryň takyk otaglaryna öňünden islegi bildirip, soň bolsa olara töläp, satyn alyp bolýar. Käbir döwletlerde harytlar internet arkaly satyn alynýar.

Köp döwletlerde banklaryň we kärhanalaryň arasynda göni aragatnaşyk liniýalary gurnalýar. Olar kärhanadan çykman bank hasaplaşyklaryny geçirmäge ýardam berýär.

Ylmy tehniki ösüş täze innowasion syýasaty ýöretmegi talap edýär. Ýagny ykdysadyýeti ösdürmek üçin tehnika öndüriji kärhanalary döretmegi, täze tehnologiýalary ornaşdyrmagy, progressiw materiallary ulanmagy talap edýär.

Agzalan ugurlar boýunça Türkmenistanda hem uly üstünlikler gazanylýar.

Türkmenistan tebigy baýlyklara baý döwletleriň biridigine garamazdan tebigy serişdeleri tygşytly ulanmak barada uly tagallalar edilýär. Şol sanda gaýtadan emele gelýän serişdeleri ýa-da öň ulanylmadyk serişdeleri ulanmak, başgaça aýdylanda Günüň şöhlesini ulanmak, Garagum çägesinden aýna, kwars we beýleki önümleri öndürmek, agyz suwlary gaýtadan işläp ulanmak barada uly işler durmuşa geçirilýär.

## 16.2. Maliýe menejeriniň mikro derejede innowasion syýasaty

Kärhananyň maliýe menejeri milli Maksatnamadan we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ylymlar akademiýasynda 2012-nji ýylyň 12-nji iýunynda eden çykyşyndan ugur alyp, öz innowasion syýasatyny ýöretmelidir.

Agrosenagat hojalyklarynda hereket edýän maliýe menejerleri ýokary hasyl berýän tohumlary, ösümlikleri we mallary goramagyň biotehnologiki usullaryny ulanmak üçin maliýe şertlerini döretmelidirler.

Ähli pudaklaryň kärhanalarynda maliýe menejerleri ekologiýa taýdan arassa, galyndysyz tehnologiýalary ulanmaga gönükdirilen innowasion syýasaty ýöretmelidirler.

Biziň ýurdumyz ýangyç serişdelerine örän baý döwletleriň biri. Ýöne muňa garamazdan ähli kärhanalar energiýa we ýangyç serişdeleri tygşytly ulanar ýaly innowasion syýasaty ýöretmelidirler. Energiýany tygşytlaýan tehnikalary we tehnologiýalary ulanmak üçin maliýe menejeri zerur şertleri döretmelidir.

Nebithimiýa önümlerini, gazy, mineral serişdelerini iň täze ylmy usullaryň we innowasiýalaryň esasynda işleýän tehnologiýalary ulanyp,

dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri, has täze materiallary, kompozit, keramiki we kristal materiallary, polimerleri, himiki süýmleri we elastomerleri, täze gurluşyk materiallaryny, tebigy boýaglary, ýaşaýş-durmuş maksatly önümleri, keramiki graniti, kremnini ýurdumyzda öndürmeklik täze innowasion syýasata talaba laýyk bolardy.

Gurluşykda ýerli çig mallary we täze tehnologiýalary ulanmak üçin uly mümkinçilikler bar. Şol mümkinçilikleri ulanmak maliýe menejerleriniň esasy wezipeleriniň biri bolmalydyr.

Derman serişdelerini öndürmekde we ilatyň saglygyny goramakda täze innowasiýalaryň mümkinçilikleri hem örän uludyr.

Maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýalary boýunça dünýä tejribesinde her gün diýen ýaly üýtgeşmeler bolýar. Şolara gözegçilik etmek we üýtgeşmelere görä kärhananyň innowasion syýasatyny kämilleşdirmek maliýe menejeriniň esasy wezipeleriniň biri bolmalydyr.

Öz innowasion syýasatyny ýöretmek üçin maliýe menejeri hökman dünýäniň iň kämil tehnikalary we tehnologiýalary baradaky maglumatlardan habarly bolmalydyr. Şol maglumatlary maliýe menejeri halkara sergilere gatnaşyp ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly, şol sanda internet maglumatlaryndan alyp biler.

Ýygnalýan maglumatlar seljerilip, deňeşdirilip kärhananyň innowasion meýilnamasy ýa-da maksatnamasy düzülýär. Görkezilen resminamalarda saýlanan tehniki serişdeleriň we tehnologiýalaryň netijeliligi subutlandyrylýar.

Tehniki serişdeleriň we tehnologiýalaryň esasy görkezijileri diňe olaryň bahasy bolman, olaryň kuwwatlylygy, önüm öndürijiligi, ulanyş möhleti, dürli şertlere çydamlylygy, ekologiýa taýdan arassalygy we başga alamatlary öz içine alýar.

Täze tehnika we tehnologiýalar barada maglumatlar alanda maliýe menejeri olaryň görkezijilerini başga tehniki serişdeleriň tehnologiki maglumatlary bilen deňeşdirmelidir we kärhananyň şertlerine gabat geljek iň amatlysyny saýlamalydyr.

Täze tehnikany we tehnologiýalary satyn almaga kärhananyň mümkinçiliginiň barlygyny maliýe menejeri hasaplap görmelidir. Zerur bolan ýagdaýynda karzyna ýa-da lizing şertlerinde olary almaga synanyşmalydyr.

Täze tehniki serişdeler kabul edilende, olaryň komplektasiýasy we hili içgin öwrenilmelidir.

Täze tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrmak üçin maliýe menejeri olarda işläp, olary abat saklap biljek hünärmenleriň barlygyny anyklamalydyr. Zerur bolan ýagdaýynda öňünden şol tehniki serişdelerde işläp biljek hünärmenleri taýýarlamak üçin serişdeleri meýilleşdirmelidir. Hünärmenler tejribe alar ýaly olar başga ýerlere, şol sanda beýleki döwletlere iberilmelidir.

Mälim bolşy ýaly, täze tehnikalar üçin serişdeler başga şaýlar, ýaglar we kömekçi materiallar gerek bolmagy ähtimal. Şol sebäpli olary maliýeleşdirmek üçin serişdeler meýilleşdirilmelidir.

Täze tehniki serişdeler kärhananyň önümçiligine ornaşdyrylanda, olar üçin kepiller talap edilmelidir.

## Barlag soraglary

1. Döwletimiz üçin möhüm ähmiýetli ylmy ugurlar haýsylar?
2. Türkmenistanyň ylmy-tehniki progresinde gazanylan üstünlikler haýsylar?
3. Dünýä derejesindäki häzirki zaman ylmy-tehniki progresiň esasy ugurlary haýsylar?
4. Ylmy-tehniki progres we maliýe meseleleri näme?
5. Maliýe menejeriniň mikro derejede innowasion syýasaty nämeden ybarat?

# XVII BAP

## MALIÝE GÖZEGÇILIK–AGTARYŞ GULLUKLARY

### 17.1. Maliýe gözegçilik–agtaryş gulluklary düşünjesi

Maliýe menejmentiniň esasy wezipeleriniň biri-de maliýe amallaryny Kanunlara laýyklykda amala aşyrmakdyr. Maliýe menejerleri şol wezipäni özleri ýerine ýetirenlerinde dürli ýagdaýlara, mysal üçin, bikanun usullar bilen gazanylan girdejileri maýa goýumlarynyň üsti bilen kanunlaşdyrylmaga (kadalaşdyrylmagy) hödürlenilen ýa-da dolandyryş subýektiniň serişdelerini esaslandyryjylaryň görkezmeleri esasynda terrorçylyga ýa-da beýleki bikanun ugurlara gönükdirilen ýagdaýlaryna gabat gelmekleri mümkin.

Bikanunlyga ýol bermez ýaly maliýe menejerleri maliýe--gözegçilik agtaryş gulluklary bilen işleşmegi başarmalydyrlar. Maliýe menejerleriniň şol gulluklar barada anyk düşünjeleri bolmalydyr. Şol gulluklaryň esasy wezipelerini, görnüşlerini, modellerini, mümkin boljak goşmaça wezipelerini we maliýe gözegçilik agtaryş gulluklarynyň guralyşyny içgin öwrenmelidirler.

«Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary» adalgasyna aşakdaky ýaly kesgitleme berilýär.

**Maliýe gözegçilik – agtaryş gulluklary** – bu bikanun usullar bilen gazanylýan girdejileri we olary kadalaşdyrmaga ýa-da terrorçylyga gönükdiriljekdigi barada maliýe maglumatlary ýygnaýan, seljerýän we hukuk-goraýjy guramalara geçirýän merkezleşdirilen milli gulluklardyr.

Türkmenistanda maliýe-gözegçilik agtaryş gulluklary Türkmenistanyň maliýe ministriliginde, Merkezi bankda hereket edýärler. Olar öz wezipelerini dürli usullar bilen amala aşyrýarlar. Olaryň maglumatlary diňe ygtyýar berlen işgärlere berilýär.

## 17.2. Gullugyň esasy wezipeleri

Maliýe gözegçilik – agtaryş gullugynyň esasy wezipeleri 17.2.1-nji şekilde görkezilendir.

**17.2.1-nji şekil. Maliýe gözegçilik agtaryş gullugynyň esasy wezipeleri**

| |
|---|
| Gelýän maglumatlary Merkezleşdirip saklamak |
| Seljeriş wezipesi (gündelik, gysga we uzak möhletleýin seljeriş işleri) |
| Ýurduň içinde maglumat aragatnaşyk wezipesi |
| Halkara maglumat aragatnaşyk wezipesi |

17.2.1-nji şekilde görkezilişi ýaly maliýe gözegçilik agtaryş gulluklarynyň esasy wezipelerini 4 görnüşe bölüp bolar. Birinji wezipesi gelýän maglumatlary merkezleşdirip saklamak. Ikinji wezipesi bolsa şol maglumatlary seljermek.

Üçünji we dördünji wezipeleri ýurduň içinde we halkara maglumat aragatnaşyklary saklamakdyr.

Öz gezeginde ikinji seljeriş wezipesi gysga, uzak möhletleýin we gündelik seljeriş wezipeleri diýen 3 görnüşe bölünýär. Gysga möhletleýin seljeriş wezipesi MGAG-niň taktikasy, üzak möhletleýin seljeriş wezipesi bolsa strategiýasy bolup çykyş edýär.

MGAG öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin dürli usullary ulanýar. Olar dürli çeşmeleri, şol sanda hukuk goraýjy guramalaryň maglumatlaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryny, ilatyň degişli döwlet guramalaryna ýüz tutmalaryny ýygnap, deňeşdirýärler. Maglumatlary ýygnap saklamak üçin dürli tehniki serişdeler (internet, faks, kompýuter ulgamlary), resminamalar (hasabatlar, buhgalterçilik we beýlekiler) ulanylýar. Maglumatlary ýaýratman (gizlin) saklamak, syrlary goramak üçin dürli ulgamlar ulanylýar.

Häzirki döwürde syrlary goraýyş ulgamlary ýyl-ýyldan kämilleşýär. Muňa garamazdan, garşydaş taraplaryň hem iň täze, iň kämil tehniki serişdeleri ulanýandygyny ýatdan çykarmaly däldir.

Seljeriş wezipesi ýerine ýetirilende korrelýasion, logika, deduktiw, induktiw we dürli beýleki usullary ulanylýar. Şol usullar ba-

rada maglumatlar şu okuw kitabynda ýokarda giňişleýin maglumatlar berlipdi.

## 17.3. MGAG-niň görnüşleri we modelleri

Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklarynyň görnüşleri we modelleri şu okuw kitabynyň 17.3.1-nji şekilinde görkezilendir.

**17.3.1-nji şekil. MGAG-niň görnüşleri we modelleri**




17.3.1-nji şekilde görkezilişi ýaly MGAG-niň görnüşleri we modelleri dürli bolup biler.

Edara ediş görnüşli taraplar (administratiw) edara-ediş görnüşli çäreleri geçirmäge haklydyr. Ýagny edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy baş hasapçysyndan hut öz serişdelerinden jerimeleri almaga haklydyr.

Hukuk goraýjy, kazyýet ýa-da prokuratura edaralarynyň ýolbaşçylary baş hasapçylara garşy jenaýat çäreleri geçirmäge haklydyr.

Maliýe gözegçilik-agtaryş işleriň gatyşyk modeli bolsa, şol sanda edara-ediş we jenaýatçylyga çekmek çäreleri amala aşyrmaga haklydyr.

Her döwlet öz maliýe mümkinçiliklerine, ilatynyň sanyna, maliýe ulgamynyň göwrümine we maliýe syýasatyna görä dürli modelleri saýlap biler.

Döwlet guramalaryň hemmesi bikanun girdejilere we terrorçylyga garşy degişli çäreleri geçirmelidirler. Şol işlere bank edaralary hem öz goşundylaryny goşmalydyrlar. Sebäbi köp maliýe amallary banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Olar bolsa geçirilýän maliýe

amallarynyň düýp manysyna düşünip, degişli maglumatlary hukuk goraýjy guramalara geçirmelidirler.

## 17.4. Mümkin bolan goşmaça wezipeler

Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary şu okuw kitabynyň 17.4.1-nji şekilinde görkezilen goşmaça wezipeleri hem amala aşyrýarlar.

**17.4.1-nji şekil. Mümkin boljak goşmaça wezipeleri**

| |
|---|
| Gözegçilik we Kadalaşdyryjy wezipesi |
| Derňew wezipesi, hukuk-goraýjy çäreler, emläklerden mahrum etmek |
| Okadyp taýýarlamak wezipesi |

Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary gözegçilik wezipesini amala aşyranlarynda bikanun işlere ýol bermez ýaly kanunçylyk özeniniň maddalaryna olary üýtgetmek barada öz tekliplerini berip bilerler.

MGAG-ni emläklerden mahrum etmek işleri döwletiň Kanunlaryna laýyklykda amala aşyrmalydyr. Ol iş hukuk goraýjy guramalar bilen bilelikde amala aşyrylýar.

MGAG öz işinde hünärmenleri taýýarlamaklyk işlere köp üns bermelidir. Sebäbi maliýe gözegçilik- agtaryş işlerine islendik adamy çekmek bolmaýar. Ol işlere diňe döwlete wepaly, arassa, halal işleýän ýokary hünärli hünärmenleri çekip bolar.

Işgärleri taýýarlamak, olar netijeli işlär ýaly şert döretmek wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Iň ýokary talaplara laýyk gelýän hünärmenleri işe çekmek üçin olara ýokary zähmet haklary hem tölenmelidir. Bu iş halkara derejede we biziň döwletimizde hem alnyp barylýar.

MGAG-niň işgärleri gerek bolan ýagdaýlarynda iş saparlaryna hem ugradylýarlar. Iş saparlary bolsa maşgala ýagdaýlary bilen hem berk baglanyşyklydyr. Şol sebäpli MGAG işe kabul edilýän hünärmenleriniň maşgala ýagdaýyna hem üns bermelidir.

Maglumatlar ýaýramaz ýaly we işiň netijelerine täsir etmez ýaly MGAG-niň işgärleriniň dogan-garyndaşlaryna hem üns berilmelidir. Eger MGAG dalaşgär bolan hünärmeniň ýakyn dogan- garyndaşlary

bikanun hereketler bilen meşgullanyp, jenaýatçylyga çekilen bolsa, onda olary bu işe çekip bolmaz.

## 17.5. MGAG-niň guralyşy

Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklarynyň guralyşy 17.5.1-nji şekilde görkezilendir. Gulluklaryň guralyşy her döwletde tapawutlanyp, döwletiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. MGAG-niň guralyşynyň 7 sany aýratynlygy bolup biler. Her döwletde öz mümkinçilikleri ulanylmalydyr. Gulluklaryň guralyşy milli kanunçylygy, däp-dessurlary, ilatyň mentalitetini we beýleki aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Emma bikanun alynýan girdejileri tapmaga mümkinçilikler doly ulanylmalydyr.

**17.5.1-nji şekil. MGAG-niň guralyşy:**




Maliýe gözegçilik-agtaryş işlerini amala aşyrmak üçin ökde hünärmenler zerur. Gullugy zerur hünärmenler bilen üpjün etmek maksatnamasyna laýyklykda olary taýýarlamak üçin ýörite ulgam döredilmelidir. Şol ulgamda ýöriteleşdirilen mekdepler, hünär ýokarlandyryş merkezleri, daşary ýurtlarda hünärini ýokarlandyrmak okuwlary we beýleki işleri geçirmek göz öňünde tutulmalydyr.

MGAG-niň guralyşy syrlary goramagy göz öňünde tutmalydyr. Syrlary goramak üçin tehniki şertleri üpjün edilmelidir. Syrlary saklamak üçin işgärlerden dil hatlar alynmalydyr. Syrlary ýaýradanlara garşy kanunlara laýyklykda degişli çäreler görülmelidir.

MGAG-niň işgärleri ýöretileşdirilen bolmalydyr.

Bikanun girdejileri gazanýanlara garşy işeňňir göreşmek üçin MGAG-niň işgärleri garşydaş taraplara, beýleki döwlet guramalaryna garaşsyz bolmalydyrlar. Şoňa garamazdan MGAG Prezidente ýa-da Mejlise hasabat bermelidirler.

MGAG-niň dürli döwlet guramalaryndan zerur bolan maglumatlary almaga haky bolmalydyr. Döwlet guramalary bilen aragatnyşygy saklamagyň öz tertibi bolmalydyr.

## Barlag soraglary

1. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary adalgasy nähili düşündirilýär?.
2. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklarynyň esasy wezipeleri näme?
3. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklaryň görnüşleri we modelleri haýsylar?
4. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklarynyň goşmaça wezipeleri haýsylar?
5. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklaryň guralyşy nähili?

# GOŞUNDYLAR

**1-nji goşundy ***
Tassyklaýaryn:

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**
Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi
2015 ý. 15- nji ýanwar

«Fesa inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şirketi» firmasynyň baş direktory
Soltan Salih
2014 ý. 26-njy dekabr.

## ESASNAMA

1.Umumy düzgünler

1.1. Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky «Fesa inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şirketi» firmasynyň golçur kärhanasy Baş kärhananyň esaslandyryjysy we baş direktory Soltan Salihiň 2013-nji ýylyň 26-njy dekabrynda çykaran buýrugy esasynda döredilýär.

«Fesa inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şirketi» firmasy Istanbul şäheriniň Söwda edaralaryny hasaba almak müdirliginde 325904-273486 bellik bilen hasaba alnan. Onuň Baş ofisiniň (edarasynyň) hukuk salgysy: Istanbul, Umraniýe, Ýeni Çamlyja Mahallesi, «Edpa» Söwda Merkezi, D. Jaddesi, N33

Türkiýe Respublikasy, şäher Istanbul, Türkiýe respublikasynyň raýaty-Soltan Salih şahsy şahadatnamasy №59290410730, telefony 02125301537.

1.2. Kärhana Türkmenistanda hereket edýän kanunlar esasynda döredilýär.

Kärhana öz işini şu esasnama laýyklykda ýöredýär. Kärhana Baş kompaniýanyň buýruklary esasynda hereket edip, onuň Türkmenistandaky gyzyklandyrmalaryny berjaý edýär.

1.3. Kärhana Baş kompaniýanyň balansyna girýän özbaşdak balansy düzýär. Kärhana öz möhüri bilen berkidilýär we özbaşdak maliýe hereketleri etmäge rugsat berilýär.

Kärhana maliýe borçlaryna özi jogap berýär. Döwlet kärhanasynyň maliýe borçlaryna jogap bermeýär.

2. Kärhananyň doly ady we hukuk salgysy.

2.1. Kärhananyň doly ady: Türkiýe respublikasynyň Türkmenistandaky «Istanbul inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şirketi» firmasynyň golçur kärhanasy.

2..2. Kärhananyň hukuk salgysy: Aşgabat ş. Köpetdag etraby, 1975-nji köçe. 41-nji jaý

3. Kärhananyň iş maksatlary

3.1. Kärhana şu işleri amala aşyrmaga maksat edinýär:

- lomaý we ownuk söwda;
- gurluşyk we abatlaýyş işleri.

3.2. Türkmenistanyň Kanunlarynda bellenilen ýagdaýlarda belli işleri ýerine ýetirmek üçin berlen ýörite ygtyýarnama esasynda amala aşyrýar.

4. Kärhananyň esaslyk maýasy.

4.1. Kärhana hereket eder ýaly oňa esaslyk maýasy berkidilýär. Onuň möçberi 10000 (On müň) ABŞ-nyň dollary möçberinde bellenilýär.

4.2. Esaslyk maýasy Baş kompaniýasy tarapyndan ýörite bankdaky hasaba geçirilýär.

Esaslyk maýasynyň 50%-i kärhana döwlet belligine alynmazdan öň goýular. Esaslyk maýasynyň galan 50 % -i bir ýylyň dowamynda goýular.

5. Kärhananyň hukuklary:

Kärhananyň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

• esasnamada görkezilen işleri, gerek bolan ýagdaýlarda ýörite ygtyýarnamalar esasynda amala aşyrmaga;

• kärhananyň emlägini, pul serişdelerini ulanmaga;

• özbaşdak şertnamalary baglaşmaga.

6. Kärhananyň borçlary:

Kärhana şu aşakdakylara borçludyr:

• degişli döwlet guramalaryndan ýörite işleri amala aşyrmaga ygtyýarnamalary almaga.

• öz maliýe borçlaryna jogap bermäge.

• esaslandyryja we degişli döwlet guramalaryna maliýe we başga hasabatlary bermäge.

26. Sargyt № 3078

• ýyl boýunça maliýe hasabatlaryny garaşsyz auditor gulluklara barlatmaga.

7. Kärhananyň dolandyrylyşy.

7.1. Kärhanany dolandyrmak üçin Baş kompaniýa (firma) tarapyndan onuň dolandyryjysy ýörite buýruk bilen bellenilýär. Terjime edilen buýrugyň bir nusgasy notarius tarapyndan tassyklanyp bellenilen tertipde Türkmenistana ugradylýar.

7.2. Bellenilen dolandyryjy Baş kompaniýa (firma) zerur bolan hasabatlary, şol sanda kärhananyň maliýe hereketleri we ýagdaýy barada hasabatlary bermäge borçludyr.

7.3. Bellenilen dolandyryjyny Baş kompaniýa özi çalyşmaga haklydyr.

8. Zähmet gatnaşyklarynyň esaslary.

8.1. Kärhananyň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet hakynda Kodeksi esasynda amala aşyrylýar.

8.2. Kärhanada zähmet çekýän işgärleriň hukuklary we kepilleri Türkmenistanyň Kanunlarynda görkezilenlerinden pes bolup bilmez.

9. Kärhananyň işiniň bes edilmegi.

9.1 Kärhananyň işi Türkmenistanyň Kanunlarynda görkezilen ýagdaýalarda bes edilip bilner.

Kärhananyň işini bes etmek üçin ýörite topar döredilýär. Kärhana işini bes edýändigi hakynda bir aý öňünden metbugatda habar çap edilýär.

9.2. Kärhana öz maliýe borçlaryny ýerine ýetirenden soň galan emläkler we pul serişdeleri Baş kompaniýanyň haýryna geçirilýär.

10. Kärhananyň girdejileriniň paýlanylyşy.

10.1. Kärhana gelýän girdejileriň hasabyna zerur bolan emläkleri, materiallary we başga zatlary satyn alyp biler.

10.2. Gelýän girdejileriň hasabyna kärhanada ýörite gaznalar, şol sanda ätiýaçlyk we ýörite maksatly gaznalar döredilip bilner.

10.3. Girdejileriň Baş kompaniýa tarapyndan bellenilen bir bölegi, salgytlar tölenenden soň oňa hem geçirilip bilner.

• Esasnama üç dilde, ýagny türkmen, rus we türki dillerde ýazylan. Her dilde ýazylan nusgasynyň güýji deňdir.

Notarius goly M.Ý.

**2 -nji goşundy**

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

**Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi**
**2014 ý. 3 iýul**

**Esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynda 2014-nji ýylyň maý aýynyn 30-na tassyklanylan.**

**Umumy ýygnaklaryň birinji beýannamasy**

**Esaslandyryjylaryň şertnamasy**

1.Biz şu şertnama gol çekenler hojalyk jemgyýeti görnüşinde «Watan» atly kärhanany döretmek üçin 5000 (bäş müň) manatlyk esaslyk maýany goýmak kararyna geldik.

2.Esaslasndyryjy-Türkmenistanyň raýaty: Orazow Serdar Batyrowiç, 1959-njy ýylda doglan, pasport seriýasy 1-AŞ, belgisi 14825, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň polisiýa bölümi tarapyndan 2008-nji ýylyň 1-nji iýunynda berlen, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň 1845-nji köçesiniň 19-njy jaýynda ýaşaýan kärhananyň esaslyk maýasyna 3000 (üç müň) manat, umumy möçberiniň 60 göterimini goýýar. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýlar.

Esaslasndyryjy- Türkmenistanyň raýaty: Orazow Batyr Serdarowiç, 1983-nji ýylda doglan, pasport seriýasy 1-AŞ, belgisi 14826, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň polisiýa bölümi tarapyndan 2008-nji ýylyň 1-nji iýunynda berlen, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň 1845-nji köçesiniň 19-njy jaýynda ýaşaýan kärhanyň esaslyk maýasyna 2000 (Iki müň ) manat, umumy möçberiniň 40 göterimini goýýar. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýlar.

3. Esaslyk maýanyň 50 göterimi kärhana döwlet belligine alynmazdan öň goýum edilmeli. Galan 50 göterimi kärhana hereket edip başlandan soň bir ýylyň dowamynda goýum ediler. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýlar.

Esaslandyryjy-Orazow Serdar Batyrowiç Goly
Esaslandyryjy-Orazow Batyr Serdarowiç Goly

***2014-nji ýylyň maý aýynyň 30-y***

**3-nji goşundy***

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

**MINISTRY OF ECONOMY AND DEYELOPMENT OF TURKMENISTAN**

***DÖWLET TARAPYNDAN HASABA ALMAK***
HEM-DE ÝEKE-TÄK DÖWLET SANAWYNA GIRIZMEK
BARADAKY ŞAHADATNAMA
**CERTIFICATE**
**OF STATE REGISTRATION AND INSERTING IN THE STATE UNIFIED REGISTER**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| No | 2 | 4 | 8 | 3 | 5 | 3 | 3 | 3 |

«Watan»
Ady
Hojalyk jemgyýeti
Hukuk guramaçylyk görnüşi
Hasaba alnan senesi
2014 ý. awgust aýynyň 6-sy
Berlen senesi 2014 ý.
awgust aýynyň 15-i
Baş hasaba alyjy
goly M.Ý.

«Watan» Name
Private
Organisational-legal form
Date of registration
Awgust «06» 2014 ýear
Date of issue Awgust “15”2014 ýear
Chief registrar signature
Place for Seal

* Kärhana barada maglumatlar we onuň ady şertli görkezilen.

**4-nji goşundy**

| TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI | МИСТЕРСТВО ЭКОНОМИКИ И РАЗВИТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА |
|---|---|
| Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi | Управление государственной Регистрации юридических лиц и инвестиционных проектов |
| Aşgabat ş.,2008 köç.,4j. tel.51-05-63, faks:51-08-41 | ш. Ашгабат, ул. 2008, д.4 Тел. 51-05-63, факс:51-08-41 |

**Türkmenistanyň Edaralarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme**
**Sanawyň nomeri: 23626961**
**Arzanyň bellige alnan senesi 28-nji iýun 2013 ý.**

| HG **Ady** | **Hojalyk jemgyýeti** | |
|---|---|---|
| | **Watan** | |
| | **Mämmedow A., Mämmedow B.,** | |
| | **Aşgabat ş. Köpetdag etraby, 1945 köç. 47 j.** | **22-55-55** |

**Esaslandyryjy**
**Hukuk salgysy**
Täze Köne

**HSUK kody 16478838**

HGG kody 021
EG kody 21 ÝIGDK kody45253
DEBU kody 2804
EEÝB kody 920383901

| | | |
|---|---|---|
| Esaslandyryş gaznasy | 5000 manat | |
| Salgyt gullugynda hasaba goýuldy | Salgyt gullugy edarasy Köpetdag etraby DSG | Salgyt gullugynyň kody 101134100009 |
| Ýagdaýy | | |
| Hasaplaşyk hasaby açyldy | Bank bölüminiň ady we MFO kody „Halkbank” DTB S.A.Nyýazow şahamçasy | 68103 |
| Ýapyldy | | |
| Açyldy | | |

**Berlen senesi 3-nji iýul 2014 ý. Güýjüni 2015 ý. 3-nji iýula çenli saklaýar**
Baş hasaba alyjy M.Ý. Goly

**5-nji goşundy**

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

Aşgabat ş.,2008 köç.,4j.
tel.51-05-63,faks:51-08-41

**МИСТЕРСТВО ЭКОНОМИКИ И РАЗВИТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА**

ш. Ашгабат, ул. 2008, д.4
тел. 51-05-63, факс:51-08-41

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLARA GATTNAŞYJYSYNYŇ
**ŞAHADATNASMASY**

1.Arza beriji „Watan” hususy kärhana
KGBK Kody163128

2. Hukuk salgysy:Aşgabat ş., 1945/47 Andalyp 47 j. TOBUS Kody126600001

3.Ýokarda durýan edara/esaslandyryjy Mämmedow A. DUBS Kody Garaşsyz hususy kärhana 0001

4. Salgyt hasaby: Aşgabat ş. Köpetdag etraby boýunça DSG Salgyt kody101134100009

5. Tertipnamada (düzgünnamada) hasaba alnan iş görnüşi (leri) boýunça daşary ykdysady işi amala aşyrmaga we bellenilen tertibe görä ygtyýarly banklarda walýuta hasabyny açmaklyga rugsat edilýär.

**HASABA ALYŞ BELGISI**
**DÝK-126500000/1989**
**SENESI/ДАТА 06.08.2014 ý.**
**Ilkinji hasaba alnan senesi 27.03.2003ý.**
**Şahadatnama 06.08.2015 ý. çenli güýjüni saklaýar.**
**ministr M.Ý.**

**6-njy goşundy**

Amala aşyrmak üçin ygtyýarnamalar talap edilýän işleriň görnüşleriniň sanawy:

1) lukmançylyk işi;

2) dermançylyk işi;

3) lukmançylyk –tehniki iş;

4) dezinfeksion, dezinseksion we dezaktiwasion işleri geçirmek boýunça iş;

5) weterinariýa işi;

6) tohum maldarçylyk, garaköli baganalary öndürmek we ýerlemek babatynda iş;

7) tohumçylyk işi;

8) balyk tutmak we beýleki suw haýwanlaryny awlamak bilen baglanyşykly iş;

9) tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça iş;

10) nebit önümlerini we ýangyç-çalgy materiallaryny ýerlemek boýunça iş;

11) spirtli, alkogolly önümleri, temmäki önümlerini we awtoulag serişdelerini getirmek we ýerlemek babatynda iş;

12) azyk önümlerini we ot iýimleri öndürmek we ýerlemek babatynda iş;

13) ilatyň iýmit nokatlaryny guramak we taýýar azygy bermek boýunça iş;

14) standartizasiýa we metrologiýa babatynda iş;

15) senagat howpsuzlygy, howply desgalary taslamak we gurmak hemde howply ýükleri daşamak babatynda iş;

16) ýangyn howpsuzlygy babatynda iş;

17) awiasiýa işi;

18) deňiz we içerki suw ulagynda daşamak, ulag -ekspedisiýa işi;

19) awtomobil ulagynda daşamak, ulag -ekspedisiýa işi;

20) elektroenergetika babatynda iş;

21) aragatnaşyk babatynda iş;

22) himiki önümleri getirmek, öndürmek we ýerlemek babatynda iş;

23) geodeziýa we kartografiýa işi;

24) gurluşyk materiallaryny, önümlerini, konstruksiýalaryny öndürmek boýunça iş;

25) gurluşyk babatynda iş;

26) bilim bermek we işgärleri hünäre taýarlamak işi;
27) neşirýat işi;
28) çaphana işi;
29) syýahatçylyk işi;
30) bedenterbiýe-sagaldyş we sport hyzmatlaryny bitirmek boýunça iş;
31) humarly oýunlar we pula oýnalýan oýunlar bilen baglanyşykly iş;
32) auditorlyk işi;
33) ätiýaçlandyrmak babatynda iş;
34) gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky hünär işi;
35) emläge baha bermek boýunça iş;
36) rieltorçylyk işi;
37) bank işi;
38) gymmatly metallar we daşlar bilen baglanyşykly iş;
39) aýry–aýry gümrük düzgünleriniň çäklerinde amala aşyrylýan we gümrük hyzmatlaryny bitirmek boýunça iş;
40) edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara hukuk kömegini bermek;
41) neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursortlaryň dolanyşygyndaky iş;
42) raýatlary daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek bilen baglanyşykly iş;
43) medeniýet we sungat ulgamyndaky iş;
44) audio, wideo we kino önümlerini köpçülikleýin görkezmek we ýaýratmak bilen baglanyşykly iş.

Türkmenistanyň. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda» Kanunynyň 20-nji maddasyna laýyklykda (07.8. 2008 ý.) «Ygtyýarnamalary berýän ministrlikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmagy resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri»Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 Karary bilen tassyklanyldy.

**7-nji goşundy**

**Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýan serişdeleriň HASABY**

**Kärhananyň ady: „Watan” hususy kärhanasy_**
**Döwür – 2014-nji ýylyň 1-nji ýarym ýyly (çärýek)**

**1.Balans peýdasy _1000 manat____________**
**2.Geçirilýän serişdeleriň mukdary- 0,5% ________**
**3. Geçirilýän serişdeleriniň möçberi- 5 manat _____**

**Ýolbaşçysy:___________________________**
**A.A .F.**
**Baş hasapçy:________________________________**
**A.A .F.**

**8-nji goşundy**

**Türkmenistanyň Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna peýdadan geçirilýän serişdeleriň**
**HASABY**

2014-nji ýylyň ýarym ýyly üçin
«Watan» hususy_kärhanasy boýunça
(töleýji kärhananyň ady görkezilýär)

1._Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna (etraby görkezilýär)

EGTÝDS-niň kody: 24835333_______________

Jogapkär adamyň A.A.F. we wezipesi:

Direktor Mämmedow A. Telefon : 22-55-55

Berlen senesi 2014-nji ý. iýul „17”___________

Türkmenistanyň Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna serişdeleriň geçirilýän ýeri: Merkezi bank, h/h 701901, Aşgabat ş. ŞAA 390101101 SK-hasap 101161000031

| Görkeziji | Ähli möçberi |
|---|---|
| 1. Jemi (balans) peýda | 1000 |
| 2. Jemi (balans) peýda | |
| a) haýyr-sogap maksady bilen maliýe kömeginiň möçberine, karz serişdeleriniň (bankyň karz serişdesinden başga) dürli görnüşlerine<br>b) dolanyşyk serişdeleri we beýleki gymmatlyklar çalşylanda, tölegsiz berlende alnan girdeji artýar | |
| 3.Ýygyma salynýan peýda (1setir+2setir) | 1000 |
| 4.Ýygymyň möçberi | 3% |
| 5. Oba hojalygy ösdürmek üçin hasaplanylan serişdeler (pX3:100) | 30 |
| 6. Peýdadan hakyky geçirilen | 10 |
| 7. Goşmaça töleg üçin | 20 |
| 8. Azaltmak üçin | |

9. Buhgalteriýa hasabatyny bermek üçin bellenilen möhleti 2014-nji ýylyň iýul aýynyň“20”_____________

10. Jogapkär adamlaryň goly:

Kärhananyň ýolbaşçysy___________

Baş hasapçysy__________________________

Deslapky barlagyň senesi______________ýylyň

« »_________Gol________

**9-njy goşundy**

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň
N buýrugy bilen tassyklanyldy

## TÄJIRÇILIK KÄRHANALARY ÜÇIN MALIÝE HASABATLARYNYŇ ÝYGYNDASY

| | |
|---|---|
| TKGDK | 16312976 |
| TATODK | 52120 |
| TDOIDK | 51711 |
| THEGDK | 62 |
| TGHGDK | 017 |
| TYIGK | 1711 |
| HHPDK | |

2014-nji ýylyň
(çärýek, ýarym ýyl, 9 aý, ýyllyk)
Ady «Watan» hususy kärhanasy__
(hasabat berýän kärhananyň
(guramanyň) doly ady)
Sebit (welaýat, şäher, etrap)
ş.Aşgabat___________________________
Salgysy (aragatnaşyk belgisi, köçe, jaý)
744004 1945 /47(Andalyp köç. 47 jaý).
Telefon 22-55-55_____________________Faks 22-55-56____________
Dolandyryş edarasy____________________________
Eýeçiligiň görnüşi__hususy_______________________
Guramaçylyk hukuk görnüşi- ýekebara_____________
Ykdysady işiň (pudagyň) esasy görnüşi- söwda_______________
_____Ölçeg birligi_TDM manat____________
Iberilen senesi_ 2014 ý. 07.17_________
Gelip gowşan senesi _____
Tabşyrmaly möhleti 2014 ý. 07.25_____
Maliýe hasabatlylygynyň düzümi:
«Maliýe ýagdaýy hakynda hasabat»;
«Jemi peýda barada hasabat»;
«Maýanyň üýtgemegi barada hasabat»;
«Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat»;
Bellikler;

Ýyllyk maliýe hasabatynyň içinde auditorlyk netije (hökmany auditorlyk barlagynda degişli bolan kärhanalar üçin);

Algy-bergileri barada maglumat;

Türkmenistanyň Statistiki baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylan 5X görnüşdäki «Kärhananyň önüminiň (işiniň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmaty hakynda hasabat».

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylan N5 H-görnüş «kärhananyň (guramanyň) önüm (iş, hyzmat) öndürmeklige eden harajatlary barada hasabat»

Görkezilen hasabatlar bilen bilelikde döwlet kärhanalary we edaralary aşakdakylary tabşyrmalydyrlar:

- algylar we bergiler barada maglumatlary;
- pudagiçi hasaba alnan bergiler hakynda maglumatlary.

**9-njy goşundynyň dowamy**

**Maliýe ýagdaýy barada hasabat**

2014- nji ýylyň 1-nji ýarym ýyly ýagdaýyna

| Maddanyň ady | Setir belgisi | Hasabat döwrüniň ahyryna | Hasabat döwrüniň başyna |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| **1.Aktiwler** | | | |
| **1.UZAK MÖHLETLI AKTIWLER** | | | |
| Esasy serişdeler | **011** | **870947** | **830080** |
| Maýa goýum emlägi | **012** | | |
| Biologik aktiwler | **013** | | |
| Maddy däl aktiwler | **014** | **20588** | **2219** |
| Assosirlenen kärhanalara goýlan maýa goýumlar | **015** | | |
| Bileleikdäki işe goýlan maýa goýumlar | **016** | | |
| Uzak möhletli debitor algylar | **018** | | |
| Beýleki uzak möhletli aktiwler | **021** | **23000** | **23 000** |
| **JEMI UZAK MÖHLETLI AKTIWLER (011-021 setirleriň jemi)** | **030** | **914 535** | **855 299** |
| **2. GYSGA MÖHLETLI AKTIWLER** | | | |
| Ätiýaçlyklar | **031** | **2 407 470** | **2 211 402** |
| Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler | **032** | | |
| Gysga möhletli debitor algylar | **035** | **1 145 490** | **773 007** |
| Pul serişdeleri we ekwiwalentleri | **036** | **259598** | **35 043** |
| Beýleki gysga möhletli aktiwler | **037** | **6 822** | **10 199** |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **JEMI GYSGA MÖHLETLI AKTIWLER (031-037 setirleriň jemi)** | **040** | **3 819 380** | **3 029 651** |
| **AKTIWLERIŇ HEMMESI (030 we 040 setirleriň jemi)** | **050** | **4 733 915** | **3 884 950** |
| **II MAÝA WE BORÇNAMALAR** | | | |
| **3. HUSUSY MAÝA** | | | |
| Esaslyk maýa | **051** | **162 800** | **162 800** |
| Ýönekeý paýnamalar | **052** | | |
| Artykmaç hukukly paýnamalar | **053** | | |
| Emissiýa girdejisi | **054** | | |
| Yzyna satyn alnan paýnamalar | **055** | | |
| Ätiýaçlyk gordaky maýa | **056** | **1 525 870** | **1 108 186** |
| Aktiwlere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory | **057** | **291 714** | **297 594** |
| Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi) | **058** | **522 552** | **835 367** |
| Düýp kärhananyň eýelerine degişli edilýän jemi maýa | **060** | | |
| Gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy | **061** | | |
| **JEMI MAÝA (051 - 058 setirleriň jemi)** | **070** | **2 502 936** | **2 403 947** |
| **4. UZAK MÖHLETLI BORÇNAMALAR** | | | |
| Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | **071** | | |
| Uzak möhletli karzlar, nesýeler | **072** | | |
| Uzak möhletli kreditor bergiler | **073** | | |
| Uzak möhletli baha berilýän borçnamalar | **074** | | |
| Gaýra goýlan salgyt borçnamalary | **075** | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Beýleki uzak möhletli borçnamalar | **076** | | |
| **JEMI UZAK MÖHLETLI BORÇNAMALAR (071-076-njy setirleriň jemi)** | **080** | **0** | **0** |
| **5. GYSGA MÖHLETLI BORÇNAMALAR** | | | |
| Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary | **081** | | |
| Gysga möhletli karzlar, nesýeler | **082** | | |
| Gysga möhletli kreditor bergiler | **083** | **2 115 548** | **1 410 648** |
| Tölenmeli salgytlar | **084** | **115 431** | **70 355** |
| Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar | **085** | | |
| Beýleki gysga möhletli borçna-malar | **086** | | |
| **JEMI GYSGA MÖHLETLEÝIN BORÇNAMALAR (081-086 setirleriň jemi)** | **090** | **2 230 979** | **1 481 003** |
| **BORÇNAMALARYŇ HEMMESI (080 we 090 setirleriň jemi)** | **100** | **2 230 979** | **1 481 003** |
| **MAÝANYŇ WE BORÇNAMANYŇ HEMMESI (070 we 100-nji setirleriň jemi** | **110** | **4 733 915** | **3 884 950** |

**Ýolbaşçy:** **goly Mämmedow A.**

**Baş hasapçy** **goly Sidorowa A.M.**

**M.Ý.**

27. Sargyt № 3078

**10-njy goşundy**

## JEMI PEÝDA BARADA HASABAT
## 2014-nji ýylyň 1-nji ýarym ýyl döwür üçin

| Görkezijileriň ady | Setiriň kody | Hasabat döwründe | Geçen ýylyň degişli döwründe |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler | 010 | 3 598 862 | 3 033 259 |
| Ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty | 011 | 2 832 385 | 2 378 267 |
| **Jemi peýda (setir 010 –setir 011)** | **012** | **766 477** | **654 992** |
| Täjirçilik ýerleme çykdajylary | 013 | 474 669 | 462 112 |
| Dolandyryş çykdajylary | 014 | 90 815 | 98 915 |
| Gaýry amal girdejiler | 015 | 356 854 | 446 332 |
| Gaýry amal däl çykdajylar | 016 | 37 071 | 125 689 |
| **Amal peýdasy (ýitgisi) (setir 012 - setir 013 - setir 014 + setir 015- setir 016)** | **020** | **520 776** | **414 608** |
| Maýa goýumlardan girdejiler | 021 | - | - |
| Maliýe çykdajylary | 022 | - | - |
| Gaýry amal däl girdejiler | 023 | 113 353 | 142 671 |
| Gaýry amal däl çykdajylar | 024 | 30 134 | 37 854 |
| Amal däl işden alnan peýda (ýitgi) (setir 021-setir 022+setir 023-setir 024) | 025 | 83 219 | 104 817 |
| **Salgyt salynmazyndan öňki peýda (ýitgi) ( 020 we 025 setirleriň jemi)** | **030** | **603 995** | **519 425** |
| Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça çykdajylar | 031 | 81 443 | 72 445 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Salgyt salnandan soň jemi peýda (ýitgi) (setir 030– setir 031)** | **040** | **522 552** | **446 980** |
| Gözegçilik etmeýän eýeleriň paýy | 041 | - | - |
| Düýp kärhananyň eýelerine degişli edilýän ýyl boýunça peýda (setir 040 - setir 041) | 050 | - | - |
| Gaýry jemi peýda (ýitgi), hemmesi (061 - 067 setirleriň jemi): | 060 | - | - |
| şol sanda: | | | |
| esasy serişdelere gaýtadan baha bermek | 061 | - | - |
| bar bolan ýerlemek üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermek | 062 | - | - |
| paýly gatnaşmak usuly bilen hasaba alynýan assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) paý | 063 | - | - |
| daşary ýurt kärhanalaryna maýa goýumlary boýunça hümmet tapawudy | 064 | - | - |
| gaýry jemi peýdanyň gaýry düzüm bölekleri | 065 | | |
| täzeden topara bölünende peýdanyň (ýitginiň) düzümine düzediş girizmek | 066 | | |
| gaýry jemi peýdanyň düzüm bölekleriniň salgyt netijesi | 067 | | |
| **Umumy jemi peýda (ýitgi) (setir 040 setir + setir 060)** | **070** | | |
| Gözegçilik etmeýän eýeleriň paýy | 071 | | |
| **Düýp kärhananyň eýelerine degişli jemi peýda (setir 070 – setir 071)** | **080** | | |
| **Paýnama düşýän peýda** | **090** | | |

**Ýolbaşçy:** **goly Mämmedow A.**
**Baş hasapçy** **goly Sidorowa A.M.**
**M.Ý.**

**11-nji goşundy**

# TESTLER

## 1-nji test

1. Dogry düzülen uzak möhletleýin maliýe syýasaty nämä esaslanýar?
a) maliýeleşdirilmegiň gysga möhletleýin çeşmeleri ulanmaklygyna;
b) esasan, uzak möhletleýin maliýe çeşmelerini ulanmaklyga;
ç) maliýe çeşmeleriniň aktiwleriniň düzümindäki häsiýetleriň gabat gelmegine;
d) ilkinji nobatda paýlanmadyk peýdanyň ulanylmagyna.

2. Gymmatly kagyzlaryň horjun töwekgelçiliginiň peselmegi haçan görünýär?
a) horjuna girýän aktiwleriň bahasy ýokarlananda;
b) takyk horjuna girýän pul akymlarynyň ähtimallygy iň pes derejede çaklananda;
ç) takyk horjun üçin mydamalyk töwekgelçiligi ýokarlananda;
d) takyk horjuna girýän gymmatly kagyzlardan garaşylýan girdejiler standartdan ýokary depginler bilen pese düşüp başlanda.

3. Dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygy näme bilen ölçenilýär?
a) gaznalary döretmek ukyplylygy bilen;
b) bir dolanyşygyň wagtynyň (gün) dowamlylygy bilen;
ç) kärhananyň önümçilik gorlarynyň dolanyşygynyň dowamlylygy bilen;
d) pul serişdeleri bilen.

4. Eger X taslama üçin 10000 dollar, Y taslama üçin 22000 dollar talap edilýän bolsa, onda olaryň haýsysy has netijeli?

| Ýyllar | X taslama boýunça pul akymlary | Y taslama boýunça pul akymlary |
|---|---|---|
| 1 | $4 000 | $10 800 |
| 2 | $5 000 | $9 600 |
| 3 | $4 200 | $6 000 |
| 4 | $3 600 | $7 000 |

a) taslama X, sebäbi ol durnukly pul akymlary bilen häsiýetlendirilýär;

b) taslama Y, sebäbi ol ýokary maýa goýumlar bilen häsiýetlendirilýär;

ç) taslama X, sebäbi onuň düşewüntliliginiň indeksi (gatnaşygy) (DI) has ýokary dereje bilen häsiýetlendirilýär;

d) taslama Y, sebäbi onuň düşewüntliliginiň indeksi (gatnaşygy) (DI) has ýokary dereje bilen häsiýetlendirilýär.

5. Gazna (fond) bazary nämeleri üpjün edýär?

a) ykdysadyýetiň ýokary düşewüntli pudaklaryna maýalaryň çekilmegini;

b) döwletiň durnukly ykdysady taýdan ösüşini;

ç) durmuş durnuklylygyny;

d) birža spekulýantlarynyň gülläp ösmegini.

6. Dolanyşyk serişdeleriniň kadasy (normatiwi)- bu:

a) senagat, intellektual we dürli eýeçilik hukukly obýektleriň bahasy;

b) kärhananyň ygtyýarynda bar bolan pul serişdeleri;

ç) kärhananyň telekeçilik işini üpjün etmek üçin iň pesinden zerur bolan pul serişdeleriniň möçberi.

7. Gözegçilik haçan girizilýär?

a) bergili ýolbaşçy wezipeden boşadylanda;

b) bergili ýolbaşçy wezipeden boşadylmasa;

ç) Türkmenistanyň Kanunçylygy bozulan ýagdaýynda;

d) siziň jogabyňyz.

8. Emlägiň dolanyşygyna daşky dolandyryjy bellenilende emläk kimiň ygtyýarynda galdyrylýar?

a) daşky dolandyryjynyň gözegçiliginde;

b) bergidaryň dolandyryş guramasyna, emma daşky dolandyryjynyň gözegçiliginde;

ç) üçünji tarapyň gözegçiliginde;

d) siziň jogabyňyz.

„Hawa” ýa-da „ýok” jogap bermeli

9. Siziň maliýe menejeri hökmünde pikiriňizçe: «Gysga möhletleýin döwlet borçnamalaryny dolanyşyga ýokary göterim bilen çykarmalymy?»

10. Kompaniýanyň maýasynyň düzüminde karz çeşmeleriniň ýoklugy-maliýe töwekgelçilikleriniň ýoklugyny aňladýarmy we şol sebäpli mydama kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasynyň ösmegine getirýärmi?

## 2-nji test

1. Maliýe dolandyryşy üçin iň esasy we çylşyrymly meseleleriň biribu:

a) maýasyna düşýän harajatlaryň jemi;

b) maliýe bazarlarynda kompaniýa bäsdeşleriň täsir etmegi;

ç) uzak möhletleýin meýilnamalar düzülende hasaba almaly bolýan girdejileriň näbelliligi we töwekgelçilikleriň derejeleriniň ösmegi;

d) birikdirmek ýa-da goşulmagyň oňaýly wariantyny saýlamak.

2. Eger karz serişdeler boýunça göterimi ýokary bolsa, onda maliýe menejeri aşakdakylara borçludyr:

a) kompaniýa üçin uzak möhletleýin karzy almaly;

b) kompaniýa üçin gysga möhletleýin karzy almaly;

ç) kompaniýanyň paýnamalarynyň bir bölegini gaýtadan satyn almaly;

d) şu talaplary paýlanmadyk peýdanyň hasabyna maliýeleşdirmeli.

3. Maýalary dolandyrmakda horjun gözegçiligi nämäni aňladýar?

a) horjun boýunça girdejilreriň seljermesine ýykgyn (aksent) etmegi;

b) horjun boýunça töwekgelçilige ýykgyn (aksent) etmegi;

ç) kompaniýanyň töwekgelikleriniň umumy derejesine belli maýalarynyň täsiriniň seljerilmegi;

d) jogaplaryň hemmesi nädogry;

4. Kompaniýanyň iş töwekgelçiligini (delowoý risk) haýsy görkezijiler görkezýär?

a) kompaniýanyň bäsdeşlikde öz ýerini saklamaklygynyň töwekgelçiligi;

b) kompaniýanyň peýdasynyň ösüşiniň belli derejede pese düşmeginiň töwekgelçiligi;

ç) kompaniýanyň alýan peýdasynyň durnuklylygynyň töwekgelçiligi;

d) ýokarda görkezilenleriň hemmesi.

5. Eger kompaniýa 6489 dollar möçberinde karz alan bolsa we 5 ýylyň içinde her ýylda ony göterim bilen deň derejede 1800 dollardan yzyna gaýtaran bolsa, onda şu karz boýunça göterimi näçe?

a) 12 %;

b) 10 %:

ç) 8%;

d) 6%.

6. Uly kompaniýa üçin deň derejedäki maýa goýumlary talap edýän iki taslamadan haýsysy iň netijeli?

| | Taslama X | Taslama Y |
|---|---|---|
| Ödeýiş möhleti | 2 ýyl | 3,8 ýyl |
| Içerki girdejiligiň kadasy (normasy) (IRR) | 11.17% | 14.33% |
| Arassa getirilen baha (NPV) | $177 | $1 414 |

a) taslama X, sebäbi onuň ödeýiş möhleti gysga;

b) taslama Y, sebäbi onuň içerki girdejiliginiň kadasy (normasy) (IRR) ikinji taslama bilen deňeşderilende ýokary;

ç) taslama Y, sebäbi onuň arassa getiren bahasy (NPV) ýokary.

7. Gymmatly kagyzlaryň bazarynda haýsy iş hünärmen (professional) işi diýlip hasaplanylmaýar?

a) diller;

b) gymmatly kagyzlary dolandyrmak;

c) maýa goýum gaznasy boýunça iş;

d) kliring;

e) broker;

8. Wagtlaýyn bellenilen dolandyryjynyň wezipä bellenen gününden başlap, bir aýyň dowamynda ýerine ýetirmeli esasy işleri:

a) bergidaryň maliýe ýagdaýynyň seljermesini geçirmek;

b) bergidar barada maglumatlary ýygnamak;

ç) jerimeleri almak;

d) kärhananyň gaýtadan gurmak meýilnamasyny düzmek üçin, algydarlaryň ýygnagyny çagyrmak.

9. Maliýe guralynyň (leweridžiň) ulanylmagy paýdarlar jemgyýetiniň maýasynyň ýuwulmagyndan goraýar.

«Ýok» ýa-da «hawa» jogap beriň.

10. Maliýe çaklamasy taýýarlananda maliýe menejeriniň birinji ädimi-önümi öndürmegiň möçberini kesgitlemek.

«Ýok» ýa-da «hawa» jogap beriň.

## 3-nji test

1. Bir ýylda 5 göterimli 1 müň dollarlyk depozit sertifikaty üç ýylyň dowamynda tölener diýlip meýilnamalaşyrylýar. Sertifikat tölenende näçe dollar gaýtaryp bermeli:

a)$1050;

b)$1160;

ç)$1150;

d)$850.

2. Täjirçilik banky tarapyndan berlen karzdan gelen peýdany hasaplaň, eger bank karzy şu şertler bilen beren bolsa:

Karzyň möçberi - 1000000 manat;

Karzyň göterimi - ýylda 80%;

Karzyň möhleti-180 gün;

Içerki bazarda bank karz serişdelerini ýylda 60 göterimden çekýär.

a) 100 000 manat;

b) 200 000 manat;

ç) 1 100 000 manat;

d) 400 000 manat.

3. Dolanyşyk gaznalary öz içine şolary alýar:

a) karz alnan we çekilen serişdelerden, şol sanda algylardan ybarat bolan kärhananyň bergileriniň we algylarynyň jemi;

b) çig mallaryň, ýarym taýýar önümleriň, ýangyçlaryň, geljekki döwürleriň çykdajylarynyň, gaplaryň gorlaryny;

ç) taýýar önümleriň, haryt gorlarynyň, kärhananyň hasaplaryndaky, pulhanadaky we hasaplaşykdaky pul serişdeleri.

4. Maýalaryň netijeliligine maliýe leweridžiniň täsiri:

a) maliýe bazarynda döwletiň gatnaşmagyna täsir edýär;

b) hususy we karzyna alnan maýalara täsir edýär;

ç) maliýe guralynyň netijesiniň üsti bilen täsir edýär;

d) kärhananyň maýasynyň bahasyna täsir edýär;

e) paýnamanyň bazar bahasyna täsir edýär.

5. Maliýe bazarlarynyň döremeginiň esasy sebäbi näme?

a) döwletiň maliýe bazara gatnaşmagy;

b) gymmatly kagyzlaryň we fond biržalarynyň döremegi;

ç) bank borçnamalarynyň erkin bank aktiwlerinden artmagy;

d) kärhanalaryň maýa goýumlarynyň olaryň süýşürintgilerinden artmagy.

6. Araçy (arbitraž) kazyýetiň „bergidar batdy" diýen netijä gelmegi näme esas bolup durýar?

a) töleg ukyplylygynyň gatnaşygy 1-den pes;

b) üç aýyň içinde möhleti geçen, ýerine ýetirilmedik borçnamalaryň barlygy;

ç) siziň jogabyňyz.

7. „Betta" gatnaşygy (koeffisiýenti) nämäni ölçeýär?

a) „töwekgelçiliksiz aktiwleriň" belli paýnamalarynyň girdejileri bilen deňeşdirilmegi;

b) bazar horjunynyň gündelik girdejiligini belli paýnamalaryň gündelik girdejileri bilen deňeşdirmegi;

ç) bazar horjunynyň uzak möhletleýin girdejiligini belli paýnamalaryň şol döwürdäki girdejileri bilen deňeşdirmegi;

d) şu wagtyň maliýe aktiwi üçiň talap edilýän girdejiligini deňeşdirmegi;

8. Eger kompaniýanyň maliýe menejeri gündelik işinden bir ýylda gelýän 8% möçberindäki peýdanyň möçberini artdyrmagy meýilleşdirýän bolsa we her paýnama üçin 2.40 dollar möçberinde diwidendleri tölejek bolsa we şol kompaniýanyň ýönekeý paýnamalarynyň bahasy 40 dollar bolsa, onda maýalara çykýan çykdajylaryň paýlanmadyk peýdasy görnüşinde aşakdakylara deň bolar:

a) 12 %;

b) 14%;

ç) 10 %;

d) tapmak mümkin däl.

9. Kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy pese düşende, onuň paýnamalarynyň yzyna gaýtarylmagy - kompaniýanyň bahasyny artdyrmagynyň usuly bolup durýarmy?

„Ýok" ýa-da „hawa" jogap beriň.

10. Arassa getirilen baha (NPV), pul serişdeleriniň akymlarynyň diskontirlenen derejelerini göz öňüne tutýarmy?

„Ýok" ýa-da „hawa" jogap beriň.

## 4-nji test

1. Diňe gysga möhletleýin borçnamalaryň hasabyna gündelik aktiwleriň maliýeleşdirilmegi:

a) esaslandyrylan uzak möhletleýin syýasat bolup, ony şol sebäpli mydama ulanmaly;

b) mydama maksadalaýyk gelmeýär we ýeterlik däl;

ç) gündelik aktiwleriň arasynda mydama mizemez bölegi bolup we şonuň ýaly maliýeleşdirilmeli.

2. Maýa goýumyň aktiwi bolmagyna garamazdan satyn alnan we diskontyň derejesi hökmünde mydama ulanylýan:

a) karzyna alnan maýalaryna çykarylan harajatlary;

b) öz maýasyna çykarylan harajatlary;

ç) maýalaryň orta hasaplanylan harajatlary;

d) maýalaryň iň ýokary orta hasaplanylan harajatlary.

3. Eger aktiwiň bahasy 120 000 dollar, galyndy bahasy 20000 dollar, aktiwiň könelmesi 5 ýylyň dowamynda deňagramly hasaplanyp öçürilen bolsa, peýdadan alnan salgydyň derejesi 40 göterim möçberinde kesgitlenilen bolsa, onda her ýylyň salgydyndan gor näçe bolmaly?

a) 20000;

b) 24000;

ç) 8000;

d) 12000.

4. Diwidendleriň uzak möhletleýin syýasaty tassyklanylanda:

a) ösýän kompaniýalar diwidend hökmünde ýokary derejedäki peýdany mydama töleýärler;

b) kemallyk derejedäki kärhanalar diwidend hökmünde mydama pes derejede peýdany paýlaýarlar;

ç) kompaniýalar öz alan peýdasynyň möçberine görä düýpli maýa goýumlara bolan mümkinçiliklerini kesgitleýärler;

d) ähli görkezilenler dogry.

5. Kompaniýanyň obligasiýalaryny möhletinden öň haýsy ýagdaýda hökman öçürmeli?

a) obligasiýalaryň eýeleri öz pul serişdelerini gaýtarmak isleseler;

b) ýönekeý paýnamalaryň çykarylmagy maliýe menejeriniň çaklamalaryna görä örän gymmada düşende;

ç) göterimleriň derejeleri pese düşende we bu ýagdaý ýerlikli durnukly;

d) jogaplaryň hemmesi dogry däl.

6.Eger töwekgelçiliksiz maýa goýumlarynyň girdejileriniň kadasy

(normasy)-10%, bazar horjunynyň girdejileri-15% bolsa, onda haýsy aşakda görkezilen kompaniýalaryň paýnamalarynyň bahasy artdyrylan.

(CAMP modeli ulanyp hasaplanandan ýokary)

| Kompaniýa | Talap edilýän maýalaryň möçberi | Beta koeffisiýenti |
|---|---|---|
| A | 17% | 1.3 |
| B | 14.5% | 0.8 |
| C | 15.5% | 1.1 |
| D | 18% | 1.7 |

a) B, C, D paýnamalaryň bahalary artdyrylan;
b) A we B paýnamalaryň bahalary artdyrylan;
ç) D paýnamanyň bahalary artdyrylan;
d) ýumuşda görkezilen ähli paýnamalaryň bahalary artdyrylan.

7. Esasy serişdeleriň ýyllyk könelmesi - 1200 manat. Eger 4 ýyldan soň olaryň galyndy bahalary 3600 manat bolsa, onda şondan soň, olaryň könelmeginiň gaznasyny hasaplaň:
a) KG = 4 800 manat, Bb = 8 400 manat;
b) KG = 4 800 manat, Bb = 9 600 manat;
ç) KG = 6 000 manat, Bb = 7 200 manat;
d) KG = 6 000 manat, Bb = 8 400 manat.

8. Bäsdeşlik önümçiligniiň dowamynda jerimeler (puşmanlar) we gaýry maliýe (ykdysady) çäreleri:
a) bergiler talaplarynyň düzüminde bäşinji nobatda ýerine ýetirmäge degişlidir;
b) bergiler talaplaryň düzüminde öz (degişli) nobatynda ýerine ýetirilmäge degişlidir;
ç) ýerine ýetirilmäge degişli däldir;
d) birinji nobatda ýerine ýetirmäge degişlidir;

9. Maýalaryň çykdajylary hasaplananda, maliýe menejeri her harajadyň maliýe çeşmesiniň maglumatlaryny hem maýalaryň gündelik düzümini ulanmalymy ýa-da däl?

«Ýok» ýa-da «hawa» jogap beriň.

10. Her taslamany maliýeleşdirmekde peýdasyzlygyň ýa-da zyýansyzlygyň nokady (breakeven point) bolýar. Şol nokatda täze paýnamalaryň dolanyşyga çykarylmagyny we täze bergileriň hasabyna bir paýnama düşýän peýdany gazanyp bolarmy?

## 5-nji test

1. Maýalaryň düzüminde görkezilen maliýe çärelerinden haýsysy, kompaniýanyň derejesiniň pese düşmegine getirmeýär?

a) anyk seriýaly obligasiýalar boýunça hasaplaşyklary togtatmak çäresi;

b) obligasiýalaryň konwersiýasy;

ç) esasy bergini bölekleýin tölemek;

d) kompaniýanyň obligasiýalaryny dolanyşyga çykarylyş (nominal) bahasyndan ýokary bahadan yzyna almak.

2. Uzak möhletleýin birikdirmek («ýuwutmak») syýasaty geçirilende, horjun ýörelgesiniň haýsy talap edilmeli?

a) täze kompaniýanyň aktiwleriniň tutuş horjun töwekgelçiligi peselmesin diýip (peselmez ýaly), diňe oňaýly girdejili (korelýasiýaly) kärhanalary birikdirmek;

b) täze kompaniýanyň aktiwleriniň tutuş horjun töwekgelçiligi peselmesin diýip, (K=0) we oňaýly girdejili korelýasiýaly kärhanalalaryny birikdirmek;

ç) jogaplaryň hemmesi nädogry.

3. Täjirçilik bank tarapyndan aşakdaky şertlerde berlen karzyň girdejilerini hasaplaň:

Karzyň möçberi – 550 000 manat.

Karzyň göterimleri – ýylda 65%.

Karzyň möhleti- 360 gün.

Bank içki bazarda karz bermek üçin çeşmeleri ýylda 40%-e çekýär:

a) 137 500 manat;

b) 330 000 manat;

ç) 192 500 manat;

d) 577 500 manat.

4. Hasabat ýylynyň başyna esasy gaznalaryň bahasy 50000 manat. Ýyl boýunça könelmegiň kadasy (normasy)-6 %. Hasabat ýylynyň 14-nji maýynda esasy gaznalaryň parkyna şonuň ýaly enjam gelip gowuşdy. Täze gelen esasy gaznalaryň bahasy-35000 manat. Hasabat ýylynyň ikinji çärýeginde könelmä geçirmeli möçberi hasaplaň:

a) 925 manat;

b) 750 manat;

ç) 1050 manat;

d) 1275 manat.

5. Weksel emission gymmatly kagyzmy ýa-da ýok?
a) hawa;
b) ýok;
ç) diňe geçirlýän weksel;
d) diňe ýönekeý weksel.

6. Bäsdeşli önümçilik-bu :
a) algydarlaryň talaplaryny belli ölçeglerde kanagatlandyrmak maksady bilen „batan" diýlip yglan edilen bergidarlara garşy geçirilýän çäre;
b) ýapyk bazarda kärhanany (telekeçiligi) satmak çäresi;
ç) açyk bazarda kärhanany (telekeçiligi) satmak çäresi;
d) jogabyň başga warianty.

7. Kärhananyň uzak möhletleýin esasy maksady näme?
a) peýdany iň ýokary derejelere ýetirmek;
b) maliýe taýdan berkligini saklamak;
ç) likwidliligini saklamak we ýokarlandyrmak;
d) eýeleriň baýlygyny iň ýokary derejelere ýetirmek.

8. Düýpli aktiwleri bahalandyrmagyň (CAPM) modelinde mydama oňaýly şu aşakdaky bolýar:
a) paýnama boýunça jemi girdejilik;
b) maddy däl aktiwleriň bahasy;
ç) töwekgelçilik üçin bazar baýragy;
d) girdejiň töwekgelçiliksiz derejesi.

9. Eger bazarda göterimleriň derejeleri ösýän bolsa, onda kompaniýanyň obligasiýalarynyň bahasy pese düşermi?
„Ýok" ýa-da „hawa" jogap beriň.

10. Kompaniýanyň işini maliýeleşdirmek üçin öz gazanan peýdasy ulanylsa ýa-da ýönekeý paýnamalar dolanyşyga çykarylsa harajatlar deň bolarmy?
„Ýok" ýa-da „hawa" jogap beriň.

**6-njy test**

1. Kompaniýanyň maliýe töwekgelçiliginiň derejesi haýsy ukyplylyga bagly?

a) kompaniýanyň belli diwidendleri tölemäge ukyplylygyna;

b) kompaniýanyň maliýe bazarlarynda serişdeleri almaga ukyplylygyna;

ç) kompaniýanyň bergileri boýunça öz wagtynda we doly möçberde jogap bermäge ukyplylygyna;

d) kompaniýanyň „betta”, ýagny mydamalyk töwekgelçilik koeffisiýentine.

2. Göterimiň derejesi ýylda 9 göterim bolanda, goýumy 3 esse köpeltmek üçin göterimleri gaýtadan goýmak şertinde näçe ýyl gerek boljagyny hasaplaň?

a) 10 ýyl;

b) 12 ýyl;

ç) 13 ýyl;

d) 15 ýyl.

3. Bergidara garşy „Batyp galan“ diýlip ykrar edilmegi sebäpli geçirilýän çäreler haýsylar?

a) gözegçilik, önümçilik bäsdeşligi, kazyýetden öň ýagdaýyny barlamak, parahatly ylalaşyk;

b) gözegçilik, daşky dolandyryş, önümçilik bäsdeşligi, parahatly ylalaşyk;

ç) gözegçilik, hususylaşdyrmak, önümçilik bäsdeşligi, parahatly ylalaşyk;

d) gözegçilik, önümçilik bäsdeşligi, birikdirmek, ýapmak.

4. Dolanyşyk serişdeleriniň näçe günde aýlanýandygyny hasaplaň. Hasabat döwründe öndürilen önümiň özüne düşen bahasy - 60000 manat. Hasabat döwrüniň soňunda dolanyşyk serişdeleriniň bahasy -8000 manat:

a) 60 gün;

b) 7,5 gün;

ç) 48 gün;

d) 144 gün.

5. Maliýe bazarlarynyň emele gelmeginiň esasy sebäpleri haýsylar?

a) döwletiň maliýe bazarlaryna gatnaşmagy;

b) gymmatly kagyzlaryň we fond gaznalarynyň bazarlarynyň döremegi;

ç) banklaryň borçlarynyň erkin bank aktiwlerinden artmagy;

d) kärhanalaryň süýşürintgileriniň maýa goýumlaryndan artmagy.

6. Durnukly däl peýda gazanylýan döwürde haýsy diwidend syýasaty amatly?

a) kompromis syýasaty;

b) bir paýnama durnukly girdeji tölemek syýasaty;

ç) galyndy diwidend syýasaty;

d) girdejiniň durnukly paý syýasaty.

7. Sinergizm (синергический эффект) – bu

a) kompaniýalaryň birleşmeginiň (ýuwutmagyň) netijesinde emele gelýän kompaniýanyň bazar bahasy düzüm bölümleriniň bahasyndan ýokarlansa;

b) kompaniýanyň birleşmeginiň (ýuwutmagyň) netijesinde bir paýnama düşýän peýda artsa;

ç) kompaniýanyň birleşmeginiň (ýuwutmagyň) netijesinde birleşen kompaniýany dolandyrmagyň hiliniň ýokarlanmagy;

d) kompaniýanyň birleşmeginiň (ýuwutmagyň) netijesinde öňki düzümi bilen deňeşdirilende töwekgelçilikleriň pese düşmegi.

„Hawa” ýa-da „ýok” diýip belläň.

8. Pul serişdeleriniň býujeti taýýarlanylanda, çaklama maliýe hasabatlary taýýarlamak üçin arassa peýda pul serişdeleriniň galyndy bahasyna goşulýarmy ýa-da ýok?

„Ýok" ýa-da „hawa” diýip jogap beriň.

9. Paýnamanyň emission bahasyny anyklamak üçin maliýe menejeri pudak boýunça orta „baha-girdeji” görkezijini hasaba almalymy?

„Ýok” ýa-da „hawa” diýip jogap beriň.

10. Garaşylýan pul akymlarynyň bahasyny kesgitlemek üçin maýalaryň kadasy (normasy) hökmünde diskontyň derejesi ulanylyp bilnermi ýa-da ýok?

„Ýok" ýa-da „hawa” diýip jogap beriň.

**7-nji test**

1. Hežirowaniýe- bu:
a) karz boýunça alynýan göterim;
b) salgydyň görnüşi;
ç) amaly ätiýaçlandyrmak üçin maliýe menejeriniň usuly;
d) uzak möhletleýin maýa goýumy.

2. Lizing – bu:
a) kärende gatnaşyklary;
b) karz amalynyň bir görnüşi;
ç) töwekgelçiliklerden goranmagyň usuly;
d) kärende we uzak möhletleýin karz gatnaşyklarynyň alamatlaryny öz içine alýan özboluşly maliýe amaly.

3. Diwersifikasiýa- bu:
a) dürli salgytlary almak;
b) ätiýaçlandyrylyşyň baýragy;
ç) pensiýa gaznasynyň geçirýän syýasaty;
d) dürli ugurlary ösdürmäge gönükdirilen ykdysady-maliýe syýasatynyň görnüşi, maliýe menejeriniň töwekgelçilikden goranmagynyň usuly.

4. Renting - bu:
a) hasaplaşyk amallarynyň bir görnüşi;
b) gysga möhletleýin kärende we karzyň alamatlaryny öz içine alýan özboluşly maliýe amaly;
ç) borçnama;
d) kärhananyň maliýe derejesini görkezýän görkezgiç.

5. Kärhananyň „sanasiýasy” – bu:
a) kärhananyň işgärleriniň saglygyny barlamak üçin geçirilýän çäre;
b) kärhananyň maliýe ýagdaýyny sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen çäreleriň ulgamy;
ç) kärhanada dezinfeksiýa işleri amala aşyrmak;
d) kärhananyň sanepidemstansiýa tarapyndan barlagy.

6. Haýring – bu:
a) uzak möhletli maýa goýumlarynyň bir görnüşi;
b) orta möhletleýin kärende we karzyň alamatlaryny öz içine alýan özboluşly maliýe amaly;
ç) kärhananyň maliýe ýagdaýyny görkezýan görkezgiç;
d) algylary-bergileri görkezýän görkezgiç.

7. Trassant –bu:
a) weksel beriji;
b) weksel alyjy;
ç) bergileri hasaba alýan bank;
d) indosantyň bir görnüşi.

8. Emitent- bu:
a) Ykdysadyýet we ösüş ministrligi;
b) „Senagatbank“;
ç) „Halkbank”;
d) gymmatly kagyzlary, şol sanda pul serişdelerini dolanyşyga çykarmaga hukugy bar bolan tarap.

9. Indossant- bu:
a) ştreýbreher;
b) remitent;
ç) broker;
d) wekseli kabul eden tarap.

10. Diskont- bu:
a) bank amallarynyň bir görnüşi;
b) makler;
ç) gaýtadan maliýeleşdirmegiň görnüşi;
d) wekseli kabul eden tarapyň göterimi.

11. Remitent- bu:
a) gymmatly kagyzlary, şol sanda pul serişdelerini gaýtadan dolanyşyga çykaran tarap;
b) Merkezi bankyň gaýtadan maliýeleşdirmeginiň göterimi;
ç) töwekgelçilikleri öz üstüne alýan tarap;
d) „reseption” bölüminiň işgäri.

**8-nji test**

1. Türkmenistanyň „Batyp galmak" hakynda Kanuny haçan kabul edildi?
a) 2012 ý.;
b) 2003 ý.;
ç) 1993 ý.;
d) 2010 ý.

2. Türkmenistanda hereket edýän eýeçiligiň sanyny we olaryň görnüşlerini görkeziň:
a) 7 sany;
b) 8 sany;
ç) 5 sany;
d) 6 sany.

3. Türkmenistanda hereket edýän kärhanalaryň hukuk-guramaçylyk görnüşleriniň sanyny we olaryň görnüşlerini görkeziň:
a) 9 sany;
b) 4 sany;
ç) 7 sany;
d) 6 sany.

4. Gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimi nämäni aňladýar we Türkmenistanda onuň derejesi näçe?
a) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başga banklara karzlary berýän göterimini. Häzirki döwürde ol 5 % möçberde bellenilen;
b) salgytlaryň orta möçberini. Häzirki döwürde ol 6 % möçberde bellenilen;
ç) ätiýaçlandyryşyň baýragyny. Häzirki döwürde ol 7 % möçberde bellenilen;
d) Pensiýa gaznasynyň öz serişdelerini ýerleşdirýän göterimi. Häzirki döwürde ol 5 % möçberde bellenilen.

5. Banklar öz algylaryny näçe we haýsy toparlara bölýärler?
a) 4 topara (standart, substandart, şübheli, ygtybarsyz);
b) 3 topara (gysga, orta we uzak möhletli algylara);
ç) 2 topara (gysga we uzak möhletli algylara);
d) toparlara bölünenok.

6. Kärhananyň esasy hukuk resminamasy haýsy?
a) buýruk;
b) ygtyýarnamasy;
ç) sertifikaty;
d) esasnamasy.

7. Hususy kärhananyň esaslyk maýasyna iň pesinden näçe goýum goý-maly?
a) iň az zähmet hakynyň 10 möçberi;
b) iň az zähmet hakynyň 25 möçberi;
ç) iň az zähmet hakynyň 50 möçberi;
d) iň az zähmet hakynyň 100 möçberi.

8. Hojalyk jemgyýetiniň esaslyk maýasyna iň pesinden näçe goýum etmeli?
a) iň az zähmet hakynyň 100 möçberi ;
b) iň az zähmet hakynyň 25 möçberi;
ç) iň az zähmet hakynyň 75 möçberi;
d) iň az zähmet hakynyň 40 möçberi.

9. Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy esaslyk maýasyna iň pesin-den näçe goýum etmeli?
a) iň az zähmet hakynyň 40 möçberi;
b) iň az zähmet hakynyň 35 möçberi;
ç) iň az zähmet hakynyň 20 möçberi;
d) iň az zähmet hakynyň 100 möçberi.

10. Döwlet kärhanasynyň tölenen goşulan baha üçin salgydy hasaba almaga haky barmy?
„Ýok” ýa-da „hawa” diýip jogap beriň.

## 9-njy test

1. Broker – bu:
a) birža araçy hökmünde gatnaşyjy;
b) biržanyň ýolbaşçysy;
ç) banka hyzmat edýän tarap;
d) makleriň wezipesini ýerine ýetirýän tarap.

2. Fyuçer ylalaşygy –bu:
a) hasaplaşygyň görnüşi;
b) fond biržada bir gije-gündiziň dowamynda geçirilýän hasaplaşygyň görnüşi;
ç) daşary ýurt birligini ýerleşdirmek üçin geçirilýän hasaplaşyk;
d) hasaplaşygy geljekde geçirmegi göz öňüne tutýan ylalaşyk.

3. Maliýe menejmentiniň usullary haýsylar?
a) tükelleýiş usuly;
b) goşa ýazgy usuly;
ç) maglumatlary ýygnamak, olary işläp, netije çykarmak we çäre görmek;'
d) tükelleýiş, resminama, balans usullary.

4. Maliýe menejmentiniň esasy wezipeleri haýsylar?
a) maliýe mehanizmini netijeli dolandyrmak, seljeriş işlerini geçirmek, täze iş ýerleri döretmek;
b) dolandyryş subýektiniň buhgalterlik hasabyny ýöretmek;
ç) önümçiligi gurnamak;
d) işgärlere gözegçilik etmek.

5.Kärhanalaryň maliýe hasabatlary haýsy döwürler üçin düzülýär?
a) her aý üçin;
b) birinji çärýek, ýarym ýyl, 9 aý, ýyllyk;
ç) birinji, ikinji, üçünji, dördünji çärýekler üçin;
d) birinji ýarym ýyl, ikinji ýarym ýyl.

6. Ýeňilleşdirilen salgyt ulgamy boýunça hereket edýän edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler maliýe hasabatlary haýsy döwürler üçin düzýärler?
a) her 6 aý üçin;
b) birinji çärýek, ýarym ýyl, 9 aý, ýyllyk;

ç) birinji, ikinji, üçünji, dördünji çärýekler üçin;
d) öz jogabyňyzy beriň.

7. Türkmenistana dahylly şahsy tarap haýsy bolýar?
a) Türkmenistanyň çäginde 43 gün ýaşan tarap;
b) Türkmenistanyň çäginde 45 gün ýaşan tarap;
ç) Türkmenistanyň çäginde 40 gün ýaşan tarap;
d) Türkmenistanyň çäginde 183 günden köp ýaşan tarap.

8. Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap haýsy bolýar?
a) Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda Döwlet belligine alnan ýa-da direksiýasy, Baş edarasy Türkmenistanda ýerleşen tarap;
b) Türkmenistanyň çäginde 45 gün hereket eden tarap;
ç) Türkmenistanda hemişelik wekilhanasy bar bolan tarap;
d) eger şol edara görnüşli tarapyň ýolbaşçylary Türkmenistanyň çäginde 183 gün ýaşan bolsalar.

9. Akkreditiw hasaplaşygy haýsy ýagdaýlarda ulanylýar?
a) eger hasaplaşyklar daşary ýurt kompaniýalar bilen amala aşyrylýan bolsa;
b) eger alyjy bilen satyjynyň arasynda ynamsyzlyk bar bolsa;
ç) eger hasaplaşyklar ýurduň içinde amala aşyrylýan bolsa;
d) holding kompaniýalaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende.

10. „CAMPARI” – bu harplar haýsy ýörelgeleri aňladýar?
a) halkara hasabyň ýörelgelerini;
b) iňlis dilini ulanýan döwletlerde karzlary alyp- bermegiň ýörelgelerini;
ç) ätiýaçlandyryşyň ýörelgelerini;
d) Türkmenistanda ulanylýan buhgalterlik hasabynyň ýörelgelerini.

**10-njy test**

1. Nyrh haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
a) hasaba almak, paýlamak, höweslendirmek, ugrukdyrmak;
b) toplamak, paýlamak, gaýtadan paýlamak we gözegçilik etmek;
ç) wezipeleri ýok;
d) hazyna, ölçemek, dolanyşyk, töleg serişdesi.

2. Faktoring amallarynyň görnüşleri haýsylar?
a) açyk, ýapyk, hökümetara;
b) giň (konwension), ýaşyryn (konfendisial) we beýleki görnüşleri;
ç) razylykly, razylyksyz (akseptli, akseptsiz);
d) renting, haýring.

3. Forfeýting amaly faktoring amalyndan nähili tapawutlanýar?
a) amallaryň arasynda tapawut ýok;
b) forfeýting amaly geçirilende haryt iberijä (hukugyny satýana) öňünden pul serişdeleri (karz) geçirilýär;
ç) forfeýting- bu haryt iberijiniň hukugyny satyn almak;
d) forfeýting akkreditiw hasaplaşygyň bir görnüşi.

4. Zyýansyzlyk nokady nämäni aňladýar?
a) zyýan getirmeýän söwda nokatlaryny;
b) grafikde girdejileriň we harajatlaryň kesişýän nokadyny. Eger girdejiler çykdajylardan (harajatlardan) ýokary bolsa peýda gelip başlaýar. Eger harajatlar gelen girdejilerden pes bolsa zyýan çekilip başlanýar;
ç) zyýan getirýän söwda nokadyny;
d) „0”derejedäki peýdany.

5. „Defolt” yglan etmek- bu:
a) Döwletiň maliýe ýagdaýynyň ýokarlanmagyny aňladýar;
b) Döwletiň maliýe ýagdaýynyň pese düşmegini aňladýar;
ç) Döwletiň öz borçnamalary boýunça jogap bermäge ýagdaýynyň ýoklugyny yglan edendigini aňladýar;
d) Kompaniýanyň batmagyny aňladýar.

6. Bergileriň täzeden düzülişi-„restruktirizasiýasy” nämäni aňladýar?
a) bergileriň köpelmegini;
b) bergileriň azalmagyny;
ç) algylaryň köpelmegini;
d) bergileriň dürli algydarlar bilen ylalaşyklar esasynda azalmagyny.

7. Maliýe menejmetiniň deduktiw usuly nämäni aňladýar?
a) detektiwi işe kabul etmäni;
b) ylmy çaklaýyş işleri geçirmäni;
ç) maglumatlary jemlemäni;
d) yzygiderli pikir edip netije çykarmany.

8. Maliýe menejmentiniň induktiw usuly nämäni aňladýar?

a) ylmy çaklama (gipoteza) arkaly seljeriş işleri geçirip takyk netijä gelmek;

b) maglumatlary jemläp netije çykarmak;

ç) maglumatlary bölüp netije çykarmak;

d) tehniki serişdeleriň kömegi bilen seljeriş işlerini amala aşyrmak.

9. Seljermek nämäni aňladýar?

a) maglumatlary jemläp, netije çykarmagy;

b) maglumatlary bölüp, netije çykarmagy;

ç) maglumatlary toplamagy;

d) maglumatlary deňeşdirmegi.

10. Maliýe menejmentiniň korrelýasion usuly nämäni aňladýar?

a) ähli täsirleri öwrenip, netije çykarmagy;

b) täsirleri toparlamagy;

ç) iň ýokary netijeli subýektleri saýlamagy;

d) oňaýly täsirleri öwrenip, netije çykarmagy.

11. Dünýä belli reýting kompaniýalar haýsylar?

a) BBS;

b) Aljaziro;

ç) Folklendtreýding;

d) Barklaýz, Ficth, Moon, Moody`s.

12. Haýsy reýting iň ýokary (gowy, oňaýly) hasplanylýar?

a) AAA;

b) BBB;

ç) CCC;

d) D.

13. Haýsy döwletiň bir ýylda öndürilýän JIÖ-siniň möçberi 16 trillion dollardan artýar?

a) Awstraliýa;

b) ABŞ;

ç) Hytaý;

d) Germaniýa.

14. Täjirçilik kärhanalary maliýe hasabatlaryň Milli standartlaryna haçan geçip başladylar?

a) 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan;
b) 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan;
ç) 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan;
d) 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan.

**11-nji test**

1. Maliýe hasabatlaryny ulanýan esasy taraplar haýsylar?
a) hukuk goraýjy edaralar;
b) maliýe institutlary;
ç) halkara maliýe guramalary;
d) maýadarlar, işgärler, karz berijiler, haryt iberijiler we gaýry söwda algydarlary, alyjylar, ygtyýarlandyrylan döwlet guramalary, jemgyýet.

2. Maliýe hasabatlaryny düzmekde esasaslandyrylan rugsatnama ýörelgeleri haýsylar?
a) hasaba almak we üznüksizlik ýörelgeleri;
b) maddy üpjünçilik we garaşsyzlyk;
ç) algylary almak we gözegçilik etmek;
d) ygtyýarlandyrmak we dolandyryjylaryň bähbitlerini goramak.

3. Haýsy şertlerde maliýe hasabatlarynyň elementleri hasaba alnyp, maliýe hasabatlara girizilýär?
a) dolandyryjyň görkezmesi bar wagtynda;
b) eger maddadan gelýän ykdysady bähbidiň alynmagy (ýa-da ýitmegi) ähtimal bolsa we madda bahalandyrylan ýa-da ony ygtybarly bahalandyryp bolýan bolsa;
ç) bazar ykdysadyýeti şertlerinde;
d) döwlet nyrhlary bilen maddany ölçäp bolanda.

4. Adalatly baha nämäni aňladýar?
a) bir- birine garaşsyz, aktiw barada doly habarly taraplaryň arasynda, ony çalyşmaga isleg bildirenleriň kesen bahasy;
b) internetiň bahasy;
ç) garyndaşlaryň arasynda ulanylýan baha;
d) goňşularyň arasynda ulanylýan baha.

5. Milli standartlara laýyk gelýän maliýe hasabatlarynyň doly komplekti haýsy?

a) balans, maliýe netijeleri hakynda hasabat, pul serişdeleriniň hereketleri hakynda hasabat balansa goşundylar;

b) balans, beýannamalar, goşundylar;

ç) maliýe netijeleri hakynda hasabat, jemi peýda barada hasabat, maýadaky üýtgemeler hakynda hasabat, pul serişdeleriniň hereketleri barada hasabat, bellikler;

d) görkezilenleriň hemmesi.

6. Maliýe hasabatlar düzülende we tabşyrylanda kärhanalaryň ýolbaşçylary haýsy umumy düzgünleri göz öňünde tutmalydyrlar?

a) dogrulygy, standartlara laýyklygy; kärhananyň üznüksiz hereket etjekdigininiň mümkinçiligini, hasaplamak usulyny, yzygiderliligi, düýp mazmunlylygy we agregirlemegi, özara hasaby, deňeşdiriş maglumatlary;

b) dogrulygy, standartlara laýyklygy; kärhananyň üznüksiz hereket etjekdigininiň mümkinçiligini, hasaplamak usulyny, maddy üpjünçiligi, geçginliligi, oýlanyşyklylygy;

ç) standartlara laýyklygy; kärhananyň üznüksiz hereket etjekdigininiň mümkinçiligini, hasaplamak usulyny, deňeşdiriş maglumatlary;

d) görkezilenleriň hemmesini.

7. Amal sikline maliýe hasabatlarynyň Milli standartlaryna laýyklykda kesgitleme berip, ony nähili dogry hasaplamaly?

a) aktiwleriň gaýtadan işlemek üçin satyn alynmagy we olaryň pul serişdelere ýa-da puluň ekwiwalentlerine öwrülýän wagtyna - amal sikli diýlip düşünilýär. Ony anyk hasaplamak mümkin däl bolanda, sikl 12 aýa deň diýlip hasaplanylýar;

b) harydyň pula öwrülmegi- amal sikli diýlip düşünilýär. Ol 6 aýa deň diýlip hasaplanylýar;

ç) önümiň öndürilýän wagtyna amal sikli diýlip düşünilýär. Ol dürli bolup biler;

d) karzyň yzyna gaýtarylýan wagtyna amal sikli diýlip düşünilýär. Ol bir ýylyň içinde gaýtarylsa gysga möhletli, bir ýyldan köp wagta ulanylsa, uzak möhletleýin diýlip hasaplanylýar.

8. Jemlenilen (konsolidirlenen) maliýe hasabatlaryndan Baş kärhanalar haýsy ýagdaýlarda boşadylýarlar?

a) özi başga kärhanasynyň doly ýa-da bölekleýin bölünen kärhanasy

bolup we onuň gaýry eýeleriniň jemlenilen maliýe hasabatlarynyň berilmejekdigi barada habarly bolup, oňa garşy däl bolsalar;

b) Baş kärhananyň borçnamalary (gurallary, paýnamalary, obligasiýalary) açyk bazarda aýlanmaýan bolsalar;

ç) Baş kärhana açyk bazarda öz maliýe borçnamalaryny ýerleşdirmek üçin degişli guramalara ýüz tutmadyk bolsa we tutmaga niýeti bolmasa;

d) Baş kärhananyň soňky ýa-da haýsam bolsa başga arada duran kärhanasy maliýe hasabatlaryň milli standartlaryna laýyk gelýän jemlenilen hasabaty erkin ulanmak üçin jemlenilen hasabatyny çykarýan bolsa;

e) ýokarda görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

9. Özara baglanşykly taraplaryň şertleri haýsylar?

a) kärhana göni ýa-da araçyň (araçylaryň) üsti bilen gytaklaýyn kärhana gözegçilik edýär ýa-da onuň (beýleki kärhana) tarapyndan dolandyrylýar, ýa-da bilelekdäki gözegçiligiň obýekti bolup çykyş edýär (Baş kompaniýalar, bölünen (golçur) kärhanalar);

b) şu kärhana uly täsiri bar bolan kärhanada öz paýy bolsa; bile kärhana gözegçiligini amala aşyrýan bolsalar;

d) şu kärhananyň assosirlenen agzasy bolsa ýa-da esasy dolandyryjylaryň düzümine girýän bolsa; taraplaryň ýakyn garyndaşlygy bar bolsa;

e) ýokarda görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

10. Maliýe hasabatlarynyň milli standartlaryna laýyklykda düýp mazmunly ýalňyşlar diýlip nämä düşünilýär?

a) maliýe hasabatlarynyň esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlere täsir edip biljek ýalňyşlar ýa-da hasabat ýoýmalary;

b) maliýe hasabatlaryna laýyklykda kärhananyň gazanan peýdasy;

ç) maliýe hasabatlaryna laýyklykda kärhananyň düşewüntliligi;

d) maliýe hasabatlaryna laýyklykda kärhananyň geçginliligi.

**12-nji test**

1. Haýsy ýagdaýlarda kärhanalar öz hasap syýasatlaryna üýtgemeleri girizmeli?

a) eger bu haýsam bolsa bir milli standart bilen talap edilýän bolsa ýa-da hasap syýasatynyň üýtgemegi maliýe hasabatlarynyň has ygtybarly we gerekli maliýe ýagdaýyna, maliýe netijelere we kärhananyň pul serişdeleriniň akymyna täsir edýän amallar barada maglumatlary berse.

b) maliýe hasabatlaryny düzýänleriň karary boýunça islän wagtynda girizip bilerler;

ç) ýylyň dowamynda ýolbaşçynyň görkezmesi esasynda;

d) eger başga kanunda göz öňünde tutulmadyk bolsa, çärýekde bir gezek.

2. Dolanyşyga çykarmaga tassyklanylan birinji maliýe hasabatlarynda düýp manyly ýalňyşlar ýüze çykandan soň olar kärhana tarapyndan nähili düzedilmeli?

a) kärhanalaryň maliýe hasabatlaryny düzetmäge haklary ýok;

b) ýalňyş goýberilen öňki döwrüň deňeşdirip bolýan maglumatlaryny täzeden hasaba alyp, eger ýalňyş iň irki hödürlenen döwürlerden öň goýberilen bolsa, onda başdaky aktiwleriň, borçnamalaryň we hususy maýanyň galyndylary gaýtadan hasaba alynýar;

ç) kärhananyň maliýe hasabatlarynyň düzedilmegi diňe ýokarky guramalaryň razylygy esasynda amala aşyrylýar;

d) kärhananyň maliýe hasabatlarynyň düzedilmegi diňe döwlet salgyt gulluklarynyň razylygy esasynda amala aşyrylýar.

3. Kärhana öz hasap syýasatyny üýtgedende maliýe hasabatlarynda haýsy esasy maglumatlary görkezmeli?

a) haýsy standarta laýyklykda hasap syýasaty üýtgedildi;

b) hasap syýasatynyň üýtgemeginiň häsiýeti;

ç) maliýe hasabatynyň her degilen maddasy üçin gündelik ýa-da geçen döwürler üçin hakykatdan edip boljak derejedäki düzedilmegiň (korrektirowkanyň) jemini;

d) eger retrospektiw düzedişi girizmäge hakykatdan mümkinçilik bolmasa, onda hasabatda şonuň ýaly ýagdaýa getiren sebäpleri, şertleri görkezip, ýalňyş haýsy döwürden we nähili düzedilip başlanandygy görkezilýär;

e) ýokarda görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

4. Eger ýalňyşlar düzedilen bolsa, kärhana haýsy maglumatlary öz hasabatlarynda görkezmeli?

a) geçen döwrüň ýalňyşynyň häsiýetini;

b) maliýe hasabatynyň her degilen maddasy üçin gündelik ýa-da geçen döwürler üçin hakykatdan edip boljak derejedäki düzedilmegiň (korrektirowkanyň) jemini;

ç) görkezilenlerden iň ir döwrüniň düzedilmeginiň jemini;

d) eger retrospektiw düzedişi girizmäge hakykatdan mümkinçilik bol-

masa, onda hasabatda şonuň ýaly ýagdaýa getiren sebäpleri, şertleri görkezip, ýalňyş haýsy döwürden we nähili düzedilip başlanandygy görkezilýär;

e) ýokarda görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

5. Girdejilere berlen kesgitlemeleriň haýsy dogry we doly?

a) girdejiler- bu aktiwleriň köpelmegine ýa-da borçnamalaryň azalmagyna, hususy goýumlary hasaba almasyz maýalaryň ösmegine getirýän ykdysady bähbitler;

b) harytlara tölegler;

ç) müşderilerden gelýän nagt pul serişdeleri;

d) müşderilerden gelýän nagt däl pul serişdeleri.

6. Çykdajylara berlen kesgitlemeleriň haýsy dogry we doly?

a) telekeçilik işiniň harajatlary;

b) müşderilere gidýän nagt pul serişdeleri;

ç) müşderilere gidýän nagt däl pul serişdeleri.

d) çykdajylar - bu aktiwleriň azalmagyna ýa-da borçnamalaryň köpelmegine, hususy goýumlary hasaba almasyz maýalaryň azalmagyna getirýän amallar.

7. Amal däl girdejiler  öz içine haýsy girdejileri alýar?

a) grantlardan, maýalardan we gaýrylardan gelýän girdejileri;

b) söwdadan, gurluşykdan gelýän girdejileri;

ç) audit amallaryndan gelýän girdejileri;

d) hyzmatlardan gelýän girdejileri.

8. Maliýe hasabatlarynda girdejileri tassyklaýan kriteriýalar haýsylar?

a) girdejileri tassyklaýan kriteriýalar her amala aýratynlykda hasaplanyp adalatly baha bilen ölçelýär;

b) beýannamalar (aktlar); ynanç hatlar;

ç) hasap-fakturalar, salgyt-fakturalar;

d) şahsy hasaplardan göçürmeler.

9. Maliýe hasabatlarda çykdajylary tassyklaýan kriteriýa haýsy?

a) girdejileri tassyklaýan kriteriýalar bilen bilelikde şol amala degişli çykdajylar hem şol bir wagta kabul edilýär. Bu proses girdejiler bilen çykdajylaryň baglaşdyrylmagy diýlip atlandyrylýar;

b) beýannamalar (aktlar), ynanç hatlar;

ç) hasap-fakturalar, salgyt-fakturalar;
d) şahsy hasaplardan göçürmeler.

10. Amal çykdajylarynyň haýsy kesgitlemesi doly we dogry?
a) harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek üçin edilýän çykdajylar;
b) harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty;
ç) maddy çykdajylar, zähmet haky we beýleki önümçilik çykdajylary;
d) hemme jogaplar dogry.

**13-nji test**

1. Amal däl çykdajylaryň haýsy kesgitlemesi doly we dogry?
a) amal däl girdejileri gazanmak üçin edilýän çykdajylar;
b) harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty;
ç) maddy çykdajylar, zähmet haky we beýleki önümçilik çykdajylary;
d) hemme jogaplar dogry.

2. Döwletiň subsidiýasy näme?
a) kärhananyň işleri bilen bagly belli şertleri öňki döwürde ýerine ýetirilen ýa-da geljekde berjaý etdirmek üçin döwletiň kärhana berýän kömegi;
b) döwletiň kärhana berýän karzy;
ç) döwletiň kärhanadan alýan tölegleri;
d) döwletiň maliýe meýilnamasy.

3. Aktiwlere degişli subsidiýalar nämäni aňladýar?
a) döwlete bolan borçnamalaryň azalmagyny;
b) aktiw (pul däl görnüşdäki) döwletiň subsidiýasyny;
ç) pul görnüşindäki döwletiň subsidiýasyny;
d) hemme jogaplar dogry.

4. Haýsy ýagdaýda döwlet subsidiýalary ykrar edilýär?
a) subsidiýalar pul serişdeleri görnüşinde kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilen bolsa;
b) subsidiýalar nagt pul serişdeler görnüşinde kärhana berlen bolsa;
ç) subsidiýanyň şertleri ýerine ýetiriljekdigine we bellenilen serişdeleriň geljekdigine ynam bar bolsa;
d) hemme jogaplar dogry.

5. Geljekde belli şertleri göz öňünde tutmaýan döwletiň subsidiýalary nähili hasaba alynýar?

a) girdeji hökmünde;
b) hasaba alynmaýar;
ç) yzyna gaýtarylmaga degişli;
d) hemme jogaplar nädogry.

6. Könelýän (ammortizirlenýän) aktiwlere degişli döwletiň subsidiýalary nähili hasaba alynýar?

a) Dt 231141 00 „Maliýe däl uzak möhletleýin aktiwleriň ammortizasiýasyna çykdajylar"; Kt 6112 41 50 „Jaýlaryň süýşürilen könelmesi (ammortizasiýasy) ”;
b) hasaba alynmaýar;
ç) ony döwletiň maliýe guramalary hasaba alýar;
d) hemme jogaplar nädogry.

7. Pul däl aktiwlere degişli döwletiň subsidiýalary nähili hasaba alynýar?

a) hasaba alynmaýar;
b) ony döwletiň maliýe guramalary hasaba alýar;
ç) Dt 6112 41 00 „Enjamlar” Kt 6319 45 00 „Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri”;
d) Dt 6212 55 00 «Milli pulda hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri» Kt 6319 45 00 «Geljek döwürleriň uzak möhletli girdejileri»;

8. Girdejilere degişli döwletiň subsidiýalary jemi peýda hakynda hasabatda nähili görkezilýär?

a) olar jemi peýda hakyndaky hasabatda görkezilmeýär;
b) olar geljekki döwürleriň girdejileri hökmünde hasaba alynýar;
ç) olary döwletiň maliýe guramalary öz hasabatlarynda görkezýärler;
d) olar diňe pul serişdeleriniň hereketleri hakynda hasabatlarda görkezilýär.

9. Girdejilere degişli subsidiýalaryň gaýtarylmagy buhgalter hasabynda nähili hasaba alynýar?

a) Dt 6318 57 00 „Gaýry gysga möhletli bergileri” Kt 6212 55 00 „Milli pulda hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri”;
b) olary döwletiň maliýe guramalary öz hasabatlarynda görkezýärler;
ç) subsidiýalar yzyna gaýtarylmaýar;

d) subsidiýalary yzyna gaýtarmak hökman däl.

10. Aktiwlere degişli subsidiýalaryň yzyna gaýtarylmagy buhgalter hasabynda nähili hasaba alynýar?

a) olary döwletiň maliýe guramalary öz hasabatlarynda görkezýär;

b) aktiwlere degişi subsidiýalar yzyna gaýtarylmaýar;

ç) aktiwlere degişi subsidiýalary yzyna gaýtarmak hökman däl;

d) Dt 6318 57 00 „Gaýry gysga möhletleýin bergisi" Kt 611141 00 „Jaý”.

**14-nji test**

1. Döwlet kömegi we döwletiň subsidiýasy näme bilen tapawutlanýar?

a) döwlet kömegi dürli görnüşli we häsiýetli bolýar;

b) döwlet kömegi täjirçilik işe gytaklaýyn täsir edijileri, mysal üçin, täze özleşdirilýän sebitlerindäki ulag we kommunikasion torlaryň guralmagyny ýa-da bäsleşýän taraplara garşy girizilen çäklemeleri, salgyt ýeňillikleri (kanikullary we beýleki bähbitleri) öz içine almaýar;

ç) döwletiň subsidiýalary serişdeleriň geçirilmegi bilen bagly bolýar, döwletiň kömegi bolsa umumy belli tarap üçin däl ykdysady bähbidi getirýän hökümetiň hereketleri bolup çykyş edýär.

2. Pul serişdeleriniň hereketleri hakynda hasabatyň maksady näme?

a) hasabatda kompaniýanyň pul serişdeleriniň gelmegi we çykmagy hakda maglumatlar jemlenilýär;

b) hasabatda geçginli serişdeleriň gelmegi barada maglumatlar görkezilýär;

ç) hasabatyň esasy maksady nagt serişdeleriň gelmegini görkezmek;

d) hasabatyň esasy maksady nagt däl serişdeleriň dolanyşygyny görkezmek.

3. Pul serişdeleriniň hereketleri hakyndaky hasabatda haýsy hereketleriň görnüşleri görkezilýär?

a) ätiýaçlandyryş, salgyt tölemek we karz almak işleri;

b) amal, maýa goýum we maliýe işleri;

ç) nagt we nagt däl hasaplaşyk işleri;

d) pul däl amallary, gymmatly kagyzlary dolanyşyga çykarmak işleri.

4. Kärhananyň pul serişdeleriniň hereketleri hakyndaky hasabatynda maýa goýum işine haýsy kesgitleme has ýakyn we dogry?

a) maýa goýum işi - bu uzak möhletli aktiwleriň we beýleki maýalaryň satyn alynmagy we olaryň çykmagy bilen bagly iş;

b) maýa goýum işi - bu peýdany ýa-da durmuş (sosial) netijeleri gazanmak üçin iş;

ç) maýa goýum işi - bu esasy gaznalary täzeden gurmak, giňeltmek, abzallaşdyrmak, gaýtadan gurmak, dikeltmek üçin edilýän çykdajylar;

d) hemme jogaplar dogry.

5. Kärhananyň pul serişdeleriniň hereketleri hakyndaky hasabatynda maliýe işine haýsy kesgitleme has ýakyn we dogry?

a) maliýe işi - bu pul serişdeleriniň köpelmegine getirýän iş;

b) maliýe işi - bu goýlan hususy maýalarda we kärhananyň karz alan serişdeleriniň möçberinde we düzüminde üýtgemelere getirýär;

ç) maliýe işi-bu girdeji getirýän kärhananyň esasy işi;

d) maliýe işi-bu arassa peýda getirýän kärhananyň işi.

6. Kärhananyň pul serişdeleriniň hereketleri hakynda hasabatynda amal işine haýsy kesgitleme has ýakyn we dogry?

a) amal işi- bu kärhana girdeji getirýän esasy iş we maýa goýum işinden tapawutlanýan başga işler;

b) amal işi- bu kärhananyň arassa peýda getirýän işi;

ç) amal işi- bu goşmaça işlerden gelýän girdejili işler;

d) amal işi- bu ammarlardaky hereketleriň işleri.

7. Maýa goýum işlerine degişli pul serişdeleriniň akymlarynyň mysaly haýsy?

a) esasy işlerden gelen pul serişdeleriniň akymlary görnüşindäki girdejiler;

b) maliýe işlerinden gelen pul serişdeleriniň akymlary;

ç) kliring hasaplaşyklarynyň hasabyna gelen pul serişdeleriniň akymlary;

d) esasy serişdeleri, maddy däl we gaýry uzak möhletleýin aktiwleri satyn almak üçin pul serişdeleriniň akymlary.

8. Amal işinden gelen pul serişdeleriniň akymlary hakynda maglumatlary bermegiň usullary haýsylar?

a) harytlaryň (hyzmatlaryň, işleriň) ýerlenmegi üçin gelen pul akymlary;

b) harytlar (hyzmatlar, işler) üçin tölegler;

ç) täjirçilik maksatly şertnamalara laýyklykda gelen girdejiler we tölegler;

d) jogaplaryň hemmesi dogry.

9. Kärhananyň pul serişdeleriniň hereketleri hakynda hasabat düzülende haýsy ýagdaýlarda „göni", haýsy ýagdaýlarda „gytaklaýyn" usullar ulanylýar?

a) „gytaklaýyn" usul gözegçilik wezipesini ýerine ýetirip, maliýe hasabatlarynyň, şol sanda maliýe ýagdaýy hakynda we jemi peýda hakynda hasabatlaryň görkezijilerini balansirlemäge mümkinçilik berýär;

b) „göni" usul ulanylmaýar;

ç) „göni" usul „gytaklaýyn" usuldan soň ulanylýar;

d) häzirki döwürde usullaryň ikisi hem ulanylmaýar.

10. Gorlaryň doly we dogry kesgitlenmesi näme?

a) gorlar bu - ulanylmadyk mümkinçilikler;

b) gorlar bu - gysga möhletleýin aktiwler. Olara satyn alnan we satuwa degişli harytlar, jaýlar, enjamlar we beýleki emläkler, taýýar önümler ýa-da tamamlanmadyk işler, şol sanda önümçilikde ulanyljak çig mallar, materiallar; eger girdeji alnan diýlip ykrar edilmedik bolsa hyzmatlara bolan harajatlar (hyzmat edýänlerde);

ç) gorlar bu - uzak möhletleýin passiwler;

d) gorlar bu - maýadarlaryň pul serişdeleri.

**15-nji test**

1. Gorlary satyn almak üçin harajatlar özüne nämeleri alýar?

a) söwda indirimleri hasaba almasyz satyn alnan gorlaryň bahasyny, öwezi dolmaýan salgytlary, gorlary daşamak, ýüklemek bilen bagly çykdajylary;

b) zähmet hakyny, pensiýa gaznasyna geçirilýän serişdeleri;

ç) bank hyzmatlaryny, esasy serişdeleriň könelmesini;

d) maddy däl aktiwleriň könelmesini, esasy serişdeleriň könelmesini.

2. Gorlaryň özüne düşýän bahasyny tapmagyň usullary haýsylar?

a) analiz we sintez usullary;

29. Sargyt № 3078

b) harajatlaryň kadalary (normalary), ownuk nyrhlary boýunça usullary, FIFO we özüne düşýän bahasynyň ortaça ölçenen baha usullary;

ç) deduktiw we induktiw usullary bilen;

d) jemlemek, öňünden ylmy çaklaýyş (gipoteza) usullary bilen.

3. Haýsy ýagdaýlarda gorlaryň özüne düşýän gymmaty satuwlaryň arassa bahasyna çenli azalmaly?

a) eger gorlar ogurlanan bolsa;

b) eger gorlar satylan bolsa;

ç) eger gorlar fiziki taýdan zaýalanan bolsa, doly we bölekleýin moral taýdan könelen ýa-da olaryň bahasy düşen bolsa;

d) eger gorlar kärhananyň esaslandyryjylaryna iberilen bolsa.

4. Gorlaryň satuwlaryň arassa bahasyna çenli hasapdan öçürilmeginiň usullary haýsylar?

a) maddalar we esasy haryt toparlary boýunça hasaplamak usullary;

b) atlary we assortimenti boýunça hasaplamak usullary;

ç) reýtingler esasynda hasaplamak usuly;

d) statistiki maglumtlar esasynda hasaplamak usuly.

5. Maliýe hasabatlarynyň milli standartlarynyň 24-nji (MHMS24) gurluşyk üçin baglaşylýan şertnamalary nähili kesgitlenýär?

a) gurluşygyň şertnamasy - bu döwlet tarapyndan hasaba alnan gurluşygy amala aşyrmak üçin şertnama;

b) gurluşygyň şertnamasy - bu obýekti ýa-da konstruksiýasy, tehnologiýasy we wezipeleri, soňky maksady ýa-da ulanylyşy boýunça özara berk bagly obýektleriň toparyny gurmak üçin baglaşylýan şertnama;

ç) gurluşygyň şertnamasy - bu Gurluşyk we binagärlik ministrliginde hasaba alnan şertnama;

d) gurluşygyň şertnamasy - bu iş buýrujynyň potratçy edara bilen baglaşan şertnamasy.

6. MHMS 24-e gurluşyk üçin şertnamalaryň haýsylaryna seredilýär?

a) bahasy 1 000 000 manatdan geçýän şertnamalara;

b) bahasy 10 000 000 manatdan geçýän şertnamalara;

ç) bahasy bellenilen we „goşmak bilen harajatly”şertnamalara;

d) bahasy 100 000 000 manatdan geçýän şertnamalara.

7. Gurluşyk üçin şertnamalaryň girdejileriniň jemlerine nämeler girýär (goşulýar)?

a) şertnamada göz öňüne tutulan bahasy we höweslendirmegiň tölegleri, nägilelikler, şertnamada görkezilen işlerden goşmaça işler (eger olary almagyň ähtimallygy bar we olary ygtybarly ölçäp bolýan bolsa);

b) şertnamada görkezilen bahasy;

ç) şertnamada görkezilen bahasy we baýraklar;

d) ýerine ýetirilen işleriň bahasy.

8. Gurluşyk şertnamasy boýunça girdejini ykrar etmek üçin haýsy usul ulanylýar?

a) „işleri doly tamamlamak“ usuly;

b) „işleri haryt görnüşine getirmek“ usuly .

ç) „bir aýyň içinde amala aşyrylan işleri hasaplamak“ usuly;

d) „ýerine ýetirilen işleriň göterim“ usuly.

9. Gurluşyk şertnamasy boýunça nämeler harajatlara goşulýar?

a) belli şertnama boýunça göni bagly harajatlar;

b) umumy şertnamada görkezilen işlere degişli harajatlar;

ç) şertnama laýyklyda aýratyn iş buýrujy tarapyndan öwezi dolýan harajatlar;

d) görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

10. Bahasy bellenilen şertnamalar boýunça girdejiler we harajatlar haýsy ýagdaýlarda ykrar edilýär?

a) şertnama boýunça jemi girdejini ygtybarly bahalandyryp bolýan bolsa;

b) şertnama bilen bagly ykdysady bähbitleriň alynmagynyň ähtimallygy bar bolsa;

ç) hasabat döwrüniň soňuna çenli şertnamany ýerine ýetirmek üçin ygtybarly bahalandyryp bolýan bolsa;

d) görkezilen jogaplaryň hemmesi dogry.

**11-nji goşundynyň dowamy**

## Testleriň dogry jogaplary

1-nji test toparyň jogaplary:
1-b; 2- d;3- b; 4-ç testiň çözülişi:

| X taslama | Y taslama |
|---|---|
| 4000+5000+4200+3600=<br>=16800:10000x100=168:4= 42 %;<br>ýa-da<br>4000:10000X100%=40%;<br>5000:10000X100%=50%;<br>4200:10000X100%=42%;<br>3600:10000X100%=36%;<br>Düşewüntlik indeksi=<br>(40+50+42+36):4=42%. | 10800+9600+6000+7000=<br>33400:22000x100=151,8: 4=<br>=37,9%; ýa-da<br>10800:22000X100%=49%;<br>9600:22000X100%=43,6%;<br>6000:22000X100%=27,2%;<br>7000:22000X100%=31,8%;<br>Düşewüntlik indeksi = (49+43,6<br>+27,2+31,8):4=37,9%. |

5-a; 6-ç; 7- d-Türkmenistanyň Kanunçylygyny bozan wagtynda bergili ýolbaşçy wezipeden boşadylýar we gözegçilik girizilýär; 8-d-emlägiň eýesiniň razylygy esasynda emläge ygtyýar daşky dolandyryjysyna galdyrylýar; 9-„ýok”; 10- „ýok”.

**2-nji test toparyň jogaplary:**
1-ç; 2-d; 3-b; 4-d; 5-a-12% testiň çözülişi:

| | 1 ýyl | 2 ýyl | 3 ýyl | 4 ýyl | 5 ýyl |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Esasy berginiň galyndysy | 6 489 | 5 468 | 4 324 | 3 043 | 1 608 |
| % derejesi | 12% | 12% | 12% | 12% | 12% |
| Bir ýylyň | | | | | |
| göterimleri | 779 | 656 | 519 | 365 | 193 |
| Esasy | | | | | |
| berginiň tölenilmegi | 1 021 | 1 144 | 1 281 | 1435 | 1608 |
| Umumy bir ýylyň tölegleri (esasy bergini goşmak göterimleri) | 1 800 | 1 800 | 1 800 | 1 800 | 1 800 |
| Esasy berginiň galyndysy | 5 468 | 4 324 | 3 043 | 1608 | 0,71 |

6-ç ; 7-a; 8- d; 9„hawa”; 10- „hawa”.

**3-nji test toparyň jogaplary:**

1-ç; 2-a; çözülişi”:

| Bankyň girdejileri | Bankyň çykdajylary |
|---|---|
| 1 000 000 x 80%=800 000: | 1 000 000 x60%=600 000 |
| 800 000:2 = 400000 | 600 000:2= 300000 |
| Karz boýunça bankyň arassa girdejisi 400000 - 300000 = 100 000 | |

3-ç; 4-ç; 5-d; 6-araçy (arbitraž) kazyýeti tarapyndan „bergidar batdy” diýen netijä gelinmegi -borçlar emläginden artýan (passiwler aktiwlerden artýan ) bolsa, esas bolup durýar; 7-a; 8-d; 9-„ýok”; 10-„hawa”.

**4-nji test toparyň jogaplary:**

1- b; 2- d; 3- ç; 120000-(5x20000)=120000-100000=20000x40=8000; 4-ç; 5-a; 6-b

$R_j = i + ß_j (R_m - i)$

bu ýerde $R_j$ – j paýnamanyň girdejileri;

$R_m$ – bazar horjunynyň girdejileri;

i – töwekgelçiliksiz girdejiniň derejesi;

$ß_j$ – j paýnamanyň koeffisiýenti;

$R_m$-i – töwekgelçilik üçin bazar baýragy.

A= 10+ 1,3 (15-10) = 16,5;

B= 10+ 0,8 (15-10) = 14;

C= 10 +1,1 (15-10) = 15,5;

D= 10 +1,7(15-10)= 18,5.

7- a; 8- ç; 9- „hawa”; 10- „ýok” „”

**5-nji test toparyň jogaplary:**

1-b;2-b; 3-a. Çözülişi 65-40=25 %; 550000x25 %=137500 manat;

4-a. Çözülişi:

aprel-50000x 0,5%=250 manat;

maý-50000x0,5 %= 250manat;

iýun- 85000x0,5%=425 manat;

250+250+425=925 manat.

5-b; 6-ç; 7-a; 8-d; 9-„ýok”; 10-„ýok”.

**6-njy test toparyň jogaplary:**
1-d; 2-ç; çözülişi:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 100,00 | 9% | 9 | 109,00 |
| 2 | 109,00 | 9% | 9,81 | 118,81 |
| 3 | 118,81 | 9% | 10,69 | 129,50 |
| 4 | 129,50 | 9% | 11,66 | 141,16 |
| 5 | 141,16 | 9% | 12,7 | 153,86 |
| 6 | 153,86 | 9% | 13,85 | 167,71 |
| 7 | 167,71 | 9% | 15,09 | 182,80 |
| 8 | 182,80 | 9% | 16,45 | 199,26 |
| 9 | 199,26 | 9% | 17,93 | 217,19 |
| 10 | 217,19 | 9% | 19,55 | 236,74 |
| 11 | 236,74 | 9% | 21,31 | 258,04 |
| 12 | 258,04 | 9% | 23,22 | 281,27 |
| 13 | 281,27 | 9% | 25,31 | 306,58 |

3- d; 4-b; 5-d; 6-a; 7-ç; 8-„hawa"; 9-„hawa"; 10- „ýok"

**7-nji test toparyň dogry jogaplary:**
1-ç; 2-d; 3-d; 4-b; 5-b; 6-b; 7-a; 8-d; 9-d; 10-a.

**8-nji test toparyň dogry jogaplary:**
1- ç; 2-b; 3-ç; 4-a; 5-a; 6-d; 7-b; 8-a; 9-d; 10- „ýok".

**9-njy test toparyň jogaplary:**
1-a; 2-d; 3-ç; 4-a; 5-b; 6-d (telekeçiler maliýe hasabatlary tabşyrman, beýannamalary (deklarasiýalary) tabşyrýarlar); 7-d; 8-a; 9-b; 10-b.

**10-njy test toparyň jogaplary:**
1-a; 2-b; 3-b; 4-b; 5-ç; 6-d; 7-d; 8-a; 9-b; 10-a; 11-d; 12-a;13-b; 14-ç.
11-nji test toparyň jogaplary:
1-d; 2-a; 3-b; 4-a; 5-ç; 6-a; 7-a; 8-e;9-e; 10- a.

**12-nji test toparyň jogaplary:**
1-a; 2-b; 3-d; 4-e; 5-a; 6-d; 7-a; 8-a; 9-a; 10-d.

**13-nji test topary̆ň jogaplary:**
1-a; 2-a; 3-b; 4-ç; 5-a; 6-a; 7-ç; 8-b; 9-a; 10-d.

**14- nji test topary̆ň jogaplary:**
1-ç; 2-a; 3-b; 4-a; 5-b;6-a;7-d; 8-a; 9-a; 10-b.

**15- nji test topary̆ň jogaplary:**
1-a; 2-b; 3-ç; 4-a; 5-b; 6-ç; 7-a; 8-d; 9-d; 10-d.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy, I-II tomlar, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy – Aşgabat, 2008.

5. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamasy .

6. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2000 ý., 2-nji sany, 13-nji madda.

7. «Türkmenistanyň býujet kodeksi» , «Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 14-nji marty.

8. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2012-nji ýylyň maý aýynyň 22-ne çenli girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bilelikde.

9 «Zähmet hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 2009-njy ýylyň 1-nji maýy.

10. «Jenaýat hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny, 2010 ý. maý aýy.

11. «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, Aşgabat, 2010.

12. «Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alşy we hasabaty hakynda Düzgünnama», 1994-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylan.

13. «Baş buhgalter hakynda Düzgünnama» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 14-nji fewralynda PB/2112 belgili Karary bilen tassyklanylan.

14. «Auditorlyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1996 ý., 1-2-nji sanlary, 4-nji madda.

15. «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi», 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabry. № 340-IV.

16. «Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 2012-nji ýylyň 31-nji marty. № 287-IV.

17. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2008-nji ýylyň 12-nji iýuly.

18. «Mikromaliýe guramalary we makromaliýeleşdirme hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 30-njy maýy.

19. «Karz birleşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 11-nji awgusty.

20. «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 8-nji oktýabry.

21. «Döwlet ösüş bankyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 15-nji oktýabry.

22. «Türkmenistanyň gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy». «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 19-njy noýabry.

23. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» (täze redaksiýasy) Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň 18-nji marty.

24. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2009-njy ýylyň 15-nji awgusty.

25. «Maliýe hasabatlaryny düzmegiň we tabşyrmagyň Konsepsiýasy». Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň 12-Ö buýrugy bilen tassyklanylan. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylynyň 6-njy martynda 633-nji san bilen bellige alnan.

26. Maliýe hasabynyň we hasabatlarynyň resminamalarynyň toplumy. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 219-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylynyň 26-njy dekabrynda 676-njy san bilen bellige alnan.

27. «Международные стандарты финансовой отчетности» Москва, из-во «Аскер», 1999.

28. «Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar hakynda Düzgünnama». Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 1-nji martyndaky N1676 belgili Karary we oňa girizilen üýtgemeler we goşundylar bilen.

29. «Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäkleriden daşary gulluk iş saparlary hakynda Düzgünnama». Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 22-nji maýynda çykaran N8629-njy belgili Karary bilen tassyklanylan.

30. «Eýeçiligiň görnüşine garamazdan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda esasy serişdeleri hasapdan öçürmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 17-nji martynda çykaran N10996-njy belgili Karary bilen tassyklandy.

31. «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünnamasy». Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň Başlygy tarapyndan 2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 19-na 6-njy buýrugy bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministriligi tarapyndan 2009-njy ýylyň fewral aýnyň 24-ne 483-nji bellik bilen bellige alyndy.

32. «Türkmenistanda pul amallarynyň tertibi» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy tarapyndan 2006-njy ýylyň noýabr aýynyň 27-sine N84-nji buýruk bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministriligi tarapyndan 2006-njy ýylyň dekabr aýynyň 8-ne N423-nji bellik bilen bellige alyndy.

33. «Esasy serişdeleriň (gaznalaryň ) buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda Düzgünnama». Türkmenistanyň Merkezi Balans toparynyň Başlygy tarapyndan 2000-nji ýylyň fewral aýynyň 21-ne tassyklanylan.

34. «Ygtyýarnamalary berýän ministrlikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri». Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 Karary bilen tassyklanyldy.

35. «Türkmenistanyň Maliýe ministriligi hakynda Düzgünnama». Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çykaran N10798 Karary bilen tassyklanyldy.

36. «Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada Düzgünnama». Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2009-njy ýylyň 23-nji fewralyndaky JT/04 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy.

37.«Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň wagtlaýyn Tertibi». Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 11-e çykaran N13 buýrugy bilen tassyklanyldy.

38. «Düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirilmegiň tertibi». 2000-nji ýylyň 5-nji aprelinde 13-3 belgili karar bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary tarapyndan tassyklanylan.

39. Öwezow M.S. Inwestision işleri maliýeleşdirmek we kreditlemek. Okuw gollanmasy, Aşgabat, «Ylham» RNPB çaphanasy, 1994.

40. *Taýharow B., Hajygurbanow H.*. Halkara pul, karz we maliýe gatnaşyklary. Aşgabat, TDNG, 2010.

41. *Halow N.H.* Maliýe, okuw gollanmasy. Aşgabat, 2011.

42. *Eýeberdyýew G., Geldimämmedow A.* Birža işi we gymmat bahaly kagyzlar bazary, okuw kitaby, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

43. *Колтынюк В.А.* «Инвестиционные проекты» Конспект лекций, издательство Михайлова В.А., Санкт-Петербург, 1999.

44. Международный банковский бизнес. «Организация финансирования инвестиционных проектов» АО «Консалтбанкир», 1993.

45. *Пряничников С.Б.* «Финансовый менеджмент» Учебное пособие. Нижний Новгород НОВО, 2005.

46. *Кудина М.В.* «Финансовый менеджмент» курс лекций. Деловая литература» М.2003.

47. *Шевырев А.* «Креативный менеджмент» синэргетический подход. Белгород ООО «Лит. Караван» 2007.

48. *Бригхем Ю., Гапенски Л.* «Финансовый менеджмент» в 2 е., Эконом. Шк., 1999.

49. *Бригхем Ю.* «Энциклопедия финансового менеджмента» М. ОАГС- «Экономика» 1998.

50. «Финансовый менеджмент» учебник под ред. Е.С. Стояновой, М. «Перспектива», 1999.

51. *Савчук В.П.* «Практическая энциклопедия» Финансовый менеджмент» 3-издание, Companon Group, 2008.

# MAZMUNY

**Sözbaşy** ........ **7**

**I bap**
Maliýe menejmentiniň nazaryýet esaslary
1.1. Maliýe menejmentiniň umumy düşünjesi, onuň ähmiýeti we zerurlygy ........ 11
1.2. «Maliýe menejmenti» dersiniň beýleki dersler bilen arabaglanyşygy we maksatlary ........ 18
1.3. Maliýe menejmentiniň wezipeleri, prinsipleri we usullary ........ 20
1.4. Maliýe menejmentiniň esasy ugurlary ........ 30
1.5. Kärhananyň maliýe menejmentiniň hukuk esaslary ........ 31

**II bap**
Maliýe menejerleriniň çaklaýyş, meýilleşdiriş işleriniň guralyşy
2.1. Maliýe menejerleriniň çaklaýyş, meýilleşdiriş işleri, olaryň düşünjesi we ähmiýeti ........ 50
2.2. Bazary öwrenmekde, nyrhlary we beýleki maliýe görkezijileri çaklap meýilleşdirmekde maliýe menejeriniň orny ........ 57
2.3. Maliýe meýilnamalarynyň düzülişi ........ 77

**III bap**
Maliýe menejerleriniň syýasatry
3.1. Döwletiň maliýe dolandyryş syýasaty ........ 82
3.2. Maliýe menejeriniň uzak we gysga möhletli syýasatynyň düşünjeleri we olaryň ähmiýeti ........ 89
3.3. Uzak möhletli maliýe syýasatynda maýalaryň we nyrh syýasatynyň orny ........ 92
3.4. Maliýe menejeriniň maýa goýum syýasaty ........ 96
3.5. Maliýe menejeriniň diwidendler syýasaty ........ 97

**IV bap**
Maliýe menejerleriniň maglumatlar bilen üpjünçiligi

4.1. Makro derejede maliýe menejerlerni maglumatlar bilen üpjünçiligi ........ 106
4.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljerýänleriň ulanýan maglumatlary ........ 108
4.3. Maliýe hasabatynyň düzülişiniň maksatlary we sebäpleri ........ 111

**V bap**
Maliýe menejerleriniň hasaba we maliýe hasabatlara gözegçiligi
5.1. Hasap düşünjesi we maliýe menejmentinde maglumatlar üçin ulanylýan hasabyn görnüşleri ........ 140
5.2. Dolandyryş subýektlerinde hasaby ýöretmegiň usullary ........ 144
5.3. Maliýe menejeriniň we baş hasapçynyň maliýe dolandyryş gatnaşyklary ........ 146
5.4. Dolandyryş subýektiniň hasap ulgamyny döretmekde we oňa gözegçilik etmekde maliýe menejerleriniň orny ........ 151
5.5. Maliýe hasabatlaryny tassyklamakda maliýe menejerleriniň orny we ähmiýeti ........ 159
5.6.Täjirçilik kärhanasynyň maliýe ýagdaýy barada hasabaty we peýdanyň hasaplanylyşy ........ 162

**VI bap**
Maliýe menejeriniň salgytlara, ýygymlara we salgytlara deňeşdirilen tölegler gözegçiligi
6.1. Salgydyň nazaryýet we hukuk esaslary ........ 168
6.2. Salgytlaryň, ýygymlaryň we salgytlara deňeşdirilen tölegleriň möçberleri we beýannamalary tabşyrmagyň tertibi ........ 173
6.3. Salgytlara, ýygymlara we salgyda deňeşdirilen tölegler maliýe menejerleriniň gözegçiligi ........ 184

**VII bap**
Kärhananyň maliýe seljermesi
7.1. Kärhananyň maliýe görkezijileri ........ 194
7.2. Kärhananyň maliýe ýagdaýy we maliýe hasabatlarynyň seljermesi ........ 196
7.3. Kärhananyň girdejileriniň, harajatlarynyň, peýdasynyň we düşewüntliliginiň seljermesi ........ 199
7.4. Töleg ukyplylygynyň we geçginliliginiň (likwidliliginiň) seljermesi ........ 216
7.5. Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň seljermesi ........ 220
7.6. Maliýe görkezijileriniň dürli ululykda seljerilmesi ........ 235

**VIII bap**
Gymmatly kagyzlary alyp-satmakda maliýe menejerleriniň wezipeleri.
8.1. Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmegiň guralyşy ................................238
8.2. Täze çykarylan paýnamalaryň (aksiýalaryň) ýerleşdirilişi ...............249
8.3. Gymmatly kagyzlar bazaryna döwletiň gözegçiligi .........................252
8.4. Borçnama (weksel) bilen geçirilýän amallar ...................................260
8.5. Gymmatly kagyzlary alyp-satmakda maliýe menejerleriniň işleri ...262

**IX bap**
Lizing maliýeleşdirmesi
9.1. Lizingiň nazaryýeti we hukuk esaslary...........................................264
9.2. Lizingi maliýeleşdirmegiň tertip-düzgüni.......................................268
9.3. Lizingi tölemeli möhletleri, tölegleri we başga şertleri ....................269

**X bap**
Maliýe töwekgelçilikleriniň dolandyrylyşy
10.1. Telekeçilikde maliýe töwekgelçilikleriniň nazaryýet esaslary........273
10.2. Maliýe töwekgelçilikleriniň dolandyrylyş ulgamynyň esasy ugurlary we olaryň häsiýetnamasy.......................................................278
10.3. Maliýe töwekgelçiliklerinden gelip biljek zyýanlaryň öňüni almagyň we olary peseltmegiň usullary................................................285
10.4. Diwersifikasiýa, ätiýaçlandyryş, hežirowaniýe we beýleki usullar ...288

**XI bap**
Pul gatnaşyklarynda maliýe menejerleriniň wezipeleri we orny
11.1. Pul aýlanyşygy, onuň nazaryýeti, düzümi we kanunlary ................295
11.2. Kärhanada pul aýlanyşygy we onuň meýilleşdirilişi ......................298
11.3. Banklara nagt pullary tabşyrmagyň we olardan pul serişdelerini almagyň tertibi ..........................................................................301
11.4. Puluň hümmeti we maliýe menejeriniň wezipeleri.........................305

**XII bap**
Töleg düzgünlerini berkitmekde maliýe menejerleriniň orny
12.1. Tölegleriň düşünjesi we hasaplaşyklaryň görnüşleri ......................307
12.2. Bergileriň we algylaryň emele gelmegi ..........................................316
12.3. Müşderiniň töleg we karz almagynyň ukyplylygyny seljermek ....318
12.4. Faktoring amallary geçirmegiň tertibi ............................................324
12.5. Algylary almakda menejeriň orny...................................................325
12.6. Çekilen zyýanyň öwezini dolmaklygyň we jerimeleriň görnüşleri ...327

**XIII bap**
Karz gatnaşyklarynda maliýe menejeriniň wezipeleri we orny
13.1. Karzlaryň görnüşleri we olary alyp-bermekde maliýe menejeriniň orny....331
13.2. Karzlaryň maddy üpjünçiliginiň barlanylyşy....339
13.3. Karzlary gaýtarmakda maliýe menejeriniň wezipeleri....341

**XIV bap**
Dolandyryş obýektlerine maýa goýum serişdelerini çekmeklik
14.1. Dolandyrylýan obýektlere maýa goýum serişdelerini çekmekligiň nazary-hukuk esaslary we goýum çekmekligiň ähmiýeti....343
14.2. Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin geçirilýän çäreler....359
14.3. Maýa goýujylaryň ulanýan usullary....363

**XV bap**
Kärhananyň maliýe taýdan batyp galmagy we gaýtadan guralmagy
15.1. Maliýe taýdan batyp galmagyň sebäpleri we görkezijileri....368
15.2. Kärhananyň batyp galmagynyň hukuk esaslary....369
15.3. Kärhananyň maliýe taýdan batmakdan goranmak usullary....384

**XVI bap**
Ylmy-tehniki progres we maliýe menejeriniň innowasion syýasaty
16.1. Türkmenistanyň innowasion syýasaty....388
16.2. Maliýe menejeriniň mikro derejede innowasion syýasaty....391

**XVII bap**
Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary
17.1. Maliýe gözegçilik-agtaryş gulluklary düşünjesi....394
17.2. Gullugyň esasy wezipeleri....395
17.3. MGAG-niň görnüşleri we modelleri....396
17.4. Mümkin bolan goşmaça wezipeler....397
17.5. MGAG-niň guralyşy....398

Goşundylar....400
Peýdalanylan edebiýatlar....456

**Myrat Saparowiç Öwezow**

# MALIÝE MENEJMENTI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Korotkowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *N. Halow* |

Çap etmäge rugsat edildi 12.03.2015. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 29,0. Şertli reňkli ottiski 60,18. Hasap-neşir listi 27,06. Çap listi 29,0.
Sargyt № 3078. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.